**Öwezdurdy NEPESOW**

# ***K Ö N E   M Ü L K***

***Roman***

**A ş g a b a t - 2 0 0 9 ý .**

# B I R I N J I  B Ö L Ü M

## I.

Agyr ýük maşyny gijäniň bir böwründe, uly ýoluň gyrasyna sowulyp saklandy. Onuň kabinasyndan orta boýly, hordan agajet ýaş ýigit böküp düşdi-de, soň gyzgyn tigire basyp. maşynyň agaç aýmançasyny labyryny atdy-da, ondan bölek-bölek goşlaryny ýere düşürdi.

Maşyn ýigit bilen ýeňiljek hoşlaşandan soň, ýoluna rowana boldy.

Ol Mergendi. Mergen maşyn gidenden soň gumak ýerde ýatan goşlaryny ýygnaman, öňünde ýaýylyp ýatan garaňky gijäniň salkyn ummanyna syn saldy.

Onuň niçeme ýyllap gelmän gelmän bu gün dolanan dogduk obasy bu ýalňyz ýolagça üşerlip, imisala ýatyrdy. Her ýerde-her ýerde, belent sütünleriň depesinde yranyp duran elektrik çyralary Mergene uýaljaňlyk bilen göz gypýardylar.

Mergen goşlaryny eline aldy. Olar agyr çemodandan, bir halta kitapdan hem-de tutuş bir tor bolup duran akyr-ukurdan ybaratdy.

Ol uly ýoldan göni ileri, hol aşakda gugaryp oturan köne tama bakan ýöneldi.

Üsti şifersiz, ýel- ýagyş- ýagmyra suwaglary tutuş diýen ýaly sypyrylan bu jaý uzak ýerlerden bu ýaş ýigidiň öňçnde özüniň görk-görmeginden erbet utanja galan ýaly, hor eginlerini gysyp otyrdy.

Mergen jaýyň ileri bakyp duran köneje gapysynyň agzynda goşlaryny goýdy.

Işik gulplydy.

--Essalowmaleýkim!

Mergen köne bolsa-da, ahyr soňy öz öýüne gelip, öz köneje mülküniň işiginde dyz epipdi. Öl birhilije eýemsireme bilen öz jaýynyň işigini gaýta- gaýta çekip gördi. Işik açylar ýaly däldi.

„Açary kimdekä?”
Ol obanyň gap-gara , garaňky ruhuna göz aýlady.
„Goňşular kimlerkä?”
Ol bu tama ýakyn  jaýlaryň birine nazar saldy. Soň günbatarky goňşulara bakan gitdi. Jaýyň eýwany açykdy. Içerki otagdan yşyk görünýärdi. Mergen eýwana girdi-de, ýapyk duran gapyny batly- batly kakdy.
-- Kimsiň?  Geliber!-diýip,  ýaşuly aýalyň gyryk sesi eşidildi.
Birsalymdan  garryja aýal eýwana çykdy.
-- Bally, senmidiň?—Ol aýal eýwanyň çyrasyny ýakdy. Soň elini gözlerine kölegeledip,  nätanyşa seretdi.
Mergen ol aýaly tanady. Ol ejesiniň  doganoglan aýal dogany Annabike daýzady.
-- Daýza, salowmaleýkim. Men- Mergen.
Garryja aýal elini  agzyna ýetirdi.
-- Waý, Sona janyň ogly! Wah, Mergen jan!-- Ol aýal möňňürip aglady-da, gelip Mergeniň boýnundan aslyşdy.—Wah, iner ogul, bal ogul. Mergen jan balajygym, geldiňmi?!—Ol Mergeni gujagyndan sypdyrdy-da, onuň ellerinden ogşady. Arka dagym, Mergen janym—diýip samrady.Mergen bu aýalyň üstünden içeriniň hem-de garran, ýarawsyz adamyň düşnüksiz  ysyny aldy-da  kellesini gapdala öwürdi.
-- Geldiňmi? Nädipler geldiň, ýegen jan!—Garrynyň süňňi silkindi. Sesi titiräp, agyly çykdy.—Sona jan diýip gelensiň, bala.  Hany indi Sona barmy? Hany indi ejeň galdymy, bala!
Ol ep-esli  mahalllap, Mergeni bagryna basdy, soň az- kem özüni dürsäp:
-- Gel, obam, öýe gir, ertire çenli öýde bolarsyň.—diýdi.
Mergen ýygrylyp durşuna:
Daýza, jaýyň açary kimdekä?—diýip sorady.
Annabike daýza eýwanyň, megerem açar açylýan ýerine seredip durşuna
-- Wah,  häzir açar nämä gerek, hany, öýe gir,  bir käse çaý içmän, duz datman açar bolmaz-a.—Ol ýene durumsyzlyk bilen—Açar bolmaly. Nirdedi, gyz, şol. Ýa Çalabek alypmydy.
Ol Mergeniň öýe girmejegini duýup,  açarly meselä düýrmegi bilen berildi. Menden Çalabeg-ä bir aldy. Ýöne yzyna berenini, bermänini aýdyp biljek däl-de, ýegen jan.—Ol birden ynamlyja gepledi.—Açar şonda bolmaly.
-- „Çalabek”  kim bolmaly, daýza?
-- Wah, ýegen jan, şonam bileňokmy. Biziň Berdimiz-le. Armydan gelende  ýöne „Çalabek, Çalabek” boldy durdy-da. Şondanam meniň dilimde galdy-da, ýegen jan.
Mergen  oňa kän bir ünsem bermedi. Onuň bar aladasy  açardy.
-- Meniň goşlarym daşarda ýatyr, daýza. Şolary bir öýe salyp bolsady.
Annabike daýza ellerini arkasyna tutdy.
--Goşlaryňy daşarda goýma.  Ýegen jan,  bu bir oba däldir.  Kakar giderler.Bar, getir, içeri salaly.
Mergen onuň bilen ylalaşmady.
Açary tapaly, daýza. Meniň şu eşiklerimi düýnki geýenim. Öýe girip, eşiklerimi çalşyrnaýyn, az- owlak dünç alaýyn. Juda bolmasa, gapyny döwüp giräýerin.
Annabike daýza  ýaýdandy.

-- Ol Durnaýam yzyna tirkäp, baryp gün batmanka „ oturlyşyk bar” diýip menden üç manat alyp gidiş-ä.
-- Bolýar, daýza. Men onda gapynyň zülpesini goparaýyn. Ertir özüm bejererin.
Annabike daýza oňa razy bolmady.
-- Dur, ýegen, beýtme. Hany men Çalabegiň jübülerini bir gözläýin.—Ol içeri girip gitdi. Mergen garrynyň Mergeni nämüçindir şol jaýa goýbermejek bolýanyny güman etdi. Garry bir salymdan eli açarly çykdy.
--Açar onuň jübüsinde eken.—Ol Mergene panusy uzatdy.—Içeri garaňkydyr. Şuny ýakowoý. Ertir özüm Çalabege aýdyp, elektrik çekdirerin.—Garry Mergene seretdi. Bolmasa, öýde bolubersen-e. Näme diýseňem, gündiz gündiz bolar.
-- Ýok, men öýe baraýyn!—Mergen öz diýenine tutdy.
Ol öz diýenini etdi. Gapynyň gulpuny zordan açyp, içeri girdi. Goşlaryny içeri salmanka içerini synlady. Içerden arzan çakyryň, „Astramy”, „Pamirmy” ýa gazete dolanyp çekilen temmäkiniňmi , syçanyňmy , ýa başga bir jandaryňmy agyr ysy pöňkäp gelýärdi.
Howa juda yssy, dymyk bolansoň, içeriniň porsusy dymyk howa bilen garyşyp jebegäňi daraldyp, janyňy alyp barýardy.
Orta ýazylan gazýet böleginň üstünde arzan çakyr çüýşeleri, balyk gapyrjaklary, çörek bölekleri çaşyp ýatyrdy. Kirli käseleriň düýbi, gap-gara suw kesmekläp durdy. Gapdalda pytrap ýatan köne ýassyklar başly- barat çaşyp ýatyr.
Mergen panusy orta goýdy-da ylgap daş çykdy, daşarynyň howasy içeriniňkidenem agyrdy. Bir ýerlerden haram ölen malyň janyňy alyp gelýän porsy ysy. Ýigide nätanyş bir porsy ys bilen aňkap,, göni ýüzüňe pürkülýärdi.
Mergen goşlaryny içeri saldy. Ortada bulaşyp ýatan zatlaryň baryny daşary çykardy. Koridorjagazda pytyrap ýatan köneje sübsäni alyp çogdamlap, onuň bilen içerini boldugyça süpürdi. Içeriniň tot-tozany otagy doldursa-da çydady. Tozan ýatýança, eşiklerini çykaryp, ejesinden galan köneje şkafyň üstüne atdy. Ahyr soňy munuň bilenem bolmajagyny bilip, içeriniň düşegini daşary çykaryp, takyr ýerde, ýeke-ýekeden kakdy.
Öýden bedre-de, tasam, taňka-da tapmady. Şonuň üçin ýene daýzasynyňka bardy. Ol gapyny kakyp garryny çagyrdy.
Daýza suwy bilen bir bedräňi alaýyn.
-- Al, al ýegen jan . Menem ynha, çaý demläp bardym.
Mergen içerini suwlap süpürdi. Soň kakan köneje keçelerini getirip içeri ýazdy. Penjireleri giňden açdy. Soň galan suwa çalarak ýuwunyp, Aşgabatdan alyp gelen ýeňilräk eşiklerini geýdi. Orta köneje saçagy ýazdy. Saçagyň üstüne ýany bilen getiren ýumşajyk ak kökesini,, konfetleri goýuşdyrdy.
-- Ýene birje bedre suw bolaýsady. Bu çäýnek- käseler kirden, toizandan ýaňa görer ýaly däl-ä.
Aýak sesi geldi.
-- Kim bar-aý?
Erkek adamyň sesi içerini endiretdi.
-- Kim bar, Çalabek sem-mo-ow?
-- Geliberiň! Kim gerek size?
Daşarda hümürdi eşidilse-de, içeri giren bolmady.

Birsalymdan Annabike daýza bir bedräni göterip içeri girdi
-- Suwmy? Getir, maňa beräý - diýip. Mergen gyssanyp sorady.-- Garry bedräni bermedi.. – Sen otur, ýegen. Men seni çaýlap- suwlaýyn. Nirelerden gelipsiň-ä.—Ol bedreden bir çäýnek , iki käse, ýarty çörek, şakäsede içine gowurdak atylyp bişirilen heýgenek çykardy.
-- Hany, geç. Garynjygyňy doýur.
Mergen saçagyň başyna geçdi.
--Daýza men bu öýden bedre , tas tapmadym-la.
Annabike daýza panusyň çalamydar yşygyna ýüzüni awuly sypjyklatdy.
-- Bolmazam. Sona janyň hemmeje zadam bardy. Ýöne biziň şu çalabegimiz, ýanyna-da Durnoýy alyp, ýegen jan şu bir yrjal boldy, şu bir yrjal boldy. Ol bu içerde zat goýman dargatdy. „Aý, oglan ýogalan adamyň yzynda galan zady dargatma, erte onuň agyr günäsi bardyr” diýip, dilime tüý bitendir, ýegen jan. Ol „ Sen diýdiňmi, ýa ösüp barýan ýel diýdimem „ diýmedi ahyryn. Bu öýem öz meslekdeşleri bilen arakhasna, küntühana öwürdi. Indi şu jaýda çyra ýansa, ýalaň bedibagtlar süňňüni saklap bilmän, dyzaşyp dur-a. Atasy urup, ejesi käýýänleň bary şu ýerdedir, ýegen, ine, görersiň... Men olardan bizar bolandyryn. Mekdebe Dürjemalyň ýanyna baryp, raýon milisesine „Şu ja ýy ýykyp ýok ediň” arza ýazdyrdym..
Mergen bu garry aýalyň aýdan sözüne aňňalyp galdy.
-- Jaýy näme üçin ýykmaly, daýza?
Annabike daýza oňa çöňňelen gözlerini alardyp garady.
-- Men halys bizar boldum!—Ol töweregine gorkuly seretdi. Howlugyp boş käsäni eline alyp, agzyna ýetirdi. Niräniň orramsy arakhor ýer ýuwdanlary üstümi kürrediwan etdi meniň. Onsoň, men başga näme alaç edeýin, ýegen jan.—Ol sesini birneme peseltdi-de, kesewi ýaly gap-gara, horja elini açyk penjirä tarap uzatdy.—Munyň bolmaz, ýegen, äpişgäňi ýap!
-- Yssa-a!
-- Bu jaýyň öňi porsybatgalyg-a. Näme, ýaňy görmediňmi? Dünýäň bar çybyn-çirkeýi, ýylan-içýany şu batgalykd-a. Dünýä şu batgalykdan ýaýraýar, şol ylhanatlar. Olar näme, seni sylap goýar diýýeňmi? Onuň üstesine, şemal ýatsa bir aldajy porsy aňkap, seniň jaýyňa bir urar welin, gaçyp gitjek ugruňy bilmersiň, ýegen jan. Bu jaýyň, porsyň däl. Sen oduň içine düşensiň, ýegen jan. Öňki Sumbaryň, öňki adamlaryň ýok indi. Gahatçylyk indi bu obalara. Derman, şol bolmasa ölýen diýseňem, şu üç obada ýeke owurt gatyk , süýt tapmarsyň. Ýumurtgany, pomidor, sogany, eti, ýagy Aşgabadyň bazaryndan getirdýek. Oba diýmersiň, bahalar, Aşgabat bazaryndanam ýokarydyr,
Daýzasynyň bu gürrüňlerine Mergen kän bir düşünibem baranokdy. Onuň pikiriçe, ýer bolsa, suw bolsa bu toprakda bitmejek zat bolmaly däldi. Ýöne ony şu porsy meselesi gyzyklandyrdy.
-- Bu porsy nirden bolsun, daýza?
Annabike daýza janykdy.
-- Jan ýegentutuş üç oba haram ölen malyny, ähli hapa-hupasyny, pohuny-yrryhyny getirip şu, indi ýüz ýyl bäri şu çukura gapgaryp otyr-a. onsoň bu ýer maslykhana bolman, porsaman nätsin. Indi bu ýer alyň, arwahyňam mesgen bolup

gitdi. Gaýta milisgeler buldozor getirip, gugaryp duran bu tamam şol çukura gapgarsalar bähbit dälmi? Men ony ýöne ýere aýdamoga, ýegen jan.
Mergen bu gün ejesinden galan köneje jaýa gelip, edil, begennik bolana dönüpdi. Iýip- içibem onuň ugry bolmady.
--Sen jaý etjek bolsaň, tam gurjak bolsaň näme, şu ýurtda ýer gytmy, gelip, arwah-jynly tama gyssyrylmanyňda!
-- Mergen bu garry aýala hiç zat diýmese-de, onuň juwan ýüreginiň teýindäki nagmaly perdeleri saýrap:"Ýok, seniň bagtyň şu ýerde. Bu ýer seniň ata-babaňdan miras galan köne mülküňdir!" diýýän ýaly, hoşamaý saýrap durdy.
Ýok, daýza, entejik howlukmaly!Men ertire bir çykaýyn, soň näme etmelidigini özüm aýdaryn.
Garry çäýnek-käsesini bedresine salyp başlady.
-- Sen indi köp boljakmy, bu tamda?
Mergen penjiräni ýapdy.
-- Men, daýza, indi ömürlik ýaşamaga geldim, ömürlik!
-- Ömürlik!
-- Okuwyň näme?
--Okuwy tamamladym, bäş ýyl okadym. Besdir. Indi okuw bolmaz, ilemek gerek...
Garry heýgenekli şakäsäni eline alyp , gözlerine ýakyn tutup, onuň içine seretdi.
--Iýmänsiň-ä. Iýmeli ekeniň-dä. Munuň özi nämeji-gä...
--Sag bol, daýza.
-- Bäş ýyl okap, kim bolmalymyşyň indi?
Mergeniň sesi dabaraly çykdy.
-- Mugallym!
-- Garry hor ýumrugyny agzyna ýetirdi.
-- Aşgabat ýaly ýerde bäş ýyl okap, indi boljagyňam mugallymmmy? Han-a Dürjemalam mugallym-da. Şonuň-a okanyny göremizok biz.
Garry turmakçy boldy. Emma daş işikden eşidilen hümmürdi ony saklady.
-- Öýde kim bar, mamaş senm-äý?
Içeri uzyn, şilliň adam eplem- büklem bolup girdi.
-- Mamaş men-läý-! Jaýyň çyragy ýanyp duran eken diýip sowulaýdym.
Garry Çalabegi görüp, gülüm- ýalym eden boldy.
-- Geldiňmi, oglum. – Ol bedresinden heýgenelki şakäsäni çykardy.—Iýjekmi, Al iýäý. Käsäni oglunyň öňüne süýşüribem:
-- Hana, Sona daýzaň ogly Aşgabatda bäş ýyl okap, mugallym bolup, ömürlik ýaşamaga gelipdir. Garry bu sözüniň üsti bilen ogluna nämädir kakdyrýanyny Mergen aňdy. Ýöne ol kakdyrmany aňy alardan Çalabegiň parasady has ýüzleý bolup çykdy. Çalabek işigiň agzyndaky düşege süýndi.
-- Mamaş, ýamm-man pors-aý. Nädp, nädip çydaýaňyz-aý? Ýamman nejis porsaýar. Demiňi gysdyryp barýar-a-ow.of!
Ol az-kem demini dürsäp, Mergene seretdi.
-- Aşgabatdan okuwyňy gutaryp gelen bolsa, Berdi daýyňa içer ýaly gowja arak getirensiň-ä.
Mergen beýle söze garaşmadyk bolara çemeli. Ol aljyrady.

-- Aý, ýok. Men-ä bu obalarda arak içilýandirem öýtmändirin.—ol wagt içeri Gara daýy, Berdiniň kiçisi girdi-de, agasynyň gapdalyna süýndi.
-- Durnoý! Senem geldiňm-ow. Seret, Aşgabatdan ýegen gelipdir-ä.
Annabike daýza ýaňy elini ýetiren bedresini şakyrdatdy:
-- Çalabek! Sen bu oglana azar berme diýmedimmi. – Otagyň duluna arkasyny berip irkiljiräp ýatan Gara daýy ziňk edip gitdi.
-- Maňa diýýäňm-äý?
Annabike daýza mys-mys edip güldi.
-- Ýatyber, Durnoý jan, saňa zat diýýän ýok. Çalabekdir-dä...
Ejesi işikden çykan badynaÇalabek Mergen i ýene gyssap başlady.
--Eý, çalabek, saňa diýilýär. Aragyň ýokmy?- Mergen „ arak ýok” diýip sypjak boldy. Emme Çalabek sypdyr ýaly däldi.
-- Aragyň bolmasa, puluňam ýokmy?
-- Näçe gerek?—diýip, Mergen indi bu adamdan başyny gutarsa razy bolup gepledi. Çalabek oňa kasty bar ýaly darady.
-- Bol, beýdip, syrnyhlanyp durma-da. Sen-ow, Aşgabtdan okuwuňy gutaryp gelibem indi ýuwmajak bolýaňmy. Ýuwman oýnarsyňam!—ol elini uzatdy.—Dawaý,näçe bolsa ber!
Mergen ýerinden turup, ýoldan geýip gelen jalbaryny şkafyň üstünden alyp,, onuň jübüsine elini sokdy-da, eline ilen puly daşyna çykardy.
--On alty manadym-a bar. Bolarmy?
Çaslabek oňa göwnüýetmezçilik bilen seretdi.
-- Öl-ä, öl. Aşgabatdan, uniwersiteti gutaryp gelibem, bar berýäniň şu bolsa, senden hakyky mugallym çykar-ow.—Ol hüňürdäp, başyny hondan bärsi tutdy,--Aşakda traktorçylyk kursuny gutaryp gelenler senden bäş esse artyk çykarýa.
Ol ýerinden turdy.
-- Ýer-ow, durnoý. Bu gysganç kürräniň ýüzem gerek däl, pulam. – Ol erbet sögündi. Olar tirkeşip daş çykdylar, bir salymdan Gara daýy içeri girdi.
--Çalabek ýaňky puly bersin diýýe.
Mergen jübüsine saljak bolup duran puluny Gara daýyň uzadyp duran eliniň aýasyna goýdy.Gara daýynyň yzyndan ol ortadaky saçagy, çäýnek-käsäni ýygnaşdyrdy. Ol penjiräni açmakçy boldy Ýöne penjiräniň aýnasynyň aňyrsynda edil bir kölge ýaly bolup yranyp duran peşe sülsadyna gözi düşüp, pälinden gaýtdy. Gelip panusy öçürdi.
Indi içeri hakyky dowzah diilýäni boldy. Petişdenem beter juda aldajy porsy ys janyňy alyp barýardy. Onuň üstesine, her biri başam barmak ýaly çybynlar iýip-içip barýardy. Mergen bu zuluma çydamady. Ylgap daşary çykdy.Emma daşary hem içeriden idili däldi. Haram ölen malyň maslygynyň ýene haýsydyr bir eýmenç ys bilen garyşyp, edil beýniňe urýan ysy, çybynyň, çirkeýiň ýowuz daramasy aklyňdan azaşdyryp barýardy. Mergen janhowluna jaýyň daşyndan aýlandy.
Mergene ýeke ýol galypdy.
-- Jaýyň üstüne çykaýmasaň.

Ol panusyň pelteli bokurdagyny açyp, endam janyny nebit bilen suwady. Soň içeri girip ejesinden galan düşeklerden, ýorgan, ýassykdan alyp, jaýyň üstüne taşlady. Soň onuň özem hyklap-çoklap tamyň üstüne çykdy.

Gündizlk jöwzadan ýaňa henizem sowap ýetişmedik kerpýiçleri, daşlary bir gyra üýşürdi. Özüne düşek ýazyndy. Soňam, edil eli ýetäýjek bolup duran çerre-çerre ýyldyzlara seredip süýji uka gitdi.

Ol garym-gatym gykylyga oýandy. Ilk-ä hiç zada düşünmedi. Daş- töwerekde adam- gara görnenokdy. Özüni dürsänsoň, özüniň jaýyň üstünde ýatandygyna düşündi. Az- kem daňdan çigregi düşüpdir. Çybynlar ýatyşypdyr. Aşakky öleňlikden gurbagalaryň, sazlaşykly sesi eşidilýär. Nirededir bir ýerlerde it üýrýär. Ýene-de goh galyp başlady.Mergen gohuň öz jaýynyň içinden gelýändigini duýdy. Ol goh jaýyň tüsse çykaryndan ýokary galýan, edil Mergeniň gulagynyň düýbünde ýaňlanyp duran eken.

Mergen şol deşikden aşak, içeri seretdi. Jaýyň içi garaňkydy. Şonda-da panusyň çalaja yşygyna, ol içerde oturanlaryň alty- ýedi baryny saýgardy. Onuň gözüniň saýgarýan ýerinde Berdi daýy gyşaryp ýatyrdy. Onuň gapdal;ynda Gara daýy düňderilip oturdy. Beýleki adamlary, gyrarakda oturan gelinleri ol tanamady.

-- Men seniň zadyňy bilemok!—diýip, Gara daýynyň gapdalynda oturan daýaw pyýada logur-logur gepledi.—Sen maňa näme diýdiň? „Eşegiňi ber „ diýdiň. „Oňa derek daýzamyň jaýyny bereýin” diýdiň. Özem edil at ýaly eşek. Ak bazarda müň manada dileýärler. Seniň bu jaýyň iki ýüz segsen mana-da-da degenok. Men erkek bolup sözümde durdym. Oňa, ine, doganyň Durnaýam şaýatdyr.

Berdi daýy serhoşdy. Ol, megerem, ýerindenem galyp bilmän ýatyrdy. Oňa derek Gara gürledi.

-- Men şaýat, diýde.. Çalabegiň diýeni dogry. Diýdi. Ýalan diýjek däl. Ýöne, dide jan, ol bu kürre geler diýip, pikir etmed-ä...

-- Hawa, diýende sen bardyň. Men başga zadyňy bilmen. Ýa eşegimi ber, ýa puluny ber... Maňa dawaly zat gerek däl. Hana, kürräň, hana-da Çalabegiň, Kürräňi öldür, ýitir, nirä ýok etseň öz işiň. Maňa puluny bersin...

Şol wagt aýallaryň ýaşyragy çyňsap gygyrdy.

-- Ýok bol-a meýit. Çek eliňi. Men seniň oýnaşyň däl. Ýok bol...

Berdi daýy çala gymyldady.

-- Degmäň, how, gyzlara degmäň... Emma dawa edýän adam köşeşer ýaly däldi. Ol gaýtadan möwç alyp başlady.

-- Özi aýtdy gerek, eşegiňe derek jaýymy bereýin diýip.Erkek ýaly söz berdi. Sözünde durmady gerek. Durmady, Senem şaýat... Indi erkek bolup jaýyny bersin. Indi bu jaý meniňki. Men bilmen. Erkek bolsun...

Ol pyýada serhoş sesi bilen haýkyryp gepledi.

-- Häzirem, meniň jaýymdan çykyň. Men bilemok.Jaýdan çykyň!..

-- How, keýp çekilip otyrka gykylygyňyzy bes ediň.

-- Men bilmen. Meniň jaýymdan çykyň. Bu ýer size jelephana-da däl, arakhana-da. Ýok boluň.

Aýallar ýerlerinden turdular.

Myjjy bizi ugratsan-a.

Hälki eşek, jaý dawasyny edip, haýkyryp gürleýän pyýada ýerinden turdy.
-- Men häzir gelýen. Gelýençäm meseläni çözüň. Başgaňy bilemok.—Olar ygam-sagam bolup jaýdan çykdylar.
Mergen olary daşary çykanlaryndan soň ýene bir sapar sanady. Olar içerde gyşaryp ýatan Berdi daýydan başga ýedi erkek adam bilen iki aýaldylar.
Ol daýzasynyň:” Men şulardan bizar boldum!” diýmesine indi düşündi.
„Bular bu eýesiz jaýy mugutjak meýlishana öwren ekenler-ow. Ýöne men olaryň beýle oýnuna ýol bermen. Şu gijeki meýlisleri olaryň iň soňkyja meýlisi bolar Sen myjjyk jan, jaý ýerine daşyň gatysyny alarsyň....”
Mergen ukudan açyldy.Ol jaýyň üstünden töwerege seretdi. Aşakdan Sumbar bilen ene ýabyň aralygyndaky melleklerden bag- bakjalardan salkynlyk öwüsýärdi. Ene ýapdan, tä jaýyň işigine çenli giden bir futbol meýdançasyndanam giňiräk meýdan bolsa öl, yzgar çukur bolup porsap ýatyrdy. Bu porsy öleňlikden gelýän salkyn şemaly demine ýuwudýardy-da, soň ona porsy demini garyp äleme ýaýredýardy. Ol çukuryň içi selmedir, ak baş, ýekendir, hyşa bilen jeňňel bolup gidipdi. Häzir şol gap-gara porsy batgalykdan gurbagalaryň ýakymsyz sesi goh bolup ýaýraýardy.
Garaňky, dymyk gijede şol çukurdan gelýän süňňüňi elendiriji porsy ys ruhuňy hopukdyryp, şol tarapa nazar aýlasyň gelenokdy. Göwnüňe bolmasa, şol gorkuly batgalykdan ot-ýalyn bolup, şaýly gelin çykaýjak ýaly..
Şondan soň Mergeniň gözüne uky gelmedi. Ol oň gözüne ilmedik , bu gün juda owadan, üýtgeşik bolup görünýän mawy asmana seredip ýatdy.
Daňyň düýbi çyzylyp, dünýä ýagtylyp başlady. Ýaş ýigit mundan aňry düşege baglanyp ýatmaga takaty ýetman, ýorgan- düşegini düýrläp gapdala goýdy-da, jaýyň üstünden ýere düşdi.
Içeri bir süri doňuz giren ýaly bolup ýatyrdy. Orta düşelen gazet saçagyň üsti arzan çakyr çüýşelerden, käsedir bulgurlardan münder bolup ýatyr. Jaýyň içi çilimiň, çakyryň ýürek bulandyryly ysyndan porsap dur. Gaty-guty çörek bölekleri, „Kilka” balygynyň gapyrjagy, gawun-garpyz paçaklary , çigitmisiň, gabykmysyň, asyl, ortadaky gazetiň üstüne seretseň , aňryň bäri gelýärdi.
Mergen penjireleri açyp, çüýşeleri daşary taşlaşdyrdy. Soň gazýet bölegini dolaşdyrdy-da daş çykdy. Elindäkini köneje ojagyň içine atdy. Ol ýeriň holtumy ýaly bolup, porsap, lokur-lokur gaýnap, bugaryp ýatan äpet çukuryň gyrasyna bardy.
Çuhur hakykatdanam , edil futbol meýdançasynyň aýtymy ýaly çuň kölçe bolup porsy suwdan, hyşadyr ýekenden, haram ölen haýwanlaryň çüýräp ýatan meýdinden säheriň imisalalygyna bulkuldap ýatyr. Mergen:
„Bu çukura suw nireden gelýärkä?” -- diýip, oýlandy. Ol çukuryň tutuş daşyna aýlanyp, çukura suwuň geläýjek ýerlerini yzarlady. Ol obanyň ortasyndan akyp geçýän uly ýap bilen bu çukuryň arasynda syçanyňmy, ýylanyňmy hininiň bolaýmagynyň mümkinligi barada oýlandy. Sebäbi bu suwly ýap çykyrdan bary – ýogy on-on bäş ädim ilerden akyp geçýärdi.
-- Şu gün her iş etmeli welin şol hini tapmalam, beklemelem—diýip, ol özbaşyna gepledi. Soňam, ony birki gün, tä guraýança goýup, ýagşy arassalamaly. Bu ýerde ýandakdan, hyşadan, haram ölen mallaryň maslygyndan başga bir zadam

bolmaly däl. Olary otlasaň näme galjak. Çynymy etsen, olaram üç- dört günde arassalaryn.. Soň bu ýeri tekizläp, mellejik etseňem bolman durjak däl-ä..
Ol bu işi häzir , gyzgyny bilen başlajak bolup, içerden, daşardan pil gözledi. Pil näme işläpdir. Asyl, bu töwereklerde derde ýarar ýaly agaç bölegi bir bolsun-la...
Mergen içeri girip, agşamky çagşap ýatan sübsesi bilen içerini süpürdi. Soň ejesinden galan könejebedräni alyp,ýapdan suw alyp gelip, işige sepdi. Işikleri syrmak üçin porsy çukuryň gyrasynda paşyrdap oturan sygyrguýruklardan bäş-alty sanysyny döwüp aldy-da, töweregi süpürdi. Çüýşeleri ojaga saldy. Gap-gaçlary , çäýnek-käseleri, bulgurlary gül ýaljak edip ýuwup arassalady. Ýene bir bedre suw alyp gelip, özi ýuwundy. Şondan soň Annabike daýzalara bakan ugrady.
Mergen eýwana girip, gaz peçde çaý goýdy. Çaý gaýnaýança bu töweregiň ýan-ýanaşyk bolup oturan jaýlaryny synlady. Jaýlaryň bary çig kerpiçden çalamydar edilip gurulandy. Käbiriniň daşy suwalyp, käbiriniňki suwalmandyram. Barynyň depesi şifersizdi. Jaýlaryň öňünde köneje ojaklar bolaýmasa, bag- bakjanyň, mal-garanyň, towuk-towşan keteginiň adam ýok. Gapdaldaky ýataklarda palaňy aýrylmadyk eşek bolaýmasa, başga bir mal- gara gözüň düşenok.
Çäýnek gaýnady. Ol eýwanyň bir böwründe duran çäýnekleriň birine çaý atyp, demledi-de, öz tamyna bakan gitdi. Çäýnegi orta goýdy.
Mergen bu jaýyň koridoryna göz aýlady. Onda ýok zat ýokdy. Köne peç, dört-bäş turba, köneje bedre, tas, üç-dört sany bogdak halta, ýüň, köne keçe, ýüň darak,. Asyl işikden töre çenli köne-küşül baslygyp ýatyrdy. Şol tarapdanam ýakymsyz ys burnuňa urup gidýärdi.
Mergen Aşgabatdan getirenje köke süýjüsini saçagyň üstüne goýuşdyrdy-da çaý içdi., garbandy.
„Men ir bilenjik raýon merkezine gideýin. Ilki bilim bölümine barmaly. Işe gelenime bellik etdirmeli. Soň öýe gerek- ýarak zatlary almaly.
Ol oýlandy. „Öýe näme almaly. Men indi myhman däl. Öý özümki. Ine, edil çarwada ýaly bolup otyryn. Şu wagt bir del adam gelse, meniň bolup oturyşyma näme diýer. Men indi beri adam ýaly ýaşamaly!” Hakykatdanam, bu öýde ýaşamak , öz durmuşyňy dolandyrmak üçin hiç zat ýokdy. Ol durmuşa indi başlamalydy. Şonuň üçin bu öýe näme gerek bolsa, ony Mergeniň özi satyn almalydy. Ýigidiň puly bardy, ýöne näme gerekdigini gowy hasaplamalydy. „Bu öýde, iň bärkisi, pilem ýog-a”.
Mergen ýassyga gyşardy-da, gapdalda küt-küt bolup ýatan kitap daňysyna ewlini ýetirdi. Ondan ulanylan konspekt depderini soguryp aldy. Soň ýerinden turup, agşam çykaryp goýan jalbarynyň jübüsinden gysgajyk galam çykardy. Soňra bloknodyna seretdi-de”Öýe gerek harytlar” diýip ýazdy.
„Birinji, berk gulp.”.
Öýi Çalabekden, onuň hemşerlerinden gorajak bolsam, ilki bilen öz gulpum bolmaly! Her ýeten çüý bilen açyp girip ýören öýden öý bolmaz. 2. Çüý! Ulusy, otta hilisi, hersindewn bir kilogram. #. Çekiç. 4. Eşik asylýan, Häzirlikçe, alty sanysy. 5. Pil adaty we uly pil.. 6. Pil sapy, dört sany. 7. Çarşak,8.Palta. 9. Palta sapy. 10. Çalgy. 11. Kätmen. 13. Orak, iki sany.14. Bedre, dört sany. 15. Kir ýuwulýan, ulusy, kiçisi. 16. Çemçe, alty sany. 17. Jam ulusyndan, kiçisinden dört sany.18. Tarelka – alty sany,19. Klýonka , bäş metrlik. 20. Pyçak, üç dürli.21.

Süýji salynýan, 22. Gant döwülýän.23. Sabyn, kir ýuwulýany, el ýuwulýany.24.Diş, köwüş çotgasy.25. Eşik çotgasy. 26. Diş pastasy. 27. Ädik garasy. 28. Duz. 29. Soda. 30. Gara burç. 31. Lawrowyý list. 32. Makaron , iki kilo. 33. Tüwi, iki kilo.34. Şeker , iki kilo. 35. Nabat, iki kilo. 36. Sary ýag, iki kilo.37. Çigit ýag, iki kilo.38. Ýag üçin gap, üç sany. 39. Kepgir., iki sany. 40. Burç, duz guýulýan gapjagaz.41. Stakan, alty sany.42. lampoçka , alty sany.43.Razetka, iki sany.44. Patron, dört sany.45. Sim, 20 metr.46. Atagzy.47. El ýuwulýan. 48. Sabyn salynýan. 49. Platensa, ulusy, kiçisi.50. Iki bölek şifer , ulusy. 51. Iki list faner, ulusy. 52. Tagta, iki kub metr. 53. Duş üçin suwgap., enjamlary bilen. 54 Penjirelere tuty, owadan, ýörite matadan.55. Marly, on metr. 56. Derman: aspirin, analgin, ýod, zelýonka,56. Depder, on sany. 57. Edebiýatdan, dilden okuw kitaplary.57. Gaýçy, iňňe, sapak.

Ol boldum etdi-de, saçagyň üstüne seretdi. Soň ýene ýazyp başlady.

58. Nebit gap, nebit, bäş litr.59.Üç pelteli kerogaz. 60. Krujka, iki sany. 61.Çäýnek, iki sany.63. Käse alty sany...

Mergen penjireden daşary seretdi. Gün henizem doganokdy. Soň ol gyssanman ýazan zatlarynyň bahasyny çen-çak bilen hasaplady. Barysy aňry gitse üç ýüz otuz manat boljakdy. Ol çemodanyny ýanyna alyp, açdy-da, barja puluny sanady. Onuň tutuş müň manat puly bardy. Iki ýyllap student gurluşyk topary bilen Tejene, Arçmana gidipdi. Okuwynyň daşyndan wokzalda ýük düşürip işläpdi. Krasnowodskiý oblast bilim bölümi bolsa, okuwyny gutaryp bellenilen ýerine işe geleni üçin oňa iki ýüz ýigirmi manat beripdi.

Müň manat Mergen üçin az zat däldi. Onuň üstesine onuň student wagty ulanan sajy, ütügi, elektrik çäýnegi, termosy,radiosy , sakal syrylýan maşinkasy hem bardy. Üç sany täzeje jalbary, dört köýnegi, iki trusisi,, üç –dör maýkasy, poltosy, ädigi, gulakçyny bardy. Munça zat ýetim oglan üçin az däldi.

Mergen el galdyrdy-da, turup saçagy ýygnady. Häzir geýip gitjek eşiklerini çykaryp goýdy. Çemodanyndan dört ýüz elli manat alyp jübüsine saldy. Pasportyny, okuwy gutarandygy baradaky kepilnamany, oblast bilim bölüminiň ugratmasyny çykardy. Soň geýinip, daş çykdy.

-- Bloknot galypdyr.

Ol içeri girip bloknodyny, ruçkasyny alyp çykdy. Işigi ýapyp, gapýyny gulplady. Soň Annabike daýzalara bakan ugrady.

-- Daýza, salowmaleýkim! – Ol eýwanda güýmenip ýören garra habar gatdy.Gaarry begendi.

-- Gel, ýegen jan, otur, çaý,çörek iýeli...

Mergen gyssandy.

Daýza, sag bol. Men bir aşak baryp geljek.—Annabike daýza Mergeniň bir zatjagaz tamakin bolýanyny aňdy.. Ol pul dilär diýip oýlandy. Oňa ýok diýmäge bahana gözledi. Emma ýetişmedi.

-- Daýza, maňa elektriksiz gaty kyn boljak. Obanyň elektrik montýoryny tapyp, maňa ýşýk, radio çekdirip bersen-e. Men el hakjagazyny bererin.

Garra ýegeni pul dilemese boljakdy. Ol ýegeni beýle ýeňil iş buýrar öýtmändi . Şonuň üçin ol ör-gökden gelen boldy

Goýaweri, ýegen jan, el haky ýerine belanyň sapyny alsynlar. Ýaman öwňretme, sen bulary. Agşamam Çalabege on alty manat beripsiň. Durnoý diýdi. Belanyň sapyny içsinler. Nirelerden gelen ýetim çaga berenlerimi? Ondan ýaňa gaty arkaýynja bol, özüm saňa togam, raýda-da çekdirip goýaryn.

Mergen ýola çykdy. Ol barmaly ýerine pyýadaap barýança, Gün al asmana çykdy.

Raýon bilim bölüminiň müdiri Mergeni güler ýüz bilen garşy aldy. Onuň uniwersiteti gutarandygy baradakykepilnamasyny, ugradyş hatyny birlaý görüşdirip, ýylgyrdy.

-- Ikimiz atdaş ekenig-ow. Men-ä Atda Mergenow, senem Mergen Ataýew. Saňa beýle familýaň bilen, hökman kömek etmeli bolar.—Ol stolunyň üstünde duran kagyzlaryň birini aldy-da ýaş ýigide bir uzatdam, ýöne ony elinde saklap durşuna, Mergeniň ýüzüne seretdi.

Heniz-ä birneme irräk, sen awgust aýynyň ýigrimisine, arza ýasyp gelersiň. Ýok, sen näme et diýsen-e...

Mergen baş atdy.

Bolsa-ha maňa öz obamdaky 8-nji mekdepden sapak beriň.

Müdir ullakan gara gözlerini ýumjykladyp köçä, aňyrda seleňläp görünýän baglara tarap seretdi.

Atdaş, entek men saňa bir zat diýmäýin. Bu gün iýuly1ň ýigirmisi. Ýene dopba-doly bir aý wagtymyz bar. Oňa çenlemekdepler açylar. Her mekdepde haýsy mugallym bar, haýsy mugallym ýok, olar barada hasabatlar geler.Şony görüp, saňa bir zat diýmesem, häzir menem edil seniň özüň ýaly. Ýöne, sen häzir bir zat et, ýaz, arzaňy.

Ol Mergen hälki kagyzy, ruçka berdi.

-- Ýöne indiki sapar meniň ýanyma geleniňde kagyzyňam, ruçkaňam bolsun.

Mergen şol günüň dowamynda ýazan dört arzasynyň birinjisini ýazyp müdire berdi. Müdir onuň arzasyny okap iki ýerini düzetdi.

-- Hatyň owadan eken. Ýöne ýalňyşmajak bol.

Mergen hoşlaşyp işikden çykjak bolanda müdir ony saklady.

-- Atdaş, sen näme e diýsen-e, bolmasa, biz şu ýyl Hasar dagy bilen Sünt dagynyň aralygyndaky Ýollydere diýen ýerde çagalara pioner lagerini açdyk. Son şonuň soňky ongünlügine terbiýeçi bolup gidäýsen-e.

Mergen ylalaşmady.

-- Ýoldaş mugallym, meniň ene-atam, dogan-garyndaşym ýok. Onsaň ýaşamaga-da ýerim ýok. Üçünji Garaganly obasynda bir sümelge bar.

Ony azap edip bejermeli. Men ýigirminji awgusta çenli jaý meselämi düzedip bilsem, uly iş etdigim boljak.

Müdir Mergeniň bu çözgüdine sesini çykarmady. Ýöne:

-- Atdaş, men saňa birneme pul kömegin-ä edip biljek. Elbetde, üstüne azajyk goýumjagazy bilen-- diýdi.—Nesip bolsa, ilki bir peýdajygyny görüp, soň, işläp başlasaň, ýuwaş-ýuwaşdan ýzübererersiň-dä...

-- Sag boluň, ýoldaş mugallym.

Müdir hoşamaý hoşlaşyp galdy.

Mergen ol ýerden raýon içeri işler bölümine baryp, şu raýona ýazgy etmeklerini sorap ikinji arzasyny ýazdy. Bölüm naçalnigi Mergenden sud soragyny etdi. Ahyram:
-- Sluşaý, sen,Ataýew, organ işinde işlemäge höwesek dälsiň-ä—diýdi.
Mergen ör-gökden geldi.
-- Aý, ýok-la, men mugallym bolaryn.
Müdir bagyr ýaly ýüzüni ajytdy.
-- Meniň çynym.Sen oýlanyp gör. Iliň-ä gaçgyny mugallymçylykdyr. Okuwçylaryň porsy oslugyndan başga näme bar onda. Meniň saňa ýamanlygym ýokdur. Oýlan.Bize bir gowja oglan gerek.
Mergen bu ýerden edil sapandan sypan ýaly bolup, garasyny saýlady. Onuň indiki barmaly edarasy, raýispolkomyň jaýy bu ýerden kän bir uzakda däldi.
Ol raýyspolkomyň edarasynyň agzyna baryp, „munuň niresinden girmelikä?” diýip aýak çekenem şoldy, „Gaz -69” maşyn onuň gapdaljygynda gelip saklkandy. Ondan etli-ganly, mapraç aýal düşdi Ol aýal Mergene habar gatdy.
-- Sen Mergen Ataýew dälmi?!
Mergen oňa salam berdi.
-- Gurgunmyň, janym!—Ol raýispolkomyň adyny bilmese-da, özüni tanady.—Sen menň ýanymamy?
-- Hawa.
-- Bolaýypdyr. Senem maňa gerek.
Olar tirkeşip edara girdiler. Başlyk ýerine geçip, öz myhmanyna mürehet etdi
-- Hany, geç, otur.—Ol aýal ullakan çargadyny başyndan aýyrdy-da, ýerinden turup ony asgyçdan asdy.—Sen”Meni nirden tanap ýörkä?” diýmegin. Sen şol Sona daýzanyň ýekeje oglusyň. Men hemişe seni sorap ýörendirin.
--Hawa.
-- Ýadyňa düşýärmi, mekdepde seni mugallymlaryň biri urupdyr. Şonda Sona daýza meniň ýanyma arz edip geldi. Menem ýörite baryp, şol mugallym gaýdyp iliň çagasyna el galdyrmaz ýaly edip gaýtdym. Şonda ol görgüli menden razy boldy. Bolman, bolman oglum bolanda, öýüme çelpek ýapyp, gelip gutlap gitdi. Ýöne görgüli ir gitdi. Seniň çynar ýaly ogul bolup, Aşgabadyň uniwersitetini gutaryp geleniňi birje görmedi-de.
Mergen bu gürrüňi diňläp oturşyna gussaly ýüzüni galdyryp bilmedi.
-- Bu dünýä giden sazlaşyk-da, bir nesil gitmeli. Başga bir nesil gelmel, hanym. Görýäňmi, biz ol pahyra goldaw, hemaýat berdik. Ine, sen ýetişdiň. Biziň çagalarymyza olaryň çagalary hemaýat, goldaw bermeli..
Şeýdip, nesil nesile utgaşyp gidip oturmaly..
Ol sekretar gyza bir çäýnek çaý getirmegi tabşyrdy.
--Meniň „Maňa sen gerek diýmegim, bizde jemgyýetçilik guramalary bilen işleşmeli bir wezipe bar. Şoňa bir gowja oglan gerek diýip ýörkäm, öten agşam öýüme siziň kolhozyňyzdan Beghan aga geldi. Onuň ogly Şanazar Beghanow seniň bilen uniwersiteti bile gutaran bolmaly. Men senden şol ogan barada sorajak bolýan.Sen ony gowy bilmeli. Tanadyň dälmi!
Mergen başyny atdy.

-- Şanazar gowy oglan bolmaly. Diňe bäşlik bilen okady.Ýöne ony men kän bilemok. Sebäbi, mekdepd-ä, ony maşyn bilen getirip, maşyn bilenem alyp giderdiler. Uniwersitetde-de, ol tanyşlarynda bolup okady. Biz umumy ýaşaýyş jaýynda. Ony biz biziň barýan ýerlerimizde göremizokdyk. Ýöne ol uniwesiteti tamamlanymyzda şol okuňw aýynyň özünde mugallym edilip alnyp galynan boilmaly.
Ispolkomyň başlygy geň galyp Mergeniň ýüzüne garady.
--Ýok, ýok, edil beý-ä diýmedi. Kakas-a:"Mugallym bolasy gelenok. Tam süpürijiden ýokarrak bir işem bolsa, ispolkoma işe alsaň.." diýip ýalbardy.
-- Onda men bilemok—diýip, Mergen başyny aşak saldy.
-- Bolmasa, şol ýere özüň geçäýseň nähili bolarka?
Mergen ör-gökden geldi.
-- Ýok, ýok, ýok!
Başlyk güldi.
-- Näme beýle öp-gökden geldiň. Ýolbaşçylyk etmäge-de adam gereg-ä.. Ýa halaňokmy?
Mergen agyr ýuwdundy.
-- Men mugallym bolaryn. Özem, tä ömrümiň ahyryna çenli.
Başlygyň özemÇärjewiň pedagogik institutyny tamamlap, obada on- on bäş ýyl mugallym bolupdy. Şonuň üçin ol mugallymçylygyň kynçylyklaryny, onuň nähili kärdigini birinden soramaly däldi. Ýöne ol başga hörpden gopdy.
-- Il-ä mugallym bolmasa razy.
Mergen dogumly gürledi.
--Meniň olar ýaly mugallym bolasym gelenok. Men sözüm bilen däl-de, öz göreldäm bilen mugallym bolaryn.Görýäňiz-ä, nesiller barha aýallaşýarlar. Başlyklar –aýal. Mugallymlar – aýal, terbiýeçiler, aýal. Öýde käkeläp oturan ejeler aýal, Indiki nesle erkek terbiýesi gerek. Dogry, bu meniň öz şahsy pikirim. Ýöne men öz pikirimi nädogram hasap edemok.
Başlyk ýylgyrdy.
-- Menden, näme goldaw gerek!..
Mergen başlygyň ýüzüne çynlakaý garady.
-- Bagyşlaň, siziň adyňyz nämedir?
Başlyk hezil edip güldi.
Asyl, sen meniň adymam bilýäň ogşýan. Adym, Maral, Meňliýewa!
Ol Maral Meňliýewnanyň dolmuş, erkekleş, ýüzüne, murtlakdodagyna içine gidip ýatan naýynjar gözlerini balkyldadyp seretdi.
-- Okuwy gutaryp geldim, ýaşar ýaly ýerim ýok. Maňa aşakky Garaganlydan mellek ýer almaga kömek ediň.
Maral Meňliýewa Mergen jaý sorar öýtdi.Oňa bu ýakynda jaýyň bolmajagy bolsa köre hasady. Ýöne ýigidiň mellek ýerini soramagy onuň derisini giňeltdi. Ol sowala dälde hüküme çalym edýän äheň bilen:
-- Näme beýle, aýry- başga aşakky Garganlydan—diýdi. Näme sowhozdan ýa şäherden bolanda bolanokmy?
Mergen öňem tebsiräp duran dodagyny ýalady. Ondan gözüni aýyrman seredip oturan başlyk oňa çaýly käsäni süýşürdi.

-- Al, çaý owurtla...
Mergen sekretar gyzyň getirip giden   çaýly çäýnegine seretse-de, özüne uzadylan käsäni almady.
-- Onuň sebäbi, şol ýerde ejem pahyryň köneje jaýy bar. Onuň öňünde , ýabyň ediljek gapdalynda bir mellek çykaýjak  hapa çukur bar.Ol bir hapa-hupadan dolup ýatan gadymy çukur-la. Men ony arassalap, gül ýaly ederin. Onsoň, men jaýa-da, mellege-de eýe bolaýsam diýýän.
Başlyk oýlandy-da:
-- Ýaz arzaňy—diýdi. – Men başlygyňyza-da tabşyraryn,  ot-çöp, odun beýlekem kömek ederler.
-- Maňa   edil häzir gazpeç bilen bir ballon gazam gerek.
Bor, häzir   gaz edarasyna Berdiýewiň ýanyna baryň. Özüm oňa  telefon ederin.— Mergen nädip arza ýazanynam, nädip hoşlaşyp gaýdanynam bilmedi. Şol ýerden iki ädimlikdäki gaz edarasyna geldi. Bu edarada iňlär siňek ýokdy. Adamlar arakesmä çykana meňzeýärdi.
-- Abitden soň gel—diýip, köne maşynyň aşagyna girip,  ony bejerip ýatan ýigit gygyrdy.
-- Mrgen oňa golaý bardy.
-- Salowmaleýkim!Edaraň başlygyna kim diýerler? Maşynyň aşagynda bulaşyp ýatan adam jogap bermänkä, yzdan, edara jaýdan:
-- Geliber.Bäry geläý—diýen ses çykdy.
Mergen penjireden gygyrýan  ýigidi gördi. Ol it ýylgyrşyny edip”
-- Salowmaleýkim, geliň—diýdi. Mergen içeri girende stoluň başynda oturanlar arak çüýşelerini, bulgurlaryny gizlejegem bolmadylar.
-- O-ho, Mergen jan!—Berdiýew Mergeni tanady.—Hany, gel, geç, nahar iýeli. Birje ellije gram  ur hany...
Mergen Berdini oglanlykdan tanaýardy. Berdeler  obadan şähere göçüp gaýdypdylar.
Mergen olar bilen gadyrly salamlaşdy-da, dik duran ýerinden arzyny aýtdy.
-- Men okuwy gutaryp geldim. Öýde ne ot bar, ne ojak. Maňa gazpeç bilen, bir ballon gaz gerek. Ýaňy Maral Meňliýewanyň ýanyna bardym. Olam, Berdiýewiň ýanyna meniň adymdan bar. Özümem jaň ederin. Işiňi häzir bitirsin—diýdi,
Berd it ýylgyrşyny etdi.
-- Mergen jan, sen haýsy okuwy gutardyň. Indi oba gelip sen kim bolmaly?—diýdi.
Mergen Berdiniň  syrtaryp duran serhoş ýüzüne garady.
-- Men uniwersiteti  gutardym. Mugallym bolmaly. Dil –eebiýat mugallymy.
Berdi  güldi.
-- Maladis. Gowy , gaty gowy – diýse-de, Mergen onuň göwnüýetmezçiligini aňdy.—Gaz pejem, gaz ballonam  sen öýüňe barmankaň elterler, Sen arkaýyn bol. Ýöne häzir şol stola geçip  bir arzajyk ýaz..
Mergen talap edilýän arzany ýazdy.
-- Sen indi oglanlara bir altmyş manatjygam töle. Eger häzir ýanyň da bolmasa. Gaz eltip guranlarynda  töläýgin.

Mergen olaryň aýdan puluny töledi. Soň olar bilen hoşlaşyp, Ondanam „Demir dükany” diýip at alan belli dükana bakan ugrady. Sagat ýaňy on iki bolupdy. Dükan sagat birden üçe çenli arakesmedi. Arakesmä çenli ep-esli wagt bardy.
Mazaly dükançy tanyş adam bolup çykdy. Ol çagalyk dosty Garabegdi.
Garabeg birhilije sowuklaç bolsa-da, Mergen ony gyzgyn tutyp gürleşdi. Onuň hal- ahwalyny soraşyp, öten agşam gerek zatlaryny ýazan kagyzyny oňa berdi.
-- Şulary almaga bir kömek edeweri.
Garabeg dükanda bar harytlary otta üýşürdi.
-- Ulagyň bir barmy? Munça zady sen nädip alyp gitjek?
-- Ýokdur, kireýine maşyn tapylar-la.
-- Aý näbileýin-dä.—Garabek nähilem bolsa, Mergeniň harytlaryny kireýine maşyn tutup, onuň öýüne ýetirmegi boýun aldy—Ýöne, haw, sen Tüňňürleriňi, gilmalaňy, piliňi, pilsapylaryňy bir al. Galanlaryny skladdanam galanyny alyp, ibereýin men.—Puluňy bir töle, ilki.
Mergen onuň diýen zatlaryny aldy..Olary gapynyň agzynda üýşürip goýdy-da, puluny töledi. Garabege özüniň salgysyny berdi. Ol dükandan çykanda iki elinde ep-esli goş bardy. Ol azyk harytlary dükanyna baryp öýe gerek- ýarak azyk baryny aldy. Olaryň üstesine „Çemen” çakyryndanam bir ýaşigini aldy. Ol dükandan çykanda Ýokarky Garaganlydan Ybraýym aganyň ogullarynyň biri oňa salam berdi.
-- Gaýtjak bolýaňmy?
-- Mergen goşlaryna seredip ýylgyrdy.
-- Gaýdyp bolsa-ha gaýtmaly. Sen gaýtjak dälmi?
Ýigit baş atdy.
-- Men gaýdyp barýardym-laý, ýöne seni gördüm-de, „oba gidýän bolsa alyp gideýin” diýip sowulaýdym.
-- Meniň ep-eslije goşumam bar.Bir adama munça goş bilen „meni alyp git” diýmegem gelşlikli däl.
Ol ýigit ilgeziklik bilen:
-- Men kömekleşerin!—diýdi.
Garaýagyz daýaw ýigit iki sapar gatnanda goşlary özüniň köneje „Moskwiçine” çekdi. Mergene daşar ýaly zadam galmady.
-- Inim, özüň-ä gowy ýigit ekeniň welin, men adyňy bilemok-da.
-- Men—Garaja. Şu gün Aşgabatdan Beghan dädemiň ogly Şanazar okuwyny gutaryp, bir Aşgabatly gyzam alyp geldi. geldi. Şonuň gelnini Gyzylarbatdan kejebeläp alyp gaýtdyk. Men Garrygala gelemsoň, „Maşynyň köne, sen gal” diýdiler. Otuz-kyrk maşyn bar olar. Hemmesem täzeje maşynlar. Onsoň, menem galaýdym.
-- Şnazar öýlendimi?—diýip, Mergeniň ýüregi owsunyp sorady.
-- Öz-ä bile okan gyzy bilen söýüşipmi. Şony alyp geldi. Agşamam onuň nika toýy.
Mergen kursdaşynyň, obadaşynyň, deň-duşynyň öýlenenine begendi.
-- Onuň toýuna barmaly bolar!—diýip, dabaraly aýtdy.
-- Garaja ýylgyrdy.
-- Sizem-ä şu ýyl okuwy gutaran bolmaly. Näme siz öýleneňizokmy?

Mergen göwnüýarym ýylgyrdy.
-- Öýlenmeli, öz-ä. Ýöne ilki bilen gelin salar ýaly jaýjagaz bir edineli. Edil häzir-ä isleg bar-da, ýagdaý ýok. Nesip bolsa, işläp bir başlaly, şonda ýagdaýam bolar, jaýam bolar, pulam. Sabyrly gul dur-a, bara-a şat bolar --- diýipdirler...
-- Nesip bolsa.
-- Nesip bolsa.
Maşyn Mergeniň öýüne bakan sowuldy.
Mergeniň gözüne ilki ilen zat, onuň tamynyň işigi serpilip durdy. Ojagyň içindäki çüýşeler ýygnalypdyr. Içki jaýda ýeneşagal mesligi guralypdyr. Içeri agşamkydanam beterdi. Keçäniň üstüde ýazylan gazýet böleginiň üsti çakyr çüýşelerinden, köne käselerden, çörek böleklerinden, beýleki odur-budur azyk böleklerinden dolup ýatyr. Howa petiş yssy bolansoň, olaryň üsti siňekden ýaňa wag berýärdi.
-- Mergeniň gahary geldi.
-- Men gapyny gulplapdym-a.
Garaja onuň dawasyna goşulmady; maşyndaky ýükleri düşürip, öz ugruna gitdi. Mergen goňşularyna bakan gitdi.
-- Daýza, barmyň.
Annabike daýza içerden elem-tas bolup çykdy.
-- Geldiňmi, ýegen jan?
-- Geldim.
Garry garört bolan hor ýüzüni sargardyp, ýaş ýigide ýüzlendi.
Gapyňy açyp, bu haram ölmüşler öýňüzde meýlis guradylar seniň, ýegen jan. Men seniň şemedanyňy öýe getirdim. Bu araga aňyny aldyran tenteklerden her zar çykar. Durnoý aýtdy Çalabek seniň şemedanyňy açyp, bir gysym puluňy alypdyr,
Garry ýegenine öýden oturmagy mürehet etdi.
--Ýok, daýza, dükandan satyn alyp, getiren harytlarym daşarda dargap ýatyr. Şolary bir ýerleşdireýin. Ýöne sen gaýrat et-de maňa bir çäýnek çaý demläp ber. Çaýymy öýde içerin...
Mergen gidip barşyna yzyna öwrüldi-de, aýak çekdi.
-- Daýza, elektrik montýory görüp bildiňmi?Şu gün ol tok çekermi?
Annabike daýza hor, gap-gara ýumrugyny agzyna çenedi.
-- Ýegen jan, men saňa ýalan sözlemäýin. Öýüne bardym. Ejesem bar eken. „Şu gün hökman tok çekerin” diýip,ant içip, awy ýalady.—Ol Mergene bakan ýöneldi-de, badyny birneme peseltdi.—Näme, ýegen jan bulara ynam barmy. Olam bir biziň Çalabegimiz ýaly aňyny araga aldyran meýid-ä... Kellelerinde çüýşe bularyň. Ýöne men barmasyna bardymam, diýmesine diýdimem.
Mergen üçin bu gün wadalar güni boldy.
-- Bu nähili bolýar-aý, bilim bölümi boş wada, içeri işler bölümi boş wada, ispolkom boş wada, gaz edarasy boş wada, Garabeg boş wada, daýzam boş wada, elektrik montýory boş wada! Etrap, oba diýilýän ýerler ýüzüňe ýylgyran bolup, ýüzüň beýlä öwrülen badyna, „barsan-aý” diýilýän ýere öwrülip gidipdir öýdüän.
Mergeniň bu ýere gelip ilkinji alansapagy „Özüňden başga ynam etmeli däl” diýen sapak boldy.
Ine, bu maňa gowy sapak boldy...

## 2.

Mergen tutuş gije ýatmady. Ol najathananyň, duşuň çukuryny gazdy. Koridryň ugrunda duran,ejesinden galan şkafda duran köne küşül zatlaryň baryny şol çukuryň içine üýşýrdi.

Şäherden satyn alan azyk- owkadyny, şkafy1ň içinde ýerleşdirdi. Ýöne onuň göwnünde çyrpynyp duran hyjuwy bolsa-da, edil eli- aýagy daňylgy ýalydy. „Demir dükandan” alan harytlary gelmändi. Berdi gaz peji, ballonyň deregine belanyň sapyny iberipdir. Elektrik montýoram gara salmady. Şeýdip, ýigirmi dört günüň bir güni Mergen üçin puç geçdi.

-- Men öý üçin her gün azyndan on iş etmeli. Meni düýn hiç iş etmedi hasap etmeli. Diňe özüm .Başga adama, eger pul berip, ýanynda durup etdirmeseň. doganyňam bolsa, bil baglamaly däl.

Ol sagat dörtlerde turup, düýnki saplan pilini eline alyp, ene ýapdan uly çukura akýan suwyň ugruny anyklamaga ugrady. Şol ýerde-de çukuryň içinde, indi gör, niçeme ýyllar harman bolup ýatan hapany otlamagy pikirine düwdi-de, soňam. Ony goýbolsun etdi.

Daňdanyň ümüş-tamyşynda oba süýji ukuda ýatyrdy. „Obany bimaza edäýmäýin”.

Ol suwuň çukura akaýjak ýerlerini bellik edişdirip, şol ýeri gazmaga başlady. Ýeriň üsti gatam bolsa, toprak gitdigiçe yzgarlaşyp, ýumşaýardy. Ol bir metr töweregi gazansoň, suw çüwdürimi açyldy. Ene ýapdan eňaşaklygyna piliň sapy ýaly dury suw akyp ýatyrdy. Ol gazanyň agzy ýaly ýeri ýagşy depip açdy.Soň ol ýere toprak sürüp, ony depeledi. Şondanam ýabuň raýşyna bakan gazyp, depeläp, tä ýabyň çuňlugyna çenli gitdi oturdu.

Ol jalbaryny çykaryp, ýaba girdi. Indi oňa suwuň nireden çukura akýandygy aýandy. Ol hälki beklän deşiginiň gapdalyndan ýene iki sany deýikden çukura suwuň akýandygyny anyklady. Olaram daşyna tarap gazyp, soň çukurlar suwdan dolýança depeledi. Soň çukurlary gumdan dolduryp, ýene depeledi.

Mergeniň pikiriçe, indi çukurlara suw gitmeli däldi. Edil gyzan tamdyr ýaly jöwzaly günlerde suwy kesilen çukur iki günüň özünde tagt ýere öwrülmelidi.

Mergen öten agşam gazan çukuryny synlady. Çukurdan ep-esli gum çykarypdyr. Ol:

-- Galyp bolan bolsady, kerpiç guýub-a boljak eken.—diýip oýlandy. O töweregine garanjaklady. Egerk kerpiç guýaýanda ony nirä ýaratjagy barada oýlandy.

-- Näme, jaýyň araka ýüzünden ýene bir otag salanymda gelişmän durmy?!

Ol jaýyň arka ýüzünegeçip, onuň inini, boýuny ölçedi.

Uzynlygyna sekiz ýarym ädim. Ini dört ädim.

-- Uzynlygy alty ýatym metr, ini üç metr bolmaly. Her metriňe ulysyndan dört kerpiç gitse, bir hataryna kyrk kerpiç bolsun. Boýy iki ýarym metr bolsa, oňa-da goý, üç met bolsun, her metriňde alty ýarym kerpiç, üç metrde ýigrimi hatar bolsun, diýmeli, maňa arka ýüzden ýene bir otag gurmak üçin, seki ýüz kerpiç, iki penjire,bir gapy, elli, ýüz otuz, üstüne goýmak üçin on iki agajyň hersi on manatdan, olam bolar ýüz ýigirmi manat, onuň üstesine-de iki ýüz otuzy

goşsaň,bolar üç ýüz manat. Kerpiji özümden bolanda-da maňa üç ýüz manat pul gerek.

Mergen bu pikiri bilen gyzykdy.

Men her günde kyrk kerpiç guýsam, onda maňa üç hepde wagt gerek. Birneme köpräk guýsam , on gündealaryn. Her günem iki hataryny hem örmeli, hem suwamaly.

Ol düýnki ýagdaýy gözöňüne getirdi. Satyn alan harytlarynyň dükanda çaşyp ýatmasyny, Berdiniň öz çüýşedeşleri bilen „kolhozdan gelen samsygy nätdim” diýip yzyndan gülýän bolmagyny, Çolewegiň gulply gapyny açyp, içerde eýemsiräp ýörmesini, içine sygdyryp bilmedi.

-- Şu bolup ýörşüm, özümi görene oýnatdyryp ýörşüm bilen, menden mugallymam çykmaz, beýekem. Jemgyýetiň iň çüýrük adamlary meni äsgermeýän bolsa, onda meniň özümde bir lellimlik bolmaly. Olar meniňşol gowşaklygymy duýandyrlar. Bolmasa, elektrik montýor „hökman gelerin” diýip näme üçin gelmändir. Özümem, bu gowşaklygym bilen Çalabege öwrülip giderin...

-- Bu obada yşygyň bolmasa, gazyň bolmasa, gapyň açyk, çemodanyň iliň elinde bolsa, seni kim äsgersin diýsen-e.—Mergen gazap bilen dişlerini jygyrdatdy—Men şu gün ölmeli, galmaly welin, elektrigem çekdirmeli, gazam goýdurmaly, gapynyň gulpunam täzelemeli. Şäheruiň dükanynda pytyrap ýatan harytlaryma-da eýe çykmasam duzam datmaryn. Edil-ä gaz edarasyna baraýyn. Soň dükandan zatlarymy alyp geleýin, Soň, tä agşama çenli, elektrigiň ugruna çykaýyn...

Ol şol badyna geýindi-de, ýola çykdy. Pyýadalap gidibereýin diýip säginende özüne bakan gelýan tanyş köneje „Moskwiçy” gördi. Maşyn onuň deňinde saklandy.

-- Oh-o, salowmaleýkim, gel, mün...

Mergen Garajany tanady. Onuň bilen salamlaşdy.

-- Beýle irläpsiň-le, Garaja!

Garaja ukuly gözlerini kirli aýasy bilen owkalady.

-- Toý bar-laý, Aýtdym-a, Beghan agamyň ogly Şanazar okuwyny gutaryp gelip, bu gün diplomyny ýuwýar—diýip. –Ertirem gelin toýy. Şolara on sany gaz ballony gerek-läý.

Maşyn ugrady.

-- Dur, Garaja!—Maşyn dyransoň , ol Garaja tarap öwrüldi.

-- Sen nirede işleýän diýdiň?

Garaja gap gara ýüzünde güýze galan garaly ýaly bolup ýanyp duran gözlerini mölertdi.

-- Seniň düýnki baran gaz edaraňda..

Mergen ellerioni daldalatdy.

-- Düýn men kän edara bardym. Men gaz edarasyna baranymda barmydyň?

Garaja ýylgyryp, baş atdy-da rula ýapyşdy.

-- Dur, sürme.

Garaja onuň ýüzüne geň galyp seretdi. Sebäbi onuň bolup oturşy, basymrak baryp bir bulgur içgini başyna çekmese, haly harap görünýärdi.

-- Näme bold-ow, meni saklama. Men, men..

Mergen özüni dürsedi.

--Sen düýn meni gördüň-ä. Şol arak içip oturanlaryň biri mendim-ä. Saňa salamam berdim.
-- Maňa haçan gaz peç,  gaz ballon bolar. Sen maňa şony aýt..
Garaja gönüsinden geldi.
--Şu gün-ä bolmaz.
Mergen janykdy.
-- Näme üçin. Berdi düýn  bolar diýd-ä.
Garaja  aýaklarynyň astyny sermeledi-de, soň kirli barmaklary bilen ruly dyrmalady.
-- Berdiniň sözüne ynanma. Ol hemmä kiş-äde şol bir sözi aýdýar.Gaz peç, ballon gerek bolsa, düýn onuň gepine ynanayp gaýtmaly däldiň. Aglamalydyň, ýalbarmalygyň, wada baryny berip, ýalbar- ýakar edip işiňi bitirmelidiň. Men saňa bir zat aýdaýyn, biziň obalaryň adamlaryna işiň düşse, ol kim bolsa-da gepine, andyna, tobasyna ynanmaly däldir...Eger ynandygyň,özüňi oýnatdygyňdyr.
Mergen oňa derdindi.
-- Garaja, men ýagdaýym bolan bolsa, şol adamlaryň ýanyna baryp, haýyşam etjek däl. Ynan,  öňki agşamdan bäri gazymam ýok,  elektrigimem ýok,  özümem aç-suwsuz otyryn. Men indi näme edeýin. Seniň diýişiň ýaly ,  adamlara ýalbarmanam, dilemänem başaramog-a.
-- Puluň barmy?—diýip, Garaja her näçe  howluksa-da, halys dözmän sorady.
-- Näçe gerek?
-- Gaz peje  ýygrimi manat,  deduktoryna  bäş manat. Gaz ballon üçinem bäş  jemi otuz manat gerek.
Mergen gözlerini mölertdi.
-- Satlyk ýeri barmy?
Garaja buýralanyp duran kirjimek gara saçly kellesini ýaýkady.
-- Özümde köne, iki gözli gaz peç ýatyr. Şony, häzirlikçe getirip guraýyn. Bir gaz ballon-a, maşynda-da bolmaly. Häzir edara baryp. Şolary alyp gelip, saňa guraýyn.
Mergen begendi. Oljübüsindien puluny çykaryp. Ondan kyrk manady sanap, Garaja berdi-de, galanynam jübüsine saldy.
-- Garaja,  sen, munça bolanyna görä, maňa ýene bir ýagşylyk et.
Garaja onuň ýüzüne „şunça ýagşylyk azmy” diýen manyda garady.
-- Me, şu puly al. Bu saňaotuz manat. Me, bu otuz manadam. Düýn men  „Demir dükandan” bit topar haryt alyp,  dükanyň içinde goýup gaýtdym. Dükançy Garabeg „özüm maşyn tapyp ibererin” diýse-de, görýäň-ä, gelýän zat ýok. Men gijesi bilen garaşdym. Şol on manadam maşyn haky bolsun. Sen, gaýrat et-de, ulag tap-da, şu on manadam ber-de, şol ýüki maňa ugrat. Men gidip ýörmäýin.
Mergen   özelendi.
-- Görýäň-ä, men häzir halys ugrumy ýitirip otyryn. Sen şuny bir gaýrat et.
Garaja onuň maşyndan düşerine gyssandy.
-- Bolýa, bolýa.
-- Elektrik montýory kim bolmaly?—diýip, ol maşyndan düşüp baryşyna sorady.
Soň birdenem:
-- Hä, ýadyma düşdi, Allaş, Allaş. Men oňa-da bir ýalbaryp göreýin.

Garaja maşynynyň aýnasyndan agla, ýalbar, wada beriber. Şonda olaryň özüne meňzärsiň, işiňem biter.

Mergen oňa garap baş atdy-da „düşündim” diýen manyda ýylgyrdy.Ol ýokarky Garaganla tarap barýarka Gün dogy.

Mergen şol bady bilen Allaşlaryň öýüne bardy. Olaryň öýi Ýokarky Garaganlynyň orta gabadynda, ýabyň ýakasynda eken. Allaşlaryň öýi hem edil Annabike daýzalaryňky ýaly, üç otagly, açyk eýwanly , üsti şifersiz jaýdy.Töwereginde bag-bakja, mal- gara gözüň ilmeýärdi. Ýöne ýola golaýrak ýerde iki düýp senewer agajy ösüp otyrdy. Ol agaçlar ýaşam bolsa, ep-esli ýerden seleňläp görünýärdi.

Allaş baranda Allaşlaryň jaýynyň töwereginde yns-jyns görnenokdy. Ýöne ol eýwana golaý baranda takyr ýere düşelen köne keçeleriň üstüne düşelen ýorgan-düşegiň bulaşyp ýatayny gördi.

-- Salowmaleýkim!

Ýorganyň bir gyrasyndan ýaşuly aýal başyny galdyrdy. Ol aýal Mergeni görüp laňňa ýerinden galdy. Soň gözlerini owkalap durşuna:

--Turuň-u-uw! Adam- gara geldi. Turuň-a. Ýatman geçenler. Gün dogup gitd-ä. Porsaşyp ýatyrsyňyz.. Onuň sesine, arka tarapyndan ýaşuly adam başyny galdyrdy. Ol Mergeni görüp çalynyp turdy.

-- Wä-ää! Gel, geliber. Geliber-äýt!Ol düşekde oturan ýerinden gelene elini uzatdy.—Gel, hany...—Ýaşuly oturar ýaly ýeriniň ýokdugyny görüp, aýalyna azgyryldy.

-- Tur-a, ýygnaşdyr-a. Gün dogýança ýatma bolarmy. Ýene şular ýala aýal diýjeksiň.. Hany, düşek ýazyň, çaý goýuň.

Mergen ol adamyň üstüne abanyp durşuna:

--Sag boluň, men oturjagam däl, çaýam içjek däl. Maňa Allaş gerek—diýdi.

-- Allaş!—Ýaşuly aýalyna garady.—Hany Allaş?!

Ol aýal düşekleri ýygnaşdyryp ýörşüne:

-- Allaş bolarmy. Hudaýym, Allaş gurasyn. Ol indi telim gün bäri Beghanyň gapysynda dälmi.- diýdi. –Şolar toý edýär diýip, öýünden, içersinden bizar-a, ol.

Ýaşuly ilk-ä sesini çykarmady. Birdenem keýplije ýylgyrdy-da:

-- Dagy näme, ýaş oglanlar toýy bahana edip, içüýeller-dä. Beghan tutuş kolhozyňy gemirip ýatan yranmaz baý. Indi gije-gündiz içip ýörmek obada-da ýoň bold-a. Oba-da indi şäher ýaly. Şäherde piwohana bar .Şonuň gapdalyna üýşüp-üýşüp içýeller-ä. Obada toýda, oturyşmada içýeller. Ýaşlar-da, näme diýjek...

-- Şolar içmän geçsediler. Heý, beýle-de bir içme bolarmy?! Öýüňe, iliňe gelmän, iş-güýç etmän. Bu zamanyň ýaşlarynda ne bir gazanç, ne bir talap bar. Bular utanç-haýany bir wagt başlaryndan aýlap urdular.

Ýaşuly içýakgyç güldi.

-- Arakdan gowam bir iş bolarmy? Ol-how, duran bir keýp-ä. Aý, heleý, özüň içmänsoň bileňok ony.

Aýal adamsyna gaty-gaýrym bir zar diýip bilmese-de, janynyň ýangynyna hüňürdäp, eplän düşeklerini göterip içeri girip gitdi. Şol wagtam holpuk maýkasynyň ýakasyny göbegine düşürip, Allaş daş çykdy.

-- Ýatmaga goýaňyzog-aý.—diýip, ol ukuly gözlerini owkalap, Mergene seretdi. Soň gelip salamlaşdy.

-- Men seniň ýanyňa, Allaş!
Allaş syçyrap gepledi.
-- Ýok, men diýme. Men saňa kömek berip biljek däl. Kelläm edil ýarylyp gelýär. Men ýerimdenem galyp bilemok. Ýöne häzir halys balagyma siýmejek bolup, ýerimden turdum.
Ol ylgap baryp, ejesine, kakasyna görnüp duran ýere , jaýlarynyň burçuna şarladyp buşugyp başladi. Ep-esli wagtdanam balagyny çekişdirip, içeri bakan ylgady.
Mergen onuň yzy bilen öýe girip, ýorgana bürenip ýatan adamyň başyjynda duran ýerinden:
Allaş,Allaş , sen maňa kömek et. Men indi üç gün bäri çyrasyz otyryn-a.Seniňem bir nebsiň agyraýsyn. Senem adam çagas-a, Allaş.
Emma Allaş başyny ýorgandanamçykarmady. Şol wagt içeri giren ýaşuly oglunyň bolup ýatyşyna, bir epeý adamyň hem oňa ýalbaryp durşuna buýsandy.
-- Bar-san-aý, azar berme. Şu gün-ä janyň çyksa-da, menden işlän ýok.
Diýdim-ä, bir sözlüdir – diýip.
Mergen Allaşyň başujunda oturyp, ýalbar- ýakar etdi., emma onuň ýalbar- ýakary edil eşegiň gulagyna ýasyn okan ýalydy. Ol ahyr bolmajagyny bilip, ýüzüni sallap öýden çykdy-da, günbatarlygyna ugrady, Birdenem sakga durdy.
-- Öz obamda, öz ilimde, bular meni äsgermän, öz ugruna gezip ýören ylhandydyr öýdýärmikäler.?—Ol hyrra yzyna döndi. Bat bilen,ýaňy çykan tamyna girdi. Şol badyna ýorgana bulaşyp ýatan Allaşyň golunda gazap bilen tutdy-da, ony süýräp daşary çykardy. Ol häli gündogarly çalamydar kümäniň gapdalyndan ene ýabyň lummurdap akyp ýatanyny görüpdi Şol bady bilen Allaşyň gamak ýaly göwresini töňňe süýrän ýaly edip, ýabyň gyrasyna eltdi-de, suwly ýabyň içine taşlap goýberdi.
-- E-e-e eý!
Allaşyň jany bokurdagyna geldi. Ol birden herekete geldi-de, ylgap suwdan çykjak boldy. Emma Mergen ol gyra çykjak bolup dyzadygyça, gaýta- gaýta yzyna itdi.
-- Ölýän-ow, çykaýyn men!
Mergen gazabyna tutdy.
-- Sen ölmeseňem, men seni öldürerin. Hany, şu ýapdan çykyp bilşiňe çyk, göreýin.
Allaşyň ejesi jan durmazlykdan ylgap geldi
-- Haý, oglan, ol ýalaňaç çagany buz ýaly suwa gark edip, onda näme kassyň bar. Çykar ony.
-- Aýryl, daýza. Gepiňi köpeltsen, senem taşlaýan şu ýaba...
Allaş elini bulap, sögüp topulan boldy, gargan boldy. Emma netije çykmady. Ahyry ol bolmajagyny bilip, suwa çökdi.
-- Saňa näme gerek?!
Mergen jany ýangynly azgyryldy.
-- Annabike daýza senden näme haýyş etdi?—diýdi.—Mergen gözlerini elek-çelek etdi-de kellesini suwa çümdirip çykardy.
Alla jan kessin, ýadyma düşenok.
Mergen dişini jygyrdatdy.
-- Ýadyňa düşür, ýogsa suwdan kyýamata çenlem çykmarsyň.
Şol wagt Allaýoşyň ejesi ýene dolanyp gelip gykylyk edip başlady

-- Huw, oglan, saňa diýilýär. Meniň çagamy  sen suwa taşlar ýaly, näme sen maňa çaga ekleşdiňmi?! Goýber diýdim, goýber hany.
Mergen ol aýala gaharly garady.
-- Şundanam bir çaga bolarmy. Ol at ýitiren ysnad-a. Ýaňy özüň näme diýip otyrdyň oňa.
-- Goýber diýdim, goýber.
Allaş ejesiniň ýüzüni aldy.
-- Aýrylsan-eý, seniňki näme.
Ol Mergeniň ýüzüne garady.
Indi ýadyma düşdi, Ýöne agajymam, simimem ýok. Men  nädip tok çekeýin. Şol aýala aýtdym-a.
Mergen ogluny suwdan çykarjak bolýan aýaly, bir eli bilen saklap durşuna:
-- Men bilemok. Düýn erkek bolup söz berdiňmi, bu gün men seni heleýletmen.
Allaş boýnuny burdy.
-- Içer ýaly zadyň barmy?
--Bar, ýöne elektrik togy çekilensoň.
-- Ýöne mugt-a etmen.
Mergen oňa elini uzatdy.
-- Ilki  elektrik toguny bir çek. Soň men seni närazy etmen.
Ol Allaşy ýapdan çykardy. Allaş sähel salymda eşiginem çalşyrdy, iş guralaryny aldy. Olar tirkeşip ugradylar.
Mergenlere baryp, çakyrly çüýşeleri görensoň, Allaş edil, köz gysymlan ýaly boldy. Bir ýerlerden sütünem, simem tapdy.Haý diýmän  sütün sygar ýalyjak çukur gazyp sütüni oňa dikdem. Edil bir ýabany pişik ýaly bolup, sütünden sütüne çykyp  simleri akja, keramiki çüýşejiklere berkitdem.Aý, garasaý, edil bir sagada ýetip- ýetmän Mergeniň jaýyna elektrik  yşygy lowurdap durdy.
Öýleden soňMergeniň ähli geçisi örä ýaýrady. Garaja onuň düýn satyn alan ähli harydyny  gaz peji, ballony bilen maşyna ýükläp alyp geldi. Soňgaz peji gurup, gazy ýakyp gitdi.
Mergen düýn satyn alyp gelen kolbasasyny  sary ýaga gowrup, jaýyň kölgesine keçe düşäp, saçak ýazyp, Allaşyň çakyr paýyny berdi. Özi onuň gapdalynda oturyp, indi üç- dört gün bäri gurap giden süňňüni  çaýdan, nahardan ine, gana  gandyrdy.
Allaş turmakçy boldy.
-- Men-ä seniň işiňi bitirdim. Indi senem meniň işimi bitir.
Mergen jübüsine elini ýetirdi.
-- Näçe bermeli bolsa...
Allaş boýnuny burdy.
-- Maňa bir çüýşe miýnei ber. Galanynam, özüň näme berseň beräý.
Mergen razy bolmady. Ol jübüsinden puluny çykaryp, ondan gyzyl onlugy sogurdy.
-- Me, razy bol. Çakyr-a beremok. Bar, özüň nireden alsaň , alyber.
Allaş ýalbaryp başlady.
-- Beýtme, ýekeje çüýşe. Men bu puluňam al welin, bir çüýşe çakyr ber.
Gep gutardy. Saňa ýarym çüýşe-de ýok. Sen meniň gaharymy getirme. Han-a,   ene ýap lummurdap akyp durandyr.
Allaş närazy bolup, hümürdeý-hümürdeý gitdi.

Mergen Garajadan diýseň minnetdar bolup, onuň ýüzüne seretdi.
-- Saňa näm bereýin.
Garaja ellerini daldalatdy.
-- Dide, beý diýme, gaty görerin. Razy bolsaň bolýar!
-- Sag bol, gaty razydyryn.

### 3.

Şol günüň ertesi Mergeniň dünýesi düzeldi. Ol gijesi bilen ýatman hajathana, duş ýasap, gazan çukurynyň üstünde oturtdy. Soň işige golaý ýerde çaklaňja seki ýasady. Goş –golamlaryny sekiniň aşagyna ýerleşdirdi. Gijäniň bir wagty gidip, maşyn-traktor salynýan gražyň işiginde bir wagtdan bäri demigip ýatan hekden bir bedre alyp geldi. Soň gijesi bilen jaýynyň arça pursleri saralup gden agaçlaryny, gamyşlaryny sabynly suw bilen gaýta-gaýta ýuwdy.

Daňdan bäşlerde ukudan oýanyp, agşam ezip goýan hekini düşegi sypyrylan jaýyň diwarlaryna gaýta- gaýta çaldy. Sähel salymdan koridorjagazam, içi uly jaýam Mergeniň gözüne mermer jaý ýaly bolup lourdap göründi.
Ol sekiniň üstüne özüni zordan atyp, iki sagatlap guzy ýaly uklady.
-- Ýegen , aý ýegen-ä.
Ol daýzasynyň sesine oýandy. Gözlerini depesinde lowurdap duran günden penalap:
-- Salowmaleýkim, daýza—diýdi.
-- Goş-golamyň daşarda çaşyp ýatyr. Bu bir ýere göçjekmikä diýsem, bir zatlar gurulanam ýal-a. Bu sekiň nämä porsy çukuryz gapdalynda. Günüň aşagynda beýdip ýatma näme? Turaweri, ýegen jan, Il-gün näme diýer, hany, tur...
Mergen düýnki ýadaňlygynyň el bilen aýrylan ýaly bolanlygyny duýdy. Ol ýerinden turup, içeri ýöneldi.
-- Hany, içerini gör, hany, daýza.
Annabike daýza syrçaly jam ýaly tämiz, lowurdap duram otagy görüp begendi.
-- Wah, ýegen jan,şun-a oňarypsyň. Gazyňam, toguňam gutly bolsun. Bu jaýlar indi görmedigini görüpdirr.
Mergen oňa täze guran „binalarynam” görkezdi.
-- Ine, bu hajathana, daýza. Bu-da duş. Hol ýokarky gaby suwdan doldyrýaň. Onsoň, şu burmany towlasaň, üstüňden suw akýar.Onsoň aşagynda durup arkaýyn ýuwunybermeli.
-- Wah, şun-a oňarypsyň, ýegen jan. Tüweleme, dünýäniň harydynam alypsyň, onam oňarypsyň, nesip etsin.
Mergen daýzasyna mürehet etdi.
Gel, daýza, täzeje sekiniň üstünde oturyp, bileje çaý içeli. Ertir turup, menen çaý-nahar edinemok.
Annabike daýza boýun towlady.
-- Maňa otur, çaý iç diýme, ýegen. Men gideýin, Çalabek turandyr, Durnaý turandyr. Olara çaý-suw bereýin. Düşeklerini ýygnaýyn men.
-- Garry gitjek ýalam etdi-de sägindi.

-- Ýegen jan eşitdiňmi, Abdylaryň sygyry ekiz guzlanmyş. Öten agşam Meläniň ol tentek oglynyň ýaşy dolanmyş. Çalabek bilen Durnoý menden üç manat alyp şoňa gitdiler. Bularyň doglan günem gutarmady, meýlis gurmasam gutarmady ýegen. Bu günem Beghanyň oglunyň gelin toýunyň ikinji günimiş. Ol „Men oglum öýlenende on günläp toý berjek „ diýip söz edenmiş. Şoňa-da bir ýüz görkezmeli. Sen-ä baransyň-la, ýegen?!
Annabike daýza içiniň gepini boşadyp gitdi.
Mergen gaz peçde çaý goýdy-da ýene daşary çykdy. Annabike daýza ýene gaýdyp geldi
-- Ýegen jan, saňa aýdaýyn diýen zadymy aýtman gidibersem näme.—Ol röweregine birlaý göz aýlady. Gepiniň diňlenilmeýänine göz ýetirensoň, gepläp başlady.—Agşam, ol ýer çekenler bäş gram içip, seniňgürrüňiňi edipmiş-ä-.”Bul ýetim göle gaty gidýe. Her iş etmeli, biz ony alkaş etmeli.Goý, bize meňzeş bolsun. Ýogasam, ýer gemrip ýörşüne, bizi masgara edýär.Ol-a işleýemiş, bizem işlemeýekmiş” diýip kasam edenmişler, Maňa Durnoý aýtdy. Görýeňmi bularyň pygylyny, ýegen jan, bulary golaýyňa getirer ýaly däldi.Men şony saňa aýdaýyn diýip gelipdim...
Garry gidiberjek bolanda ony Mergen saklady.
-- Daýza, meniň senden sorajak zatlarym bardy. Görýäň-ä, ejem pahyr-a ýok. Indi senden soramasam, onda kimden soraýyn.
Bu söz garra täsir etdi. Ol sekiniň bir gyrasynda aýagyny sallap oturdy.
Şu çukuryň porsusy ýaman, ýegen. Bu erbet ys edil bara, demligiňi kertip barýar.—Ol orta saçak ýazyp demli çäýnekleri saçagyň üstünde goýuşdyryp ýören Mergeniň ýüzüne dikanlady.—Bar içjegiň çaý bolsa, ýöri, biziňk-ä gidäýýeli-le, ýegen.
Mergen razy bolmady .Saçagyň üstüne baryndan goýuşdyrdy.
-- Daýza, men öýe gerek zatlary alýşdyrdym. Indi ile zar bolman ýaşasam boljak.
-- Hawa.
-- Indi, daýza , sen aýt, bu obada kimde gatyk-süýt bar, kimde sogan, kartoşka bar. Maňa nahar - şor üçin pomidor, sogan, kartoşka, gerek. Tomsuň güni çaljagaz bolsa gowy boljak-da. Men obada ýaşap şol zatlar üçin raýon merkezine gidip bilmen-ä. Utanç bolar-a.
Annabike daöza oturan ýerinden ellerini ýaýyp yrandy.
Sorama, sorama, ýegen jan, o diýýän zatlaryň derman diýseňem tapylmaz diýip men saňa baýak aýtmadymmy.
Mergen geň galdy.
-- Näme üçin bolmasyn, daýza.
Garry Mergeniň uzadan käsesini eline aldy.
-- Bu oba soganam, sarymsagam , burçam düşýän däldir. Onuň ýaly zady bularyň birem ekmez.
-- Näme üçin ahyry?
-- Näme üçini şol . „Burç, sogan ekenimde torsuk ýaly oglum öldi” diýer welin, yzyny soramarsyň. Başga biri „Sarymsak ekenimde aý ýaly gyzym syçrady” diýer. Ýene biri pamidor ekenimde sagyp oturan sygrym tarpa-taýyn öldi ýatyberdi. Halallamaga-da ýetişmedik „diýer. Şeýdip olar seniň diýýän zatlaryňy jenaýatçy

eder goýar welin, sypmaga ýer tapmarsyň. Özler-ä bir ekmez, ekene-de gün bermezler.
Mergen ýylgyrdy.
-- Gülme, ýegen—diýip garry ýüzüni turşartdy.
-- Meniň çynym.
-- Onda nahara näme atýarlar?
Garrry käsesini saçagyň üstünde goýdy-da  kolbasa bölegini agzyna saldy.
-- Wah, ýegen ekmek bir başga, iýmek bir başga.
Mergen ýene ýylgyrdy.
-- Onda näme üçin  bag- bakja ekenoklar. Ýa olam günämi? Görýäň-ä öýleriň barysynyň işigi takyrap ýatyr.
Garrynyň agzy gyzdy.Ol ep-eslije çörek döwüp alyp, sary ýaga batyryp agzyna saldy.
-- Bag-a, özümem halamok, ýegen jan. Bag arwah-jynyň öýi bolýandyr. Ähli hapysalyk bagdan gelýändir. Bu ýalançy dünýäde alaň- açyk bolup ýaşamagyňam öz höziri bardyr.
-- Daýza, bag bolmasa, ir-iýmiş bolmaz-a.
Garry  ýene elendi.
-- Seniň o bagyň bäş gün güllän bolar. On gün nowçalan bolar.Ýene alty gün miwe getiren bolar. Galan  arly ýyl bolsa tozan ýygnap pisini aşyryp  durandyr.
Mergen janlandy.
-- Gül bolse, miwe bolsa, salkyn saýa bolsa, heý, owa ýetesem zat bolarmy, daýza!
Garry elindäki käsäni boşatdy-da, ony saçagyň üstünde goýup, ýeňiljek omyn etdi.
-- Ýegen jan, sen miwäniň gürrüňini edýäň, bu obanyň upbat bolan çagalry seniň iriňi goýjakmy, iýmişiňi. Olar seniň bagyň heniz güldüýbi wagty  soňuna çykmajaklarmy. Olar  çaga däl-de, duranja bir äjit-mäjid-ä. Onsoň sen bag ekip, bakja edip, ahyrynda-da  şirinje janyňy ýakjak bolandan, gowusy ile  meňzeş bolda geziber diý. Şondan gowusy ýokdyr, ýegen...
Mergen güldi.
-- Sen-ä daýza, haýsy tarapyndan barsaň ot bilen ýalyn etdiň goýaýdyň. Seniň munyň „Iş hoş  ýakmadyga  ýumuş buýrsaň, eneň, ataň bermedik öwüdini berer” diýenleri bolup barýar. – Mergen gapdalda ep-esli  ýeri tutup,    çydap bolmaz derejede  porsap ýatan çukura elini uzatdy.
-- Men-ä şu çukura elli- altmyş maşyn  mes, arasa toprak  guýduryp, bag- bakja, sarymsak, sogan ekäýjekdim welin, sen-ä ekiniň golaýyna barar ýaly etmediň.
Garry öjügip gepledi.
Ýo, ýo, ýo-ge-ý! ýog-eý, ýegen goýaweri. – Ol sekiden düşdi-de, gözlerini elek-çelek edip,  töweregine garanjaklady.--  Ýegen jan, sen bu desgalary etmeli däldiň.
Mergen  ýylgyryp durşuna:
-- Hä, nämüçin?—diýip, garra aňkaryldy.
-- Häsi şol—diýip, garry pyşyrdap gepläp başlady.—Bu çukuram, bu köne jaýam jynyň, arwahyň öýüdir, ýegen. Munda  ýeke sagadam ýaşamak bolmaz. Gaç mundan,  çukuram gurap galsyn, köne  harabasam. Men öz garaja gözlerim bilen telim gata görendirin, bu  boş jaýda  gyzyl oduň parlap ýanyp, onuň töwereginde

al-arwah, jynlaryň böküşip, tans edip duranlaryny. Sen hälem bolsa, bir çeni, taşla bu harabany. Meniň diýenimi etseň-ä, jaýam diýme, çukuram.
Garry aytjagyny aýdyp. Düwdenekläp öýüne bakan düňderilip gitdi. Ep-esli ýere baransoňan, şol bady bile Mergene bakan gaýtdy.
-- Kellesi guran-a men. Kellesi guramyş. Saňa aýdaýyn diýenimi aýtman, niräniň gepini aýdandyryn.—Ol sekä golaý geldi.—Beghanyň dükanynda et bar. Bir tutuş goýun on iki manat. Şonuň birjigini al, men saňagowurma edip bereýin. Saňa hurş bolar.
Daýzasynyň bu habary Mergene ýarady.Ol jübüsinden diýen puluny alyp, daýzasyna berdi.
-- Daýza jan özüň satynam al, gowurybam ber. Meniň işim kän. Men seniň gadryňy bilerin...
Garry kyn görse-de puly aldy-da, sesini çykarman öýüne gaýtdy.
Mergen gün gyzyp başlansoň, düýnden galan işlerini edip başlady. Öýiň içini süpürip, ýuwup, ejesinden galan köneje düşekleri kakyşdyryp, düşedi. Ejesinden galan ýüzi keşdeli şkafy boşadyp, içeri saldy. Gap-gaçlary, çäýnek- käseleri, beýleki gap-gaçlary, goş-golamlary oňa tertiplije edip ýerleşdirdi.
Düýn işige düşen tagtalardan ýük galdyrmaga seki ýasady. Soň edil ejesiniň edişi ýaly edip, ýük galdyrdy. Ýüküň aşagyna gerekmejek goşlary, kitaplary ördi. Işikden giren ýeriň çep böwründe çüý kakyp, eşikleri asar ýaly asgyç ýasady.Aýnalara tuty tutdy. Penjireden siňek, çybyn, çirkeý geçmez ýaly iki gat marly asdy.
Indi içeri adam ýaşaýan öýe meňzedi. Mergen şondan soň ýapdan iki bedreläp suw daşap , duşuň suw gabyny doldurdy.
-- Dokuz bedre suw sygýan eken! Entek bineme gyzsyn. Şonda suwa düşerin. Ýogsa, halys porsadym-laý!
Ol duşuň içine sabyn, ullakan plotensa getirip goýdy. Düýn Garajanyň getiren taňkalaryny suwdan dolduryp, hajathanada goýdy. Öten agşam sekiniň gapdalynda diken dik agajyndan el ýuwulýany asdy. Agajyň depesine sabyn goýaýar ýalyja tagta bölegini kakdy.
Mergen birhilije ysgynynyň gaçýandygyny duýdy-da, sekiniň üstüne ýazylan köneje keçäniň üstüne geçip gyşardy. Şol ýerde-de dünýäni unudyp, uklap galdy.
Mergewn garaňky ýagşy düşende nähilidir bir goh-galmagala oýandy.
-- Aý, soňy turmuşlar, siziň soňuňyz tursun, heý , beýdäýmek bolarmy Bular hakyt başyna görüpdirler, men indi ne alaç edýin!
Mergen gözlerini elek-çelek edip, garaňkynyň içini sermeledi. Işikde elektik togy çekilen sütünde çyra ýanyp dur. Pürsüň ýanynda Allaş iş enjamlaryny ýygnap dur. Onuň gapdalynda täzeje eşikli Garaja dur. Aňňyrrakda Annabike daýza jany ýangynlylyk bilen gargynýardy.
-- Ýok, bular adam däl. Bular haýwan-a. Haýwan bolanda-da beýtmek bolmaz-z. Saçak açyk bolsa, pişige-de uýat ýagşy diýipdirler. Bular it, pişikçe-de bolmadylar.
Mergen hiç zada düşünmedi. Ol ýerinden turup, öten agşam guran duşuna girip, üstüne suw aldy. Ol ýylgyryp daş çykdy.
-- Hany, geliň , adamlar, arkaýyn oturyp çaý içeliň!

Ol içeri girip suwdan doly çäýnegi ýanyp duran gazpejiň üstünde goýdy-da, ýene daş çykdy. Ol sekiniň gapdalynda elini agzyna tutup duran garra ýüzlendi.
-- Daýza, näm boldy?
Annabike daýza hop-hor, edil kirli ýeňlik ýaly eli bilen agzyny tutdy. Soň goltugynda saklap duran ep-esli pitisini sekiniň üstünde goýdu-da Mergene ümledi.
-- Ýegen jan, heý muňa bir seret ahyryn. Gel, seret şuňa.
Mergen pitidäki gowurdagy görüp begendi.
-- Daýza, bu näme?
-- Şu piti dolujady, ýegen jan. Ol soňlary turmuşlar Çalabek bilen Durnoý ikisi diýmäýin diýsem, obanyň ähli ykmandalaryny ýygnap. Munuň daşyna geçseler näme. Men hol Beghanyň oglunyň toýuna baryp gelýänçäm bolýan iş şol. Ýogsa, men bir känem eglenmedim, ýegen...
-- Aýdýanyň dogry, ýöne, bu gowurma näme”
Annabike daýza Garajanyň ýüzüne seretdi. Soň Mergene garady.
-- Weh, ýegen sen nähilli? Özüň maňa:”Daýza bir goýun al-da, maňa gowuryp ber” diýip on bäş manat berdiň ahyry.
-- Hawa, hawa.
-- Hawa bolsa, men şol puluňa gidip, Beghanyň dükanyndan bir majyrap duran goýun alyp gowurdym. Şu pitä salyp, sowasyn diýip goýdum.
Allaş gelip, sekiniň gyrasynda oturdy. Ol:
-- Goýsan-aý, mamaş. Özüň iýip, indem Çalabek bilen durnaýa ýapmaň näme— diýdi. Bu gepe Annabike daýzanyň tas ýüregi ýarylypdy. Ol gyra çekilip:
-- Şu bar-a, men şol etden dişime degiren bolsam, itiň etindenem haram bolsun, boldumy!
Mergen çaý demläp ýörşüne:
Daýza, şol bar galany dälmi?
Garry ejizledi.
-- Ýegen jan, bar goýanlary-da, men indi nädeýin. Saňa başga goýun alyp gowuryp bereýin diýsemem, ýekejje apbasymam ýok-da. Men-ä halys basyldym, şu soňy turan Çalabegindenem, Durnoýyndanam, obanyň beýleki atаňanäletlerindenem... Bu bir Çalabek bolmaga ýetmedig-ä.
Mergen garryny köşeşdirdi.
-- Hany, goý, sen gynanma, daýza. Her kim nesibindäkini iýer. Bize şu galaman besdir.
Garry täzeden gargynyp, ýanyp başlady.
-- Wah, wah, ýegen jan. Heý, beýle-de bir zat bolarmy ahyryn, aý, bolýa-da. Öňde birem, „Bolýadadan içde dertler galýa-da „ diýenmişin. Meniňkem şol boldy.
Orta çaý, çörek geldi. Allaş elini ýuwup, saçagyň başyna geçdi. Ol içgilidi. Şonuň üçin özüni batyrja alyp barýardy.
-- Eý, dide, beýle gysyk bolm-ow, Beghan ýaly. Ol-a „Baýyň güni , waý” Men seniň sütüniňe çyra çekip berdim. Koridoryňa tok çekdim. Iki sany tok açylýan goýdum, özümden. Hany, getird-ä indi, bar-a sende...
Mergen Garaja-da mürehet etdi. Garaja serhoşdy.
-- Men seni Şanazaryň toýuna alyp gideýin diýip geldim. Men oturjak däl.
Allaş agzyna gowurma dykyp oturyşyna:

Barma, barma, olaňky „Baýyň güni, waý”. Olar içgi berenoklar. Aragyň puluny töle diýip utanman dileşip durlar. Ondanam bir toý bolarmy?! Beghan, syrnyh. Iki gün gapysynda guly ýaly bolup hyzmatyny etdim. Ýüz gram arak ber dýsen, bermed-ä. Barmaň, ol toý dälläý.-- Ol Mergene ýalbardy.—Ölme, ýüz gram ber, ýüz gram...
Mergen içeri girip, şeraply çüýşäni getirip, orta goýdy.
Ýüzje gram guýaýyn, onsoň ýygnaý.—Ol käsäni çakyrdan püre-pür doldurdy.— Ine, boldy, ýygnaý.—Ol käsäni başyna çekdi. Soň käsäni ýene doldurdy. Çyraň hemişe ýansyn, Seniň saglygyňa.
Annabike daýza Allaşa ýigrenç bilen seredip durşuna
-- Ýaman porsy-la, ýegen, nädip oturyp bilýäň—diýdi. Mergen ýerinden çalynyp turdy-da, içeri girip, kerosinli gaby alyp çykdy.
-- Häzir, daýza, häzir şu porsyny edişime bir seret.
Ol birki gün bäri suwdan kesilip, gijesi-gündizi ýandyryp barýan jöwzaly yssa ýagşy çalygan çukura kerosin serpdi. Soň ýerde ýatan bir bölejik kasyza ot degirdi-de, ony çukuryň içine oklap goýberdi. Ot kem-kemden tutaşyp, tutuş çukurot-ýalyn bolup, lowlap ýanmaga başlady.
Mergen sekä geçip, käsesine ep-esli gant atyp, üstüne çaýguýdy. Soň gowurma, çörek bilen howlukman agşamlyk edinip oturyşyna:
-- Hanam bir ýene porsasyn-la!—diýdi.
Garaja turmakçy boldy. Mergen ony saklady.
-- Garaja, meniň diýenimi etseň, häzir maşyn münme. – Me, şuny al-da, ertir maňa puluň düşdügine sogan, pomidor, kottoşka getirip ber. Häzirem maşynyňy gapyda goý-da git. Nahar etmäge ýeke damja tomadam, sogan, kartoşka-da ýok. Men bir nahar şor edip garnymy doýuraýmasam, halys ysgynym ýok. Barybir ertir sen işe gidersiň-ä. Meniň üçin, gaýrat edip bazara sowul.
Garaja özüne uzadylan puly almady.
-- Dide, pul diýme. Ertir hökman getirerin. Gapyda bar-a...
Allaş elini uzatdy.
-- Oňa gerek bolmasa, al bäri. Men getirip bereýin. Mergen puly Allaşa berdi. Olar gitdiler.Annabike daşza oduň lowlap ýanyşyna geňler galyp gürledi.
-- Ýegen jan, oduň ýanyşyna bir seret! Ahmal bolmaweri. Hudaý saklasyn... Obaňy, öýüňi, iliňi oda berewoma.
-- Daýza, sen arkaýyn bolaý. Men ot ýagşy öçýänçä ýatman. Sen arkaýyn gaýdyber. Garry bir zat aýtjak bolýan ýaly, sägine, sägine öýüne bakan gitdi. Mergen saçagy ýygnap durşuna, hälki çakyrly çüýşäni ýom- ýok bolanyna haýranlar galdy. Ol şu iki arada, çäýnek-käsäni içeri eltip gelýänçä kimiň sekiniň üstündäki çüýşäni alyp gidip biljegine aklyna-da getirip bilmedi.
Zadyňa bek bolmaly. „Malyňa bek bol, goňşyňa ogurlyk ýapma” diýen bir pähim bolmaly, onda-da, oba ýerinde.
Ol daýzasynyň getiren gowurmasyny içeri salyp, ejesinden galan köneje şkafyň üstünde goýup durka, elektrik çyrasynyň ýagtysyna içeri bir gara akymyň gelýändigini gördi. Ol siňe seretse, gapydaky äpet çukuryň içinde ýyllar boýy ösüp-örňäp ýatan möý, içýan, saçakçy, garynja ýaly mör-möjekleriň ot-ýalyndan gaçyp çukuryň daşyna akýandygyna düşündi. Ol ykgap baryp, „sygyrguýruk” säbsesini

koridordan başlap,  işik bilen birlikde sübseläp, yzyna, çukura  gapgaryp başlady. Soň      ylgap baryp, ýapdak iki bedre suw alyp gelip, işigi suwlady. Soň çukuryň gyralaryny, işigi gaýta-gaýta syryşdyrdy. Daňa golaý  ot birneme köşeşip, tüsseläp başlady.Şondan soň Mergen mör-möjek içeri girmez ýaly, bosaga köne keçeleriň birini taşlap, özi sekiniň üstüne geçip, uzaboýuna süýndi.

Oba şirin ukuda ýatyrdy. Niredendir bir ýerlerden aýdymyňmy, sazyňmy sesi gelýärdi.”Şanazaryň toýy heniz sowulmandyr  öýdýän?” diýip, ol ýeňiljek oýlandy.

Mergeniň  garagözelek, owadan ýigide, Şanazara hemişe göwni ýetýärdi. Ol unuwersiteti juda gowy okady. Geçen bäşýyllykda onuň suraty  Bäşlikçileriň suratynyň arasyndan aýrylmady. Onuň özem owadandyr welin, surata gaty owadan düşýän eken. Ol Mergen bilen bir  kursda okasa-da, Mergen oňa kän gabat gelmeýärdi. Ýöne  birinji kursuň ikinji ýarymyndan tä  okuwy gutarýançalar Şanazar tutuş kursuň baştutany boldy. Ony  üçünji kursdan   partiýa  çlenligine kabul etdiler. Şondan soň, Şanazar  uniwersitetiň partiýa buýrosynyň hatarynda boldy. Ol gurluşyk  otrýadyna ýa-da garamaýak studentleriň gatnaşýan köpçülik ýa-da,  guramaçylyk işlerine gatnaşmaýardy. Ol  okan döwründe umumy ýaşaýyş jaýynda ýekeje günem ýaşamady. Ýöne ýolda, yzda görende welin gara gadyrdy. Iň soňky sapar duşanlarynda-da ol”Ejeň pahyr ýogalypdyr, yzy ýarasyn”. Habaryň barmy” diýipdi.—Soňam:-- Şowhozdaky jaýyňyzam eliňizden  alypdyrlar-a., ony bilýänsiň-le.—diýdi. Soň ondan nirä iberýänlerini sorady. Men-ä uniwersitetde mugallym bolup galmaly boljak. Ýigrenýän   kärim mugallymçylyk, ýöne uniwersitet ýene mekdepden ganymat bolaýmasa.—diýipdi. „Oi Aşgabatda mugallymçylygy taşlap oba gaýdypdyr” diýip, Mergen oýlandy.

Mergeniň Aşgabatly Maýa  atly,  keşbi, görki  maýa ýaly owadan  bir gyz bilen halaşýanyny Mergen bilýärdi. Ol gyzy Şanazaryň maşynynda telim sapar görüpdem.  Kursdaş gyzlaryň  gepine  görä, Maýanyň kakasy  haýsydyr  bir ministrlikde kettderäkmiş. Mergen Şanazar ýaly owadan dogumly, gurply ýigidiň slän gyzyny özüne imrindirip, islän edarasynda işe ýerleşip biljegine ynanýardy. Öz ýanyndan şeýle obadaşynyň bardygyna buýsanýardy.

„ Nesip bolsa, ol bizden has bagtly bolar.  Sähel ýyldan  bir  deräniň şiri bolup ýetişer. Meniň ýaly özüni zordan oňaryp ýörenlerden bolman, biziň obamyzyň adyny, abraýyny  belende göteren  ýigit bolar,  enşalla!..Şol obadan, şol raýondan Şanazar bar „ diýdirer. Ile-güne, biziň ýalylara arkadag bolar.. „

Öz oglanlygyndan bäri Mergeniň özünden eli sowapdy. Ol doga keselbentdi. Açylyp duran riňli ýarasy, bildirip duran  tutgaýy, gaýtalap duran garaguş keseli bolmasa-da ol  elmydam halsyzdy. Juda ejizdi.

Oglanyň çüpekligi diňe bir 0onuň fizologiýasynda däldi. Ruhy binýadyna-da täsir eden ýalydy.

Mergen heniz kiçijikkä özüniň gaýratynyň beýleki oghlanlara garanda gowşakdygyny  duýupdy. Şonuň üçin ol  ekabyr, garagol oglanlaryň oýnuna-da gatyşman ulalypdy. Il-gün Sona daýzanyň oglunyň baryny duýanam däldir.

Ine, bir görseler sulba- sudur bolup  duran, ep-esali ýigdekçe orta mekdebi tamamlady.  Aşgabada gidip, ýokary okuw jaýlarynyň birine gaýybana okuwa girip geldi. Soň bagçylyk sowhozynda  näme buýursalar ýerine ýetirip, işläp  başlady.

Birki ýyldanam obadan başyny-aýagyny alyp gitdi. Ol uniwersiteti ýokaram däl. Pesem däl, ortaça, asyl ortaçadanam azyrak ýokarrak okady. Ol hernäme-de bolsa, talyp hakyna ýetişdi. Her aýda berilýän ýigrimi sekiz manat oňa uly goltgy boldy. Ol her ýyl studentleriň gurluşyk toparyna goşulyp, işlemäge gitdi. Bu işiň iki sany uly peýdasy bardy. Birinjisi, tomsuň iki aýynda saňa ep-eslije harç bolýardy. Ikinjiden, gidip gelen oglanlara minnetsiz ýatak jaý berilýärdi. Bu hem Mergen üçin az-küş goldaw däldi.
Mergen ylmy-barlag edaralarynyň birinde üç günden bir gün agşamky garawulam bolup işläpdi. Ondanam üç talyp haky ýalyrak aýlyk alýardy.
Ýöne ol nämüçindir , oba kän bir gitmedi. Obadakylar Mergeni ýatlaryndan çykaryberipdiler. Şonuň üçin onuň ejesi ýogalanda-da ony bada-bat çagyrmadylar. Ýöne Mergen eşiden badyna oba gitdi. Oňa çenli eýýäm birki aý geçibem gidipdi. Barsa, hakykatdanam, ejesem ýok, öýlerem., ojaklaram. Diňe Mergene
-- Ejeň goş- golamy aşakky Garaganlydaky öýňüzde bolmaly—diýip, olaryň ýaşan jaýyna göçüp baran bir aýal aýtdy. Mergen ejesiniň ölümine aglajagam, onuň öýüni görjegem bolmady. Boýnuny sallap, göni Aşgabada gaýtdy.
Aşgabada gelensoň, Mergen özüniň düşen ýagdaýy barada geljegi barada düýpli oýlandy.
„-- Indi näme işlemeli?Kimden goldaw soramaly? Işe nirä gitmeli?Geljekde kim bolmaly?”
Ol bu sowallara jogap berip bilmese-de, bir meseläni gutarnykly çözdüm etdi.
-- Men oba gidip, tä ömrümiň ahyryna çenli mugallym bolaryn!
Ol şondan soň sähel wagty bolsa Aşgabadyň mekdeplerine gatnap başlady. Tanyşrak mugallymlaryň sapagyna girip oturýardy. Ylaýta-da şäheriň 26-njy mekdebinde Jümmi mugallym bilen sulhy alyşyp gitdi. Jümmi mugallym Mergeniň gürrüňlerini diňläp, oňa düşündi.
-- Inim, sen bir mugallym boljak diýme. Ine, maňa bir seret. Kyrk ýylyň mugallymy. Emma baryp ýatan ülhit garyp. Agzymda ýeke dişim galmady. Diş saldyrmaga ýeke şaýy serişdäm ýok. Bu zamanyň okuwçysyny klasa salsaň, edil, bir süri malyň bar. Hiç haýsynyň okasy gelenok. Gara töňňä azap çeken ýal-a. Men bulara çeken azabymy hol ilerden iki gektar ýer alyp, şoňa bag ekip, şoňa çeken bolsam, bu wagta çenli tümüstan bagly, bakjaly bolardym. Ýöne näme diýse-de Jümmi mugallymy mugallymlar, tutuş mekdep biçak sylaýardy. Okuwçylar ony görenlerinde begenip salamlaşýardy.
-- Men okuwçyny wurmanam, wuruşmanam, wuranam halaman. Okuwçydan diňe talap etmeli. Öwret, talap et. Talap et, öwret. Okuwçydan talap etmeli zady ýumşaklyk bilen talap ediber. Adamlar nämeden çekinýe? Kanundan! Hawa, kanundan! Mugallymyň talaby Kanun ýaly dürs, arassa, mazmunly , berk bolmalydyr. Okuwçyny sandan çykarýan zat ýalan, ikiýüzlilik. Eddil, hamyňy soýjak bolsalaram, okuwçynyň bar ýerinde, mekdepde, klasda ikiýüzlülik etme. Hakyky mugallym bolup okuwçy okatmak kyndyr, gaty kyndyr. Sen mugallym boljak diýip, gül ömrüňi köýdürme.Gowus-a, sen söwda- satyga gitseň günüň ýeňil, güzeranyň şüweleňli bolardy. Namarda zar bolmazdyň-da.
Mergen bu sözlerden meçew alýan ýalydy. Ol pedagogik ylymlaryň ylmy-barlag institutyna gatnap, dil we edebiýat bölüminiň müdiri Sapar Agaýewi diýen

adamdan, pedagogika bölümindenMyrat Nobatow diýen alym adamlaryň , türkmen dilini okatmak boýunça Nazar Gara diýen alym adamlaryň ýanyna dynman gatnaýardy.
Olaryň okatmagyň tejribeleri baradaky gürrüňlerini, maslahatlaryny, usauly işlerini, makalalaryny ýörite depdere ýazyp ýat tutdy.
Orta mekdepleriň bäşinji,- onunjy klaslary edebiýatdan we dilden okatmagyň meýilnamasyny göçürip, ony ürç edip ýat tutdy. Şol meýilnama girýän eserleriň ählisini gaýtalap-gaýtalap okap, täzeden öwrendi.
Myrat Nobatowyň:”Her klasyň her sapagynda okuwça ýekeje, birje täzelik öwret. Baha gysganma. Gaçgynyň bir galyplylyk, öň lenç edilen gep-gürrüň bolsun” diýen sözlerini özüne pent etdi.
Nazar Garaýew türkmen dili sapagyny geçeniňde, okuwçylara oba adamlarynyň dilini mysal almagy ündeýärdi.
Myrat aga edebiýaty geçeniňde uly-uly alymlaryň edebiýat baradaky jedellerini mysal alsaň , ýatda galgyç bolar diýýärdi. Mergeniň maslahat sorap ýanyna barýan usulçy alymlarynyň bary:
--Okuwça el degirmek jenaýat!” – diýip pent edipdi.
Mergen tutuş bäşinji kursuny mekdep, okuwçy, okuwçy okatmagyň usullary baradaky meselä bagyşlady.
Güni bilen diýen ýaly Jümmi mugallymyň ýanynda bolýardy. Käte okuwçylary özi okatdy, okuwçylara baha goýdy.
Ol okadýan mahaly okuwçylaryň özüne gulak asýandygyna buýsanýardy. Şeýde-şeýde, mekdep, okuwçy onyň aňyna, ýüregine ornap gitdi.
-- Döwlet her temany geçmäge kyrkbäş minut bölüp berendir. Kyrk bäş minut diýmek, kyrk bäş manat diýmekdir. Sen hemişe şu mysaldan ugur alyber. Sapagy guramak, salamlaşmak üçin üç manat, geçen temaňy gaýtalap, sapagy bişirmek üçin, on iki manat, täze temany geçmek üçin on bäş manat, täze temany berkitmek üçin on manat, okuwçylary bahalandyrmak üçin iki manat, öýe ýumuş tabşyrmak üçin üç manat, bolar jemi kyrk bäş manat! Şu wagtyň içinde sen okuwça bilimem, terbiýe-de, täzeligem, beýik görelde-de berip ýetişmeli.
Pedagog Amanly aga okuwça bilimi terbiýe bilen utgaşykly bermegi endik et diýýärdi.
Jümmi mugallym:”Aý, olar ýala gulak asmazlar, öz usuljagazyň bolsun”diýýärdi. Onuň özi her sapar sapaga girende, okuwçylaryň ýagdaýyna görä bir zatjagaz aýdardy.
Bäşinji, altynjy klaslara girende, ýüzüni gaty çynyrgadyp:” Aý, eden işim bar bolsun, ýaňy beýleki klasa girenimde, bolgusyzyň biri betçilik etdi., goý, diýsem halys goýmady. Baryp gulagyndan tutupdyryn. Gaharyma gulagyny goparaýypdyryn. Indem şomuň gulagyny jübimde göterip ýörün, Siz bir gaýrat edip, betçilik bir etmejek boluň. Ýogsa, halys elim öwrenişip barýar” diýýärdi.
Sekizinji,dokuzynjy klaslaryň sapagyna girende,
-- Haý, ulalyp oňalmadyk. Dokuzynjy klasa baraypdyr welin, özüni alyp barmany oňaranok. Şolar ýalynyň kakasy öz gyzyma gudaçylyga gels-ä, gara çynym, yzyna it salyp kowardym...” – diýerdi.
Onunjy klasa girende:

-- Balalar, şu gün gaty ýadadym. Ýa indi şu işi goýmalymy, nämemi?! Onda-da sizi öz çagalamdan artyk görýän. Sizi bir sag- amanja gutartsam, onsoň, mekdep bilene, okuw bilenem hoşlaşjak. Siz gaty edep-erkamly. Men siz ýaly edepli, asylly, zehinli okuwçy gören däldirin. Wah, siziň bir okuwy gutaryp, ýokary okuw jaýyna giripokanyňyzy bir görsedim.
Onsoň okuwçylar bu bedroýrak, garasöýmez mugallymy başlaryna täç edäýjek bolýardylar...MergenJümmi mugallymdan okuwçylar bilen gatnaşygy guramagyň gaty köp usulyny öwrendi. Jümmi mugalymyň özem Mergeni gowy gördi. Bir güm bolsa:
-- Bala, men seni öz öýüme ýazgy edeýin. Bir otagymy bereýin. Müdiriň ýanyna baryp, saňa mekdepden iş alyp bereýin. Gal, Aşgabatda!—diýip maslahadam saldy. Ýöne Mergen razy bolmady.
-- Men oba gitmeli, mugallym—diýdi.
Mergen ýaly mekdep, mugallymçylyk, okuwçy diýip ýören student beýle bir känem däldi
Mergen mesliginden, ýa-da öwünmek üçin, hälki bir kiçi dilden mugallymçylyga gitjek diýip ýören däldi. Ol çagalykdan ýarawsyzdy. Onuň çep gapdaly bilen sag gapdalynyň hereketi deň däldi. Çep aýagyny doga süýräp alýardy.Daşyndanam hor, lagşan görünýärdi. Şonuň üçin bir görende, inçekeseli ýa şoňa meňzeş bir derdi bar bolmaly – diýdirýärdi. Ol şol ýagdaynda mekdebe gitmese, başga bir işe ýarajak däldi. Onsoňam onuň ýüz-gözi edil Şanazaryňky ýaly özüne seredeni imrindirip duran däldi. Onuň üstesine, student döwrüniň tutuş dowamynda ýetde-gütdelik, doýa garyn iýmedik birahatlyk, geljek barada howsalaly oý-pikirler onuň ruhuny jylaw astynda saklandy. Geçen bäş ýylda onuň ýüzüne ýeke gyzam gülüp bakmandy.
Ýöne, onuň özi boýun almasa-da, Mergen Oguljany halapdy. Oguljan, owadandan mähirli gyzdy. Ol gyz Mergen bilen bile bolmany, gürrüň etmäni gowy görerdi. Mergen ol gyz bilen kino-da, teatra-da, kitaphana-da kän sapar gitdi. Öz otagynda Oguljan bilen bileje çaý içen saparlaram bolupdy. Ýöne Mergeniň bu gowy görmesi studentlik dostlugyndan aňry geçmedi.
Ýetim, hossarsyz, howandarsyz ýigide Oguljan ýaly elýetmez gyz näme üçin göwün bersin. Mergeniň şäher-ä däl, obada-da barara jaýynyňб hossarynyň ýokdugyny gyz bilýärdi. Iň bärkisi Oguljanyň özi:” Mergen men seni halaýan, durmuş guraly” diýäýende-de, oglanyň toý etmäge-de harjy, harajady ýokd-a. Aslynd-a, Oguljan ölse-de beýle sözleri aýtjak maşgala däldi.
Mergen Oguljan bilen hat alyşyp, habarlaşyp gatnaşyp durmagy wadalaşyp oba gaýdypdy.
Ine, ol oba-da geldi. Indi o diýen aňrybaş bolmasa-da,ýaşar ýaly jaýy bar. Işiginde mellegi boljak. Jaýyň arkasyndan ýene bir hatar diwar örse, iki otagy üç boljak. Ýene bir aýdan obadaky mekdepde işläp, içersini, üst-başyny düzetse, oňa çenli saglygy birneme gowulaşsa oý-pikiri durlansa, ine, onsoň Oguljana habar gatsa bolman durjak däl.
Bu süýjüje oý-pikirler Mergeniň ýüregine melhem bolup döküldi. OL süňňiýeňillik bilen ýerinden turdy.

Çukuryň ody sönüp,   her ýerräkden, her ýerräkden edil, duman ýaly bolup çal tüsse ýokary galýardy. Indi öňki hapa, porsy   ys ýokdy. Aşakky öleňlikden ýarygijäniň salkyn, şypaly, näzijek şemaly  tüssäniň arasy bilen gelip, ýüzüňe urýardy.
 Ullakan Aý edil işige gelip, göni Mergeniň ýüzüne bakyp ,  enaýyja ýylgyrjaklap durdy.
Mergen bu görenlerini ýagşa ýordy. Bu giden çukurdaky hapa-porsy närseleri otlap, arwah-jynyň ketegini bozandygyny tutuş oba ýigrenji ys berip duran bu ýowuz ojagy weýran edeni üçin tutuş Ýeriň,Asmanyň özüne minnetdarlygy diýip düşündi.
Oba geleniniň üçünji güni   tutuş töweregi uly ýakymsyzlygyň bendiliginden halas edendigine onuň özem begendi.
-- Eýýäm, iki gün geçse-de,  öý üçin eden işim ýok-la! Men her günde  onsany düýpli iş etmeli ahyryn. On iş! Iki günde bar eden işim ona ýetenog-a!  Işe başlamagyma  ýigrimi sekiz günüm galdy. Iki güni biderejik geçirdim. Galan günlerimem şeýle boljak bolsa, , onda meniň biderek adam boldugym. Bar başarýanym, öňden ýygyp, ýygşyranja pulumy  ýele- yga sowuryp ýörmek boljak-da. Puly gazanmak kyn,  sowurmak işiň aňsady.
Ol  çyrany ýakyp, içeri girdi. Orta  köneje ýassyklaryň birini taşlady-da, ýüküň aşagyna sümülip,  ýygnap goýan kitaplarynyň arasyndan köne,  ýarysy ulanylan bloknotlarynyň birini soguryp aldy. Ruçkasyny gözläp tapdy. Soň, heniz hatdan çykyşmadyk elleri bilen bloknotyň  ters, ýazgy ýok ýüzüniň birinji sahypasyny açyp, oňa:”Mergen Ataýweiň öýi dolandyryş işleriniň meýilnamasy—plany” – diýip  uly-uly harplar  bilen ýazdy-da, aşagyna iki çyzyk çyzdy Soň oňa ýazyp başlady.
 1.—Her gün  irden, sagat dörtde  turmaly.
Ol sözlemiň soňuna ruçkasyny dürtüp, ep-esli  oýlandy:
-- Gaty ir dälm-äý?!
-- Ýok-la, ir bolarmy.
- Başararmykam?
-- Başararsyň.
- Namartlama!
-- Onda tassyk.Ýöne jaňly sagat almaly bolar.
-- Mergen sesini çykarmady.
2. Sagat  ýedide ertirlik edinmeli.
-- Nähili,  bolýarmy?
-- Gül ýaly!
3.--Günota nahary sagat birde!
-- Bolubilýär.
4.-- Agşamlyk nahary sagat  6-da.
-- Ir däl gerek?
-- Ir däl.
5.-- Gije sagat  1-de ýatmaly. Eger ýagdaýy bolsa, gündizem bir sagat  ýatmak bolar...
Mergen iň wawwaly ýerine basdy.

6.-- Aýlyga çenli, indi ýekeje manat pulam sowmaly däl! „Sentýabra, Gentýabre, 1-nji sentýabra çenli ýekeje manadam sowmaly däl!”—diýip, daşyndan gygyryp aýtdy-da, soň ýazyp, aşagyny gazap bilen çyzdy—Sowmaly däl, düşnüklimi!
8.-- Hiç kim bilen gepleşip, syr berşip, syr alyşmaly däl.
9.-- Hiç kimiňkä barmaly däl.
10.-- Özümi hülli-hülli saklamaly däl.
11.-- Özümiň gowşaklygyma gulak asmaly däl.
12.--Her minudymy, her sagadymy, her günümi eddil eşrepi ýaly saklap, juda peýdaly geçirmeli.
Mergen bu ýazgysyny gaýta-gaýta okady. Käbir sözlemi ýüzugra düzetdi. Birdenem, laňňa ýerinden galdy.
-- Meniň jaňly sagadym bolmal-a.
Ol köneje şkafyň gözünden edil, gyzyl tapan ýaly edip, jaňly sagady çykaryp, tow berip, ony sagat dörde düzdi. Soňam daş çykdy.
Aý ep-esliaşak gitse-de, ýüzi Mergendedi. Mergen bu ýerlerde Aýyň şeýle ýakynlygyna begendi.
-- Eý, Aý dost jan, gel, bileje çaý içeli!—diýip, oňa habar gatdy. Özi bilsa sekiniň üstünde arkaýyn oturdy.
Häzir howa judda mylaýymdy. Aşaky öleňden näzijek, derdiňe derman akym gelýärdi-de, tutuş dünýäňi gaplap alýardy.
Mergen bu akyma haýran galdy. Bu şypaly akymyň dünýäsinde salkyn suwuň demi, näzik maýsanyň ter ysy, ýaşajyk gökje ýapraklaryň şiresi, mes, ýaňy tagta gelen topragyň mazasy, ir-iýmişleriň şirinligi, dürli guşlaryň ganatynyň şowurdysy bardy. Göwnüňe bolmasa , hol aşakda ýylgyryp duran Aý çernil gök asman, almaz ýaly, müň bir reňkde lowurdaşyp duran ýyldyzlar hem bir zatlary goşýan ýalydy.
Mergen bu akymy duýup, ondan kükregini dolduraly bäri edil bir guş ýaly ýeňläp gitdi.
Aşgabatda onuň halsyzlygy gün-günden, aý-aýdan, ýyl-ýyldan beterläpgidip otyrdy. Ol her sapar studentleriň gurluşyk toparyndan gaýdyp gelende, onuň diňe sudury gelýän ýalydy. Ol şol halsyzlygyndan, tä gyş çykýança, özüni ele alyp bilmän geçerdi.
-- Näm-ow, sen halys kakadylan balyk ýaly bolup, inçekesel dagy bolaýma—diýip, ýoldaşlary oňa duýgudaşlykmy, gatyrganmamy bildirýärdiler.
Mergen Aşgabadyň inçekesel institutyna baryp, özüni barlatdy. Üýtgeşik zat tapmadylar. Institutyň professory Basarskiý diýen adamyň ýanyna gatnady. Oňa özüni doly barlatdy. Preofessor barlap –barlrp:
-- Sen heniz ýaş oglan, basym açylarsyň!—diýdi.—Agzyňa ýaraýan, göwnüň isleýän zadyny iý!—diýdi.—Iň esasam, bedentewrbiýe maşyklaryny köpräk et. Şadyýan bol. Sende üýtgeşik kesel ýok. Bu bolşuň ata-babaňdan gelýän, ýagny nesil yzarlaýan fizologik boluşdyr. Basym geçer gider.—diýdi.
Mergen professoryň diýenini edip bilmedi. Onuň göwnüniň islän zadyny satyn alyp iýmäge bolbara harjy bolmady. Onuň üstesine-de, ýarawsyzlyk, işdäsizlik ony halys bürüp taşlady.

Ýöne  şol doktoryň :”Sende  nesil yzarlaýan  fizologik gowşaklyk bar. Şol gowşaklyk sende ýürek-damar , ruhy,  nerw, psihiki  bozulmalara alyp barypdyr. Ýöne  özüňe ynam edip, mertebäňi  belent saklap,  wagtly-wagtyna oňat naharlanyp,  bedenterbiýe maşyklaryny üznüksiz ýerine ýetirseň, aňry gitse, bir aýda  etiňe-ganyňa-da gelersiň,  bu keseldenem ýüzugra dynarsyň...” diýip professoryň gulagyna guýan  sözlerini Mergen unudanokdy.
Ol  bu sözler barada köp oýlanypdy. Ol  özüňi aýamaly däldigine,  wagtly-wagtyny gurplyja nahar iýmelidigine,  agyr işläp, der dökmelidigine, eger şeýtmeseň, mertebeli adam bolup bolmajagyna  düşündi.
Ýöne, Mergen  indi nätsin? Ol oba gelip, birki gün urundy welin, bedeninden ysgyn mydary gidip, ýerinden galyp bilmän otyr-a.
Häzirem oňa ýa şu howa täsir etdimi, ýa başga bir zatdanmy, süňňi  jowranyp ajygyp başlady.
Ol ýaltanman, turup çaý goýdy. Sekiniň üstüne saçak ýazyp, gowurmaly pitini, gant,  sary ýag, köke getirip goýdy. Çäýnege çaý atyp,  baryp duşuň aşagynda durup, üstünden suw akyzdy. Soň  süpürindi-de, çaýyny demledi. Howlukman iýip-içdi. Endamyna der gelip, misli, dünýä täzeden gelen ýaly boldy. Diňe şondan soň, ol endamynda gyzgyn ganyň ýaşlyk hyrujy bilen çarp urup başlanyny duýdy.
Häzir onuň göwnüne bujagaz işleri  bitirmek däl, ilerdäki, gaýradaky gara daglary talhan edäýjek ýaly  duýgular geldi.
Häzir onuň işläsi geldi. Ýöne  häzir, gijäniň ýary näme edip biljek diýsen-e.
- Wah, häzir  kerpiç guýulýan uly galyp, palçyk eder ýaly eslije  ahyr bolsady, hajathananyň çukuryndan çykan gumdan, hiç bolmanda  kyrk-elli kerpiç guýardym. Ertir turanymda biri edip beren ýaly boardy.
Ol  şol  hyjuwly bady bilen saçagy ýygnady. Gap-gaçlary içeri saldy. Soň ýene sekiniň üstüne geçip oturdy.
-- Ertir irden başlap,  uly ýabyň raýşyndaky boz toprakdan iki ýüz bedre alyp, çukura guýaryn. Ýene ýigrimi ýedi günüm bar .Her günde iki ýüz bedre gum çeksem,  ýigrimi ýedi günde näçe bolar? On günde iki müň bedre. Ýigrimi günde dört  müň bedre, ýedi günde  bir müň dört ýüz bedre,  olaram goşsaň, bolar, bäş müň dört ýüz bedre! Olam, bäri hasap edeniňde,  iki – üç maşyn gum bolar. Az däl, men her iş etmeli welin, awgustyň aýagyna çenli şu çukury arassa, mes toprakdan dolduryp, tekizläp, ekmäge taýýar etmeli.
Mergen bu tapan pikirine begendi. Ol öz güýjüne bäs gelip bilmän,  on-on bäş sapar oturyp turdy. Asmana-asmana bökejekledi.
-- Gel. Men bu gün ir gözinden ýataýyn. Sagadam indi bir, iki bolup ýörendir.
Ol ýatmanka  öleňlikden, ýaplaryň üsti bilen akýan  jana tenekar howanyň köwlenip bu çukura gaplanyp,  ondanam sekä çenli akyp, baryp jaýyň diwarlaryna degip,  ondanam  hajathana bilen  tamyň aralygynda  uly ýola bakan akyp girýändiginem aňlap ýetişdi.
-- Görsen-e, şujagaz şemalyňam bary- ýogy iki-üç ädim ini bar, Şu-da hemme ýerden akaýanok. Asyl, şunda-da birje hikmet bolmaly. Ýöne, ony okap bilmek gereg-dä.
Mergen edil şol  salkynjak akymyň ugrunda düşegini ýazyp,  uklap galdy.

## 3.

Mergen jaňly sagadynyň sesine oýananynda heniz daň atmazyna ep-esli wagt bardy.Tutuş oba wsüýji ukuda rahat ýatyrdy. Ol duşa düşüp geldi-de, eline pilini, bedresini alyp, ene ýabyň raýşyna bakan gitdi. Ýolugruna çukury synlady.Edil futbol meýdançasy ýaly bolup ýatan, äpet çukuryň birki metre golaý çökendigini gördi. Mergen töweregine haýran galyp, dikanlap seretdi. Çukuryň dört-bäş ýerinde, ýer deşilip, hoňkaryp ýatyrdy.
Çukuryň içindäki bu deşikler nämäniň alamatyka? Ýa bu ýerde gadym zamanlar medrese bolup, olam çöküp galaýdymyka?!
Ol aşak, çukuryň içine düşdi-de, gyradan bur ýeri tä pili ýere toňkuldap degýänçä gazdy. Çykaran gumuny bedreläp, çukuryň daşyna dökdi. Ol bu işe gyzygyp gitdi. Ýagşy derländen soň daň atdy.Ol birsalym dynç almak maksady bilen çukurdan çykdy. Töwerek ýagtylypdy.Çukur indi edil eliň aýasynda ýaly açyk görünýärdi.
Mergen ýakan odunyň bu çykyryň içindäki ot-çöpdir, süplik-sarygy, mal-garanyň porsap ýatan süňklerini, beýleki akyr-ukury küle öwrendigine düşündi. Indi diňe çukuryň ortasynda gara-gara daşlar, demir bölekleri, maşyn pokryşkalatynyň sudurlary üýşýp ýatyrdy.
Mergeniň gazan ýeriniň bir metre golaýy, kül bilen garyşan gara toprakdy. Ol gyra çykaran topuryna seretdi. Olam gap-gara üýşmek bolup ýatyrdy.
Maşynyň sesi eşidildi.Ol Garajanyň maşynynyň sesini tanady. Ýöne ol oňa garşy seretmedem. Sebäbi, onuň kimdir biri bilen bu çukur barada maslahatlaşasy gelýärdi.
-- Bäri gelsene!—diýip, işikde özüne garaşyp duran Garajany çagyrdy.
Garaja elindäki kortoşkaly, soganly tory ýokary göterdi.
-- He-he-eý, getirdim-eý, nirede goýaýyn!
Mergen oňa elini bulady.
-- Gel, bäri, gelsen-e! Muňa bir seret.
Garaja bu çukury öň ýa görmändi, ýa oňa kän bir üns bermändi. Bu çukury görüp, onuň agzy açyldy.
-- Dide, bu ýeri öň öwlüýä ýa mazarlyk bolan bolaýmasyn. Sen oňa ýanaşmasaň gowy bolardy.
Mergen Garaja nyň serhoşdygyny onuň gürleýşinden aňdy-da, oňa näme diýjeginem bilmedi.
Ol Garajanyň ýanyna geldi.
-- Ýöri, nahar ataraly, çaý içeli.
Olar koridora girdiler. Mergen kortoşkany, sogany görüp begendi.
Şun-a oňarypsyň, Garaja. Gel, indi men saňa ajyja çaý bereýin.
-- Men gyssanýan, dide. Ejem saňa bir litrlik tomatam iberendir. Sen maňa çaý däl-de, içer ýaly aragyň bolsa ber.
Mergen bir litrlik tomatly bankany eline aldy-da,
-- Sag boluň, şuny gaty oňarpsyňyz, bary üçin taňry ýalkasyn. Nesip bolsa, bizdenem gaýdar.—diýip, ol agyr ýuwdundy.—Garaja, sen näme üçin ýigit janyňy köýdürýäň. Heý, ýaş oglanam bir munça arak içermi. Özem, ertir bilen, ajöze! Sen

beýtme, goý, bu biderek gylygyňy. Meniň bilýän oglanlarymyň içinde seniň ýaly merdini, adamkärçiliklisini gören däldirin. Sen içme, şol zährimory!..
Garaja hümür-sümür etdi-de, daş çykmak bilen boldy. Mergen onuň bilen maşyna çenli bardy. Garaja ýüzüni sallap maşyna münüp, aşak gapdala sürüp gitdi.
Mergen öýe girmän duşa düşdi. Soň gelip çäýnegi dolduryp, çaý goýdy. Çaý gaýnaýança alýumin pitä epesli gowurma salyp, gazpejiň üstünde goýdy. Soň ony sogan, tomat bilen gowurdy. Bir tarelka gowurlyp duran etden saldy-da, çaý demledi. Galan gaýnan suwy pitä eňterip goýberdi.
Sekiniň üstüne saçak ýazyp, oňa iýmek içmek daşaýança, gazan gaýnap başlady. Ol çorba iki sany kartoşka arassalap dograman atyp goýberdi. Duz, lawrowoý list, gyzyl burç atyp, gazanyň aşagyny birneme peseltdi.
Daşary naharyň tagamly ysy ýaýrap başlady. Irden süňňüni derledip işlän ýigidiň işdäsi açylypdy. Ol käsesine ep-esli gant atyp, hälki gowurmany hurş edinip, ýagşy naharlandy.
Mergen öten agşam bir ýagdaýa düşündi.Onuň güýji nahardady. Esasan hem gantly çaý oňa gowy gurbat berýärdi. Ýöne endamyndan der çykdygy welin bar gurbaty, kuwwaty gidýärdi.
-- Men kompot gaýnatmaly. Derläp ugradygym, bir bölejik çörek bilen kompot içmeli. Aşgabatda şol professoryň „Sende doga ganazlyk bar”. Ýokumly iýmitleri köpräk iý” diýmesiniň manysyna indi düşündi.
Ol saçak başynda-da çukur barada oýlanýardy. „Näçe wagtlap agyr, ýeňil azap çekmelem bolsa, azapdan gaçman, çukury ahyryna çenli arassalamaly. Men ekin ekmek barada çukury arassalanymdan soň pikir etmeli.”.
Ol arkaýyn iýip-içenden soň baryp naharynyň duzuny dadyp gördi. Kartoşkany çykaryp, ownujak bölüşdirdi. Çorba tomat atdy, ýene duzuny gördi. So gazanyň aşagyny öçürdi-de, ýene çukura girdi.
Mergen gün öýläne agýança çukurdan çykman gara dere batyp işledi. Ol şu geçen bäş –alty sagadyň dowamynda iki otagly jaýyň içi ýaly ýeri arassalap, gumunu daşyna çykaryp dökdi.
Onuň bir gyrada agzy hoňkaryp ýatan deşigi hüjre kysymly jaýjagaz bolup çykdy. Edil şu çukuryň aşagy ýaly, şol hüjräniň aşagam berk, hiç hili şikes ýetmedik patyşalyk bişen kerpiçden örülendi. Mergen hem işleýärdi, hem oýlanýardy.
Bu çukur, megerem, patyşalyk athana bolmaly. Oktýabr rewolýusiýasyndan öň , ýalňyşmaýan bolsam, şu ýerlerde patyşalyk mülk bolan bolmaly. Rus inženerleri Sünt dagynyň günbatar ýüzünden şol patyşalyk mülke araba ýolunam çekipdirler.” Diýip, ol adamlardan oglan wagty kän eşidipdi. Mergen:Şol ýollaryň biri şu çukurdaky athana gelen bolmaly. Gyradaky hüjre ýaly jaýlarda tohum atlar saklanan bolmaly. Bu çukur bolsa patyşalyk atlaryň seýislenip, müngi, saklaw öwredilýän meýdançasy bolmaly. Bu ýer obanyň çeti bolan bolmaly. Başga zat däldir. Galanam, işläbersem belli bolar.” Diýip oýlandy. Ol Gün ýagşy öýlä agandan soň çukurdan çykdy.
Ýuwundy. Naharyň aşagyny ýakdy. Çaý goýdy. Soň sekiniň üstüne saçak ýazdy. Ol Annabike daýzanyň özüne bakan haýdap gelýänini gördi.
---- Daýza, salowmaleýkim—diýip, ony hol aňyrdan garşylady.
Garry heniz Mergene golaýlaşmanka zeýrenip başlady.

-- Ýegen jan, sen çymjygyňky ýaly halyňa, bu arwahly, jynly çukuryň içinden çykaňog-a. Özüňe bir sered-ä, iki günde kesewä dönüp, gara köýük bolup gidipsiň-ä. Näme, sen beýdip, dünýä iki geljekmi, ýa ekläp bilmeýeniň dagy barmy? Taşla bu pişäňi.
Mergen ep-esli tabaga wermişelli çorba guýup, saçagyň üstünde goýdy.
Gelsen-e, daýza, ikijigimiz bileje nahar iýeli. Häzir çaýam gaýnaýar.
Ol içeri girip, iki çäýnege çaý demläp geldi. Soň sekä geçip, daýzasynyň oturaryna garaşyp, arkaýynlaşdy.
-- Daýza, men işigimdäki bu çukury şeýle taşlap bilmen-ä. Gör, ol kimlerden galan mülk. Gör, ol näçeme ýyllar hapa baglap, porsap ýatyr-a. Men ony arassalap, gül ýaljak edäýmesem, porsusyndan ýatyp bilemog-a. Ýene ýigrimi, otuz günden okuw başlanýar. Onsoň, edeýin diýsemem elim degjek däl. Häzir iki başdan elim boş, söw-söw syryp ýörenden, şuňa güýmenenimi amatly görýän.
Garry sesini çykarmady. Ol alyp gelen tabagynyň agzyna ýapan ýaglygy sypyryp,, tabagy orta goýdy.
-- Häli, birtike belke etdim. Sen açsyň diýdim. Asyl naharyň baram eken-ä.
Garrynyň keýpi bolmady. Ol otta goýlan çorbadan iýip oturyşyna:
-- Bu obanyň gyrylmyş adamlaram ýöne göz-de, dil. Gören menden:”Hany, goňşyň Mergen gelenmiş-ä. Ol aldygyna çukur gazýarmyş-a. Ol çukury näme etjekmişin. Ol öýlenjek bolanokmy? Işe nirä ýerleşipdir?” diýip soraýallar.
--Sen näme diýýäň, daýza?
-- Siz menden köp bilýän ekeniňiz—diýdim.—Men-ä şonuň çukur gazýanynam bilemok, işe nirä belleneninem bilemok—diýdim.—Ol maňa hasap berip duranok diýdim.—Ol Mergeniň ýüzüne tiňkesini dikip seretdi—Dogry dälmi, ýegen—diýdi.
Megen ýylgyrdy:
Dogry, oňarypsyň, daýza!
Garry iýip-içip oturyşyna
-- Onsoň bu çukur näme”
Mergen etsem-petsemlerini açmady.
-- Men daýza, häzirlikç-ä bu çukury diňe hapadan arassalajak. Onsoň, ol kime gerek bolsa, alaýsyn.
--Sen bütin ömrüňe gije-gündizläp işläniňde bu çukuryň hapasyny aýryp biljegiňi bildiňmi, ýegen jan. Onuň içi durşuna läbik gum-a.
Mergenem ilki şeýle pikir edýärdi. Emma çukura girip, ony arassalap başlandan soň, bu çukurdaky topragyň ýyllar boýy çüýräp, derse öwrülip gidendigine düşündi. Haçanam bolsa bu ýerde saklanan atlaryň dersi çukurdan çykarylmandyr. Ýöne bu çukur taşlanylandan soň, bu çukura gayraky dag jülgesi tarapdan gelýän siller şu giden meýdanlardan alyp gaýdan dersli gyrmançalayny silewelerini, ot-çöplerini şu çukura gapgarypdyrlar.. Şeýdip çukur dolupdyr. Ýylaryň geçmegi, her ýyl gelen siller bu çukuryň içindäkileri çüýredip, ýakyp, sowadyp çüýrüntgä öwüripdir. Onuň üstesine oba adamlary hem mal ýataklaryndan çykan dersi, saman-süplikli ot-çöpi, mal-garalarynyň maslyklaryny getirip bu ýere taşlapdyrlar. Ene ýapdan ýyllar boýy akyp gelen suwam bu dersi, ot-çöpi eredip, çukuryň düýbüne düşäpdir.

Mergen çukuryň üstki bölegini otlansoň, ýokarsy küle öwrülip, aşagynyň ýagşy minerallaşan, dersli topury özboluşly gatlaga öwrüli galypdyr.
Eger şol gatlagy çukuryň daşyna çykaryp bolsa, onda tutuş Sumbar jülgesiniň ekin meýdanlaryny on- on bäş ýyllap dökünläp, diýen hasylyňy alyp bolardy.
Ýöne Mergen gepi başga ýana çekdi-de:
-- Daýza, Şanazaryň toýuna gitdiň-de, toýdan habar bermediň-ä. Toý nähili geçdi? Şanazar owadan gyz saýlap bilipmi, ady näme eken, gyzyň?—diýdi.
Garry eline alan käsesinden çaý owurtlady-da, topbusyndan gaýdyp, eňeginiň aşagyndan geçýän alyndaňysynyň ujuny agzyna çekdi.
-- Meniň çakym çak bolsa-ha, ýegen, gyz gowy ýeriň çagasy bolmaly. Özi, ýylgyrypjyk otyr, kürte-hä atynmandyr. Ady näme diýdi, gyz?! Ady bolsa, Oguljan bolmaly. Hawa , Oguljan! Diýdiler.
Daýzasynyň sözüne Mergeniň ýüreginiň başy ýanyp gitdi. Ol erbet tisgindi.Ol sekiden böküp düşdi.
-- Nämr, Oguljan! Daýza, Oguljan?
Garry Mergeniň birden ruhy öçen ýüzüne, birden oda-köze düşübermesine gözlerini mölterdip seretdi.
-- Şeýlemikä diýdim-dä ýegen, meniň kän bir ýadymam ýog-a. Bu boş kelle işlänog-a—ol kellesini tutdy.
Mergen takyr ýerde çöküne düşüp oturdy-da hor, gap-gara elleriniň ýumrugy bilen maňlaýyna urdy.
-- Ah, wah, men bir zat duýdum-a, Meniň öňki betbagtlygymyň üstüne, bu näme boldugy, eý, Allam?! Ol oda-köze düşüp çabalandy. Soň içeri girip, silkinip-silkinip eňredi.
-- Ahj, Oguljan, Oguljan!
Mergen tä Gün batýança köşeşmedi.
Garry içeri boýnuny uzatdy.
-- Ýegen, ýygna saçagy. Naharyňam ýygna. It-guş degmesin. Men gaýtdym.
Mergen içki jaýyň sag dulunda burlup oturyşyna:
-- Şolary ot alsyn.Goý, dünýäni ot alsyn Menem ot alsyn—diýip, şol eňräp oturşyna samrap gygyrdy.
Ol şondan turup, ertesem, tä güni bilen, soňam daň atýança özüni bilmän işledi. Diňe süýrenip, özüni sekiniň üstüne atansoň, halys bedeniniň gurpdan gaçandygyny duýdy. Ol sekiniň üstünde özüni bilmän ýatyşyna, diňe gün batar ara gözüni açdy. Ýöne Oguljanly mesele ýadyna düşende, özüni otdan alyp oda urasy geldi.

**4.**

-- Aý oglan, bu çukuryň näme?—diýip, indi telim günläp, ýadanyny, ajyganyny, suwsanyny bilman, işe gümra bolup ýören ýigide ýokardan kimdir biri habar gatdy. Mergen başyny galdyrdy. Ol duran yza bolup duran bilini iki eli bilen tutdy-da, özüne habar gatana seretdi.
-- Oguljan!Oguljanmy sen?—Onuň agzynyň içinde gurap giden dili zordan aýlansa-da, bokurdagyndan ses çykmady.

Gyzmy, gelinmi, gelewnleriň keýpi köke meňzeýärdi. Häzir Mergen olary tanamasa-da, olaryň Berdi daýy bilenm meýlis gurup oturanladygyny, soň oňa Annabike daýza aýdypdy. Olar jak-jak gülüşip başladylar.
-- A gyz, aýdýanlary çyn oguşýan. Bu oglan gury sudur bolup durşuna, indi adam gepine –de düşünenok-la.
Mergen ýokardan, çukuryň gyrasyna özüne seredip duranlara manysyz garady-da, soň, olara elini silkip, ýene işläp başlady.
Öňdäki gelin şeýtanja ýylgyrdy.
-- Ýa serhoşmyka?—diýdi.
-- Ýok-la, gyz, samsyk ol. Üstüni-başyny göreňokmy”Ýüz-gözem gaty ýigrenji-le, gyz.
Olar gülüşip, gelen ýollary bilen yzlaryna gitdiler.
Hakykatdan hem Mergeniň süňňünde sähelçe-de deramat galmandy. Ol indi alty-ýedi gün bäri ne iýip, ne-de bir içip bilýärdi. Şonuň üçin süňk bilen deri bolup galan bedeni däl, güýz ternes ýaly tüwelekläp duran kellesem işlänokdy. Ol niýetini dürsäp, pikirini jemläbem bilenokdy.
Ol gumdan dolduran bedresini göterjek bolanda, başy aýlanyp, topragyň üstüne gapgaryldy-da,sermaňňallak gaýtdy.
„Mergen:”Ol däldir!”—diýip, bu çola çukury ýaňlandyryp özüne gelip, başyny galdyranda, Gün guşluga galypdy. Ol yra-dara bolup, ölümiň öýünde çukyrdan çykyp, gapysyny açdy. Gazpeçde çaý goýdy. Soň duşuň aşagyna girip, sowuk suwa ýagşy ýuwundy. Çykybam, çaý demlendi-de, käsesine ep-esli gant atyp, howlukman nahar edindi.Oguljan onuň kalbyna gozgalaň salyp durdy. Ol onda-da iýýärdi. Ol iýmese, bokurdagyndan zorlabam bolsa, bir zatjagaz geçirmese, ýaşamajagyny duýýärdi. Onuň ähli umydy geljekdedi.
-- Oguljanyň erki elinde.—diýip, ol özbaşyna pyşyrdady. Men bir mert, dogumly ýigit bolan bolsam, näme üçin Oguljan bilen kino, teatra, kitaphana, bazara gitdim? Ol meniň ýaşaýan otagyma aýda telim sapar gelýärdi. Şonda oňa öz söýgimi bildirmäge kim päsgel berdi? Ýa biri maňa”Seniň Oguljan bilen işiň bolmasyn” diýip aýtdymy? Men telim ýyl tirkeşen gyzyma söz aýdyp bilmedim. Iň bärkisi, ýekeje sapar elindenem tutmadym. Onsoň Oguljandan zady gaty gömäge hakym ýok. Ol islänz ýigidini halabam, oňa durmuşa çykybam biler.
Mergen Oguljan bilen tanyşyşyny ýatlady.
.. Mergen gaýybanaçylaryň üçünji kursundan gündizki okuwyň ikinji kursuna geçipdi. Tomus ekzamen tabşyrylansoň, gurluşykçylaryň toparyna ýolbaşçy bolup, Arçman kurortyna işlemäge gidipdi. Dynç günleriniň birinde, ol kurortyň merkezjigindäki gaýet satylýan dükanjykdan gazýet satyn alyp gelýärkä, kimdir biriniň „Ataýew” diýip, adyny tutup gygyrýanyny eşitdi-de, yzyna garady. Gapdalda orta ýaşan göze gelüwli aýal bilen gap-garaja gyz ýylgyryp durdy.
-- Ataýew, näme, indi kursdaşyňam tanaňokmy? – doýip, gap-gara bolan gyz jedirdedi. Emma ol gyz Mergeniň ömründe gören gyzyna meňzemeýärdi. Ol gyz muny duýdy. Ol Mergeniň ýanyna gelip:
-- Uniwersitetde okaýaň dälmi”—diýdi.
-- Hawa!
-- Dil- edebiýatda, Badam bilen bir toparda?!

-- Hawa.
--Menen seniň obadaşyň Şanazar bilen bir toparda-da.—Ol gyz yzdan gelýän ejesine seretdi.—Eje, meniň kursdaşym.-- diýdi. Ejesi gyzynyň bolşuny geň görüp:
-- Ady ýokmy, gyz onuň. Ep-esli adama ýöne Ataýew diýip dursuň-la.—diýdi.
-- Adyny indi özi aýdar-da. Biz-ä kursdaş bolsagam adyny bilemizok.
Oguljanyň ejesi ara goşuldy. Mergen ýylgyryp durşuna:
-- Adym—Mergen!—diýdi.—Ol aýal:
-- Gowy adyň bar eken.—diýdi.
Oguljan bu ýerde Mergeniň näme işläp ýörenini ýeri-ýatagy, änigi- şänigi bilen sorap bildi.
-- Onda, agşam naharymyzy iýip, ejem ikimiz size çaý içmäge barýas.
Ejesi gyzyna azgyrylyp:
-- A gyz, Oguljan!—diýdi.
Oguljan kursdaşyny görenine biçak begenen bolara çemeli. Ol şadyýandy, erkanady
-- Eje, biziň oglanlarymyz şeýle-dä.olardan bir zatjagaz dagy aljak bolsaň, özüň diklemeseň, özüň soramasaň, özlerinden biljek gümanlary bolmaz.-diýip, jidirdedi.
--Onda-da gyz oglana beýdip durmak aýyp bolar.
Mergen olary ýaşaýan jaýlaryna çenli ugradyp, yzyna gaýtdy.
Mergen, gazýetiňem goýaý. Maen agşam ejem bilen baranymda eltäýerin.—diýip, Oguljan onuň elindäki gazýetinem alyp galdy.
-- A gyz, Oguljan diýýän men saňa...
Ejesi gyzyna käýinen boldy.
Mergen şondan soň on-onbäş günläp, her gün Oguljany gördi. Kä günler onuň bilen kurortyň kinoteatryna baryp, bileje kino gördi. Kä günler özüniň bolýan gurluşykçy studentler toparyna baryp çaý içdiler.
Ol Oguljanyň ejesi Ogulnabat daýzany öz toparyna aşpez edip aljak bolup ýörkä, Oguljanyň kakasy Nury aga maşynly gelip, olary alyp gaýtdy..
Okuw başlanansoň, Mergen ýaraman keselhana düşdi. Şonda Oguljan onuň yzyndan geler durardy. Ol keselhanadan çykandan soňam, ol Mergeniň köne tanyşy ýaly, oňa eýemsireýärdi.
-- Me, şuny saňa ejem iberdi—diýip, kursdaşlarynyň arasynda, olardan çekinmän, bir zatjagazy Mergene beren bolýardy. Okuwdan sow ol Mergen bilen onuň otagyna baryp, Mergene özüni öýlerine çenli ugratdyrardy.
Kursdaşlarynyň barysy diýen ýaly, Mergen bilen Oguljan halaşýandyr öýdüp ynanýardylar. Emma Mergen welin ümsümdi. Oguljanam bu meselede dil ýaranokdy.Ýöne bäşinji kursuň ahyrynda Oguljan Mergen bilen gelýärkäler::
-- Ejemem ahyr, şu gün dil ýardy—diýdi.
Mergen gyzyň ýüzüne garady. Oguljanyň ýüzi köze goýlan kakmaç ýaly, gyp-gyzyl boldy.
-- Obaňyzda seniň ýakynyň, hossaryň ýokmy, aý, oglan?
-- Wah, ýok-da—diýip, Mergen ýere garap barşyna gussaly mydyrdady.
Oguljan gaty geň galdy.

-- Sen ýerden ýeke çykan dälsiň-ä, okuwyňy gutaryp barmaly bolarsyň-a. Öýlenmeli bolarsyň-a. Toýjagaz, oturylyşyk etmeli bolarsyň. Şonda kim saňa hemaýat etmeli? Kim seniň öňüňde durar. Ýaşulyňyz bardyr-a.?!
Mergen başyny ýerden galdyrman barşyna:
Men häzir oba barsam, ol-a toý eken, ýaşar ýaly ýerimem ýok, Oguljan.
Oguljan şeýle bir geň galdy, asyl, duran ýerinden butnabam bilmedi.
-- Seni çagalar öýüne berdilermi?
Mergen başyny ýaýkady.
--Ejem bardy. Olam meni bilmeýün, halamaöýan bir gyzyma öýerjek boldy. Men razy bolmadym. Gyzyň doganlary gelip:” Şol gyza öýlenersiň, ýa-da biz seni gaýdyp aýalyň ýanyna barmaz ýaly güne salarys”diýip, erbet urdular. Ejemem:”Meniň diýenim bolmajak bolsa, ýekeje ýumurtgamam palak eken. Çyk, şu öýden” diýip, meni öýden kowdy. Şondan soň, men Aşgabada gelip, okuwyň gündizki bölümine girdim. Ejem rektorymyzyň adyna:”Meni idänok, taşlap okuwa gitdi. Okuwdan kowmasaňyz, iň ýokary başlyga çenli arz ederin” diýip, telim sapar arza ýazdy. Gaýdyp men oba gitmedim.Ejem pakyr ýogalanda-da habaretmediler. Soň eşidip barsam, bagçylyk sowhozynda ýaşap oturan jaýymyzam başga birine beripdirler. Indi meniň ne ejem, ne kakam, ne hossarym, iň bärkisi ýeke köpük pulumam ýok. Sen meni indi näçe ýyl bäri tanap ýörsüň, Oguljan. Doga ýarawsyz. Oba işe baranymda-da nädip işlejegimem bilemok.
Oguljan Mergeni sesini çykarman diňledi. Ol soňam sesini çykarmady. Diňe diplomyny goran güni gelip, Mergeni hälki bir gutlan boldy.
Mergen agyrdan, ynjadan ýerim bolsa, bagyşla. Baryp ýerleşeňsoň, hat ýaz, jaň edip dur.—diýdi .Ine, bar bolany.
-- Heý, şu ýerde şunça gussa iýere, dert çekere sebäp barmy?!—Ol öz-özüne jogap berdi.—Oguljandan gaty görer ýaly ýagdaýym ýokdur. Ýöne, näme. Adam pakyryňky inçejik umyt-da.
Mergeniň inçe umyt diýýäniniň aňyrsynda işläp, özüni, içersini, hal- ýagdaýyny düzedip, ýene Oguljanyň ýanyna barmak niýeti ýatyrdy.
„Heý, dünýäde Oguljandan gowy gyz bir barmyka!”
Ýöne ol Oguljandan tamasyny üzüp bilmedi.
-- Ýalandyr, daýzam. Şanazar bäş ýyllap, Zöhre-Tahyt ýaly söýüşip, bäş günde gelip Oguljana öýlenip bilermi? Bilmez. Oguljanyň özem Şanazaryň bäş ýyllap Maýa bilen söýüşenini görüp, bilip durka, oňa durmuşa çykmaz.
Mergen saçagy ýygnady. Kem-kemden onuň aňy durlanyp, kellesine ýagty pikirler gelip başlady. Süňňi gurbatlanyp gitdi. Gapyny gulplap, çukura nädip girenini özem bilmän galdy.
Mergen Gün daglara dyzyny direýänçä işledi.
Ýegen, arma!
Salawmaleýkim, Berdi daýy!
Çalabek çukuryň gyrasynda durup, Mergeniň edip oturan işini ýagşy synlady.
-- Seniň munyň gowy futbol meýdanças-a boluberjek. Gör, onuň gapdalynda oturyp, oýun görer ýaly ýerjagazy dagysan bar eken. Munuň içine arpaekip, obanyň oglanlaryndan futbol topary düzmeli. Näme, oglanlara güýmenje-hä bolar.
Ol töweregine garanjaklady.

Neme-läý, ýegen, Gulça agşam oturylyşyk edýär. Saňa-da aýt diýdi. Men şony aýtmaga geldim. Adam başyna üç manatdan ýygnaýandyrlar. Gideli, ýegen...
Mergen aldygyna işleýärdi. Onuň endamyna der gelip, süňňi ýaňy ýumşap başlapdy. Çaý- çörek, derdiniň egsilmesi onuň iş keýpini örüzip goýberipdi.
-- Men gitmäýin, Berdi daýy.Basym okuwym başlanýar. Men şu çukury şoňa çenli arassalamasam, soň galar by...
Berdi daýynyň gapdalynda duran Durnoýam ara goşuldy.
-- Onda-da üç manadyňy bir goş-a. Bu obada ýaşap, namart ýaly bolup ýörme-ýä. Bary- ýogu üç manat.
Mergen gumdan doly bedrelerini göterip, çukuryň daşyna çykaryp barşyna:
-- Mend-ä şu wagt birje manadam ýok. Görýäň-ä, çörekalmaga pulum bolmansoň, gaty-guty nan bilen günümi görüp ýörenimi.
Çukuryň gyrasynda duranlar biri-biriniň ýüzüne seredişen boldular.
-- Men aýtdym-a, ölse-de ýeke manat çykarmaz diýip—diýişip, öwrülip bir gitjegem boldular-da, ýene çukuryň gyrasyna geldiler.
-- Bolmasa karz beräý, bir üç manady. Ölme.Bolan çaky bizem gaýtararys.
Mergen işläp durşuna:
-- Bolşuňyz şu bolsa, sizde hiç wagt pulam, malam bolmaz, daýylar.—diýdi.
--Baý, gepled-ow, ýer gemren gölejik-- diýip, Gara daýy hoňňul-hoňňul etdi.
Olar giden soňlaram, Mergen gijäniň ýaryna çenli işledi. Soň çukurdan çykyp, ýuwunyp, ep-eslije gowurdagyň üstüne sogan dograp, tomat guýup, nahar taýýarlap, garbandy. Gantlap çaý içdi. Soň ýene ýuwundy-da, içeri girip, çyrany ýakyp, Orta ýassyk taşlap arada ýazgy edip, el ýüzde goýan bloknotyny eline aldy. Soňra bloknotyň arassa gatytny açyp ýazyp başlady:
„Özüme pent:”
„1. Obada hiç kimden dyrnak ýaly zat tamakin bolmaly däl.
2. Obada hiç kime, eger doganyňam bolsa, mätäç bolmaly däl.
3. Obada ýagdaýyň bu ýerdäki iň gurply adamyňkydanam üçpjün bolmaly.
4. Iň baý adamyň kanagatly adamdygyna düşünmeli.
5. Işlemeli!Işlemeli! Işlemeli!
6. Obada ýekeje köpügi bisarpa sowmaly däl.
7. Obada agzyňa ýeke owurt arak, şerap almaly däl. Çilimden daş durmaly.
8. Obada häli-häzire çenli ýeke adam bilen gepleşmeli däl.
9. Obada diňe hereket etmeli, diňe hereket etmeli.Başga ýol ýok.
10. Obada özüni oňarmadyk, bihepbe, ýalta, ykmanda, bihaýa dilewgçi adamlary golaýyňa getirmeli.
11. Obada nalajedeýinlere nebsiň agyrmaly däl. Tä aýaga galyp, hal- ýagdaýyňy düzedýänçäň diňe özüňi bilmeli...”—diýip ýazdy-da, ýene ýerinden turup, işigini gulplap, işine bakan gitdi.
Mergen janyna dözüp işleýärdi. Kem-kemden oňa gurbat gelip başlady. Indi ol öňdäki, ikinji hüjrä—jaýjagaza-da ýetdi.
Ikinji hüjredäki ders üýşmegi küle dönüp gidipdir. Diwardan bolsa kerpiç gýulýan galyp asylgy eken. Arassa polatdan bolansoň, galyp zaýalanmandyr. Hüjräniň aşagyna bişen kerpiç düşelipdir. Aýmança ýaly ýere demir gözenek aýlanypdyr.

Demir gözenegiň içinde at eýeri, uýan, gamçy, ýüp bardy. Olar görkünem, berkinem ýitiripdirler.
Mergen aýyň ýagtysyna bu zatlary synlap, polat galypy eltip, sekiniň üstüne goýdy.
Indi kerpiç urubersemem bolar!
Ol yzyna gelip, ýene bir salym işledi-de, çukurdan çykdy. Bedrelerini alyp, ýapdan suw çekip, duşuňgabyny suwdan doldurdy. Soň hajathanadan çykan üýşmek gumuň böwrüni ýaryp, ol ýere ýapdan daşap, on bäş bedre suw guýdy. Soň ýuwunyp, düşegine geçip, guzy ýaly uklady.

**5.**

Mergeniň oba gelenine şu gün on gün bolupdy. Ol geçen on günde çukuryň gumunyň ýaryna golaýyny arassalady. Dört ýüz sany uly kerpiç guýdy. Onuň begenýän zady, çukuryň rtasyna üýşýp duran iki maşyn çeni daşy, demir-dümürleri çukuryň gyrasyna çykardy.
Ol geçen on günde öýli boldy. Goş-golamly boldy. Öýünde elektrik çyrasy ýanyp dur, gazpejinde çaý gaýnap, nahar bişip dur. Göwni näme islese özünde bar. Onuň begenýän ýene bir zady, işigindäki belent sütünde çyra ýanyp, gijäni gündizlige öwürip dur. Hajathana, seki, içi suwly duş onuň ömründe gören zadymy?! Indi tutuş oba bu çukur, Mergeniň ony arassalaýandygy barada eşitdi. Her günde gelmedim diýende bäş –on adam ony synlamaga gelip:
Muny sen nnäme etjek?—diýip soraýardy.
-- Muny howdan et, muňa balyk goýber. Ýetişdigi sat-da otur.
-- Aý, ýok-la, şitilhana et muny.
-- Men-ä limon ekerdim.
-- Aý, ýok, gyşyna obanyň çekenesine gaty gowy ýatak boljak.
-- Gyş gelse, jülgeden gelen silden dolup, çaýpanyp ýatar-a.Muny açman, gaýta üstüne bäş- onmaşyn gum guýup, ýapmaly eken. Onsoň mellek etseňem bolar durardy.
-- Goý, aýt, mellek bolmaz obanyň içinden...
Bu gürrüňleri Şanazaram eşidýärdi. Ýöne ol bu ýere gelmäge, Mergen bilen görüşmegi pikirem edenokdy.
Ol gelni bilen kakasynyň bişen kerpiçden gurlan kaşaň, haýbatly tamynyň garşysyndaky üýtgeşik biçüwdw gurlan owadan, üç otagly, eýwanly, polly-patolokly jaýynda ýaşap ýördi.
Şanazar oba gelende Beghan aga ogly üçin üç toýy birden etdi. Onuň birinji toýy, ogly okuwy gutaryp, gyzyl diplom alyp geleni üçin, diplom toýy! Ikinji toý Beghan aganyň nowbahar oglunyň Aşgabatda n alyp gelen Aý ýaly gelniniň nika toýy, nika agşamy! Üçünji toý, ogul öýermek toýy.
Beghan aga bu toýy öz göwnüniň isleýşi ýaly, on güne çeker ýaly gurady. Şol on günüň dowamynda raýon ketdeleri bir topbak, ýaşlar, bir topbak, raýonyň ownuk ýolbaşçylary bir toprak, mugallymlar, lukmanlar, syrty kädililer bir topbak, obanyň garamaýaklary, myhman, mediwan başgarak . Ol raýon ýolbaşçylarynyň, işi düşäýjekleriniň öňünde guşuň süýdünden başga , ähli iýgini, içgini,nazy-

nygmaty üýşürdi. Ýöne obadaşlaryna, garybrak myhman, mediwana welin diňe nahar çekdi. Kimiň içgi islegi bar bolsa, olar Beghan aganyň kömekçilerine pullaryny töläp alyp içdiler. Toýuň bagşysy, göreşi, ýüzük oýny diýseň uludan tutuldy.
Toý sag-aman sowulansoň, Beghan aga ogluny, gelnini täze jaýa göçürip, täze jaý toýuna başlady. Bu toýa-da raýonyň ketdeleri, topar-topar bolşup, tapgyr –tapgyr geldiler.
Diňe şu gün irden ol toýlaryny sag-aman sowup, ogluny ýanyna çagyrdy. Saçagyň üsti iýmek-içmekden ýaňa gap goýara ýer ýokdy. Beghan aga akja ýüpek köýneklije , töre ýazylan el halysynyň üstünde äpet per ýassyga gyşaryp, irkiljiräp ýatyrdy. Içeri ogly bilen gelni tirkeşip girdi. Onuň yzyndan Şanazaryň ejesi, komsomolyň raýon komitetiniň ikinji sekretary bolup işleýän aýal dogany Tuwak , beýleki doganlary sürülenişip girdiler.
-- Kaka salowmaleýkim!
--Waleýkim.
-- Salam, daýy!
-- Waleýkim.
Beghan aganyň aýaly öňe geçdi.
-- Beghan, gelin salamyna serpaýyňy ber.
Beghan aga aljyraňňy ýylgyrdy.
-- Wä-ä, meniň ýanymda zat ýog-a.—Ol akja ýüpek köýneginiň döşlerini iki eli bilen sermedi. Köýneginiň jübüsiniň ýokdugyny bilibem:
-- Tuwak jan, meniň kassumymy alyp gel—diýdi. Oňa çenli täze gelin, onuň ýanyndaky gyzlar çykyp-çykyp gitdiler.
Beghan aga işige tamakinçilik bilen seredip durşuna, ogluna oturmaga ýer görkezdi.
-- Gel, hany, Şajan, bir käse
Tuwak kakasynyň penjegini alyp geldi. Beghan aga goltugyndan bir petde pul çykaryp, Tuwaga uzatdy.
-- Me, gelne menden salam haky. Näme alasy gelse, özi alar-da.
Tuwak pul bilen penjegi alyp gidenden soň, ýaşuly oglunyň ýüzüne hoşamaý seretdi.
-- Toýa göwnüň ýetdimi?!
Şanazar naharlanyp oturyşyna:
-- Däde, sag bol!—diýdi.—Ýöne ýekeje zady oňarmadyň-da.
-- Wä-ä, o näme?
-- Şu raýkomyň birinjisine söz bereniňde, oňa:Adamlar. Men Şanazar Beghanowy raýkoma işe alýan” diýdirmrdiň-dä.
Beghan aga oglunyň ýanynda kiçelen ýaly bolup, boýnuny sallady.
-- Aý, oglum, on-a diýdirseň-ä bolardy. Ýöne men seniň ýanyňda aýdaýyn, ol adam ýaman parahor. Oňa- bir lommaýja zat dykaýmasaň, ed-dil, içinden getiren ýaly.
-- Näme, indi raýkoma işe aljak däller diýjek bolýaňmy?
Beghan aga işige seretdi.
-- Seni ispolkama işe aljaklar. Eger isleseň, öz mekdebimize ökuw bölümi bol.
Şanazar tarsa ýerinden turdy-da, kakasynyň ýüzüne öýkeli seretdi.

-- Hapa ispolkomyň-a diýmäýin, mekdebiňe gidenimden, däde, hol pürsden,-- Ol jaýyň pürsleriniň birine elini uzadyp gaharly görkezdi—Özümi asanymy gowy görerin. Pikir etme, men-ä men ekenim, gelnim Oguljanam mekdebiň porsy howlusyna aýagyny ätlemez.
Ýaşuly ogly bilen ur-tut ylalaşdy.
Özümem mekdebe gitmegiňizi isläp duramaok. Ýöne Mele daýyň:
-- Maňa gelsin!-- diýip, halys özelenip duransoň aýdaýdym.
Kakasyndan sähelçejik ýüz tapam Şanazar möwç aldy.
-- Däde, düşün, men seniň aýdyşyň ýaly, geljekde uly adam bolaýyndiýip, özümi ähli bolar-bolgusyzlykdan daşda sakladym.Diňe bäşlige okadym. Uniwersitetde patiýa agzalygyna girdim. Gyzyl diplom aldym. Aşgabadyň kakasy ýokary işde işläp ýören ketdeleriniň gül ýaly , ýokary bilimli gyzyny alyp geldim. Uniwersitetde işe goýdurdyň. Emma ýene seniň:”Raýondan ösmek aňsat bolar” diýen ýekeje sözüň üçin barysyny taşlap, oba geldim. Dogry, bu zatlarda seniň goldawyň kändir.Ýöne, indi näme, edip-edip, orta ýola gelende meniň ýaly beýik ogluňy mekdebiň porsy klasyny rowa görjek bolsaň...
Ýaşuly aýalyny çagyrdy.
--Garagyz, aý, Garagyz!
Şanazaryň ejesi kürsäp içeri girdi.
-- Hany, täzeden bir jaz-juz edip, birki çüýşe arak getir.
-- Gyzlar edip otyr. Häzir...
Ýaşuly ýelek ýassygy tirsegi bilen tarpyldatdy.
-- Gyzlar bolmaz, özüň ylga diýilýär saňa. Çaltyrak bol diýildi saňa.
Hä diýmän gowurlan gapyrga bilen iki çüýşe arak getirdiler.
-- Şu içerä hiç kim girmesin. Ýap gapynam..—diýip, täzeden gygyrdy-da, ýassyga täzeden gyşardy-da, sag eli bilen bulgurlara arak guýdy.
--Hany, şuny içeli, onsoň men saňa bir zat aýdaýyn. – diýip, ogly bilen çakyşdyran bulguryny başyna çekip, garbandy. Soňam agyr myşşyldady.
-- Şu haramzadalar, edil bir doýmadym gark ýaly. Bulara men tutuş kolhozy iýdirip otyryn-a. Ony men seniň üçin edýän-ä. Sen okuwyňy gutaryp gelenden soň olar seniň eliňden çeksinler diýip edýän-ä. Sen entek sesiňi çykarma, olaryň maňa, saňa bergisi kändir-ä.
Arak ýaşulynyň dünýesini giňeltdi.
-- Men olar bilen sen tä obkom bolýançaň gidişerin.men dogrusyny aýtsam, saňa obkomlygam pes görýän. Sen ýokary gitmelisiň, has ýokary.
Şanazar hem henize çenli ajöze arak içip gören adam däldi. Arak onuňam başyny-gözüni aýlady. Ol:
Sag bol, däde—diýdi.—Sen meniň ýüregimi duýduň. Ber, hiç zadyňy gaýgyrma. Meni bu derejä ýetirdiň. Yzynam gaýrat et. Meni bir ýokary çykar. Galanyny özüm bir zat ederin.
Ataly-ogul gün guşluga galýança saçagyň başyndan turmady.
-- Olar bir zadyň-a gürrüňini edip otyrlar.—diýip, Tuwak eli jamly geliniň oturan jaýyna girdi. Gelniň ýanynda goňşy gyz-gelinler, mekdepde işleýän mugallym aýal-gyzlar otyrdylar.

-- A gyz, Gülsüm bilen bärden bardyk., gyz, Bir u-uly çukur. Özem bir çuňňur gyz. Içine dagy bir düşseň, ganatyň bolmasa çykar ýaly  dagy däl. Şol çukuryň içinde bir zat gymyldan bolup ýör. Ol - a gyz, al diýsem al däl,arwah diýsem arwah däl, adam diýsem, wapşeadama meňzänok. Eşikleri sal-sal, ýüzi-gözi  çişmi, akyp duran wawwaly ýaramy. Duranja bir edrenç-le gyz.
-- Kim gyz, ol?—diýip, Tuwak aňňalyp durşuna elindäki naharyny  saçagyň üstünde goýdy.Gülsüm gapdalyndaky oturan geliniň ýüzüne seredip, çyrpynyp güldi.—Owlagyň klasdaşy-la, gyz.  Adam-a,-- diýip töwereklerine ýaltaklady. Mergen bolmaly—diýip, täze gelin dillendi,
-- Mergenmi, ýorganmy.-diýişip, gelinler otagy dolduryp gülüşdiler.—Pahyr, öz-ä çala jan ylhanat bolup duran ekeni.
Tuwak Oguljanyň aýyň bölegi ýaly ýüzüne geň galyp garady.
Ol toýa-da gelmedi, gyz?
-- Çagyrylan däldir.
--A gyz, ol ylhanat çagyrylanda bir gelip biljekmi? Edil, gatan gurbaga ýaly, çöpe jan bitdi-le, ol.
Içeri Şanazar girdi. Onuň owadan ýüzi,  dolmuş duluklary nar ýaly gyzyldy. Ol iki bir beýleki otaga geçjek ýalam bir etdi-de, gelniniň aý ýaly ýüzüni,  şerbetl tyllakäse ýaly balkyldap duran gözlerini  gören, öňdenem başy sämäp duran  jahyl göwün ony  alyp gaçyp, getirip, Oguljanyň ýanyna  kökerdi. Oturanlar bu iki ýaş juwanyň biri-birinden  owadanlygyny, näzkligini görüp guwanyp otyrdylar. Şanazar  gelin-gyzlaryň özüne garaýşyndan olaryň özüne göwünleriniň ýetýändigini duýup, aýnaklap gurledi.
Nämejik diýişýäňiz, maňa-da aýdaýyň!
Tuwagyň onsuzam doganyna habar gatasy gelip durdy.
--Didääm, seniň hol Aşgabatda bäş ýyllap bile okan kursdaşyňdan bir habaryň barmy?—diýip, Oguljanyň ýüzüne  ýylgyran bolup, köpmanyly garady. Şanazar owadan gaşlaryny gerişdirdi.
--Näme, ölüpmi?
Gelinler gülüşdiler.
--Al, saňa gerek bolsa.
Tuwagyň özem güldi.
Aý, näbileýin welin,  ol ölmese-de , aýdyşlaryna görä, uzak ýaşajaga meňzänokmyşyn.
Şanazar parhsyzlyk bilen:
--  Oňa näm bolanmyşyn?—diýdi.—Oňa gelinler gören ýagdaýlaryny gürrüň berdiler.
Şanazar  goluny  silkdi.
--  O tentek toýa-da gelmed-ä – diýip, meseläniň arçalmalyja ugruny dörjeledi.—Iki kursdaşynyň toýuna  begene-begene, ilki şol gelmeli ýaly.
Şanazar ýumrugy bilen ýassygy urdy.
-- Ol gelip bilmez. Sebäbi ol gat-ty içigara. Okan döwrümizem, hemişe meniň ýaman gürrüňimi edip gelipdir. Onsoň ol meniň toýuma ne ýüzüne gelsin. Olar ýalynyň geleninden gelmäni gowy ahyryn.
Şanazar öňüne getirilip goýulan çäýnegiň ýüzüne-de seretmedi.

-- Aý, onsoňam, ol gutaran adam-a,   Özi  agyr, açyk inçekeselli. Onuň üstesine, ne ene-ata, ne mal pul, ne-de bir ýaşar ýaly jaý bar. Ýeriň ýüzünde  ýekeje hossary, howandary  ýok. Onuň üstesine-de, gaty içigara, adamçylygy  juda pes. Kişiniň dyrnagy össe  şony görüp bilmez, Bahyl. Men oglanlygyndan beled-ä oňa.
Tuwak Mergeni indi telim ýyl bäri görmese-de,  şu öýde edilýän gürrüňlerden şol adamyň bolgusyz adamlygyna ynandy. Oguljan sesini çykarmaýardy. Şonuň üçin gepi ýene Şanazar alyp göterdi.
-- Onda-da maňa ýagşy däl. Ýeri gelse, oňa köne eşiklerimem bererdim. Az-owlak pul kömeginem berse bolar. Ýöne, ol nejis indi nädip ýaşajakka? Oňa bu ýokganç keseli bilen, porsy mugallymçylygam bermezler-ä. Ol ýene biz ýala dert bolar.
Şanazaryň   ýap-ýaňy kakasy bilen gürleşendigi ýadyna düşdi. Ol özüniň basym partiýanyň raýom komitetinde işe başlajagy baradak begençli habaryny hut şu ýerde yglan edesi geldi. Ýöne  saklandy. Serhoş sesi bilen:
-- Eý, özi bilen deň bolmarys-la-ý! Diýipdirler-ä,   „Daş bilen urany, aş bilen ur” diýip. Nätjek-dä, süýremeli borus-da.—diýip, başyny ýassyga goýup, pessaýja hor çekip başlady.
Gelin-gyzlar turup-turyp gitdiler. Içerde, Şanazaryň ýanynda Oguljanyň ýeke özi galdy. Ol Şanazaryň ýassygyny düzedişdirdi. Göwni welin hälki eşiden gürrüňlerinden, gyýym-gyýym bolup durdy.
Ol Mergeniň halyna gyýyldy. Sebäbi başga biri bilmese-de, ol Mergeniň adamçylykly, ýüregi Hudaýly oglandygyna ýetik bolupdy. Mergen sähel göwün beren bolsa, Oguljan öz ykbalyny şonuň bilen baglajakdy. Ýöne , nämüçindir Mergen bu meselede gyzyň ýüzüne gaňyrylybam bakmady.  Käte gyzyň özi durmuş barada söz açsa-da, ol”Men-ä durmuş barada söz açyp biljek däl” diýipdi. Soňam :”Bilýäňmi,   beýik filosof Gegelem ömründe öýlenmändir. Ondan näme üçin öýlenmediň /” diýip soranlarynda  ol:„
Aýal gerek mahal-a ýagdaý bolmady, ýagdaý bolan mahalam, aýal gerek bolmady” diýipdir—diýerdi.
-- Görýäňmi? Akylly adamlar başgaça pikirlenýär. Men bolsam, heniz ýigrimi üçem ýaşamoga. Entejik, ýagdaýlary aýal alar ýaly derejä ýetirmeli!
Oguljanyň ejesem  Mergeni gaty gowy görýärdi.
-- Wah, gyzym, Mergen jan seni gelin edip almaga razy bolsa, toýuňyzy özüm tutardym. Pul näme, zat näme, bary eliň kiri dälmi! Ýöne gül ýaly ýigidi ýitireniň galar.
Elbetde, şeýle bolmalydyr-da, Şanazar Oguljanyň dünýäsine edil bir gara tüweleý ýaly, kürsäp girdi. Edil, sähelçe günde gyzy yrdy. Kakasyny gudaçylyga-da getirdi. Oguljan üçin pulam, malam, şaý-sepem gaýgyrmady. Aşgabadyň belli restoranlarynyň birinde  deňini- duşuny, mugallymlaryny,  raýondan işleşip ýören belliräk adamlary, Oguljanyň garyndaş-doganlaryny  ýygnap uly toý tutdy. Soňam ýoluna pullar düşäp, obasyna alyp gaýtdy. Oguljan baryndan müň-de bir razydy. Ol beýle-beýle bagty, beýle gözel oglany arzuw edibem bilmeýärdi., Alla gyzy ýalkady. Gelip görse, onuň düşen ýeri- uçmahdy. Il- bendäniň gara zähmet bilen ömründe-de ýetip bilmejek öýi, içerisi, gün-güzerany, edil bir  jadyly saçak ýaly bolup açylyp ýatyrdy. Ol özlerine berlen jaýdaky sowutgyçlaryň ikisinem açyp gördi. Olar her dürli iýmitden urlyp dykylan ýaly. Içerilere diňe el halylary

düşelipdir. Mebeller täp-täze, özem, gyzyň ömründe görmedigi. Beýleki goş-golamlar hem saýlanyp, seçilp, iliň ýetip bilmediklerinden alnypdyr.
Toý, iýgi-içgi, gadyr-hormat, edil bir patyşalykdaky ýalydy.Onuň üstesine Şanazaryň Oguljana bolan sşýgüsi onuň depesini tütedip barýardy. Oguljan baryndan, baryndan razydy. Ýöne, şu Mergenli Mesele ony hiç biparh goýanokdy. Elinde bolsa, hut, häzirem, ol Mergeniň ýanyna baryp, onuň halyndan habar alyp gaýtjakdy. Ýöne heý, ony edip boljakmy?! Ýöne bu baý, bagtly öýde Mergene sürtseňem ýokmajak gürrüňler edil, bilgeşleýinden edilýän ýalydy.
Oguljan Şanazar oýansa, garaňky gatlyşansoň:”Mergeniň halyndan habar sorap gaýdaly” diýýmegi ýüregine düwdi.
-- Razy bolarmyka?!

**5.**

Ýene on gün geçdi. Indi Mergeniň bilim bölümine barmagyna bary-ýogy on gün galypdy. Howa iň ýokary derejä ýetip gyzýardy. Ýöne Mergen şonda-da ýekeje sagadam boş oturanokdy. Ol tutuş gije-gündiziň dowamynda bary-ýogy bäş-alty sagatjyk dynç alýardy.
Ol sekiz ýüz kerpiç guýup, tamlarynyň ýol tarapyndan diwar ördi. Ol saman suwag edip, otag bolmaly jaýyň için- daşyny suwady, suwagy guraşansoň onu gaýtalap, gaýtalap agartdy. Jaýynyň öň tarapynam öňki suwagyny gyryp aýryp, suwap, agartdy. Täze otag üçin bir gapy, iki penjire, on bir sany pürs, iki- üç desse gargy-gamyş gerekdi. Emma çukur onuň bar wagtyny alýardy.
Mergen çukuryň ikinji hüjresindenem geçipdi. Indi bu çukuryň ahyryna çykmaga bary-ýogy on bäş- ýigrimi ädimrek galypdy.
Ol iş edinip bu çukury ölçedi. Onuň boýy ýüz ädimboldy. Ini, çukuryň gyrasyndaky hüjräni hasap etseň, altmyş ädim boldy. Olary hasap etmeseň, onda elli ädimden gowurakdy. Munça meýdan az-küş ýer däldi. Umumy hasap edeniňde, ýigrimi, ýigrimi bäş sottuk mellek ýeridi.
Mergen niýetini daşyna çykaryp ýörmese-de, bu çukuryň aşagyna düşelen bişen kerpiji aýryp, ony mellek etmekçidi.
-- Ýorunja ekerin, mekgejöwen ekerin.Gyrakky „hüjrelerde” goýun, sygyr saklaryn. Ot-iým bolsa, suwly ýap gapdalymdanakyp dursa, birneme janyma dözsem, barysy gül ýaly bolar. Ol çukuryň topragy aýrylmadyk bölegini ýene-de ölçäp gördi.Soňra göz çeni bilen hasaplaý- hasaplaý, gaýtadan ölçeý-ölçeý, ahyr soňunda galan ýeri on günüň dowamynda, eddil ýigriminji awgusta çenli arassalap bolar diýen berk netijä geldi.
-- Zyýany ýok, okuw başlanýança müň ýerden gutarýan, nesip bolsa!
Ol öň çukury ýigriminji awgusta çenli tamamlap, okuw başlanýança jaýynyň üstüni ýapyp, içine girerin diýip niýet edýärdi.
Zyýany ýok, indi az galdy. Esasy işler edildi, galanyna-da ýetişerin.
Mergen soňky üç günde özüniň hakyky güýç-gaýratyna gelenini ýagşy duýdy. Açyk, diýseň şypaly howa, agyr işde derläp-derläp işlemegi, günde üç wagtyna sowuk suwa düşünip, yzyndan oňat naharlanmagy, onuň işdäsini ýagşy açypdy. Gollarynda, aýaklarynda kuwwatyň daş ýaly çiginleri emele gelip başlapdy.

Ol ilki-ilkiler demini alman zordan altmyşa çenli sanap bilýärdi. Şu gün ertir bolsa ol demini alman, üç sapar, üç ýüze çenli sanady. Munuň özi indi Mergeniň öýkenininiň arçalandygyny habar berýärdi. Mergen öňler öýkeninden gaty gorkýardy. Indi onuň keýpiçaglygy öýkenininiň arassalanandygyndan hem bolsa bolýandyr.
Ol öten agşam gaz pejiniň aşakky gözünde iki sany gatlakly çörek bişirdi. Günortan gowurdakly çorba bişirip, çörek dograp, onuň üstüne çorba guýup iýdi.Yzyndan goýaldylan süýt bilen gök çaý içdi. Soň azajyk dynç alyp çukurda işe başlady.
Häzir gün batyp barýardy. Mergeniň çeni boýunça Berdi daýy bilen Gara daýynyň haýsydyr bir oturylyşyga tirkeşip geçmeli wagty boluberipdi. Mergen çukurdan çykyp, çaý goýdy-da, duşa girdi. Hyýaly günortandan galan çorbany gyzdyryp, ýagly gatlakly dograp, üstüne guýup iýmekdi. Ol duşdan çykanda Annabike daýzanyň işikde elewräp duranyny gördi. Ol içeri bakan gygyrýardy.
-- Ýegen, aý ýegen-ä!
Mergen bärden baryşyna:
-- Salawmaleýkim, daýza—diýdi.
Garry oňa bakan gaýtdy.
-- Ýegen jan, sen bärdemidiň?
Mergen begendi.
-- Daýza, geleniň gowy bolaýdy. Gel, bileje çaý içeli. Meniň senden soramaly zadymam bardy...
Garry howlukdy.
-- Men çaý diýmäýin, ýegen jan. Meniň demgysma dermanym baýapdyr. Çalabek aşak gitjek bolýar. Şoňa „derman getirip ber” diýjek bolýan. Bar bolsa, maňa bir üçje manat ber ýegen jan...
Mergen içeri girip pul alyp çykdy.
-- Daýza, bu obada gargy-gamyş satýan adam ýokmydyr? Men indi bu jaýymyň üstüni ýapmaly. Öňündn satyn alyp goýaýjak bolýan.
Garry puly aldy-da oýlandy:
-- Ýegen jan, ýokarky obalarda bolmasa, aşakky obalarda gargy näme işlesin, gamyş näme işlesin.—diýdi-de, öýüne bakan ýorgalap gitdi.—Ol gidip barşyna:--Bu ne balaň ysssysy, demiňi soguryp barýar-eý, janyňy alyp barýar-eý!
Mergen çaýyny, çöregini sekiniň üstüne çekip, öleňlikden kürsäp duran eşretli şemalyň gujagyna özüni berip, howlukman iýip, içdi.
Çyralar ýandy. Ol Berdi daýy bilen Gara daýynyň aşak däl-de, ýokary barýanlaryny gördi. Ýöne oňa kän bir ähmiýet bermedi.
Çaý, nahardan soň Mergeniň gurbaty açyldy. Ol çukura düşüp, öň hiç mahal azap çekmedik ýaly, uly hruç bilen işläp başlady. Onuň göwnüne, indi gumy iki bedreläp daşyna çykarmak has ýeňil göründi. Ol öýdäki, ejesindan galan uly çuwal haltalaryň birini boşadyp alyp geldi.
Bir wagtlar ýüň bilen nah garylyp elin dokalan bu halta ýedi bedre gum sygdy. Indi bir sapar gatnanyňda ýedi-sekiz bedre gumy daşyna çykaran ýalydy. Elbetde, ol gaty bir ýeňilem däldi. Ýöne Mergeniň özem öňki Mergen däldi Ýöne ol häzir dok garnyndan azajyk howatyr etdi. Ylgap baryp içeri girdi-de, ejesinden galan

köneje ýüň ýaglyk bilen bilini çekip guşandy. Şondan soň edil bir iner ýaly işläp başlady. Ol çukurdan çykyp, ýuwunyp gelýärkä, Berdi daýy bilen Gara daýynyň edil agyr ýükli otly ýaly bolup, çaýkanyşyp zordan gelýänlerini gördi. Tutuş oba bolsa süýji ukudady.
Mergen ýerine geçensoňam ýatyp bilmedi. Gözüniň öňüneOguljanyň didary geldi durdy.
--Näme, Oguljan!—diýip, Mergen özbaşyna pyşyrdady.
-- Arma-da—diýip Oguljan ýylgyrdy.
-- Sag bol.
Oguljan burnunyň gapdalyndaky peşehorda yzyny külembikesi bilen sypalady.
-- Mergen, gaty ýadamaweri.
Mergen başyny ýassyga oýkady.
--Men indi gowy-la. Okuw başlanýança dynaýjak bolýan welin, öz-ä agyrrak.
Oguljan onuň ýüzüne sowally garady.
Mergen sen indi hakyt mekdebe işe gitjekmi?
Mergen baş atdy.
-- Nesip bolsa, diňe mugallymçylyk!
Oguljan aý ýaly ýüzüni çytdy.
-- Iliň-ä iň nejis görýän zady mekdep, mugallymçylyk.
Mergen dözümli pyşyrdady.
--Men il däldirin, meniň öz ýolum, öz maksadym bar, Oguljan. Şol ýoldan meni dönderip biljek adam ogly bolmaz.
Oguljan öýkeli düýrükdi.
-- Aý, bolýa-da.
-- Dur, nirä?!
Mergen elini uzatsa ýetjek bolup duran goýy, gök asmana seredip, nädip uka gark bolup galanynam duýman galdy.
Ol Oguljanyň yzyndan ýetdi.
-- Sen näme, menden gaty gördüňmi, hoşlaşman gaýdyberdiň-le!
Oguljan indi özüne kän bir meňzäp baranokdy. Ol Mergene sowuk seretdi.
-- Bilýäňmi, men saňa bir zat aýtjakdym. Ýöne häzir ýeri däl.
Mergen „Aýdyber, aýdyber” diýjek boldy. Ýöne şol wagt olar niredendir bir ýerden gelýän süri-süri adamlaryň arasyna düşdüler. Mergen şol garma-gürmeligiň içinde Oguljany ýitirdi. Mergen şunça azara galyp, öýme öý, obama-oba agtarsa-da Oguljany hiç tapmady. Ol mekdebe geldi. Şol wagt jaň kakyldy. Mergen tisginip oýandy. Ol jaň mekdep jaňy däl-de, sagat dörde düzüp goýan sagadynyň jaňy eken.
Mergen ur-tut ýerinden turup, az-kem maşyk etdi-de, soň duşa düşünip ýagşy ýuwundy. Soň sekiniň üstüne geçip, demini alman, üç ýüze çenli sanady. Az-kem demini dürsäp, düşege gyşardy-da, ýüzüni asmana tutup, dört ýüze çenli sanady.
-- Bäş ýüze çenl sanap bolsady!
Ol ýeňillik bilen turdy-da baryp, çukura girip, hyjuw bilen işläp başlady.
Belent sütüne berkidilen çyranyň ýagtysy tutuş çukuryň içini gündizlige öwürip durdy. Öleňden akyp, çukura kürsäp urýan şemalda janyňa eşret beriji melhem bar ýalydy. Ol piliniň gapdalynda ýatan ýüň ýaglygy alyp bilini berk guşady. Häzir

onuň işledigiçe işläsi gelýärdi. Säheriň howasy sergindi. Şypalydy. Asyl, ol howanyň aşakky jülgeden akyp gelýän ugry hem buldurjyrap, bildirip durdy.
Mergen ýaly sergin howanyň tenekarlygyna doga zar bolup, onuň tenekarlygyny ýaňy duýup ugran ýaş ýigit üçin häzir ganat baglap uçsa-da az görünýärdi. Şonuň üçin ol häzir oturyp, ýa ýöräp işlemän, ganat baglap, uçup işleýärdi.
Bu köneje çuwal Mergeniň güýjüne, hyjuwyna bap gelip durdy. Ol şol çuwaly her sapar dolduryp, çukuryň daşyna çykaryp dökende, çykan topragy görüp, ýigidiň göhi gelýärdi. Çukur ädim-ädimden, metr-metrden arassalanýardy. Mergeniň pili indi altmyş-ýetmiş ýyl bäri ynjadylman ýatan bişen kerpije degip, ses edende, ýaş ýigidiň göwni galkynyp gidýärdi.
Ol oglan ýer gemren diýselerem, hakyky ýer gemren eken. Oňa atadan käýýän ýok, eneden igenen ýok, küýli ýaly, özbaşyna düňderilip işläp ýör.—diýen ýaly gürrüňleri Mergen öz jan ýaly daýzasyndanam, bu ýere çukur görmäge gelenlerdenem telim gaýta eşidipdi. Şonuň üçin onuň bu çukury tizräk arassalap dynasy gelýärdi.
Ol Gün dogýança öýüň içi ýaly ýeriň gumuny, dersini arassalady. Soň çukurdançykdy-da, gapysyny açyp, gazpeçde çaý goýdy-da ýuwunmaga gitdi.
Ol duşdan çykanda sekiniň gyrasynda oturan ýaşulyny gördi.
-- Salowmaleýkim!
Ýaşuly ol golaýyna geliberende ýerinden turdy.
-- Waleýkim, gurgun gezip ýörenmisiň?
Şükür!—Mergen oňa mürehet etdi.—Agam, geçiň, bile çaý içeli.
Ýaşuly sekä geçip, ýüzüni gaýralygyna tutup oturdy. Mergen bu ýaşulynyň gansyz ýüzüne, köseräk sakalyna, ýöne bir çogdum bolup duran sakalsapysyna pikirli seretdi-de, içeri girip, çäýnekleri demledi. Soň orta saçak ýazyp, käse, iýer-içer ýaly zatlary alyp geldi.
Meni tanamadyňmy?!—diýip, ýaşuly, Mergeniň aýagynyň aşagyna sereden bolup gülümsiräp sorady. Onuň ýylgyrşynyň astynda kinemi, göwnüýetmezçilikmi, birhilije, düşnüksizje alamat bar ýalydy.Ýöne Mergen oňa kän bir üns berip durmady.
-- Özüň-ä görlen adama meňzeýeň-de, ýöne hiç ýadyma düşürip bilemok. – Ol elini silkdi.—Häzir tanyş bolubereris.
Ýaşuly öňünde goýlan çäýnegi gaýtarman zat etmän, käsesine çaý eňterdi.
-- Ejeň aýtmanmydy?
Mergen pikirli başyny ýaýkady.
-- Aý, ýok, aýdan bolsa-da, häzir ýadyma düşenok.
Ýaşulynyň halsyz ýüzi öňküdenem agardy.
Alyň, iýip-içip oturyň.—dipip, ol ýaşulynyň öňüne goýaldylan süýt, gatlakly çörek, gowurmaly gap süýşürdi.
-- Mem Şemi!—Ol Mergeniň ýüzüne dikanlady.—Tanamasaň, tanap goý. Men seniň ejjeň birinji äri. Onuň gyzlygyny özüm alandyryn.
Mergen ýere garady.
-- Men bilemok. Ejemiň dädemden öň durmuşa çykanynam ine, birinji sapar eşidip otyryn.
Ýaşuly minnetli gürledi.

-- Bilmeseň, bilip goý. Men seniň ejeňi gyzlygyna heleý edip aldym. Soň seniň tentek dädeň dagy şu ýere atlara seretmäge geldi.Bir görsem şolar bilen guýruk tutdy oýnaşyp ýör, ejeň. Menem öýe salyp, suwasalma ýençdim-de, talagyny berip, kowup goýberdim. Şeýdibem, seniň tentek dädeňe heleý boldy, ol gyrnak. Bar dogranam bi sen bolduň. Ilki dädeň öldi, ejeň bagçylyk sowhozyna göçüp gitdip, o ýede-de Aman jaj diýenine bardymy, ýa barjak boldumy, onçasyn-a bilemok, ýöne, soň özem-ä ölüp- ýitip gitdi.—diýdi.
Mergeniň ýüzi sallandy.
Şony aýtmaga geldiňizmi?
Ýaşuly mys-mys edip, içýakgyç güldi-de, elindäki boş käsäni düňderip, saçagyň üstüne taşlap goýberdi. Soň bir topbak bolup duran sakalsapysyny titredip, daşyndan arkaýynsyrap, käseden boşan elini çukura bakan uzatdy:
-- Bi ýeri, näme, mellek zat etjek bolýaňmy?!—diýdi.
Mergen käsesineep-eslije gant atyp, üstüne gyzgyn çaý guýdy. Soň garbanyp oturşyna:
-- Heniz-ä näme etjegimi bilemok. Şu lal dädemden , ejemden galan köne mülk. Men Aşgabatdan gelsem, bu çukuram obanyň ortasynda , meniňem edil işigimde, dünýä porsy berip ýatan hennek bolup dur. Munuň porsusndan, çybyn-çirkeýinden ýekeje salym durar ýaly däl. Menem halys çydaman, häzir-ä arassalap otyryn, arassalap bolanymdan soňam, mellek etmelimi, mal ýatak etmelimi, howdan etmelimi, görübermeli bolar-da. Oglanlar-a futbol oýnar ýaly meýdança edeliňem diýişýärler.
Ýaşuly içine giden akçyl gözlerini alartdy.
-- Kolhozdan ursgadyň barmy?!—diýdi.
Mergen çaýyny howlukmaç owurtlady.
-- Näme, ýyllar boýy porsap, äleme ys berip duran hapa çukury arassalamaga-da kolhozdan rugsat gerekmi?!
Ýaşuly gözlerini ýakymsyz agdardy.
-- Oklan, sen jaýam gurup otyrsyň-a, Bu çukury mellek etjek bolsaň, öz-özüligiňe etmersiň ahyryn.
Mergen uludan bir dem aldy. Onuň dünýesi giňäp gitdi.
-- Entek jaýam gurlanok, çukuram arassalanylanok. Gaharym gelse, bulary taşlar giderin-de, hol aşakky öleňlikden mellek alar-da jaý gurubererin.
Ýaşuly elini silkdi.
--Sen bary bir ir-u-giç bu ýerden göçmeli bolarsyň.
Mergen Annabike daýzanyň özlerine tarap eňterilip gelýänini gördi.
-- Bu ýeri öňden men belläpdim. Kolhozdan ursgadym bar. Barybir, ertir aşakdan milisge, buldozýor getirip, jaýyň- saýyň bilen şu çukura gapgardaryn. Sen şony eşitdim, eşitmedim diýme.
Ol adam hasyr-husur turup, gündogarlygyna gitmek bilen boldy.
-- Ol ýeksurun näme diýip gelipdir, ýegen”—diýip, garry heniz sekä ýetmänkä, demi-demine ýetmän atygsyp sorady. Soňam şol bady bilen gargynyp başlady.—Ol bir ýurt ýykan bolgusyz-a, Getirme golaýyňa, diňleme gepini. Ylahym, şol bir öýünde ölüp, dulunda süýnmesedi. Sona gyzyýamy öldürenem şol meýdi

ýanmyşdyr. Bolgusyz gep-gybat ýaýradyp. Haý, seniň ak girse-de,aň girmedik ýaşyň kesilsin...
 Daýzasy aýtmanynda-da, Mergen ol adamyň ýagdaýyna düşünipdi. Şonuň üçin sesinem çykarmady. Ýaňky ýaşulynyň taşlap giden käsesini çaýkady-da, çaý guýup, garra uzatdy.
-- Hany, daýza, bir käse çaý iç. Näme, her kim öz matlapjygyny aýtmaly-da. Aýtdam, gitdem...
Näme diýdi?
Näme diýsin."Çukur meniňki. Men ony özüme mellek etjek diýdi. Bi jaýy ýykyp, onuň ýerine ogluma jaý saljak „—diýdi.
-- Sen näme diýdiň?
-- Menem „Bolar ýaşuly, gutlaýan, haçan jaýy ýykjak bolsaň, buldozeriňi getiriber, men içerdäki goşlarymy daşary çykaraýaryn" – diýdim.—Bary bir aşakky öleňlikden mellek alyp, jaý saljak bolup ýördüm—diýdim.
-- Oňarmansyň, ýegen jan, olar ýaly meýde, „Belanyň gatysyny alarsyň" tur, ýok bol şu ýerden diýmeli ekeniň.Ýer ýerine belanyň gatysyny alsyn. Sen almasaň, men aljak. Hana, Çalabege mellegem gerek, jaýam gerek. Ýöne, şoňa welin, ýerem ýok, mellegem!—diýip, garry jyzyrdady.
Mergen ýylgyrdy.
-- Dogry , daýza?
 Garry jaýlaşykly oturdy.
-- Ýegen jan, ol meýdi ýanan seniň gündogar goňşyň-a! Ol bu çukury arassalajak bolsa, onu mellek etjek bolsa, bu wagta çenli nirelerde gezipdir? Onuň şol garyp tünegini galdyranyna ýigrimi ýyldanam köp wagt geçdi ahyryn. Ol şo jaýy guranda-da, şu çukur aňkap durd-a!Ol ýeksurun şunça ýyllap gözli kör bolup. Bu gün ol çukur gül ýaly arassalanyp durka, batyl gözleri açylaýypmy?!
Mergen daýzasyna garşam gitjegem bolmady, ony makullamadam. Ol ispolkoma mundan ýigrimi gün öň „Şu çukury mellek ýer beriň" diýip, ýazan arzasyny ýatlady."Şony tassykladyp alyp goýmaly". Eger meniň mellek ýeri baradaky hatym bolsa, hiç kim meniň golaýyma gelip bilmez."
Mergen omyn edip, saçagy ýygnaşdyryp başlady.
-- Daýza, men bir raýon merkezine baryp geleýin"—diýdi.—Azygym azaldy.Bazara degip gaýtjak...
Mergen geýinip ýola çykdy. Oba arasynda gatnaýan awtobusa münüp, heniz sagat dokuz bolmanka ispolkoma ýetdi.
Maral Meňliýewna raýkoma gitdi, sagat üçlere geler!—diýip, sekretar gyz aýtdy.
--Men mellek üçin arza beripdim, şonuň ýagdaýyny bileýin diýip gelipdim.
Sekretar gyzyň hor ýüzi, gözi gara ýanyk, misli zyndandan gaçyp gelen gul ýaly adam bilen gepleşesem gelmedi.
-- Men bilemok, başlygyň özünden sora—diýip, gyňyr jogap berdi.
Häzir Mergeniň keýpi, ruhy belentdi. Ol tomsuň jöwzasyna özüni bermän, salkynjak saýada özüne timar berpjik ýören bu garagözeljik gyz bilen gürleşenini kem görmedi.
-- Bagyşla, seniň adyň näme"
Öňem ýüzüni- gözüni çytyp oturan gyz Mergene ýigrenç bilen seretdi.

-- Meniň adym bilen näme işiň bar?Bar, gümüňi çek.Ýogsa, milisäni çagyraryn, bu ýigrenji  ýer çeken nämäňki gyz.—diýip, ýüzüni kese sowdy.
Mergen sesini çykarman,  jaýdanam, howludanam çykyp,  partiýanyň  raýon komitetine bakan gitdi.
Mazaly, Maral Meňliýewnanyň özi  işine bakan pyýadalap gelýän eken.
-- Salawmaleýkim, Maral Meňliýewna!
Ol aýal ýaş ýigidi tanamady.
-- Salam, men seni tanamadym—la!
Mergen   yssa ýanan gap-gara gözlerini, ýssa çala çyzylýan gözlerini çala ýyldyratdy.
-- Men Mergen Ataýew, şu ýyl uniwersiteti  tamamlap geldim. Maňa gapymyzdaky hapa çukury mellek edip beriň. Jaý gurmaga rugsat beriň” diýip mundan ýigrimi gün öň ýanyňyza gelipdim. „Men ýetim, hiç kimim ýok” diýibem aýdypdym.
Maral Meňliýewna başyny  atdy.
-- Indi tanadym. Sen onda şol Mergen-dä. Mergen ýer gemren bolduňmy!
Mergen boýnuny sallady.
--Meniň arzam nähili boldyka?!
-- Çözdüg-ä, Ýeriňem alyber, jaýyňam guruber. Indi seniň golaýyňa baran bolmaz.
 Mergen özelendi.
Maral Meňliýewna, gaty haýyş edýän,  ispolkomyň karary maňa juda zerur, şony maňa beriň. Men häzir bar işimi taşlap siziň ýanyňyza geldim.
Maral Meňliýewna Mergeni dabanyndan depesine çenli synlady.-da:
-- Mergen Ataýew, sen näme işleýäň. Ýaman horlanypsyň-a. Özüňe beýle agram salma.. Birneme dynjyňy al.yp, wagtly-wagtyna iýip, içmek gerek.—diýdi.
Şol  karary berseňiz, size söz berýän, indi dynç aljak.
-- Aslynda, özüň näme işleýäň?
Mergen hor, damarlary çykyşyp duran boýnuny sypalan boldy.
-- Häzir şol işigimdäki porsy çukury arassalaýýan. Bolmasa, porsusundan  oturar ýaly däl.
Jaýam gurýan ekeniň-ä,  kerpiç guýup.
Mergen başlyk aýalyň ýüzüne ynamsyzlyk bilen seretdi.
-- Heniz o jaýyň işi kän-le...
Maral Meňliýewa ýöräp ugrady.
-- Sen indi azara galma, men   şol arzany şu gün saňa gowşurar ýaly ederin.
Mergen bu aýala ynanmady, ýöne onuň yzynda ylgap ýörmegem birhili görüp, ýüzüni sallap, bazara bakan gitdi.
Bazar boşap ýatyrdy. Beton tagtalatyň üstünde, üzüm, alma bar bolsa-da, olary adamyň ýüzüne tutar ýaly däldi.
Ol ýumurtga satyp oturan  garryja aýalyňýanyna geldi.:
-- Näçeden, daýza?
 Garryja aýalyň  bedresiniň içinde sähelçe ýumurtga galypdy.
Howlugýan, baljan, baryny bir manada alagaý.
Mergen on üç ýumurtgany bir manada  satyn aldy. Soň  azyk dükanyna girip , bir kilogram kolbasa  satyn aldy. Soň oba gaýtdy.

## 7.

Mergen gijesini gündiz edip işleýärdi. Çukuryň içindäki toprak barha azalýardy. Indi bir hepdedem, Mergen raýon merkezine gatnap başlamalydy. Raýispolkomdan karar gelmese-de, onuň bu çukuryň öz mellegi boljagyna ynamy bardy.
Ol bu gün günortanlygyny edinip, aldygyna işledi. Bir aýyň dowamynda gije-gündiz diýmän işlänsoň, Onuň bedenem, tutş süňňüdir,ýürek-bagram agyr işe werziş bolup galypdy. Ol ýadanokdy. Ýaş ýigidiň ähli maksady çukuryň ähli gumuny ýigriminji awgusta çenli daşary çykarmak baradaky niýetejemlenipdi. Emma onuň diýeni teý bolaýanokdy. Çukuryň ýene azyndan ýigrimi günlük işi bardy. Mergen oňa-da gynanyp baranokdy.
„Nesip bolsa, Täze ýyla çenli jaýymy basyrsam, çukury arassalap, onuň düýbündäki kerpiçleri gazyp alyp, daşyna çykarsam bolar. Täze ýyla çenli, bary bir, çukura hiç zat ekip bilmerin-ä. Ýylyň ahyryna çenli bolsa, heniz ýüz ýigrimi gün bar, sentýabrdan hasap edeniňde...” diýip, ol öňünden belläp goýan serhedini, bu gün azyrajyk yza çekdirip goýdy.
Ol şähtiniň barha açylýanyny duýdy. Göwrümi giňäpdi.Edil şol wagtam ol işigine gelip saklanan maşynyň sesini eşidip, çukurdan çykdy. Onuň gapysyny biri kakýardy.Mergen oňa garşy ýöredi.
Salowmaleýkim! Men bärde.
Gapyny kakyp duran kelte bolýly, garynlak, gap-garaýüzli adam bärisine bakdy.
-- Şu jaýda sen ýaşaýaňmy?
Mergen başyny atdy.
-- Şu jaýda sen ýaşaýaňmy, jogap ber?
-- Hawa, men ýaşaýan.
Bu özüne gelişmeýän milisioner eşikli adam oňa azgyrylip gepledi.
-- Sen ýaşaýan bolsaň, hany, dokumentleriňi görkez, men barlajak.
Mergen gapynyň gulpuny açyp, içeri girdi-de ýene daş çykdy. Aňyrdan Mergeniň näme diýerini aňtap duran Şepi aga oglanyň golaýyna süýşdi.
-- Häzir-ä meniň pasportym ýok!
-- Näme üçin ýok bolýar?—diýip milisioner gap-gara ýüzüni hasam hyrsyzlandyryp sorady. Gapdaljykda duran Şepi aga eliniň aýasyny aýasyna şarpyldadyp urdy.
-- Açjy jan, men aýtdym-a, munda ne ýaşamaga dökuwmant bar, ne-de beýleki. Asyl, ol serhet etraplarynda diwersant, içaly bolup ýören bolsa bildiňmi?!
Milisioner oglan ýaşulynyň gepinden beleň alyp, Mergeniň egnine batly kakdy.
-- Hany, pasportyň?
Mergen gowşady.
Pasportymy içeri işler bölümine ýazgy etdirmäge beripdim.
-- Näçe gün boldy—diýip, milisioner azmly sorady.
-- Şu gün ýigrimi gün!
Milisioner öjükdi.
-- Sen-ow, pylança gün bolandyr diýen bolup maňa eliňi silken bolma. Men başga zadyňy bilemok. Häziriň özünde getir pasportyňy.
Mergen baş atdy.

-- Şu gün baryp alyp gaýdaryn.
-- Ýalan sözleýýe.—diýip, Şepi aga gapdaldan goşuldy.—Seni aldaýýa. Häli görseň, munda döküwmenden ýokdur, beýlekem. Meniň mellek ýerimem hiç bir edaradan ursgatsyz eýeläp otyr by. Şunuň bolup ýörşi hiç bir zäkuna syganok., Atjy jan!
Milisioner bu gepe üşerildi.
-- Hany, mellek ýere rugsat hatyň barmy?
Mergen"Raýon ispolkomy" diýip diýmänkä, milisioner kakynly ýaly gygyrdy.
-- Bes et diýýän men saňa, barmy rugsat hatyň, ýa-da...
Mergen duýdansyz gykylyga tisginip gitdi.
-- Häzir-ä ýok!
Milisioner jöwzaly yssydan gahardan gazanyň garasyna dönen ýüzüni hapa eliniň arkasy bilen gaharly süpürdi.
-- Onda men „pasportsyz ýaşaýar, kişiniň mellek ýerini rugsatsyz eýeläp, jaý gurup otyr" diýip, akt ýazjak. Soň bolsa gopjyňy arkaňa daňyp, raýonyň araçäginden güňmüňi çekip, çykarjak.
Ol baryp sekiniň gyrasynda aýagyny sallap oturdy-da, ýan sanajyndan kagyz, ruçka çykaryp, ýazmaga oturdy. Ol hata dümtünen bolup, ep-esli oturansoň, ýerinden turdy.
-- Onda eşidiň.—Ol öz ýazan hatyny gözlerine golaý tutup okap başlady:" Garrygala raýonynyň aşakky Garaganly obasynyň ýaşaýjysy, uruş we zähmet weterany, şu obanyň sylagly ýaşulusu Şepi Remezan 1975-nji ýylyň 20-nji awgustynda raýon içeri işler bölümine ýazan arzasy uçastok inspektory Atjy Ybraýymow tearapyndan barlanyldy we arzada görkezilişi ýaly, hakykatdan hem Mergen Ataýew raýonyň degişli edaralaryndan rugsat haty bolmasa-da, Ş. Remezan oglunyň mellek ýerini özbaşdak eýeläp, ol ýerde bejeriş işlerini geçirip, jaý salyp başlapdyr.
Barlag mahalynda MergenAta oglunyň serhet raýonyna ýazgysynyň ýoklugy, aslynda bolsa, onuň pasportynyň hem ýoklugy ýüze çykaryldy.
Şu akt günäkäriň we arzaçynyň gatnaşmagynda 1975-nji ýylyň 23-nji awgustynda ýazyldy. Gollar:"
Ol ýaşula baş atdy.- Daýy, gel, goluňy çek!
Şepi aga milisioneriň ýanyna ýeňillik bilen bardy-da, gorkezilen ýere goluny goýdy. Milisioner ýaşulynyň gulagyna nämedir bir zatlary pyşyrdap durşuna Mergene dözümli garady.
-- Gel-ow, senem goluňy çek—diýdi.
Mergen onuň ýanyna bardy-da:
-- Men golumy çekmäýin—diýip, ýumşaklyk bilen aytdy.
--Çekjek däliň bolmaz., meniň, seniň bilen hallaň-sallaňlaşyp otuyrmaga wagtym ýok. Äziriň özünde goluňam çek, şu ýerden gopjyňam al-da, göteril. Mergen daş-töweregine birlaý göz aýlady. Görse, goňşulary, Berdi daýy, Gara, hälki buldozerçi ýigit, tanyş, nätanyş adamlar gapdalrakda „indi näme bolarka" diýýän ýaly, hümerlenişip durlar.
-- Sen uçastok inspektory bolsaň, menem bir diňle—diýip, Mergen öz ýagdaýyny düşündirdi.—Ýene bir hepdeden meni nirä işe goýjakdyklary baradaky mesele

çözüljek. Belki, yzyma, Aşgabada gitmeli bolaryn. Şonuň üçin men siziň akt-protokolyňyňza bir hepdeden soň gol çekeýin...
Uçastok inspektory haýbat bilen Mergene topuldy.
-- Sen ýuwusga ýaly bolub-aý, indi hökümet wekilini oýnajak bolýaňmy? Goluňy häzir çek-de, bar gabra git.
Mergen boýun gaçyrdy.
-- Ýok, bir hepde gaýrat edersiňiz.
Milisioner ýigidiň gözleri ýandy.
-- Eý, dur-rak, sen gowja bol-eý! Häzir ol guran jaýyň-a buldozer bilen ýykdyrýan. Şol çykaran gumyň barynam häziriň özünde yzyna gapgardýan. Özüňem, uçastok inspektoryna garşylyk görkezeniň üçin, äkidip gabaýan. Onsoňam bir etjegim bardyr. ...
Mergen içinden bu ýigidiň aýdýanlaryny göz öňüne getirdi. Köýse, onuň bir aýlyk azaby köýjekdi. Ýöne ýaş ýigidiň öz mertebesine çirk ýetirdesi gelmedi. Olam haýbat atyp başlady.
-- Eý, sen milisener, hany, sen şol jaýa, şol çukura barmajygyňy baty, göreýin. Menem häziriň özünde raýkoma baryp, pogonyň dan dyndaryp, seni ýok etdirmesem, atamyň ogly bolmadygym. Men seniň şu adamdan para alandygyňam onuň seniň golaý garyndaşdygyňam, ol adamyň meniň ýerime rugsat hatynyň ýokdugyny bilseňem bilmediksireýändigiňi gatyr gowy bilýän.Özüňem, „men obaňyzyň inspektri” diýip, görenden para alyp ýörsüň. Meniň on sany şaýadym bar. Olaryň baryny raýkoma alyp barýan häzir. Ondan başga-da seniň parahor, zulumkeşdigiň barada ýüz adama gol çekdirip, Ýoldaş Gapurowa, içeri işler ministrine, obkoma, raýkoma arza iberjek. Men seniň bagtyňy ýatyryp, gözüňi türmede açdyrmasam, sen meniň ýüzüme tüf diýäý. Sen meni entek tanaňok.
Uçastok inspektorynyň agzy uçuklady. Ol hakykatdan hem, üstünden ýazylan arzalar sebäpli, iň soňky käýinjiniň üstünde otyrdy. Ol indi Mergen bilen gygyryşjagynam, ondan ötünç sorajagynam bilmedi.
-- Şu ýerde kimde telefon bar. Men häzir narýad çagyryp, seni edişime seret—diýen bolmadan başga alajy galmady.
Edil şol wagt aşak tarapdan üsti çadyrly maşyn gelip, Mergeniň işiginde, buldozýoryň gapdalynda saklandy. Ondan Maral Meňliýewna bilen şol maňlaýy sakar adam çykdy.
-- Ataýew nirede ýaşaýar?—Mergene gözi düşensoň hem:-- Mergen, sen şu taýda ýaşaýarmyň?—diýdi. Olar tirkeşip, çukura bakan ýöneldiler.
-- Hany, şol çukury bir görkez bize.
Mergen olara goşulyp, çukuryň daşyndan aýlandy.
-- Sen-ä muny oňaraýypsyň. Indi muny näme etseňem bolup dur.—Başlyk Mergenden ötünç sorady.-- Bagyşlarsyň-da, ispolkomyň kararyny diýen wagtym getirip bilmedim.—Ol aýal sumkasyndan bir bölejik kagyzjyk çykard-da, Mergene uzatdy.—Nesip etsin.
Içeri işler bölüminiň başlygy maýor Guzuçyýew hem baş atdy.
-- Pasportyňam ýatandyr, şonam çaltyrak alyp gaýt.
-- Ýazgy bir edildimikä?—diýip, Mergen bir gyrada müzzerilip duram uçastok milisionerine seredip sorady.

-- Sen öz obamyzyň oglan-a. Onsoňm raýonymyza ýörite iberilen ýaş spesialist. Bir wagt ýazgy edildiň-ä. Ýöne beren wadaňy ýadyňdan çykarmagyn. Ýeriň durandyr...
Maral Meňliýewna ullakan gşzlerini petredip, ýoldaşyna garady:
-- Bäşim Guzuçyýewiç „ýeriň durandyr" diýen bolup, Ataýewe näme diýjek bolýaň?
Maňlaýy sakar pyýada mylaýym ýylgyrdy.
--Ýok, ýok, başga zady pikir etmäň, başlyk. Işe aljak bolýan-daýt.
Maral Meňliýewwna hasam geňirgendi.
-- Menem şony diýjek bolýan-da. Onuň ýeri biziň edaramyzda-da taýýarja dur. Ýöne bilim bölümi „iki ýyl tejribe gerek" diýensoň ýaş oglana el urman otyrys.
Guzuçyýew boýun sunujylyk bilen baş atdy.
-- Düşdüm, düşdüm, başlyk. Ýöne gaty arassa, sowatly diýip öwensoňlar işgärlerimiziň üstüni sowatly kadrlar bilen dolaýjak bolýan.
Maral Meňliýewna Guzuçyýewi burça gabamasyny goýmady.
-- Näme, arassa, sowatly kadr size gerek bolanda ispolkoma „ halal däl, sowatsyz kadrlar gerekdir öýdýäňzmi, halys indi?! Bize-de Ataýew ýaly gowy adamlar gerek. Bizem Ataýewi öwrenip ýörüs.
-- Düşdüm, düşdüm!
Gapdalda özüni haýsy deşige urjagyny bilmän. aljyrap duran uçastok inspektory bularyň öňünden alakjap çykdy.
-- Sen bu ýerde näme işläp ýörsüň—diýip, sakar pyýada oňa azgyryldy.
Milisioner ýigit kekeçläp:
-- Ýoldaş maýýor, men oba ýerinde iş geçirýän—diýdi.
-- Nämäniň işi?
--Arza, arza, ýeme, ýoldaş maýýor!
Maýor öz işgärine serhoşdyr öýtdi.
-- Ugra, şu ýerden. Edara bar-da garaş maňa. Oba ýerinde näme iş geçirýäniňi men seniň gözüňe görkezerin.
Ol ýeňsesine çalynan oglanjyk ýaly bolup, nirädir bir ýerlere ýom-ýok boldy.
Maral Meňliýewa işikde duran buldozere seretdi.
-- Mergen bu boldozer bilen näme etjek bolýaň?-- diýdi
Mergen Şepi aganyň ýüzüne seretdi.
-- Goňşular alyp gelipdirler, meniňki däl.
-- Bolýar, onda, sag boluň. Okuwyň başlansa meniň ýanyma bir bar.
Olar hoşlaşyp, maşyna münüp gitdiler.
Mergen gapdalda sömelişip duran ataly-ogula mürehet etdi:
-- Öýden oturalyň, goňşular, çaý bereýin!
Şepi aga närazy ýüzüni sargardyp, öýüne bakan düňderilip gitdi. Ogly bolsa, tä garaňky düşýänçä buldozeriniň töwereginde köwejekledi ýördi.
Mergen gapysyny gulplap, tä gijäniň ýaryna çenli çukurdan çykman, zarp bilen işledi. Ol halys ýadandygyny duýup, çukurdan çykdy. Yraň- daraň bolup, sekiniň üstüne özüni goýberdi-de, düşegen salynman, guş ýaly bolup, uklap galdy.
... Ol bagy- bossanlygyň içi bilen sallanyp barýan Oguljany gördi.

--Men saňa bir zat aýtjak diýdim-ä -- diýip, Ogýljan yzyndan ýeten Mergene gysmyljyrdady. Mergen uýalyp, töweregine ynjyly garady.
-- Oguljan, indi beýtme. Sen biriniň gelni. Il-gün görse näme diýer?
Oguljanyň ýüzüne gara bulut çöken ýaly boldy.
-- Gowusy, men saňa gowy habar aýdaýyn.-- Oguljan Mergeniň ýüzüne pikirli bakdy.
-- O nähili gowy habar?
Mergen uçaýjak boldy.
-- Maňa mellek ýeri almaga, onda jaý salmaga ispolkomyň rugsat hatyny berdiler!Indi işigimizdäki çukura-da hiç kim dawa edip bilmeýär.
Oguljan gussaly gözlerini oňa dikdi.
--Wah, Mergen, indi sen şoňa-da şeýle begenýäňmi?!Meniň elimde ygtyýar bolsady, saňa tutuş Zemini bagş ederdim! Sen şoňa mynasyb-a, Mergen! Ýöne indi, menem saňa bir zat aýdaýyn, Mergen.
Sagat jyňňyrdady.
Mergen ýerinden kynlyk bilen turdy. Ol çaý goýdy. Soň duşuň aşagyna baryp ýuwundy. Gelip çaý demledi-de, käsesine ep-esli gant atdy. Ony howlukman bir bölek çörek bilen iýdi. Onuň ruhy bada-bat üýtgedi. Göwün guşyýene göge galyp pel-pelläp başlady.
Mergen gowurdak bilenem garbandy. Indi onuň süňňüne güýç geldi. Ol şu halynda, sähelçejigem bolsa. Oguljany ýatlady.
-- Näme üçin düýşüme girýärkä? Ýa başyna bir iş düşüp ýörmükä?! Ýa Şanazara durmuşa çykany çynmyka?! Ony kimden elin sorap bolarka?
Ol ýerinden turdy-da, saçagy ýygnaman ýene çukura girdi. Günorta çenli başyny galdyrman işledi.
Indi Mergeniň raýon bilim bölümine barmagyna sähelçe gün galypdy. Ol şu galanja wagtda bu çukury arassalap bilmejegine-de, jaýynyň üstüni ýapyp bilmejegine-de gaty gynandy. Ýöne ony begandirýän esasy zat bardy.Ol ýene dört günden mugallymlaryň beýik hataryna goşulmalydy. Ol şu geçen bir aýda ýekelikden, juda agyr işden halys ýorulypdy. Onuň mekdebe baryp, neresse çagajyklara bilim beresi gelýärdi. Göwnüne bolmasa, ýüreginiň teýinden bir gussaly ses:” Sen mekdebe barmarsyň!Sen mugallym bolup işlemersiň!” diýýän ýalydy. Ol gorkup başlady. Şol işläp ýörşüne-de:” Eý, keramatly Alla, maňa mekdebi bagyşla, meni mekdepden aýyrma!” diýip, Haka ýalbaryp başlady.
Mergen mekdebiň tilsim, usul, dünýäsini az-kem öwrenenem bolsa, onuň mekdebiň ruhuna, özboluşly dünýäsine çümesi gelýärdi.
-- Gowy okadaryn!Şeýle bir jan edip gowy okadaryn.Mekdebe, her sapaga şirin janymy bagyşlap okadaryn. „Tä eli pişekli, garryja bolýançam mekdepde işläýin,Allam! Meni şu umydyma ýetir. Gaýdyp, men senden başga hiç zat dilemäýin!..
Mergen gara dere batyp işläp ýörşüne, özüni okuwçydan doly klasda gördi.
-- Salam, okuwçylar!—Ol tutuş tomusda dynç alyp gelen tokarja, tokarja oglan-gyzlary ýekän ýekän synlady. OL ýüz-gözleri güne ýanan, mekdebe gelenlerine çakdan aşa begenýän okuwçylaryň ruhuna garylyp gitdi.—Geliň , tanyş

bolalyň! Meniň adym, Mergen! Kakamyň ady – Ata! Siz ýöne, „mugallym” diýäýiň.
Okuwçylar oňa ýerli ýerden sowal berdiler.
Mugallym, okuwa öz güýjüň bilen girdiňmi?
-- Siz näme üçin mugallym bolduňyz.Biziň mekdebimizde iň gowşak, körzehinler mugallym bolýarlar!
-- Mugallym, diňe aýallar mugallym bolup işleýär-ä.
-- Siziň gowy, uly işlerde işläsiňiz gelenokmy?
Mergen howlukdy.
-- Okuwçylar, metodika boýunça, bize tanyşmak üçin bary-ýogy üç minut berilýär. Geliň, sapaga başlalyň.arakesme wagtynda men siziň ähli sowalyňyza jogap bererin, bolýarmy!
Tutuş klas gowurdap galdy.
-- Ýuwaş, okuwçylar!
-- Waý, ýegen, özbaşyňa gepläp otyrmyň?
Mergen bu sese tisginip gitdi. Ol ilki mekdebiň direktory ýa-da onuň orunbasarlarynyň biri okuwçylaryň gykylygyna çydaman klasa girendir öýtdi. Görse, çukuryň depesinde Annabike daýza dur.
-- Daýza, salowmaleýkim!
Garry çukuryň gyrasynda çommalyp oturdy.
-- Näbileýin, ýegen, çukuryň içi ala gykylyk bolup duransoň, näme bolduka diýip geldim-ä.
-- Aýdyma hiňlenen bolýan, daýza. Hiňlenip işleseň iş şüweleňli gidýär.
Annabike daýza göz çeni bilen çukuryň içini ölçedi.
-- Bolsa-da, indi alyberdiň, ýegen jan, bu çukur bir saňa gara dert boldy.
-- Azalýar-maý, daýza?!
Garry ýokarda duran ýerinnden bu çukury uzaboýyna synlap durşuna:
Azalypdyr, indi zat galmandyr-la—diýip, dabaraly aýtdy. Dagy näme indi neçeme gün-hä, sen ganyňy garaldyp, gije diýmän, gündiz diýmän, nädip işläp ýörsüň-ä, ýegen! Bütin oba gürrüňiňi edipýör-ä ýegen jan, Häzir bol, beýdip, göze, dile-de düşme. Çukuram upbat bolsun, beýlekisem...
Mergen ýene-de işine güýmendi. Ol köne çuwaly gumdan dolduryp, agyr hyklap göterdi. Şeýdibem agyr haltany bäş- alty sapar ýokary çykardy.
Ýaş ýigidiň beýle azabyny gören garry dözmezçilik bilen:
-- Beýtme, ýegen, beýtme, şirinjanyňa haýpyň gelsin. Beýdip, işläp , näme, ekläp bilmän oturanyň bamy?! Hiç bolmanda az-azdan daşa ahyryn!
Mergen ýylgyrdy:
-- Daýza jan, janyňa dözmeseň iş bitýämi, näme?!—diýdi.
Garry ot aldy:
-- Biliň iner, biliň. Ingiň inse, ýa garnyň bogusy çözülse gowumy, ýaş başyňa? Saňa nesil öndürme gerek dälmi?—Garry ýene-de çukuryň gyrasynda oturdy.
-- Anha,beghaanyň täze alan gelni agyr bedre göterip, içindäkini düşüripdir.
Mergen başyny galdyrdy.
-- Näme, näme?
Garry gara çyny bilen:

-- Hawa-la. Näme, ynanmajak bolýaňmy? Seniň Şanazar dostyň Aşgabatdan alyp gelen owadanja gelni bar-a. Oguljanmy, nämedir, bir gowy adam bar-la., gyz.
Mergen ynanmady.
Onuň içindäki düşüp- düşmez ýzly, toý edeni ýaň-a , daýza.
Garry ýeň berer ýaly däldi.
-- Düşegine galan bolsa, indi bir aýlyk bolup barýar-da, näme. Bolsa bolubermeli!—Garry ýene-de ýerinden turdy.—Meniň diýjek bolýanym, özüňe kän agram salma, ýegen.—Garry Mergeniň işigine bakan elini salgady.- Ol Şepi tentegiň ýurt ýykan ogly näme buldozýoryny seniň gapyňda taşlap gidipdir? „Ýok et!" diý oňa. Onuň porsysyndan durar ýalymy?
Mergen basganҫak bolup giden ýerden egni haltaly ýokary çykdy-da, haltasyny boşadyp, ýene aşak düşüp, gelip, piline söýenip durşyna:
-- Degme, dursun, daýza—diýdi.—Ony otlap bilenoklar öýdýän.Öten agşam Berdi daýymam-a şol buldozoryň daşynda aýlanyp ýördi.
Garry başyny ýaýkady.
-- Çalabek bejerip bilmedik bolsa, bu buldozýory kyýamata çenlem beleriup bilmezler. Onda Şepi tentek Hudaýyndan tapypdyr diýsene, ýegen.
Garry gidenden soňam Mergen günortana çenli gara der bolup işledi. Ol Oguljanyň derdine ýana-ýana ep-esli ýeriň gumuny çukuryň gyrasyna çykaranynam duýman galdy. Mergen Oguljany ýatladygyça näbelli bir dert ýaş ýigidiň kalbyna dolup galdy.
„Ol hergün agşam meniň düýşüme näme üçin girýärkä? Her saparam"Saňa bir zat aýtjak" diýýär. Ol maňa näme aýdyp biler?
Mergeniň tutuş süňňi lowlap gitdi. Onuň tutuş dünýäsini, ruhy älemini Oguljanyň näzik didary tutdy.
-- Oguljan!—Ol kalbynyň sarsgynyna çydap bilmän,tutuş çukury ýaňlandyryp gygyrdy.
-- Ogul-ja-ann!!!
Mergeniň ýüregi köşeşmedi. Gaýta, Aşgabatda, student mahallary bileje tirkeşende aňynda, ruhunda galan duýgular häzir täsin bir güýje öwrülip, ýedi gat ýeriň astyndaky otlaryň aýylganç otly akyma öwrülip, ýeriň ýüzüne çykyp daglary, daşlary kül-talhan edip ýakyşy ýaly, Mergeniň on iki süňňüni lagşada- lagşada daşyna çykýardy.Mergen ýüreginiň astynda bulduraýan ýalawly akyma çydamady.Ol „eý, Alla!, eý Hudaý maňa çydam ber!" diýip eňredi. Sähel özüni dürsän badyna, ýene piline ýapyşdy. Şol otly duýgularyň lowlap galaryndan heder edip, tä gijäniň ýaryna çenli başyny galdyrman hars urup işledi.
Agyr jöwzadan soň howa az –kem köşeşip başlady. Jana şypa beriji salkyn akym öwsüp başlady.
Mergen yranyp çukurdan çykdy-da, özüni mylaýymja duşuň aşagyna atdy. Ol süňňi ýagşy sowaýança ýuwundy. Soňra çaý içip, nahar iýip, sekiniň üstüne düşegini ýazyp, ýyldyzly asmana garap ýatdy. Soň onuň dodaklary pyşyrdap başlady:
-- Eý, Alla jan, maňa bagtam, saglygam, eşretem,yrsgal-döwletem gerek däl. Maňa berjek yrsgal-döwletiňem, bagtyňy, eşretiňem Oguljana bagş et. Şol bagtly bolsa, meniň bagtly boldugymdyr!

## 8.

Mergen „ertir bilim bölümine gelmeli” diýen habary alandan soň, bilindäki köne ýaglygy çözüp, pilini arassalap, gapdala goýdy-da, çukurdan çykdy.
Çukurdaky gum, ders, silewe demirgazykky beýik diwara düýrlenipdi. Indi çukurda bolsa bäş-alty günlük iş galypdy.
-- Zyýany ýok. Günortana çenli bilim bölüminde bolsamam, öýlän gelip, gijeler ýatman işlärin welin, ony arassalaryn, çukuryň düýbündäki kerpiçleri goparyp, ýokary daşaryn...
Hakykatdan hem çukuryň düýbine durşuna patyşalyk bişen kerpiç düşelipdir. Geň ýeri, näçe wagt ýatsa-da, olaryň ýekejigine-de şikes ýetmändir. Ählisi bitinje. Olary aýawlyja ulansoň bir jaýy arkaýyn gurmaga ýetjekdi.
Häzir Mergeniň jaý barada asla pikir edei gelmeýärdi. Oba ýerinde gymyldan ugruňda pul gerekdi. Ähli zady satyn almalydy. Mergeniň sanalgyja puly bardy. Dogrusy, ol häzir näçe pulunyň galanyny bilenokdy. Ýöne özünde bar puluň ýekeje teňňesinem arta- şarta sowanokdy.
--Men häzir näçe pulumyň galanyny bilmeli!”—diýip, ol gyssanmaç oýlandy. Soň gidip çaý goýdy, duşa düşdi. Çaý- nahardan keýpini köklänsoň, ol çemodanyny aldy.
Mergeniň bary- ýogy sekiz ýüz otuz ýedi manady galypdy.
-- Az däl!1—diýip, ol begençli oýlandy.—Aýyň aýagyna çenli otuz ýedi manadyny sowsam, aýyň birinden soň maňa aýlyk bererler-le.
Mergen suw gyzdyryp jalbarlaryny, köýneklerini, joraplaryny ýuwuşdyryp, sekiniň üstünde serişdirdi. Soň duşuň suw gabyny doldurdy. Daýzasynyň ýanyna baryp goňşulardan bir jam süzme aldyrdy.
Ýuwan eşikleri guransoň , olary içeri saldy-da, saçyny, kellesini, ýüzüni süzme çalyp, ýagşy ýuwdy. Soň ellerine, ýüzüne süzme çalyp, ol guraýança dynç aldy. Ellerine, ýüzüne çalan gatygy guransoň, oňa täzeden süzme çalyp, ýagşy ýuwdy. Ol guran eşiklerini ütükländen soň, köwşüni arassalady. Mergeniň köwşi täzejedi. Heniz peti gitmedikdi. Ýöne oba ýollary durşuna gum bolup ýatyrdy. Köwşüňi süpürmek üçin ýumşajyk matany jübiňden aýyrmal däldi. Mergen köwşi üçinem bir elýaglygy jübüsine salyp goýdy.
Ol ýatmazynyň öň ýany ýene ellerine, ýüzüne, saçyna süzme çaldy. Ol ýagşy siňişensoň,baryp duşa düşündi-de, sekiniň üstüne ýazan düşegine geçdi.
--Meni näme üçin beýle ir çagyrdylarka? Meniň ýene iki günüm bar-a. Ýa „Başga raýona geçirmeli” diýip oblast bilim bölüminden habar beýleki geläýdimikä?
Mergen bu pikirinden gorkdy.
-- Ýok-la, indi her zat diýselerem, men başga ýere gidip bilmen.Ýokary bilimim barmy-bar! Ýaşar ýaly jaýym barmy- bar! Az wagtam bolsa, öz günümi görerýaly harjym barmy, bar! Maňa başga näme gerek. Ugradyş hatym bar. Olar her zat etselerem, maňa iki ýyla çenli bir ölçeg sapak beräýmeli! Men mugallymçylykdan başga käre dawa edemok. Bulara menden arzan düşýän adam ýog-a. Maňa jaý gerek däl, ulag grek däl, wezipe gerek däl.Mekdepden hiç kimiň almadyk sapagyny berselerem, sagadymy meniň islegime görä goýuň, çagam bar, gelip bilemok,

pylanynjy  gün meni boş ediň Meniň  öýüm daş, pylan zadym ýarawsyz diýip dawa etjek aladam ýok.” diýip pikir etdi.
 Ol irkilen badyna ýene Oguljany gördi.
-- Meni ertir işe çagyrýarlar!—diýip, ol begenjini buşlajak boldy. Emma Oguljan oňa ýüz bermedi.Mergen Oguljanyň agyr hassalykdan ýaňy turan ýaly halsyz ýüzüne, her biri  suwy süýjän garaluw ýaly kirpikmen gözlerine aladaly garady. Emma Oguljan oňa barmysyňam diýenokdy.
„Gel, men oňa azar berip durmaýyn-la” diýen pikir bilen Mergen öýe geldi. Ol öýde ilkinji sapar ejesini gördi.
-- Eje jan, salowmaleýkim!—Mergen ejesi bilen görüşjek bolup ellerini uzatdy. Emma Sona daýza gyňyr ýüzi bilen oglunyň   nazaryny dalady.
-- Sen näme diýip geldiň?!
Mergen ejesine düşünmedi.
-- Eje, men okuwymy gutardym. Indem öz obama mugallym bolup, işe geldim. Näme, gelmeli däl ekenimmi?!
 Ejesi dözümli gepledi.
--  Sen oglan,  meniň diýenimi etmän gaçyp gitdiňmi. Indem şu içerä girmersiň.
Mergen haýran galyp durşuna:
-- Eje, onda men nirä gideýin ahyryn?
Ejesi oba mazarçylygyna tarrap elini uzatdy.
-- Hana, mazarçylyk. Bar git şoňa, ýöne meniň öýümde garaň görünmesin.
Mergen erbet  tisginip oýandy. Indi Aşgabatdan oba geleli bäri onuň öýde ýatyşydy. Ol düşegini ýygnap, daşary çykyp, sekiniňüstüne ýazdy-da, gyşardy. Ol daňdana golaý, ýaňy irkilende bir gara aýal üstüne münüp, bokurdagyndan bogup başlady.
Mergen urunyp, gygyrjak boldy. Ahyry bar güýjüni jemläp,  ol gap-gara eşik bolup duran aýaly üstünden gapdala taşlap goýberdi. Ol gara der bolup   turanda özüni „gara” basanyna düşünip galdy.
--Bu gije nähili gije boldy?!—diýip, ol düşegiň üstünde aýbogdaşyny gurup oturdy. Men indi ýatmaýyn.—Ol ýerinden çalynyp turdy-da, içeri girip, çyrany ýakdy-da,sagada seretdi. Sagat üçüň ýary bolupdyr.
Mergen duşa düşdi-de, soňw gelip çukura girdi. Başyny galdyrman, tä daň atýança işledi.
Bu gün bilim bölüminiň töweregi gum-guklukdy. Mergen Gün  dogup, al samana galýança şol töwereklerde aýlandy ýördi.
Sagat dokuz bolandan soň, bilim bölüminiň işgärleri ygam-sagam bolup gelip başladylar.
--  Başlygy gördüňmi?—diýip, mekdepler boýunça inspektor ýigit kelte halyna, boýnuny  içine çekip gelişine aladaly sorady.—Sen Mergen Ataýýewiç  dälmi!
-- Hawa.
--  Onda ýöri,  jaýa gireli.
Olar tirkeşip, bilim bölüminiň jaýyna girdiler.
 Maňa Ýoldaş Ahmedow diýýändirler. Senem maňa Ýoldaş Ahmedowiç diýiber. Bizde supirdinasiýa  gaty berk saklanýandyr. Adamyň adyny tutmak gadagandyr. Diňe adyny atasynyň ady bilen tutmalydyr. Şuny bilp goýgun...

-- „Mugallym” diýmek bolarmy?!
Ahmedow ilki başyny ýaýkap, soň gürledi.
-- Seni okadan bolsa diý. Ýöne men seni okadamog-a. Ýa başlyk seni okadanog-a. Onsoň, sen utanman oňa nädip „mugallym” diýip biljek.
-- Heý, mugallym diýmegiňem bir utanjy bolarmy?!
Ahmedow hekgerlip, boýnuny ýene içine çekdi.Onuň suw çalynyp, gapdalyna daralan saçy gymyldap girdi-de, gyňyr ýüzune, kiçijik, sowuklaç gözlerine janlylyk berdi.
-- Ýok, siz-eý, agzy sary jüýjejik halyňyza, eýýäm „jüýk-jüýk” edip, akyl satyp başlaýaňyz-aý.
Şol wagt müdir içeri girdi. Ol şol gelişine Mergen bilen salamlaşdy.
-- Bo-ow,atdaş, sen-ä asyl, ýigit dagy bolmansyň. Maral Meňliýewna meniň ýüregimi ýardy. „Gaty hor, üsti başy ejiz, gepiagzynda pytyrap dyr” diýip.—Ol öz kabinetine garşy ýöräp baryşyna:-- Gelen bolsaň, sen näme et diýsen-e, Ýöri, meniň ýanyma gel.
Mergen onuň yzyna düşdi.
-- Sen näme et diýsen-e. Şu gün Ahmedow bilen Gyzylarbada gidersiň. Gyzylarbadyň bilim bölüminde biziň bir topar işçi enjamlarymyz, žurnallar, kitaplar, kartalar, reňkler,mel, baýdak, şygar ýazar ýaly materiallar, bolmaly. Ýöne, başga pikir bolmasyn.Olar demir ýola ýakyn-da. Şonuň üçin özüm olardan:” bize gelen zatlary alyp goýuň” diýip haýyş edýän. Gerek bolsa, bizem olar bilen arkalaşýarys. Mysal üçin,Täze ýylda olara dagdan bäş-on sany arça ýygyp iberýäs. Şonuň üçin olar bize „ýok” diýmeýeller.
Müdir çilim otlandy-da Mergeniň ýüzüne seretdi.
-- Çilim çekýäňmi?
Mergen beşyny ýaýkady.
-- Gaty oňarýaň, atdaş! Ýigrenji zat, çekme, şuny.
-- Bolýar!
Müdir ýerinden turdy-da , seýfini açdy. Ondan bir tagta kagyz çykardy.
-- Sen näme et diýsen-e. Şuňa hökman gol çekdir. Ýöne bu haty Ahmeowa beräýme. Ol kellesizdir. Özüň al. Bir ýerlerde galdyryp, gaçyraýma.
Ol şol tagta kagyzyň niresine gol çekdirip, niresine möhür basdyrmalydygyny gaýta-gaýta görkezdi.
-- Sen näme et diýsen-e. Ähli alan zadyňy özüň maşyna ýükle. Ýeke zadam ahmal etme. Ahmedowa bil baglaýmagyn, Ediljek jürüňi diker. Ol gaty kelasaňdyr-a. Ol diňe maşynyny sürer.”Elim agyrýar, maňaagyr ýük götermek bolmaýar” diýer oturar. Seni gerek ýeriňe elter. Sen näme et diýsen-e, bar zady özüň etgin. Soňam, ýüki edara getrersiň. Men sen gelýänçäň garaşjakdyryn. Maňa tabşyrarsyň, getiren zatlaryňy, hasabatyny berersiň. Onsoň, sen boş.. Ýok, soň näme etmelidigini özüm aýdaryn...
Ol kabinetinden çykdy.
-- Ahmedow, sen taýýarmy?
Ahmedow ýyljyraklap müdiriň alyndan çykdy.
-- Taýyn men, taýyn, başlyk.
Müdir Ahmedowyň üstüne heňkirdi.

-- Sen näme et diýsene, bararsyň  bilim bölümine. Bul oglana görkezersiň. Ýöne özüň girme jaýa.  Näme diýseler „Elim agyrýar” diý-de otur. Öňkiň ýaly, piwo-de ýok saňa, arak- şerabam. Düşündiňmi?!
-- Ýo-ok, başlyk jan, indi seniň diýeniň ýaly ederin, Alla jan çapsyn, ynanaý!
-- Onda bir zat ediň, pasportyňyzy alyň-da, ugraberiň.
Mergen Ahmedow bilen  raýon içeri işler  bölüminiň pasport berilýän ýerine baryp, öz pasportyny alyp çykdy. Soň çekine- çekine, Ahmedowa ýüzlendi.
-- Ahmedow, sende näçeräk pul bar?—diýdi.
Ahmedow Mergeniň  syryny aňjak bolýan ýaly bolup, onuň gözlerine jikgerip seretdi.
-- Ýok, mende pulam ýok. Men adama  pulam karz beremok.—diýdi.
Mergen onuň egninden tutdy.
-- Onuň ýaly bolsa, ýöri, öýe baryp birneme pul alaýyn. Gyzylarbada barsak meniňem aljak, goýjak zadym bar.
-- Ýok, how, men seniň syrtyňa düşüp ýörjek däl. Ýöri, çaltyrak bol...
Mergen öýüne girip üç ýüz  elli manar pul alyp çykdy. Onuň gapysyndaky buldozeriň töwereginde bir topar adam üýşüp durdy. Mergen olara kän bir ünsem bermedi.Ýöne duranlar oňa üns berdiler.
Olar Gyzylarbat şäherine sagat on bir bomanka bardylar. Raýon bilim bölüminde olara garaşyp duran ekenler. Inspektor oglanlar kitaplary, klas žurnallaryny, iki guty meli, mata- marlygy, beýleki goş-golamlary, baýdaklary kemini goýman maşyna ýerleşdirdiler.
-- Sizde hasap haty bolmaly.—diýip, müdir oglanyň özi sorady.—Men şoňa gol çekip, möhür basaýyn..
Ol   kagyzyň diýilen ýerlerine gol çekip, möhür basdy.
-- Sagat näçe?—diýip, Mergen sorady.
-- Sagat ondan işleýär.
--Näçe?
-- Bizde Moskwa wagty bilendir. Näme bir ýere  barjak   bolýaňmy?
Mergen maslahat soraýan şeklinde:
Men  täze guryan jaýymyň üstüni ýapyp bilemok. Maňa pürs, gapy,  penjire , tagta, şifer gerek. Okuwy şu ýyl gutardym. Ýaşar ýaly jaýym ýok. Bir jaýjagaz guryan, üstüni ýapyp bilemok.
Ahmedow  arkaýyn gürledi.
-- Aý, senem-eý, öwlýä kessin. Agaç  öz raýonymyzda-da şundan.—aýasy bilen bokurdagyny çaldy. Indi şularyň arasynda gedaýlanyp ýörmelimi. Başlyk näme diýdi, saňa...
Gyzylarbadyň bilim býlüminiň müdiri myhmanynyň işini bitirmän goýbermegi gelşiksiz gördi öýdýän, sagadyna seretdi-de,
Ýöri, barar göräýeris—duýdi.
Olar Ahmedowyň maşynyna münüp, raýonara agaç bazasyna geldiler.
-- Han-a, bar eken-leýt—diýip, bilim bölüminiň başlygy maşyndan düşdi.—Ýöriň!
Eli pişekli  , etli-ganly ýaşuly   kiçijik bassyrmanyň aşagyndaky stoluň başynda ýalaňaç aýaklaryny köwşüniň üstüne atyp, jalbaryny dyzyndan geçirip oturşyna

astyndaky kiçijik oturgyjy jygyldadyp,kimedir haýbat atyp gygyrýardy. Ol müdiri görüp, äýnegini gözünden aýryp, ýerinden turdy.
-- Köşekli, gel, gel, näme ýumuş!—diýip, göwünjeň habarlaşdy.—Öten agşam gowy tagta geldi. Şifer bar.
Müdir Mergene bakan baş atdy.
-- Garrygaladan ýegen gelipdir. Şoňa odur-budur gerek.—Ýaşuly baş atdy.
-- Kekras üstüne geldiň, ýegen.—Ol Mergene tarap öwrüldi.
-- Saňa näme gerek?—diýdi.
Mergen häliden ýazyp goýan bir tagta kagyzyny ýaşula uzatdy. Ýaşuly stoluň üstünde ýatan äýnegini alyp, onuň aýnalaryny barmagy bilen süpürip, gözüne geýensoň, hetjikläp okap başlady.
--Täk, täk, şifer, näçesi gerek?
-- Bilmedimd-ä—diýip, Mergen oňa aljyraňňy seretdi.
Ýaşuly ölçeg äýnegini gözünden aýryp Mergeniň ýüzüne seretdi.
Sen ölçegini aýt, gurýan jaýyň.
Mergen baş atdy.
-- Boýy sekiz, ini alty metr!
Ýaşuly stoluň bir gyrasynda duran çota kakyşdyrdy.
Uly şiferden ellisini alaý.—Soň ol müdiriň ýüzüne seretdi.—Tagtaň barmy”
-- Tagta-da gerek!
Ýaşuly ýene-de çotuna kakdy.
-- Çüýüň, gaňyrçagyň barmy!
-- Ýok, gerek!
-- Gapyň, penjiräň barmy?
-- Ýok, gerek.
-- Näçesi.
Mergen aýdyp ýetişmänkä, ol ýaşuly:
-- Panar gerekmi?—diýdi.
-- Hawa. Fanerem gerek.
Ýaşuly mergeniň kagyza ýazan, ýazmadyk, jaý üçin gerek bolaýjak materiallary ýazyp, hasaplap, ilki „530” dfiýip ýazdy, soň ony çyzyp „500” diýip ýazdy.
-- Ulagyň barmy, puluň nagytmy?
Mergen jübüsinden puluny çykardy-da, stoluň üstünde goýdy. Ýaşuly puly sanady-da:”Salgyňy aýt!”—diýdi.
-- Garrrygalanyň aşaky Garaganly obasy. Mergen Ataýew”.
Ýaşuly başyny laňňa galdyrdy.
-- Kimiň ogly?
-- Atanyň.
Ýaşuly onuň ýüzüne hyrydar seretdi.
Ata janyň diýsen-e! Ejeňe Sona diýerler. Köne mülkdemi?!
Mergen baş atdy.
Ýaşuly öz agzyna aňkarylyp duranlardan gussaly ýüzüni sypjykladyp:
-- At ýatak-- çukur durmy, ýa-da gömlüp gidenmi?—diýdi.
Mergen indi ýaşula ynandy.

Men şu ýyl uniwersiteti tamalap oba bardym. Şol çukuram özüme mellek edip aldym. Häzirem onuň içini arassalap otyryn. Şol köne jaýyň arkasyndan bir diwar örüp, özüme iş otag edindim.—Soňra ol öz maşgala ýagdaýy, käri, işe başlajak bolýandygy barada gysgajyk gürrüň berdi.
Ýaşuly Mergeni sesini çykarman diňledi-de, razylyk bilen:
--Maňa Nobaraly diýýändirler. Seniň dädeň ýegre dosty men. Atаňa Hajymämmet ahun diýerdiler. Ol pakyry Sibire sürgün etdiler. Ata ýeim galdy. Soň bileje patyşalyk athanada ilki çapyksuwar, soň seýis bolup işledik. Soň, ak patyşa ýykylansoň men-a atdan gaýtdym. Ata neresse şol athanada galdy. Öýlendi. Frontdan ýaraty bolup gelip, ellinji ýyllarda amanadyny tabşyrypdyr. Meniň neressäň yzynda zurýadynyň galanyndan habarym ýokdy. Arada oba bir aýlanyp gaýtdym. Ol athanamyz porsap, çüýräp, weýranhana bolup galypdyr. Jaý weýran bolupdyr.Görüp, gözümiň ýaşyny saklap bilmedim...
Ýaşuly birden göterilip gürledi.
-- Sen Atanyň ogly bolsaň, atýataga, şol köne mülke eýe bolýan bolsaň, bar, gidiber, ogul. Näme gerek bolýan bolsa, Nobaraly çekýär şony. Men saňa gerek agaç-tagta dynç güni gowşar ýaly ederin.
Mergen ýaşulynyň yzyna uzadan puluny almady.
Men saňa bir maşyn gowy sementem ibererin.
Mergen ellerini daldalatdy.
-- Ýok, beýtmäň! Men köne mülke halal gazanjymy siňdirjek.
Nobaraly aga ýylgyrdy.
-- Meniň berenimem saňa halaldyr, köşegim.
Olar ep-esli çekeleşensoňlar, ýaşuly öz diýeninda durdy. Gerek bolaýjak zatlary ýagşy aýdyp- goýansoňlar, Mergen raýon bilim bölüminiň müdiri bilen hoşlaşyp, ýola düşdi.
Ahmedow ýolboýy Mergene iňirdeý-iňirdeý geldi.
-- Sen maňa naharam alyp bermediň, ýuwmadyňam., adamlygyň gaty pes eken...
-- Mergen edip oturan agyr oýlaryndan açyldy.
-- Näme diýdiň?
Ahmedow hilegärje ýylgyrdy.
-- Hojagalanyň naharhanasynda süýjüje naharlar bolýar. Alarsyň, ýuwarsyň—diýýen.
Mergen baş atdy.
Olar sagat üçlere bilim bölümine geldi. Müdir aýdyşy ýaly, garaşyp oturan eken.
--Baý, eglendiňiz-äçý!—Ol Ahmedowyň ýüzüne seredenden, onuň ýagdaýyny aňdy.—Onuň pormysyna bir seret, haý, seniň mysalaň gursun. Men saňa näme tabşyrdym. Şu ýyl senden dynmasam, atamyň ogly bolmadygym...
Müdir getirilen goş-golamlarymaşyndan düşürişip, otaglaryň birinde ýerleşdirensoň, Mergene minnetdarlyk bildirdi.
-- Sen bir zat et, indi gaýdyber!—Ol birden sägindi.-- Sen bir zat etsen-e. Ertir yzyňdan maşyn barar. Şolara goşulyp, tutuş raýonyň mekdeplerine aýlanarsyň. Mekdepleriň täze okuw ýylyna taýýarlygy baradaky hasabaty birigün irden maňa getirip berersiň. Mekdepleriň abadanlaşdyrylyşy, klaslaryň okuw ýylyna taýýarlygy, ýedi ýaşy dolan çagalaryň mekdebe çekilişiniň ýagdaýy, mekdepleriň

içiniň, daşynyň bejerilişi. Ine, şular barada sanlar, mysallar bilen hasabat ýazarsyň. Düşündiňmi?  Bar, indi gaýdyber...
Mergen tüp yssyda ýanyp- bişip öýüne bardy. Ol işigini açyp durka, Annabike daýza demi-demine ýetmän, hasanaklap  geldi.
-- Ýegen jan, gördüňmi, eden işlerini!
-- Salawmaleýkim, daý..—Onuň sözi agzynda doňup galdy. Nebir hajathanasy, duşy   gara köýük bolup ýatyrdy. Mergen işiginem açman, baryp ýanan ýerleri synlady. Agaç- tagta sütünler, faner diwarlar ýanyp,  gap-gara sudur bolup durdy. Diňe işikler ýanman  çukura  gapgarylypdyr.
-- Ýaşy kesilmiş, Şepi tentegiň iki ogly etdi. Olar seniň azap çekip daşyna çykaran gumlaryňam aşak taşladylar. Ýene men ýetişdim, ýegen jan.Ol meýitler ýogsa seniň  öýüňem otlajaklar.
-- El ýuwulýany nätdilerkä?
-- Men bilmedim!—Garry gowurdaga dönen ýüzüni eňşitdi.
-- Ýegen jan, sen hiç zada eliňi degirme. Men aşakdan milisge çagyrtjak. Bularyň gözüni gazamatda açdyrtmasaň, adam däl-ä bular! Başda-da men  „Bulara ýanaşma, ýygen”diýdim, etmediň sen. Bu gün şeýdýän bolsalar, ertir  sen günüňe goýmazlar bular.
Ol baryp çukura seretdi. Oňa-da üç-dört bedre dfiýen ýaly gum pytyradylypdyr.
Garry her näçe jibrinse-de, Mergeniň göwni ynjalykdan gaçmady. Ol işigini açdy-da, köwşüni çykarmanka  çaý goýdy.
-- Hany, gel, daýza, bileje çaý içeli. Özümem  şu duş bilen  hajathanany ýykjak bolup ýördüm. Mazaly goňşularyňam maňa kömek etjek ýeri bar eken.
Emma garry köşeşer ýaly däldi.
-- Häk, ýegen jan, sen  çaý, paý diýip, muny sowuk-salalyga urma! „Utananyň ogly bolmaz” diýipdirler. Bularyň gözünde ot ýakdyrmasaň, olar seniň häli öýüňem otlawersinler. Çagyr milisgäni, basdyr gazamata!..
Mergen salkyn içerä girensoňlar ýadandygyny, suwsandygyny duýdy. Orta saçak ýazansoň ol garra ýüzlendi:
-- Daýza, sen Nobaraly diýen  adamy tanaýan dälsiň?—diýdi.
Annabike daýza Mergeniň ýüzüne haýran bolup seredip galdy.
-- Näm boldy?—diýip, gorkuly sorady. Soň sesini çykarmady.
-- Men şu gün Gyzylarbada bardym. Şol ýerdenem jaýjagazymy basyrmak üçin şifer, tagta,  faner alaýyn diýip bir baza bardyk. Pulumy töläp,   salgymy aýtsam , ol adam „Sen kimiň ogly bolarsyň?—diýip sorap dur. Menem aýtdym. Ol adam barysyna belet. Barysyny aýdyp otyr.
Garry  ýumrugyny agzyna tutup, içinden diýen ýaly,  „Ol tanar-la, Dädeň jan ýaly dosty bolmaly, Meniň diýýän Nobaralym boljak bols-a>” diýdi. Soň Mergeniň ýüzüne dikanlap:
-- Jany bir sagmy?—diýdi.
Mergen ýerinden turup, iki çäýnegi demledi. Düýn aşakdan satyn alan kolbasasyny getirip kesişdirdi. Saçagyň üstüne iýmek-içmek goýuşdyrdy. Soň käsesine  ep-eslije gant atyp,   garbanyp başlady.
Nämüçindir, garrynyň hälki gaýnap duran gahar-gazaby bada-bat köşeşdi.
Ol öňünde goýlan çaýly çäýnegi boýnysunujylyk bilen içip başlady.

-- Işe başladyňmy?
Mergen baş atdy.
-- Işe üç gün ir çagyrdylar.
-- Gowy-da – diýip, garry saçaga elini uzadyp, bir bölejik kolbasa aldy.—Ýene idäp dursalar gowudyr.
Mergen  çaý içip oturyşyna garra öz ýagdaýlaryny gürrüň beren boldy.
-- Hiç işime ýetişip bilemok, daýza! Çukuryňam ýene on günlük işi ýatyr. Jaýyň üstüni basyrmaly.   Şiferlemeli,  pollamaly,   gapy, aýna goýmaly. Ine, inden okuw başlanýar.—diýip ýörkäm,  hajathanamy, duşumy otlapdyrlar. Bularyň barynyň üstesine pulumam azaldy.
Puluň üstünden baranlarynda  garry gepi başga ýana sowdy.
-- Onsoň, işläp başlasaň, aýlygyň näçe bolmaly, ýegen?
Mergen ikinji  käsesinem lezzet bilen içdi.
-- Aý, daýza jan, aýlyk bolup, üýtgeşik aýlyk ýokdur-la. Mugallymçylykda işlän ýylyň näçe köp bolsa, şoňa seredilýär-dä. Men işe indi başlaýan-a. Şonuň üçin meniň aýlygym bolsa, zordan ýüz manat bolar.
Garrynyň gözleri ligirdedi.
-- Kän eken, ýegen jan, nesip etsin.
Ol oturdy-oturdy-da:
--  Gel bir zat edeli, ýegen jan. Sen öýüňi-iliňi taşlap, güni bilen başyňy alyp gitmeli. Onça aýlyk alsaň, men seniň öýüňden, işigiňden guş uçurmaýyn. Sennem maňa her aýlyk alanyňda on manat ber.
Mergen ýylgyrdy.
-- Bolýar, daýza!
-- Işigiňem süpürip goýaryn, suwuňam getirip bererin.
-- Ýok, olar saňa agyr bolar.
Garry galkynjyrady.
--  Pulam az däl-de, ýegen. Köne puldan ýüz manat ahyryn ol.
Şondan soň garrynyň aýaklary ýeňläp, öýüne guş bolup uçup giden ýaly boldy.
Mergen saçagy ýygnap daşary çykanda, Gün sallanyp ugrapdy. Mergen baryp hajathananyň, duşuň ýanmadyk, ýanan tagtalaryny sökdi. Ýerde ýatan suw guýulýan gaby getirip, sekiniň üsatünde goýdy. Hajathana işigine çenli ýanypdyr. Duşuň gündogar gapdaly, üstki gatlagy, sütünleri  ýalyna garalsa-da,  doly ýanmandyr. Iki işik bitin durdy.
Mergen heniz üsti basyrylmadyk jaýyň  içine göz aýlady. Bölek büçekleri hasap etmäniňde-de, ýüz sany uly kerpiç üýşüp ýatyrdy. Bölek kerpiçlerem  ep-esli bardy.
Mergen ýüz ugraragam bolsa, iki ýarym metr ýere, boýy iki metr bolanda näçeräk kerpijiň gitjegini hasaplady. Jemi ýüz kerpiç töweregi gitjekdi. Iň bolmanynda metr ýarymrak ýeri örüp, duşy gurup, galanyny  soň  ýetiriberseňem bolman durjak däldi. Ýöne häzir her etmeli, hesip etmeli „Mergeniň öýi otlanypdyr” diýdirmeli däldi.
Ol suwag palçygyny edýänje agaç ahyrjygyny getirdi. Ony gumdan dolduryp palçyk etdi. Soň Günüň ýaşaryna garaşyp, bilini daňdy, iş eşiklerini geýdi.
Ol garaňkyny düşürip, işe başlady.

Irden Annabike daýza gelip, öňki ýanan duşuň, hajathananyň ornunda lowurdap duran jaýjagazlary görüp, agzyny açdy.
-- Ýegen, ýegen jan, turaweri!—diýip, garry ýüregi ýarylan ýaly bolup gygyrdy.—Oňa bir seret, seret oňa!
Mergen gözlerini açdy.
-- Salawmaleýkim, daýza!
-- Maleýkim!
Mergen bütin gijeläp çeken zähmetinden bina bolan ymaratjagazlaryny höwesbilen synlady.
-- Bolupmy, daýza?
Garry agzyny açyp durşuna:
-- Kemi galmandyr, ýegen jan, özüň etdiňmi?
Mergen güldi.
-- Sen ony sorama, daýza. Sen sagatyň näçe bolanyndan habar ber?
-- Sagad-a ýedi!
Mergen laňňa ýerinden galdy. Ol gijesi bilen işläp, kerpiç örenine, suwanyna, duşuň suw gabyny ýerine goýup, ony suwdan dolduranyna begenmän , arada jaýynyň içini, daşyny agartmak üçin hekini ezip bu ymaratjyklarynyň daşyny , içini agardanyna begendi. Sähelçejik ýer bolansoň onuň içine, daşyna telim gaýta hek çalypdy. Howa gijesi bilen petiş bolansoň, suwagam bada bat gurapdyr. Häzir bolsa onuň guran ýerlerine çalynan hek bu jaýjagazlary ak gunduz ýaly edip görkezýärdi.
Mergen ylgap baryp çaý goýdy. Soň duşa girip, ýuwunyp çykdy. Sekiniň üstüne ýazylan düşekleri ýygnap, saçak ýazdy.
-- Gel, daýza, çaý içeli.
Garry ýaýdanjyrady.
--Ýegen jan, öňňin sen gatyk diýdiň. Menem bu haram ölmüş Şepiniň aýalyndan bir banka gatyk diläp aldym. Öten agşam:"Şonuň puluny ber" diýip Şepiniň aýaly iki sapar geldi. Meýit, sakalyny sallap, ärem ýaňy gelip gitdi.
Şony berewomasaň boljak däl...
Näçe manat?
Garry başyny namys bilen ýaýkady.
-- Wah, ýigirimi teňňe-le!
Mergen daýzasynyň diýen pulunyberdi.
-- Taňry ýalkasyn!—diýdi diýeweri.
Mergen sekä geçip, öleňlikden gelýän jenneti öwüsgine ýadaw gursagyny gerip, çaý içdi.
"..Azaby kän, çykdajysy uly bolsa-da, bir işjagaz bitirseň-ä ruhuň begenýän eken. Ýöne şular ýaly işjagazlaryň adamy özüne imrindirip, esasy maksatdan sowup goýberýän wagtlaram gyt bolmaýar. Çukjurly meseläni men aýyň aýagyna dynaryn diýip, özüme söz berdim. Nädeýin, bu çukuraindi bir gije-gündiz bäri giribem bilemok. Heniz okuw başlanmanka şeýle. Okuw başlanansoň munça-da boljagy belli däl."
Ol şol oýlanyp oturşyna çaý-çörekden keýpini kökledi. Göwni bolsa ýene-de çukura girip, tä gara dere batýança işle diýýärdi. Mergen ony edip biljek däldi. Hä

diýmän yzyndan adamlar gelmelidi. Onda-da ol halys çydaman, içeri girip, eşiklerini çalşyryp, çukura girdi.
Günortanyň öň ýanynda onuň yzyndan üç adam geldi. Mergen maşynyň sesini eşiden badyna çukurdan çykdy.

Geliň, men size çaý bereýin!—diýip, ol gelenlere mürehet etdi.

-- Sag bol, geýin , gideli, öňem giç bolup gitdi?---Daýaw pyýada maşyndan düşüp, töweregine syn salyp durşuna Mergeni gyssady. Mergen duşa girip çykýança beýleki aýallaram çukuryň daşyna Aýlanyp geldiler. Mergen geýinip, işigi gulplady.

-- Bu çukury arassalamak üçin bir ýyl-a gerek bolandyr—diýip, hälki epeý pyýada maşynyň alynky oturgyjyna münip, jaýlaşykly oturandan soň sorady. Mergen yzda oturan iki aýalyň gapdalyna mündi.

-- Bir ýyl-a däl, ýöne otuz gije-gündiz-ä gerek bolar.

-- Näçe adama?

-- Bir adama.

Epeý pyýada ylalaşmady.

-- Bir adam ekskowator bolanda-da birki aýda alyp bilmez.

Gelinleriň biri:

-- Şonça ýeri näçe aýda arassaladyň?—diýdi.

Mergen ýylgyrdy.

Ýigrimi gije-gündizde, ýene on gije gündizlik işi galdy.

Maşyndakylar gaňyrylyşup, Mergeniň ýüzüne-ýüzüne seredişdiler.

-- Tüweleme!

Şondan soň hiç kim bu meseleden gep gozgamady.

Epeý pyýada özüni tanatdy:

-- Ine, men bilim bölüminiň müdiriniň orunbasary Begjan mugallym! Gapdalyňdaky ak ýüzli perizat ýaly owadan gelin raýon ýaşlar guramasyndan Bibijan Babaýewa, aňyrky owadan gelin profsoýuz Sonýa Baýlyýewna!

--Menem Mergen Ataýew. Biz nirä barmaly?

Biz mekdeplere aýlanmaly—diýip, Sonýa Babaýewa öňürtiledi.Emma Begjan mugallym bu gysgajyk düşündiriş bilen kanagatlanman, özi düýpli düşündiriş beri p başlady.

-- Biziň etmeli işimiz kän. Awgustyň ýigrimi üçi, ýigrimi dördi aralygy awgust maslahaty bolmaly. Eddil, ýene üç günden, Şoňa biz şu ýerden tä, ýokarky Summardaky on bäş mekdebe aýlanyp, şol mekdepler boýunça abatlaýyş boýunça, mekdebe ýedi ýaşlylary çekmek boýunça, mugallymlaryň, mekdebiň, klaslaryň okuwa taýýarlygy boýunça ýagdaýyny öz gözümiz bilen görüp, gerek bolsa dil kömegini berip, hasabatlaryny alyp gaýtmaly.

Şofýor ýigit howsala bilen:

-- Bu gün ýetişmesek nätmeli?—diýdi.

Begjan mugallym güldi.

-- Ertirem bar-a. ertire galyp, Çendir tarapyny soňa goýmaly bolarys-da.

-- Ýok, şu gün her iş etmeli, gutarmaly—diýip, Sonýa Babaýewna ýüzüni turşardyp aýtdy.—Çagalara seretmäge adam ýok, Goňşa goýup gaýtdym. Juda bolmasa, herobada bir mekdebe seredip gaýdalyň.

Begjan mugallym sesini çykarmady. Mergen töweregine seretdi. Ýoluň Sumbara tarap käl bolup gidýän ugrunda onuň ýaşan, tomus aýlarynda işlän sowhozynyň öňler gara bulut ýaly bolup ýatan baglygy indi gurap galan agaçlaryň jeňňelini ýadyňa salyp, gury töňňe bolup, kalbyňda ýakymsyz duýgy döredýärdi.
-- Onda her mekdebe on bäş, ýigrimi minut berýäris. Köşek, senem gaýgyrman sür.Ýolumyz gaty uzakdyr. Ol ýerlerden yzyňa geljek bolsaňam, ýarym gün gerekdir.
Begjan mugallymyň bu teklibine hiç kim sesini çykarmady.
Ilki bilen ýedinji, soň sekizinji mekdebe baryldy Bu mekdepler ýoluň ugrundady
-- Iň gowy dil-edebiýat mugallymyňyz kim bolmaly?—diýip, Mergewn mekdebiň ditektoryndan sorady.
-- Äte mugallymdyr!—diýip, mekdep direktory , görmegeý gelin bada –bat jogap berdi.
Mergen baran mekdeplerinde mekdep direktorlarynyň adyny, mekdepde näçe mugallymyň, näçe klasyň, näçe okuwçynyň bardygyny, dersler boýunça, ylaýta-da dil we edebiýat dersi boýunça ökde, tejribeli mugallymyň adyny ýazyp aldy. Mekdepleriň her biriniň töweregini, mekdep mugallymyň, okuwçylaryň elleriniň yzlaryna üns berdi. Baryny belleşdirdi. Her mekdepde ýaşuly mugallymlaryň näçesiniň bardygyny hasaba aldy.
Bu toparyň maşyny Güni ýaşyryp, Mergenleriň işigine gelip saklandy.
-- Ertir Çendir tarapyna gideris!-- sagat ýedä taýyn bolgun.—diýip, olar gitdiler.
Mergen gelişine duşa girdi-de, çaý goýup, gantlap çaý içdi. Mekdepler e aýlanyp ýörkäler birki ýerde çaý-nahar hödür etseler hem, Mergen hatyna güýmenen bolup barmady. Şonuň üçin maşyndakylar onuň bilen kän bir ýüz açyşyp gürleşmediler. Häzirem onuň kellesinde barlagyň hatynyň dowamy işlenip durdy.
Mergen çaýdan sol çukura girip, gijäniň bir wagtyna çenli işledi. Ol işläp oturşyna şu günki edilen işleriň hasabatyny düzüp gutardy.
„.. Wah, şol ýaşlar guramasynda işleýän gelinden Oguljany soramaly ekenim.”—diýip, ol gysgajyk oýlandy.
Aýsyz asman garamtyl ýaşyl mahmalynyň üstüne tapan-tupan dür monjugyny pytyradyp, özüni güjeňleýän ýaly, pynhan halda otyr. Öleňden öwüsýän tämiz dem bolsa, şol owadan tämiz asmana uçsam-uçsam diýdirýärdi.
Dünýäniň ýüzünde ses –selem ýokdy. Diňe ýap boýundan şol bir tanyş sesler turýardy-da, ýene çykan ýerine siňip gidýärdi.
Bu ümsümlik, rahatlyk dynçlyk Mergeniň hyýalynda „Oguljan!” diýen ägirt ruhy, umyt, hyýalyndan gurulan harmany otlap goýberdi. Ol ýene-de Oguljanyň dünýäsine girdi. Ýigit gyzyň hasratly didaryny gördi. Ýöne oňa hiç zat diýip bilmedi. Oguljan käse ýaly owadan gözlerini şuglalandyryp durdy. Mergen sözläp bilmedi. Ýöne onuň ýüreginiň çuňlygyndan bir aýdym paşyrdap çykdy.

Sen diýp ýandym, külüm ýok,

Bilbil boldum, gülüm ýok,
Seni söýenim bäri,
Aglamadyk günüm ýok!—Bu aýdymyň nireden kalbyna siňenine Mergen düşünmedi. Ýöne bu aýdym älemi ýaňlandyrdy. Oguljan bu aýdymy eşidenden „goý, oglan” diýýän ýaly, tylla pyýala gözlerini petretdi. Onuň gözlerinden dury damjalar paýrap gitdi. Mergeniň kalby täzeden joşup başlady.

Seniň derdiň maňa dermandan artyk,
Saňa gul bolanym, soltandan artyk,
Eger çöl içinde adyň eşitsem,
Meger şol çöl maňa bossandan artyk.

Oguljan, megerem, Mergeniň agzyny akja, näzik aýalary bilen tutjak boldy.Ol elini oňa uzadyp, Mergene garşy gaýtdy. Mergen yza çekildi.

Sygamok bu jahana,
Gyş, tomus, güýz, bahara,
Goşgy-da bir bahana,
Seni göresim gelýär!

Seni göresim gelýär, Ogu-ul-ja-ja-aa-an!
Mergenserpmeden gaýdan ýaly bolup, düňderilip gaýtdy.Ol dyzanaklap ýerinden turdy. Görse, toprakdan dolu agyr çuwala büdüräp ýykylypdyr. Ol ýerde ýatan agyr çuwaly zordan göterip, çukuryň gyrasynda goýdy. Özi çukuryň gyrasyna çykanda, erbet ýadandygyny duýup galdy. Tutuş durky öl-myžžyk derdi Ol bilindäki köneje ýüň ýaglygyny çözüp, köne eşiklerini çykaryp, duşa bakan ylgady.

## 9.

Häzir gijäniň ýary biolsa-da, Oguljan heniz ýatmandy. Ol Şanazara garaşýardy. Onuň ak öýlän „raýon merkezine baryp, geljek” diýip, çykyp gidişidi. Ol Şanazaryň gijä galanyna däl-de, soňky döwürde içgä kän üns berýänine şo halyna maşyn sürýäninden ätiýaç edýärdi.
Ol Şanazary indi bäş ýyl bäri tanasa-da, şol döwürlerde uly gyz ýally asylly, parasatly, nurana boýuna gelşikli sallanyp ýören ýigidiň soňky on- ýigirmi günde düýpgöter üýtgemesini aklyna sygdyryp bilenokdy.
Ýaş gelin ilki –ilkiler Şanazar okuwy tamamlanyna, öýlenenine begenjine içýändir öýtse-de, soňa baka, Şanazaryň içmesi, içip gelenden soň Oguljanyň üstüne ýersiz ýere azgyrylmasam has artypdy.
Oguljan nika gijesinden soň özünde agyr üýtgeşikligiň bolandygyny duýdy. Ony Tuwaga-da duýdurdy. Tuwagam sen ýok, men ýok, aýallaryň üýşüp oturan mahaly:”Eje, gelniň eýýäm agzy bimaza!” diýdi-de goýberiberdi. Bu habar şol günüň özünde ýokarky, ortaky, aşaky Garaganla doldy.

Muňa Şanazaryň bolmajasy boldy. Ol agyr içgili halyna Oguljany gujaklap:”Maňa ogul gerek! Soň eşitdim, eşitmedim diýme!” diýip, her dürli gödek oýunlary eden bolýardy. Şondan ep-esli gün geçenden soň Şanazar gelnine saçynyň ýeňsesini deňletdi. Olar oýun-gülki bilen bu işe şeýle bir berilipdiler welin, içeri Garagyz gelnejäniň gireninem duýmadylar.
-- Gelin!—diýip, Garagyz gelneje ýanjynyp başlady.—Men size gazda suw ýylatmaň diýip, näçe sapar aýtdym. Her bäş günde bir ballon gaz gelýär. Siziň azaryňyza-da däl-le...—diýdi.
Oguljan gaýyn enesinden ýaşynmansoň:
-- Häzir aýraryn!—diýip, gazy öçürip, onuň üstündäki suwdan doly ullakan bedräni ýüzugruna götermekçi boldy. Şodur-da- şodur, onuň içinden bir zat sogrulan ýaly boldy. Ol bedräni ýerinde goýup, baryp jaýyň bir burçunda çugutdyryp oturdy-da, agyrsyna çydaman aglap başlady.
-- Näm-ow—diýip, ŞanazarOguljanyň ýüzüne-de seretmän gyňyrlaç lak atdy.—Ejem bir zat diýse, gaty görmesi ýokdur.
Oguljanyň jan-jan öz janydy. Ol janhowluna:
-- Ejeňi çagyrsan-a!—diýip, naýynjar seslendi. Onuň demi janalgyçdan gaýdýardy.
Şanazar owadan gözlerini balkyldadyp, gelnine seretdi.
-- Näm bol-da-ý?!
-- Bilim!.. Çagyr ejeňi...
Şanazar dazyrdap öýden çykdy. Bir salymdan ýaş gelniň daşyny aýallar aldylar. Olar gelni düşege geçirip, „Tiz kömege” jaň etdiuler. Şol gün oba „Şanazaryň gelniniň çagasy düşüp, ony aşak, keselhana alyp gidipdirler!” diýen şum habar ýaýrady.
Ondan bäri bir hepde wagt geçipdi. Şanazar ertir partiýanyň raýon komitetiniň ideologiýa bölüminiň instruktory bolup işe başlamalydy. Oguljan üçinem raýon ýaşlar guramasynda iş görlüp goýulypdy. Indi olar her gün işe bileje gidip, bileje gelip biljekdiler. Emma nämüçindir, Şanazar bir zatlary Oguljandan gizlejek bolýardy. Muny ýaş gelniň ýüregi syzýardy. Sebäbi Şanazar indi öňküsi ýaly, gelnine açykdan mylakatly däldi.
Şu gün ertir Garaja diýen oglanyňmaşynyny saklap bilmän gelnaljy güni gorpa gaçyrandygy, maşyndaky iki adamyň agyr ýaraly bolandygy baradaky waka ýatlandy. Şonda hiç kim sesini çykarmasa-da Şanazar:”Näme bolanmyş-aý. Bu öýe ýyldyz girene döndi-le. Niräňe seretseň, bişowluk”—diýip, gaty närazy bolup aýtdy. Soňam ejesiniň :”Gelniň işinem görüp goýuň!”diýmesine ýüzüni awynyň sapy ýaly eňşidip, ýüz bermän çykyp gidipdi.
Ol günorta çenli kakasy bilen çüýşe baryny boşadyp, hümür-sümür edip oturdy. Öýleden soňam akja ýüzüne şugundyr suwy çalynan ýaly bolup, ýakynda kakasynyň Aşgabadyň bazaryndan getirden täzeje Žugulysyna münüp, aşaklygyna gitdi. Gijäniň bir wagty bolsa-da, Şanazar henizem gelenokdy.Oguljan maşynyň sesine ylgap daş çykdy. Häzirem ol günbatar tarapdan öwüsýän salkyn şemala gujagyny gerip,durdy. Aşakda ýagty saçýan beýikli-pesli çyralar lowurdaşyp, garaňky gijäniň gujagyna dökülişip ýatyrdy.
„Şu çyralaryň bir ýerlerinde senem-ä bar bolmaly, Mergen?—diýip, ýaş gelin ýüreginiň emrine zarba uran kemligine bäs gelip bilmän pyşyrdady-da, gözlerine

ýaş aýlady. Sen bir meniň bu gara maňlaýymyň nä günlere uçurap ýörenini eşitdiňmikä?! Eşiden bolsaň, bir zat diýýänsiň-ä. Sen näme diýýäň, Mergen!?"
Oguljan işigiň açylanyny eşitdi-de, öztamyna girip gitdi.
-- A gyz, Oguljan, sen henizem ýataňokmy, gyz?
Tuwagyň sesi Oguljany sägindirdi. Ol;
-- Maşynyň sesi geldi. Şanazar geldimikä diýip daş çykdym.—diýip, göwünsiz jogap berdi.
Tuwak ýaş gelniň ýanynda oturdy.
-- Beýdip oturma.Geler ýörerde, sen bir bar-da ýat-a.
Oguljanyň düşünişi boýunça, Şanazar diýmek „hudaý" diýmekdi. Oňa habar gatmagam, bir zat soramagam, maslahat soramagam, edenine däl diýmegem hiç bolup bilmejek zat hasaplanylýardy. Şanazaryň han özi, soltan özüdi. Ejes-ä beýlede dursun, dädesiniň özem ogluna diňe geňeş salyp bilýärdi. Şonuň Şanazaryň gitdi, geldi, oturdy, ýatdy meselesine gatyşmaga hiç kimiň haky ýokdy. Ýaş ýigidiň özem bu obada-ha däl, tutuş raýonda iň owadan, iň baý, iň akylly, iň abraýly admlygyna gutarnykly ynanýardy. Ol özüni gedem, boýnyýogyn,, hakyky häkim hökmünde görýärdi.
Häzir ol bu ýaş gelniň özüne gelin näzi bilen , heniz ýüzi açylmadyk gelniň inçejik öýke-kine bildirýändigini dagy guýaýsa, onda bu ýaş gelniň dat gününe bolmalydy. Şanazar Oguljanyň „düşüginden" soň oňa nämüçindir, edil ýagysy ýaly seredýärdi.
Sen raýkom komsomola işe gireňden soň, şol haramzada Mergen—ýergemren ýalylar bilen hahaha-da wahahaý boluşjak bolsaň, bilip goý, ýeke günem işlemersiň.
-- Men adamlar bilen işlemeli bolaryn-a!
-- Adamlaryň ýanynda görüň ýok diýýän men saňa, eşitdiňmi?! Beýle adamlar bilen işläsiň gelen bolsa, Aşgabada, ejeň ýanyna taşlap gaýdaryn. Onsoň, şol ýerde köçe-köçe syrda, adamlar bilen işleşde ýör. Barybir, seniň indi boljagyň boldy...
Bu gürrüň öňki agşam Şanazar bilen Oguljanyň arasynda bolupdy.
Ýöne bu gürrüň täzelik däldi. Oňa keselhanada bedenini arassalap, däri-derman eden lukmanlar hem aýdypdylar.
-- Wah, önelgäňe zeper ýetipdir. Diňe Hudaýa ýalbar!
Oguljan Aşgabada ejesine jaň edip, aglap, ýagdaýyny aýdanda-da ejesi hamsygyp;„Wah, gyzym, garamaňlaý bolupsyň-da" diýipdi.
Ýöne Oguljan beýle agyr urgulara Şanazardan garaşanokdy. Gorkusy az däl bolsa-da, ol iki-üç ýylsyz bu gürrüňiň golaýyna geliner öýtmeýärdi. Emma Şanazar namartlady. Ýaş gelniň öňem ýat ýerde, ýat adamlaryň arasynda tirşelenen ýüregini para-para edip taşlady. Ýöne Oguljan özüni ele aldy. Serhoş adamsynyň gepini ar-namys bilip durmady.
Maşynyň sesi eşidildi.Ýaş gelin ylgap daş çykdy. Eýwanyň agzynda Şanazar iki ýigit bilen gürleşip durdy. Ol gyryk, ýöne parahat sesi bilen oglanlara öýe girmegi mürehet etdi. Oglanlar garşy bolsa-da, ol:
-- Ýok, ýok, öýe girip, bir elli gram urmasak bolmaz!Ýöriň, ýöriň!
Ýigitleriň daýawragy sesini çykarmady , emma özi bilen boýdaş bolup duran inçesagt ýigit aýgytly ses bilen:

-- Ýok-la, indiden soň öý bolmaz.—diýdi. Sag bol, biz gideli—diýdi.
Emma şanazar özelenip başlady:
-- Beýtmäň-ow, bir  ellije gram-how.
Oglanlar aşakda duran maşynlaryna bakan gitdiler. Işikde Şanazaryň maşyny görünmedi. Şonda-da ol öýe keýpiçag girdi.
-- Waý, muny, şol garaşyp otyrmyň?—diýip, gülüp aýtdy.—Men bolsam, sen süýji ukuda ýatansyň diýipdim.
-- Sen maşynly  gidipdiň-ä—diýip, Oguljan ýuwaşja aýtdy. Şanazar daşky eşiklerini çykaryp durşuna geleňsiz gürledi.
-- E-eý, maşyn hiç-le. Dädemiň jany sag bolsa, maşyny gaýgy edemok. Ol maşyn bolmasa, başgasy...—Ol gelip Oguljany gujaklady.
-- Gel, ajyja çaý içeli!
Oguljan orta saçak ýazyp, iýer-içer ýaly zatlaryň ýany bilen bir çäýnek çaý alyp geldi.
-- Nahar iýermiň?
-- Getiräý!
Saçak başynda Şanazar ýene-de  birneme içdi.
-- Ertir, ýok, şu gün işe başlamaly. Ýaňy gördüň-ä,  şolar-da. Mem şolar bilen bile işlemeli-dä.Olary restorana äkidip, işi ýuwduk. Maşyny restoranyň agzynda goýdum.Şol ýerde-de biri meniň maşynymy erbet urup, gaçyp gidipdir. Ony görer ýaly däl. Ussa äkitduik. Şoňa, oglanlar meni getirip gitdiler. Gül ýaly oglanlar...
Oguljan öz işi barada gyzyklandy.
--Şanazar meniň işim nähili bolarka?
Şanazar bagryny ýassyga berdi.
Işiň barada sen  Tuwakdan sora. Ony şol bilýändir. Ertir ikimizem işe çykarys. Şol ýerde meseläni çözerler-dä. Näme beýle  işläsiň gelýär-le, gelin bolanyňa heniz biraýam bolanog-a.
Oguljan Şanazaryň ap-akja,   seçek ýaly sarkaryp duran barmaklarynyň üstüne aýasyny goýdy-da, ýigidiň owadan, nurana gözlerine sadyklyk bilen garady.
-- Şanazar, ugruna düşen wagty menem işe başlanymy gowy görýän-de.
Şanazar elini silkip aldy.
-- Näme, soň bolmaz öýdýäňmi? Gepleýän gepiň dagy nähili? Bilip goý. Beghanyň çagalarynyňky hemişe wagdyr!—diýip gygyrdy. Bu hökümetde, bu welaýatda  bize azy urup biljek  goç ýigit heniz enesinden dogan däldir.—Ol aýagy bilen saçagyň ujuny depip goýberdi—Ýygna, men ýatjak...
Şanazaryň  ynamdar sözlerinden soň,Oguljanyň göwni az-kem aram tapan ýaly boldy.

## 10.

Çendir jülgeleriniň arasy bilen barýan maşyn ýoluň gyrasyndaky çeşmeleriň biriniň gapdalynda saklandy.Mergen maşyndan düşüp,  çeşme suwuna elini, ýüzüni ýuwdy. Suw içdi**. Ol:**

--Çendir jülgesinse näçe mekdep bolmaly?!—diýip gapdaldaky kese daşyň üstünde oturan Begjan mugallymdan sorady. Oňa çenli maşynyň içinde gäwüşäp oturan Sonýa Babaýewna:
-- Ony menden sora, bäş mekdep bar, bäş mekdep—diýip, jogap berdi.
-- Onda bu gün irräk gutararys!
-- Irräk gutarsaň, posýologyň özündäki üç mekdebem bardyr. Olara-da aýlanmalysyň.—diýip, Begjan mugallym Mergeniň ýüzüne hilelije seretdi.—Başlyk saňa, „Hasabaty ertir irden maňa gowşursyn" diýendir-ow.
--Haýsy başlyk?Meniň başlygym kän-ä.
Begjan mugallym hilelije ýylgyrmasyny etdi.
Atdaşyň başlyk! Näme, seniň ondan başga-da başlygyň barmy?!
Mergen güldi-de:
-- Siz üçiňizem maňa kiçi başlyk däl-ä.—diýdi.
Maşyn ugran badyna dagdan aşaklygyna düşüp başlady.
-- Maý aýynda şu ýerde oturypdyk—diýip, Begjan mugallym oturylyşygyň nähili bolanyny, oňa kimleriň gelenini şüweleň bilen gürrüň berip başlady. Mergeniň gözi töweregindedi. Dagyň ýüzi tä jülgä çenli kerkaw, dagdan, garagaç agaçlaryndan basyrnyp ýatyrdy. Ýabany üzüm bolsa agaç tokaýlygyny durşuna basyrypdyr. Jülge bolsa durşuna böwürslen jeňňelligine öwrülip gidipdir. Gapdaldaky gaýalaryň böwründe käkilikler saýraşýardy.
Bibijan bu gözelligi görüp, saklanyp bilmedi.
Şu ýerlere sşýgüliň bilen gezelenje gelsediň-hä.—diýdi.—Sonýa Babaýewa onuň sşzüni alyp gaçdy.
-- Adamyň bilen gelende nädýe!
Begjan mugallym göwresine gelişmeýän ýeňillik bilen hikirdäp güldi-de, yzyna gagap, Sonýa Babaýewa gözüni gypdy.—Ýok, ýok, onda barynyň mazasy gaçýa.—diýdi.
Mergen nämüçindir olaryň gürrüňine gyzyganokdy. Ol häzir kellesinde başlyk üçin hasabatyň suduryny taslap otyrdy. Onuň ýoldaşlary gülüşdiler. Begjan mugallym bu hezil gürrüňçilige Mergeniň hä bermän oturmasyna geň galdy.
Mergen haw, sen bu gözel ýerlerde nämäniň agyr pikirine batdyň?!—diýdi.
-- Ýok, menem diňleýän!
Begjan mugallym indi özüne Mergeni gepbaşy edip alyp, oňa deginesi geldi.
-- Mergen, sen öýlendiňmi, özi?
--Aý, ýok, heniz-ä öýlenemok.
Begjan mugallym ýola seretdi.
-- Aý, oglan, sen şu ýaşda öýlenmän, indi haçan öýlenjek!
-- Begjan mugallym, sen Mergeni gyssaberme. Olam Beghanow ýaly, Aşgabatdan birini yzyna tirkäp, getiribermesin. Biz öz sumbarly gyzlarymyzdan birisini oňa saýlap bereli.—diýip, Sonýa Babaýewa jyzyrdady.—Bizde gyzlaryň gowusy bardyr!
Begjan mugallym has mojugyna tutdy:
--Sen bäş ýyllap Aşgabadyň uniwersitetinde okap, gyzlar bilen söýüşip bir gördüňmi, özi?
Mergen başyny ýaýkady.
-- Päheý-de welin, Mergen jan, sen-ä meniň işimi gördüň.

Ýene Sonýa Babaýewa Mergene arka durdy.
-- Oňarypsyň, „Söýgi!Söýgi!” diýen boilup, barysy biderek zat! Näçe söýgiň bolsa, maşgalaňa etmeli! Söýüşen bolup, bäş gün tirkeşen bolup, altynjy gün her haýsy bir ýerlerik gidenden, gowusy, terbiýeli gezeniň gowy.Şeýlemi, Bibijan!
Bibijan söýüşmegiň tarapynda durdy.
-- Heý, söýüşmek ýalam bir gowy zat bolarmy?! Ine, öýlener. Bar zat, durmuşam, işem, barysy adaty zatlar bolar galar. Diňe söýginiň eşreti ýadyňdan çykmaýar. Söýgi adamy adaty zatlardan beýikde saklaýar.
-- An-ha, meniň ýüregim bolduň, Bibijan.Meniň diýip bilmän oturan pikirimi sen diýdiň. Özüm-ä Çärjewiň pedinistutynda okan ýyllarym her ýyl bir gyz bilen söýüşendirin.
Sonýa Babaýewa gülüp oturyşyna:
-- Ýeri, onsoň, nähilieken, Begjan mugallym—diýdi.
Begjan mugallymyň gözleri ýandy.
-- Ah, men aýtmaýyn, sen sorama.—diýdi.—Sonýa Babaýewa şofýor ýigidem ýadyndan çykarmady.
-- Aý, şofýor—diýdi.
-- Näme?
-- Maşynyňy saklaman sür, ýogsa Begjan mugallym bilen Bibijan söýüşmäge gidibermesin.—diýip, hezil edip güldi.
Aşakda Çendiriň ilkinji obasy göründi.
-- Şu obada mekdep barmy?
-- Bolmaly.
-- Şu oba sür. Şundan başlalyň...
Bu günem Mergen güni ýaşyryp öýüne geldi. Ol janhowlyna howlugýan ýaly bolup, çukuryň daşyndan bir aýlandy. Çukuryň jaý tarapynda gyrmançadyr silewäniň, küldür topragyň gabarasy ep-esli bolup durdy.
-- Bu günem işläp bilmedim!—diýip, ol öz-özünden närazy halda başyny ýaýkady. Soň ol işigini açdy-da, çaý goýdy. Şondan soň plotensiýasyny egnine atyp, duşa bakan ylgady.Her näçe özünden närazy bolsa-da, geçen iki gün Mergen üçin uniwersitet derejesinde peýdaly boldy. Ol şular ýaly tejribäni bir mekdepde işläp ýören mugallymyň elli ýylda-da alyp bilmejegine-de akyl ýetiripdi. Ol tutuş raýonyň ýigrimiden gowrak mekebine aýlanyp gördi. Şonda ol mekdep direktorlarynyň ählisi bilen gürleşdi. Her mekdepde näçe mugallymyň, näçe okuwçynyň, näçe klasyň, şu ýyl näçe oikuwçynyň mekdebe kabul edilenliginiň, geljek ýylda näçe okuwçynyň kabul edilmeginiň göz öňünde tutulýandygynyň, şu okuw ýylynda mrkdebi näçe okuwçynyň tamamlap gidendiginiň, şu ýyl näçe okuwçynyň mekdebi tamamlajakdygynyň, mekdepden şu ýyl näçe okuwçynyň ýokary okuw jaýyna girendiginiň, ýetişigiň, gatnaşygyň, dersler boýunça ökde, tejribeli mugallymlaryň hasabyny alyp, depderine belledi.
Mekdebiň haçan gurulandygyny, haçan abadanlaşdyrylandygyny, näçe klasyň abadanlaşdyrylyp, okuw ýylyna taýýar edilendigini, her klasyň tagtasy, partalary, yşygynyň ýanyp ýanmaýandygy, mekdep çagalarynyň suw bilen üpjünçiliginiň näderejededigini, hajathana, el ýuwulmak meseleleriniň nähili ýagdaýdadygyny aýratyn belledi. Her mekdebiň direktorynyň, guramaçylyk, terbiýeçilik

orunbasarlarynyň atlary,atalarynyň atlary, iş, öý telefonlaryny belläp aldy. Soňra her mekdebiň daş –töweregini elin gördi. Mekdepde bag ekilişine, boş ýerlere pel çekip, ekin ekilişine syn etdi.
Bu ýazgylar Mergen üçin hazynady. Ol hazynany Mergen başda Bilim bölüminiň müdiriniň hasabatyna gerek bolaýsa diýip ýazyp alypdy. Ýöne onuň göwni bu işinden suw içmedi. Ýöne onuň göwni"Işle, bu çukuryň işini aýyň aýagyna gutar" diýýärdi.
Aýyň aýagyna bary- ýogy ýedi gün galdy. Şol ýedi günüň üç gününi ol ýygnak, beýleki diýip, eli daňylgyja geçirmelidi. Galan günlerde onuň çukura girip biljegi gümanady.
Mergen ýuwunyp gelip, sekiniň üstüne düşek, saçak ýazdy. Ol gyzyl açdy. Sebäbi ol aýyň aýagyna çenli iliň saçagyndan, bazardan ýeke lukmany agzyna atmazlyga özüne şert edipdi. Ol şertinde-de durdy. Ýöne öz öýüne gelensoň, halys çydamady. Çaýy gaýnansoň , ol çäýnegi düşürdi-de, ýerine sajy goýup, oňa ep-esli gowurma atdy. Onuň üstüne sogan dogrady. Olaryň üstüne dört sany ýumurtga çakyp, az-owlak duz sepişdirdi.
Nahary taýýar bolandan soň, ol çaýyny demledi-de, baryny sekiniň üstündäki saçaga daşady. Howlukman garbandy. Gantlap çaý içdi. Şeýdibem günuzynky açlygynyň, ýadawlygynyň dişini döwdi
Indi onuň öňünde duran birinji wezipe, başlygyň hasabatynyýazmakdy. Ol bu hasabaty düýnden bäri aňynda gaýtalap-gaýtalap, kemini goýman taraşlapdy. Indi ony kagyza geçiräýmek galypdy. Şonuň üçin Mergen bar zady owarram edip, eşigini çalşyryp, bilini berk guşap, çukura girdi. Sebäbi indi telim gün bäri ol çukuryň işine ýa gaty göwün beripdi, ýa-da halys öwrenişipdi. Ol çukurda işläne özüni birhilije erkin, ýeňil duýýardy. Kellesi açylyp, gunt ýaly pikirler döräp başlaýardy. „Men özümem ýadymdan çykarmaly däl!" diýip, ol toprakly köne çuwalybäş-alty sapar daşanyndan soň oýlanyp başlady.—„Başlyga taýýarlan hasabatymdan interwýu taýýarlap, ertir „Mugallymlar gazýetine" ugratmaly!" Mergen bu pikiri şapba tutdy. Özem bu pikiriň kellesine häzir gelenine begendi. Ýöne soň onuň kellesine başga bir pikir geldi.
„Men ertir maslahatda„Edebiýaty okatmagyň käbir meseleleri" diýen temada çykyş etmeli. Ol pilini ýumşajyk topragaurdy-da, sähel salym sägindi. Belli pedagoglar Kamenskiniň, Suhomlinskiniň, Myrat aganyň, Jümmi mugallymyň, beýleki halypa mygallymlaryň edebiýaty okatmak baradaky maslahatlary onuň aňyndan ýyldyrym çaltlygynda geçip gitdi.
„Birinji bilen Suhomlinskiniň täze adamy kemala getirmek baradaky parasady;
Ikinji bilen,mugallymyň beýik göreldesi!
Üçünji bilen, okuwçylaryň öz mertebesini ýokary götermek;
Dördünjiden, edebiýat sapagyny ynsan edebiniň açaryna öwürmek.
Bäşinji bilen, Jemleme!"
Mergen derleýärdi. Derledikçe aňyna ýazylyp duran makala süýjeýärdi. Onuň aňynda, pikirinde.ýüreginde, asyl sözlük sostawynda ýok sözler häzir onuň diline gelýärdi.
Mergen bu sözleri aňynda gaýtalap oturmaga halys çydamady. Ol çukurdan ýyldyrym ýaly bolup, atylyp çykdy-da, özüni duşuň aşagyna urdy.Soň öýe girip,

çyrany ýakdy.Kagyz , galamyny alyp, sagat bire çenli özüniň ertirki maslahatdaetjek çykyşyny, bilim bölüminiň müdiriniň hasabatynam ýazdy. Diňe şondan soň sagadyny dörde düzdi-de, sekä düşegini ýazyp ýerine geçdi.
Ol sagat dörtde oýandy.Duşa düşüp, agşamdan galan naharyny gyzdyryp iýdi. Çaý içdi. Soň sagat ýedä çenli öz makalasyny – interwýuny ýazdy. Ony gaýta-gaýta okady. Syntgylady. Bellik eden sahypalaryny täzeden göçürdi. Hasabatam, özüniň çykyşynam şeýdip işledi. Soň düýnde, öňňinde geýmedik jalbaryny ütükläp, ýene duşuň aşagyna girip, yslyja şampun bilen saçyny, endamyny howlukman ýuwdy.
Mergen öýden çykanda sekiziň ýarydy. Ol howlukdy. Ilki posýolokdaky poçta baryp, interwýu-makalany bukja salyp, buýrma edip, „Sowet Türkmenistany" gazýetiniň redaksiýasynyň salgysyna ibertdirdi. Soň bilim bölümine geldi.
Müdir onuň özi bilen deňiräk geldi.
-- Gel, hany, atdaş, näme iş bitirdiň, hany göreli!
Mergen oňa hasabaty gowşurdy. Soňam:
-- Mugallym, bir haýyşym bar!—diýdi.
-- Näme?—diýip, müdir hasabata gyzygyp oturyşyna, başyny galdyryp äýneginiň üstaşyry Mergene seretdi.—Gowy ýazypsyň, sag bol, aýdyber!
Mergen başlyga golaý bardy.
-- Şu günki maslahatdan soňky usuly seminarda menem çykyş edeýin.
Başlyk elini uzatdy.
--Hany, getir-äni...
Mergen çykyşyny uzatdy. Başlyk haýran galmaly çaltlykda okady-da:
-- Baý, gowy edipsiň-äý, hökman çykyş etmeli!—diýdi.—Ýöne ol birki sözlemi çyzdy.—Ýöne sen bir zat et, metodik seminary Begjan Abdyýew alyp barýandyr. Meniň adymdan şoňa duýdur. Sanawa goşsun.—Ol ýene bir salym hasabata güýmendi.—Ine, munda tutuş raýonyň mekdeplerini edil, aýna sereden ýaly edipsiň.Munyň gaty uly zat!..
-- Ol hasabaty edil gyzyl tapan ýaly göterip, kabinetinden çykdy. Soň eli hasabatsyz kabinete girip:
-- Baran ýerleriňizde aşyňyza-suwuňyza seretdiler dälmi"!—diýdi. Mergen:
-- Aý, ol pahyrlar gara gadyr-la!—diýdi.Başlyk güldi.
-- Begjan-a elli gram urmasa jany çykar-la.—Ol ýene güldi. – Özüňem bir elli gram urduňmy?!
Mergen başlygyň özünden gep aljak bolýanyna düşündi. Ol Abdylla bilen Gyzylarbatdan gelende-de osmakladan bolup "Bu bagty ýatan nirede içip ýör, beýle?—diýip soran bolupdy. Emma Mergen oňa per bermändi. Bu sapar ol gürrüňi kesdi.
-- Men mugallym bilesiň gelse, aýdaýyn: iliň öýüne-de, saçagynyň başyna-da baramok. Iliň gürrüňinem oňa-muňa ýetiriup ýörenleri halamok! Şonuň üçin menden iliň gepinem soramaň.
-- Näme, seni nahara çagyrmadylarmy?
Mergen ýüzüni sallady.
-- Men iliň öýünden, bazardan. Ýoldan iýmit iýmezligi özüme şert etdim.
-- O nähili? Şu günem iýmezmiň?!
-- Meniň öz öýüm bar-a!

Başlyk onuň ýüzüne dikanlap seredip durşuna:
-- Güni bilen aç bolmak bolmaz. Hökman iý. Seniň ol pikiriň nädogry.—Ol Mergeniň başyndan dabanyna çenli synlady.—Sen gaty hor-ow. Bu ýagdaýyňda işläp bilersiňem öýdemok.
--Mergen ýylgyrdy:
-- Işlärin, işlärin.Nesip bolsa, onda-da nähili işlärin!—Ol ýolda gelýärkä „aýdaryn” diýen pikirinii häzir aýtmaly hasap etdi.
Mugallym!—Müdir başyny göterip, Mergene diň saldy.
-- Maňa haýsy mekdepden, näçe sagat berýäňiz?—Müdir  bir salymdan:
-- Sen bilim bölüminde kabinet müdiri bolarsyň!—Mergen tisginip gitdi.
-- Jan, mugallym, meni mekdepden aýyrma!—Oňa  düýdansyz ýerden aýgytlylyk gekdi.
-- Maşa mugallymçylyk bermeseňiz,  giderin!
-- Nirä gitjek?—diýip, müdir işini taşlap  ýaş ýigide bakan öwrülip sorady.
-- Eger mugallymçylyk bermeseňiz, mugallymçylyk berilýän ýerine giderin. Gyzylarbat raýonynda mugallymçylyk kän. Hojagalanyň mekdebinde ýer bar, „ gel, näçe ölçeg okatsaň bereli” diýip durlar. Men şoňa giderin. Maňa diňe mugallymçylyk gerek. Başga işiňiz gerek däl...
Bilim bölüminiň müdiri ýerinden turup, elini Mergene bakan uzatdy.
-- Ataýaew, atdaş! Men saňa gowusyny etjek bolup durun. Häzir seni ýaşlar guramasam sorap dur, içeri işler bölümem sorap dur, ispolkomyň başlygam sorap dur. Seniň  hatyň gowy, pikirleniş ukybyň ýokary, edebiň gaty gowy, arassa, işeňňir. Birinjiden-ä, seni mekdep zaýalar, ikinjidenem, mekdepde seni  goýmazlar. Bu ýerde sen meniň öz ýanymda bolsaň, men ýalbararyn, sögüşerin, saklaryn. Meniň kömekçim bolarsyň, hat-petegime kömek berersiň, oňa- muňa git-gelime ýardam edersiň. Wagty gelende men seni  ýokarrak çekerin. Näme işiň bar pohly mekdepde...
Mergen  razy bolmady.
-- Siz maňa ýagşylyk etjek bolsaňyz, maňa sapak beriň. Galany bilen özüm oňuşaryn. Bolmasa Oblast bilim bölümine „Garrygala raýonynda dil-edebiýat dersinden sapak bolmany üçin meni başga raýona geçiriň” diýip,  arza ýazyp, şu günüň özünde ýola düşjek.
Müdiriň gözleri peträp gitdi.
-- Goý, beýle gepiňi  goý!.—Ol ýerine geçip oturdy-da öňünde ýazylyp ýatan kagyzlary dyrmalady.
-- Onde sen bir zat et!  Sentýabryň  birine çenli  meniň ýanymda bolarsyň. Soň men seni mekdebe geçirerin. Bormy?!
Mergen ýüzüni salap durşuna:
-- Bolar! – diýdi.
Mergen bilim bölüminden çykyp, Awgust maslahatynyň geçýän ýerine geldi. Ondan soň ol mugallymlara goşulyp, 1-nji mekdepdäki usuly maslahata bardy. Begjan mugallymy görüp,  ölümiň öýünde öz çykyşyny  seminaryň sanawyna goşdurdy.
Ol seminaryň ahyrynda „Edebiýaty okatmagyň käbir meseleleri” diýen temada doklad etdi.

Mekdep diýen çylşyrymly dünýäde ömrüni geçiren, tejribeli mugallymlar, horja, ejizje, heniz mugallym hökmünde mekdep mekdep, okuwçy garasyny görmedik agzy sary „jüýjejige' äsgermezçilik, uly ynamsyzlyk bilen seredişýärdiler.
Mergen dokladyna başlap-başlamanka:
-- Sen, oglan ýaman uly gepleýäň welin näçe ýyl pedagogik stažyň bat—diýip, 7-nji mekdepden Güljeren mugallym gapdaldan azgyryldy.
Mergen bu sowala taýýardy.
-- Men uniwersiteti ýaňy gutardym. Meniň pedagogik stažym ýok. Telim ýyl mekdepde işledim diýip biljek däl. Ýöne şu çykyş meniň bütin ömrüme oba mugallym bolmaly programmam meniň.Men şol programany size hödürleýän. Tejribeli mugallym hökmünde näme belligiňiz bolsa men diňlärin.
Mergeniň çykyşy esasan üç meseläni öz içine aldy.:
Mugallymyň mertebesini beýgeltmek;
Okuwçynyň mertebesini beýgeltmek;
Şu güne çenli emele gelen usullardan, tärlerden öz ýerinde ýerlikli peýdalanmak!
Ol :Mugallymyň mertebesi, ynsaby, ahlagy, söýgüsi nebsi bozulyp, adamçylykdan çykyp barýan, nebis üçin hallan atyp barýan tutuş adamzady çüýräp , ýok bolup gitmekden halas edip biler-- diýdi.
Soň „Okuwça düşünmek, onuň adamdygyny, geljegiň beýik şahsyýetidigini her bir okuwçynyň aňyna, ýüregine guýmak" barada gürrüň etdi.
Mugallym hiç wagt özüni okuwçydan ýokary tutmaly däldir. Ýaş çaga duýgur bolýar. Ol mugallymynyň özüni gedem tutýanlygyny, onuň hondan bärisiligini duýdugy, ol mugallymy äsgermän başlar.
Mergen Uşinskiniň bir hekaýasyny mysal getirdi.
Mekdebiň rus dili mugallymy Nataliýa Iwanownanyň kiçijik çagajygy ýaramany üçin, ol bütin gijeläp ýanyp ýatan çagajygynyň başujynda oturyp çykdy. Ol sapaga girende ýadawdy, gaharjaňdy. Ýüzüni sallap oturşyna, okuwçylar bilen gepleşesem gelenokdy. Şonda-da ol okuwçylarym boş gezip ýörmesin diýip, klasa girip, sapak düşündirip durdy. Mugallym şeýdip azaplar çekip okatsa-da Wanýa diýen oglanjyk sapagy diňlemän, gahardan ýaňa ýarylaýjak bolup duran mugallymynyň ýagdaýyny äsgermän, şo-ol penjirä garap, ýüzüni sallap, agyr gussa batan bolup otyr.
Mugallym ony gördi. Birki sapar oňa kakdyryp sapagy diňläň diýip aýtdam. Emma Wanýanyň şol bolşudy. Mugallym saklanyp bilmedi. Ol agyr kitaby bilen Wanýanyň partasyny tarpyldadyp gazap bilen urdy.
-- Sen, haramzada oglan, Meniň çagajygym gijesi bilen ýanyp çykdy. Men syrkaw çaganyň başujynda oturyp, tutuş gijämi çirim etmän geçirdim. Şonda-da janyma dözüp, size sapak berýän. Sen bolsa meni, sapagy, tutuş klasy äsgermän, iki gözüňi daşardan aýyrman otyrsyň. Çyk klasdan, gümüňi çek...
Wanýajyk gitmedi. Orta hatarda oturan bir gyz ýerinden turdy.
-- Mugallym, daňdan Wanýanyň ejesi ýogaldy!—diýdi.
Tutuş klas dym-dyrslyk boldy."
Mergen üçünji meselede beýik Kamenskiniň „Diňe ökde okuwçylary sapaga çekmeli" diýen parasadyny ýatlatdy.
-- Sebäbi näme? Sebäbi, käbir okuwçy mugallymyň pikirini, düşündirişini kabul edip bilmeýär. Emma okuwçy okuwça gowy düşünýär. Olar mugallymy

diňlänlerinden öz deň-duşlaryny diňlänlerini gowy diňleýärler. Okuwçy okuwça sada, düşnükli dilde düşündirýär...
Garry, gyňyr mugallymlar Mergeni goldamasalar-da, ortada oturan ýaşyrak, orta ýaşyndaky mugallymlar ýerli-ýerden „dogr-da, dogry” boluşdylar. Mergen raýon bilim bölüminiň hormat hatyna mynasyp boldy.
Ol bu gün öýüne sagat dörtlere bardy.

**11.**

Mergeniň kellesi açylyp, pikiri işläp başlady. Onuň indi çukuryň ahyryna çykmagyna bary-ýogy on ädimjik ýer galanda çukuryň topuryny daşyna çykarmagy bes etdi. „Indi aşaga düşelen kerpiji söküp başlamaly!. Soň kerpiji aýrylan ýere galan dersi , silewäni, galan gap-gara gumy ýaýradaýmaly!”
Onuň bu pikiri erbet pikir däldi. Sebäbi onuň indiki çykarmalysy toprak däldi. Ol inda altmyş- ýetmiş ýyl bäri ýagyş , sil suwlary bilen çukura eňterilen gapdaldaky giden jülgäniň ýüzüniň dersi, ot-çöpi, tozy, topragydy. Şol silewe, ders, ot çöp geçen ýyllarda ýapdan gelýan suwuň yzgary bilen eýlenip, çüýräp, baýlaşyp, başga bir güýçli massa öwrülip giden bolmaly Olary ekine dökäýseň, olar islän ýeriňi „Müsüre” dönderip taşlajakdy. Toprak görnüşindäki şol gara massany Mergeniň yrýa edesi gelmedi.
Ol bäşinji gün öýlän başlaýşyna birinji gün daňdan çukuryň düýbündäki kerpiçleri goparyp, çukuryň gyrasyndaky hüjreleriň birine örüp gutardy. Kerpijiň aşagy mesirgäp ýatan toprak bolup çykdy. Ýyllar boýy üýşen suw dersiň, silewäniň ot-çöpüň, saman-süplügiň güýjüni kerpiçleriň arasyndaky yşjagazdan syza-syza topraga siňdirip oturypdyr. Mergen kerpiji sökülen ýerleri depişdirip gördi. Onuň aşagy iki depime golaý ýer bolup çykdy. Mergen gaty ýadawam bolsa, öýüň içi ýaly ýeri depip çykdy. „Bu ýer däl, durşuna hazyna. Galanyny, nesip bolsa, ýekşenbe güni deperinem, galan dersleri şu ýerlere pytyradarynam..”
Onuň öz janyna haýpy gelip, çukurdan çykdy.
-- Häzir tüýs işläsiň gelýän çagy. Häzir baryp bir gantlyja çaý içeýin. Bolmasa, ertir meniň boş günüm-ä. Güni bilen ýatar-turar ýörerin-dä.—diýip, ol çukurdan çykyşyna, kürsäp, duşuň aşagyna girdi. Ol iýip-içenden soň, bu sergin howada gantly çaýyň özüne aýratyn güýç-kuwwat berýändigini ,haýran galmak bilen tekrarlady. Ol student wagty süýji satlary, ylaýta-da gant atylan çaýy hijem içip bilenokdy. Oba gelensoň welin, ol gantly çaýa aýratyn ürjiý bolup galdy.
Häzirem ol öleňden gelýän jana şypa berýän salkynjak şemala ýüzüni tutup, derläp çaý içdi Gantly çaý onuň süňňüne üýtgeşik güýç-kuwwat çaýdy. Onuň bedenindäki agyr ýadawlyk el bilen aýrylan ýaly boldy. Ol çäýneginiň soňuna çenli içip bilmedi. Güýjüne bäs gelip bilmän, nädip çukura gireninem , iş eşigine girip, bilini nädip guşanyp işe başlanynam ep-esli mahaldan duýup galdy.
Mergen şol bady bilen Gün dogýança işledi. Soň çukurdan çykdy.
Kerpiji goparylan ýer üstüne ütük çekilen mawut mata ýaly, lowurdap ýatyrdy. Ýokardan kerpiçler görnenokdy. Mergen kerpiçleriň bäş hataryny gyradan goparman goýupdy. Bir metre golaý ýer gyradan ýöremek üçin ýanýoda meňzäp durdy. Örülen kerpiçler ýap tarapdaky hüjräni durşuna dolduryp dur.Mergen oturyp

bilmän kerpiji aýrylan ýeri depdi, bir gyrada harman bolup ýatan dersli gumy şol ýere ýaýratdy. Ol öl-myžyk bolup çukurdan çykdy-da, duşa girip gelip, sekiniň üstünde ýygnalmadyk saçagyň gapdalyna gelip gyşardy.
Ol ýene Oguljany gördi. Bu sapar gyzyň özi gelip Mergene elini uzatdy.
Gutlaýan, Mergen , awgust maslahatynyň usuly seminarynda gaty gowy çykyş etdiň!
Mergen oňa geň galyp seretdi.
-- Sen nireden eşitdiň?
Oguljan gidip barşyna:
-Adam bir gowy iş etse, il bilýändir. Tutuş raýon şol çykyşyň barada gürrüň edýär-ä.
Oguljan gitdi. Ýigidiň ýüregi ýene telwasda galdy. Ol tutuş düýşüni Oguljany ýeke görmäge zar bolup, körsenip geçirdi.
Maşyn düýdüldedi. Mergen Şanazary gördi.Ol maşynyň kabinasynda bagtyýar ýylgyryp oturşyna:
-- Näm-ow, gözüň ýokmy?!—diýdi.—Hany, aýryl ýolumdan.
Mergen ýanýoda garşy sowuldy.
-- Bir-ä ýatyr!—diýip, kimdir biri gygyrdy. Mergen Şanazaryň maşynyna tarap howsalaly seretdi. Şanazar maşynyny şol zoguldadyp durdy.Ony biri yralady.
Dirimiň-how, hany, tursan-a!
Mergen laňňa ýerinden galdy. Işikdäki maşyna gözi düşdi.
-- Men diri, men diri—diýip samyrdady.—Kelte boýly, garynlak pyýada onuň üstüne abanyp durdy.
-- Senmi Mergen Ataýew?
Mergen alasarmyk halda:
Men! Men-diri! Men, diri.
Garynlak pyýada bu jyzyrdap duran yssyda günüň aşagynda günorta çenli şorlap ýatan ýigide göwnüýetmezçilik bilen seretdi.
-- Hany, oýan,ýüküňi kabul et.
Mergen şondan soň Nobaraly aganyň öz ýüküni iberendigine düşünip galdy.Ýüküni getiren sürüjiniň adynyň Amanmämmetdiginem bildi.
Nobaraly aga hat ýazyp iberipdir. Ol hatyndaýüki alyp barýan adamyň adynyň Amanmämmetdigini, oňa kireýhaky elli manat bermelidigini ýazypdyr.
Ammanmämmet aga Mergen haty okaýança onuň gapdalynda sömaýak durdy-da:
-- Puluň barmy, onsoň—diýdi.
--Bar!Bar !
Sürüji baş atdy.
-- Bolmasa, indiki gelýänçäm taýýar edäýseňem bolar diýjek boldum-däni.
-- Ýok, bar. Elli manat taparyn.
-- Ýöri, onda ýüki düşüreli!—Amanmämmet aganyň ýanyndaky gara saçy buýralanyp duran uzyn, hor ýigit gapdaldan goşuldy.
-- Ýüküňi düşürişenim üçin maňa-da bir litr bino berersiň!—diýdi.
-- Bolýar.
-- Çapy, sen ýokary çyk—diýip, sürüji buýrunjyrap başlady.—Bol, sallanyp durma. Sähel naharlanyp, ýokary-da degmelidiris, biz.
Mergen iki penjiräni, bir gapyny getirip sekiniň gapdalyna söýedi.

Ýaşuly bir ýaşik çüý. Sütünleri berkitmek üçin ýigrimi sany polat saklaw, bir topar petle iberipdir. Ýöne olaryň baryndan tagtalar gowudy.Pol üçin, şifer kakmak üçin, sütün üçin gerek boljak tagtalar arassady, lowurdap durdy.
Mergen gelen adamlar bilen tagtalary,, soň altmyş bäş şiferi dessine düşürdi.
-- Ýegen!—diýip, Amanmämmet aga maşynyny ýoluň gyrasyna sowup gelendensoň, aýtdy.—Gazyň barmy? Garbanyp, bir käse çaý içmeseg-ä booljak däl.
-- Bor, bor, hemme zat bar. Siz şu jaýa giräýiň.
Ýaşuly duşuň üstündäki suw gaba seretdi.
-- Duşda suw barmy?
-- Bardyr, baraýyň.
Ýaşuly ýoldaşyna maşynyň kabinasyndaky iýmek-içmegi getirmegi tabşyrdy-da, Mergenden plotensa sorap, duşa girdi.
Mergen çaý goýdy.
-- Sajyň, pyçagyň, soganyň, duzuň barmy?—diýip, hälki Çapy diýilýäni sorady.
-- Bardyr.
-- Çaltyrak getir. Bol, bir jamam al!—Ol ýigit sähel salymda saja kolbasa dograp, özleri bilen alyp gelen pomidoryny, soň sogan doglady-da, soň Mergene berdi.
-- Me, şuny gaza goý, ýegen.—Ol duşa tarap seredip durşuna:-- Maňa ýöne 0n manat beräý—diýdi-de, Amanmämmet agadan soň duşagirdi.
--Ýegen, eşret-ä duşda eken—diýip Amanmämmet aga öýe girdi.
-- Duşy özüň gurduňmy.
Hajathananam, duşam!
-- Şony oňarypsyň, ýegen.
Içeri naharyň tagamly ysy ýaýrap ugrady.
-- Pomidor, sogan atyldymy?
-- Atyldy.
-- Duzjagazam sepgin.—
Mergen orta saçak ýazdy. Jama gowurdak salyp getirdi.
-- Çaýam demläýinmi?
Ýaşuly gysgajyk gaşlaryny galgatdy.
-- Ýok, ýok, häzir „ak çaý" içeris.—Ol töweregine garanjaklady.—Ýaňky Çapy „ak suwlary" getirmedim-äý?
Mergen ýaşulynyň ýüzüne seredip, eginlerini gysdy.
-- Bilmedim.
Amanmämmet aga ýerinden turdy-da, maşyna bakan gitdi.. Ol birsalymdan, närazy hüňürdäp içeri girdi-de, elindäki çüýşeleri Mergene uzatdy.
Ol harap, maşynyň ýüküniň ýaryny düşürmän, galdyrypdyr-a.
Edil şol pursadam eli öl plotensiýaly Çapy içeri girdi.
-- Hezil etdim, ýaşa ýegen!
Sürüji burnuna salyp, oňa azgyryldy.
-- Sen näme, maşynyň ýüküniň ýarysynam düşürmänsiň-ä, o näme etdigiň?
Çapy gözlerini mölerdip, Mergeniň ýüzüne sereden boldy.
-- O nämäň ýük-äý!

--Bar seret, poluň aşagyna düşeljek, tagtalar, şiferiň aşagyna goýuljan, jaýyň üstüne düşeljek pürsler poluň gyrasyna kakyljak reýkalar düşürilmändir. Häzir özüm gördüm, görmesem, gidiberjek ekenim.
Çapy bugaryp duran sažyň gapagyny açyp, ýapan boldy.
-- Näme, özüň, boldumy diýse, „boldy” diýeňsoň... Menem, saňa bolsa, maňa-da bolýar diýip düşdüm-dä. Indi nämä goh edýäňiz. Aç öldük, bir zat garbanyp, soň düşüreris-dä.
Ýaşulynyň Çapydab ýaňa öňem agzy bişen bolara çemeli. Ol zeýrendi.
-- Inim, şu bet gylygyňy goý diýip, öň men saňa näçe sapar aýtdym. Nobaraly diýen adam bar zady hasaplap iberýär. Bir çüýüni alsaň,-- Ol Mergeni görkezdi.—Bu ýegen oglan aňňalak gapar oturar. Men saňa goý, şu pişäňi diýýän.
Çapy iki elini galdyrdy.
-- Ýes, goýdum, goýdum...
Olar saçagyň üstüne goýlan nahary üç bolup, garbanyp başladylar. Amanmämmet aga käsäniň ikidigini görüp;
-- Hä, sen näme?—diýip, Mergene seretdi. Mergen başyny ýaýkady. Myhmanlar iýip-içip, turansoňlar, maşynyň üstünde galan ýüki düşürdiler. Bu sapar maşynyň üstüne Mergeniň özi mündi. Hakykatdan hem, edil ýaşulynyň aýdyşy ýaly eken. Mergenem munça tagtanyň galanyna ünsem bermändir.
-- Men dört list fanerem sarypdym-a. Olaram bar eken...
Maşyndan düşürilen ýükler ep-eli bardy. Olary görüp,Mergen begendi.
-- Ýegen oglan, meneň maşyn hakymy berseň, biz ýola düşeli. Ýene bir gyssagly barmaly ýerimizem bardy...
Mergen içeri girip, pul alyp çykdy.
-- Nobaraly aga köp salam aýdandyr. Ol bir maşyn semendem alyp goýdum diýendir—diýdi.—Onam ýakyn günlerde ibererin diýdi.—diýip, elindäki puluny sanady.—Boýnumda galmasyn –däýt.—Puluň ujundan Çapa berdi.
-- Ýöne gaýdyp ýaňky oýnuňy etme.
Çapy aýdylany ýüzüne-de alman:
-- Oýun etdim-how.—diýen boldy. Mergen razylyk bilen Amanmämmet aganyň ýüzüne seretdi:
-- Nobaraly aga köp salam aýdyň. Gezmäge gelsin.
Maşyn ugrady. Mergen munça ýüke aljyraňňylyk bilen seredip durşuna, gyssanmaç oýlandy.
„ Men näme etmeli. Çukurly meselesini doly gutarmadyk halyma, jaýyň üstüni ýapyp, pol urmaly, şifer kakmaly bolarmykam. Penjiräni, gapynam goýmal-a
Ol häzir Garajany ýatlady. Gaty gowy ýigitdi welin, birden zym-zyýat bolaýd-la”. Şol ýanymda bolup, sähelçejik kömek berenem bolsa, bu işleri özümem alyp çykardym Ýa Berdi daýydan kömek soraýsammyka?!”
Ol gapysyny gulplap, Annabike daýzalara bakan ýöneldi. Eýwna baryp gygyrdy.
-- Daýza, salowmaleýkim!
Garry ýüzüni-gözüni asyp, içerden çykdy-da, Mergeniň salamyny göwünsiz aldy. Ol öňküler ýaly öýden oturmagy mürehet etmedi.
-- Daýza, näme boldy?—diýip, Mergen garra ýakyn baryp sorady.
-- Daýza, men jaýymyň üstüni ýapmaly. Berdi daýym kömek edip bilmezmikä?!

Garry gapdalda duran suwly bedräni göterip, onuň suwuny eýwana sepişdiren boldy-da-- Kim!—diýen boldy.
-- Berdi daýym.—diýip, Mergen gaýtalady.
Garrynyň gahar-gazaby ýetjek ýerine ýetip duran bolara çemeli. Ol gaharly gepledi.
-- Seniň Berdi daýym diýýäniň şu Çalabek dälmi? Ol saňa jaýyň üstüni ýapyşmak däl, iki etažly köşk gurup bersin, köşk. Özünem şu gün agşamaçenli gurup berer. Sen bardajyk, ondan ýaňa arkaýyn boldajyk öýüňde ýatyber. Ol maňa-da"Mamaş, şu jaýyňy ýykyp, ýerine köşk gurup bereýin" diýýär. Ýöne sen kekras, wagtynda geläýdiň. Men oňa „ýok" diýip durdum-da. Onuň iş küýsäp eliniň gijäp duran wagty şu wagt. Bar, haýyş bir edip gör...—Garry elini içeri salgady.
Mergen garrynyň bu gepine ynanjagynam, ynanmajagynam bilmedi. Näme-de bolsa, daýzasynyň salgy beren otagyna girdi.
Berdi daýy bilen Gara daýy ikisi   üsti iki sany  boşan çakyr çüýşe togalanyp ýatan boş saçagyň  gapdalynda agyzlaryna siňek baryny gonduryp, horlaşyp ýatyrdylar.
Mergen olary görüp, garrynyň gaharyna, teýeneli sözlerine düşündi.
Ol eýwana çykdy-da, öleňlikde ýaşaýan hojalyklara bakan gitdi. Howlularyň iň gündogarynda  üsti ýapylmadyk pagsa jaý göründi. Şoljaýyň içinden heniz artylmadyk gamyşyň ujy görünýärdi. Ol derwezesi, gapysy ýok howla girdi. Açyk işigiň agzyna baryp gygyrdy.
-- Salawmaleýkim, habarlaşar ýaly adam barmy!
Içerden ýaş,  diýseň owadan gelin çykdy. Ol megerem, çagasyny emdirip oturan bolmaly. Ýakasy açyk bolany üçin,  ak göwüsleri durşuna diýen ýaly görünip durdy.
-- Kim gerek saňa?—diýip, gelin ýakasyny, başyndaky ýaglygyny düzedip durşuna sorady. Mergen ýylgyrdy.
-- Gürleşer ýaly adm ýokmy?—Ýaş gelin hüžžerildi.
-- Men näme, adam dälmi? Aýdyber.
-- Ýok, maňa erkek adam gerek. Men bir haýyş bilen geldim.
Gelin yza çekildi.
-- Ejem, dädem Arçman kurortynda, ýene on günden gelmeli.Aýdyber, näme haýyştyň bolsa-da...
Mergen töweregine  seretdi.
-- Bagyşlaň, men siziň goňşyňyz,  hol gaýraky çukuryň ýanyndak jaýda ýaşaýan.
-- Wiý, siz şol Mergen ýer gemren diýilýän oglan dälmi?!
Mergen gelniň sypaýçylyksyzrak  gepleýşine üns bermedik boldy.
-- Men birje otag gurýan.Boýuny ýetirdim, üstüni ýapmaly. Maňa bir otagyň üstüne ýeter ýaly gyldyrgan, gamyş gerek. Sizde bar diýdiler. Şony satmazmysyňyz?—diýip, soramaga geldim. Öý eýesi bar bolsa, gürleşäýjekdim...
Gelin näzli ýylgyrdy.
-- näme gerek bolsa alyp gidiberiň.
Mergen düşünmedi.
-- Satýaňyzmy? Näçe diýýäňiz? Men häzir öýden pulumyalyp geleýin, onda.
Gelin içeri seretdi.
--Sen häzir näme gerek bolsa, äkitde, derdiňe ýaradyber. Ony dädem satýar. Ol gelende, dädem bilen habarlaşybererersiňiz.

Mergen baş atdy. Ol baryp,  pashasy bir wagt gurap giden jaýyň içine girdi. Ol ýerde daşy arassalanmadyk iki bölegräk  gamyş desseleri dikeldilip goýulypdyr.Ýerde bolsa daşy arassalanan iki desse ot-çöpe bulaşyp ýatyrdy. Mergeniň  olardan özüne gerek bolaýjagyny göterp, daşary çykjak bolanam şoldy welin, bir ýerlerden öýi bozulan ary sürüsi onuň üstüne hüjüm bilen  topuldy. Ýigit oňa kän bir üns bermejek boldam welin, arylar inuň ýüzünden-gözünden neşderlerini geçirip , daşyna aýlanyşyp başladylar. Mergen ary awusyna çydaman bir gygyrdy-da,  elindäkini taşlap ,  böküp daşary çykdy.
Ary zäheri ýaş ýigide  bada-bat ýöredi. Onuň ýüzi, gözi güpbe çişdi.
Bu ýerdäki gykylyga  ilki bilen hälki ýaş gelin  daş çykdy.
-- Näme, ýylan barmy?
-- Mergen arynyň awysyna zordan çydap, syryny bildirmän durşuna:
-- Ýok, ar-ry-yy!—diýdi.
Ýaş gelin elini çarpyp, hezil edip güldi.
-- Çakdymy, hany, göreýin-äni.
Mergen  arynyň çakan ýerione goýan aýasyny aýyrdy. Gelin golaý gelip, Mergeniň ary çakan ýerlerini  sypalaşdyrdy.
-- Wah-heý, ýüzüň çişip, elek ýaly bolupdyr. Sen dur, men häzir oňa palçyk çalaýyn.—Ol içeri girip,  bedrede suw alyp çykdy.—Al sowuk suw bilen ýüzüňi bir ýuw, menem häzir palçyk çalaýyn.--  Ýerden bir gysym  gum alyp, onuň üstüne suw guýdy. Soň ony  eli bilen birki gaýta bulaşdyrdy-da, getirip, Mergeniň ýüzüne çalyp başlady.
-- Men saňa barma, näme gerek bolsa. Meretden ibererinem—diýjek boldum. Seni hälem ary çakypdyr. Dädemi tas ýylan çakypdy. Ol-a elindäki gamyşy taşlap,  bu ýerden gaçyp sypdy. Indem gamyşyňam,gyldyrganyňam ýanyna baryp bilenoklar-a. Sen indi bir barma o taýa. Merediň özi  bararam,  saňa äkidip bererem.
Mergen ýumulyp barýan gözlerini ýyldyradyp:
-- Näme, Meredi ýylan çakmaz öýdýäňmi?—diýdi.
Ol geline geregem şol gep bolara çemeli.
-- Wah, şony bir çaksady. Beýdip, günüň- gününe içip ýatman düzeläýsedi. Ol bir ile gelmedik içýakgyj-a. Indi dädem, ejem gideli bärişol içip ýatyş-a. Gördüň-ä, gygyranyňda-da çykanok.
-- Adamyňmy?—diýip, Mergen arynyň awusyna az-kem öwrenişensoň sorady.
Gelin çynlakaý görnüşe gelen ýüzüni sypady-da:
-- Doganym-la!-diýdi-Yzyndanam, boýnuny birhilije burdy-da:-- Adamym ýog-a-diýdi.-Aýrylyşdym. Ýok bolsun.Ýer çekem, baran günümden bär içip azar berip, ýaşamaga bermedi. Onsoň, dädem  çydamady-da. diýdi, gyzym, mundan gün bolmaz ,  gümüne gitsin—diýdi. Onsoň, nädeýin, aýrylyşyp geldim.
Mergen bedrede galan suwy  arynyň öýüniň  üstüne sepeleşdirdi-de, gamyşlary jaýyň daşyna çykardy. Soň olaryň daşyny çig gyldyrgan bilen mäkäm bogdy-da egnine aldy.
-- Onda, Meret bir arka gyldyrgan eltewersin.Maňa şu gün zerur gerekdir.
Ol gelin:”Sen arkaýyn bolaýgyn” diýip galdy. Mergen bolsa arylaryň özüni  ertirki işden halas edendigine ynandy.
-- Ýüziň gözüň bu çişi bilen nädip işe gitjek!

Arynyň çakmasy Mergen üçin bähbit boldy. Ol üç günüň içinde jaýynyň üstüni basyryp, suwady. Şiferini kakdy. Üçünj gün öýlänräk gapy oturtmaly ýerini açyp otyrka, gapy kakyldy. Ol penjireden çykyp,aýlanyp işige bardy. Işikde maşyn durdy. Ol Ýoldaş Ahmedowyň maşynydy. Mergen işigi kakyp duranyň ýeňsesinden:
-- Salam, ýoldaş Ahmedow!—diýdi. Ahmedow hyrra yzyna öwrüldi. Ol salam bermezden ozal Mergeniň ýüzüni-gözüni görüp, pyňkyrdy.
-- Ýüzüňi nädäýipsiň-ow?!
Mergen henizem çişi aýrylmadyk gözlerini gaşap durşuna.
-- Ýüzümden bäş- alty sany ary çakdy. Men şu ýüzüm-gözüm bilen işe-de baryp bilemok.—diýdi.
Ahmedow ýylgyrdy.
-- Jaýyň-a bitiripsiň. Işdenem galmaly däl ekeniň. Seniň işe barman näme edip ýöreniňi tutuş raýon bilýär-ä. Başlygyň gaty gahary geldi. Heniz „Işe başlamanka munuň beýtmesi nämekä?” diýip, meni iberdi. Başlyk ýüzüni-gözüni çytyp:”Ertir sagat ona naçalnik milisiýäniň ýanyna barmaly.—diýdi.
-- Jan dost, ýoldaş Ahmedow jan, men bu ýüzüm, gözüm bilen nädip adama görüneýin. Sen başlyga aýt, maňa birinji sentýabra çenli rugsat bersin. Arynyň zäheri özüme-d erbet täsir etdi. Indi yssa-da çykyp bilemok, hiç ýarawlygym ýok...
Ýoldaş Ahmedow :”Aý, seniň işiň arynyň, parynyň işi däl ýaly-la”—diýýän ýaly ýakymsyzja ýylgyran bolup,
Bolýar, başlyga özüm düşündirip aýdaryn. Ýöne arynyň çakany çyn bolsa bolýar—diýdi. Mergen gülüp:
-- Çyn-la. Şaýatlarymam bar.Meni çakan arylary hem tutup saklap otyryn—diýdi.

12.

Mergen jaýynyň üstüni suwady-da, suwag gurap- guramanka şiferini kakmaga girişdi. Soň şifiri bolşuna göräräk kakansoň, jaýyň işigini, penjirelerini oturtdy, otagyň içine pol urdy. Reňk çaldy. Indi diňe aýna oturdaýmasy galdy.
Çukuryň hem gündogar burçunda bir topbak ders üýşüp durdy. „Ojagazam, nesip bolsa, bir gijede alyp ýataryn”
Mergen ýeke-de bolsa janyna dözdi.Ýaş ýigit uniwersitetde okaýan mahaly iki ýyllap tomus kanikuly döwründe gurluşyk toparyna goşulyp işlän döwürleri gaty uly mekdep geçendigine indi düşünip galdy. Ylaýta-da, birinji kursuň ahyrynda olar Tejende täze açylan sowhozyň jaýlaryny gurmaga gatnaşypdylar. Şonda Mergen kerpiç örmänem, burç çykarmanam, işik, penjire goýmanam, şiferlemegen, suwag etmegiň ähli usullarynam reňk çalmagam gaty gowy öwrenen eken. Elbetde, ol bu işler öz jaýy üçngerek bolar diýip asla pikirem etmändi. Olary ýalazy meýdanda ýaşaýan, goş-golamlary açyk meýdanda pytyrap ýatan hojalyklar gyssaýardylar. Şonuň üçin Mergen dagy gijesi-gündizi işleýärdiler. Bir sapar Mergeniň bir özi bir jaýyň şiferini kakmaly bolupdy. Suwag, reňk, pol urmak bolsa onuň çep elinden geler ýaly günler bolupdy. Olaryň bar aladasy şol işlerden çaltyrak dynyp, şirin eşretden doly studentlik günlerine dolanmakdy. Olar şoňa yhlas edip işleýärdiler. Asyl, görse, „käri öwrenip, ýigrenmesi” bu günki kyn günlerinde-de alyndan hydyr ata bolup çykdy-da, ýaş ýigidi ýalkady. Ol bu işleri kärendesine bitirýän adamlara

beren bolsa, azyndan müň manady çykmalydy. Onuň üstesine-de, olaryň gepini çeke-çeke, hyzmatynam etmeli bolardy. Müň manady gazanmak üçin, mekdepde, azyndan bir ýyllap deriňi döküp işlemelidi.
Mergen agşamara ýoluň gyrasynda durup, jaýyny synlady. Onuň gözüne öz guran jaýy edil bir şalaryň köşgi ýaly bolup göründi.
Bir maşyn onuň ýanynda saklanjak boldy. EmmaMergen öwrülýänçä, olam budur gitdi. Mergen maşyn gidensoň ruluň başynda oturany Şanazardyr diýip güman etdi. „Şodur!”
Mergen ýalňyşmandy. Ol hakykatdan hem Şanazardy. Maşynyň içinde Oguljan bilen Tuwagam otyrdy.
Onuň –how,aňkasy aşypdyr—diýenleri hakyt çyn bolup çykdy. Uly ýoluň üstünde ters alýlanyp dur-laý!—diýip, Şanazar bagtyýar güldi.
-- Ol görgülini ýylanmy, içýanmy, bir zatlar-a çakanmyşyn. Okuwdan geleni bäri öýündenem çykyp bilenokmyş.—diýip, bilim bölüminden Juma gelip aýtdy. Işe-de çykanokmyş. Müdiriňem gaty gahary gelýärmişin.
Şanazar heziller edip güldi.
-- Ony beýdip, ýola çykyp ýörşüne maşynam bir kaksyn, onsoň-a tüýs bolaýjak eken...
Oguljan ilki sesini çykarmasa-da, soň:
-- Şanazar—diýdi.—Hudaý uran garyp pahyr bilen näme işiň bar ?—diýdi. Ol bize degenog-a.
Şanazaryň käse ýaly owadan gözleri ýandy.
-- Eý, komsomolka, raýkoma akyl berme. Hany, bize degibem bir görsün. Sümükli burnuny goparaýyn.
Tuwak doganynyň gepine güldi.
-- Görgülini indi mekdebe-de almajak bolýan bolsalar. Nahalçylyk sowhozyna işç-ä gerek diýýeller.
-- Mugallymçylyk! Ol beýik mugallymçylyk!
Şanazar özüniň iň bagtly günlerini başyndan geçirýärdi. Ony partiýanyň raýon komitetiniň agitasiýa, propaganda bölümine işe alansoňlar, ýaş ýigit indi öz öňünde ýykylmajak bendiň ýokdugyna düýpli düşünipdi. Ol etirden agşama çenli bölümde oturýardy. Bölümiň işgärleriniň ýumşyny bitirýärdi.Öz maşyny bilen işgärleri barmaly, gelmeli ýerlerine äkidip, getirýärdi.
Ol basym, sentýabryň birinden poçtada abzallaşdyrylýan raýon radio gepleşigiň işini alyp barmalydy. Şol gepleşigiň habaryny taýýarlap, hepdede iki sapar on bäş minutdan çykyş etmelidi.Eger habaryny özi okasa, onuň üçinem elli manat pul beriljekdi. Eger özi ýaltansa, onam Oguljana okadyp biljekdi.
Oguljanyňam, gökdäki dilegi ýerde elinje gowuşypdy. Olam raýonyň ýaşlar guramasynda kadrlar bölümi bolup işe başlapdy. Işi kyn däldi. Eger ýerlere, hojalyklardaky, mekdepdir beýleki guramalardaky ilkinji komsomol guramalryna barmaly bolsa, ýa Tuwak, ýa Şanazar onuň aýagyny ýere basdyrman äkidip, getirýärdiler.
Oguljan üçin ýene bir şatlykly pursat başlanypdy. Onuň çaga ugry ýene ugrugyp başlapdy. Ýaş gelin häzir uçaýsam diýýärdi. Ol Şanazardanam, oňa duçar eden Alladanam müňde- bir razydy. Ýaş gelin gijelerine ukudan oýanan pursatlary özüni

Mergenden sowup, Şanazara baglan  Alladan bu bagtyny goramagyny dileý-dileý uka gidýärdi.
Beghan aga ogluna  ýene-de ilde, ummatda görülmedik gowy maşyn alyp berdi. Düýn bolsa :”Men-ä  şäherden bir gowy howlyny görüp gaýdandyryn” diýip, ogluny, gelnini begendirdi. Ýöne  Şanazara içgililigindenmi, ýa-da  ata öýünden aýrylyşyp gidibermek ýakmadymy, ýa-da, halys aýnan bolup aýtdymy, „Aý, däde jan, howlukmaly däl ekeniň” diýdi. Ýöne yzyny aýtmady.
Şanazar häzirki işini kän bir äsgerip baranokdy. Bölümde oňa diňe iş buýrýardylar. Ol işler, ylaýta-da ýazuw- pozuw işleri  ýigidiň aýbyny açýardy. Sebäbi Şanazar aslynda-da ýazuw-pozuwdan kän bir  aňrybaşam däldi. Ýöne welin gepläp almaly bolsa, bir zat etjekdi.Ol:
„Maňa iliň pohuny artyp, ýazyp-pozup oturmak däl-de, buýurunjyrap ýolbaşçylyk edilýäzn iş gerek.Men näme bu oturan kirli kişileriň hapasyny atyp, samsykmy?!Dädem bilen gepleşmeli. Goý, öýüni satsyn, maşynyny satsyn, men bilemok, memi Merkezi komitete işe ýerleşer ýaly etsin.”
Şanazar Aşgabada barsa, hor bolmajagyny bilýärdi. Onuň owadan ,nurana keşbi, özüne gerek adamlaryň ýanynda ulugyz ýaly saldamly, salykatly,  söhbetdeşlikde wezipeli adamlaryň ýakaryny gepläp, olaryň ynamyna girmegi başarýandygy, şahsy wepalalygy göreni oňa bendi edip biljekdi. Onuň Moskwa, ýokary partiýa mekdebine, ýa-da Jemgyýetçilik  ylymlar akademiýasyna  okuwa gidesi gelýärdi.
Emma kakasynyň raýon merkezinden howly satyn aljak diýmesi, ony büdräp ýykylan ýaly etdi.
--Dädemem-aý,  „howly satyn aljak „ diýen bolup, näme, puluny sowmaga ýer tapmaýarmyks?! Eger bizi öýüne sygdyryp bilmeýän bolsa, birinjiniň ýanyna baryp, özüm „Gaýynsyz  obadan „ iki otagly  beton jaý  soraýaryn.
Tuwak doganynyň bolşuna geň galdy.
-- Degme,  howly alsa alsyn. Sen diňe özüň barada pikir etme, Şanazar, doganlaňam bar-a.
-- Olara oba-da bokurdakdan  bes.—diýip, Şanazar içiniň awusyny daşyna pürkdi.. Olara dogan diýen bolup, olaryň bary bir köýnek poh. Oba-da köp şolara.
Tuwak onuň sözüne titredi,
--  Oba indi gutardy, doganjygym. Oba indi seniň iýjek pomidoryňa çenli Aşgabadyň bazarlaryndan satyn alyp getirýär. Sen, men—ikimiz  öz doganlarymyzy çüýreýän, weýran bolýan  oba belasyndan  alyp çykyp, halas etmeli.
Şanazar Ýoluň  gapdalynda baýryň tutuş ýüzünde seçelenip ýatan mazarlara gorky bilen seretdi-de:
-- Men hiç zadyňy bilemok. Men bu pohly obaňda-da, raýonyňda-da däl, Aşgabatda ýaşajak.
Tuwak hezil edip güldi.
--Bizem seniň ýanyňa Aşgabada göçeris. Indi dädem gutardy. Indi sen başlandyň, doganjyk,  sen şony ýadyňdan çykarma. Doganlaryňa eýelik et!..
Şanazar Aý ýaly ýüzüni sallady.
Men munça okap, munça adm bolup, seniň birtopar özüni oňarmadyk lakaşyňy boýnuma götererinmi?!Sen bar-a, bar özüň eýelik ediber...
Tuwak Oguljanyň ýüzüne hilelije  seretdi.

-- Sen düşün, dogan, dädemiň pul çykarýan stanogy ýok. Olam bendäniň bendes-ä. Kolhozyň skladyny elinden alsaň, olam seniň kursdaşyň Merden-ýergemren ýaly mekdebe geýmäge köýnegem tapmaz. Dädeme adam ogluna „Ýüzüň üstünde burnuň bar" diýdirmän ýöreniň mendigimi ýadyňdan çykarma. Birinjä hažyk-hužyk eden bolýan, ikinjä ýyly ýüz beren bolýan, Halk kontrollygynyň başlygyny elimde saklaýan, Ahyr, nätjek biriň şeýtmeli, günüňi görmeli-dä.
Şanazar öz maşgalalarynyň mertebesine agyr zarba urýan bu gürrüňi Oguljanyň eşitmegini islemedi. Ol doganyna gözüni alartdy.
-- Sen bujagaz hileleriňi Oguljana bir öwredäýme, how.
Tuwak gülümjiredi.
-- Eýýäm „Şanazaram gaty owadan welin, gelni ondanam owadan eken" diýişip başladylar. Gowy, baý ýaşajak bolsaň „Döwletli bihar gerek" diýenlerinem edibermeli, dogan. Bu gepiň kimi, nämäni göz öňünde tutýanyna akyl ýetirjek bolýan ýigit:
-- Ana, gördüňmi? – diýdi.
Oguljam Şanazaryň maşynyny bir ýerlere urduraryndan gorkdy.
-- Ýoluňa seretsen-e, Şanazar. Sen gaty arkaýyn bol.
Şondan soň tä edara baýançalar Şanazaryň demi çykmady.

**13.**

Mergen ýoluň gyrasynda ep-esli dursa-da, elinräk ulag gelmedi. Awtobusyň gelerine ýarym sagada golaý wagt bolany üçin, ol pyýadalamagy ýüregine düwdi. Indi Mergeniň bar derdi şöl çukurdy, onuňam sähelçejik ýeri galypdy.
„Okuw başlanmaga ýene üç gün bar! Men şoňa çenli çukurdan çykmaly! Täze otagyma düşek, gowy kitap polkasyny, uly stol, kreslo, stol çyrasyny satyn almaly. Indi ýazuw-pozuwyma gaty çynlakaý başlamagym gerek... „
Ol kellesinde oýlap ýören pikirleriniň bir gyrasynda daýandy. „Sumbarda okuwyň başlanyşy barada" „Mugallymlar gazýetine, „„ „Edebiýat we sungara". „Ýaş kommuniste" habar ýazmaly..."
Ol indi ýazjak makalalaryna sözbaşy gözledi.
„Sumbara bilbiller gaýdyp geldi". Ýa-da „Sumbarda ýaňlanan aýdym.". Ol bu pikirlerini kellesinde ýagşy ýugurdy.
„Wagt gaty az. Şonuň üçin goşgy ýaly akgynly, joşgunly, pähimli makalalary ýazmaly. Süýjüje bolmaly!Özem, gaty uly bolmaly däl. Ertiriň özünde, ir bilen iki makalany gyssagly, buýrma" edip ibermeli!
Şu gün mekdepli gürrüňem çürt-kesik çözmeli! Eýsem haçana çenli alasarmyk ýagdaýda gezmeli bolar.
Ol içeri işler bölümine edil, diýlen wagty bardy. Ony şol maňlaýy sakar moýor Guzuçyýew kabul etdi. Ol adam juda howlukmaçdy.
-- Geldiňmi, Ataýew!
Salam, ýoldaş maýor! Bäşim Guzuçyýewiç!
Maýor onuň öňüne bir tagta kagyz süýşürdi.
-- Me al, ýaz!..
-- Näme ýazmaly?—diýip, Mergen boýnuny burup, onuň ýüzüne seretdi.

Maýor närazylyk bilen başyny ýaýkady.
-- Indi sen uniwersiteti tamamlap. Saňa arza ýazmanm men öwretmelimi?
--Nämäniň arzasy – diýýän men?
Maýor ýüzüni eýmenç görnüşe getirdi.
Ataýew Mergeniň Garrygala raýon içeri işler bölümne uçastok inspektory bolup işe alynmagyny sorap ýazylan arza bolar-da. Bu ýerde näme düşnüksizlik bar!
Mergen ýerinden turdy.
-- Ýok,düşünmedim.Men mekdep mugallymy! Uçastok inspektoram däl, beýlekem., bolmagam islämok, ýoldaş maýor.
Mergen gapa tarap ýöneldi. Yzynda moýoryň sesi zarply çykdy.
-- Saklan!—Maýor Guzuçyýew iki bökende işigiň agzyna ýetip, Mergeniň ýeňinden çekip, ony töre, özüniň oturan ýeriniň garşysyna  getirdi.
-- Sen, kürre, diňle!Sen häzir ýedi gapyda ýer tapman ýören ýetim oglan, düşündi. Men saňa  ýagşylyk etjek bolýan. Hut birinjiniň özünden ýalbaryp, sorap aldym, seni. Seniň üstüňde bilim bölümi bilen sögüşdim,  Maral Meňliýewa bilen sögüşdiňmi. Komsomoly öýkeletdim.Indem, sen maňa näz eden bolma. Düşündi.
Mergeni bu sözler bilen-ä däl, edil oka tutsaňam niýetinden gaýtaryp boljak däldi. Ol gaharyna bäs gelip bilmän gepledi.
--  Sen, kim bolaňda-da maňa „ýedi gapyda ýer tapmadyk” diýen bolup, agzyňy sala goýberme. Men senden iş soramaok. Şu bolşuň üçinem degişli ýerinde jogap bermeli bolarsyň.
-- Men näme, men saňa ýagşylyk etjek bolýan. Islemeseň, hana, işik! Bar, gidiber!
Mergen Guzuçyýewiň ýanyndan çykyp, şol gyzgyn demi bilen  bilim bölümine bardy.
 Bölüm müdiri henizem gelmän eken.
-- Ahmedow, başlyk gelenokmy?—diýip, Mergen maşynynyň töwereginde eli ýagly letde bilen köwejekläp ýören   ýigitden sorady.
 Ahmedowyň gözleri edil hüwiňki ýaly  tegelendi. Mergen bu kiçijik müçeli adamda beýle ullakan göz bardyr diýip pikirem edenokdy.
-- Bir zat bolandyr, henizem gelenok, Ýöne men aýtdy diýme.Sen bu gün Begjan mugallymyň ýanyna barmaly bolarsyň. Indi bize şol başlyk. Ýöne men aýtdy diýme.
Mergen ur-tut Begjan mugallymyň kabinetine bardy. Ol iki sany aýal mugallym bilen  gaharlanyşyp otyrdy. Ol Mergeni görüp, oňa eýemsiräp gepledi.
--  Sen-ow, hany, gel bäri!
Mergen Begjan mugallymyň golaýyna bardy.  Ýaşuly ony aýallara görkezdi.
--  Ine uniwersiteti gutaryp gelen  ýaş hünärmen. Hakyna seretseň, biz oňa doly on sekiz sagat   iş ölçegini beräýmeli. Emma zordan dokuz sagat tapdyk. Siz  bolsa, şonuňam sagadyna dawa edýäňiz. Galanynam, ertir başlygyň özi geler, onuň bilen çözlüşersiňiz.
Aýallaryň ýüzi ýakymsyzy aglady.
Özüňiziň garyndaş-doganlaryňyzyň ählijesi  bir ýarym ölçeg aldy. Maňa gezek gelende şeýle bolmalymy?Siz meni hossarsyz, arkasyz görüp şeýdýeňiz. Äri türmede, onuň halyny sorajagy ýok diýýeňiz. Men sizi ýola getirjek  adam taparyn.

Aýallar gykylyk turuzyp, her dürli gep-gürrüňiň başyna ýetip, ala gykylyk bolup çykyp gitdiler. Begjan mugallym ýadaw görnüşde ýerinden turup, köçä çykýan açyk penjireleri ýapyşdyrdy. Ol Mergene ýer görkezdi.
-- Otur.
Mergen özüne görkezilen ýere geçdi.
-- Nätdi, milise bilen çözlüşdiňmi?
-- Howa-la.
-- Indi azar berip, işden boşadyň diýip durmazlar-da.
-- Ýok, durmazlar.
--Näme, jenaýat dagy etdiňmi?
Mergen ýaşulynyň ýüzüne seretdi.
-- O nämäniň jenaýaty? Meni zorluk bilen milisiýä işe aljak boldylar. Menem razy bolmadym.
-- Bary şolmy?
-- Näme, şol azmy.
-- Sen näme diýdiň?
-- Men mugallym boljak – diýdim.
Begjan mugallym agras ýylgyrdy.
-- Şony oňarypsyň.
Mergen pursaty tutdy.
-- Maňa näme üçin sagady belli edenoklar. Näme için meniň iş meselämi çözeňizok?
Begjan mugallym baş atdy.
-- Gynansagam, şeýle. Ýoldaş Mergenow seni özüne kömekçi etmek isleýär. Hatyň gowy diýýä, düşünjäň gowy diýýä, arak içeňok diýýär.Sen edepli oglan. Ol seni ulanjak ýörjek. Onuň sen barada ýaýdanýan ýekeje ýeri bar. Sen gep çöplemäni, ýagdaýlary görüp, gören, eşiden zadyňy hut başlygyň isleýşi ýaly edip, oňa ýetirmäni oňaranok. Onuň ýanynda bolsaň, bu ýyl öwrenmeseňem, ony indiki ýyl öwrederler. Ýöne men saňa bir maslahat bereýin. Bilim bölümine gelme. Halys ýaltas, ýalançy bolar gidersiň. Mekdebi, klasy, okuwçyny bilmän geçersiň. Men saňa 3-nji mekdepden dokuz sagat edebiýat bereýin. Bu düzgüne dogram gelip duranok. Ýöne, ikinji çärýekden doly sagat taparys. Indem, bar, durma, git.Okadyber.
-- Mergeniň derisi giňän ýaly boldy. Ýöne okatjak wagty, dokuz sagat gaty azdy.
-- Mugallym, maňa diňe dokuz sagat bolarmyka?
Begjan mugallym oturan ýerinden turup, Mergeniň ýanyna geldi.
-- Sentýabryň başyndan agşamky mekdep işläp başlajak. Şu wagt ähli kagyzy geldi. Men saňa şondan bir ölçeg alyp bererin. Ýöne mekdepden gitme.
Mergen bu gürrüňden razy boldy. Ol bilim bölüminden göni 3-nji mekdebe gitdi.
3-nji mekdepde Ejeş Kürräýewa direktor eken. Ejeş mugallym Mergeni güler ýüz bilen garşylasa-da, gelenine begenmeýändigi ýüzünden- gözünden bildirip durdy. Üç bäşinji bar, şony edebiýatdan okadarsyň., klas ýolbaşçylygynam bererin – diýip, minnet bilen aýtdy.—Eger okadaryn diýseň, göwreliligi üçin rugsada çykan aýall mugallymyň taryh sapagam bar.
-- Ýok, men taryh okatmaryn. Ýöne türkmen dili sapagy bolsa, janym bilen.

-- Ejeş mugallym güldi.
-- Bizde okatjagyň, okatmajagyň bolmaz. Berseler matematikanam okatmaly bolarsyň.
Mergen Ejeş mugallymdan özüne haýsy klasyň berliýändigini sorady.
-- Sen Çaçy mugallym bilen bir klasda okadarsyň. Ol tomsy bilen 15-nji klasy abadanlaşdyrdy, agartdy, poluny, diwarlaryny reňkledi. Her dürlije stentler asýşdyrdy. Bar, Çaçy mugallymdan okatmaga rugsat al, hemem näme iş galanyny sora, näme işi bolsa. galan işlerini sen etmeli bolarsyň.
-- Meniň sapaklarym ertirinemi?
Ejeş mugallym „şonam bileňokmy?"'diýýän ýaly, Mergeniň ýüzüne seretdi-de: Ýök-la, öýlänine-le.- diýdi.- Birden dörde çenli ertirine, öýlänine bäşden ona çenli.
-- Onda on üçünji klas-da!
Mergen on üçünji klasa bardy. Ol ilki girende aňmasa-da, tutuş mekdepden reňkiň ysynyň gelýändigini duýdy. Bar klasyň işigi açykdy. Şeýle-de bolsa, her klasyň öz ysy bardy. Mergeniň baran 13-nji klasynda ertir irden bilim bölüminde aglaşyp dawa turuzyp oturan iki aýal, üç- dört sany gyz çaý içip otyrdylar. Bu mekdepde erkek mugallym göze ilmeýärdi.
-- Salam, mugallymlar!—Aýallardan ses çykmady.Mergen klasyň içini synlady. Gaýraky diwara uly tagta kakylypdyr. Partalar iki topara bölünip, tagta bakdyrylyp goýlupdyr. Iki sany uly penjireden gün düşüp dur. Pol goňrumtyl reňk bilen reňklenen bolsa-da, kän bir göze ýakanokdy. Diwalaryň aklanyşy ala kakýardy. Mugallymyň stoly hapady. Stoluň üstünde iki sany bulgur, jürnügi döwük çäýnek. Hemem ýarty çörek durdy.
-- Senem şu klasda okatmalymy?—diýip, hälki iki aýalyň aglaman durany sorady.
-- Şeýle diýdiler.
Beýleki dawaçylragy gargynjyrap başlady.
-- Hudaýym, meniň çagalarymyň agzyndan alyp iýen haklaty haram bolsun. Hudaý görüp durandyr. Nähilliler edip, myny aklap, reňkläp, polunyň, partasynyň reňkini, hapasyny aýyrjak bolup, dyrnaklarymyň soýulyp gidenini. Indem, niräň gedaý galanam gelip, meniň taýynlanja aşymyň eýesi bolmaly. Hudaý bardyr, ýetimi horlanlar Alladan tapsyn.
-- Wah, Çaçy jan, gyzyýam, adalat barmy! Hany adalatyň?Bu wagtyň hemmesi berim-peşgeşe ýatd-a.
-- Niräniň atylan daşy, indi gelip meniň maňlaýyma degmelimi?! Mekdep gytmy, sapak gytmy. Özleri bilgeşleýin ediýeller.
Mergen aýallaryň sözüni kesdi.
-- Çaçy mugallym, gaýrat edip arkalaşaly. Maňa bir açaryňyzy beriň. Bu klasa siz näme çykaran bolsaňyz, men ýaryny bererin. Ýöne biderek dawa gerek däl...
Çaçy mugallym ýene gargynyp, aglap samrap başlady. Şol wagt kimdir biri jaňy basdy öýdýän. Tutuş mekdep jaňyň owazyna gark bolup galdy.
Mergen mugallymlar gaýdyp başlan batlaryna mekdepden çykdy. Başy ala özbek tahýaly murtlak goja uzyn şlangany suwly krana çatyp, mekdebiň daşyny suwlap ýördi. Ol Mergeni görüp, şlangasyny peliň içine taşlady-da, onuň ýanyna geldi.
-- Şilimiň barme-eýt?
Mergen ýylgyrdy-da başyny ýaýkady.

--Nasyň-da ýokmy”
-- Ýokdur.
-- Neşäň-de ýokmy?
Mergen ýaşuly oýun edýändir öýdüp güldi.
-- Neşäm-de ýokdur.
Ýaşuly gara çyny bilen närazy bolup başyny ýaýkady.
-- Senem onda ho-olardan ekeniň.—Ýaşuly gaýdyp barýan aýal mugallymlara gap-gara, kirli, gödeksi elini salgady.—Ýekke erkek mugallym keldi diýip begenipdik, o-da ýalan boldy. – Ýaşuly lapykeçl baryp peliň içinde ýatan şlangasyny galdyrdy.
-- Işge keldiňmi? Mugallymçylykmy? Päheý, Sen nime, ten heleý işini saýladyňmy?Erkegräk iş tapylmadymy? Bak, olara, heý ýeke erkek barmy, bary heleý--diýdi.—Okadanlaryň bary heleý bolansoň, bu ilde ähli erkek heleý häsiýetli. Senem , näbileýin-dä?
-- Ony nämeden diýdiň—diýip, Mergen ýaşulynyň pikirini biljek bolup, onuň ýanyna baryp sorady.
-- Men nämeden diýdim diýsene, öňki erkek mugallymlar uniwersiteti gutaryp, işe kelgeninde, ýuwardylar. Olar çilimem çekerdiler, na-asam çekerdiler. Indi ýuwma-da ýok, oturyşma-da ýok, gel bäri-de ýok.
-- Näme, içýäňmi?—Mergen ýaşulynyň ýygyrtdan ýaňa işim-işim bolan maňlaýyna seredip sorady.
-- Men minä bolsa, içiberýen.Aragam bolsa içiberýen. Samagon-da bolsa içiberýen. Aý, çilim-de bolsa çekiberýen, naas-da bolsa çekiberýen. Oturyşma-da bolsa ýok diýmiýen.
-- Mergen birden:
-- Ýör!—diýdi.
-- Nireýe?
-- Garaganly obasyna.
Ýaşuly Mergen oýun edýän bolaýmasyn—diýip, onuň ýüzüne-ýüzüne seretdi. Karaganly obada näm bar?
-- Ýuwjak. Seni içirjek.
Ýaşuly başyny ýaýkady.
-- Bolmaýdy, bolmaýdy. Heç dogry gelmeýdi. Men bu gün postda! Onsoňam, bir minäni tarp edi-ip ortaga koýganyň bolmaýdy.
-- Onda ýuwmak üçin başga saňa näme gerek?
Ýaşuly pezzerip galan murtlaryny galdyryp, towlaşdyran boldy.
--Ilki bilen minä koýmaly. Soňra jaz-paz etmeli. Mana onsoň bolaýdy.
Mergen gepi çynyrgatdy,
-- Ýöri, gideli, men sen näme et diýseň etjek.
-- Bolmaýdy, bolmaýdy.
Mergen elini silkip, gidiberjek bolanda, ýaşuly onuň salgysyny ýagşy aldy.
Mergen mekdebiň howlusyndan çykyp, gapdaldaky dükana girdi. Öý üçin iýer, içer ýaly zatlar aldy. Soň ertir redaksiýa iberjek habaryny bişire-bişire pyýadalap öýüne nädip ýeteninem bilmedi. Duşa girip ýuwunyp çykandan soň, gantlap çaý içdi. Garbandy. Şondan soň galan puluny sanady. Bary- ýogy üç ýüz segsen manady galypdyr. Ol içeri girip, çyrany ýakdy. Ýükkeçäni galdyryp arada alyp goýan

çakyrlaryny  gördi.- de tisginip gitdi. Ýigrimi çüýşeden diňe alty çüýşesi somalyp durdy. Ol arada Berdi daýylaryň saçagynyň üstünde bulaşyp ýatan çüýşeleri tanyşam görüpdi. Emma özüni ary çakansoň,  olam ýadyndan çykyp galypdy. Emma bu ýagdaýMergeni ynjalykdan gaçyrdy.
-- On sekiz çüýşe çakyr bardy. Häzir  bary-ýogy alty çüýşe! Göwnüme bolmasa, puluma-da el degen ýaly. Gapym gulply,  içerim ýygnalgy.Bu nireden beýle bolup biler.
Mergen öýe özgäniň nireden girip biljegi barada oýlandy. Töweregine  göz aýlady.
-- Gulpy täzeledim.
Onuň gözi penjirä düşdi. Penjiräniň içki ildirgiji gopup ýatyrdy. Ol zor görene meňzeýärdi.
Mergen ýüregine dowul düşen ýaly bolup, daşary çykdy.Daş- töweregeyz çaldy. Görse, poldan galan  gowy tagtalaryň ep-eslisi ýok. Tagtany kimdir biri göterip, Annabike daýzalaryň eýwanyna eltipdir.
-- Daýza, aý daýza!
Annabike daýza  nämejikdir bir zatjagaz gäwüşän boup eýwana çykdy.
-- Hä, näme?!
-- Daýza salawmaleýkim.
-- Ýegen jan, gel, geç, börek bişirip otyryn.
Mergen ýüzümi sallady.
-- Berdi daýy barmy?
Annabike daýza Mergeniň ýüzüne jiňkerildi.
-- Hä, näme, bar.Nahar edinip otyr, giriberd-ä.
Mergen içeri girdi.
-- Daýy, salowmaleýkim!
Berdi daýy serhoş däldi.
-- Çalabek, gurgunmyň.
Mergen düşege geçmedi. Ol dik duran ýerinden:
-- Daýy, ogurlygyňy bes et!—diýdi.
Annabike daýza Mergene herreldi.
-- Ýene näme bolupdyr. Sen, ýegen, geldiňde bizi ogry edip goýawoýdyň. Sen-ä zatly bolduň, bizem bir ogry bolduk. Sen etimizi sile-sile etdiň-le. Aýyt, näme bolanyny.
Ejesiniň bu gepinden soň Berdi daýy hem tumşugyny galdyrdy.
-- Men seniň nämäňi ogurlapdyryn.
Mergeniň jany ýandy. Ol  öňki –soňky gaharyny orta dökdi.
--Daýza, çen „Ýene näme bolupdyr?” diýen bolup, maňa teýeneli gepleme. Meniň okuwdan gelenime ýaňy bir aý boldy. Meniň enem ýok, atam ýok, hossar bolmalym siz. Emma öküz ýaly bolup, seniň ogullaň gelen dünümden maňa gün berenoklar.
-- Näme edipdirler, beýle?
-- Näme ederler,  üç  sapar gulpumy döwüp öýüme girdiler. Üç sapar  çemodanymy açyp, pulumy aldylar. Bu saňa azmy?! Öýümde näme iýmek-içmegim bolsa göterip gidip durlar. Men  aşakdan ýigirmi çüýşe çakyr getirdim. Şondan bary-ýogy alty çüýşe goýupdyrlar. Indi işigimegetiren tagatamam çekip başladylar. Men bir ýetim oglan, gazanjym ýok, girdejim ýok, malym, mellegim ýok. Zordan günümi görüp

otyryn, Şu oglan şeýle eken diýeňizog-a. Han-a, ýene penjirämiň ildirgijini omur-jomur goparyp, içeri girip, iki ýüz manadymy, dört çüýşe çakyrymy, kolbasamy, gowurdagymy ogurlap gaýdypdyrlar. Men indi näme edeýin. Sen arada Şepi aganyň ogullaryny milisiýä aýt diýýädiň. Seniň öz ogullaryňy milisä aýtsam, aýagyny sallap giderler.
-- Sen, eý, Çalabek, dakazat et. Biziň alanymyzy.
Mergen Berdi daýynyň ýüzüne gaharly seretdi.
-- Subut etmek nämä gerek. Hana, öýde keçäniň üstünde gumly köwşiň yzy subut edip dur. O jaýdaky Garanyň eliundäki çüýşe subut edip dur, eýwandaky tagtalar subur edip dur. Mundan beter saňa merk gerekmi?!
-- Men seniň şemedanyň dan iki ýüz manat alamok.
-- Näçe aldyň?
-- Elli alty manat aldym. Onam karzyna. Bererind-ä, näme ölüp barýaňmy.
Mergen jyzyrdady.
On iki çüýşe çakyry ogurladyň. Gowurdagyň hem soňuna sen çykdyň.
Annabike daýza ýumrugyny agzyna çenedi.
-- Aý, Çalabek, bu ýetim oglana bereniňmi, seniň. Nämüçin beýle etdiňiz. Ikiňiziňem perziňiz azypdyr. Hudaýdan gorkuň-a...—Ol ýüzüni sallap gapdalda oturan kiçi ogluna azgyryldy.
-- Durnoý, sen näme mysapyrsyraýaň. Şu wagt milise çagyrsa näder sizi?! Gözüňizi gazamatda açarlar...
Gara ejesine gözlerini alardyp:
Berilerd-ä, näme ölüp barýammy?—diýdi.
Mergen gürrüňi jemledi.
-- Daýza, ogurlyk zatlarymy ýerinse goýuň. Bolmasa, men siziň bilen başgaça gürleşerin. Gaýdybam şol içeri aýagyňyz degäýse, aýagyňyzy döwerin, haraplar.
Ogullarynyň beýle sypanyna garry begendi.
-- Ýegen jan, goýarlar, men özüm gürleşerin, Sen hiç ýere bir arz beýleki etme..—diýip, ýalum-ýulum edip, ony eýwandan çykaryp goýberdi-de, içeri ýumlukdy.
Mergen şondan baryşyna çukura girip, ep-eslije işledi. Ýazjak makalalarynyň sudury taýýar boldy. Ol „Şony kagyza geçireýin” diýip, çukurdan çykyp, duşuň aşagyna girdi.Duşdan çykyp gelşine mekdepdäki başy özbek tahýaly ýaşulynyň duranyny gördi.
-- Geliň, ýaşuly!
Ýaşuly çukury synlap durdy.
-- Bu näme?!
Megen ýylgyrdy.
-- Bu köne mülkden galan gadym atýatak. Men muny mellek etjek.
Ýaşuly günbatar gapdalda öý ýaly-öý ýaly bolup, üýşüp ýatan gum depelerine elini uzatdy.
-- Olar näme şu çukurdan çykdymy?!
-- Şu çukurdan çykdy.
-- Özüň çykardyňmy? Maşalla, maladis!
Ýaşuly çukuryň gyrasynda çommalyp oturdy.

-- Üç pel et-de, kertişge, sarymsak, pyýaz ek. Aralygyna erik ek.—Ol jaý tarapyna elini uzatdy.-Hol ýere  üzüm ek!
Olar öýe girdiler.Mergen ýaşula hyzmat etdi. Ýaşuly Mergeniň  ýagdaýlaryny sorady. Mergen oňa öz ykbalyny gysgajyk gürrüň berdi.
-- Ýeke özüm.Hiç kimim ýok. Özümem dogabitdi keselbent, gowşak. Şonuň üçin mugallym bolaýmasam, başga käriň başyna bayp bilemok.
 Ýaşuly saçak başynda akylly-başly gepledi.
--  Mollumçylyk  Allanyň  „omyn" diýen işidir. Kim  ol işi myradyna ýetirip işlese, ol Allanyň sabynda durgandyr. Amma, myratgyna ýetirip işlemeýseň,  günäsi çokdur. Ol iş edep işi, ynsap işi,   iman işi! Mollum bolmak üçin özüň edepli bolmaly.
Ýaşuly iýip-içip,  Mergenden razy bolup turdy.
-- Men turjak, „Kel" bar, „kit"ýok.
-- Ýatyp gidiberiň. Ertir bileje gidibereris...
Ýaşuly başýyny atdy.
Aşkabatda meniň ikki oglum bar—ministr! Heleýleri--  koholka. Meni kolhoz görirler. Sen babaý dirler. Barsam „Babaý keldi" diýrler. Olar uly adam bolup kaldy. Men kiçi adam bolup kaldym.
Mergen iki çüýşe çakyry ýaşula saljak boldy.Ýaşuly almady.
Özüm içemog-a.
Ýaşuly baş atdy.
-- Dursun. Özüm içeman. Mellege kertişke ek. Sarymsak ek. Peýaz ek. Başka zat ekme. Toihumy özüm  ketirip beremen. Sen arkaýyn bol. Ýöne çil çekip, ýeri taýarlap goýaber. Ol ýola çenli çili nireden nirä, nähili çekmelidigini  öwretdi.
-- Seniň ol köne mülküň binaýy hazyna. Ol saniň ähli   nesliňi ekleýe. Ony kaldyrmak  kereg.
Mergen ýaşulyny ýola salyp, tä gijäniň bir wagtyna çenli kagyza güýmendi. Daňdan sagat jyňňyrdady. Dört bolupdy.  Ol hemişeki endigi boýunça çalynyp turdy. Çaý goýdy-da, duşa ylgady. Ýuwunyp gellip, bir käse gantly çaý içip, agşamky ýazan makalalaryny gözden geçirip başlady. Olary timarlady, täzeden göçürdi. Şondan soň, ol kellesine sürülenip gelýän pikir-duýgulary kagyza geçirip ugrady.
„Büdürämde galdyran, Gamly çagym güldüren, Muhabbetden emdiren, Meniň eziz mekdebim!"
Mergen bu setirleri okap, özünde bolýan ýagdaýa ynanmady.
Bu goşgyahyryn!—Ol  begençli  seslendi-de, bagryny ýassyga berdi—de,  ýazyp başlady.—„ Beslenip ak zere sen,  Keramata eýe sen, Çyn, mähribam ene sen, Salam, eziz mekdebim!", Ýene dolduk gujagňa. Bagtly döwran içinde, Barýas ýyllaň ajabna, Salam  eziz mekdebim", Bagta barýan ýolum sen, Bagtyýar ykbalym sen„ Parlak şöhrat-şanym sen, Salam, eziz mekdebim!"," Bilim, şuglaň derýasy, Nura besläp her ýany, Bagta beslän ynsany, Salam, eziz mekdebim!"
Mergen mundan artyk oturmaga çydamady, Ol üýtgeşik höwes besläp daş çykdy, işigini gulplady-da, iş eşiklerini geýip, çukura girdi.
Ýaş ýigit işledikçe joşýardy. Ol şol gara der bolup, haýdap işläp ýörşüne hälki goşgynyň her setirini, her bendini telim sapar öwürip, çöwürdi. Setirlerini setire, sözüni söze çalyşdy. Şeýdip, ol goşgy köňlünde aýdym bolup, tutuş çukura

ýaňlanýança, kellesinden däl, ýüreginden çykarmady. Ahyry köňlünde kemsiz taýýar bolan bäş bent goşgyny  Çukurdan çykyp,  içeri girip, kagyza geçirensoň ynjaldy-da, ýene çukura gaýdyp bardy.
Daşyndan seredeniňde gyrasyna iki adam boýyrak belentlikde bişen kerpiç örülen bu çukur indi görseň edil syrçaly jamyň içi ýaly bolup ýatyrdy.
Mergen jaý tarapdaky hüjräni arassalady. Ondan ullakan agaç sandyk, ululy-kiçili kepje-pil, dyrmyk, çarşak, gurap giden uýan, bir topbak at naly, gamçy, çeki,   odur-budur çykdy. Hüjräniň bir burçunda tot-tozan basyp giden arpa, at ahyry, suw guýulýan  ullakan legenler, saman, megerem ýorunja bolsa gerek, ýapragy aýrylyp, bir topbak sypal bolup ýatyrdy. Mergen kepjeleriň ulusyny alyp, ony çukuryň daşyna taşlady. Onuň sapy yzgardan eräp gidipdir.Emma kiçijik kepjäniň sapy suwa, yzgara üýtgemändir. „Megerem, şep agajyndan bolsaň gerek „diýip oýlandy. Özem gaty ýeňildi. Eliňe agram salmaýardy.
Ol tä Gün dogýança işledi. Indi bu çukurda  bir gijelik iş galypdy...
  Mekdepde Mergeni ýaşuly garşy aldy.
-- Pyýada geldiňmi?—diýip, ýaşuly iki elläp salamlaşandan soň sorady. Soň murtuny sypalan bolup,  Mergene maslahat bermäge başlady.
--  Sen, bala, tigir satyn al. Senge pyýada ýörmek bolmaýdy.—Teňňäň bolmasa, men beremän.
-- Näme?
Ýaşuly gepini çeýnedi.
--  Teňňäň, rublyň, manadyň bolmasa, men beremen. Senge indi tigir  kereg. Tozan ýollarda mugallyma pyýada ýörmek bolmaýdy.—diýeman.
 Mergen ýaşulyny 13-nji klasa alyp bardy.
-- Atam, sen maňa çukurdaky çilleri , erik ekiljek çukury nähili çekmelidigini ýene bir sapar düşündirsen-e.—Ol tagtany görkezdi.—Şuňa çukur diý-de düşüniber...
   Ýaşuly  tagtanyň ýüzüne biri-birine sähel degip duran üç sahypa çyzdy.
   Her sahypa bir pel boldy.
-- Aralygy näme?—Mergeniň soramasynyň sebäbi, ýaşuly her sahypanyň  hersiniň daşyny özbaşdak çyzdy.
-- Çil bolady.
-- Iki çil nämä gerek?
Ol Mergeniň ýüzüne :”Sen henizem düşüneňokmy?!”diýen manyda seretdi.
-- Aralyga erik ek!Erik!—Ol  sahypalaryň öň tarapyny ýene bir sapar çyzdy.
-- Mana, bu ýere üzüm ek, üzüm!
Mergeniň eginleri sallandy.
-- Men munça ýere  kartoşka tohumyny nireden alaryn. Sarymsak, sogan tohumyny nireden alaryn.
Ýaşuly „Goý, goý” diýen manyda ellerini silkdi:
-- Sen kyçgyrma, kyçgyrma, Özüm tapaman. Erik-de bar, ýzüm-de bar, behi-de bar.
Mergeni direktoryň ýanyna çagyrdylar.Ejeş mugallym gaharly görünýärdi.
-- Halys bolmasa, sen on ýedinji klasa geç. Çaçy mugallym:”Meniň taýyn edip goýanja klasyma täze gelen birini goýberýär” diýip, düýn baryp raýkoma arz edipdir.
-- Bolar, mugallym!Şony oňarypsyňyz.

Ejeş mugallym ynjyly gepledi:
-- Ýöne on ýedinji otagy özüň klas etmelisiň. Soň öz kabinetiň bolar. Men saňa bir aý möhlet bereýin. Ýa , az bolarmy? Howlukmanjyk, gül ýaljak ediber.
Ol geçip barýan mugallymlaryň birine:
-- Bar, Rejep agany meniň ýanyma çagyr!—diýdi. Mergen ýaşuly gelenden soň, onuň adynyň Rejepdigini bilip galdy. Ýaşuly gelenden soň Mergen bilen direktoryň skladyň agzynda bile durmagyny görüp, Mergeniň ýüzüne ynamsyzlyk bilen garady.
-- Näme bar?!—Ejeş mugallym , edil awtomat atylan ýaly, tatyrdap başlady.
--On ýedinji otagdaky hara-huraňy boşat. Täze gelen bu mugallyma klas ýetenok. Şu jaýy oňa bir aýyň içinde klas edip bermeli!
Rejep aga geň galdy.
-- Bu otag alaka ketegidir, direktur jan. Bundan kläs olmaýdy, direktur jan. Men munça baýlygy nireýe aýraýyn?
Direktor ýaşulynyň üstüne gygyrdy.
-- Siziň hersiňiz bir kelle. Diýileni et, kepiňi köpeltme-de.Diýleni etmejek bolsaň, ýaz arzaňy. Bar, gidiber,sen boş!
Ýaşuly sadyklyk bilen baş egdi.
-- Tüşündim, indi tüşündim.
Olar tirkeşip, işigine “Sklad” diýip ýazylan jaýyň agzyna bardylar.
-- Heç dogry gelmeýdur. Muny kör. Sen bu kelasy alma. Sen oňa “Ýok” diý.
Ol hümürdeý-hümürdeý işigi açdy. Otag işikden töre çenli ýary gopan,üsti gaçan ownuk, döwnük, parta, oturgyç, şkaf, tagta, pol ýuwulýan, bedre, sübse, reňk çalynýan şotkalarmy, reňk gaplarymy, hekli haltalar,baslygyp ýatyrdy.
-- Men bulary indi nädeýin, ah Allam! Kim ony maňa çykaryşar.
Mergen diwarlary, poly synlady. Mekdep gurlup, oňa girileli bäri, bu otaga el degmändir. Mergen bu ýerde bir aýlap süýrenip ýörere üýtgeşik işiň ýokdugyna bada-bat düşündi.
-- Atam, hek, reňk barmydyr?
Ýaşuly Mergeniň ýüzüne geň galyp garady.
-- Işlijekmi?!
-- Işlejek! Gül ýaly klas-a by.
Ýaşuly düňderilip, çykyp gitdi. Mergen penjireleri doly açyp, sähel salymda döwük- ýenjik partalary, oturgyçlary, tagtalary, köne-sana reňk gaplaryny, beýleki döwük –ýenjik tagta-tugtalary penjireden daşary taşlaşdyrdy. Bedreleriň iki sanysyndan galanyny daşary zyňyp goýberdi. Içerini gaýta-gaýta süpürdi. Indi bu otaga nämäniň gerekdigi belli bolup durdy. Ilki onuň diwarlaryny gowy ýuwmalydy, soň agardyp, yzyndanam aýnalary, gapyny, polu reňkläýmelidi. Bu işler tüýs Mergeniň isleýän, höwes edýän işleridi. Ol gije ýatman şu işleri etmäge-de taýýardy. Aňrujy özüne hiç kime dahylsyz, minnetsiz klas bolsa boljakdy.
Ýaş ýigit köýnegini çykaryp, jalbaryny dyzyna çenli çermedi. Soň gidip, mekdebiň howlusynyň ortasyndaky howuzdan suw alyp geldi. Ýaşulyny tapdy.
-- Hek nirededir, atam!—Ýaşuly Mergene bir gap gyzyl reňk, bar gap ak reňk berdi. Soň täzeje hek çalynýan, reňk çalynýan şotgalary eline alyp, işigini gulplady.

Mergeniňki soňuna galan ýa oňar, ýa doňar diýenleri boldy. Her dürli bedreler, hekli taslar çukuryň gapdalynda üýşüp ýatyrdy. Hek bolsa suwa ýatyp- ýatyp, edil, mesge ýaly mylgyrap durdy. Mergen bu ýerde ýatan esgilerden bitinrägini saýlap, saýlap alyp, suwly bedrä sabyn atyp, diwarlary, poly, potology, aýna, penjireleri birküç gaýta janyna dözüp-dözüp ýagşy ýuwdy. Soň tutuş diwarlaryň suwagy gaçan, sypjyrylan, deşilewn ýerlerini palçyk edip suwady.
Ol otaga üçünji sapar hek çalyp otyrka, mugallymlar gaýdyşyp başladylar.
Saňa indi näme kereg"—diýip, işiň indi ýagşy ugrugyp başlanyna göz ýetiren Rejep aga gelip ondan habar tutup sorady.
-- Maňa ikisany lampoçka gerek.
-- Ol heýç. Näme iýip, içersiň?
Maňa bolsa bir käsejik gantly çaý bilen el ýaly çörek beriň.
-- Hop, ýagşy!—Ýaşuly gitdi. Mergen penjiräni, işigi bol edip, doýuryp gaýta – gaýta reňkledi-de, soň klasyň poluny reňkläp başlady.
Klas beýle bir uly bolmasa-da, çemlidi. Poly näçe ýyllap gurap ýatan agaç bolansoň, näçe boldan çalynsa-da, reňki özüne derrew çekýärdi.
Ýaşuly bir buhanka çörek bilen ýarym kilogram kolbasany göterip gelende, Gün aşak inip başlapdy.
-- Hany, kel, owkat iý-ýeý! Taşla, bu pohly işiňi. Mergen ýaşulynyň jübüsinden çykaran bulguryna beýleki jübüsinden çykaran tokga gantlaryndan atyp, üstünealýumin çäýnekden çaý guýup, edil bir janhowluna ýaly birki gaýta howlukmaç owurtlap başlady. Ýaşuly oňa howsalaly seretdi.
-- Howlukma!Howlukma!—Ol çörek uzatdy.—Al, nandan iý. Ýöne , howlukma…
Mergen gantly çaý bilen, kolbasa, çörekden ýagşy garbanansoň, bedenine ýene güýç- gurbatyň gelenini duýdy.
Indi parta, tagta gerek!
--Kereg.
Mergen ýylgyrdy.
-- Bir stol bilen oturgyjam gerek.
Ýaşuly başyny atdy.
-- Erejep şaltaýyň ýanynda zadyň kepi bolmaýdy. Ýör!-- Ol jübüsinden bir gysym açar çykaryp, gulply klaslary açyp başlady.—Ol klasa bir seredýärdi-de:-- Göter—diýýärdi. Şeýde-şeýde, olar on ýedinji klasyň işigine on dört partany çekdiler.
-- Boldumy!
-- Gül boldy!
-- Ýöre!—Ýaşuly joşdy. Ol özüniň oturýan hem-de odur-budur saklaýan jaýyndan Mergene täzeje tagta, gowy stol, oturgyç berdi. Soň çekiç, çüý getirip, tagtany klasyň öňüne kakmaga Mergene kömekleşdi. Partalary, stol, stuly ýerleşdirişdi.
Mergen pola seretdi.
-- Ata, pola çalynan reňkiň ýagşy däl eken. Gör-ä, edil çalynmadyk ýaly. Men şu pola reňki dört sapar gaýtalap çaldym.
-- Käzir kowsuny beremen. Erejep şaltaý kowusyny körüne äkitmejek.—Ýaşuly gidip, ýarym banka gowy gyzyl reňk alyp geldi.
Direkduryň kabinetinden galdy.

Mergen ýaňyja geýen köwşüni, joraplaryny çykaryp, tagtanyň öňünden, partalaryň aralygyndan tä işige çenli pola täzeden reňk çaldy.
-- Indi boldy, ýöne, ata, sen lampoçka bermediň-ä.
Ýaşuly çekiçlerini, çüýlerini ýygnap, gitdi-de, eglemän lampoçka alyp geldi.
Mergen olary asylyp duran patronlara geýdirdi-de, çyrany ýakdy.
Gül ýaly klas ýiti ýagta tisginip gitdi.
-- Mana saňa kelas! Heý, şarap katyn. Mana saňa arza.—Ýaşuly gollaryny çermedi-de, çep eliniň tirseginden tutup bulaýlap durşuna:-- Me, saňa arza!Me saňa arza !—diýip gygyrdy.
-- Indi işikni kupla! Körmesinler.Bilmesinler!
Mergen işigi ýapyp, jalbaryny, köýnegini, jorabyny, köwşüni geýdi.
-- Indi kaýtma gerek.
Mergen sesini çykarman mekdepden çykyp, hälki döwük- ýenjik partalaryň, tagta-tuhtalaryň üýşmeginiň ýanyna geldi. Olary bir ujundan ýygnap, tertipleşdirip, gyra basyp ugrady. Bedreleri biri-biriniň içine geýdirdi. Sübseleri, şýotgalary desseläp, olaryň gapdalyna basdy. Ol ýaşulynyň yzyndan gelenini görüp, oňa:
-- Bedreler, klasyň işiginde galypdyr, men şolary alyp geleýin—diýdi.
-- Özüm körerin, özüm…
Barybir Mergen öz diýenine tutup, olary alyp geldi. Hekli bedreleri, suw guýulanlaryny, reňk gaplaryny, äkidip, howuzyň ýanynda goýup gaýtdy. Soň krany akdyryp , elini, ýüzüni ýuwdy.—da asmana seretdi.
-- Gijäniň ýaryna golaýlapdyr.
-- Ata, men gaýdaýyn!
Ýaşuly gözlerini owkalap durşuna:
-- Saňa bir tigir kereg—diýdi.—Erte saňa bit tigiri satyn alyp beremän. Puluny kaçan berseň, beriberesen.
--Mergen ýylgyrdy.
-- Ata, Erejep şaltaý diýdiňmi?!
Men Erejep şaltaý man, Erejep şaltaý aýtganda, waglama bolady.
Olar hoşlaşdylar.
.. Mergen sagadyň jaňyny eşitse-de, asla turasy gelmedi.
-- Tur, Mergen, tur!
Ol öz- özüni şunça gyssap, duşuň astyna atdy.Duşuň suwunyň azlygyny ol agşamdan aňýpdy. Emma juda ýadaw bolansoň, suwdan doldurmaga ýaltanypdy. Häzir bolsa onda ýekeje damja-da suw ýokdy. Mergen bedrelerini alyp ene ýaba tarap eňdi. Ol duşuň suw gabyny dolduryp, soň heziller edinip ýuwundy. Onuň ýaltalygam, ýadawlygam sowujak suw bilen syrylyp gitdi. Ýöne gantlyja çaý içmese bolmady. Çaýdan soň welin çukura girip, tä Gün dogýança işledi.Çukurda sähelçejik toprak galdy.
Nesip bolsa, şugün agşam dynaryn! Ertir okuwa hiç bir aladasyz başlaryn.
Ol „ýene bir iş tapylaýmasyn” diýip oýlandy-da, düýn geýen eşiklerine ütük urup, şolaram geýip, mekdebe ugrady.
Bu gün mekdepde ýene-de goh turýardy. Bekdebiň direktory täze klasy görüp, göz öňüne getirip bolmajak derejede begenip, Mergenden diýseň razy boldy.

-- Partalaryýam, sizleriň aýtganyňyz ýaly, her klasdan, her klasdan aldyk.—diýip, Rejep aga täze klasy mekdep direktoryna görkezip durşuna aýtdy. Men aýtdym"Alaly" diýip.
Ejeş mugallym"Men beý diýmedim-ä" – diýip, ör-gökden geldi.—Olar ýene razy etmäge giderler! Näme etseňizem, meni bir goşmaly däl ekeniňiz.
Onýança mugallymlar gelip başlapdyr. Olar özleriniň klaslarynda partalaryň ýokdugyny bada-bat aňypdyrlar. Ony ilki biri-birlerine, soň mekdebiň ýolbaşçylygyna çykypdyrlar.
Kim alsyn siziň partaňyzy, siziň partaňyz kime gerek—diýip, Ejeş mugallym hiç zatdan habarsyz bolan bolupdyr.
-- Meniň iki partam ýok.
-- Meniň klasymdanam iki parta ýok.
-- Men-ä ünsem bermändirin. Häzir baryp göreýin.
Klasyndan parta alnanlar köpelip başlapdyr.
Şeýdip, bu gürrüň Çaçy mugallym bilen Doýduk mugallymyň gulagyna ýetýär. Olar bolsa uly goh turuzyp:"Mekdebiň klaslaryna ogry girip mugallymlaryň bir topar zadyny, partalary alyp gidipdirler" diýip raýon milisiýa bölümine jaň edipdirler. Ýetişiň. Ogry öz içimizde...
Mergen mekdebiň howlusyna golaýlaşan badyna gapyda duran mugallym aýallar: Han-a gelýär-de, gelýär—boluşyp gygyryşdylar. Ony mekdebiň işiginde heniz çinem ýok milisioner garşylady.
-- Senmi, Ataýew?
-- Men – Ataýew, näme bolupdyr?
Milisioner ýigit özüni tanatdy.
--Milisiýäniň kiçi seržanty Ýelliýew! Ýöriň, içeri gireliň.
Olar tirkeşip, ýok, Ýelliýew Mergeni öňüne salyp direktoryň kabinetine girdi. Kabinetde maňlaýyny elektrik çyrasy ýaly ýaldyradyp, maýor Guzuçyýew otyrdy. Ol bir burçda mürrelip oturan gije garawuly Rejep agany sorag bilen burça gabap otyrdy.
-- Ýoldaş maýor, güman edilýän Ataýew siziň huzyryňyza getirildi.
Maýor ýüzüni sallap, baş atdy.
-- Sen näme açaryň bar bolanda, klaslary açyp, partalary dargadybermelimi?
-- Ortak maýur bilmeý men, direkturymyznyň ozleri ker kelasdan ikiparta alyňlar—diýip buýryk berdi.
Direktor aýal ör-gökden geldi.
-- Beý diýme, beý diýme, men ölsemem beý diýmen. Men klasy remont ediň diýdim. Partany bolsa, bilim bölüminden soramakçydym.
Mergen bu bolýan gürrüňlere geň galdy. Çykyp gidiberjek boldy.Maýor ony saklady.
-- Ataýew, hany, sen dur.—Öňünde ýatan bloknota nämedir bir zatlar ýazdy.
-- Partalary nirä ýok etdiňiz. Hany partalar.
-- Partalar klasda!
Maýor ýerinden turdy.
-- Hany, görkez şol klasy.

Maýor  Mergeni jenaýat eden hökmünde, öňüne salyp, on ýedinji klasyň işigine alyp bardy.
-- Hany, klasy açyň  , Beýdişip durmaň!
Rejep aga gelip  klasy açýança  garaşyp durdylar. Klas açyldy.
-- Bu klasda artyk zat ýok. Hany ogurlanan partalar?
-- Ýoldaş maýor, bu täze klas. Mekdebe klas ýetmäni üçin, maňa şu jaýy  abatlap, agardyp, reňkläp, tagta asyň, parta goýuň diýdiler. Ine, menem okatmak üçin täze klas açdym.
Bu jaýda öň näme bardy?
--Bu jaý, ortag moýur mekdep ammary.Alakalaryň  jaýydy. Bu bala    gijeler ýatman bu alakalar ammaryny  gül ýaly kelas etdi.
Maýor geň galdy.
--  Bu jaý klas üçin taýýar edildimi? Bu partalaram mekdebiňkimi?
-- Mekdebiňki.
-- Bu partalary mekdebiň garawuly, hem mekdebiň hojalyk bölüminiň müdiriniň rugsady bilen getirilip şu klasda goýuldymy?!
-- Hawa. Men özüm rugsat berdim—diýip, mekdep direktory hem bu gürrüňden meseläniň gowulyga çözüläýjekdigini  aňyp gapdaldan çykyp aýtdy. Maýor:
-- Hany onda ogry, hany jenaýat!
--Ogram ýok, jenaýatam ýok—diýip, mekdep direktory şatyr-şatyr gepledi.
Emma maýor başyny ýaýkady.
Kim töhmet atyp , içeri işler bölümine jaň eden bolsa,  ogram, jenaýatçam şol bolar.—diýip ýakymsyzja ýylgyrdy.Ol ýaş milisionere :-- Bar, şolar kimem bolsa, düşündiriş alyň-- diýip ýerinden turdy.-- Onda biz indi gaýdybersegem boljak—diýip, özüni sypaýy görkezen boldy.—Özüňiz iş geçirersiňiz-dä. Gaty sak bolmaly. „Okuw başlanýar”, „Çp bolaýmasyn” diýip,bizi ýaman gyssaýandyrlar. Men siziň mekdebiňiziň adyny  jenaýat hasabatyna goşup durmaryn. Ýöne, sorasalar, özüňiz jogap berersiňiz...
Olary ugradyp, ýerine gelensoň,  direktor Rejep aga bilen  Mergeni ýanyna çagyrdy. Bu sapar onuň ýanynda okuw bölüminiň müdiri Illi Amanowiç,  terbiýeçilik bölüminiň müdiri Dessegül mugallymam bardy.
--Hany, öten agşam näme iş goparanyňyzy aýdyň—hany
Ýaşuly gapdalyndaky oturgyja çökdi.
-- Direkdur jan, bu bala ýagşy balady. Ol beş minitde kläsiň içini boşatdy. Diwarlary beş sapar ýuwdu, beş sapar agartdy. Beş sapar suwahlady. Beş sapar reňkledi.  Ol bir kläsi ýarym sagatda  kelas edip berdi.. Ol pola-da beş sapar reňk çaldy. Beş sapar! Soň dedi:” Ata, partany  nireden alaryh? Tahtany nireden alaryh” Ertir direktirimiz boş keläsi  körse, käýýär. Içi partaly keläsi görse, begener, şat bolar” dedi. Men aýtdym,  her kelasdan iki parta alaly – dedim. Ol dedi:”Ýoh, derekturdan  rugsat bolmasa, men partaýa dege bilmen—dedi. Men aýtdym :”Derektur özüm. Al partany—dedim. Hiç kime aýtmaý man—dedim—Man,  iş tamam. Kelas taýýar. Bu bala tä daňdana çenli işledi. Kelasy teýýar etmeýen kaýtmady. Bu bala dynmaý işledi. Men beýle balany-da, beýle mugallymy-da, hiç kanda görmedim. Bu balaga rahmet aýdyňlar.

Mergen sesini çykarmady. Direktoryň gapdalynda oturan Illi Amanowiç ýaýaplap gepledi.
-- Onda-da başga biriniň klasyna girip, özgäniň klasyny soraman almak bolmaýar. Direktorymyz parta tapardy. Sähel wagt garaşmaly ekeniňiz.
Ejeş mugallym aglaýjak bolup, gepläp başlady.
-- Näme, meniň parta zawodym barmy. Her klasda , onsuzam dört-bäş parta boş dur. Oňarypsyňyz, gül ýaly klas taýýarlapsyňyz. Şol ýersiz ýere dawa turuzýanlar şeýle klasy bir ýylda-da edip biler öýdemok. Onuň üstesine, gepi-gürrüňem tutuş oblasta ýeterdi.
Onuň bu gürrüňine dessegül mugallymam goşuldy.
-- Şony diýseňizläň. Şu mekdepde iň gowy klas bolupdyr.
-- Mugallymlar görse aglaşar—diýmeseň—diýip, Illi Amanow dişlerini ýumup ýylgyrdy.
Aglap geçsinler. Men şolara bir klasy bir aýda agartdyryp bilmedim. Olaryň abadanlaşdyran klaslaram, edil çagaň remonty ýaly. Ýene keple diýseň, olara. Olar aglaşyp geçsin. Olaryň nepinden, gepi köp.—Ol ýaşula seretdi—Sag bol, Rejep aga! Rejep aga begendi.
Men ne poh-eý, Bu bala mugallym sag bolsun. O azap etdi. Men indi gojaldym. Ýaş balalar keldi, direktur jan...
Olat täzeden toplanyşyp, baryp täze klasy gördüler.
Mergen işigi açyp, çyrany ýakdy. Klas tämizlikden, reňkiň, diwaryň lowurdap gurmasynyň sazlaşygyndan, klasyň süňňünden hekiň özboluşly ýakymly ysyndan gözüňe yssy görünýärdi. Ejeş mugallym açyldy.
-- Hany, Ataýew mugallym, ýeriňe geç, ýeriňde-de gutlaly seni.Mergen ömründe ilkinji gezek hakyky mugallymyň ýerine geçdi. Soň klaslardan alnan partalar hem beýleki mugallymlaryň adyndan öçürilip, Mergeniň adyny ýazylyp, oňa gol çekdirdiler.Mergen diňe şondan soň ynjaldy.
-- Gutly bolsun!
-- Gutly bolsun!
Mergen ýadaw başyny egdi.
Öýlän Mergeni bilim bölümine çagyryp, sentýabryň on bäşindan raýon merkezinde açylýan işçi-ýaşlar mekdebinde bir ölçeg dil-edebiýat dersini okatmalydygyny aýdyp, arzasyna golçekdirdiler. Mergen özüne bir ýarym ölçeg sapak berilerine begendi. Şol ýerdenem „Oýunjak dükany” diýilýän dükana geldi.Bu dükanda welesipet satylýardy. Mergeniň welisepedlere hyrydar seredýänini synlan ýaş satyjy gelin:
-- Düýn geldi!—diýdi.—Germaniýanyňky!
-- Bahasy näçe?
Satyjy gelin ýüzüniň ugruna:
Olar kyrk bäş manat. Seniň elläp duranyň altmyş üç manat!—diýdi. – Iň gowusy.
--- Ätiýaçlyk kamer-pokryşkasy barmy?
Olaryň özünde ýok, ýöne dükanymyzda bar.
Mergeniň ýanynda onça puly ýokdy. Ýöne ol öýüne gidip pul alyp gelmäge ýaltanmady. Gün batyp barýarka ýetişip gelip, puluny töläp „iň gowy” diýilen tigiri ,

oňa gerek boljak  zatlary satyn aldy. Soň ony howlukman düzdi-de, idip, köçä çykdy.

15.

„Gör, ykbalyň nähili öwrümleri bolýan eken”—diýip. Mergen çukuryň  demirgazyk burçundaky iň soňky topbajyk  dersli gumy  pele tarap  pytradyp durşuna oýlandy.— Oba gelenime bary –ýogy bir aý wagt geçdi. Şu bir aýda özüme  bir otagly jaý gurdum. Jaýymyň üstüni  şiferledim, çukury gül ýaly arassalap,  çukuryň düýbüne ýazylan kerpiçleri sökdüm. Hajathana, duş gurdum. Özüme kabinet oňardym, gül ýaly kabinet.  Düýn gaty gowy tigir satyn aldym. Jaýymyň içinde bir adam hezil edip ýaşar ýaly şertleri döretdim. Baý-buw, özem, bir aýyň içinde, how.
Mergen  üçin bu azaplaryň barysy bir ýaňa, diňe tigiriniň özi bir ýaňa ýalydy. Sebäbi ol indi adam ogluna mätäç bolman, ýola çykyp, ertir-agşam arkaýyn işe gidip, gelip biljekdi. Mergeniň  edil öýüniň gapdalyndan raýon merkezine barýan pyýada ýol geçýärdi. Şol ýol maşyn  ýoluna birje ýerde-de galtaşman, göni iş ýerine-de barýardy.
Aslynda. Mergeniň begenjiniň başga bir sebäbem bardy. Tigir Mergeniň oglanlyk höwesiniň gursagynda öçmän galan yşjagazynyň  täzeje ýalkym bilen lowurdamasydy.
Ol oglan wagty diňe tigiri arzuw edipdi. Bir sapar olaryň dükanyna tigir geldi. Şonda Mergen ejesine özelenip-özelenip ýalbarypdy.
-- Çagam, hany oňa onça pul! Bar, eger dükançy razy bolsa, özüňe  inji berlen owlakly geçini ber-de, alagaý.
Mergen çaýyny-çöregini iýmän, dükanaylgapdy. Ýapyk dükanyň işiginde „Ol bu gün gelmez” diýselerem iki sagatlap garaşypdy. Ol agşamara bir ýerlerden ýarym serhoş gelen dükança ejesiniň sözlerini aýtdy. Dükançy ony kowup goýberdi.
Şondan soň ol hiç wagt tigir diýmedi. Dogry,  oglanlardan sürmegi öwrendi.
Ondan bäri on-on bäş ýyl geçipdi. Bu gün onuň arassa alyn derinden satyn alnan gül ýaly tigiri  öz işigine söýegli dur.
-- Ýegen jan, sen näme täzeje tigir satyn aldyňmy?—diýip, araky   sene-meneçilikden  soň  , bu işige aýagyny sekmedik Annabike daýza gülüm- ýalym eden boldy.
Mergen çukurdan dynyp, onuň daşyna çykdy.
-- Daýza, salowmaleýkim!
Garry bu çukury  synlap, aňkarylyp galdy.
-- Ýegen, bu çäukury gyzyl-dörjük edewoýdyňmy ?—Ol  gara , kirli ýumrugyny agzyna çenedi.—Indi muny näme etsem diýýeň?
Mergen güldi.
-- Daýza, muňa suwgoýberip, içinde balyk köpeldip, sataýsam diýýän.
Garry güldi.
-- Şon-a oňarýaň, ýegen jan. Obanyň  bar çagasy günde gelip, işigimizde suwa düşünip, Özüň öýde ýök mahalyň öýüňi, obaňy towsa göterip gitsin.
Mergen gepi başga ýana sowdy.
-- Daýza, meniň tigirimi nähili gördüň?

Garry çöňňelen gözlerini erbet alardyp, tigire bakan seretdi.
-- Şony diýýän, ýegen, men saňa, ol demiri haýsy aklyň bilen pul baryny çykaryp aldyň. Ýa bir ýerdenmugt düşowadymy?
-- Ýok-la! Mal alar ýaly, men näme şeýle samsykmy. Şol durşuna ýetmiş manat!
Garry gazanyň garasyna dönüp giden, ýemşik- ýümşik ýüzüni eňşitdi.
-- Haý, ýegen-eý, puluňy nirä sowjagyny bilmez tentek diýerler saňa. Onça puly demre-dümre berýänçäň, üstüňe eşik al! Içeriňe düşek al! Howdan ýaly tam gurduň. Ne onuň äpişgesine aýna saldyň.Ne onuň içine düşek ýazdyň. Gaýta, şo demire köne puldan müň manada golaý berip, näme, başyňa turşy çykdymy?
Garry elini silkdi-de. Tamyna bakan ýumlukdy. Tamynyň gapdalyndaky uzyn kölgä ýetensoň, yzyna, Mergene bakan gygyrdy.
-- Araky ýaly et bar-a. Bir janlyň ýigrimi manat. Gerek diýseň-ä getirip, gowuryp bereýin.
-- Gerek daýza, gerek.
-- Onda puluňy ber, derrew.
Mergen öýe girip, pul alyp çykdy-da, eltip garra berdi.
-- Galany özüňki!
Mergen gumak ýere çöküp, berlen pullary ýütgeşik yhlas bilen sanap oturan garrynyň ýanyndan gaýdyp, çukuryň gyrasyna gelip oturdy-da, göz çeni bilen düzlejek pelleri, aňyrdan aýlap, çil geçmeli ýerlerini göz çeni bilen çyzyşdyrdy.
-- Keseligine elli ädim. Aýdaly her pel on bäş ädim. Çillieriň arasy bir ädim bolsun. Sähel uly bolar, sähel kiçi bolar, onuň zyýany ýok.
Ol duşuň aşagyna girip ýuwundy. Soň çaý goýup, garbandy, gantlyja çaý içdi. Şondan soň tigirini içeri salyp, işigi gulplady.
Mergen gadymdan galan kepje bilen gijäniň ýaryna çenli işläp, ilkinji çili çekdi. Çiliň gapdalynda bir ädim ýaly ýeri az kem çuňlaşdyrdy. Çiliň içini bir ugra agdaryp, tekizläp çykdy.
Ertir Mergen üçin aýratyn bir keramatly gündi. Ol ömrüniň iň parlak gününi bölejik, bölejikden ölçäp biçdi. „Ertir mekdebe näme eşik geýmeli? Haýsy kitaby almaly! Eger birden ilkinji jaň edip, onda söz beräýseler, näme diýmeli! Ilkinji sapagy nähili geçmeli. Ol gara dere batyp işläp durşuna baryny, baryny ilik-düwme ölçerip dökdi. Soň ýene duşuň aşagyna girip, saçyny, soň tutuş bedenini sabynlap, gaýta-gaýta ýuwdy. Soň süpürinip, sagadyny dörde düzüp, sekiniň üstüne ýazan düşegine geçip gyşardy.
Mergen daňdan sagat dörtde turup, adaty işlerine başlady. Çukura girip, ýene bir çil çekdi. Ondan çykyp, duşa girip çykandan soň, gelip çaý goýdy. Ol sekiniň üstünde çaý içip oturşyna, nämüçindir, aňynyň hiç zat almaýanyny duýdy. Bu gün nämüçindir, gantly çaý hem oňa täsir edenokdy. Şonuň üçin, ol kitap-depderlerini, ruçkadyr galamlaryny, student döwründe gşteren gaýyş sumkasyna salyp, tigiriniň yzyna berkitdi. Soň öňden taýýarlap goýan eşiklerini geýdi-de, tigirini işige çykaryp, gapyny gulplady. Soň mekdebe bakan ugrady.
Tigir ony sähel salymda mekdebe eltdi.
Mekdebiň howlusy gum-guklukdy.
Mergen öz klasyny açyp, aýnalary açyşdyryp, klasy çalykdyrdy. Ýerine geçip, bäşinji klasyň edebiýat kitabyny açdy. Ol şu gün birinji sentýabrda bolmaly

edebiýat sapagyna taýýarlanyp başlady. Sapak ýazgysyny gaýta –gaýta okady. Ol mekdebiň direktory  klasa girensoň duýup galdy.
Mergen Ejeş mugallymy görüp, ýerinden turdy.
Salam, ýoldaş mugallym. Täze okuw ýylyňyz gutly bolsun!
Ejeş  mugallym täzeje pombarht köýnegini şowurdadyp,  ajaýyp keşdelenen ýakasyny sypalap ýylgyrdy.
-- Sag bol. Aýdanyň bolsun!- Ol  klasy birlaý gözden geçirdi-de,-- Bu gün gaty ir gelipsiň-le—diýip, Mergeniň ýüzüne  mähir bilen bakdy.
Mergen dik durşuna:
--  Birinji gün-dä, mugallym, bilip bolmaz, birden ýygnanyşyk bolsa, gijä galmaýyn—diýdim-dä.
Ejeş mugallym işige bakan ýöräp baryşyna:
-- Ýygnanyşyk, öýlän sagat bir otuzda—diýdi.—Seniňem okuwyň şondadyr, näme raspisaniýany görmediňmi?!
-- Görerin, görerin...
Direktor koridora çykandan soň, ýene yzyna dolanyp, klasa boýnuny uzatdy.
--Tigir seniňkimi?—Mergen jogap berip ýetişmänkä:-- Mekdebe tigirli gelmeli däl!—diýdi.—Bu eýýamyň çagasy adam däl-ä, tigiriň bir şaýyny alyp giderler. Soňam tutuş etraba gep bolarlar.
Mergen sesini çykarmady. Bir salymdanam;
--  Mugallymyň tigirine  eliňi degirmeli däldigini öwredip bilmesek, bizdenem bir mugallym bolarmy?!—diýdi. Aslynda-ha, çaga hiç kimiň zadyna-da el  degirmeli däldir.
Direktor gidip barşyna:
-- Meniňk-ä bir duýdurmak! Soň aýtmady diýme.
Mergen özüniň sagat bire çenli boşdugyny bildi-de,  tigirini münüp, oba bakan girtdi. Şol gidip baryşyna , onuň aňyna” bäşinji klasy beýleki mekdepleriň mugallymlarynyň geçişinem bir göreýin-le-„ diýen pikir geldi. Ol şol niýet bilen  8-nji mekdebe, özüniň  sekiz ýyl okan mekdebine geldi. Bu mekdep ortaky Garaganlyda, kolhozyň klubunyň gapdalynda ýerleşýärdi. Bu mekdep sekiz ýyllyk bolup, onda okuwçylar ertirine okaýardylar.
Mekdep Mergeni sowuk garşylady. Ol ilki bilen mekdep direktory Anna Annaýewiçiň kabinetine bardy.
-- Salam Ýoldaş mugallym!
-- Salam, gel, näme ýumuş—diýip,   Anna mugallym aljyraňňy sorady.
Mergen niýetini aýtdy.
Anna mugallym gözüni- gaşyny çytdy.
Güljeren bolmaly.Özi razy bolsa, meniň-ä garşylygym ýok. Ýöne, sen ilki Güljereniň özüni bir gör.
-- Hiý-buw, näme üçin hökman meniň sapagyma girmeli? Bu gün düzüwli okuw boljak däl diýdiler-ä.
Mergen ol aýaldan ötünç sorady.
-- Mugallym, men diňe sapaga başlaýşyňyzy görsem bolýar.
Jaň kakyldy. Okuwçylary mekdebiň gapdalyndaky ýandaklyja meýdanda nyzama duruzyp,   Anna Annaýew olary  Täze okuw ýylynyň başlanýandygy bilen gutlady.

Okuwçylara şu okuw ýylynda gowy okamagy, tertipli bolmagy öwüt-nesihat etdi. Soň klasa girmäge jaň kakyldy.
Bäşinji klasda on bäş okuwçy bar eken. Güljeren mugallym bäş minut gijä galyp klasa girdi. Girensoňam sumkasyndan pul çykaryp,
-- Kaka jan, me şuny pol süpüriji Kümüşe äkidip ber.—diýip oglanlaryň birine buýurdy.
-- Mugallym, menem bile gidäýeýin—diýip, Kakajanyň gapdalyndaky tokarja oglan elden- aýakdan çykyp, aýtdy.—Menem, mugallym, menem mugallym jan!..
-- Otur, Ataýew.
-- Mugallym jan, menem gidäýeýin-le.
Mugallym gözüni alardyp Mergen tarapa seretdi.
-- Otur, ýer çeken!
Tutuş klas gülüşdi.
Ataýew ynjalmady. Ol ýerinden turup:
-- Mugallym, men tagtany süpüräýeýin!—diýdi.
Mugallym klas žurnalyny açyp, okuwçylary „bar, ýok” edip oturşyna
-- Ýuwaş boluň, hany ýuwaş boluň!—diýip gygyrdy.—Ol okap başlady.—Hany, Ataýew barmy?
-- Bar!
-- Annaýewa! Barmy Gözel?
Ol başyny galdyryp klasa seretdi.
-- Annaýewa ýok, mugallym, ejesi keçe edýär.
Mugallym yzda oturan Mergene göz aýlady.—Näme, keçe etse, ejesi edýär. Şonuň üçin gyzy okuwdan galmalymy?
Hälki Ataýew oturan ýerinden:
-- Näme, direktoryň gyz-ow mugallym.—diýdip gygyrdy.-- Dädesi gal diýse, galar--da.
Şol wagt Mergeniň öň ýanynda oturan oglan baryp Ataýewiň çekgesine çaldy.
-- Gowy otur!
Ataýew ör- gökden ýerinden turup, baryp ol oglany ýumruklap başlady. Güljeren mugallym ýapyrylyp okap oturyşyna bu güpür- tapyrdan soň habarly bolup galdy. Ol öňünde açyk duran jurnaly aldy-da, ýerinden turup, gelip Ataýewiň depesinden eňterip başlady.
-- Meýit! Meýit! Meýit!—diýip, üç sapar urdy.—Sen, ýaşy kesilen samsyk ejeň ýaly, samsyk, samsyk gepläp okatmaga bereňok.
Okuwçylar gülüşdiler.
-- Ataýew aglady.
-- Ejeme degm-ow. Sen ile samsyk diýýänçäň, bar, özüňi oňar.
Ol ýerinden turdy-da yzynda oturan oglana topuldy.
-- Özi ilkinji depdi. Mugallym eline žurnaly alyp, ýene Ataýewe topuldy. Ataýew partalaryň üstünden böküp-böküp, klasdan çykyp gitdi.
Şol wagt Mergeniň gözi mekdebiň öňünde öz tigirini sürüp ýören bir okuwça düşdi. Mugallym, siziň tigiriňizi Kakajan münüp ýör!—diýip, gapa golaý partalaryň birinde oturan gyzjagaz yzyna öwrülip aýtdy.
Güljeren mugallym elindäki žurnalam goýman ylgap işigiň agzyna bardy.

-- Kakajan, Kakajan,dur, tentek meýit, kim saňa iliň zadyny al—diýdi?!—Emma ogly oňa diýýärmisiňem diýmän ýandaklygyň içi bilen ,tigiri keýp edip sürüp gidensoň, güsürdeşip işige çogup çykan oglan gyzlary gaýtaryp durşuna—Meýid-ä, meýit ahyryn, ýaşy esilen,dogmanlar geçen—diýip gargynjyrady.
-- Mugallym, men alyp geleýin—diýip, oglanlar ýerli-ýerden gygyryşdylar. Güljeren mugallym şu günki bar gaharyny şolardan çykarjak bolýan ýaly. Klasy ýaňlandyryp, gygyryp, elden- aýakdan çykyp başlady.
Mergen gaýdyp bu klasa girmedi. Ol tigriniň yzyndan assaja ýöräp gitdi. Ol ep-esli ýere baranda başga bir okuwçy:” Gaç-eý ýetip barýar-eý”—diýip gygyrdy. Kakajan yzyna seretjek bolanda, tigir bir ýana.özi bir ýana atylyp gitdi. Oglanjyk ýerinden galjak boldy, emma bolmady. Ol ýandaklygyň içi bilen süýşenekläp gitjek boldy. Oňarman, ýene ýykyldy.
Mergen onuň ýanyna baryp düýrügip, wägirip ýatan oglanjygy ýerinden galdyrjak boldy. Ol oglan çabalanyp aglaýardy. Mergen gaýra çekildi. Oňa çenli mekdebiň okuwçylary sil ýaly bolup, çoguşyp, ylgap gaýtdylar. Şolaryň arasynda oglanyň ejesi Güljeren mugallymam bardy. Ol aýal gele-gelmäne ýandaklygyň içinde wägirip ýatan oglunyň üstüne topuldy.
Balajygym, kim beýtdi seni?!—Ol aýal Mergeniň üstüne horaz ýaly bolup topuldy.
-- Ýer çeken, nätdiň çagany, nätdiň?
Mergen ol aýaly itip goýberdi.
Özi ho-ol daşa urlup ýykyldy. Meniň gül ýaly tigirimiň işini gördi.
Oňa çenli mekdebiň mugalymlarynyň ählisi sürrenekleşip geldiler.
-- Näm boldy? Näme boldy gyz!—diýişip, olar ýandaklykda tot-tozana bulaşyp ýatan Kakajanyň daşyna üýşdüler. Güljeren mugallym olara arkalanyp, gygyryp başlady.
-- Meniň çagamy uran elleri şel açsyn! Ýene mugallymam diýjeksiň, ýetim meýdi ýanan.
Anna Annaýew geldi.
Näme boldy?Näme üçin sapagy syrwat etdiňiz?
Oňa jogap beren bolmady. Direktor Mergeniň ýanyna geldi.
-- Sen etdiňmi?—Mergen ol adama bolan wakany aýtdy. Emma Annaýew onuň bilen ýlalaşmady.
-- Askynda seniň mekdebe gelmegiňem, tigiriňi bu ýerde goýup, çagalary öjükdirmegiňem bolmajak zat. Bular entek çaga ahyryn.—Ol gözlerini elhenç alartdy.
-- Tigriňi al-da, ugra şu ýerden.
Mergen tigirini galdyrdy. Onuň öň tigiri deşilip, pyssaryp ýatyrdy. Ruly, yzyndaky şakyr-şukury gyşyk- çaýşyk bolup ýatyrdy. Ol ilki bir „Bejeriň-de, öýüme eltip gaýdyň” diýip haýbat ataýynam bir diýdi. Soň bu adamlar bilen deň bolmanyny ýagşy görüp, tigirini idip, uly ýola çykdy. Ol öýüne baryp, deşilen kamerini çalyşdy. Gowşan, üzülen boltjagazlaryny çekişdirip, düzedişdirdi-de, sagadyna seretdi. Sagat onuň ýarydy. Mergen işigi gulplap, tigirine atlanyp, 9-njy mekdebe bakan depdi. Ol mekdep miweçilik sowhozynyň aňyrsyndaky oba giren ýeriňde ýerleşýärdi. Mergen mekdebiň howlusyna girende arakesmä çükmaga jaň boldy.
Ol tigirini direktoryň kabinetiniň işiginde goýup, içeri girdi.

Giren ýerinde ýaş gelin žurnaly dörüp oturan eken.
-- Salawmaleýkim!
Ýaş gelin başyny galdyrdy.
-- Salam! Geliň.
Mergen bu oturan gelin mekdep direktorynyň sekretarydyr diýip pikir etdi.Şonuň üçin ýylgyryp:
-- Direktor barmyka?—diýip, işikde galan tigirine göz aýlap sorady.Ýaş gellin onuň ýüzüne garap „Näme etjek?"—diýip sorady. Mergen bu raýonda mugallymyň asla äsgerilmeýändigini 3-nji mekdepde-de, 8-nji mekdepde-de görüpdi welin, asyl bu ýerde-de ýagdaýyň şol ýerlerdäki ýalydygyna düşündi. Ýöne syr bildirmedi.
-- Men şäherden geldim.
Ýaş gelin ýerinden turdy.
-- Geliň, geçiň!
Ol gelin öz ornuna geçensoň, Mergen onuň şu mekdebiň direktorydygyna düşünip galdy.
-- Men şu ýyl uniwersiteti tamamlap. 3-nji orta mekdebe işe geldim.
-- Adyňyz,ataňyzyň ady kim bolmaly?
Adym—Mergen. Atamyň ady Ataýew!
Direktor gelin ony boýundan başyna bir synlady.
-- „Sowet Türkmenistany" gazýetindäki makala siziňkimi?
Mergeniň ýüregi birden joşup gitdi.
-- Çykypmy?Haçan!
Ýaş gelin hälki okap oturan žurnalynyň içinden gazýet çykardy.
-- Siz biziň mekdebimizi nireden bilýäňiz? Biz hakda şeýle gowy zatlary ýazypsyňyz. Sag boluň!
Mergen „Sowet Türkmenistany" gazýetiniň ikinji sahypasyndaky ullakan makalany gördi-de gazýeti yzyna berdi. Kalbyny gaplan üýtgeşik begenç bilenem:
-- Arada komissiýa bolup mekdeplere aýlandyk. Siz ýok ekeniňiz. Mekdebiňizi şonda gördüm.
Jaň kakyldy. Mergen howlukdy.
-- Meni bäşinji klasyň edebiýat sapagyna salyň. Sizde gowy mugallym bar diýdiler. Sapaga başlaýşyny göräýjekdim.
Direktor diwardan asylgy raspisaniýa seretdi.
-- Bar. Äti mugallym. Ýör!
Mergeniňki şowly boldy. Ol ilkinji makalasynyň „Sowet Türkmenistany" gazýetinde çykanyny şu ýerde bilip galdy. Indem bolsa,Äti mugallymyň sapagy. Özem bäşinji klasda. Özem häzir.
Direktor mugallymylaryň otagyna baryp, Eti mugallymy tapdy.
Ol gartaşan aýal bolup, ýüzüni-gözüni çytyp. Sähel bahanna tapsa, üstü1ňe bökjek jüýje-horaz ýaly aýal eken. Olar üç bolup klasa giriler. Klasboşdy. Diňe iki gyzjagaz gözjagazlaryny mölerdip, gelenlere garap durdy.
-- Hany, okuwçylar!—diýip, direktor olary gyssady.
-- Mugallym, olar daşarda top oýnaýalar!
Eti mugallym tolgundy.
-- Men olary çagyryp geleýin.

Direktor saňňyldady.
-- Çagyrma! Otur! Kim sapakdan ýekeje minut gijä galsa, adyny ýazyp, maňa ber.—Ol gaharlanyp çykyp gitdi.
Bir salymdan okuwçy oglanlar gara dere batyp, gykylyklaşyp klasa girdi.
Siz utuldyňyz!Siz utuldyňyz!—diýip, saçy päki bilen syrylan tokarja oglan köşeşibilmän, aglaýjak-aglaýjak bolup aýtdy.
-- Sen-ow, samsyk, aýdýan sözüňi bilip aýt!—diýip, uzyn boýly oglan oňa haýbat atdy.
-- Ýuwaş!—diýip Äte mugallym elindäki taýagy bilen stoly tyrktldadyp urdy.—Hany ýeriňize geçmän,  baryň tagtanyň öňünde hatara duruň!—Ol bu işine şeýle bir berildi welin, egnindäki gülgüne ponbarh köýneginemeňzeş  owadan ýaglygynyň depesinden syrylyp, çep çekgesine tarap syrylyp gaýdanynam duýmady. Bu mugallym owurtlary konfetli ýaly, dodagyny pökgerdip,  ýüzüniň deň ýary ýaňak bolup durdy. Şonuň üçin onuň alyn dişleri , edil towşanyň dişleri ýaly,
Syrtaryp görünýärdi. Mugallymyň beýle keşbi, agyp ýatan ýaglygy ony gülkünç görkezýärdi.
Okuwçylar pyňkyryşdylar.
-- Näme!Näme. Açylan ýerim brmy? Gülüşibir ýaly.
Ortaky partada oturan  gyz , megerem, mugallymyň ýaglygynyň gaçandygyny aýtjak bolup elini galdyrdy. Emma mugallym oňa-da üns berip durmady- da elindäki taýagy bilen stoly urdy.
--  Baryň oturyň!
Mergen heniz oturjagynam bilmän, bir gyrada dik durdy. Ol bu sözi özüne aýdylýandyr öýtdi. Oturmak üçin iň soňky partalara tarap ýöneldi.Mugallym ýerine geçensoň, hiç zat bolmadyk ýaly, ýaglygyny, saçyny düzedişdirdi. Soň žurnala garap:
--  Hany, galanyňyz?—diýdi.
-- Olary direktor tutup,  öz jaýyna äkitdi.
-- Gyssap durandyr-da!
Näm-aý, top oýnasaň, şol  garagollyk etdigiň bolýam-aý.
Mugallym elindäki taýak bilen stoly tarkyldadyp goýberdi.
-- Kepleme. Topy okuw başlansoň oýnamaly däl.—Ol okuwçylaryň gatnaşygyny barlaman sapaga başlady.
-- Şu gün edebiýatyň ähmiýeti barada gürrüň ederis.—Hany, kim aýtjak, edebiýat diýmek näme diýmek?
Men aýtjak, mugallym—diýip, boýy keltejik okuwçy oglan elini galdyrdy.
-- Aşyr, sen aýt!
-- Edebiýat diýen söz , edep diýen sözden emele gelen.
-- Dogry. Edebiýata nämeler girýär? Hany ýene kim aýtjak?
Hiç kimden ses çykmady. Bir oglan ýanynda oturan gyza pyşyrdady.
Mugallym  taýak bilen ýene stoly urdy.
--  Hany, ses. O nämäniň pyşyrdysy?!
Mugallym Mergen tarapa seredip, towşan ýylgyryşyny etdi.
Onda diňläň: Edebiýat öz içine goşgulary, romanlary, powestleri alýandyr.
Okuwçylaryň biri elini elini galdyrdy.

-- Hany, aýt!
Okuwçy oglan howlukman ýerinden turdy.
-- Mugallym, aýdym edebiýata girenok gerek?
-- Girenok, otur.
-- Girýär!Girýär!
-- Girenok.
Mugallym elindäki taýagy bilen stoly tarkyldatdy.
-- Aýdymyň goşgusy edebiýat, heňi—saz.
-- Mugallym!Mugallym!
Mugallym ýerinden turyp, taýagy bilen stoly urdy.
-- Hany, bes ediň. Näme, adamyň ýanynda masgara bolup otyrsyňyz?—Ol ilki Mergene, soň klasa ýüzlendi.
-- Kim haýsy aýdymy bilýär?
Okuwçy oglanlaryň biri söz soraman, ýerinden turdy.
-- Mugallym men gadymy aýdym aýdaýyn . Şol aýdymmy ýa edebiýat?
Mugallym dişlerini syrtartdy.
-- Hany, aýt, hany!
Şol wagt gapy açyldy. Direktor gelniň ýaş, juda owadan ýüzi göründi. Ol Äte mugallyma seredip, „Goýber şulary" diýdi-de, aňry çekildi. Gijä galyp gelen okuwçylar ýerlerine geçip oturýança. Mugallym eli taýakly klasa seredip dik durdy. Soň dik duran okuwçylara garap:
-- Oturyň!—diýdi.
Hälki okuwçy oturmady. Mugallym elindäki taýak bilen stoly şeýle bir urdy welin, täze gelan okuwçylar tisginip gitdiler.
Mugallym, aýdaýynmy?!
Taýagyň şarpyldysy tarpyldap çykdy.
-- Näme üçin gijä galdyňyz?—Mugallymyň pursat bererine garaşyp duran oglan
-- Mugallym, aýtmaýynmy?—diýip oňa seretdi. Mugallym taýagyny somlap, onuň ýanyna baryp:
-- Otursana, sokul-da—diýip, okuwçy oglanyň kellesinden itip, ony oturtdy. Soň ol sesini batlandyrdy.
-- Hany, aýdyň, näme üçin gijä galdyňyz?—diýip, taýagyny parta tarpyldatdy.—Jogap beriň-hany!
Şol wagt penjiräniň daş ýüzünden iki sany oglan içeri seretdi-de, ýene yza çekildiler.
Okuwçylar gülüşdi.
Olar kim?
-- Berdiýew bilen Pökürow, mugallym!—öňde oturan gyzlar aýtdylar.
Äte mugallym okuwçylaryň ekabyrragyna:
-- Bar, çagyr, gelsinler—diýdi.
Mugallym ornuna geçip, sapaga täzeden başlajak bolanda jaň kakyldy. Mergen ýerinden turdy, Mugallym aýal Mergeniň ýanyna gelip, towşan ýylgyryşyny edip, düşündirmäge başlady.
-- Bu gün okuw ýyly başlanansoň, ýöne birhiliýä boldy. Bagyşlarsyňyz-da!

Mergen sesini çykarman hoşlaşdy-da, direktoryň kabinetiniň işiginde duran tigirine münüp, raýon merkezine bakan bar güýji bilen sürüp gitdi.
Ol raýon merkezindäki 1-nji mekdebiň direktoryndan rugsat aldy-da, bäşinji klasa zordan girip ýetişdi.
Bu bäşinji klas uludy. Onda kyrka golaý okuwçy bardy. Bu klasa edebiýaty okatmaga Anna nemis diýen adam girdi. Bu mugallym edil negrler ýaly garady. Özi pes klaslary nemis dilinden okadýardy.Bu ýyl onuň sapagy bir ölçege ýetmäni üçin, bäşinji klasyň edebiýatynam beripdirler.
Anna mugallym ýylgyran bolsa-da, onuň yzgytsyzdygy bildirip durdy. Ol:
--Guten tag!—diýdi.
-- Okuwçylar gülüşdiler,
-- Hany, tanyşalyň! Siziň nemis dilini gaty gowy bilýändigiňizi bildim. Indi edebiýaty bilişiňizem göreris-dä.
Ol klas žurnalyny açyp, okuwçylaryň adyny, atasynyň adyny ýeke-ýekeden okap çykdy. Soň ýerinden turdy-da tagtanyň öňüne bardy. Soň eline mel aldy-da”edebiýat” diýip ýazdy.
-- Hany, şu ýazylany okaň.
--Edebiýat – diýip, öňde oturan gyzjagazlar şö bada jogap berdiler.
-- Dogry, bäşlik!—Ol oglanlar tarapa seretdi.—Şu sözüň manysyny kim aýtdy?
-- Edebi ýat etmek!
Sen Annaseýitmi?
-- Hawa.
-- Bäşlik.—Ol ýene gyzlara:
-- Edebiýat nämäni öwredýär?
-- Kitap okamany!
-- Ýene nämäni öwredýär?
-- Şahyrçylygy.
Okuwçylar gülüşdiler.
-- Dogry, bäşlik. Ýene nämäni?
-- Adamkärçiligi öwredýär!—diýip onuň özi söze başlady..—Edebiýat adamda ynsabyň, adamkärçiligiň, ynsap gözelliklerini kemala getirýär we bu häsiýetleeri çuňlaşdyrýar.Adam edebiýaty okap, päklenýär. Biz Magtymgulynyň goşgularyny okap, öňküden akyllanan ýaly bolýarys ahyryn. Magtymgulynyň goşgulararam—edebiýat.
-- Ejem-ä aglaýar!—diýip yzda oturan oglan parta garap aýtdy.
-- Ana, gördüňizmi?Edebiýat ynsanyň kalbynyň iň häzik damarlaryna täsir edýär. Ony agladýar. Begendirýär. Onuň kalbyndan gahar-gazaby ýok edýär. Şonuň üçin Lew Tolstoýyň „Hyýar” diýen kiçijik hekaýasyny okanymyzda, kişiniň eken zadyna el gatmaly däldigine düşünýäris. Ýa-da Ata Gowşudowyň „Dordepel” hekaýasyny okanymyzda türkmen atlaryna uly azaplar siňdirip ýetişdiren adamlara buýsanýarys...
... Mergen Anna mugallymyň edebiýatçy hökmündäki örüsiniň çäklidigine düşündi. Şonda-da ol Anna mugallymyň özündenem, edebiýat sapagyndanam razy boldy.
„Bu mugallym edebiýaty kemterräk bilýär diýseň, beýleki köp mugallym klasy saklap bilenog-a .Ýeri, olara näme diýjek. Ýokarky aýal mugallymlar bilen Anna

mugallymyň sapagynyň arasynda ýer bilen gök ýaly tapawut bar ahyryn. Näme diýseňem, mekdeplerde aýal mugallymlary birneme azaltjak bolmaly. Ýogsa, nesiller ownaýar, nesiller..”
Mergen bu pikirini has çuňaldyp başlady”Çaga öýde diňe ejesini görse, onuň hyzmatynda, terbiýesinde bolsa, Bakjada olary aýal-gyzlar öz diýenine salyp, edep-terbiýe berse, mekdepde olary başlangyç klaslarda aýal-gyzlar okatsa, ýaşlykdan şolar gözleriniň oduny alsa, ýigit çykansoňlar ýene şol aýal-gyzlaryň büdi-büdisi bilen aňy rhyýugrulsa, onda gyzlarymyz däl, oglanlarymyz hem aýal tipli bolup ýetişmeli. Biziň döwrümize bolsa, öz sözi, öz batyrgaý pikiri bolan mert , sagdyn, garadan gaýtmaz erkek adamlar gerek. Onsuzam Ýeriň ýüzünde aýal, aýal häsiýetli erkek adamlar juda agdyklyk edýär-ä..’
Mergen mekdebe ýetýänçä, şu oýlardan açylmady. Ahyry mekdebiň howlusyna gireninde „ Biz mekdeplerde erkek mugallymlaryň sanyny köpeltmeli” diýip, pyşyrdady.
Häzir mekdebiň howlusy gum-guklukdy. Ýöne klaslarda ertirki okuwyň, ýagny pes klaslaryň okuwynyň gidýändigi bellidi. Ol her penjiräniň deňinden geçende dürli aýal seslerinieşitdi. Aýal sesi näme diýseňem, ýakymlydy, ýöne onam edil derman ýaly, ulanmaly”—diýip, Mergen öňki oýuna gaýdyp geldi.
Mergen „Tigirimi, bolmasa. Ýaşulynyň ýanynda goýaýyn” diýip, ýaşylynyň oturýan jaýyna bardy. Gapy gulplydy.
Mergen tigirini mekdebiň işiginde goýdy-da, öz klasyna bardy. Şol wagt Ejeş mugallym ýyl;gyryp geldi.
-- Ataýew, sen näme, bize aýtman, zat etmän, gaty gowy makala çykarypsyň. Özem „Sowet Türkmenistany” gazýetinde! Iki makalaňam ýaman gowy ýazypsyň-a.
Mergen geň galdy:
Iki makala!?
Ejeş mugallym:
Hame, iki makala!—diýip, dabaraly aýtdy.—Sowet Türkmenistany gazýetinde-de. „Mydam taýýar” gazýetinde-de. „Mydam taýýar” gazýetinde okuwçylar bilen interwýuňyz bar. Näme, az görýäňmi?!
--Çyksa bolýar-la, men çykarmazlarnyka diýip alada edipdim.
-- Ejeş mugallym güldi.
-- Onda seni ilkinji bolup, men gutlandyryn. Ýadyňdan çykarmagyn bormy!
Mergen ýylgyryp baş atdy.
-- Sag boluň, ýoldaş mugallym.—Ol direktoryň ýüzüne seretdi.—Tigirimi nätsemkäm?
Ejeş Kürräýewanyň ýüzi üýtgedi.
-- Rejep aga-da ýaraman öýünde ýatyr. Ýogsa şoňa seret diýip, ýanynda goýsaňam bolardy. Men öz okuwçylarymdan gorkýan, Mergen. Sen maňa dogry düşün. Bu heleý-ä bilmän, zat etmän bir zat aýdyp goýberýär—diýme.—Bu okuwçylar erbed-ä.—Ejeş mugallymyň ýüzi birden ýagtyldy.—Bolmasa, entege çenli şujagaz ýerde goýaý. Her wagt çykar sereder durarsyň-da...
Mergen baş atdy.
Jaň kakyldy.

Ertirine okaýanlar üçünji sagatdan çykdylar. Aňyrdaky uly klaslaryň ysy gelip, Mergeniň klasyna-da kürsäp urdy. Mergen kän mekdebe baryp, kän klasa girip görüpdi. Ol şol baran mekdepleriniň klaslarynyň ählisiniň ysynyň birdigine haýran galdy. „Megerem, dünýädäki ähli mekdepleriň biçüwiniň bir biluşy ýaly, olaryň ysam birdir"—diýip ýaş mugallym oýlandy. Mergen klasynyň işiginiň agzynda durup, aňyrdan gelýän şol ysy demine çekdi. Çaga deriniň, derlän jorabyň, aýakgabiň, içine sogany köpräk goşulyp,çigit ýagyna bişirilen gutabyň ysy häzir Mergen üçin jana ýakymlydy. Mergeniň klasynyň hekiň, reňkiň, asitonyň täzeje, güýçli ysy bolsa aňyrdan gelýan ysy kabul etmän, öz süňňüne siňdirip otyrdy.
Mergen girmäge jaň bolan badyna daş çykyp, tigirini klasyň işiginiň gapdaljygyna goýdy. Ol tigiriniň ýelini barlady. Soň klasyny ýapyp, mugallymlar otagyna bardy. Ol ýerde Çaçy mugallym ýüzüni sallap otyrdy. Illi Amanowiç oňa bir zatlar düşündirýärdi.
Bar, indi ýeriňe. Okuwçylar mekdebi göçürdi.
Emma Çaçy mugallym hümür-sümür eden bolup, eglenenini gowy gördi.
-- Bar, bar. Näme, indi sapagyňam men okadaýynmy?
Mergen mugallymlar otagynyň diwarlaryny synlady. Törde raspisaniýe asylgydy.Onuň gapdalynda içi kitapdan, depderden doly iki şkaf dur.
Ortada iki sany uzyn stol biri-birine degşirilip goýulypdyr. Törde bolsa direktoryň okuw-işleri boýunça orunbasary Illi Amanowiçiň stoly , ullakan kreslosy dur. Gyradakystoljygyň üstünde elektrik çäýnegi, içbe-iç salnyp goýlan käseler, içi gury, atymlyk çaýly banka dur. Beýleki burçda duran bedrede arassa suw bardy. Mergen bu otagyň hem öň gören telim mugallymlar otagyna meňzeş ekenligini gördi. Mergen ýylgyrdy. Ol diňe şu ýylyň özünde baryp gören mekdepleriniň içiniň, daşynyň, ruhunyň, olardan ýüzüňe urýan demiň, ysyň, sesleriň juda, juda meňzeşligine haýran galyp ýylgyrdy. „Mekdep däbi, ruhy, demi, ysy hemmesiniňki bir bolsa, aýry-başga şu ýerde bu mekdebe näme täzeçillik girizip boljakka!" Bu mekdepleriň ähli düzgünini ornaşdyran XVI asyrda ýaşap geçen polýak pedogogy Ýan Kamenskiý ahyryn.
Krupskaýa, Makarenko, Suhomlinskiý her bir okuwçynyň ertir ýetişip, partiýanyň syýasatyny ündeýän adam bolmagy baradaky taglymaty öňe sürüpdirler. Indi men näme edip bilerin?! Onda men mugallym hökmünde näme etmeli? Ýa-da men gadymdan bäri aýdylma kemi galmadyk, indi tutuş dört asyr bari lenç edilen şol demir galypdan çykman gezibermelimi?
Mergen galypynyň şeýle bir berkäp gidip, indi jemgyýetiň mekdebe, mekdebi1 bolsa jemgyýete täsiriniň ýetmän gelmeginiň syrna şu ýerde çala göz ýetirjek boldy.
„Mekdep jemgyýetiň däl-de, diňe özüniň kanunlary bilen ýaşap gelip, diňe şoňa boýun bolýan eken. Aslynda, hut başlangyç klaslardan başlap, jemgyýetyiň kanunlaryny her bir okuwça düşündirip, aradaky bir wagtlar üzülip giden beýik sazlaşygy dikeltmeli! Näme üçin orta mekdebi tamamlan okuwçy özbaşdak pikirlenip bilmeýär?! Näme üçin islendik okuwçy islendik adamyň ýanynda öz pikirini, maksadyny, näme üçin şeýle maksady tutandygyny düşündirip bilmeýär? Näme üçin orta mekdebi gutaran okuwçy öz durmuşyny dolandyrmaga taýýar däl! Iň esasam orta mekdebi tamamlan okuwçy näme üçin islendik okuw jaýyna

özbaşdak girmäge taýýar däl. Iň soňkusy! Näme üçin orta mekdepleriň mugallymlarynyň  jemgyýetde mertebesi pes!? Mäme üçin?
Mergen  Mugallymlar otagyndan çykyp, öz klasyna barýança, kalbynda duýdansyz dörän bu hyrawa sowallar barada üýtgeşik pikir ýöretdi.Ahyrynda-da, ýaşap geçen beýik pedagoglaryň mekdebi aýry, jemgyýeti aýry, mugallymy aýry, okuwçyny aýry, okuw ulgamyny aýty göz öňüne getiren bolmagy mümkindir” diýen netijä geldi.
„Biz  tutuş halk bolup,  tutuş jemgyýet bolup, millet bolup, mugallymyň mertebesini belende galdyrmaly! Eger mugallymyň mertebesi belent bolmasa,onda okuwam, okuwçam, olaryň jemgyýet, mekdep bilen sazlaşygam bolmaz. Bu ugurda çekilen ähli azap reýgan bolar”.
Mergen  aýallaryň mekdebe süri-süri bolup, mugallym bolup gelmeginiň sebäbi barada oýlananda-da, oňa özüçe kesgin jogap berdi.
„Aýallar näme üçin mekdebe süri-süri mugallym bolup gelmesin:
Mekdep, klas, okuwçy olaryň güýçleriniň ýeten ýeri.
-- Mekdepde talap  gaty pes.
-- Mekdepleriň köpüsiniň direktory aýal!
-- Aýal direktor olara düşünýär.
--Aýal mugallymlaryň köpüsiniň çagasy ýanynda. Olar öýüň, içeriniň , durmuşyň düzgünini mekdepdäki sagadyna görä düzüp bilýär.
-- Aýal mugallymlar mekdebiň, okuwçynyň gohuna çydap bilýär.
-- Olary okuwçylaryň beýik şahsyýet bolmagy däl-de, ilkinji nobatda aljak aýlygy gyzyklandyrýar.
--  Häzirki zaman mekdebi  aýal erkinliginiň gorhanasy.
-- Aýallar mekdepde özleriniň hak-hukuklary üçin göreşip, dünýäniň, raýonyň , obanyň, bilim ulgamynyň we   beýleki islendik ugruň  gybat-habarlaryny ilkinji bolup  eşidip bilýärler.
-- Mekdep aýallar üçin  geýinmek, özüňe hyzmat etmek, beýlekileriň tejribesinden peýdalnmagyň mekdebi bolup galdy.
-- Iň esasy zat, aýallar „mekdep  çydar ýaly däl derejede dowzah „ diýip, islendik erkek mugallymy ynandyrmagyň beýik ussadyna öwrülip galdylar..”
Mergen ýylgyrdy. Onuň häzir  içinden edip oturan pikirini şu ýerdäki  aýal mugallymlaryň, hiç bolmanynda ýekejesi eşidäýsedi. Onda Mergeniň gara bagtynyň ýatjakdygyna ýylgyrdy.
„Mekdepde sözüňe, eliňe,  gözüňe, diliňe juda seresap bolmaly.” –diýip, ol ýandepderçesine ýazdy.
Ol bu gün başlangyç klaslaryň okuwynyň tamamlanandygyna düşündi. Ol işige ýöneldi.
Ýygnanyşyk jaňy haçan boljakka!
Ol üýşmeleňleriň esasan, irden sagat sekiz otuzda bolýandygyny bilýärdi. Bu raýonda bu çäräniň näme üçin öýläne geçirilýänine ol düşünmedi.
Mergen klasynda-da ynjalyk tapman, ýene”Mugallymlar otagyna” bardy. Ol ýerde Çaçy mugallym  direktoryň terbiýeçilik işleri boýunça otunbasary Dessegül mugallym bilen gygyryşyp durdy.

-- Bar, bar  aýt. Seniň direktoryňdan gorkup oturan adam ýok. Men düzgünden çykamok.
-- Men „Sen düzgünden çykýaň” diýemok. Klasyň  ne beýle goh-la” diýýän. diýip, Dessegül mugallym janykdy.—Klasyňda okuw wagty  uruşýan kim,  gezip ýören kim, dik duran ýerinde çörek iýip ýören kim. Sen  gaty görme, men saňa dogrusyny aýdaýyn, sen klasy saklap bileňo-ga, mugallym.
Çaçy mugallym gözlerini agdardy-da, „Hä-ää” diýip, bir düýrükdi. Onuň jallyk dodaklary göm-gök boldy.
-- Senmi, klasy saklap bileňok” diýen bollup, maňa jiçjerilýän.  Özüň saklap bileňok, klasy. Onuň, munuň syrtyny ýalap,   orunbasar bolan bolup, sendenem bir orunbasap bolarmy. Sen düzügli heleý bolsaň, gyzyňy oňarardyň. Sen klasyňam saklap bileňok, maşgalaňam.  Özüňem ýurt küntüsi, sen. Eger ýene ýekeje  kep aýtsaň, seniň ýurt jelepligiňi tutuş mekdebe peçan edip,   şu yklymda işlemez ýaly ederin.—diýip, agzyny köpürjikledip,    şerhaýa  ses bilen gygyrdy.—Sen  maňa „Klasy saklap bileňok” diýen bolup, oňa-muňa gep  gatnadyp, meniň ýarym ölçegimi aldyrdyň. Hana, ýene bir ölçegimi al-da,  bar ber haýsy  oýnaşyňa berseň. Ýöne, Hudaý bardyr! Siz  ýetim çagalarymy horlaryn diýýeňiz. Olary Hudaý horlamasyn! Ýöne, sen gelip, maňa şaňkyldama.
Bu sözlere Dessegül mugallymyň gözleri peträp gitdi.
-- Näme,  men haçan küntüçilik edipdirin, mende näme , oýnaş barmy? Sen şeýle sözleri diliňe alýan bolsaň, sen mugallym-a däl, asyl, adamam dälsiň... Ýaş oglan beýleki barmy,  bu ýer mekdepmi, köçemi, bileňog-a. Sen däli, aýtjak sözüňi bilmeseň, saňa sag diýip bolmaz..
Çaçy mugallymyň   demi peselmese-de, sesi  birneme peselipdi.
Onuň ýaly kepiňi, bar, garny doýup, gözi gyzaranlaryňa aýt. Meniň derdim özüme ýetik, gep-gybat etmäge  ýagdaýym ýok.
Mergen ara goşuldy.
-- Desse mugallym, ýygnanyşyk sagat näçede bolar.
Desse mugallym ýerine geçip oturdy.
--  Häzir, bilim bölüminden, raýkomdan adamlar gelse, başlabermeli.
Mugallymlar, okuwçylar, ata- eneler gelip başladylar.Mergen mekdebiň howlusyna çykdy. Okuwçylar  topbak, topbak boluşyp durdy. Mugallymlar mekdebiň, baglaryň kölegesine üýşüpdirler. Mergen olara bakan ýöredi.
-- Salam, mugallymlar, Täze okuw ýylyňyz gutly bolsun.
Onuň salamyny alan bolmady. Şonda-da Mergen olaryň gapdalyna baryp durdy.
-- Sizem şu ýyl işe geldiňizmi?—diýip,  gyrmyzy gülli ponbarh köýnekli ýaş gyz Mergeniň ýanyna gelip sorady. Ol gyz töweregine garap, Mergeniň jogabyna garaşdy.
-- Ýaňy geldim!
--Çärjewi gutardyňmy?
Mergeniň  bu gyzyň özüniň sadalygyny, üst-başynyň ýönekeýligini görüp,   şeýle sowaly berenine düşündi. Sebäbi Aşgabady, uniwersiteti tamamlanlar  başdan – aýak täzeje, petli eşikleri geýýärdiler. Şonda-da ol per bermedi.
Men uniwersiteti gutardym.
Ol gyz  juda bilesigeliji eken.

-- Taryhymy—diýip sorady. Mergen „Dil-edebiýat fakultetini” diýenden soň, ol gyz başyny göwünsiz atdy-da, mugallymlaryň arasyna siňip gitdi.
Mugallymlar, okuwçylar üýşdüler. Garaşylýan adamlar hem geldi.
Dessegül mugallym okuwçylary, mugallymlary mekdebiň öňüne çagyrdy—Hatara duruň! Mugallymlar her kim öz ýolbaşçylyk edýän klasyňyzyň ýanyna gelip, olara serediň. Çalt boluň, hatara duruň!..
Çaçy mugallym gapdaldan köpçülige eşitdirip:
-- Ýygnak geçirmäni oňaranok, ýene terbiýeçilik orunbasar bolan bolup ýör—diýdi.
Igençli gepledi.
Ahyry mekdep direktory orta çykdy.
-- Hany,başlangyç!—Ol boş elini gaýradan ileri uzatdy.-- Şeýle duruň.—Ol elini gündogardan günbatara uzatdy.-- Ýokary klaslar, siz şeýle duruň!—diýip, ýene elini günbatardan gündogara uzatdy.—Ara boş bolsun, hany, boluň, gymyldaň..

# I K I N J I  B Ö L Ü M

## I.

Mergen tutuş ýigitlik dünýäsi bilen ýylgyryp, klasa girdi. Okuwçylar bir süri sarç käkilik ýaly boluşyp, gürre ördüler. Ýaş mugallym buýsançly dideleri bilen tutuş klasy gujaklady.
Salam!
-- Sa-la-am!
Mugallym ýylgyrjyklap baş atdy.
-- Oturyň.
Okuwçylar şakyrdaşyp oturdylar.Mugallym öz ýerine geçip oturdy.
-- Geliň, tanyş bolalyň!—Ol öz ellerine seretdi.—Meniň adym Mergen! Kakamyň ady – Ata! Mergen Ataýew. Men siziň türkmen dili hem edebiýaty mugallymyňyz.—Ol klasa seretdi. – Düşünmedik ýeriňiz, soragyňyz, sowalyňyz barmy?!
Hiç kimden ses çykmady.
-- Onda men siziň bilen tanyş bolaýyn.—Ol öňünde ýatan žurnaly açdy.—Geliň, şeýdeliň.Sag partadan başlap. Nobatma- nobat tagta çykýarsyňyz, soň adyňyzy, atańyzyň adyny aýdýarsyňyz. Soňra adyňyzy, atańyzyň adyny tagta owadan edip ýazýarsyňyz. Düşündiňizmi?! Hany, gyz, ilki bilen sen çyk!
Okuwçylar gülüşdiler.Mugallym ýüzüni agraltdy.
--Klasda mugallymyň aýdan sözüne gülmek aýyp bolar. Bu gyzjagaz on-onki ýaşynda, man bolsam ýigrimi bäş ýaşap barýaryn. Men oňa „gyzym” diýip bilerin-ä. Sebäbi men heniz onuň adyny bilemok. Onsoňam, men mugallym!

Gyzjagaz tagta çykyp. Adyny, atasynyň adyny ýazdy. Soň klasa bakyp:-- Taganowa Altyn!—diýdi.
--Hany, ýazanyňam okap ber.
Gyzjagaz okady. Mugallym :”Haty owadan, sesi dury, taby ýuwaş, gowy okuwçy bolar” diýip netije çykardy. Mugallym oňa sowal berdi.
-- Altyn, bäşinji klasa näçelik bilen geçdiň?
Gyzjagaz gözlerini tegeledi.
-- Mugallym, üçümem, dördümem bar, köpüsem bäşlik.
-- Oturaý.
Mergen klasdaky okuwçylaryň ýigrimi dördüsinem şeýle usulda barlady. Klasda bäş okuwçy öz adynam, kakasynyň adynam dogry ýazyp bilmedi. Soň görüp oturylsa, olar harpam tanamaýan eken. Şolaryň içinde Annaýew Atabaý has gözgynydy. Ol asla, okabam bilmeýärdi.
-- Ol Anna keliň ogl-a, mugallym!—diýip, okuwçylar ýerli-ýerden gygyryşdylar.—Ikilikçi!
-- Bar-aý-t! Barryň-aý-ýt!—diýip, Atabaý gözjagazlaryny gaharlyja jijjerdip, haýbat atdy.
Mugallym ellerini galdyrdy.
-- Hany, okuwçylar, gül;üşmäliň. Men her bir okuwçynyň oňarmajak zadynyň bolmajakdygyna ynanamok. Näme üçin sen diňe bäşlik alyp, men diňe ikilik almaly?! Diýmek, ýa mende, ýa Atabaýda, ýa mugallymda gowşaklyk bolupdyr. Biz häzir diňe bäşinjä geçdik. Altynja barýança, diňe bäşlik baha okamasa, men size näme diýeniňizi bereýin.
Mugallym meli alyp, tagta „bagban” diýip ýazdy.
Okuwçylar, bilim Allanyň ynsana bagyşlan iň gözel eşretidir. Eger bir adam haty owadan ýazýan bolsa, onuň kalbynyň gözel boldugydyr. Kim haty erbet, ýalňyşly ýazsa, onda ol adamyň Allanyň özüne bagş eden keramatyny sylamadygydyr.—Ol tagtany görkezdi.—Kim „bagban” sözüni owadan ýazsa, men oňa bäşlik goýjak.
Mugallymyň özi bu sözi juda owadan edip ýazdy.
Be bilen a-nyň tegelegi deňje bolsun. G-e ni şoňa deňläň. Ýene b, a, n deňje bolsun. Ulurak ýazyň, owadan ýazyň. Öz ýazan hatyňyza özüňiz begeniň. Hany, boluň.
Soň ol okuwçylary tagta çykaryp, bagban sözüni hersine on sapar ýazdyrdy. Şolaryň arasynda Atabaýyň haty Mergeni juda haýran galdyrdy.
-- Indi depderiňize ýüz gezek „bagban” diýip ýazyň. Ulurakdan, harplary biri birine deňläp, owadan, näzijek ýazyň.
Ol ýerinden turup, partalaryň arasyna geçip, okuwçylaryň hatyny synlap başlady.
-- Duruň! Ýazmaň! Maňa serediň.
Ol tagta „Bagban” diýip, owadan ýazdy.
-- Howlukmaň! Atabaý—bäşlik! Berekellla! Selbi, Nowça, Gurban, bäşlik.—Mugallym jemi on bäş oglan –gyzyň adyny tutup, „bäşlik” diýdi. Ol tä jaň kakylýança diňe „bagban” sşzüni ýazdyrdy. Onuň bagtyna okuwçylar hem özleriniň ýazan hatyndan razy boldular.
-- Siz uly-uly wezipeli işlerde işlärsiňiz. Şonda işgärleriňiz :”Başlyk, hatyňyz juda owadan” diýenlerinde, meni ýatlarsyňyz. Owadan, ýalňyşsyz ýazmany öwrenen bu hatyňyz, menden size ýadygärlik bolar. Siz her näçe ýalta, gowşak, geleňsiz

bolsaňyz hem men gije ýatmaryn, gündiz oturmaryn, ýöne size haty ýalňyşsyz, juda owadan ýazmagy welin hökman öwrederin. Indem, geliň öýde „Edebiýat", „Edep" diýip bir ýüz bir sapar ýazyp geleň. Şony ýazanyňyzda, edebiýatyň, edebiň manysy barada hem oýlanyň. Bahaňyz diňe bäşlik boljakdyr. Men sizden başga baha garaşamok. Hemmäňize bäşlik, Berekella, Atabaý. Sen bijaý gowy işlediň. Sag boluň.
Ol bäşinji „W", bäşinji „G" klaslarynam edil şu usulda barlady. Bu klaslarda-da harp tanamaýan okuwçylar bardy, ýokardaky klasdaky ýaly, okuwçylaryň köpüsi çalasowatdy.
Ol „W" klasda tagta elipbiýi ýazdy.
Okuwçylar, şu näme, kim aýdyp, berip biljek?
Okuwçylaryň biri elini galdyrdy.
-- Gel, Garýagdy. Hany, „A" bilen „B" harpyny öz düzgüni bilen tagta ýaz.
-- Mugallym, bu näme, türkmen dili sapagym-aý?—diýip, Çary diýen tokarja oglan oturan ýerindn gygyrdy.
Mergen oňa „ýuwaş otur" diýen manyda ümledi.
-- Mugallym, edebiýat geçäýeliň-dä.
Mergen ýerinden turdy.
-- Okuwçylar, siz düşüniň. Häzir siz bäşinji klas. Emma köpiňiz harp tanaman, ýeke sözlem ýazyp bilmän, okap bilmän otyrsyňyz. Men siziň üçin juda utanýan. Şu durşuňyza men size edebiýaty nähili geçeýin. Siz haty owadan ýazyp, labyzly owazly okap bileňizden soň men size edebiýat geçerin.
-- Ýazyp bilmesek näme?
-- Men size owadan ýazmagy, aýdym ýaly edip okamagy öwredýänçäm, men çöregem iýmerin. Size-de ynjalyk bermerin.
Mergen adama hatyň näme üçin gerekdigini düşündirdi.
-- Hat adamyň ruhy gözelliginiň açarydyr. Owadan hat ýazan adam göni jennete barar. Çünki Alla onuň ýüregini mähirden ýasandyr. Ýüregi mähriban adamyň haty owadan bolýandyr.
Ol Garýagdynyň yzyndan ilki Anna diýen oglany, soň Merýem diýen gyzjagazy tagta çagyrdy.Bularyň ikisem asyl, harp tananokdylar.
Anna „A", bilen „B" –ni iki sapar ýazdy.
-- Mugallym, ýene ýazdyraýsan-a.
Merýem hem ýoldaşlaryndan utana-utana harplary ýazdy.
-- Hany, indi „degirmen" sözüni depderiňize ýazyň.
Ol bu sözi tagta ullakan, owadan edip ýazdy.
-- Şu sözi depderiňize ýüz sapar ýazyň.
Okuwçylar ýapyrylyşyp, bir gözlerini tagtaban aýyrman ýazyp başladylar.
Mugallym partalaryň arasyna baryp okuwçylaryň hatyna gözegçilik edip başlady.
-- Ýok, ýok, duruň! Ýazmaň! Bu bolşuňyz bolanok, nirä, nirä howlugýaňyz! Ol baryp tagtany süpürdi-de, ullakan, owadan edip „Degirmen" diýip ýazdy.
-- Hat juda owadan bolmaly! Kim owadan ýazsa, bäşlik goýjak.
„Bäşlik „ sözi okuwçylara täsir etdi. Olar ýapyrylyp, täzeden ýazyp başladylar.
-- Mugallym, bolupmy?
-- Mugallym, ýazdym.

-- Aý, biderek-läý.
Mergen şol bir sözi gaýtadan ýene ýüz gezek ýazdyrdy.
-- Diňe owadan, diňe owadan...
Ol okuwçylara baha goýdy. Soň öýe „Bagban”, „Edebiýat” diýen sözleri ýüz sapar azyp gelmegi ýumuş tabşyrdy.
--Öýde „edebiýat” diýmek näme?- diýen sowal baradaky pikiriňizi ýazyp gelersiňiz. Diňe, diňe öz pikiriňizi. Başga pikir bolmaly däl. Göçürmegem, okamagam bolanok.
-- Mugallym, ertir edebiýat ýog-a?
-- Men gelerin. Ertir hökman ýazyp getirip, maňa gowşuryň. Şu jaý Edbiýat „ otagy boldy. Men şu ýerde bolaryn. Hökman getiriň.
Mergen „A” klasda-da şu usulda dowam etdi.Olara „Bagba”, „Çoýun aşyk „ sözlerini owadan, ýalňyşsyz ýazmagy öwretdi. Onuň saýlap alan sözleri tutuş elipbiýiň esasy bölegini öz içine alýardy.
„Men olara harplary tanamagy, labyzly okamagy, owadan ýazmagy öwretmeli. Galan zatlary kem-kemden düşündiribererin...”
Okuw tamam bolandan soň Mergeni mekdep direktory çagyrdy. Mergen ýygnak mahaly Aga Mergenow bilen Ejeş mugallymyň özi tarapa seredip, bir zatlaryň gürrüňini edýändigini görüpdi. ÝöneMergen bu ikisinden özüne ýakymsyz gürrüňleriň bolup bilmejegini duýýardy. Sebäbi olaryň ikiisem Mergeni heniz tananokdylar.
Mergen: Diňe zehinli adamlara görüplik edilýär” diýip okapdy. Ol özüni körzehin hasaplamasa-da, ýanyp duran zehin däldiginem bilýärdi.
Ol uniwersitetdekä hakykatdanam ýarawsyzdy. Ol studentleriň gurluşykçylar toparyna goşulyp, Tejene, Arçmana gurluşyga gidende, özüniň hakykatdanam ýarawsyz, beýlekileriň ýanynda sansyzlygyna doly göz ýetiripdi. Onuň pikirine görä, duýgy-düşünjesem üzlem-saplamrakdy. Ol özünde kesgitliligiň bir işe arslan ýaly ýapyşyp, ony kesgitli çözmek endiginiň ýokdugyny bilýärdi. Käte onda haýsydyr bir işi etmek baradaky güýçli isleg döremänem durmaýardy. Emma şol pikiriň öňüni-yzyny derňeşdiriberende, çoçgara çolaşyp, hälki edesi gelen işini asla halaman başlaýardy. Ol uniwersiteti tamamlap oba dolanansoň işiklerindäki çukur oňa juda ýaramly täsirini ýetirdi. Mekdeplere aýlanmagy, mekdep direktorlary, mugallymlar, mekdepde işleýän dürli adamlar bilen gürrüňdeş bolmagy onuň ýüzlek, çekinjeňlik häsiýetine zarba urdy. Ol öz pikirini batyrgaý aýdyp bilýän adam boldy. Ýöne şu gün geçen şu üç sagat onuň mugallymçylyk işine çulum däldiginem aýan edip goýberdi. Ol direktoryň çakylygyna aňy, ruhy, bedeni gowşak halda bardy. Ol ýadapdy.
-- Salowmaleýkim!—diýip, ol kabinete girdi. Direktor telefonda gürleşýärdi. Onuň ýanynda bir görlen gyz otyrdy.
Direktor Mergeni gören badyna trubkany apparata goýdy.
-- Mergen Ataýewiç, geliň, geçiň!—diýip, oňa ýer görkezdi.—Nädýär, okuwlar, goh edenoklarmy?!
-- Sag boluň.
-- Goh etmäge olaryň elleri ýetenok diýseňizläň.—diýip, direktor ýanyndaky gyzyň ýüzüne seretdi. Gyzjagazym bäşinjide okaýar. Häli gelip:Eje, täze mugallym bizi şeýle bir gowy okatdy” diýdi. Hiç geçen dört ýylda haty düzelmän geçdi-de, okaýşa

ýamanam däl-le. Birki mugallymy „baryp görüp geliň” diýip iberdim. Olaram ses selem çykanok diýip geldiler. Şondan soň arkaýyn boldum. Gaýrat ediber...
Ejeş mugallym ýene ep-esli sakyrdady. Mergen „Şu wagt bir käsejik gantly çaý bolaýsady” diýip tamşanyp oýlandy. Oňa çenli direktor:
-- Bu gyz komsomolyň raýon komitetiniň ikinji sekretary Tuwak Beghanowa. Seniň bilen gürrüňi bar—diýdi.
Mergen ol gyzy indi tanady, baş atdy.
Sen komsmol agzasymy?
-- Hawa.
-- Onda biziň birinjimiziň ýanyna barsaňyzlaň.—Ol ýerinden turdy.—Şonuň üçin geldim. Sag boluň.
-- Sag bol.
Direktor ony ugradyp geldi-de,
Olar seni işe aljak bolýarlar öýdýän..—diýip ýuwaşja aýtdy.
-- bilmedim, meniň habarym ýok.
Ejeş mugallym Mergene ýüzlendi.
-- Menem indiki sapagyňa girerin.Indi sen gaýdyber.
Mergen klasyny ýapdy. Soň tigirini , goş-golamlaryny alyp mekdebiň howlusyndan çykdy. Dördünji sapaga girilipdi.
Mergen Rejep agany soramak üçin , onuň öýüne bardy.
-- Bah, Erejep şaltaýyň Aşgabada gidenine bu gün baryp dört gün boldy—diýip, duldegşir goňşusy aýtdy.
-- Haçan gelerkä?
-- Aý-how, bu adamyň gelenine-de, gidenine-de düşünip bolmaz. Ol Buhar jöhidä. Ol biziň ýaly pöwhe türkmeni „çüw” diýip aldap gidýär.
Mergen şol ýerden göni bazara bardy. Tamdyr çörek, iki kilogram pomidor, on sany ýumurtga satyn aldy. Alan zatlaryny haltajygyna salyp. Öz portfeli bilen tigiriniň arkasyna berkitdi. Soň „Demir dükana” baryp, penjire üçin aýna baryny, ýoguny gördi.
-- Muny kesip berip biljek adam ýokmyka?
Garabeg bu sapar Mergene ýüz bermänsiredi.Ol gyp-gyzyl gözlerini ýumrugy bilen owkalap durşuna: „Bilemok!” diýip zoňtar ses bilen aýdyp goýberdi. Emma bu gürrüňi eşidip duran keseki biri:
Kombinata bar. Ilata durmuş hyzmatyny edýän kombinata. Olara ölçegiňi, salgyňy berseň, özleri biminnet baryp , aýnaňy kesibem, oturdybam berip dur.
Mergen ol nätanyş adamyň ýüzüne seretdi,
-- Kombinat nirede ýerleşýändir.
-- Hal-a, şol duralganyň garşysy-da—diýip, nätanyş ispolkoma bakan elini salgady.
Mergen kombinatam tapdy. Olara salgysynam berdi, nirede, näme, bahasy näçe, baryny gepleşdi. Häzir onuň ýanynda penjireleriň gözüniň ölçegi ýokdy.
-- Ertir öýüňizde adam bolsun, Kolko müjük barar!
Mergen öýüne gyzar ikindinler geldi. Duşa girip, çaý-nahap iýip, çukura girjek bolanda Annabike daýza geldi.
-- Ýegen jan , sen bu gün görünmediň-le.
Mergen iş eşiklerini geýinip durşuna:

-- Daýza, men bu gün işe gitdim. Okuw başland-a.—diýdi.
Garry howsalaly gürledi.
-- Başlawersin, ýegen jan, bu obanyň çagasyny ýene uşkol saklaýar-eý. Ýykdylar, dargatdylar.Bular çaga däl-ä, upbat degen-ä bular. Enelerinin garnynda nädip ýatanyna men haýran bu ot alanlaryň.—Garry bir ters aýlandy-da, düýbünden başga meseleden gep açdy.-- Men onsoň, şol diýeniňe bardymam, aldymam.—Mergen düşünmedi.
-- Düşünmedim, daýza?
-- Beghanyň dükanyndan tutuş janlyny al-da, gowurma et – diýmediňmi? Galanjasam özüňki bolsun diýmediňmi?
Diýdim, diýdim.—diýip, Mergen güldi.—Diýdim.
Onsoň şol berenjäňe özüme-de birtike aldym. Ýöne diýdim”Ýegeniňkini ilki gowuraýyn „ diýdim.—Hä, bolupmy?
-- Bolupdyr, daýza. Şony oňarypsyň.
Garry mergeniň iş eşigini geýenini görüp, öýüne bakan gitdi. Garry şol barşyna-da bir zatlar, br zatlar samraýardy. Emma Mergen çukura girip baryşyna onuň nämeler diýýänini eşidip bilmedi. Mergen galan ýere-de çil çekdi. Indi tutuş çukuryň içi uzaboýuna, ýüz metrlik üç sany ullakan pel boldy.Mergen ikinji peliň içini depip başlady. Ýer juda ýumşakdy. Sebäbi Mergen kerpiji aýrylan ýere çukuryň demirgazyk böwründe üýşüp duran sileweli, dersli, çör-çöpli topragy pellere serpip çykypdy. Ol kepjäniň ujuny ýagşy çümdirende-de, gaty ýere ýetip bilenokdy. Mergen gijäniň bir mahalyna çenli işledi. Arasynda goňşy garrynyň „Gowurmany getirip, ýerinde goýdum” diýenini bir eşidip galdy. Ol „bu günlükçe goýaýyn” diýip durka öz adynyň tutulyp çagyrylýanlygyny eşitdi.
-- Mugallym, eýt muga-a-lym!
Mergen çukurdan çykdy.
Jaýyň işiginde nätanyş adam durdy.
-- Salowmaleýkim!
Mergen diňe şonda Rejep agany tanady.
-- Ata, salowmaleýkim!
Goja Mergeni gujaklady.
-- Bala, ketirdim!
Mergen gojanyň elini eline alyp:
-- Ýagşy bolýaňmy?—diýdi.—Seni soramaga bardym. „Ýok, Aşgabada gitdi” diýdi goňşyň.
Rejep aga başyny ýaýkady.
-- Haý, haý, öýi köýen. Men oňa hiç kimge aýtmaňlar dedim-eý. Ol öýi köýen tutuş şähere aýtyp çykan.
Mergen içeriniň çyrasyny ýakdy.
Gel, atam, gir.
Ýaşuly girmedi.
-- Toht-eý, bala, howlukmaň-eý. Meni tiňleň.
Ol sekä baryp, onuň bir gyrasynda oturdy.

-- Kel munda, sen meni diňle.—Ýaşulynyň murtlary sallandy. Onuň ýüzi sütündäki ýüzlük çyranyň ýalkymyna düşnüksiz göründi.Mergen  gojanyň boilup durşuna geň galdy.
-- Oturyň, bala, oturyň.
Ýaşuly agyr elini Mergeniň dyzynyň üstünde goýdy.
-- Aşkebada kitdim. Meniň iki oglum-„ministr”. Bitdesi Ýokkary sudda. Bittdesi Büzmeýinde, awtinispeksiýasynda  „ministr”. Heleýleri orus. Olar menge „babaý? tiýgenler. Olar meni hapa görýeller. Bardym, meni eslemegenler. Ogullaryna aýtdym „Sizlerge ata kereg bolsa, meni idäň „ diýip. Olar ýerge bakdylar. Men kaýdyp kaldym. Indi mende ogul ýok. Bir ogul bar,  olam, mana – sen! Ager sen meni äsläp, ýanyňga alyp, „ ata” teýip, saklaryn diýseň, onda men seniň ýanyňa köçüp kelemen. Ager, istemeýseň, hazir aýtyň, men kideman.
Mergen edil çaga ýaly elenip, gözlerine ýaş aýlap oturan ýaşula düşündi.
-- Bolar, atam!—diýdi.—Menem ýeke, senem ýeke. Ikiijigimiz, sen bir otagda, men bir otagda ýaşar ýöreris. Işe-de bileje gider- geler ýöreris.
-- Ýok, bolmaýd-eý. Men  birinji sentýabrdan işi koýaman. Maňa iş kerekmes. Maňa kyrk tin  pensiýa beredilер. Şol  şundan bolady—diýip , ol elini Mergeniň dyzynyň üstünden alyp, kekirdegini syhady.
Mergen ýaşulynyň açylyp başlan ýüzüne seretdi.
-- Atam, men işe gitsem, oba ýerinde seniň içiň gysmazmy?
-- Ýok-eý, seniň çukuryň maňa ýakşy iş bolaýdy. Ol ýer  pyýaz, kartişke, sarymsak ekemen.Ikki ýyldan sen dünýäni satyn alasen. Onsoň bize tin kerekmez.
-- Bolýar, atam, bolýar.
Ýaşuly ýerinden turup,   jaýyň gapdalyndan haltada nämedir bir zat süýräp getirdi.
-- Mana, kartişge tohum. Pyýaz tohum, on kilä sarymsak—tohum!
Mergen çaga ýaly begendi.
-- Sag bol. Atam!—Ol guş ýaly ýeňil halda, duşa girip çykdy. Çaý goýdy. Çaý demläp, ýadap gelen ýaşuly bilen çaý içdi, gowurma bilen garbandy.
Rejep aga Aşgabatdan boş gelmän eken. Ol kişde, kişmiş, ýumşajyk köke, tamdyr çöregini, iki sany ütülen towuk getiripdir.
-- Ine, bulary owkat edeman.
Mergen iýip, içip, ýene çukura girdi. Rejep aga ony saklajak boldy.
-- Tümde iş  haram. Bes etiň, uklaň. „Akşamyň haýryndan—azanyň şeri” tiýgenler, babalar.
Mergen ýaşulynyň diýenini edip, täzeden iş geýimlerini çykaryp  durşuna:
-- Ata,  indi bu pelleri suwaryp ekerismi, suwarman ekerismi?—diýdi.
Ýaşuly murtlaryny sypalady.
-- Suwuň zyýany bolmaz, bala, Suw bereli.Howa juda yssy. Ýöne sen howlama. Çil, çil olsun, soň tekiz olsun. Soň nury—ders berilsin. Soň ýene ikki gaýta depip- depip Soňra suw bermeli. Häli iş köp. Sen howlama.
Mergen ýaşulyny ene ýabyň ýanyna alyp bardy.
-- Ata, seret, şu ýapdan mellege nädip suw geçirip bolar.
Rejep aga bir ene ýaba, birem  aşakky mellege  seretdi.
-- Muny Berdi Alake biler, biz bilmeris. Azanda men ony alyp kelemen. Sen howsalama. Sen çil et. Ýer dep. Nury ber. Berdi Alakeni özüm alyp kelemen.

Ýaşuly özüne içerden ýer saldy. Mergen sekä düşek ýazdy-da, bütin günläp kellesini kelejar eden işleri ýene bir sapar ýatlady. Şolaryň arasynda ýaş mugallyma güýçli täsir eden ýagdaýlaryň biri, onuň iki makalasynyň gazýetde çap edilendigi baradaky habary, ikinji bolsa, bäşinji klasa çenli harp tanamadyk Atabaýjygyň öz ýazan hatyna begenişine buýsanyp seredişini ýatlap ýylgyrdy.
Merhen şu gün jöwzaly günüň astynda geçirilen umumymekdep ýygnanyşygyny-da, bilim bölüminiň müdiriniň göwünsiz çykyşyny-da, Ejeş mugallymyň „tala çykyp, talhan iýen ýaly „ diýilýän sşzlerini-de,beýleki şol bir galypa öwrülip gialan çykyşlary-da halamandy. Ýedinji, sekizinji mekdepleriň käbir mugallymlarynyň mugallym boljak boluşlaryna haýran galdy. Ýöne özüniňem şu günki „Edebiýat" sapagyna girişinden göwni suw içmedi.
--Okuwçy bäşinji klasyň edebiýatyny geçmäge taýýar däl-ä.—diýip, ol depesinden basyp duran talabyň alynda ýuwaşja pyşyrdady.—Men okuwçylar bilen sapakdan daşary işlemeli. Ýöne sapakda usuly, okuw kadalaryny doly berjaý etmeli.
Mergen hyýalyndaky ynsabyny azaba goýýan çeşmäniň gözbaşyny arçap başlady.
„Indi bu klaslary taşlamak bolmaz. Her näçe agyr, kyn bolsa-da, ony alyp çykmaly.Hökman!"

2.

Mergen sagadynyň sesine oýandy. Ol çaý goýdy-da, duşa düşündi. Duşdan çykyp, sekiniň üstündäki düşeklerini ýygnap, orta saçakýazdy.
Çaý demläp ýörkä, „Ata, turjakmy" diýip, içki otaga boýnuny uzadyp sorady.Içerden ses çykmady.
--Ýatybersin-le—diýip, Mergen çaý içip oturşyna oýlandy.
Bu gün okuwyň başlananyna onunjy gündi. Şu on günde Mergeniň bäş makalasy merkezi gazýetlerde çap edildi. Onuň begenen esasy zady, „Ýaş kommunist" gazýetiniň birinji sahypasynda çap edilen „ Salam, eziz mekdebim!" atly goşgusydy. Bu goşgy üçin ony köp adam gutlady.Mergeniň ondan hem beter begenen zady, okuwçylary onuň diýenini edip, hatlaryny juda owadan, ýalňyşsyz ýazyp başlapdylar. Ylaýta-da, gyzlaryň haty Mergeniň göz öňüne getirişindenem owadandy.
Ýök, bolanok, bolanok, Şu raýonda size ýekeje-de taý tapylmasyn.
Ol ýalňyşsyz ýazmagam, dürs ýazuw kadalarynyň ählisini ýekeje eýerjeňli goşma sözleme jemläp, okuwçylara ýat tutdurypdy.
Ol şu gün geçmeli sapagyny ýatlady. Ol indi aýdymlar temasyna başlapdy. Birki sany aýdymy metodikanyň talabyna laýyklap geçipdi.
Onuň sapagyna giren IlliAmanow-da, Dessegül mugallym-da, nämüçindir oňa bellik edip, maslahat berip durmadylar. Okuwyň başyndan bäri telim ýyllap okadyp ýören tejribeli mugallymlar bilen „Onyň bolanok-da, metodika dogry gelenok" diýişip, gyrlyşyp ýören bu adamlaryň Mergene ba aýdanlary:
-- Gowy,şeýleräk al-da gidiber—boldy.

Ejeş mugallym bolsa bäşinji klasda okaýan gyzynyň gürrüňini dilinden düşürmeýärdi.
-- Eneş janyň  haty şeýle bir owadanlaşdy,  waýeý. Gözüm degäýmes-de ýagşydyr, gyz, tüf,tüf, ýöne gözüňi aýyrman seredip oturmaly-da—diýip, günde telim gaýta agzaýardy.
-- Bolýa-la, bilseňizem, şükür.Men  gözümiň jöwherini döküp, olary nädipler okatdym, ýöne azap edenje zadym başga bir gelmişege ýal boldy. Ýöne Hudaý bardyr, Hudaýyň özi haklaşdyrar—diýip, Çaçy mugallym  her sapar onuň gapdalyndan çykýardy.
Mergen okuwçylňarynyň  şahyrana, dilewar bolmagynam jan, dilinden isleýärdi. Ol şu günden başlap okuwçylaryň şahyrana oýlanmagy üçin bir usuljagazy tapmak barada  çyny bilen oýlanýardy.
--  Çaýymy bir içeýin. Soň mellege girip, diňe şol barada oýlanaryn.
Ol birki käse gantly çaý içdi. Gowurdakly heýgenek bişirinip, howlukman garbandy.Soň saçagy ýygnaman iş eşiklerini geýdi-de, çukuryň içinde  mesge ýaly mylgyrap  ýatan mellege girdi.
Mellekdäki uzaboýuna ýazylyp ýatan peller demigip ýatyrdy. Mergeni görüp, pelleriň ýüzi açylan ýaly boldy. Indi olaryň hakyky hossary Rejep aga bolmalydy. Rejep aga  mekdebiň tutuş hojalygyny ilik-düwme edip,  öz ýerine gelen ýaş oglana tabşyrdy.Ýöne mekdebiň hasabyna girmedik, onuň özüne degişli ep-esli şlangany,iki kätmeni, öz puluna satyn alan bedrelerini, iş gurallaryny, çekiçmidir, stol çyrasy ýaly ownuk-uşak zatlary  yzyna alyp gaýtdy.
Öýüniň birküç sany fabrik halysyny, täzeje holodilnigini, tikin maşynyny, ullakan ýüz görülýän aýnasyny göçürip alyp gaýtdy. Mergen işdekä, içi boş otagy düşekläpdir.
Ertesi gün  raýon merkezinde ýaşaýan Berdi Alaka diýen adamy getirip, ene ýapdan mellege   turba çekdirip, oňa-da kran goýduryp, gömdüripdir. Indi islän wagtyň pellere ýapdan suw alyp bolýardy.
Ýaşuly bir gije ýatman tutuş mellegi suwdan gandyrdy. Sow  ýer taba gelýänçä, üç günläp garaşdy. Düýn- öňňin  gijesi gündizi özem ýatmady, Mergenem ýatyrman mellegi  depdiler. Soň özi depilen ýeri dyrmyklap çykdy. Soň bir gün goýup, pelleri özi depip çykdy. Tekizledi.  Ahyr soňy düýn bir ýarym pele kartoşka, bir pele sarymsak, ýarty pele-de sogan ekdi. Ol  eken ýerini  günde üç wagtyna  agşam, ertir, günortan çyglap çykýardy. Onuň bu boluşy Mergene juda geň görünýärdi.
-- Ata, heý sentýabrda-da kartoşka ekilermi—diýende, ýaşuly baş atdy.
-- Kartişkäni kaçan ekseň-de bolady. Ýöne sarymsakgy, peýazy sentýabrnyň on bäşi, ýigrimisi aralykda ekme kereg.
Ol çygjaryp ýatan pelleri ýene dyrmyklady. Soň torf ýaly bolup çukuryň daşynda üýşüp  ýatan dersli toprakan tä ýer  örtülýänçe sepdi. Şondan soň goja biraz ynjaldy. Indi nahal üçin çukur taýýarlama kereg.
Mergen razy bolmady.
-- Ata, sen  beýle agyr urunma, birneme dynç al. Howlukma, nahaly  baryp mart aýynda ekseňem bolar.
Ýaşuly başyny ýaýkady.

-- Bolmaýdy. Sen beçe bolma, bala. Güýzde ekseň, bir ýyl öň ekgen deý bolady. Martda ekseň bir ýyl giç ekgen deý bolady. Hazir, hazir ekkiş kereg.
Mergeniň ýer işleriniň inçe tilsiminden o diýen habary ýokdy. Ol oba gelensoň durmuşa-da, mekdebe-de, okuwa-da çöňňeligine düşündi. Ýöne ol obadaş oglanlaryň özüçe ýokdygyna-da göz ýetirdi.
Ol jaýynyň üstüni basyrmak üçin  ilerki goňşulary Täçmyrat agalardan iki desse gargy-gamyş, bäş desse  gyldyrgan otuny alypdy. Ine, şolar üçin „ýüz manat ber” diýip, gelni, gyzy, Meretguly diýen ogly  bir  günde iki  sapar, aýaly üç sapar, ýaşulynyň özi iki sapar  dyzaşyp gelipdiler.
Rejep aga ýa olara düşünmändir, ýa onça puly kän görüpdir, ýa ýanynda puly bolmandyr, olary yzyna gaýtaryp goýberipdir.
Mergen agşam işden gelende Annabike daýza geldi. Ol demi-demine ýetmän:
Ýegen jan, sen il-güni ne günlere salyp ýörsüň.—ä—diýdi.
Ol mergeniň gep anyklamagyna-da garaşman:
-- Sen Täçmyratlardan bir topar zat alypsyň-a. Pulunam bermänsiň. Oba-goňşuçylykda  ýamman  pis zatdyr.
--Aldym, daýza, aldym.
--Alan bolsaň, ýegen jan, iliň hakyny saklama. Olar Erejep şaltaýyň ýanyna telim geldiler-ä. Ahyry, aýaly gargap otyr saňa...
Mergen şo bada diýlen puly goňşulara gowşuryp geldi.
-- Näme boldy?—diýip, Mergen  öýe  gelenden soň ýaşuly sorady.
--Jaýy basyrmak üçin ilerki goňşulardan gamyş,  ot satyn alypdym.Şolara puluny berip geldim.
-- Niçe som!Kança manat?
-- Ýüz manat!
Rejep aga agzyny açyp galdy.
-- Nime,  hemsaýaň däliredimi? Heý, gamyşka, otga onça som bolajakmy?! Olarda Alla ýok. Onça bermeli deýl keniň, bala. Olar seni seni sylamaýdy. Olar başynda akyly bar ynsana onça som diýmeýdiler.
Mergen sesini çykarmady.
-- Aýlyk oldumy?
Mergen baş atdy.
-- Aýlygymyzy berdiler. Direktorymyz:”Rejep aga aýdyň, aýlygyny alyp gitsin” diýdi.
--Direktur  dedimi?
-- Hawa.
Şol arada Annabike daýza ýene geldi.
Ýegen jan, berdiňmi, amanatyňy. Günbatarky goňşymyz  „Mende-de gamyş, ot bar satlyk” diýdi.
-- Amanaty berdim  daýza. Sen arkaýyn bolaý, maňa  gamyşam, otam gerek däl indi. Garry gitmedi.
-- Ýegen jan, aýlygyňy beren bolsaň, maňa-da „Her aýda on manat bererin „ diýipdiň. Şony berseň, aljak zerur zadym bardy-da.Çalabegem,  „awa gitjek” diýdi.Oňa-da  daga, ýany bilen götermäge çaý gerek, süýji gerek.
Mergen garra on manat çykaryp berdi.

Ony görüp, Rejep aganyň gözi patlara geldi.Ol saklanyp bilmedi.
-- Bala, somy o ýan, bu ýa dargytmaňlar. Şu kün beş som gazansaň bitde som sow. Sen ýekke. Durmuş gyn. Sen niçge som aýlyk aldyň?
-- Ýüz ýigirmi manat.
-- Bir aýamy?!
-- On güne.
--Ýakşy. Kel munda. Men senge bir kep uraýyn. Sen kulak koý!
Mergen ýaşula seretdi.
-- Dňleýän, ata!
Ýaşuly günbatar gapdala elini uzatdy.
Şu bakadan ikki mertebe tam kuruş kerek.
Mergen düşünmedi.
Ata, jaýym bar-a.
Ýaşuly agyr goluny gahar bilen silkip goýberdi.
Mundan jaý olmaýdy.Muňga türkmenler „çatma” diýgendirler. Sen deý damulla bala ýakşy tamda, ikki etajly tamda ýaşamaly.
Mergen boýnuny burdy.
Ata, meni1ň bary- ýogy üç ýüz manadym bar.
Ýaşuly Mergeniň şu sözüne garaşyp duran ýaly, sesini çykarman içeri girip gitdi.Ol birsalymdan ala torbasyny göterip gelip, sekiniň bir burçynda oturdy.Mergene-de ýanyndan ýer görkezip, torbasyna elini sokup, sermeläp başlady.Torbadan bir esgi düwünçek çykaryp, ony howlukman açdy. Akja ýaglygyň içinde üç tokga ýigrimi bäşlik, başga-da ownuk-uşak pullar ýatyrdy.
-- Mana saňa som!
-- Men onça puly alyp, haçan üzeýin—diýip, Mergen puldan ýüzüni sowdy.
-- Sen on ýyllyk karz al!
Mergen boýun gaçyrdy.
--Men häli bir ýyl ýaşajagymy bilemok. On ýylyň-a agzabam oturma.
Ýaşuly elini Mergeniň dyzynyň üstünde goýdy.
-- Bala, sen bileňýok, seniň ullakan hazynaň bar!Sen on ýylda däl, beş ylda dünýäni satyn alasen, dünýäni!
-- Nirede, hazyna!
Ýaşuly tüýlek, gara , kirli ullakan elini çukura tarap uzatdy:
-- Kara, şul mallek saňa hazynadanam zyýat. Gelejekde bul seni tüçjar baý edejek.
Ol bir tokga puly Mergeniň öňüne oklady.
-- Mana, muňa bir ikki gaçar, bir tanaly öjek, elli sany towuk satyn al!
Mergen goja geň galyp seretdi.
-- Ata, olara kim seretsin?
Goja aýasyny döşüne goýdy.
-- Ataň, ataň, seretjek!Men seredemen, ýakşymy?!
Mergen oýa batdy.
-- Onda jaýly gürrüňi nädeli?!
Goja murtunyň bir taýyny towlap, oýnap durşuna:

-- Baýak, Kolka müjük seniň derejäňe aýna  saldy. Ol „Agar jaý kurdurjak tapylsa, men işimi koýaman” dedi. Onuň öz oglanlary bar.Olar köp ýagşy  ussadylar.Azanda Kolka müjüge „kel” diýemen.Olar kelse, kepleş.
-- Ata, entek jaý diýmäli-le. Şu jaý meselesi maňa juda garaňky görünýär.Oňa näçe harajat, näçe gurluşyk enjamy gerek...
Goja öjükdi.
-- Koýuň-eýt! Mana kerpiç, mana torpak, mana suw, mana, som!Somuň bolsa nime Isleseň tapyp bolady. Bunda olmasa Aşkebatda zyýat.
-- Bäş müň manat az bolmazmy?
-- Zyýat bolaýdy. Bolmasa ýene bereman.
Bu gürrüňler  Gün batar ara şu sekiniň üstünde bolupdy. Mergen gijäni çirim etmän,Rejep aganyň sözlerini gaýtalap, ölçerip- döküp geçirdi. Şonda ol her näçe tarhandökerlik edilse-de, bäş müň manada iki gat jaý gurup boljagyna hiç akyl ýetirip bilmedi.Häzir  bişen kerpijiň bir maşyny altmyş manatdy.Özünem, puluny berseň, edil işigiňe getirip düşürýärdiler. Bir kub tagtaň, on iki manat. Bar, sen elli kub tagata alaý. Alty ýüz manat boljak.
Ol Gyzylarbada baranda bir halta sementiň ýedi manatdygyny bildi.Bir jaýa ýeter ýaly penjire, gapy, şifer, çüý, aý, garaz, ýene-ýenesi, barysy barysy müň manada ýetjek däl. Mergeniň bäş-alty müň patyşalyk kerpiji çukurda ýatyr.
Pulam, häzir-ä bäş müň manady elinde bar. Her aýda iki ýüz manat aýlyk alsa, olam bir ýylda iki müň manat boljak. Rejep aga ýylda iki sany öküzçe satyn  berseň, olary semredip, satyp, ýene bir müň manat gazansaň, elli towguň ýumurtgasam
 Ýylda bäş ýüz berse, ine, saňa  üç müň bäş ýüz manat! Onsoň, nesip bolsa, men Rejep agany iki ýylda-da  üzüp bilerin...Men gorkmaly däl. Hökman ýaşulynyň diýeni bilen bolmaly!Jaýyň gurluşygyna, nesip bolsa, şu gün bolsa-da başladybermeli!Dynç günem malyň, towuklaryň, ot-iýmiň ugruna çykmaly.
  Mergen ham-hyýallardan gursagyny dolduryp, çukura girdi. Rejep aganyň tabşyrygy bilen çeken goşa çilleriniň aralygyndan her bäş ädimden dyz boýy çukur gazyp başlady. Ol Gün dogýança kyrk çukur gazdy. Şol çukurlara  dersden, çukurdan  çykarlan gap-gara gumdan bir bedre, bir bedre  getirip guýdy.Soň ýabyň raşýyşynda telim-telim ýyl bäri küpürsäp ýatan—raýyş topragyndan her çukuryň gapdalyna bir bedre, bir bedre getirip dökdi.Şondan soň çukurdan çykyp,  ýuwundy, sakalyny syrdy.
Rejep aga bu wagta, eýýäm  turup,  sekiniň üstüne saçak ýazyp, çaý içip otyrdy.
-- Ata, salowmaleýkim!
Goja Mergeniň salamyna ýylgyrdy.
-- Bala, ne iş kyldyňyz?
-- Agaç ekmek üçin   çukur gazdym-laý.Şolara ders  guýuşdyrdym. Goja baş atyp makullady-da, käsesiz eli bilen oturara ýer görkezdi.
-- Keýin, siz pelleri  depgilemäňler.Olara ekilendir.
Ol boş käseleriň birine çaý guýdy.—Mana, çaý iç, owkat iýiň.
Mergen onuň ýanyna geçip oturdy.
--Ata, sygyry haçan satyn alarys?
Ýaşuly saçagy Mergeniň öňüne süýşürdi.
-- Höjekni, gaçarny  şu kün gidip, alyp gelemen. Towukny azanda  alamyz..

Bu sözden soň beýle pikirleriň gojada düýn döremändigine düşündi.Ol megerem bu pikiriň ýerini, ýatagyny ýagşy jaýlandan soň, Mergene ýetiren bolmaly.
-- Ata, menlik näme iş bar?
Goja omyn etdi.
-- Sen, bala, mektebe kit!Ager, razy olsalar, keýin, maniň aýlykymy al. Ager, bermeseler, ozüm kidip alaman.

**3**

Mergen bu gün mekdebe irräk bardy. Ol bu gün üç klasa-da aýdymlar temasyny öwretmegi dowam etmelidi. Ýöne, nämüçindir, bu temalar hem, olaryň okadylyş usulam onuň göwnünden turup baranokdy.

Onuň bar yhlasy, hyjuwy okuwçylaryň haty dürs, owadan, ýalňyşsyz ýazmagyna gönügipdi. Ol indi on gün bäri , dynman, her gün okuwçylary bu okuwa çekýärdi.Nämüçindir onuň talaplaryny, okuwçylara berýän sapagynyň agramly bölegini okuwçylar çekip bilenokdy. Ata- eneleriň köpüsi öz çagalaryny ertirine, şenbe, ýegşenbe günlerinde mekdebe iberip hem durmaýardy.Muny Ejeş mugallymyň özem Mergene eýýäm iki sapar duýdurdy.

Okuwçylary mekdebe sapakdan daşary çagyrmak bolanok.Olaryň okuw mahaly alan bilimlerem aňryýany bilen ýeterlik bolar.Sen olary birinji sentýabrdan professor edäýjek bolma. Barybir, olardan professor çykasy ýok. Ýöne özüňi ýigrenji edeniň galar...—diýip, ol düýnem Mergene igendi.
--Mergen oňa:
-- Mugallym, olaryň köpüsi harp tananok.Onda men olar bilen nähili işleşmeli.Gaýrat edip, maňa şolar bilen goşmaça işlemäge rugsat beriň.Soň men olara azar bermäýin.
-- Näme bolupdyr, harp tanaman, hana, meniň gyzymam bäşinji klas, hatyny bir gör, onuň hatyny görüp, öz hatymdan özüm utanýan.
Mergen gyňyr gepledi.
Ol ölçeg däl. Eger razy bolmasaňyz, birinj-ä „Mugallymlar gazýetine” ýazaryn, soňam bilim bölümine ýazyp, komissiýa düzdürip, barladaryn.
Bu söze Ejeş mugallym ör- gökden geldi.

-- Goýaweri, Ataýew jan,näme etseň, şeýt-de, mekdebiň abraýyny bir garalama.
Mergen şondan soň birneme ynjaldy.
-- Meniň azaplaryma soň düşünersiňiz.
Ol her gün öz klasyna baryp, okuwçylara garaşýardy. Okuwçylar jemlenensoňam, olary ýerli-ýerinde oturdyp, gysgajyk diktant ýazdyrýardy.Indi okuwçylaryň eli düzelip barýardy.
Mergen ilki bilen hatyň owadanlygyna seredýärdi.Soňam dürs ýazuwynabaha goýýýardy.Ol bäş-dört, dört-dört alana juda gynanýardy.
-- Beýtm-e, dogan, meni beýle gynandyrmasana. Azajyk üns beräý, hatyňa. Heý beýle-de bir geleňsizlik bolarmy bala!—diýip, şirin janyny çykaryp zeýrenýärdi.
Düýn bolsa, bäş-bäş alyp ýören gyzjagazyň diktantyny aýasyna alyp, mynjyratdy-da, aglady.Soň agy gatyşykly:
-- Oňarýaňyz!Goý, betbagt boluň!Tutuş ýurdy üstüňizden güldüriň. „Sowatsyz, betbagt halk” diýdiriň.Oňarýaň, Akjagül, oňarýaňAta jan, oňarýaň, Çary!..
Ol soňra horkuldap, ýangynly aglady.Soň bolsa:
-- Baryň, baryň, gidiberiň, maňa beýle işem gerek däl, beýle okuwçam gerek däl.
Soň ol tigirine-de münmän, idip, öýüne gaýtdy.Emma mugallymlary gaýdansoňam, tä gün batýança okuwçylar kladan çykman diktantlaryna güýmenip oturdylar. Hiç kimden ses çykmady.
Gapy kakyldy.

-- Giriň!
Içeri Atabaý girdi. Ol salam berdi. Mergen onuň salamyny ýüzüni sallabrak aldy.
-- Hany, beýlekiler?
Atabaý burnuny çekdi.
-- Mugallym, siz bizi bagyşlaň.
-- Näm üçin?!
-- Binamyslygymyz üçin! Indikile beýle zat bolmaz.—Ol bir petde depder listini mugallymyň stolunyň üstüne goýdy.—Düýn sizden soň biz diktant ýazdyk. Şolary barlap beriň!...
Mergen listleri garbap aldy. Ol „Görogly” eposynyň „Arapreýhan” şahasy boýýunça ýazylan diktantlary gördi.
-- Maňa hetjiklenip, biri-biriňizden göçürilip, biri-biriňize aýdylyp,düzedilip ýazylan diktant gerek däl.
Okuwçy dogumly gürledi.
-- Şyblanjan kessin, mugallym, Akjagül gaty berk durup ýazdyrdy.Ol-ow, tas biziň janymyzy alaypdy. Häzir hemmämiz bagyň kölegesinde otyrys.Eger, „ çagyr diýseňiz” çagyraýyn. Bolmasa-da oturarys.
Mergene diktantlaryň ählisini okap baha goýmak üçin ýarym sagat gerek boldy.)Ol özüne seredip, burçda doňup galan Atabaýa „bolupdyr” diýen manyda başyny atdy.
Atabaý duran ýerinden „Ur-ra!” diýip bir bökdi-de, ala goň edip ylgap gitdi.
Mergen açyldy.
Bir salymdan okuwçylar geldi. Olar topar boluşyp, salam berdiler. Mergen olaryň bir gijede kämil ýigit çykaýan ýaly agras ýüzlerine garap, baş atdy.

-- Oturyň! Okuwçylar, beýik şahsyýet bolmak üçin, öz halkyňa mert, akyldar, lebzihalal serdar bolmak üçin owadan hatyň bolmaly.Bu bir.Ikinjiden näme gerek?!
-- Daýaw, haýbatly bolmaly...
-- Mugallym, köp dil bilýän owadan adam bolmaly.
-- Dogry, ýene näme?
Hiç kimden ses çykmady.
-- Onuň üçin owadan, manyly sözläp öz pikiriňi halkyňa düşündirip bilmeli!Diňläň! Birinjiden, owadan, ikinjiden, manyly! Owadan bolup, manyly bolmasa, manyly bolup, düşnükli, owadan bolmasa, ondan söz bolmaz. Sözüň içi atalar sözünden , nakyldan doly bolmaly. Ýöne, aralar sözünem, nakylam ýerinde ulanmaly.Ata-babalarymyz „Aklyň bolsa akla daýan, aklyň bolmasa nakla daýan” diýendirler.Türkmen üçin iň beýik akyldar kim?
--Lenin!
-- Ýog-ow, Stalin.
-- Magtymguly!
--Dogry.—diýip, Mugallym tagtanyň ýokary başyna:”Magtymguly Pyragy”diýip ýazdy-da, sözüň ahyryna iki nokat goýdy.
-- Men häzir türkmeniň beýik akyldar ogly Magtymguly Pyragynyň bir bent goşgusyny ýazýan, ol tagta:

Ýaz geler, wagt-da gider, gaflatdan çykmyş gözlerim,
Açaýyn diýsem açylmaz, ne agyr uýkulydyr.
Bilmeýen soranlara aýdyň bu garyp adymyz,
Asly gerkez, ýurdy Etrek, ady Magtymgulydyr.

Ol ýazyp bolandan soň okuwçylara ýüzlendi.
-- Okadyňyzmy, näme düşnüksiz!
Klasdan ses çykmady.
-- Onda men okaýan, siz diňläň!
Mergen Magtymguly Pyragynyň bu goşgusyny bendiniň basymyny, äheňini, many, söz, sözlem basymyny ýerli- ýerinde goýup, ähli pikirini mana berip ulybuýsançly, belent mertebe bilen üç sapar däne-däne edip okap çykdy.—Bir ýagdaýy ýadyňyzda saklaň. Bu bent beýik akyldar şahyryň özüni türkmen halkynyň ogludygyny beýan edýän ýeke-täk bendidir. Bu goşgynyň bahasyz gymmaty bardyr. Ondan başga-da beýik akyldar şahyryň filosofik dünýäsiniň ýeke-täk altyn açarydyr. Şonuň üçin bu goşgyny okanyňda, birinjiden, näme üçin „gaflata çykmyş”, näme üçin gözleri ukuly”, näme üçin olar açylanok, ol näme üçin aslynyň Gerkez, ýurdunuň Etrek, adynyň Magtymgulydygynyň syryny açaýjak, açaýjak bolup okamaly. Ol bu bendi ýene bir gezek okady.
--Düşnüklimi?
-- Düşnükli, mugallym!
--Hany, onda öňkülerimiz ýaly, sagdan her kim bir sapar okasyn.
Okuwçylar gezek-gezegine okap, ýerlerine geçip oturdylar.

Mergen oturmady.
-- Geliň, tutuş klas bolubam bir gaýtalalyň.
Okuwçylar mugallymlaryna goşulyşyp, goşgynyň bendini jem bolubam okadylar.Mugallym olary saklady.
-- Okuwçylar, bu bent bolsun, başga islendik goşgy bolaýsyn, ony ýadyňyzda saklamak üçin, birinjiden, ýat tutjak bolýan goşgyňyzy on sapar sesli okaýaňyz, Hany on sapar okalyň!
Okuwçylar üzlem-saplamragam bolsa, bendi on sapar okadylar.
-- Boldy. Indi gözüňizi ýumup, içiňizden on sapar gaýtalaň.Hany, başladyk,bir..
Mugallymyň özem içinden howluklan on sapar gaýtalady.
-- Boldy.Indi tagta ýazylan bendi diňe gözüňiz bolen on sapar okaň!
-- Boldy, indi depderiňizi çykaryň. Şu bendi diktant edip ýazalyň.Kim juda owadan, ýalňyşsyz edip ýazsa..
-- Bäşlik!
-- Dogry, bäşlik!
Mugallym sözme-söz okady. Kese çyzygyny, oturyny, nokadyny aýtmady.
-- Sözlemiň ahyryny , säginmäni oýlanyň. Özbaşdak oýlanyň, pikiriňizi jemläň!
Okuwçylar ýazyp boldy.
--Sag boluň, gaýdyberiň, beýleki klasdan gelenler giribersinler...

Mergen sagat on ikä çenli üç klas bilenem labyzly okaýyş, dürs ýazuw işlerini geçirdi. Ol okuwçylaryň ýazan diktantlaryny barlap, gözlerine begenç ýaşyny aýlanyny duýman galdy. Okuwçylaryň haty görülip-eşidilmedik derejede owadan, ýalňyşsyz, arassady.
Ol hakyky okuwyny metodikanyň düzgünini gylyny gyşartman geçdi. Ol edil halypa mugallym Myrat Nobatowyň öwredişi ýaly, sapagy guramaga üç minut, öýe berlen ýumşy barlamaga on on iki minut,täze temany geçmäge on bäş minut, täze temany berkitmäge on, öýe ýumuş bermäge üç, bahalandyrmaga iki minut berdi.
Ol Myrat aganyň „Sapagyň özeni täze temany geçmekdir. Sapagyň ähli güýji şoňa gönükdirilmelidir” diýen sözüni her günde telim gaýta ýatlaýardy. Ol sapagyň ähli materialyny ýatdan bilýärdi.
Myrat aga:”Döwlet bir temany okuwçylara öwretmek üçin otuz bäş minut wagt berýär, täze temany geçmek üçin on bäş minut, sapagy berkitmek üçin on minut, öýe berlen ýumşy ýatlamak üçin on minut, ine, jemi bolar otuz bäş minut” diýerdi.
Mergen okuwçylaryň özbaşdak pikirlenmegine aýratyn üns berýärdi. Ol okuwçy owadan, ýalňyşsyz ýazyp bilse, manyly, labyzly, parasatly sözläp bilse, soňam özbaşdak pikirlenip, islendik meseleden netije çykaryp, şony durmuşa geçirip bilse, okuwçy gowy adam bolar” diýip oýlanýardy.Şonuň üçin ol her klasda sapak geçende, bu tema boýunça „Aýdymlar näme üçin ynsany agladýar?”diýen ýaly sowaly öýe ýumuş tabşyrdy.Ýöne üçünji sapagyň ahyrragynda mekdebe, bäşinji klasa täzelikde gelip goşulan Marlen atly oglanjyk bilen oturýan Ata syçyrap ýerinden turdy.
-- Mugallym, Ataýewe „gowy bol „ diýseňizläň. Ol maňa sapagy diňledenogam, ýazdyranogam.

Mugallym oňa „bolýar, sen oturyber” diýen yşarat etdi.
Marlen, hany, sen tagta çyk.
Marlen mugallymyň ýüzüne jikgerip seretdi.
-- Çykjak däl.
Mugallym ýylgyrdy.
-- Gel. Gel, gorkma. Sen bize aýdymlaryň görnüşlerini sanap ber.
Marlen gözlerini gorkuly alardy-da, titräp durşuna:
--Özüň sanaber. Näme bu ýerde seniň „şestýorkaň barmy?- diýdi.
Mergen geň galdy.
-- Sen mugallym bilen nähili gürleşýäň?
Oglanjyk mugallyma herreldi.
-- Senden mugallym bolarmy? Sen heleýleň kärini saýlap alyp, samsyk-samsyk zatlary aýdyp otyrsyň.
Mergeniň gahary geldi.Ol:
-- Hany, bes et. Çyk tagta!—diýip zarply gepledi-de, oglanjyga bakan ýöneldi.
Marlen partany şakyrdadyp, Atanyň egnine basyp, mugallym deňine ýetmänkä, partadan parta basyp, açyk penjiräniň tagtasyna çykdy.
-- Eý, heleý. Men seniň doganyňy... Seni edişime seret.—diýdi-de daşary bökdi.
Mergen penjireden , onuň yzyndan seretdi.Emma ol okuwçyny görüp bilmedi. Ol özüni dürsäp, sapagy dowam etdirdi. On-on bäş minutdan jaň kakyldy.

Mergen okuwçylara ýazan diktantlaryny paýlap berdi. Öýe iş tabşyrdy.
-- Berekella, okuwçylar , nesip bolsa, geljekde il-günüň mynasyp ogullary bolarsyňyz. Ýöne badyňyzy gowşatmaň. Ertir irden ýene gelersiňiz. Her gün bir sagat taýýarlanalyň. Sag boluň!Hemmäňize bäşlik goýýan.
Okuwçylar gidenden soňam mergen gaýtmady. Ol ertirki edilmeli gürrüňe taýýarlandy.
„Gel, men ertir Mämetweli Keminäniň „Garyp” diýen goşgusynyň bir bendini labyzly okamagy öwredeýin”.
Ol „Garyp” goşgusynyň bir bendini ýatlady.

Baýlar-a bähbidin arar, pukara hupbul watan,
Diýr oňa her kim, iki gämini tutan,
Göze görnen gyzy bolsa, hantamadyr öň ýeten,
Il göçer, galar ýurtda, diri çüýrändir Garyp.

Ol bu bendi telim sapar gaýtalady. Şol wagt işik kakyldy.
-- Geliberiň!—Gapy açyldy. Illi Amanowyň ýadaw ýüzi göründi.
-- Ataýew, sen häzir müdiriň ýanyna bar.—Ol it ýylgyryşyny etdi—Balagyňa goýberipsiň öýdýän.
-- Näme diýjek bolýaňyz?
-- Barsaň bilersiň.—Ol ýüzüni turşartdy-da gapyny daşyndan ýapdy.
Mergen çykyp, klasynyň gapysyny gulplady. Onuň gözi ýere ýazylyp ýatan täzeje tigrine düşdi. Baryp ony galdyrdy. Ol tigiriň iki tigiriniň pokryşkasynyňam,

kameriniň hem ýiti pyçak bilen kesilendigini gördi. Ol tigiriň daşyna üýşüp duran ogkuwçylara:
-- Ony kim beýle etdi?—diýip sorady.
Ol sorap-soramanka:
--Mugallym, hol Nebitdagdan gelen oglan bar-a, şol etdi.
-- Mugallym, sen bileňok, ol klasyň aýnasynam daşlap dur-a.
Mergenşaňňyrdap penjire aýnalarynyň döwülýänini eşitse-de, işigi ýapyp durşuna klasyň aýnalary döwülýändirem öýtmändi. Oňa kän bir ünsem bermändi. Onuň bar pikiri özüni gyssagly çagyrýan müdiriň ýanyna gidipdi.
Ol klasyň işigini täzeden açdy. Hakykatdanam klasyň penjiresiniň iki gözüniň aýnasy döwülip, stoluň üsti, pol durşuna aýna döwügi bolup ýatyrdy.
Mergen işigi täzeden ýapyp, müdiriň kabinetine bakan gitdi.
Müdir ony ýüzüni-gözüni sallap, torsarylyp garşy aldy. Onuň ýanynda oturan garry aýal maňlaýyny durşuna damar-damar gasyna öwrüp. Ýüzüni eňşidip tatyr-tatyr edip gepleýärdi.
--Salam mugallym, çagyrdyňyzmy?
Ejeş mugallym owadan, iň soňky modaly gyňaç dakynan başyny gaýşartdy. Şonda Mergen müdir gelniň boýnunyň durşyna altyn zynjyr bolandygyny gördi. Onuň ýakasyndaky altyn gülýakasam, edil käsäniň agzy ýaly bolup lowurdap durdy.
--Ataýew, sen täze gelen okuwça näme etdiň?!
Mergen näme diýjeginem bilmän, ellerini owkalady.

-- Meniň çagamy urar ýaly, näme, seniň eliňde galan ýetimçe barmy?!
Garry aýal ýüzüniň damarlaryny ýaýyň kirşi ýaly dartyp, gazap bilen silkinip ýerinden turdy.
-- Sen meniň çagamy urar ýaly, kim bolupsyň!
Ol aýal Mergene topuldy-da, kesewi ýaly gap-gara, hor elleriniň ujuna düwülen daş ýaly ýumrugy bilem Mergeniň ýüzüne birki gaýta çawlady. Herne, Mergeniň uzyn boýy ony halas etdi. Garrynyň ýumruklary mugallymyň ýüzüne degmese-de,onuň kükregine degdi.
-- Toty daýza, Toty daýza, dur, özüm gürleşeýin.—Müdir gelin ara goşuldy. Ýöne ol aýal daljygyp, titrekläp ýene-de topuldy.
--Men, men, seniň meýdiňi ýakary-yn, meýitjagazyňy-y.
-- Aýryl-aýt!—Mergen ol aýalyň gap-gara , hor elini itip goýberdi. Garry aýalyň gahary, gan basyşy ýetjek ýerine ýetipdi, Ol titrekläp, agzynda akköpük syçyradyp, agza alynmaz ýaly sözler bilen düwläp başlady.
-- Meýit, meýdi kesilen haram köle. Senmi meniň balamy urjak. Men seniň meýdiňi ýakaryn, meýdi çüýremiş...Ol ýene elini salgady.—Şeýdip, şeýdip bir uraýyn, süýjümi, süýjümi!
Mergen oturgyja geçip oturdy-da küpürsäp gargap duran garra seretdi.
-- Bolduňyzmy?!
Toty daýza ýene möwjäp başlady. Ol göm-gök dodaklarynyň gapdalyndan çogup duran ak köpükleri seçeläp:

-- Sen unwirsit gutaran bolsaň, men Leýliniň on tomuny okadym. Sen çagamy urup, sendenem bir mugallym bolarmy, gara ýer çeken. Entek seni edişime seret. Raýkoma arz edip, meýdiňi ýakaryn.
Müdir işikde hümmer bolup duram mugallymlara elini salgady.
-- Siziňki näme, baryň, klasyňyza baryň. Dessegül, ýap gapyny.—Ol öz ýerine geçip oturdy. Şol wagt ýaňyýapylan işik açylyp, içeri başy sur gulakçynly, ýüzüni mama dişän gap-gara pyýada içeri girdi. Onuň gujagynda içi doly kagyz halta bardy. Ol garry aýaly, ýaş müdiri görüp ýylgyrdy.
-- Ýegen!—diýdi. Me, muny ýygna.
Müdir gelin ýerinden turdy.
-- Goýaýyň!Goýaýyň.
Ýaşuly tördäki oturgyja geçdide –de,oturanlaryň ýüzüne soragly seredip:
-- Näm bol-d-aý?—diýdi.
Toty daýza kirli ýaşmagyny agzyna çekdi.
Häli, çen giden badyňa Marlen jan aglap barsa näme. Eli, ýüzi gara gan.
--Waý, balajygym, näme kyýamat gopdy başyňa diýsem:" Babuşka, mugallym urdy' diýdi, çagajygym. Üst- başyndaky gany görüp, gutum gurady. Saňa nädip tilpun edenimem bilmändirin-de.—Garry hamsykdy. Men gaty gorkdum, Anna. Heý, çagany beýle urma bolarmy ahyry?! Zarplama bar, käýýeme bar ahyryn. Eli şel açan, hudaýym, eliň şeller açsyn-da.
Ýaşuly gözlerini alardyp, azgyrylyp gepledi.
-- Hany Marlen?
Garry şol agyly sesi bilen:

-- Nirede bolsun, balam. Ganyny sarkdyryp, aglap ýörendir. Onuň aýagam agsaýar.
Müdir gözlerini ýaşulynyň getiren kagyz haltasyndan aýryp bilmän gepledi.
-- Daýy, men Marleni uran mugallymyň meýdini ýakaryn. – Ýaşuly haýbat bilen ýerinden turdy-da, ýygnanyp, ýene oturgyja özüni goýberdi-de mugallyma seretdi.
-- Ýer-ow, bally, näme hekaýat gopdy, hany, senem özüňi akla, göreli.
Mergen ýerinden turdy.
-- Beýle birbolan zad-a ýok.
-- Haw-wa!Ýeri bakaly.
-- Hawwasy şol!—Mergen ýagdaýy bolşy bolşy ýaly gürrüň berdi.
-- Bar bolany şolmy?
-- Bar bolany şol, ýöne oglanjyk penjireden aşak bökende, bijaýrak düşdi öýdýän. Eli gan bolsa, şonda bolandyr.
Ýaşulynyň sesi ýumşak çykdy.—Şuny klasdaky okuwçylaram tassyklarmy?!
-- Elbetde, başga bolan zat bolmasa näme. Olar gören zatlaryny aýdarlar-a.
-- Sen topulaňogam, uraňogam...
Mergen geň galdy.
--Aýdýanyňyz näme? Men okuwça edep bermäge geldim-ä. Men näme üçin uraýyn, näme üçin topulaýyn. Ýöne bir okuwçy sapak geçmäge päsgel berse, „ýuwaş boluň „ diýip tertibe çagyrmak mugallymyň borjy. Men ýuwaş boluňam diýemog-a. „Hany, Marlen, tagta çyk" diýdim.
Garry aýaal öjügip başlady.

-- Meniň çagam  urulmasa,   „urdu” diýip, ýalan sözlemez. Sen—Ol  Mergene elini uzatdy—Etjegiňi edip, akja jüýje bolmarsyň.
Ýaşuly azmly gepledi.
-- Bally, maňa Anna kel diýýändirler. Men henize çenli adam ogluna hakymy gideren adam däldirin. Kim adalatsyz bolsa, men oňa adalaty görkezip ýören adam. Senem adalat isleýän bolsaň, men ony saňa tapyp bererin. Ýöne meniň çagamy urma. Ine, meniň işimiň, öýümiň telefony. Çagam biýedeplik etdimi, tilpun ur. Men çäre görmesem, gözüm aksyn.
--Sag boluň agam, agtygyňyz meniň welosipedimiň iki tekeriniň kamerinem, pokryşkasynam kesipdir. Tigirlerini sekizlik edip depgiläpdir. Klasyň aýnalaryny daşlap döwüpdir. Şolary tölemeli , ýa-da bejermeli bolarsyňyz.
-- Başga näme?!
-- Bolany...
Ýaşuly koridora bakan ýöräp başlady.
Hany, tigiriňem,  aýnalaryňam göreli!
Mergen ýaşulyny  müdiri, garry aýaly yzyna tirkäp klasyna alyp bardy.
Onuň tigiri ýerde bulaşyp, göz gyny bolup ýatyrdy. Onuň tigirleri eplem-eplemdi. Beýleki demirlerem ýemşik-ýemşikdi.
Şu tigir seniňkimi?
Mergeniň gözleri patlara geldi.
-- Meniňki.Ýöne muny nädäýipdir ahyry...
Bilemok. Munam Marlen edipmi?
-- Bilmedim.—Mergen klasynyň işigini açdy. Penjireler okatutulan ýalydy. Klasyň içi durşuna aýna döwügi bolup ýatyrdy.
-- Gül ýaly klasym.—Mergeniň sesi basyk çykdy.
Anna aganyň ýüzi üýtgedi.
Toba, toba, bu nne bela, bu ne bela.—Mergen ýüzüni sallady.
-- Ine, siziň agtygyňyzyň göreldesi!
Garry aýal sesini endireden bolup şerraýlap başlady.
Meniň balam beýtmez. Öz pohuňyzy meniň neresse çagama çyrşajak bolmaň..
-- Gapyl-aýt—diýip, ýaşyly aýalyna azgyryldy. – Näme ganjyk ýaly çyňsaýaň/ Öňem, balam, balm diýen bolup, sen şony sandan çykaran. Hany, indi berjogabyňy. Heý, haýwan bolmasa   on-on iki ýaşly çaga-da bir beýle iş edermi?! Haýwan seniň balajygyň, haýwanyňam wagşysy. Men  Nebitdagyň telim mekdebinden kowdular, Ol şeýle, ol beýle diýseler hiç ynanmandym. Aýdylanyndanam beter eken ol...
Ol  göz gülban bolup  ýatan tigri galdyrdy-da,  ýere taşlap goýberdi.
-- Sen arkaýyn bol, bally. Darykma..—diýip, yzyna garaman çykyp gitdi.
Mergen klas boşan badyna  ýerde ýatan aýna böleklerini,  ýary ýanan kagyz galyndylaryny, gazýet ýyrtylkaryny ýygnap başlady.Soň tam süpürýänlerden bedre, sübse alaýyn diýip, mugallymlar otagyna bakan gitdi.
Ejeş  mugallyym eýýäm  tam süpüriji aýallaryň ikisini öňüne salyp gelýärdi. Ol Mergeni görüp, oz jaýyna sowuldy.
-- Gel, Ataýew, otur.
Mergeniň keýpi ýokdy. Onda-da ol sesini çykarmady.

--Men milisiýänem bir çagyraýyn diýdim. Ýöne okuwyň başynda tutuş etraba dowul salmaýyn diýdim. Ol okuwçy Anna keliň agtygy. Onuň uly ogly Nebitdagda bir zat öz-ä. Aý, garaz, aýalam dälihananyň bir zady öz-ä.Olaryň ýeke çagalaryny terbiýelemäge elleri ýetmeýämiş.Onsoň, ol taýda bu çagany 0o mekdepden, o mekdebe geçirip, gezipdirler. Ahyr soňy ol okuwçydan tutuş Nebitdag bizar bolupdyr. Milisiýa gözläp başlapdyr. Şonuň üçin bu çagany miliseden alyp gaçyp, bize getirdiler. Ol okuwçy bir jenaýat-a edipdir. Özem ýazybam bilenok, okabam. Tertibinem özüň gördüň. Indi men näme etmeli?! „Aljak däl” diýseň, ýüz-de göz. Uly abraýly adamlar haýyş edip gelip dur. Alsaňam, bolýany şu-de!

Mergen başyny galdyrdy.

Onda ata-enesi 0kuwçynyň işine gatyşmasyn. Gördüňiz-ä, ol garry aýalyň bolup durşuny.Men şol okuwçy bile işleşjek bolaýyn.

Müdir başyny ýaýkady.

-- Ýok, öok, sen gatyşma. Eýýäm ol okuwçynyň boljagy bell Ol sag eliniň orta, süýem barmaklryny çep eliniň orta süýem barmaklarynyň üstüne goýup, Mergene görkezdi. Azajyk gaýrat ediň. Mesele basym çözüler. Barybir ondan adam bolmaz.

Mergen müdir bilen hoşlaşyp, klasyna bardy.Klasy süpürip, ýuwjak bolup durdylar.

-- Men onde gaýtdym.Açary mugallymlar otagyndaky açar asylýandan asaýyň.Ol pyýadalap oba tarap gitdi.

**4.**

Raýon komsomol guramasynyň birinji sekretary Maýa Meredowa Mergene iki gün garaşdy.Emma Mergen gelmedi. Ol Tuwak Beghanownany ýanyna çagyrdy.

-- Tuwak, ol seniň Mergen diýýäniň sag adammmy özi.

-- Bilmedim.

Ol nähili oglan, çagyrsagam gelenog-a, özem komsomol agzasy.

--Eli degmeýän bolaýmasa.

Maýa Meredowna owadanja bejerilen başyny ulumsylyk bilen ýaýkady.

-- Eli degmän näme, respublikan gazýetlerde her gün makalas-a çykyp dur. Şoň-a eli degýär.

Tuwak ýaýplanyp:

-- Men ony kän tanamog-a. Meniň doganym, gelnimiz bilen bile okapdyr, uniwersiteti.Şolar-a erbet adam diýenoklar. Ýöne gaty garyp bolmaly. Ýetim-dä.

-- Ýetimçe diýsen-e! Makalalar-a gaty güýçli. – Ol Oguljany çagyrtdy.

Oguljan mähetdel etmän geldi.

-- Gel, geç, Oguljan, nädýäň, öwrenişýäňmi?—Oguljan ýadaw, az-kem solgun ýüzüni ýyljyralatdy.

-- Hawa.

-- Sen Mergen Ataýew diýileni bilen bile okadyňmy?

Oguljan ilki pikirli hüžžerilse-de, soň aňyna ýeten ýaly:

-- Bile-de okadyk, men ony gaty gowy tanaýan—diýdi.

Maýa Meredowa ýylgyrdy-da Tuwagyň ýüzüne köp manyly seretdi.

-- Sen şol gowy tanaýan oglanyň nähilidigini bize aýtsan-a.

Oguljan ilkiMaýa Meredowanyň, soňam Tuwagyň ýüzüne bu sözünden nähili many çykarýandyklaryny biljek bolýan ýaly, aljyraňňy garady.

-- Mergen biçak  edepli oglandyr.
Tuwak  pursatdan peýdalandy-da,  Maýa duýdurman  gözün-gaşyny çekişdiren bolup, „ hiç zat aýtma”diýip yşarat etdi. Oguljan oňa bada-bat düşündi.
-- Nämesi edepli?  Aý, näme, olam edil häzirki ýaşlar ýaly-da. Uniwersitet-ä zordan üçlük bilen gtardy. Ilden artyk ýerini görmedik. Ýöne salam-heliklidi.  Adamlardan çekinýän ýaly bolar ýörerdi. Onuň edepliligi şol-da.
Maýa Meredowa göwnüýetmezçilik bilen ýylgyrdy.
-- Ol şonuň üçindir-dä, uniwersitet ýaly ýerde okabam, özüne mynasyp  gelinlik tapyp bilmändir.
--Ol-a şeýle-le.
--Onda sen aýt, ol näme üçin şunça çagyrsagam gelenok.
-- Bilmedim.
Oguljanyň Mergen baradaky bu   ýarym-ýaşryk häsiýetnamasy  ýaşlary ötüşip barýan bu iki gyzy has gyzyklandyrdy öýdýän. Olaryň hersi özüçe oýa batdy.
Oguljan ejesiniň Mergen baradaky aýdanlaryny ýatlady...
.. Bu wagt Mergen pyýadalap, oba ýetip barýardy. Ol agyr oýa batypdy. Köňli doly puşmandy. Onuň ýekeje arkaýyn ýeri, okuwçylarydy.Onuň okadýan üç klasynda – da indi harp tanamaýany, okap, ýazyp bilmeýäni ýokdy.  Sentýabryň ýaňy ýarysy geçipdi. Emma mundan on-onbäş gün öňem, her klasda bäş-alty okuwçy ýazyp, okap bilenokdy. Asyl, olar harp tananokdylar. Indi şol okuwçylary ýatlanda, Mergeniň ruhy begenýärdi. Onuň okuwçylarynyň ýazan hatlary ýaş mugallymyň ýüregini ynjaldýardy.
Mergen okuwçylaryň bütin ömründe ýazuw, dil, ýazuw kadalary boýunça kynçylyk çekäýjek meselelerini hem  häzirden çözmegi ýüreginde besleýärdi. Şonuň üçin şu geçen on-on bäş günde Mergen okuwçylar bilen goşmaça  sapak geçip, işleşmedik güni ýokdy. Tertip-düzgün  gijä galmazlyk, ir gelmek barada –ha gürrüňem ýokdy.
Ýöne  şu günki ýagdaý Mergeniň kalbyna ot guýlan ýaly etdi.
--Wah, meniň ony tanamaýşymy diýsen-e. Men seni entejik ýola getirerin, oglanjyk.
Ol tä öýe barýança geljekde Marlen bilen işleşmegiň pikirini edip gitdi.
-- Men oňa ilki bilen harp tanamagy öwretmeli! Şondan soň  haty owadan ýazmagy öwrederin. Soň onuň bilen adam ýaly gürleşip, öz dünýäme salaryn. Juda baş bermese,  öýe alyp gelerin. Öýüň işlerine kömek etdirerin. Bile iýip-içip, bile mekdebe gidip gelerin.
Ol tamlarynyň gapdalynda  duran GAZ-69 maşyny görüp, geň galdyda, ädimini ýygjamlatdy. Ol ýakyn baranda Rejep aganyň  işikdäki tapçanyň üstünde  üç-dört sany nätanyş erkek adam, bir owadan gyzmy, gelinmi  çaý içip, gürleşip oturanyny gördi. Oturanlar ýerlerinden turup, Mergen bilen görüşdiler.
--Oturyň!
Aýal maşgaladan beýlekiler oturdy. Ol gyz ýylgyrypjaklap seredip durşuna:
-- Çagyrdyk, gelmediň. Onsoň, özümiz  öýňüze geläýdik.
-- Tanamadym!—diýip,Mergen boýun aldy.
-- Men seniň başlygyň. Etrap komsomol  komitetiniň birinji sekretary MaýaMeredowa.
Mergen baş atdy.

-- Indi boldy!Menlik näme ýumuş?
Maýa Meredowa ýüzüni çynlakaý keşbe getirjek boldy, ýöne onuň kalbynyň pynhan gozgalaňy ýüzünden bildirip durdy.
Bize işe çagyrmaga geldim. Işe gelermisiňiz?
Mergen Maýa Merdowanyň üstaşyry mawy asmana, ondan aňyram goýy gök syrçaly daglara seretdi.
-- Näme iş bolmaly?!
-- Ikinjisekretar, meniň orunbasarym!
-- Sizde, näme, orunbasar ýokmy? Bolmal-a bir gyz.
Maýa Meredowa ýylgyrdy.
-- Ol bar. Ýöne ony partyýanyň raýkomyna işe aljak bolup durlar.
Mergen „dogry” diýen manyda baş atdy-da, indi bir hepde bäri taýýarlap ýören jogabyny daşyna çykardy.
Men , dogan, oba mugallym bolmaga geldim.
Maýa Meredowna dodagyny çöwürdi.
-- Il-ä „okuwçynyň gohundan, klasyň porsy ysyndan bizar” diýip mekdepden gaçýar.
Mergen başyny atdy.
-- Şol zatlar meniň janyma derman bolýar. Galanynam, görüň.
Komsomolyň birinji sekretary siltenjiredi.
--Galanyny sen gör, biziňkä gowy bolsun diýip aýtmak. „Sen bolmasaň, senem jan”.
Mergen baş atdy.
-- Onda sag boluň.
Myhman gyz tasanjyrap gitdi.
Mergen sekiniň gyrasynda, aýaklaryny ýere goýup oturanlaryň ýanyna bardy.Rejep aga ony saklady.
-- Bala, tohtaň.—OlMergeniň elinden tutup, ony çukuryň gyrasyna eltdi.—Mana saňa höjek!
--Eýýäm satyn aldyňmy?!
Mergen birinji, ikinji hüjredäki mallary görüp begendi.
-- Karaň, ýakşy öjek aldym, ýakşy öjek...
Mergen töweregine geň galyp seretdi.
-- Ata bu mallary çukura nädip saldyňyz?
Ýaşulu ýylgyrdy.
--Bala, men Erejep şaltaýam. Üp bilen maşynga tirkäp sallagyk. Bir maşyn saman-da satyn aldyk.
Mergen ýaşulynyň arkasyna minnetdarlyk bilen kakdy.
-- Sag bol, ata.
Rejep aga Mergeni sekiniň gyrasynda garaşyp oturanlaryň ýanyna alyp bardy.
-- Bul Kolka müjük. Jaý kuruşka keldi. Kepleş.
Mergen Kolka müjük, onuň ýanyndakylar bilen gaýtadan görüşdi.
-- Dom saljak?!
-- Hawa, özem iki gat!
--Ikki etaž?
-- Hawa.

Kolka müjük çypar sary, ýüzüne künji sepile,  ýaşy altmyşdan agan rus adamsydy. Ol türkmençe-de sözüni düşündirýärdi. Ýöne özi  bir söz aýtmankaň  diýjek bolýan pikiriňi aňyp bilýän adam bolara çemelidi.
Dom nirede kurjak?
Mergen günbatar gapdalyna garap, elini   derýa tarapdan daga baka syryp goýberdi.
-- Hana, şol sütünden  daga bakan gitmeli. Gapysy gündogara garamaly. Boýy On ýarym metr,  ini alty metr! Aralykda koridor bolmaly, koridoryň  günorta diwary wanna,   hajathana, duş bolmaly.
Kolka müjük ap-ak, edil seçme degen ýaly, menekden doly  sag elini jübüsine sokup, ondan   okuwçy depderi bilen jonnujak galam çykardy. Soň Mergeniň aýdanlaryny kagyza geçirdi.
Wot tak!
--Şeýle!
-- Boýy on ýarym, ini alty ýarym., şeýle.
-- Näçe kapy?
-- Alty gapy!
-- Akoşka näçe?
-- Dokuz penjire.
Birinji etaž tak. Kak ikinji etaž?
-- Ikinji etaž hem birinjä meňzeş bolmaly.
-- Pol, potolok, tualet, wanna., duş. Oçen horoşo!
-- Hemmesi bolmaly. Birinji gatda-da, ikinji gatda-da.
-- Indi podwal nähili?!
-- Podwal gerek,  jaýyň tutuş aşagy podwal bolmaly.
Kolka müjük galamynyň arka ýüzüni  dişleriniň arasyna salyp,  ýoldaşlarynyň ýüzçüne  seretdi.
-- Kymmat boljak!
-- Bolsun, näçe boljak?!
-- Biz  dört adam, hersine aýda  üuz manat!
-- Näçe wagta çekjek.
-- Alty aý. Şonda kurluşyk kutardy, açar aldy. Her adama müň manat. Günartan nahar berdi,  arak berdi, çaý berdi.
Rejep aga ara goşuldy.
-- Hasyp et, eý. müjük.Hasyp et! Şertnama baglaşyk. Ondaý-mundaý bolmaýdy.
-- Şertnama kerek! Rusça boljak.
-- Bolady...Ussalar hoşlaşyp gitdiler. Sekiniň üstünde  Rejep aga  bilen Mergen galdy.Mergen çaý demledi. Öýde bar zatlardan saçagyň üstüne getirişdirdi.
-- Ata, gel bileje çaý içeli.
Ýaşulyçaý- nahara meýil etmedi. Ol:
Ol kyz nege kelmişdi?
Mergen Maýa Meredowa barada gürrüň barýanyna düşündi.
Meni  raýkom komsomola işe çagyrýar.
-- Ne iş?
-- Ikinji sekretalyga.
Sen nime aýtdyň?

Mergen çeýnäp oturan lukmasyny ýuwutdy.
--Men mugallym boljak—diýdim.
-- Aý, meýli. Mekdep, balalar, okytmak ýaman iş imes. Oňa mähnet kän kereg, zähmet kereg.
Mergen gurluşykly meselä geçdi.
-- Ata, ussalar gymmat soranokdälmi?
Ýaşuly ör turdy.
-- Ýok, bala, kyýmat imas . Häzir kyýmatdyr, amma ertir nma bular bilmeý man?Kyýmat deýl.Meýli diý. Keýin,şertnama kereg. Kolka müjük ýakşy ussa. Emma, haýýat, döwür ýagşy ussa deýl.
Mergen öz ýanyndan „Almany göge zyň, ýere düşýänçä ýa pelek" diýip oýlandy.
Ýaşuly janykdy.
--Bala, sement, tahta, aliş kereg. Ussa tapylar, ýöne Kolka müjük tapylmaz. Ol ýakşy ussa.
-- Men ertir işden çykyp, Ugruna çykaýaryn.
-- Tigir hany? Tigirsiz geldiň?
Ýaşuly Mergeniň ýüzünden sowally nazaryny aýyrmady. Mergen bu gün mekdepde bolan wakany goja bialaç gürrüň bermeli boldy.
-- Anna kel, şagal! Wagşy şagal. Sen ondan daş bol. Koý, tigir dögülsin. Taşlap koý. Ondan kalan tigiri münme. Ýene ýakşysyny satyn al...
Mergen razylaşdy.
-- Ata, ýöri, mallary göreli...
Rejep aga begençli ýylgyrdy.
--Begeniş kereg, bala. Biz indi hakyky maşkala bolduk.
Mergen merduwan bilen çukura düşdi. Ol bu gün-erte guzlaýmaly sygyryň maňlaýyny sypalady. Soň endamy suwluja öküzçeleri synlady.
Rejep aga törki hüjreden tapylan at ahyryny öküzçeleriň aralygynda goýup, ony samanly tirt bilen doldurypdyr.
Mergen öküzçelere suw berdi. Soň sygyry suwa ýakdy. Mallaryň aşagyny arassalady. Olaryň aşagyndan çykan dersi bir gyra üýşürdi.
„Indi elli sany towugam alaýsag-a, mal ugrumyz bir ýüzli boljak"
Mergen çiliň üsti bilen aýlanyp ýörşüne, pellere nazar saldy. Onuň gözi kartoşka gulajyklarynyň galdyryp başlandygyny gördi. Sarymsagyň üstüne ýapylan topragam indi gaýmaklap galyp barýan ýaly.
Mergen ýylgyrjaklap baranda Rejep aga agyr oýa batyp otyrdy.Ol Mergeniň aýak sesine oýundan açyldy.
-- Ne hilli?
-- Ata, sygyram gül ýaly, oküzçelerem. Näçä satyn aldyň olary?
Ýaşuly aladaly ýylgyrdy.
-- Öjek tört ýüz otuz som. Iki gaçar beş ýüz som. Hemmesi, tokuz ýüz seksen som. Samanam, ýüz on beş som.
-- Nesip etsin. Indi towugam alaýsak.
Rejep aga baş atdy.
Azanda Hojakaladan towuk geljek. Elli towuk.Ýakşy towuk. Amanmämmet şopury tanaýmysen?

Mergen başyny atdy.
--Amanmämmet aga meniň daýym bolmaly. Gowy adamdyr.
Ýaşuly başyny galdyrdy.
-- Bala, men oňa ýüz  ýigrimi beş somy berdim. Amma towuk ýok. Şony kaýgyraman.
Mergen ýaşulyny rahatlandyrdy.
-- Ata, men ertir Gyzylarbada gitsem, nämeler  satyn almaly bolaryn. Birinji, elli halta sement!
Ýaşuly başyny ýaýkady.
-- Elli deýil, ýüz bolsun.Ýigrimi kub metr tagta bolsun. Galanyny soň alasan..
-- Men öz ýanym bilen müň manat alaýyn, ata, Işden çykyp, aňry gidiberer ýaly!
-- Ýok, bolmaýdy. Azanda ozüm mektebe baraman. Keýin, somy-da alyp baraman.
Şu geçen sähel günde Mergeniň on- onbäş makalasyny respublikan gazýetler çap etdi. Şeýle-de bolsa, ne işdeş ýoldaşlary, ne bilim bölüminden, ne beýlekiden bir adam oňa  pylan gazýetde makalaň  çykypdyr diýip aýdanokdy. Şonda Mergen bir zada göz ýetirdi.; adamlar gazýet okamaýardylar. Dogry,olar  bilim bölüminiňmi, raýkomyň my zoruna çydaman gazýet-žurnallara ýazylýardylar. Ol şonlugyna-da galýan bolmaly. Ýa olar  okan,gören zatlatyny edil, syr saklan ýaly saklamaga halys öwrenip galypdyrlar.
Mergen köpden bäri sapagy guramagyň meseleleri barada öýlanyp ýördi.
Tejribeli mugallymlar, ylaýtada  okuw işine ýaňy başlan ýaşlar  sapagy başdan guramaga berilýän iki-üç minut wagty peýdalanmakda  köp säwlik goýberýärdiler. Mugallymlaryň köpüsi klasa   mekdebe, okuwa,  geçilen, geçiljek tema degişli däl mesele bilen gelip girýärdiler. Soň  ep-esli wagtlap „kim bar, kim ýok” edip,  ähli ünsüni, ep-esli wagtyny žurnala dümtünip geçirýärdiler. Şondan soň tagta aýyň, günüň hasabyny ýazýardylar.Ondan soň täze temanyň adyny ýazýardylar. Şol döwürde  klasyň okuwçylarynyň gohy ýetjek  derejesine ýetýärdi. Mugallym bolsa klasyň gohuny ýatyrjak bolup, essinden çykyp, Soň geçmeli sapagynam üzlem-saplam geçmeli bolýardy.
Ine şu mesele barada  Mergeniň „Sapagy nädip guramaly?” diýen mesele barada bir düýpli makala ýazasy gelýärdi. Emma şu gün mekdepde bolan waka Mergeniň  oý-pikirini eýeledi. Ol bu barada  makala ýazaýmasa ynjalyp biljek däldi.
Ol eger şu günde, ertir ir bilen  bu makalalary ýazyp bilse, onda ertir Gyzylarbat şäherinden makalalalary redaksiýa  ugradyp biljekdi.
-- Bala!—diýip, Rejep aga onuň pikirini dargadyp goýberdi. Ýaşuly Mergen gurluşyk materiallaryna gitjek pul barada oýlanýandyr diýip pikir eden bolmaly.-- Sen kysganç bolmaňlar. Kança som kitse, koý, kitsin. Beş ýylda  hemmesini bajaramyz. Iş bitse bolgany!
Mergen gojanyň aladaly ýüzüne seretdi.
-- Ýok, ýok, ata, men gysylamok, ýöne maslahatlaşsaň, gowy-da. Görýäň-ä, pulam gazanaýmak aňsat däl-ä.Maňa sen kömek edýäň,sen bolmasaň, men näme ederdim?!
-- Ýok, kysylma, akrapka deňiç  gaçarlary satarmys. Inek öjek berer. Süýt satamyz,ýumurtga , kärtişke satamyz, Som mol olady. Kaýgy etmäňler-e-eý!
Mergen ýaşulynyň pikirine düşündi.
Ata, men  pul barada däl-de, gazýete makala ýazmak barada  pikir edýän.

Rejerp aga ýerinden galdy.
-- E-e-eý. Owkat bişiraman. Pyýaz kereg, kertişge kereg. Sen azanda Kyzylarbada kitseň, şolary alma kereg.
-- Bolar, ata.
Mergen saçagy ýygnap, soň duşa girdi. Ýuwunyp çykandan soň, öz tamyna geçip, ýere ýassyk taşlady. Kagyz, ruçkasyny aldy-da ak kagyzyň ýüzüne „ Sapagy nähili guramaly!" diýip uly-uly harplar bilen ýazdy. Soň aşak ýanyndan:" Ýaş mugallymyň tejribesinden" diýibem, aşagyny çyzdy.
Ol okuw başlaýan wagtlary özüniň düşen ýagdaýlary barada ýazdy. Elbetde, mekdebiň, mugallymyň adyny görkezmedi, ýöne goňşy mekdepde, „B"klasyň mugallymy diýip aldy.
Onuň iş öwrenmek üçin baran mekdebinde, tejribeli diýilýän mugallym okuwçylary gykylyklap, gargynjyrap, käýýäp saklajak bolýardy. Ikinji baran mekdebinde, mugallym okuwçylaryny taýagyň güýji bilen saklajak bolýardy. Onuň elinde daşy ardylan taýak bardy. Ol her wagt, her wagt, „ýuwaş boluň" diýip, ýa-da haýsydyr bir okuwçynyň adyny tutup, elindäki taýak bilen stola şarpyldadyp goýberýärdi. Hatda, şol taýak bilen okuwçylary çalyp goýberýän mahalam az bolanokdy. Beýleki bir mekdepde, mugallym gijä galyp gelen okuwçyny, ýa-da, sapagyny bilmedigi, tagtanyň gapdalyndaky burçda, tä okuw gutarýança dik duruzyp goýýýardy. Mugallym üçin tapawudy ýokdy, onuň sapagy gutarýança bir okuwçy şol belli burçda duraýmalydy. Mugallym käte-käte şol okuwça alarylyp seredip:"Sen şeýdýän bolsaň, men seniň ataňy ýakaryn!" diýip, haýbat atýardy.
Ýazar şondan soň mugallymlara:"Usuly terbiýe, tejribe, pedagogika taýdan bu tärleriň haýsysy dogry, peýdaly!" diýip ritoriki sowal berýärdi.Mugallymyň jogabyna garaşmanam mekdebe täzelikde işe gelen ýaş mugallymyň täze sapagynyň beýanyny berýär.
Ýaş mugallym klasda haýsy okuwçynyň ýokdugyny klasa gözüni aýlan badyna bilýär. Tagta-datäze temany onuň özi ýazyp duranok. Ol Güljahan Saryýewadan tagta geçip şu günki geçijek täze temanyň adyny ýazmagy haýyş edýär. Ýöne gepiniň bir aýlawynda:"—Hany, okuwçylar, Güljahan şu günki temanyň adyny dogry ýazypmy, göreliň?" diýip, okuwçylaryň ünsüni tagta çekýär. Eger ýalňyş bar bolsa, düzedýär. Her halda-da, okuwçyny mahabatlandyrýar. Soňam öýe berlen işi barlamaga başlaýar.
Mergen sapagy guramak barada, onuň okuwça bilim bermek, klasy tertipli alyp barmaga täsiri barada beýik pedagoglar Kamenskiniň, Uşinskiniň, Suhomlinskiniň aýdan sözlerinden mysallar getirip, makalany has güýçlendirdi. Şeýdibem:"Oglany ýaşdan..." diýen nakyl bilen, makalany öz sözleri bilen jemledi. Soň ýazanyny birki gaýta göçürip ýazdy, gaýtalap-gaýtalp okap çykdy. Ol soňky sapar ony okap çykanda,makalasyndan mekdebiň, okuwçylaryň, klasyň demini duýan ýaly boldy.
Mergen taýýarlan makalasyny gapdala goýdy-da, daşary çykdy. Gün batypdyr. Öleňlikden öwüsýän şemal topragyň. Güýzüň, salkynlygyň jana şypaly demi bilen Mergeni näzijek gujaklady.
Sekä saçak ýazyp ýören Rejep aga ony nahara çagyrdy.
--Kel, bala, owkat iýeli.
Mergen diňe şondan soň naharyň ysyny aldy.

-- Ata, meniň burnum-a indi klasyň ysyndan başga ysy alanogam.—diýip güldi.— Men mekdebe halys öwrenişibem barýan öýdýän.
Rejep aga başyny ýaýkady. Sen bala, mekdebe ögrenişme kereg deýl. Mekdepge ögrenişken kişi onuň ysyny ölüş-de unuta bilmez.
-- Wah, menem şonuň ýaly bolsadym.ata. Ölenimde-de üstümden klasyň ysy gelip dursady.
Rejep aga Mergeniň bu sözüne hezil edip güldi. Soň tabaga nahar guýup getirdi-de aýasyny aýasyna çalan bolup:
-- Bala, öjekniň saglykyna ýüz kram içme kerekdi.—diýdi. Mergen baş atdy.Ýaşuly bir wagtlardan galan şeraply çüýşäni açyp, bir käse şerap içenden soň, hasam açyldy.
-- Ikki mertebe tam kuramyz. Mellekimizi bagdan dolduramyz. Iýmişini satamyz. Towuklarymyzyň ýumurtgasyny satamyz. Gaçarlarymyzy satamyz. Ondan keýin, ýene gaçar alamyz. Baý bolamyz. Senge ýakşy kelin alamyz.
Mergen öleňlikden akyp gelýän semalyň eşretine sämäp duran başyny ýaýkady.
--Ýok, ata, heniz özümize ile meňzeş jaý gurmaly. Bergilerden çykmaly. Işlerimizi ýola salmaly. Onsoň, maşgala ekläre ýagdaýymyz bolsun. Ana, şonda öýlenmek barada pikir ederis.
Ýaşuly käsesine çakyr guýundy.
-- Bala, hemsi bolady-eý! Kaýgyrmaňlar, kaýgyrmaňlar.Hany, alyňlar!
Mergen ör-gökden geldi.
--Ata, aýdýanyň näme?! Sen näme meniň arakdan, şerapdan, çilymden , nasdan bizardygymy bileňokmy!
--Bilemän, bilämen mana, özüm içemän. Özüm...—Ol şeraply käsäni başyna çekip, ýerinden turdy-da, çüýşäni, saçagy ýygnaşdyrdy-da, ýene gaýdyp geldi. Soň ýassyga gyşaryp durşuna, Mergeniň ýüzüne ýylgyryp seretdi.
-- Bala, sen kaýsy kyzny ýakşy köresiň?
Mergen hem ýylgyrdy.
-- Men ata, owadanja,akja, mylaýymja gyzy gowy görerin.—Ol öleňlige, ondan aňram asmanyň ileri gyrasyny eginlerinde göterip duran belent daglara garady.
-- Meniň gelnim boljak gyz ýaş, sagdyn bolmaly.Ol nahary süýji bişirýän bolmaly. Ol işe gitmän öz çagalaryny oýnadyp oturmaly. Ýöne , hany olar ýaly gyz diýsen-e.
-- Ýakşy, ýakşy. Bala, sen isleseň. Allah-da, perişdeler-de omyn diýerler.
Garaňky ýagşy gatlyşdy. Mergeni nahardan soňky bimarlyk basmarlap başlady. Onuň birsalym şu eşretli, salkyn howada ýatasy geldi.
-- Ýok, maňa ýatmak ýaraşmaz.!—diýip, ol çalnyp ýerinden turdy.
-- Ata, mallara ot, suw bereýinmi!—diýip, ýassyga gyşaryp, pinekläp ýatan Rejep aga ýüzlendi.Rejep aga başyny galdyrdy.
--Özüm bereman, sen rahat bol, bala.—diýdi.
Mergen ýene duşa girip, ýuwundy. Ondan çykyp, bedreleri aldy-da, duşuň suw gabyny doldurdy. Işigi suwlady.
Mergen häzir giden çukurda özüne etmäge işiň ýoklugyna gynandy, Ol öňler gantly çaýdan keýpini kökläp çukurda işläp başlanda, ilki bir gara suw bolup derlärdi. Şonda-da endamy, damarlary ýumşap, kellesi işläp, oýlanyp başlaýardy.
Ol şol oýlaryny kagyza geçirip, On- on bäş makala ýazypdy.”Salam eziz mekdebim!” diýip gowy goşgam ýazypdy. Indi çukuryň işi tükenensoň onuň

pikirleniş çeşmesiniň gözleri gömülen ýaly bolupdy. Ol hälki makalasynam ölümiň öýünde ýazdy. Häzir ol bu makalanam sözi söze, sözlemi sözleme sepleşmeýän, guraksy bir zat bolan bolaýmasyn diýip oýlandy-da, öz ýanyndan utandy.
„—Ýa men jaýyň esasy üçin gazylmaly çukury häzirden gazmaga giruşibersemmikäm? Ýöne onuňam nireden, nähili başlamalydygy bellem däl-ä”.
Ol uly çukuryň gyrasyna baryp, mallaryna seretdi. Mallar gäwüş gaýtaryp, rahat ýatyrdy.Rejep aga sekiniň üstünde endigan hor çekip ýatyr. Tutuş oba ýumşajyk dumanyň içine batypdyr. Her ýerde, her ýerde elektrik çyralaary lowurdap dur.
Mergen mellek tarapda aýak sesini eşitdi. Sähel salymdan aýal sesi eşidildi. Soňam çyranyň aşagynda aýal adamyň sudury göründi.
-- Aý, oglan!
Mergen oturan ýerinden turdy.Ol aýal adamy görse-de, Rejep agany turuzmak maksady bilen”Kim bar?”diýip gygyrdy.
Ol aýal sekä bakan gaýtdy. Mergen oňa bakan ýöredi.
-- Geliberiň.—Ol geleni tanady. Ol arada özüni ara çakdyryp, gamyş, gury ot alyp gaýdan öýüniň gyzy Agagüldi. Ol gelin aňyrdan gelişine şelaýynlyk bilen Mergene elini uzatdy. Mergen onuň bilen elleşip görüşdi.
-- Geliň.
-- Men goňşyňyz-la-ýa. Birje zat soraýyn diýdim-le..Hiç kime diýmän, etmän gaýdyberdim.—Ol işigi görkezdi. Işikde, çyranyň aşagynda beýdip durmaly... Öýňüze giräýeli.
Mergen içeri girip, öz otagynyň çyrasyny ýakdy. Ýaş gelin mürehede-de garaşman, içeri girdi.
--Çaý içermisiňiz?
Maňa tapawudy ýok.—diýip, goňşy gelin otaga gözüni dikip aýtdy.—Gowy jaý bolupdyr . Içi Aý ýaly gelinli bolsun.
-- Sag boluň.—Mergen ortada çaşyp ýatan kagyzlaryny tertipleşdirip gyra süýşürdi.
Agagül ol kagyzlara ýylgyryp seretdi.
-- Mugallym bolsaň hatyň-a kändir?
-- Aý, ýok-la—diýip, Mergen çaýyň ugruna çykyp ýörşüne mydyrdady. Ol çäýnege çaý atyp, otaga girdi.
-- Nahar iýermiň?
Agagül ýylgyrdy.
-- Naharyňyzam barmy?
-- Bar, bar.
Duzuny dadaýmasam.
Mergen bu elin öýlerine ilkinji sapar gelse-de, onuň arkaýynlygyna haýran galdy.Ol orta saçak ýazyp, çaý-çörek getirip goýdy. Kiçiräk tabaga nahar guýup, geliniň öňünde goýdy.
Agagül käsä çaý guýdy. Soň nahardan iýip oturyşyna:
--Şudur-la, araky, bizden gamyş, ot alyp salan tamyň? Gowja bolupdyr.—diýip, indi ikinjisapar gutlap başlady.
-- Sag boluň—diýip, Mergen jaý gutlamak meselesini jemlän boldy.
-- Oba arasynda Mergen Tuwagy aljakmyşyn „ diýen gürrüň bar. Alsaň ol hezil eder.
Mergen utanyp, ýylgyrdy.

-- Işlije gelgiňizmi? -- diýip Mergen gelniň gepiniň öňüni baglady.—Meniň hat-petek işlerim kän.
Agagül saçakdan gapdala çekildi-de, Mergene syrly seretdi.
Men Aşgabadyň okuwynyň ýagdaýyny soraýaýyn—diýdim. Sen meni okuwa salmaga kömek edip bilmezmiň.
Mergen çürt-kesik gepledi.
-- Oňa kömek nämä gerek. Tomus geler, haýsy ýokary okuw jaýyna gelesiň gelse, baryp gerek hatlaryňy tabşyryp, ekzamen berp, giribermeli.
Mergen Agagülüň ýüzüne seretdi. Çyranyň yşygyna geliniň ýüzi näziň, utanmanyň näzikliginden ýaňa edil saryýag ýaly mylgyrap durdy. Mergen bu gelne okuwyňam, okuwly gürrüňiňem asla gerek dälligine düşündi. Ol bu gelni sag-aman gaýtaryp bilse,razy boldy.
Agagül ap - akja ýüzüni sypjaklatdy-da, boýnuny burdy.
Gapdalyňda özüň ýaly ýoluny bilýän adam bolsa gowy-da. Dädem:”Gürleşip gor, razy bolsa, üç ýaşar juwanam bar, şony bereýin” diýdi.
Mergen başyny ýaýkady.
-- Men başarman. Maňa malam, beýlekem gerek däl. Men okuwy ýaňy gutardym. Heniz işimi oňaramok. Onsoň, şu ýagdaýymda beýlekilere nädip kömek edeýin.
--Goňşy gelin ony sypdyrar ýaly däldi.
-- Sen meniň ýanymda bile gitseňem maňa uly kömeg-ä.
-- Şol, pursat işik açylyp, Rejep aga ukuly başyny içeri uzatdy.
-- Bala, bu kim?
Mergeniň derisi giňän ýaly boldy.
-- Geliň, ata, goňşymyzyň gyzy bir haýyşjagaz gelipdir. Indem gatjak bolýar. Ugradaýsaňyz.
Agagül ýüzüi sowup, dodaklaryny towlady.
-- Özümem gaýdaryn, meni ugratmak gerek däl. Sorajak zadym bar.
Ýaşuly „Ugratmaly bolaýsa” diýip bir üşerilibem durdy. Gyzyň arkaýynlygyny görübem, çykyp gitdi.
Agagyl, ap akja , owadan ýüzüni aýasy bilen süpürdi.
-- Näme, gelenimi halamadyňmy, gelmerinem, indi. Beýdip kowmanyňda-da, halanmaýanymyzy bilip otyryk. Näme, düşünmedik bolan bolýaň. Men seniň üçin geldim. Şol gamyş diýip baran günüňden bäri men sergezdan bolup ýörün-ä.Ine, özüm gelmesem, masgara edip barýaň-a meni.
Mergeniň ýüregi ýarylan ýaly boldy.
-- Ýok, ýok, goňşy. Men bir ýeke oglan. Sen maşgalaly gelin. Il-gün näme diýer?! Sen gaýt.
-Agagül aklyny ýitiren ýaly boldy. Ol ilerräk süýşüp, Mergeniň aýagyna owadan näzik ýüzüni goýdy.
-- Men seni gowy görýän, alsaň şu wagt öýe-de gitjek däl. Men seni gowy gördüm.
Mergen aýagyny çekip aldy.
-- Gepiň nähili?Men seni başyma ýapaýynmy? Tur, tur, ugra, öýi boşat.
Agagülüň pyýala ýaly ullakan, kirpikmen gözlerini mölerdip, başyny ýerden göterdi. Soň titir-tirir edip, aglap başlady.

-- Sen meni heleý görýäň.Seniň gyz diýip aljak bolýanyň tutuş etraby ekläp ýör. Şonuň menden nämesi artyk. Gyz bilen aýalyň arasy bäş  minutlyk wagt dälmi?! Ýöne, bilip goý, menem  saňa şony aldyrtman, Doga ederin, öwlüýä ýykylaryn, üstümden bir banka benzin guýup, özümi otlap
„şol oglan etdi” diýerin. Sen gowusy men heleý edip al. Men sen gowy görýen.
Mergen çalnyp ýerinden turdy-da, ýapyk işigi açdy.Şol pursada garaşyp duran ýaly, Agagül özüni Mergeniň üstüne  taşlady.Ol yzylap durşuna:
-- Gitme, gitme. Men sen diýip geldim-ä, meni heleý  edip al. Ýalbarýan.Meni almasaň, özümi otlaryn. Men sensiz ýaşap bilemok.
-- Mergen  Agagüli itip goýberdi.-de:
--Ata!—diýip  zarply gygyrdy.—Çalt geliň!
Agagül ýere ýazylyp gitdi. Onuň garaguş keseli tutup”Aý, aý!” edip waýkyryp başlady.
Ýaşuly içeri girip, ak tam bolan ýüzüni Mergene garşy  öwürdi.
-- Karakuş!Karakuş! Korkmaňlar-eý. Kaziur keçejek.
Ýaş gelin titiräp, agzyndan ak köpükseçelendirip, gygyryp-gygyryp açyldy-da, sesini çykarman turup gitdi.
-- Eý,Allam!
-- Eý, Huda, bu kyzmy, kelinmi?!
-- Gelin,  bäbejigem bar.
-- Ol katyna nime kereg?
„ Meni özüňe  aýal edip al” diýip gykylyk turuzdy.
Ýaşuly işigi ýapdy.
-- Bala, ahmak olmaň. Ýoh, ýoh. Olmaz.—diý!
Mergen daş çykdy. Soň duşa düşüp geldi-de, ýaşula ýüzlendi.
-- Ata, gel çaý içeli. Barja keýpim-ä aldy. Bu durşuma, men nädip hatymy ýazaýyn.
Ýaşuly  çaý demläp getirdi.Mergen birki käse  gantly çaý içenden soň, nepesi durlanyp, ýüregi ýerine gelen ýaly boldy. Duýdansyz ýerden onuň kellesine täsin pikirler gelip başlady. Ol ak kagyzyň ýüzüne:”Hyrawa biten gül” diýip, uly-uly harplar bilen ýazdy-da, aşagyna iki çyzyk çekdi. Soň, „Bolan waka” diýibem goşa dyrnagyň içine aldy. Mergen okuwçy oglanjygyň adyny „Almaz” diýip aldy.Wakanyň bolup geçýän ýerini görkezmedi-de, oba mekdepleriniň birinde diýip aldy. Soň şu gün bolan wakany bolşy-bolşy ýaly däl-de, metodikanyň okyja beräýjek ideýasynyň akymyna  görä beýan etdi.
„... Biziň   5- nji „E” klasymyza Aşgabadyň golaýyndaky şäherden bir okuwçy gelip gişuldy.Ol akjady, owadanjady. Eşiklerini tämizje geýinipdi. Ýöne juda keçjallygy bildirip durdy...”
Mergen howlukman,  bu wakany okyjy okaman, eýsem, seredip, synlap duran ýaly, gyzykly şirin ýazdy. Ol :”Hyrawa biten gülleri aýaň, olar örän näzik hem-de, juda üýtgeşik ysly bolýandyr...” diýip, makalany jemledi.Mergen  alty sahypa bolan makalasyny ikinji sapar göçürende sagat on iki, üçünji sapar göçürende bolsa, sagat bir boldy. Ol  ýene-de gaýtalap, gaýtalap okady. Ýazan ýerleriniň sözlerini, sözlemlerini üýtgetdi. Soň ýene okady...
Ol sekiniň üstüne ýazan düşegine geçende, sagat ikiden işleýärdi.
Ol edil ýadan guşjagaz ýaly bolup, uka gitdi.

... Ol köpden bäri derýa suwa düşmäge gitmek isleýärdi. Bu gün onuň arzuwy hasyl bolupdy. Öleňlikdäki terje otlaryň arasy bilen gidýän ýodajykdan gidip barşyna, ol biriniň zar-zar aglaýan sesini eşitdi. Ol töweregine seredip, sesiň nireden gelýändigini anyklady.
Ses golaýdan gelýärdi.
-- Dur, haramzada, men seni öldürerin, dur!
Mergen bir adamyň gamçysy bilen oglanjygy saýgylaýandygyny gördi. Ony saklamak üçin derýa bakan ylgady. Çünki oglanjyk däli jeýhun bolup akýan derýa tarap, edil dälirän ýaly bolup ylgaýardy. Ol adam bolsa oglanjygyň yzyndan ýetdim-ýetdimde, gamçysy bilen oglanjygy saýgylaýardy.
-- Seniň bir deriňi soýaýyn. Seniň bir janyňy jähenneme ýollaýyn...
-- Baba, baba jan, urmaň, ýalňyşypdyryn.Indikile etsem, meni öldüräý!..
Ol adam gulak asanokdy. Gamçysy bilen kasty bar ýaly saýgylaýardy.
Oglanjyk ol adamdan sypdy-da, läbik bolup, düňderilip akyp barýan sile oklady.
Mergen hiç zady pikir etmän özüni sile zyňdy. Zordan ýetişip, däli tolkunlňaryň içinde akyp barýan oglanjygy garbap tutdy-da derýanyň kenaryna alyp çykdy.
Gapdalda oglanjygyň heläk boluşyny synlap duran hälki adam, kenarda güýlünip ýatan oglanjyga tarap janhowully ýaly bolup , ylgap gaýtdy.
Seniň bir janyňy alaýyn-la.
Oglanjyk süýrenip gelip, Mergeniň aýaklarynyň arasyna urdy.
-- Mugallymjan, meni halas ediň!
Diňe şondan soň Mergen ol oglanjygyň Marlendigini , ony urup, kowalap gelýän pyýadanyň onuň atasy Anna agadygyny bilip galdy.
Ol herrelip gelýän ýaşulynyň ýokary galdyran gamçysyny gaňryp aldy-da, derýa taşlap goýberdi.
-- Çagany urmaň.
Anna aga mugallyma herreldi.
-- Aýryl-aýt. Ol çaga däl. Ol bir wagşy haýwan. Ony çagalykda ýok etmeseň, soň ile ulukçyn berer. Ony ýok etmeli!
Oglanjyk bürgütden gaçyp gelýän etene gögerçin ýalyjak bolup, titredi.
-- Mugallym jan, meni halas ediň... Meni babama berme. Ol meni öldürer...
Mergen Anna aga tarap seretdi. Ol ýaşuly edil bir awuna topulan guduzlan arslan ýaly bolup, arlap ýetip gelýärdi. Mergen aýaklarynyň arasynda titiräp ýatan oglany soguryp aldy-da, bagryna basdy. Şondan soň oba tarap ylgap başlady.
Ýaşuly aýak çekdi.
-- Heýt, bally.Beýtme, ber ony maňa. Men ony şu gün hökman öldüräýmeli. Maňa-da, meniň kowumyma-da, olar ýaly ylhanat gerek däl. Ber maňa ony...
Mergen oňa ýaş çagany beýle gorkuzmaly däl, diýjek boldy.
Anna aga jübüsinden bir top açar çykaryp, barmagynyň ujunda aýlap,ony ýokary galdyrdy.
--Şuny görýäňmi?! Şu maşynyň açary!Men saňa münüp ýören maşynymy bereýin. Sen şol ysnady maňa ber.
-- Ýok, maňa maşyn gerek däl. Däl. Dä-äääl!
Jaň kakyldy.
-- Wagt boldy, çykyberiň!

Ol öz sesine öýandy. Anna aga-da, oglanjygam, klasam, derýadyr okuwçylaram ýokdy. Sagat jyňňyrdap durdy.Mergen ýorgany bagryna basyp ýatan eken. Sagat dörtdi. Ol sagadyň jyňňyrdysyny basdy.
Ol turup, duşuň başyna ugrady. Daşarynyň howasy sergindi. Öleňden öwüsýän tenekar şemal onuň boýnundan gol salyp, gujaklap duran ýalydy. Asyl, Mergeniň sekiniň üstünde serlip ýatan düşege ýene giräýesi geldi.Emma ol beýtmedi.
Sähel salymdan ýuwunyp geldi-de, gaz peçde çaý goýjak boldy. Gaz ýanmady.
-- Gäz ýok. Gäz kutardy.—Içerden Rejep aganyň ukuly sesi eşidildi.
Mergen ýaşulynyň ýatan otagyna garap:
-- Şu gün alarys, ata.—diýdi. Soňam:-- Bir ýerde biziň elektrik çäýnegimizem bolmalydyr!—diýdi. Soň şkafy açyp, içi odur-budurdan doldurylan çäýnegi çykardy. Ony suw bilen gaýta-gaýta çaýkap, täzeden suwdan dolduryp, toga sokdy.
Ol öz otagynyň çyrasyny ýakyp, çaý gaýnaýança agşam ýazan makalalarynyň hersini iki sapar okap çykdy. Ol şol okap baryşyna-da, setirleri timarlady, düzediş girizdi.Käbir pikirleri goşdy, käbirini aýyrdy.
Çaý gaýnady. Mergen çaý demläp, ýanynda goýdy. Käsesine gant atyp, iki käse gantly çaý içdi.
Mergen üçin bu dünýäde iň eşretli zat gantly çaý bolup çykdy. Ol gantly çaý içende juwanlyk güýjüne gelip, ylhamynyň ganatlaryny açyp başlaýandygyny başda oba gelende duýupdy. Ol gapylaryndaky äpet porsy çukuryň agyr gumuny çykarany üçin, ilki bilen gantly çaýa minnetdardy. Häzirem onuň endamyna ýumşajyk der geldi. Kellesi, pikiri, duýgulary açylyp gitdi. Süňňi ýeňläp, işläsi geldi.
Ol ýazan makalalaryny täzeden okady. Olary indi başgaça, ter, joşgunly nazar bilen okaap, köp sözlemiň eýesini, habaryny, düýp pikiriňi täzeledi, soň ýene okady. Şondan soň olary arasa, owadan hat bilen ak kagyza göçürdi-de, bukja salyp, salgylary ýazyşdyrdy.
Sagat bäş boldy. Mergen mallara tirt eziup berdi. Şonda ol sygyryň ynjalygynyň ýokdugyny aňdy.
-- Şu gün guzlaýsa gerek!
Ol çukuryň daşyna çykyp, Rejep agany oýardy.Rejep aga süýji ukuda ýatyrdy.
-- Ata, aý ata, sygyr gyssanýar öýdýän.
Ýaşuly oýandy.
-- Nime?
--Mergen oňa sygyryň ýagdaýyny aýtdy. Ýaşuly donuny ýelbegeý alyp, çukura tarap gitdi. Ol ep-esli wagtdan gaýdyp geldi.
-- Öjekniň tanasy togulajak. Waht boldy. Man hozir baramam...
Ýaşuly bilini ala ýaglyk bilen pugta guşap, boş bedreleriň birini alyp, çykyp gitdi. Mergen bir täsinje begendi. Indi onuň öz işiginde halalja maly dünýä inýärdi. Birden onuň aňynda ýyldyrym çakyp giden ýaly boldy. Ol tisginip gitdi.Misli tozanly yssy gün gökden monjuk ýaly damjalar şaglap inip, töwerek-daşy ilk-ä ala tozan edip, soňam duýdansyz diňen ýaly boldy.Yzyndan ýakymlyja zynjyrjyk jyňňyrdap gitdi.

Bu dünýäniň beýik keramaty bar,
Ondanam beýigi, dogulmak-dowam.
Bir guzujyk syçrap äleme gelýär.

Edil şol pursadam howlugýar emma.

Bäbek ýüzün ene göwsüne süýkäp,
Süýt ysyna dodagyny çöwürýär.
Muny hiç kim öwredenok bäbege,
Bu dessurda arkalardan ömür bar.

Guzujyk ýňranýar, ymsynyp, emýär,
Enesi balanyň raýyn ýykman.
Balanyň üstüne başyny egýär,
Hemem oňa kaýyl bolýar tazykman

Dogulmak ykbaly beýik keramat,
Misli ol bir göräýmäge oýundyr.
Dogulmaklyk dowamatdan alamat,
Ýöne oňa älem, ynsan boýundyr...

Mergen içeri girip, bu şygry kagyza geçyrdi-de, ony timarlap, timarlap, oňa „Dogulmak" diýip at goýdy-da,täzeden göçürip, ýygnap goýdy. Soň daşary çykdy. Ol çukuryň birinji hüjresinde indi ýerinden turan sygyry, saman-süplügiň üstünde turjak bolup, säişekleýän gölejigi gördi. Rejep aga eli bedreli çukurdan çykdy. Onuň ala donunyň etegine sygyryň çäresi degipdir.

Ata, donuňy hapalapsyň!

-- Meýli, indi öjek meni öz adamsy hasyp edejek.

Mergen güldi.

Rejep aga üç pelteli nebit peçde goýtmak bişirdi.Soň daşy ýaşyl syrçalyja jama guýup, Mergeniň öňünde goýdy.

--Alyň, iýiň, bala, öjekiňiz köp bolsun! Ýerge- gökge sygmasyn.Adyň Mergen baý bolaýdy. Mübärek bolgaý, omyn enşalla!

Mergen täzeje goýtmak iýip oturşyna:

--Ata, sag bol, bileje bolsun!—diýdi.Sygyry seniňki bolsun, gölejigini maňa beräý!

Bu söz ýaşula ýaramady.

-- Ýok, bolmaýdy.Men karradym. Ömür az kaldy. Sen meniň eýäm bolasan
Bu mallar, baýlyklar seniňki bolady. Manga heýç zat keregmez.

Mergen ýaşulynyň sözlerine düşünmedi. Onuň üçin gaýdyp geplemedi.

Rejep aga daş çykyp, elini ýüzüni ýuwdy-da, gelip saçak başyna geçdi. Ol saçakdaky gatan çörekleri tabaga dogrady.Soň ony çemçesi bilen ýenjişdirdi.

Men bala, saňa bir kep aýtaman. Sengiň akşamky katyny öýge alyp kelişiň bolmaýdy. Ol katyn ýaş, owadan.Onuň belasy zyýat bolaýdy. Ol saňa bitde ýakşy iş kylmaýdy. Il ýaman kep bolady. Eýle katyna ýakyn barmaňlar.

Ýene bitte kep aýtaman:Sizler Anna kelge golaý barmaňlar. Anna kel ýakşy imes. Ýene bitde kep, sen mekdepde ýekke söz aýtma. Bu kün Kyzylarbatga kit. Daýyňga otuz pürs gereg diý. Uzynlygy ýetdi metr bolsun. Soň, on kub tahta diý. Ýüz halta sement kereg diý.Somuny ber. Maşyn bolsa şu kün alyp keliň.

Ýaşuly goýtmakly tabaga güýmendi. Mergen onuň aýdanlaryna baş atyp otyrdy.

Katyngyň kolaýyna barmaňlar, barmaňlar, barmaňlar. Ager isteseň, öz katynyň bolsun.Katyn—Şaýtan! Şaýtan katyn ürekiňden urady. Katyny ýanyňgyzga ketirmäňler. Düşündiňme!

-- Düşündim,ata, arkaýyn boluň!...

Mergen heniz irem bolsa, geýinip, işe ugrady. Bu gün onuň sapagy ýokdy. Ýöne ol hemişekileri ýaly, öz okuwçylaryny okuwdan daşary okamaga çagyrypdy.Okuwçylar ilki-ilkiler kynyrak görselerem, ellerini, pikirlerini düzüberensoňlar ýekeje sapagy hem sypdyrman gelýärdiler. Okuwçylardan beter, mugallymlar Mergeniň bu tutumynyň başa barmajagyny görmek üçin Mergeni, okuwçylary heziller edip yzarlaýardylar. Okuwçylardan mugallymyň nähili sapak geçýändigini olara näme diýip, näme öwredýändigini günde telim sapar ýaltanman soraşdyrýardylar.

Mergeniň kalby öňem kanagatlydy, dokdy. Ýöne melleginde kartoşkasy, sarymsagy, sogany gögerip başlansoň, işigi mally bolup, sygyry guzlansoň, ol öňküdenem dokmäde bolup galdy. Indi oňa okuwçylardan, mekdepden başga hiç zat gerek däldi.

Mergen geýnip, goş-golamlaryny alyp, daş çykan badyna, gozakly motor işige gelip saklandy. Mergen gelenleri birbada tanamady. Ýöne motor sürup gelen adam ony öçüren badyna;

--Salowmaleýkim!—diýen badyna onuň Kolka müjükdigini tanady.

-- Salam, geliň, ussalar!

Kolka müjügiň ýanynda ýene iki ussa bardy.

-- Ussa keldi. Hany sement, hany tahta? Pürsler nirede? Işe başlamaý kerek. Waht boş bolmasyn. Indiki maslahat kerek. Men aýtdym, irden barmaly.

Bu sese Rejep aga-da içerden çykdy.

-- O-o-hoo, Kolka müjik, geiiň, çaý içjekmi.—Kolka müjük Rejep agany gujaklady.—A-aý şaltaý-baltaý, çaý işjek ýok. Biz işleme keldi. Çaý,arak, soň.—Ol Rejep agany gujaklap durşuna, Mergene mölerilip seretdi.

-- Jaý, proýekt ýakşy däl, bizki proýekt w-oo-o!—Ol başam barmagyny görkezdi. Ol jübüsinden eplenen okuwçy depderini çykardy-da sekiniň gyrasynda oturdy. Gel.Gör.—Ol depderini açdy.

Otaglaryň uzynlygy 6 metr boldy. Ini 4 metr boldy. Koridor 2 metr boldy.Şu proýekt super—ýakşy!

Mergen başyny atdy.

-- Menem razy.

Olar tirkeşip, iki gat jaýyň gurulmaly ýerine bardylar. Şol ýerleri ölçeşdirip, jaýyň burçy bolmaly ýerlere agaç gazyklar kakyşdyrdylar.

--Hemmesi sekiz metr, uzynlygy on üç ýarym metr. Podwal ikki ýarym metr. Jaýlaryň boýy üç metr. Ýagşy. Bu jaý olmýa, nastoýaşiy köşk bolýa.

-- Bala, meýli diý. „Saçagym kiçi bolsun, jaýym giň bolsun” tiýmiş, bobalar.

Rejep aganyň süňňi ýeňlän ýalydy. Ol Kolka müjügiň elinden tutup, çukura bakan çekip alyp gitdi.

-- Sen, Müjük, oňa bak.Ol enesini emip duran göläni görkezdi.—Indi senga süýdem bolady, ýogurdam bolady.

Kolka müjük aňkarylyp galdy.

Kaýsy kün togdy.

-- Şul azanda, bu kün.

-- Oý, oý, ýuwma gerek, şaltaý- baltaý, dawaý,ýuwma gerek. Akşam ýuwarsyň! Ussa arak berdi.

-- Dogry!

Ussalar motoryň gozagynyň yzyny açyp, ondan pil, palta, kerki,, çekiç, byçgy ýaly iş gurallaryny çykaryşdyrdylar.

Mergen olar bilen hoşlaşyp, ýola düşdi.

Rejep aga içeri girip çykdy.

-- Bala, tohtaňlar. Mana bu somy alyňlar. Öjek kullady, ussalar kelip kaldy. Men maktebge baryp bilmaý man. Ager,tirektur rusgat berse, maniň somumy alarsyň. Ýakşymy!

Mergen şu ýerde tigrini ýatlady.”Tigrim bolan bolsady, bu ýollaryň gürrüňi bolmazdy-la.” – Ol inçe tama bilen „Belki , Anna aga ony bejerdip, ýerinde goýan bolaýsady.”

Ol tä raýon poçtasynyň jaýyna barýança, agşam gören düýşüniň pikirini edip gitdi. „Sil –gowy däl, aglamak- gowy, silden alyp çykmak gowy..Meniň öňümde näme-de bolsa, bir abraý synagy bar.Men juda ätiýaçly bolmaly...

Bu belanyň goňşy gelin bolmagam mümkin.Ol gelniň öten agşamky boluşlaram, maňa abraý däl. Bolmasa işigi, aýnalary ýapyp oturmalymy?!

Birden onuň demi tutulan ýalyboldy. Sojap-sojap demini dürsänsoňam:”Eý, Allam, meni şerden, şerhaýadan özüň goraweri „ diýip,Hudaýa ýalbardy.

Ol poçta gelensoň ibermek islän bukjalaryny gymmat töleg bilen „sargyt” edip iberdi. Soň gaz edarasyna bardy. Edarada ony şol Berdi garşylady.

-- Gel, Mergençik—diýip, Berdi şol öňki şelaýynlygyny etdi.—Nähili, men seniň, wot, -- ol başam barmagyny dikgertdi.—Makalaňy okadym, maladis-eý. Öwliýä kessin, çynym-eý.

Mergen oňa kän üns bermedi.

Berdi, men mekdebe howlugýan, gazymyz gutardy.

Berdi ony kabinetine äkitjek boldy.

Ýöri, mydam duşuşybam duramyzog-a, ellije gram uraly.

Mergen onuň elinden sypdy.

Meniň häzir sapagym bar, Berdi. Soň, bir gün ýörite belläris. Häzir sen meni diňle, maňa gaz gerek. Sen haçan kömek etjegiňi aýt!

Berdi serhoş gözlerini mölertdi.

--Beh, haçan görseň howlukmaj-aý, sen. Ýör, uraly-da!..

Mergen ýüzüni sallady.

-- Sen haçan gaz boljagyny aýt!

-- Name, gaharyň gelýärmi, indi.

-- Sen gaz boljagyny, bolmajagyny aýt.

-- Sen-ow, bizi gazýete bir ýazaým-ow, şu gün bolar.Işgär ýok-laý, biri dynç alyşda, biri ýaranok-laý. Ho-ol, Garaja-da şu gün sud bolmaly. Bilýäň-ä ol Beghanyň toýunda pyýan bolup iki aýaly kakdyryp öldürd-ä...

Mergen yrandy

-- Garaja, sud, sagat näçede?

Berdi uzyn boýuna gelşip duran sary ýag ýaly ýylmanak ýüzüni eňşitdi.
-- Näme, bileňokmy, ol indi bir aý bäri türmed-ä.
Näme üçin?
-- Aýdýan-a –ow, ol Beghanlaryň toýunda pyýan bolup, iki aýaly kakdyrdy—diýip. –Berdi ellerini asmanda aýlady-da, yzyna garap gürledi.—Özüm-ä göremog-ow, aýdyşlary şonuň ýaly, ýa kakdyrypdyr, ýa sögüpdir. Aý, özün-ä basdylar-ow.
Mergen onuň ýüzüne seretdi.
-- Garajany görüp bolmazmyka?
-- Mergen jan ony sud edilýän ýerine baryp göräýmeseň, indi giç. Görsem men görmeli. Meniň işgärim-ä. Sülçüsine kän ýalbardym. Edenoklar-ow.
Mergen Berdi bilen hoşlaşyp, işine bakan ugrady.
-- Sen onda maňa bäş manat goýda git. Men kwitansiýaňy ýazyp, oglanlara bererin.Şu gün hökman erterler. Ýöne bizi bir ýazaýmaweri, dost jan, bormy...
Mergeniň pikirleri daş atylan serçe sürüsi ýaly boldy. Ol işine barýança pikirini durulabam ýetişmedi.
Mergen mekdebe gelen badyna irki okuwa girmäge jaň boldy. Ol klasyna bardy. Işigi, penjireleri açyşdyrdy. Aýnasy ýok gözlerden içeri tozan urupdyr.
Üsti durşuna tozan bolup ýatan partalaryň üstünde aýna ownujaklary ýyldyraşýardy.Ol klasyň burçunda duran bedreleri, esgini alyp mekdebiň howlusyndaky krandan suw alyp geldi. Soň ilki partalaryň üstüni, ahyrynda tutuş klasy ýuwdy, Esgini ezip, çalykdyryp, penjireleriň öňüni, partalaryň üstüni gaýta-gaýta süpürişdirdi.
Mergen bedreleri, esgini klasyň boş burçunda goýdy-da, jübüsinden elýaglygyny alyp, elini süpürdi. Soň eline mel alyp Mämmetweli Keminäniň düýn geçilen „Garyp" goşgusyndan belli bendi ýazdy.Ýerine geçip, ol bendi gaýtalap, gaýtalap okady-da, okuwçylara garaşyp başlady.
Okuwçylar edil dilleşen ýaly bolup, toplanyşyp klasa girdi. Olaryň keýpi ýokdy. Mergen olar bilen salamlaşdy.
-- Okuwçylar, men size bir gaty gowy habar aýtjak! Ol habar diňe maňa degişli bolsa-da, aslynda türkmeniň oba bolup begenäýýänje ýagdaýy. – Ol ýerinden turdy.—Siz bilýäňiz-ä, meniň sizden başga hiç kimim ýok. Meniň atam, enem, dogan, garyndaşyma, malym, baýlygym„ jaýymam , hiç zadym ýok.Onsoň öz begenjimem siziň bilen bölüşmeli bolýan. Men ilkinji aýlygymdan bir sygyr aldym. Şu günem şol sygyryň gölesi doguldy.
Okuwçylar el çarpdylar.
-- Mugallym, höwri köp bolsun!
Mugallym okuwçylaryň ýüzündäki şatlygy görüp, özünden razy boldy.
-- Okuwçylar! Indi siziň hemmäňiz harp tanaýaňyz, okabam bilýäňiz! Haty owadan ýazmaga-da başladyňyz.Ýöne hiç oglanlyk etmäň. Ýene öwrenmegi, tälim almagy goýmaň.Men şu gün size adamzadyň beýik sungatynyň biriniň syryny açaýyn. Oňa suhangöýlük ýa-da oratorçylyk sungaty diýýärler. Adamzadyň iň beýik akyldarlary özleriniň beýik pikirlerini diňe şu sungatyň üsti bilen düşündirendirler. Orator bolmak üçin her sözi, her pikiri, düşünjäni özüňe gerek äheňde beýan etmäge ussat bolmakdyr.

Ol tagta seretdi.
Mämmetweli Keminäniň „Garyp” goşgusynyň şu bendini biz geçen sapagymyzda ýat tutdyk, ondan diktant ýazdyk. Şeýle dälmi! Şu bendi hemmämiz bilýäris. Ine, indi men şu bendi bäş dürli edip okap bereýin!
Ol bu bendi beýik pafos bile, soň flosofik äheň bilen, garybyň garyplygyny beýan edip, garybyň watan parazlygyny wasp edýän basym berip, soň adaty äheň bilen okap berdi.
.—Indi siz gşgyny on sapar daşyňyzdan okaň!
Okuwçylar bendi klasy ýaňlandyryp okadylar.
Indi içiňizden on sapar okaň!
Mugallym olaryň okar çeninde
-- Boldy. Indi diňe gözüňiz bilen okaň! Niresinde kese çyzyk, niresinde nokat, otur baryny belläň. Ol okuwçylaryň okaryna salym berdi.
Şol wagt gapynyň aňyrsynda nämedir bir zat şakyrdady. Mugallym işigi açdy.Işikde Marlen durdy. Ol ýüzüni tutdy.
-- Mugallym!
Mergen çalasynlyk bilen bardy-da, oglanjygyň golundan tutdy.Marlem mugallym özüni urjak bolýandyr öýdüp, gaçjak bolup dyzanyp, onuň elinden sypjak boldy.
-- Hany, hany, gel, köşek. Gorkma, gorkma, gel, otur.
Mergen ony klasa saldy-da, gapyny ýapdy. Ony boş partada otudyp, sapagyny dowam etdirdi.
--Indi, sagdan çepe, şu bendi hemmämiz okap çykalyň!
Şondan soň mugallymyň özi bendi pikir, many basymy bilen okap çykdy.
--Indi depderiňizi alyň-da, şu bendi diktant görnüşinde ýazyň.Kim diktanty juda owadan, ýalňyşsyz ýazsa, men şoňa altyn peroly ruçka baýrak berjek.
Baýrak baradaky bu gürrüň okuwçylary janlandyrdy.Häliden bäri bir gyrada ýygrylyp, ýüzüni sallap oturan Marlen gymyldaý-gymyldaý, ahyr elini galdyrdy.
-- Mugallym!
Mergen onuň ýüzüne garady.
-- Näme, Annaýew!
-- Mugallym menem ýazsam bolarmy-aý?
Okuwçylar: ”ýassamam bolýamy-ýaý!” diýip, gepläbem bilewnok-lay—diýişip pyňkyryşdylar.
-- Bolýa, ýazsa bolýaýa!
Mugallym klasy saklady.
--Adamy özüňden pes görmek, onuň kemçiligine gülmek juda medeniýetsizlik bolýandyr. Siziň ýaly akyllyja çagalara bolsa aýypdyr.
Ol bir list kagyz bilen ruçka eltip, Marleniň öňünde goýdy.
-- Sen Annaýew ýeriňden tur-da, tagta golaý baryp ýazylan goşgy bendini ýüz sapar içiňden oka.
Mugallym wagt belledi.
Men saňa on minut wagt berýän.
Okuwçylar diktanty sähel salymda ýazyp boldular
-- Mugallym, ýüz sapar okadym-a.
Mugallym tagtany süpürdi.

-- Hany indi artist ýaly edibem bir ýüz sapar oka!
Marlen özüniň okaýşy bilen klasy haýran galdyrdy. Onuň sesinde üýtgeşik näziklik , ýakymlylyk bardy. Dilindäki tagaşyksyzlyk bolsa, onuň okan bendine çaga duýgulary bolup, şirinlik gatýardy.
-- Hany şu bendi diktantam edip ýaz.Özem, kim diktanty üýtgeşik owadan, ýekeje ýalňyş goýbermän ýazsa, altyn peroly awtoruçka baýrak beriljekdir!—Ol gopşgy bendini usuljak bilen okady. Soň ýerine geçip öňüne üýşüren depder sahypalaryny çalt-çaldan barlap başlady. Oňa çenli Marlen hem ýazan sahypasyny getirip tabşyrdy.
-- Nugallym, Annaýewe goşgy okadaýyň!- diýip, klasyň gyzlary haýyş etdiler. Mugallym sagadyna seretdi.
Okuwçylar, siz meni üns berip diňläň.—Ol okuwçylary synlap, özüni dürsedi.—Men ýokary okuw jaýynda studentleriň ekzamen berişini kän synladym. Şonda studentleriň pikiraýlawynyň gaty darlygyna düşündim.Olar kitapdan okanja ýerlerini aýdyp berýärdiler. Eger mugallym goşmaça sowal beräýse, oňa-da çala-çula jogap berýärdiler. Biz özbaşdak pikirlenmegi öwrenmeli.Men şu gün size gaty gyzykly mesele berjek.Özem öz durmuşymyzdan, kim şol barada nähili pikir edýär?!
Klasda siňegiň wyzyrdysy eşidildi.
-- Mekdepleriň biriniň 5-nji klasyna Büzmeýin şäherinden gelen okuwçy goşulypdyr. Ol okuwçy juda edepsiz, garagol, betbagt oglanjykdy. Ol okuwçy şol mekdebiň okuwçylaryna, mugallymlaryna hiç öwrenişip bilmeýärdi. Onuň üstesine, ol okuwçy klasdaşlarynyň biriniň tigirini münip, münip, tigirini deşip, taşlap gidipdir. Tigiriň eýesi ol okuwçydan tigirini aljak bolup barsa, büzmeýinli okuwçy ýerden daş alyp oňa zyňypdyr. Ol daş klasyň penjiresine degip ony döwüpdir. Öz eden işinden gorkan oglan sapakdan gaçyp, öýlerine baryp, „gorkan öňürtilär” diýişleri ýaly, garry atasyna, garry enesine :”Mugallym meni urup, sapakdan kowup goýberdi” diýip, ýalan sözläp, arz edipdir.Soň barlap görseler mekdebe täze gelen şol oglanjygyň özi hemmesine günäkär eken. Indi mekdebiň okuwçylary, mugallymlar şol okuwçynyň eden etmişini milisiýä habar berip, ony sud edip, türmä ibermekçi bolýarmyşlar.
Ikinji topar bolsa okuwçynyň ata-enesine tigriň bahasyny töledip, onuň döwen aýnasyny saldyryp, özlerinem mekdebe çagyryp, mugallymdan ötünç soramaly , okuwçyny bolsa mekdepden çykarmaly „ diýýärmişler.
Üçünji topar bolsa, „ony urjak bolan oglanlara-da çäre görmeli” diýýärmişler. Mugallym okuwçylaryň ýüzüne seretdi.
-- Ertir bu mesele barada her kim özüniň pikirini beýan etmeli. Dogry jogap beren okuwçy bäşlik alar!..
Mergen beýleki klaslara-da diktant ýazdyrandan soň şeýle tabşyryk berdi. Onuň ýene bir eden işi, Marleni üç klasa-da gatnaşdyryp, diktant ýazdyrdy. Soň olary boşatdy.Mämmetweli Keminäniň „Garyp” goşgusynyň bir bendini her klasda ýüz sapar daşyndan okatdyrdy.Üç diktant ýazdyrdy. Ol okuwçy şondan soňam gaýtmady.
- - Näme, Annaýew, seniň öýlänki okuwyň ýokmy?
Marlen mugallyma boýnuny burdy.

--Mugallym, men siziň öýňüzde ýaşaýaýyn!
Mergen oňa geň galyp seretdi:
-- Näme üçin?
Mergen boýunjygyny burup gözlerini balkyldatdy.
-- Babam meni her gün gaty erbet urýa. Mamamam:”Sen ölmediňem, menem senden dynmadym” diýup sögýe... Her gün şeýle. Indi meniň şol öýde ýaşasym gelenok. Bolmasa meni çagalar koloniýasyna, ýa-da çagalar öýüne ibermäge kömek ediň. Oglanjyk aglady. Şol wagtam işik kakylyp, müdir bilen etrap profsoýuz komitetiniň başlygy Sonýa Babaýewna klasa girdi.
Mergen olary ýerinden turup garşy aldy.
Marleni gören müdiriň myrryhy atlanan ýaly boldy.
Ol gözlerini alardyp, okuwça herreldi.
-- Sen bu ýerde näme işläp ýörsüň?Çyk, ýok bol! Samsyk.
Mergen okuwçyny saklady.
-- Seniň bilen bu barada ertir gepleşeli. Sag bol.
Marlen boýnuny sallap, çykyp gitdi.
Müdir eýýäm haçan gülüm- ýalym etmäge ýetişipdi.
--Ine, şu ýaş mugallym, Mergen Ataýewiç. Tanyş boluň. Meniň işim kän, özüňiz gürleşiň, men soňňurrak aýlanaryn.
Ol ötünç sorap, çykyp barşyna:
-- Anna daýy aýna oturdanokmy?—diýen boldy.
-- Ýok, heniz-ä oturdylýan zat ýok.
Ejeş mugallym çykyp gidenden soň, ol öz ýerini Sonýa Babaýewna berdi-de, özi öňdäki parta geçip oturdy.
-- Bagyşlaň, kofäm, çaýym-a ýok.—diýdi.
Sonýa Babaýewna owadan gözlerini güldürdi.
-- Zyýany ýok,zyýany ýok, men bir maslahat bilen. Mergen bu owadan, durmuşda ähli zady ýerbe- ýer gelniň özi bilen aralykda nähili maslahatyň bolup biljegi barada keltejik oýlandy-da, bar ünsüni oňa jemläp seretdi.
-- Aýdyp oturyň...
Sonýa Babaýewna göni gürrüňe geçdi.
-- Meni sizi gaty gowy görýän bir gyz iberdi.
Mergen baş atdy.
-- Hawa, hawa.—diýip mydyrdady.
-- Siz Maýýa Meredownan-a tanaýansyňyz?!
Mergen düýn :”Bize işe gel” diýip öýlerine baran gyzy göz öňüne getirdi.
-- Hawa, aýdyberiň.
Sonýa Babaýewna enaýyja ýylgyrdy.
--Bagyşlaň, şol gyz sizi ýüregi bilen söýýär.Ol size söz aýdýar. Ol öten agşam meniň öýüme gelip, size öz halaýanlygyny aýtmagymy haýyş etdi. Ine, menem gelip, onuň sözüni size aýdýan. Indi oýlanyň. Siz bir ýeke, ýetim oglan.Okuwňy ýaňy gutaran. Maýýa bir baý adamyň ýeke çagasy.. Heniz durmuşa çykmadyk. Pikirleniň, eger razy bolsaňyz, ol toýa taýýar. Ol özem, ösjek maşgala.
Mergen aýasy bilen maňlaýyny tutdy.

-- Hany, men bir pikirleneýin, Sonýa Babaýewna. Aslynda , men beýle gürrüňlere taýýaram däl.-ä.
Somýa Babaýewna gürrüňi jemledi.
-- Bolýar, oýlanyň.Ýöne näme netijä gelseňizem, meniň bilen maslahatlaşyň. Meniň telefonym, 1—11-dir. Onda, sag boluň, wagtyňyzy almaýyn.
Onuň howlugýamlygynyň sebäbi, gayta-gaýta jaň kakyldy. Ol şol jaň Mergene-de degişlidir öýtdi.
Ýaman nejis porsy-la, açyň aýnalaryňyzy. Bu porsuda nädip oturýaňyz.— diýibem, burnunyň öňüni aýasy bilen ýelpäp çykyp gitdi.
Ol gelini ugradyp, işige çykan Mergeniň gözüne ilen zat düýnden bäri bulaşyp ýatan döwük-ýenjik tigirini ýerinde ýoklugy boldy. Ol işigini gulplap, açaryny „Mugallymlar otagyndaky" çüýjagazdan asdy-da, Şähere ugrady. Ýolda onuň ýadyna şu gün Garaja sud bolýandygy baradaky habar düşdi.
Ol etrap sudunyň jaýyna bardy. Oňa suduň ertir ir bilen bolup, Garaja üç ýyl şertli iş kesilendigini aýtdylar. Mergen oňa-da begendi.

**4.**

Mergen sagat dörtde sagadyň sesine oýandy.
Mergen üçin indi kyn günler başlanypdy**.** Ol işikdäki süýt berip duran göleli sygyry, her gün kyrk- elli ýumurtga berip duran elli towugy idetmelidi. Her günde iki bedre süýdi raýom merkezindeäki bazara eltip, çigit satyp oturan Bibi daýza eltip gaýtmalydy. Okuwdan çykanyňdan soň gabyňy, puluňy alyp gaýtmalydy. Satyn alnan towuklar her günde kyrk, kyrk bäş ýumurtga berýärdi. Gündeki ýumurtganyň özi tutuş bir bedre bolup durdy.Mergen ýumurtgany mekdebe alyp gidýärdi. Şol ýerde klaslary syryp-süpürýän aýallar ony ýerleşdirip berýärdi. Mallary günortan gelip suwarmak iýmlemek hem onuň üstünedi. Olaryň üstüne işikde dört ussa agyr işläp ýördi. Olaryň hem günotanky çaýyna , çöregine göz-gulak bolmalydy. Rejep aga boanlygynda, bu işleri Mergene ýetirenokdy. Emma arada ýaşul;ynyň Büzmeýinde ulurak işde işleýän kiçi ogly, ony maşynyna mündirip, alyp gidipdi. Ýaşulynyň nirä, näme üçin alnyp gidilendigini, ondan bari on-on bäş gün geçse-de, Mergen henize çenlem bilip bilenokdy.
Ýöne Mergeniň begenýän zady, Nobaraly aga, ýüz halta sementi, ýigrimi kub tagtany, elli sany boýy 7 metrlik pürsi, elinje iberipdi.Ussalar häzir jaýyň esasy bolmaly çukuryny gazyp, onuň gyralaryna beton guýup ýördüler.
Mergen ussalary naharlamagy öz üstünden aýyrdy. Ol olara her aýda kolhozyň skladyndan bir goýun alyp berýärdi.Ol işden soň çörek dükanyna baryp, bäş buhanka çörek alyp gaýdýardy. Ussalara öýüni, gazy, gap-gajy ynanansoň, olar öz günlerini özleri görýärdi. Emma Mergeni heläk edýän zat başgady.
Bir topar, henize çenli äre baryp bilmedik gyz Mergene azar berip ugrapdy. Şolaryň ilkinjisi bolsa, goňşy gelin Agagüldi. Ol Mergen işden geldigi, edil şol öýüň ýasawyly ýalydy.

Aslynd-a, Mergeniň tebigaty ýumşagam welin, emma aýal-gyz meselesinde, ol alaçsyzdy.Ol Agagüle ýeke agyz „Göteril, şu öýden „ diýip bilenokdy.Ol gelin bolsa, indi Rejep aganyň ýokdugyny bilensoň-a, öýüne gaýtmagam islänokdy. Ony ol diýseň, Sonýa Babaýewna-da her gün oňa telim jaň edip, Mergeni gaty aljyradýardy.
Maýa Meredowna bolsa, ol aýala jaň etdireni bilenem kanagat etmän, her gün bir salkyn mekdebe aýlanyp gidýärdi. Ol gidýärem welin, Ejeş mugallym gelip, Mergeniň gulagyny gazap başlaýardy.

Mergen Ataýewiiz, gül ýaly gyz-a, öýlen-de, hezil et-de ýör-dä. Mekdebiň gykylygyndan, çagalaryň porsusyny ysgap ne azaryň. Ol gyz seni söýüp, ölüp-öçüp barýar-a..

Iň agyr ýeri, oktýabr aýynyň birinden agşamky mekdebiň tutuş ene dili, edebiýat sapaklaryny okadyp başlapdy. Agşamky mekdep, posýologyň merkezindäki 1-nji mekdebiň jaýyndady.

Bu mekdebe ýazylan ep-esli bolsa-da, gatnaýan azdy. Gelýänlerem, ýalaň, okuwa girip bilmedikler, ýa-da öň okap bilmediklerdi. Olaram okanlaryndan çilim çekişip, warsaky aýdyşyp, bir salym oturan bolup, gaýdanlaryny gowy görýärdiler. Olaryň bary „agşamky mekdebe bir ýazylyp bilseň bolany, barmanyňda-da, okamanyňda-da, klasyňda-ha goýanoklar” diýlip, ýoň bolan gadymy ynanç dowam edýärdi.

Mergen tigiri bolmany üçin, paý-pyýadalap hepdede 3-nji mekdebe üç sapar agşamlaryna bolsa 1-nji mekdebe iki sapar sapagyna barýardy.

Ol bäşinjileri az-kem ýola salandyryn „ diýse, agşamky mekdebiň okuwçylary ony äsgermän, halys aljyradýardy.

Mergen düşeginde oýa batyp ýatyşyna, birden çalnyp turdy. Ylgap duşa düşüp geldi. Soň çalak-çulak süpürindi-de, süýt bedräni alyp çukura düşdi. Mallar ony görüp örüşdiler.

Mergen ullakan çanagy dolduryp, oňa iým, suw gatyp tirt etdi. Soň ýagşy ezilen samanyň üstüne ep-esli kepek, ýarym kilo ýaly harpyk guýup, ýene suwlap, ony ýagşy garyşdyrdy.

Mallaryň aşagyny arassalaşdyrdy. Şondan soň demini alan tirti mallaryň öňündäki çanaklara bölüşdirdi.

Towuklara iým berip, olaryň suwuny täzeledi. Şondan soň süýt bedräni alyp, Rejep aganyň ala donuny egnine geýdi-de, howlukman sygryny sagdy.

.Çukurdan çykandan soň gazany ojakda ataryp, ýuwdy. Süýdüni süzüp, aşagyna ot saldy.

Soň, agşam sagyp goýan süýdüniň çig gaýmagyny süzüp , tabaga aldy-da, onam süzüp, gazana guýdy.

Süýt bişýänçä işikleri suwlap, süpürişdirdi. Daýzasynyň gowurma salan pitisi boşapdy. Ol onam ýuwup, düňderip goýdy.

Mergen indi bazara süýt çykarmazlygy ýüregine düwdi. Sebäbi süýt kän bir hyrydarly däldi,haýal geçýärdi. Sähel ynjasa, çüýreýärdi.

Çigit satýan Bibi daýza-da:”Sen süýt getireniňden, gatyk, süzme edip getir” diýipdi.—Süzmäni soraýan kän...” Şonuň üçin ol pitide gatyp basyryp, gatygy

süzme halta guýmagy niýetine düwüpdi. Eger süzme geçmäberse, onu ýaýyp, mesgesini alybam boljakdy.
Süýt bişdi. Mergen süýdi pitä guýdy-da, göterip, içeri sal;dy.
Diňe şondan soň ol sekiniň üstüne saçak ýazdy, Ýaňy çaýyny öňüne alanda ussalar geldiler.
Güýzüň ikinji aýy ortalap baransoň, daňdanyň çigregi bardy.
-- Salowmaleýkim!—diýip Mergen Kolka müjüge salam berdi.
Salýam, başlyk.
-- Geliň, çaý içeliň.
Kolka müjik onuň gapdalyna gelip, aýagyny sekiden sallap oturdy.
-- Başlyk aga maslahat bar!
Mergen çig gaýmak bilen çörek iýip oturşyna ýylgyrdy.
Indi size aýlyk gerekdir!
Da, pul kerek, ikinji mesele, bu kün biz podwala beton kuýdy, kutardy.
Mergen geň galdy.
-- Gutardy?!
-- Ýok, akşam kutardy, bu kün beton kuýdy.
Mergen baş atdy.
-- Onsoň, biz kyrk beş kün işleri, soň koýdy.
Mergen düşünmedi.
-- Beton kuraýmak üçin, berk bolmak üçin kyrk bäş kün kerek boldy! Biz kyrk beş kün başka iş etdi...
Mergen käsesine çaý guýdy.
Hakykatdan hem, betonyň gatamagy üçin kyrk bäş gün gerekmi?
-- Kereg, kereg.Sen ussa üçin, hersi ýetmiş manat berdi!Hemsi boldy ikki üz seksen manat.
Mergeniň pul dawasy ýokdy. Ussalara ondan hem köpräk bermäge taýýardy. Ýöne Rejep aganyň „dat-bidat” edip ussalar bilen şertnama baglaşyp, gol çekişip gelen nyrhy şoldy. Onsoňam, ussalar Mergeni aldaman, gurluşygy wagtynda alyp barsalar bolanydy. Aslynda ussalaryň işleýşini göreniňde, olara bu pulam az däldi. Olar irden gelişlerine, ýata-tura işleşen bolup ýördüler.Emma Mergen üçin mekdebiň işi beýle däldi. Ol edil bir ot gysymlan ýalydy. Sähel haýal- ýagallyk etseň, eliňden tyrpyp barýardy.
Mergen Kolka müjügiň diýeni bilen razylasşdy. Ol ussalara puly agşam bermegi ýüregine düwdi. Sebäbi şu gün aýlygyňam beriläýmegi ahmaldy.
Mergen Kolka müjük turup gidenden soň saçagy ýygnady. Süýde gönezlik çaldy. Soň çukura girip göläni enesinden aýry daňdy. Mallara ot- suw berişdirdi. Içerä, daşara birlaý seredişdirip, işe gitmäge taýýarlandy.Bu gün onuň agşamky mekdepde okuwy bardy. Şol mekdepdäki baş-başdaklyk Mergene tutuş gijesi bilen ynjalyk bermändi. Gijeki mekdebe okuwa diýip gatnaýanlar okuwça däl-de, köçe şypanalaryna meňzeşdi. Olar „Goýsan-aý, mugallym!” özleriniň ýüzleýje garaýyşlaryny ýüzüňe ýelmejek bolup durdylar.Olar mugallymyndanam, ekzameniňdenem, direktoryňdanamm çekinip duranokdylar.Sähel bahana tapdyklary hem gyzyl ýumruga girişip, ganjaryşyp uruşýardylar.

Mergen olaryň ýanynda beter ýumşakdy. Olary saklabam, köşeşdiribem bilenokdy. Olara ýaýaplap günüňi görmegem mugallyma gelişjek zat däldi. Ýöne ol Ysmaýyl däli diýen ýigitden oglanlaryň gaty gorkýandyklaryna göz ýetirdi. Yslam eýýäm iki sapar türmede oturmaga ýetişipdi. Onuň üçin üçünji sapar gitmek gorkuly däle meňzeýärdi. Ol ýüzi edil awulygyň sapy ýaly, juda hyrsyz oglandy. Onuň ýedi klas bilimi bolup, şu ýyl sekizinjide otyrdy. Mergeniň hyýaly, şu gün Yslam bilen gürleşmekdi.

Ol depder, kitabyny, bir bedre ýumurtgany alyp ýola çykdy. Ony Aşgabada barýan maşynly oglanlaryň biri mekdebe düşürip gitdi. Mergen bara- barmana ýumurtgaly bedräni tam süpüriji aýallara gowşuryp, mugallymlar otagyndan klasynyň açaryny aldy Oňa bir hatyň hem-de ep-eslije galam hakynyň gelendigini aýtdylar.

Mergeniň elinde redaksiýalaryň bäşisinden gelen galam haky bardy. Birinden on ýedi, birinden on, birinden sekiz, birinden ýedi, birinden on iki manat.Oňa şu gün aýlygyň beriljekdiginem aýtdylar. Ol galam hakyna-da, aýlyk aljagyna-da begendi. Elli-altmyş manat onuň üçin hut häziriň özünde az pul däldi. Hiç bolmanynda özüne keýnek, beýleki gerek zatlary almaga het edip biljekdi. „Men galam hakymyň bir bölegini haty ýalňyşsyz, owadan ýazmakda tapawutlanýan okuwçylary höweslendirmäge harçlaýsm näderkä?”

Ol diňe bäşlik aljak okuwça altyn peroly ruçka baýrek bermegi wada edipdi. Wada edilen baýragy almak üçin okuwçylar azap baryny edendigini ol duýup durdy. Görsene, iň ýokary baýraga mundan bir aý öň hem harp tanaman oturan Atabaý mynasyp boldy. „Ol duranja hazyna !” diýip, Mergen buýsanç bilen ýatlady.

Ol baryp klasyny açmakçy boldy.Onuň gözi koridoryň ugrunda duran täzeje tigire düşdi. Baryp görse, tigir özüniňkidi.Ýöne tigiriň käbir ýerleri çalşyrylypdy.

Mergen okuwçylaryň özünden bir habar eşidýänçä tigire üns bermezligi ýüregine düwüp, klasyna girdi.

Ol Marleni indi erbet görenokdy. Onuň diýenini edip ýaş oglany öýüne-de alyp gidipdi. Ýolda, öýde onuň bilen ýürekdeş gürrüňjagazy ýola goýupdy. Bileje iýip-içip, bileje mallara seretdi, bileje-de mekdebe gaýdypdy. Şonda ol Marlene uly adamlaryň mähriniň, ýürekdeşliginiň ýetmeýändigini duýupdy.

Ýöne Marlende çaga garagollygy, bir zada üns bermezlik ýaly endikler berkäp gidipdir. Ol towuklaryň ketegine girip,ýumurtgalary döwüşdirende-de, elini ýuwanda açan kranynyny ýapmagy ýadyndan çykaranda-da, Mergen bu häsiýetini oňa gatyrganyp duýdurypdy. Sebäbi Rejep aga mallara suw bereýin diýip barsa, pelleriň aralygyndaky çykurlar agzy-burny bilen suwdan dolup durmyş. Käbir ýerlerde suw kartoşka joýalaryna-da ýetipdir.

Şol gün ýaşuly duşuň suw pürkülýänje jüründeginiň döwülendigini, çukura girilip, çykylýan merdiwanyň döwülendigini, synja kylynýan kündügiň ýitendigini Marlenden görüp, günibilen käýinip gezipdi. Ahyr çydaman, oglanjyga gaharly käýindi.

-- Nime, sen bala, eliňde, aýakyňda çüý barme! Ugra öýüňe.—diýipdi. Şondan bäri oglanjyk klasda mugallymyndan ýüz-gözüni sypjykladyp, öýkelän bolup

ýördi. Öýne ol indi az-kem açylyşyp başlapdy. Okuwyna zordy.Haty bijaý owadan ýazýardy. Mergeniň şu geçen bir aýda ýeten derejesi, okuwçylar, özüne ynanylan üç sany bäşinji klasyň ähli okuwçysyna harp tanamagy, sözlem okamany, sözlem derňemegi, diktant ýazmagy, labyzly okamagy öwredip bilenligidi. Ol bu işleri diňe, diňe sapakdan daşary okuwyň hasabyna etmäge ýetişipdi.
Mergeniň ýene bir höwes edýän ýagdaýy bardy. Ol özbaşdak pikirlenmegi, islendik pikiri pesden belende, belentden pese aýlamagy okuwçylaryň aňyna salmakdy.
Onuň Marlen bilen baglanyşugy bolan bir wakajyk barada özleriniň pikirini aýtmagy öýe ýumuş tabşyrmagy ýöne ýere däldi. Ýöne okuwçylar bu meseläni göwnejaý işläp bilmediler. Ol okuwçylaryň heniz çagalyk, ýüzleýlik edip, birden özüm şeýle ýagdaýa düşsem nähili bolar diýen ýaly pikirlere uýandyklaryny duýdy.
Ol şu gün Mollanepesiň „Ner gezgin” diýen goşgusynyň bir bendini öwretmegi niýetine düwdi. Mundan başga-da, onuň islendik sözlemi ýazmakda, beýan etmekde, belent pikir bilen beýan etmegi öwredesi geldi. Ol şu niýet bilen tagta „Ner gezgin” goşgusynyň bir bendini ýazdy.

Iki adam uruşsa, geçer ýaly ýol berme,
Ol birine dil berip, ol birine al berme,
„Jan aga, özüň bil” diýp, her näkese ýalbarme,
Kyrk ýyl maýa gezýänçäň, ýekeje ýyl ner gezgin.

Ol bu bendi daşynda on sapar okady. Goşgynyň diňe gazaply, parasatly äheňi kabul edendigini anyklady.
Okuwçylar gelip başladylar. Olar nämüçindir begençli ýylgyrjaklaşýardylar.
Mugallym, tigiriňizi gördüňizmi?!—diýip, Atabaý buýsançly aýtdy.
Mergen olara duýgudaşlyk äheňinde ýylgyrdy.
-- Hawa. Men-ä öz tigirim däldirem diýip otyryn. Has başga, has gowy tigir boilupdyr.
Atabaý onuň ýanyna geldi.
-- Mugallym, men aýtdy diýmäň. Ony biziň klasymyzyň oglanlary pul ýygnap bejerdi. Bizden size ýadygärlik bolsun!..—diýýek.
-- Mugallym, tigiriň gutly bolsun!
Klasa girýänler:
-- Gutly bolsun, mugallym!—diýýärdiler.
Mergen okuwçylaryň bu çaga çözgüdine begenmänem durmady. Ol bu on-on bir ýaşlyja oglanlarda gele-gelmäne belent ynsanperwerlik duýgusyny dörederirin diýip, ýatsa-tursa aňyna- oýuna-da getirip bilmezdi. Ýöne ol bu barada ýeri gelýänçä dil ýarmazlygy ýüregine düwdi.
-- Okuwçylar, men şu gün biraz gyssanmajyrak, sapagy gyssanmajyrak geçeliň. Hany, tagta serediň. Häzir men Mollanepesiň „Ner gezgin” goşgusyny okap bereýin.

Ol bu bendi  belent labyz bilen okady. Ol goşgyny diňlän okuwçylaryň  gözünde buýsanç şuglasyny gördi. Ol  bendi  gaýtalap okap okamanka okuwçylar ellerini galdyryp başladylar.
-- Mugallym, menem okaýaýyn!
-- Mugallym, menem okaýaýyn.
-- Menem, mugallym!
-- Mugallym...
Ol birijundan, okuwçylaryň ählisine bu bendi okatdy. Soňra bu bendi diktant edip depdere ýazdyrdy. Ýazgyly  listi ýygnap alandan soň, okuwçylaryň ünsüni özüne çekdi.
-- Biz indi okabam, owadan, ýalňyşsyz ýazybam bilýäris! Indi biz özümiziň pikirimizi akylly, paýhasly, adamlaryň garaşmaýan görnüşinde manyly beýan etmegi öwrenmegimiz gerek.Munyn äme üçin etmeli?
-- Akylly gürlemeli
-- Dogry.
-- Gysga gürlemeli.
-- Dogry.
-- Mugallym, nakyl goşup gürlemeli gerek.
--Dogry..Ýöne bir ýagdaýy alyň.—Ol tagtany süpürip,  ilki  ullakan tegelek çyzdy.
-- Islendik tema barada gürläň.
-- Mugallym, Magtymguly barada.
-- Ýok, mugallym, at barada.
-- Aýdym –saz barada...
-- Geliň, ilki Magtymguly baradaky temany alalyň! Birinjiden, uly tegelek näme? Dünýä boýunça öz pikiriňi aýtmak.
-- 1. Dünýäni, adamzady  beýik  , akyldar ýazyjy- şahyrlaryňň  paýhasy saklaýar.Nowaýynyň. Puşkiniň, Baýranyň eserleri  tutuş adamzadyň paýhas hazynasydyr.
Ol uly tegelegiň içindeondan kiçiräk tegelek çyzdy.
-- 2. Ikinji tegelek öz ýurduň, ýagny Türkmenistanyň ýazyjy-şahyrlar, olaryň eserleri  hem öz halkynyň akyl hazynasydyr. Meniň ülkäm beýik akyldar şahyrlaryň  watany.Magtymguly, Mollanepes, Kemine, Seýdi, Zelili, Mätäji indi telim asyr bäri türkmen halkyny beýik parasatlylyga çagyryp ýör.
Ol  ikinji tegelegiň içibden ondanam kiçiräk tegelek çyzdy.
3-nji tegelek, Diňe Magtymguly barada. Magtymguly halky agzybirlige çagyrýar.Magtymguly ili-güni bir döwlet gurup,  ony  şirin janyň bilen gorap,  şol döwletde eşretli döwranda ýaşamagy ündeýär.
Mugallym üçünji tegelegiň içinden dördünji  tegelegiçyzdy.
-- Dördünji tegelek, Magtymguly we men.Men Magtymgulynyň goşgularyny söýýärin.Magtmguly meniň obadaşym. Ol özüniň   goşgusynda :”Bilmeýen soranlara aýdyň bu garyp adymyz, Asly Gerkez, ýurdy Etrek, ady Magtymgulydyr” diýipdir.
Ol dördünji tegelegiň içinden  kiçijik tegelek çyzdy.

--5-nji tegelek. Magtymgula obamyzyň garaýşy. Raýonymyzyň merkezinde,Gerkez obasynda Magtymguly muzeýi bar,Magtymgula ýadygärlik guralan, Magtymguly barada kinofilm döredildi Hudožnik onuň suratyny çekdi. Bagşylar onuň goşgularyny saza goşup, aýdym edip aýdýarlar.Obamyzyň iň gowy köçelerine Magtymgulynyň ady dakylan,
Jemleme:Magtymguly—akyldar, ony dünýä tanaýar. Meniň Magtymgula meňzäsim gelýär!
-- Düşnüklimi!
Mugallym şu aýdanlaryny dört –bäş sapar gaýtalady. Soň okuwçylary ýekän-ýekän tagta çykaryp öz aýdanlaryny olara gaýtalatdy.Her tegelege mysal getirtdi.
-- Indi okuwçylar, „Mekdebiň howlusyndaky agaç” diýen temada gysgajyk diktant ýazyň. Şonda birinji, ikinji, üçünji, dördünji, bäşinji tegelek boýunça pikir ediň. Soňundanam diňe bag barada jemleme ýazyň.. Ol okuwçylara diňe bäşlik baha goýdy. Sag boluň.
Mergen üç klasa şeýleräk görnüşde sapak geçenden soň, ýerine geçip, stoluň üstünde ertirden ýatan bukjany eline alyp, açdy. Soň ondaky haty okap suw içen ýaly, bir demde okap çykdy.Hat Maýa Meredownadan gelipdir.Oňa bu gyzdan öňem iki hat gelipdi. Bu hatda-da, edil öňküler ýaly, Maýa öz söýgüsini bildirýärdi.
Gyz maşgalanyň mertebesini saklaman „Men söýýän, köýýän” diýip ýörmesini Mergen hiç aňyna siňdirip bilenokdy. Ol özüni oýnalýan hasap edýärd.Edil şol wagt klasa Sonýa Babaýewna hasanaklap girdi. Onuň ýüzi howsalalydy. Ol klasyň iň ahyrky partasyna geçip oturdy.
Mergen, gurdunmyň?
-- Sag boluň, Sonýa Babaýewna, men-ä birazajyk aljyrap ýörün, şu günler...
Gelin güldi.
-- O näme ýaş başyňa işden basyljak bolýaňmy. Näme, aljyrap dagy..
Mergen onuň ýüzüne garady.
-- Öýd-ä, göläm, ýaňy guzlan sygrym, elli sany towgum, ekinim eýesiz galýar.Bu ýerde-de işim, bölek-büçek.
Sonýa Babaýewna gyrkylyp, owadan bejerdilen saçyny enaýy ýaýkap, nurana, owadan ýüzüni enaýyja ýaýkady.
-- Gözüň aksyn, Mergen Ataýewiç. Men saňa başga näme diýeýin. Maýa jan ýaly hazynany harlap ýörşüňe, basym seniň aklyňam üýtgär.
-- Ýok, ýok, men harlamoga.—Mergen ör-gökden gelen boldy.
Sonýa Babaýewna tasyrdap ýerinden turdy-da, partany şakyrdadyp, ondan çykdy. Soň Mergene bakan ýöräp gelişine:
-- Giden baýlyk, mal diýseň, onda bar, pul diýseň, weşeň-weşeň, onda bar, wezipe gowusy onda bar, bal ýaly nahar bişirýär. Sen ony nikalap alyp, bagryňa basyp ýatmaly halyňa, göläm, sygyrym diýen bolýaň.. Men saňa dogrymy aýdaýyn, sen yrsgal kakan, Mergen. Depäňe gonan bagty bileňok, meniň şoňa gaharym gelýär. Özüm-ä erkek bolan bolsam,şu gün öýlenjek.
-- Ol agyr myşlady.
-- Hany, sen ýa bar diý, ýa „ýok” diý. O gyzy iki jahan owarrasy edip ýörme.
Mergen başyny aljyraňňy ýaýkady.

-- Meni gyssama. Men gyssama çydamok, Soniçka...
SonýaBabýewna Mergeniň ýanyna gelip, onuň döşünden itdi.
-- Edil häzir jogap bermeseň, şu klasdan çykarjak däl. Hany, aýt!...
Ejeş mugallym içeri boýnuny uzatdy.
Sonýa, deni soraýarlar...
Sonýababaýewna  yza çekildi.
-- Kim?Kim soraýar?
Ejeş mugallym sesini çykarman, dodaklaryny yşaratly gymyldatdy.
-- Bol, gyz!
Sonýa Babaýewna hoşlaşman, onuň yzy bilen çykyp gitdi.
Mergeniň dünýäsi giňän ýaly boldy. Ol şakyr-şukur klasdan çykyp, işigi gulplap, tigirini aldy-da, mekdepden çykyp gitdi.
Ol ýolboýy bu yrga meseläni nädip çözmelidigi barada  oýlanyp gitdi.
Mergen Maýa Meredowa bada-bat  „Ýok" diýmäni üçin özüni kötekledi. Ony obada  goňşy gelinem aljyradyp gidýärdi. Mergen oňa-da, näme üçindir, „ýok" diýip bilenokdy. Maýa uzagrakda bolup, hat üsti bilenmi, adam iberipmi, azar berýän bolsa, goňşy gelniň özi häli-şindi gelip, ony depeläp durdy. Onsuzam Mergeniň aladasy az däldi. Towuklary iýmlemek,  mallara ot-suw berp , sygyry sagyp, süýdüni bişirip, jaýba-jaý etmek, ýumurtgalary satmaga çykarmak  öň görmedik adam üçin kiçi iş däldi. Onuň üstesine, gurluşykçylar, mekdep, okuwa taýýarlanmak,  günde iki-üç sapar ençe ýoly geçip,  etrap merkezine gelip-gitmek ýene bir uly alada. Şu işleriň özi Mergene  tutuş ömrüne,  öýlenmese-de, başagaý bolup geçer ýaly güýmenje kemi ýokdy.
„Süýd-ä bişirip, gatyk edip, halta guýup, bazara alyp giderin. Ýumurtgalary mekdepde aýallar minnetsiz ýerläp berip durlar. Ýöne şu agşamky mekdep, halys meniň        elimi- aýagymy baglaýar. Üçünji, bäşinji günler men agşam sagat ýediden ona çenli  daňylgy ýaly. Şol işimi bir gündize geçirip bolsady..."
Mergen 3-nji mekdepde işini gowy ýola goýupdy. Onuň başda iň kyn, halys geň gören zady. Bäş ýyllap mekdebe gatnap, okadym adyny alan okuwçylaryň harp, hat tanap bilmezligi bolupdy. Hat ýazmak barada gürrüňem ýokdy. Bolsa-da, Mergeniň bagtyna bu mesele  bäşinji klaslarda aradan aýryldy. Oňa wagtam, usulam,  gaýratam, zähmetem tapyldy. Indi Mergen özüni barlajak komissiýadanam, aşakdan, ýokaňrdan geljek barlagçydanam çekinip duranokdy. Duýman durkalar güpbasdy ediläýende-de,  dilden  ýazuwdan, edebiýatdan, onuň okuwçylarynyň diňe bäşlik baha aljakdygyna Mergeniň berk ynamy bardy. Indem, şoltegelekler meselesini okuwçylarynyň  aňyna siňdirip biläýse, onda-ha dildenem ýazuwdanam,   labyzly okaýyşdanam, pikirlenme ýaryşyndanam, okuwçylarynyň diňe şu mekdepde däl, tutuş raýonda  birinji boljagynyň ujy iki däldi.Emma şu agşamky mekdep meselesi Mergene, edil agyrly diş ýaly, gije-gündiz ynjalyk bermeýärdi.
Mergen tigirine atlanyp öýüne gelende, birden aňyrdan ýyldyrym çakan ýaky boldy. Ol sekiniň üstünde Rejep  aganyň donuny görüp, ýüregi  duýdansyz böküp gitdi.Ol:
-- Atam gelipdir!—diýip gele-gelmäne begençli gygyrdy.Tigirini  jaýa söýäp, içeri ylgady. Öýiň içinde hiç kim ýokdy.

Mergen ylgap çukuryň gyrasyna bardy. Ol başyna özbek tahýasyny geýen, bili ak ýaglyk bilen guşalan ýaşulynyň kortoşka hatarlarynyň arasynda eli kündükli aýlanyp ýörendigini gördi.
-- Ata, ata jan, salowmaleýkim!
Ýaşuly kündüksiz, çep eli bilen bilini tutdy-da dikeldi.
-- Haý, bala-how!—Mergen mellege düşüp, ýaşuly bilen gujaklaşyp görüşdi.
-- Ata jan , geldiňmi?
-- Kelip kaldym.
Mergen ýylgyrjaklap boýnuny gaşady.
-- Ata, öýkeläýen-ä dälsiň-dä. Aýtman, birden gürüm-jürüm bolaýdyňyz-a.
-- Ýok, ministr ogul geldi. „Ata, bir hepde öýüme garawul bolup ber, Men bir hepdelik Amirkä gidip gelmeli” diýdi-de, maşynyna mündürip, zut alyp gitdi.. Olar Amirkadan gelen badyna bäri gaýtdym.
Mergen ýylgyryp durşuna baş atdy.
-- Sen bolmasaň maňa gaty kyn boljak, ata. Indi bir gitmeli bolma.
-- Ýok, indi bolmaz.
Ýaşuly ýaňy ýerde goýan kündügini ýene eline aldy.
-- Bu näme, ata?
Ýaşuly kündügiň içini Mergene görkezdi.
Nurdan goýaltma...Kartoşka, pyýaza, sarymsaga iýmit beremen. Soň suw bermeli.
Mergen ýaşula sygyr sagyşyny, towuklary iýmleýşini, öküzçelere ot-suw berişini gürrüň berdi.Soň ýumurtgalary, süýdi ýerleşdirişini aýtdy.
-- Näçe boldy?
Mergen başyny geleňsizje ýaýkady.
Aý, men-ä şony hasaplabam göremok, ata!
Ýaşuly nägile boldy.
-- O näme bala, somy hasaplamak gerek. Çaga olmaň.
Mergen ylalaşyjylyk bilen başyny atdy-da, çukurdan çykdy.
-- Ata, men agşam mekdebe işe gitmeli. Häzir çaý-çörek iýip, ugraýyn...
Ýaşuly işine berlip durşuna, başyny galdyrman
-- Meýli!—diýdi. Menem häzir baraman.
Mergen gaz peçde çaý goýup, duşa girip çykýança, ýaşuly sekä geçip oturdy Ol Mergeni görüp:
Nahar iermiň?—diýdi.
Häzir, häzir, ata.Oturyň, özüm taýýarlaryn...
Ýaşuly oňa gulagam asman nahar, çaý, çörek alyp gelip, sekiniň üstüne ýazan saçagynyň üstünde goýuşdyrdy.Soň saçak başynda agyr oýa batyp:
-- Wagt boldy! Keýin, zerdaly ekme kerek—diýdi.
-- Zerdaly -- erik dälmi?
-- Erik, erik, men pitownigiň direktury bilen kepleşdim. Şenbe güni baryp ikimize alma kereg.
-- Bor, ata, ýerimiz-ä taýýar. Näçesini almaly bolsa, özüň aýdarsyň...
Ýaşuly öňden baryny ölçäp, biçip goýan borly.

-- Kyrk däne zerdaly nahaly, on däne  üzüm, iki däne alma, iki däne behi!.. Her tänesi beş som.
Mergen razylaşdy.
-- Ata, men häzir  sygyra tirt edip bereýin-de gideýin, ýöne sygyry özüň sagaweri...
-- Meýli!..
Sagat alty bolanda Mergen tigirine atlanyp, ýola düşüp, heniz ak öýlän mahaly 1-nji mekdebe geldi.
Mekdep gum-guklyk. Ol  oktýabryň birinden bäri  gelip  bäş- alty sapar okuw okadyp gidensoň, bu mekdebe belet bolarça bolupdy.
Oňa sekizinji, dokuzynjy, onunjy klaslaryň dil- edebiýat dersini bir ölçeg edip beripdiler. Ýöne bu ýerdäki geçen okuwlary onuň okatdygy däldi. Her klasda on bäş, on alty okuwçy bolmaly bolsa, häzir her klasda   alty-ýedi okuwçy otyrdy. Mugallym bolsa gelmedikleriň barysyna „gm" goýup bilenokdy. Ol  žurnal temanyň adyny ýazyp, goluny çekäýmelidi. Şeýtse, mugallymyň tutuş klasy okatdygy bolýardy.Beýle ýagdaýy Mergeniň ynsaby göterip biljek däldi.Şonuň üçin ol öýünden mekdebe gelýänçä :"Okuwçy mekdebe näme üçin gelmedi?!" diýen meseläniň  pikirini edip geldi. Ahyrynda , onda bu temany gowy öwrenip, „Sowet Türkmenistany" gazýetine, ýa  „Türkmenskaýa iskra „ gazýetlerinde  ýiti makala bilen çykyş  etmek pikiri  emele gelip ugrady.
Munuň üçin, temany  iş edinmelidi. Haýsydyr bir klasyň okuwçylarynyň iş, öý, okuw ýagdaýyny ilik-düwme öwrenmelidi. Edip bolsa, tutuş oblastyň  işçi- ýaşlar mekdepleriniň ýagdaýyndanam maglumat almalydy. Mysal üçin,  tutuş respublikada   işçi- ýaşlar mekdebinde näçe adam okaýar,  şu gün  olaryň näçesi mekdebe gelmändir diýen ýalyrak maglumaty hem alyp bolsa, almalydy. Iň esasy,  bu niýetiňi  gaty gizlin saklamalydy.
Ol şol niýet bilen mugallymlar otagyna girip dokuzynjy  klasyň žurnalyny alyp ýerine bardy. Žurnalyň yzyna ýazylan  ýazga seredip, şu mekdebiň  dokuzynjy klasyna gatnaşýan okuwçylaryň öý salgysyny, iş ýerleriniň salgysyny ýazyp aldy.Soň gidip, mekdebiň garawulyny çagyryp geldi. Ol ýaşuly aýaldy.
-- Annabibi daýza, meniň klasymyň çyralary juda körek ýanýar. Oňa 120-lik çyralary goýmaly,. Şony ertir  ýolbaşçylara ýetirewer.
Annabibi daýza gargynjyrap başlady.
-- Şulara şolam kän, çagam. Bular adam  çagasy däl-ä. Çyra-da bolsa döwüm-döwüm, parta-da bolsa döwüm-ýenjim,aýna-da bolsa döwüm-döwüm. Bular özleri ýaly çaganyň atasy bolsa-da,  duranja äjit-mäjidiň bar-eý.
Sagat ýedi boldy.
Mugallymlar ygam-sagam bolup gelip başlady. Olaryň asla okatmak niýetleri ýok ýalydy.
-- Sen-ä ahyryna çenli okadýaň diýýeller-eý—diýip, Bekgeldi mugallym ýylgyran bolup aýtdy.
-- Näme, siz okadaňyzokmy?
-- Juk, näme üçrib  okatçak.Maňa üç-dört oglan gerek. Kerpiç daşatçak. Şoňa geldim.—Ol ýüzüni berke tutdy.—Goý, okamasynlar. Kör galsynlar. Näme, hökuwmet adamyň agyr işden soň okamajagyny bilmeýendir  tiýýeňmi, bu-uw,

bilip,aňyrsyna geçýee. Bilibem, mektep açýa.?! Biýem olary okatmalymyştyk.Bu-uw!

Ol açyk penjireden nasyny daşary tüýkürdi.Soň naskädisini eline alyp, oňa pitikledi.—„ne çiş köýsün, ne kebap" bolýa bularyňky.Bir topar guwkelle, zehiniňi näçe döküber, bary beýderek. Ýöne, serewne, gelse, gelmese-de, bilse, bilmese-de, okasa, okamasa-da, klasdan klasa geçiräýmeli. Attastatam beräýmeli. Sebäbi Leýlin babaň sistemasy şeýle. Hany, sen oňa garşy gitjek bolup bir gör. Gözüňde ot ýakyljagyny bilip duransyň. Şonuň üçin ol galypdan çykyp bilenok. Onsoň, bizem, „ölüşüňe görä gömüşim edip, işläberýek.

Mergen žurnalyny alyp ýerinden turdy.

Mugallymlar otagyna giren Annabibi daýza:

-- Gapyda duran tigir kimiňki?- Ony kül etdiler-ä—diýip howsalaly gepledi.

Mugallymlar topar bolup, daş çykdy.

Ýaşy bir çene baran epeý pyýada tigiri ýaňyrak depilen peliň içinde sürüp ýördi.Bekgeldi mugallym saklanyp bilmedi.

-- Aý, pormyň gursun, Taýjyk. Sen indi mugallymyň zadyny münmäniňde, syrtyňdaky gurtlar müňküldeşip dullarmy.Goý, ýerinde, iliň zadyny, sen-ä bir utançsyz ekeniň-eý.Özüň bir topar çaganyň atasy bolup,şeýle edepsiz. Seniň çagalaryň nätüýslikä?

Epeý pyýada tigiri şol ýerde taşlady-da, löp-löp edip, bäriligine gaýtdy.

-- Salamballek. Me-äýt, oglanaň biriniňkimikä diýdim-dänni. Bagşylla, how, mollam."Tanamadyk—sylamaz" diýipdirlerdänini.Indi etmerik dänini.

-- Bar, bar, tigri mugallymlar jaýyna sal.—diýip, Bekgeldi mugallym ol epeý pyýadany gyssady. Taýjyk diýilýäni asyl, görlüp oturylsa, dokuzynjy klasda okaýan eken.Onuň yzy bilen bir topar okuwçy gülşüp, klasa girdi.

Mergen klasa girdi. Klasda dokuz okuwçy bardy. Emma Yslam ýokdy.

-- Okuwçylar, öýe näme ýumuş berildi?

-- Edebiýatyň maksady.

-- Ol how, öňki tema bolaýmasyn.

--Hany, kim aýtjak?

Ýaş ýigit elini göterdi.

-- Aýt.

-- Öýe „Edebiýatyň taryhylygy" diýen temany gaýtalap gelmek tabşyryldy.

-- Dogry, otur. Indi kim aýdyp berjek.

Mugallym Taýjygy tagta çagyrdy.

-- Hany, Sowhozow, sen temanyň adyny tagta ýaz.Okuwçylar, sizem yzarlaň.

Taýjyk hyk-çok eden bolup tagta çykdy. Okuwçylar pyňkyryşdylar.

-- Nämä gülýeň-eý. Näme bir ýerim açylypmy?

-- Ýuwaş. Hany ýaz!

Ol tagtanyň öňüne, penjiräniň aşagyna seredişdiren boldy.

Mollam, mel ýok-laý.

-- Mugallymyň tigirini sürmeli bolanyňd-a, baý ylgaýaň. Hany, ýaz-da...

--Otur-ow, kirpi, otuz ikiňi kül edýän.

-- Ow, onuň agzynda protezi bar.

Taýjyk sögüne-sögüne mel getirmäge gitdi.Gelibem eli bilen tagtany süpürdi.

-- Mollam, esgem ýo-laý.
-- Bar getir-deý, ýöne gatnap dursuň-la,
Taýjyk löp-löp edip klasyň ortasyna bakan ýöneldi.
Men getirdim, bar ind özüň getir. Men-ä getirjegen däl, ýazjagam dä..—Ol ýerine geçip, ýüzüni kese-kese sowan bolup oturdy.
-- Seniň işleýşiňem edil şular ýaly, kişä minnet eden bolup.
Taýjyk zarp bilen ýerinden turdy.
--Seniň bir boýnuňy soguraýyn-la.
Ol kirpi diýilýäni iki bökende gelip mugallymyň arkasyna gyssyryldy.
-- Däde, däde, oýun edýän, how..Däde, dur!
Emma Taýjyk mugallymyňarkasynda busup duran ýaş ýigide ýumruk salman ynjalmady.Şol wagt klasa Yslam girdi.Ony gören Taýjygam, onuň oglam edil, gyrgy gören serçe ýaly boldy.Tutuş klas tertibe geldi.
-- Hany, Taýjyk, çyk tagta, öýe berlen ýumşy ýaz bakaly.
Taýjyk ýüzüni sypjaklyk eden boldy.
-- Saňa diýilýär.
Taýjyk janagyrly gepledi.
-- Men çykamak, mugallym. Çykjagam däl, ýazjagam däl.
Yslam oturan ýerinden:
-- Çyk. Ýaz diýlende bar-da ýaz-da, näme, bu ýere özüňi görkezmzäge geldiňmi? Seniň taýjyk bolaýşyňy!...
Mugallymy geň galdyryp, Taýjyk epeý göwresini ýeňiljek göterip ýerinden turdy. Soň sesini çykarman tagta çykdy-da, eline meli alyp, ejizlän adam ýaly töweregine delminip garanjaklady-da:
-- Näme ýazmal-aý?—diýdi.
Mugallym klasa ýüzlendi.
-- Öýe näme ýumuş tabşyryldy?
Okuwçylaryň biri oturan ýerinden jogap berdi.Mugallym Taýjyga ýüzlendi.
-- Hany, bol, ýaz!
Taýjyk hykylap-çokulap durşuna, meli tagtanyň ýüzünde birki gaýta aýlady-da, gyra çekilip, ýüzüni sortduryp durdy.
Men ýazyp bilemok, mugallym. – Ol dikgerildi.—Men asla, hat bilemok!—Men bolmasa gidäýeýin-le, mugallym.
Mergen ony ýerinde oturtdy. Soň okuwçylaryň birine esgini ölläp gelmegi tabşyrdy. Ol gelen soň tagtany arassalap, oňa „degirmen", „bagbam" diýip ýazdy.
-- Hany, şu sözleri depderiňize ýazyň.
Ol klasa aýlanyp, ýapyrylyşyp, aýagy çernile batyrylan düşdüşiniň yzy ýaly edip hat ýazyp oturanlary synlady.
Mergen klasa ýüzlendi.
-- Hat, bilim Allatagalanyň ynsany bagtly etmek üçin oňa ýapan in mukaddes serpaýy. Adam her näçe owadan, mertebeli, abraýly bolsa-da, haty ýakymsyz bolsa, ýalňyşdan doly bolsa, iliň öňünde mertebesiz, özüni oňarmaýan ysnat ýaly görünýändir. Şol kemçiligiňi her näçe gizleseňem, ahyr bir gün açylar.Geliň, mem size şol ýaman aýypdan dynmagy öwredeýin.

Ol  hälki tagta ýazan sözlerini täzeden juda owadam egip ýazdy. Soň tutuş klasa her harpy owadan ýazmagyň usulyny telim ýola öwretdi. Klasda bar bolan okuwçylary ýeke - ýekeden tagta çykaryp, bu sözleri harpma-harp ýazdyrdy.Soň içinde şu sözler bolan iki sözlemi diktant edip ýazdyrdy.
Indi şu sözleri öýde ýüz sapar ýazyp geliň. Indi bolsa , täze temany geçeliň.
Ol „XIX asyr türkmen edebiýaty" diýen temada gysgajyk gürrüň berdi. Gökdepe urşy barada ýatlady. Soň şol urşuň öňüsyrasynda, uruş döwründe, uruşdan soň dörän edebiýat barada  gürrüň berdi.
-- XIX asyr türkmen edebiýaty" diýende Gökdepe uruşyny bek belläň. Ol okuwçylary bahalandyrdy.
Jaň boldy.Okuwçylar  hoşlaşyp, turup ugradylar.Mergen Yslamy saklady.
-- Näme, mugallym?!
Yslam, sen indi gijä galma. Şu sapar iň soňkusy bolsun, Bu bir, ikinjiden, men bir ýaş oglan, okuwçylar meni känbiräsgermejek bolýarlar.Men senden haýyş edýän, olar bilen gepleşip ber.Maňa okatmaga päsgel bermesinler.Özüňem birneme jan et. Bilim hiç wagt artkmaçlyk etmez. Adam  bütin ömrüne ýalňyşyp ýörmeli bolmaz-a. Senem indi bagtly bolmaga hukuk alarça bolupsyň. Sen okuwçylar maňa päsgel bermez ýaly et, men sizi janym bilen okadaýyn. Gaýrat edip, maňa kömek et!...
Yslam Mergeniň ýüzüne minnetdarlyk bilen seretdi-de, başyny atdy.
-- Sen arkaýyn bol, ýoldaş mugallym. Oglanlar bilen özüm gepleşýen, Biriniň jympy çyksyn, göreýin.

5.

Şenbe güni Rejep aga mergeni ýanyna alyp, miweli baglaryň nahalyny ýetişdirýän edara geldi.Bu edaranyň ýolbaşçysyna Arjyk aga diýýän ekenler. Ol Rejep agany gadyrly garşylady.
-- Akim, Baris gurgunmy? Menden köp salam aýdyň.
Rejep aga saglyk-amanlykdan soň, näme ýumuş bilen gelenini  aýtdy.
-- Bolýar, bolýar, gürrüňi bolmaz.
Arjyk aga agranomyny çagyrdy.
-- Rejep agamyza şol  goýup ýören dört-bäş ýyllyk erik nahalymyzdan elli sanysyny ber. Ýigrimi düýbem gowy sortlardan üzüm, alma, behi, hoz , garaly nahallaryndanam  näçe islese ber. Soň maňa hasabat berersiň.
Rejep aga bada –bat olaryň bahasyny sorady.
-- Saňa mugt, Rejep aga, ýöne Baris jan geleninde, ýarym litr berseň bolar...
Rejep aga onuň bilen razylaşmasa-da,  şitilhana baryp, olaryň boýuny, ýaýrawyny görýänçä razy boldy. Ol bäş ýyllyk nahallardan  saýlap-seçişdirip alandan soň welin, Mergeniň elinden tutdy.
Bala, bu heýç dogry kelmeýdi.Bahasyny bermeseň halal bolmaz. Haram bizge nige gereg. Men kança-da bolsa, somyny beremen.
Ol Arjyk aganyň ýanyna girip çykandan soň razy bolup gepledi.
Juda ýagşy bag aldyk. Hemmesi bahar miwe berer...

Olar oba gelip, nahallary öňden taýýarlanan çukurlara ekip çykdylar.Rejep aga her düýp nahalyň oturdyljak çukuryna ders, gyrmança, ýabyň raýyşynyň gumy Annabike daýzalaryň tamynyň günbatar ýüzündäki taşlanan haýatyň gumy bilen garyşdyryp guýýardy. Erik nahallaryny oturdanda bolsa, ýerli guma ders garyp şoňa gömýärdi. Ol üzümleri, alma, hozy, behini hem şeýdip ekdi. Soň ol ýaltanman, ekilen nahallaryň her biriniň düýbüne birki bedre suw guýuşdyrdy. Olary ekip bolandan soň bag gaýçysy bilen gyrkyp, timarlap goýberdi. Agşam ara bolsa bag ekilen joýalara täzeden suw goýberdi.
Indi çukuryň içi gelşigine gelen ýaly boldy.
Kartoşka hatarlary ep-esli bolup, ýaşyl maýsalap otyr.Sogan, sarymsak iýmäge ýarapdy.
Işikde maşyn düýdüldedi.Rejep aga hasanaklap çukurdan çykdy. Ol kimdir bir nätanyş adam bilen gürleşip, oňa süzme haltalary görkezýärdi. Ol Mergene nätanyşy görkezdi.
Bu bala Gyzylarbadyň awtobusyny sürgen.Ol çekize almakisteýir. Garaýagyzdan keltejik pyýada baş atdy.
-- Çagalaryma „Süzme bar” diýsem, „Getir, biz satyp bireli” diýdiler.Eger razy bolsaňyzä men äkideýin.
-- Satjak bolsaň, ýumurtga-da bardyr.—diýip, Mergen Rejep aganyň ýüzüne seretdi.—Ýa ony satdyňmy?
-- I-iý- diýip, myhman galkyjaklady.—Getiriň, ýumurtga-da bolsa äkideýin., erkek dogan.Başga-da nämäňiz bolsa bahajygy bilen beriň, Men ony arkamda çekemog-a, bary bir maşyn alyp gidýä.
Rejep aga iki bedre ýumurtgany, hersi on –on bäş kilogram çykjak süzme haltalary awtobusa ýükleşdi.
-- Bahasy näçe bolmaly, erkek dogan?
Ýaşuly murtlaryny sypalady.
-- Çekizäniň bitde kilosy ikki som. Ýumurtganyň bitdesi—bir tin. Çekize katyknyňky.
-- Düşündim, erkek dogan, düşündim...
Awtobus ugrandan soňam, ýaşuly gaýraky gara daga çöňňelen gözlerini dikip,agyr gara barmaklaryny bir büküp, bir ýazyp, nämedir bir zady hasaplap, ep-esli durdy.
Mergeniň elleri bag ekse-de, bar pikiri mekdepdedi. Ol bar pikir-hyýalyny „Okuwçy näme üçin mekdebe gelmedi?” diýen makalasyny işleýärdi. Bu gün ol sentýabrdan bäri geçen döwrüň içinde ilkinji sapar dersden daşarky sapagy okatmaga mekdebe gitmändi. Düýn ol şenbe güni işi çykanlygy üçin mekdebe gelip bilmeýändigini okuwçylara duýdurypdy.
Häzir onuň ýadyna düýn mekdebe gelen hat düşdi. Ol şol haty „Edebiýat” kitabynyň arasyna salyp goýupdy. Indi nahal getirilip, olar oturdylandan soň, indi hata-beýlekä güýmense-de boljakdy.
-- Ata, häzir menlik iş barmy?—diýip, ekine güýmenip ýören ýaşula ýüzlendi. Ýaşuly gök peljagazlaryň arasyndan”ýok” diýip gygyrdy. Mergen çukurdan çykdy-da, duşa girdi. Ol duşdan plotensiýasyny egnine atyp çykanda, sekiniň üstünde oturan Kolka müjigi gördi. Onuň ýanynda şu etraplarda belli kerpiç örüji

hasaplanylýan Allaberdi pişik diýilýän adamam otyrdy.Mergen olar bilen güler ýüzli salamlaşdy.
-- Näme, Kolýa daýy, nämeden razy däl sen?
Kolka müjük elini silkdi.
-- Men  şaltaý- paltaý bilen sögüşdi.
Mergen güldi.
-- Sögüşmek bolmaz. Rejep aga seni gaty gowy görýändir.
-- Sen aýlyk ber diýdi. Ol bermedi. Men „Seniň bilan işleçek dal diýdi.Men Mergen bilen işlejek"dyýdy.
Sekiniň başyndaky hümür-hümüre Rejep aga-da çukurdan çykdy. Ol Kolýa müjügi görüp begendi.
--Kolka müjük, kel owkat iýeliňler. Çaý içeliň!
Kolka müjük öýkleli ýylgyrdy-da, Hudaýberdi pişigiň ýüzüne  seretdi.
-- Ýoh, şaltaý-paltaý çaltyraçyk aýlyk berdi. Men kaýtçak
Kolka müjük onuň garşysyna geçip oturdy-da duran ýerinden ellerini silkeledi
-- Kolka müjüg-aý,  üç metr nagym kazyş kereg-aý. – Ol  ýerinden turdy-da, ýorgalap gidip, günbatardan ikinji hüjre bilen  ýaňy guýulan aralygyny aýagy bilen çyzdy.—Karaň-aý, mana,ikki metr. Mundan kapy açyş kereg.Mundan nagym kuruş kereg.
Ýaşuly öň janyny ýakyp düşündirse-de, Mergen   onuň näme diýjek bolýanyna kän bir  üns bermändi. Şonuň üçin ol gaýtadan soramaly boldy.
-- Ata, nagym nämä gerek?
Ýaşuly rusça düşündirdi.
Nagym, koridor, perehod bolady.
-- Ol nämä gerek?
Ýaşuly Allaberdi pişigiň ýüzüne seretdi.
-- Bala, mallary bu çukura saljak bolsaň, ondan çykarjak bolsaň. Sementiňi, kerpiçleriňi çykarjak bolsaň,  ýetişen mahaly kartoşkany, erigi, beýlekini çykarmak gerek bolar. Şonda olary nireden çykarjak, nähili çykarjak? Eger häzir nagym gursak, jaýyňpodwalyna barar. Ondanam daşyna çykararsyň. Podwaldan çykmak  kyn däldir.
-- Kolka müjük ylalaşdy.
-- Ýakşy, ýaman, Biz koridor çekdy. Sen bize aýlyk berdi.
Mergen  içeri girip pul alyp çykdy. Üç ýüz otyuz manady Kolka müjüge berip, içeri girdi-de, puluny sanady.
Onuň dört müň alty ýüz elli manady bardy. Onuň üstüne aýlygyndan ýygnan pulunam goşup, tegelek bäş müň manat edip, ýaglyga dolap pul ýygşyrýanja ýerinde  goýdy.
„Bu gün oktýabryň on bäşi, erte-birgün hakujam beriler. Elli manada golaý galam hakymam bar.Nesip bolsa, puldan hor bolmaryn..."
Onuň ýadyna  çemodanynda ýatan, öňden aýap ýören alty ýüz manady düşdi. Mergen çaga ýaly begendi.Ol şu ýaşan ýigrimi üç ýaşynyň içinde puldan çekinişi ýaly, hiç zatdanam çekinenokdy. Oňa şu döwürlerde ýetmedik zat, elini , dilini gysga eden zat iýeýin diýende iýdirmedik, geýeýin diýende geýdirmedik—puldy.

Ol pulsuz, goldawsyz halyna  jaýyna goşmaça otag saldy. Onuň gumy, suwy ,azaby özünden diýseňem, polluk pürsi, polyň tagtasy, bir gapy, iki penjire, jaýyň ýokarsy üçin kese tagtalary, çüýi, reýkalary, şiferi agyr pul berlip satyn alnypdy ahyryn. Olam az pul däl-ä.Tutuş bäş ýüz manat!..

Rejep aganyň karz beren pulunyň ujundan sygyr, iki öküzçe, elli towuk satyn aldy. Tigirem onuň üstesine. Olam az pul däl.Başga bir wagt bolanlygynda, bu pul sowuşyny görüp, Mergeniň ýüregi üýtgese-de üýtgärdi.

Ýöne, Hudaýa şükür, „Hudaý diýen hor galmaz" diýişleri ýaly, Mergene Özi ýetirip dur. Indem, towuklary guzlap dur.Sygyry göle berdi.Onuňam, her gije gündizde on-on bäş litr süýdi bar.

Ine,ol ýene bir uly işe başlady. Iki etažly uly jaýyň gurluşygy gidip dur, oňa-da puly nireden alarkam diýmeli däl. Bu jaýyň ýüz halta sementi, on kub tagtasy, elli sany pürsi eýýäm satyn alyndy. Olam az pul däl.

Mergeni Alla ýalkady.Nobaraly aga oňa Hydyr ata bolup sataşdy. Ol adam tagtany, sementi, şiferi bahasyndan birneme bärräk iberip dur-a.

Rejep aga bolsa Mergeniň atasyndan, enesinden boş galan ornuny dolduryp otyr.Oňa bu ýaşulular näçe alkyş aýtsa, hol bärden gaýdýar.

Ýöne Mergen düýn Amanmämmet daýyny görüp, ondan Nobaraly agany soranda. Ol:--Ýegen, ol-a ýaranok, men saňa aýdaýaýyn. Işe-de çykyp bilenok" diýipdi.Şol ynjyly habar Mergeniň ýüreginiň başynda durdy. Ol Rejep aga bir zat aýdaýyn diýse-de, hiç ýadyna salyp bilenokdy.

Häzir ol ýadymdan çykmanka diýip, daş çykdy. Ýaşulular sekiniň üstünde çaý içip otyrdylar.

Mergen Rejep aga Amanmämmet daýyny görenini aýtdy.

-- Şopurymy?

--Şopury!

-- Meýli...

-- Ondan Nobaraly agany soradym."Ol ýaranok, indi işe-de çykyp bilenok" diýdi.

-- Ýaşuly başyny galdyrdy.

-- Men ertir şony sorap gaýtjak!Gyzylarbatdan näme gerek bolsa, aýdyň!

-- Meýli!

Mergen çukura tarap seretdi.

-- Şoňa bir bedre ýumurtga, süzme äkidip bolaýsa...

Rejep agaMergeniň sözüne „ýok"diýmedi.

Mergen ýene otagyna girip, ýazuw esbaplaryny eline aldy.

Öňde Mergen üçin agyr hepde garaşýardy. Ol birinji günden başlap agşamky mekdepde okaýan okuwçylarynyň ählisiniň iş ýerlerine baryp göresi gelýärdi. Olarýň okuwa gatnamazlygyna işleriniň täsir edip, etmezligini bilmek zerurdy.Alyp bolsa, olaryň iş edarasynyň telefonyny almalydy.

Mundan başga-da, ikinji günden başlap kitaphana baryp, SSSR Ministrler Sowetiniň, SSSR magaryf ministrliginiň agşamky işçi ýaşlar mekdeplerini açmak baradaky Kararynyň haçan çykandygyny, munuň näme zerurlygynyň barlygyny, bu mekdepleri açmak bilen nämeleri göz öňünde tutandyklaryny bilmelidi.

Döwlet bu möhüm iş boýunça şunça serişde, mugallym, okuw jaýlaryny, okuw esbaplaryny, kitaplary harçlaýarka, ýerli edaralaryň, okuwçylaryň bu okuwlary

äsgermezçilik etmegini,  bu meselä tutuş etrap, welaýat bolup, biparh garalmagyny Mergen öz ýanyndan hiç bagyşlap bilenokdy.Onuň üstesine , mugallym hem az-küş zähmet çekenok ahyryn. Mundan gijäniň bir wagty näçe ýol söküp, syňsyryklap gidip, oňa taýýaryk görüp,  yhlas edip,barybam ýigrimiadamyň diňlemeli dersini bäş- alty adamyň diňlemegi, akla sygjak zat däl ahyryn.
Agşamky mekdeplerde „Okuwçy ýok, okuwçylar  başdan  ahyryna gatnanog-a" diýip, begenýän mugallymlar hem barsa bardyr, okatmak meselesine „Aý, agşamky mekdepdir-däýt" diýip, sowuk-sala garaýanlaaryňam bolmagy mümkin. ÝöneMergen hak alyp, saňa  hormat bilen ynanylan işe  beýle garamagy asla makullamaýardy.
Şeýle bir güýçli makala ýazmaly! Diňe agşamky mekdebe gatnamaýan okuwçylaryň däl, tutuş Türkmenistanyň Magaryf ministrliginiň injigi saňňyldasyn.
Bu makalada  agşamky mekdepleriň mugallym kontingentini güýçlendirmek baradaky mesele-de esasy  ýeri tutmaly. Biziň mekdebimizdäki ýaly, garry-gurty, eli, ýüregi bir wagt  sowap, professional ýitiligini  unudaňkyrlan   halkymyzyň ylymly, bilimli, ýokary medeniýetli, düşünjeli bolmagy üçin jemgyýetiň, ynsabynyň öňünde jogapkärçilik çekmeýän,  özüniň ownujak bähbidiniň guly bolup ýören mugallymlary ýaş, zehinli,  talapkär mugallymlar bilen çalyşmagyň hem meselesini goýmak gerek.
Mergen indi  bu makalasyny ýazaýanda-da haýsy redaksiýa iberjekdigi barada-da oýlanýardy.
-- Aý, ýok, Mugallymlar  gazýetine"-hä iberibem oturmaly däl. Olaryň beýle makalany çap etmäge injigi ysmaz. Ony „Sowet Türkmenistany"  gazýetine—Ol sakga durdy.—Ýok, ýok, „Türkmenskaýa iskra" gazýetine ibermeli. Bu gazýet batyrgaý makalalary kän berýär.Ony ministrlerem, beýleki ýolbaşçylaram okaýandyr. Onsoňam, Çeleken, Nebitdag, Krasnowodsk, Mary, Çärjew ýaly ýerler hem senagat ugurlary bolansoň, „Türkmenskaýa iskra „ gazýetini köpräk okaýan bolmaly. Bolmanda-da bu gazýetde-de çykyş etdigim bolar-da.Özünem „Maňa galam haky gerek däl, galam hakyny çagalar fonduna geçiriň „ diýibem ýazmaly. Goý, olar
meniň şujagaz makalanyň üsti bilen bir bäş şaýy gazanjak bolmaýanyma düşünsinler"
Mergen bu tema boýunça ýadyna düşen meseleleriň kellesine häzir gelen meselelerini, berkiräk, ýumşagrak aýtmaly ýerlerine çenli  depdere geçirdi.
Ol öten agşam agşamky mekdepde okaýan okuwçylaryň iş ýerleriniň salgysyny görmek üçin  žurnalyň arkasyna göz aýlanynda, okuwçylaryň esasy köplüginiň etrap nebit bazasynda, „ merkezi keselhananyň Tiz kömek" bölüminde Bütinsoýuz bagçylyk institutynda,, gurluşykda, suw edarasynda ilata durmuş tasýdan hyzmat edýän kombinatda işleýändigini bilipdi. Bu edaralaryň ählisinde-de iş sagat altyda  gutarýardy. Onuň üstesine-de,  agşamky mekdepde okaýan okuwça  okuwy bar güni  işden bir sagat ir gaýtmaga rugsat berilýärdi.
Şonuň ýaly gowy mümkinçilikler döredilen wagty okuwçy näme üçin okuwa gelenok? Mergen munuň esasy sebäbini ýaltaçylykdan, kşiniň azabyny, döwletiň

döredýän ummasyz mümkinçiligini äsgermezlik endiginiň kök urup gidenliginden görýärdi.
Etrapda nebit bazasynyň direktory, nahal ýetişdirýän sowhozynyň başlygy, partiýanyň etrap komitetiniň birinji sekretary , näme ilki agşamky ýaşlar mekdebini gutaryp, soň ýokary okuwa gidip, ony gutaransoň, gelip, azap edip, häzirki eýeleýän ýokary wezipelerine bellenmedilermi, näme?!
Mergeniň heniz ýazylmadyk makalanyň meselesiniň dişliliginden, gozgaýan meselesiniň juda wawwalylygyndan, hörpüniň ýokarylygyndan ,ýitiliginden çen tuyubrak, onuň soňunyň gepli, gürrüňliräk bolaýmagynyň mümkindigi barada oýlandy.Ýöne ol bu barada mundan artyk pikir edip bilmedi. Saý-sebäp bilen „Edebiýat" kitabyny portfelinden çykaranda şol hatly bukja öňünden çykdy.Ol bukjany açdy-da, haýran galdy. Hat Oguljandandy!
„Salam Mergen!" Mergen Oguljanyň hatyny tanady. Ol ak kagyzyň birinji ýüzüne ýazylan haty bir demde okap çykdy.
Ikimiz Aşgabatda aýrylyşanymyzdan soň, ykbal meniň başyma haýran galaýmaly günleri saldy. Sen meni söýmeseňem, meniň täleýimde, şu etraplaryň, Sumbar jülgesiniň duz- çöregini iýmek bar eken. Seniň dostuň, obadaşyň Şanazar maňa söz aýtdy. Men saňa göwün besläp, beýleki oglanlara ünsem bermän bäş ýylymy geçirdim. Sen menden ýüzüňi sowaňsoň, men dagy näme edeýin?Şanazaryň ýaman oglan däldigini özüň maňa aýdypdyň.Onuň bilen bileje toý tutduk. Işe ýerleşdik.Häzir raýon merkezinden iki otagly jaý alyp, ýaşap, işläp Obada gül ýaly jaýymyz, işigimizde aňrybaş ulagymyz bar. Şanazar raýkomda instruktor, men raýkom komsomolda bölüm müdiri! Kem zadymyz ýok. Arada ejem jan gezmäge geldi. Ol seni sorady. Senden habar tutup durmaýanym üçin maňa käýýedi.Şonuň üçin saňa hat ýazýaryn. Eger mümkin bolsa, maňa iki barmak hat ýazyp iber.
Men saňa bir maslahat bereýin. Mergen, Şanazaryň aýal dogany Tuwak seni erbet görenok. Gowy işi bar. Basym ösdürjekler ony. Gurply ýeriň çagasy. Wezipesi, jaýy, puly, egin-eşigi seniň ýaly ýer urup, ýerde galan garyp, ýetimçe ýigidi goldap biljek.Şony alsaň, senem biziň ýaly bagtly bolup, ömürboýy eşretli durmuşda ýaşarsyň. Eger razy bolsaň, hatyňda ýaz... Men araňyzda duraýyn. Seniň gazýetlerde çykýan makalalaryňy hemme kişi halaýar. Şanazardan başgalar—degişme.Seni mekdebiň porsy deminden gabanýaryn. Salam bilen öz Oguljanyň. Hatyňa sabyrsyzlyk bilen garaşýaryn, garaşýaryn..."
Mergen Oguljanyň hatyny gaýtalap-gaýtalap okady. Soň ony öz bukjasyna saldy-da, kitaplaryň biriniň gatyna oklady-da, sekiniň üstünde ýazylan düşegine geçdi.
Mergen irden sagatyň jyňňyrdysyna oýanyp, duşa girip, ýuwundy.Mallaryna, towuklara ot-iým berişdirdi. Gelip, düşeklerini ýygnady-da, çaý goýunyp, içeri garap:
--Ata, turduňmy?—diýdi.
Rejep aga turup, ýuwundy, soň sygyryny sagyp geldi. Saçaga düýp käsäni dolduryp, çiggaýmak äberdi.
-- Öjegimiz süýtli, süýdi ýagly.Eger kir ýuwulýan maşyn satyn alsak, mesge edemiz. – Ol bu barada Mergene birki gaýta aýdypdy.Emma Mergen gatygyň

ýanlykdan başga ýaýylyşyny bilmeýärdi. Onsoňam, onuň kellesi häzir makalalar bilen Nobaraly agadan başga hiç zady alanokdy.
-- Ata, men süzmäni nämede alyp gitsemkäm, ýa bazara süýt alyp gidýän bedonymyzda alyp gidäýeýinmi?
Rejep aga agşamdan ýumurtgany bedrä, süzmäni akja bedona guýup goýan ekeni.
-- Men sarymsak, noş pyýaz ýygaýyn. Ýarawsyz kişi aşa karyp iýse, daran bolady.
Mergen begendi.
-- Ata, awtobus sagat näçede geçerkä?
-- Akşam şopurga aýtyp koýdum. Ol seni almaga gelejek. Howlukma, men bu kün kärtişgee suw açaman.
Ýaşulynyň aýdyşy ýaly boldy.Gyzylarbada gidýän awtobusyň şofýorynyň özi işige geldi. Ol Rejep aga bilen alan harytlarynyň bahasyny hasaplaşdy. Soň awtobusa barýança Mergeniň goşlaryny göterişdi.
-- Sen, erkek dogan, Gyzylarbatda kimiňkä barmakçy?
Mergen Nobaraly aganyň adyny agzady.Şofýor ony tanady.
-- Nä, ol bazaryň hataryndaky howlularda ýaşaýan bolmaly. Men onuň öýüne bardym diýsem-ä, ýallançy. Ýöne ýaranak diýib-ä eşidenim çyn, erkek dogan.
Mergen:
Meni şolara elt. Öýlänem alyp gaýt—diýip, haýyş etdi.
Şofýor ýigit şähere barandan soň, birki adamdan salgy alyp, Nobaralyaganyň öýüni tapyp, Mergeni onuň öýüne elinjek eltdi.Mergen düşensoň, :"Men öýlän gelerin" diýip öz ugruna gitdi.
Mergen baranda ýaşuly haly harap halda ýatyrdy. Içeri sowukdy. Ýaşuly gyzdyrmadan ýaňa, ýorganyň içinde titireýärdi.Ol Mergeni tanamady.Mergen özüni tanatdy. Emma ýaşulynyň aňy almady.Mergen:
-- Men Garrygaladan, Ata seýsiň ogly Mergen !..
Ýaşuly başyny çala ýaýkady.
Mergen ýaşulynyň düşegini düzetdi. Çaý goýdy. Ýaşulynyň sowatgyjynyň içi boram boşdy. Ol çaý demläp, ýaşula birki käse çaý içirdi.
-- Aýyr çaýyňy. Meniň içim baýtalyň içi ýaly.Maňa iýmäge bir zatjagaz bereweri.
Mergen bazara ylgady. Iki sany çörek, kartoşka, sogan,pomidor, tagamly, gymmat kolbasa, ýumurtga, gaýmak satyn alyp, yzyna gaýtdy.
Ýaşuly başyny galdyryp- galdyrmanka, kolbasany pomidor, sogan bilen gowyryp, üstüne üç- dört sany ýumurtga çakdy.
Ýaşuly ýerinden turdy. Daş çykdy. Ol gelýänçä Mergen içerini tertibe salyp, orta saçak ýazdy.
Nobaraly aga Mergeni tanady, Ol saçagyň başyna geçdi.
-- Sizi Amanmämmet daýydan soradym. Ýaranok diýdi. Şu gün „sorap geleýin" diýip ýörite gaýtdym.
Nobaraly aga garbandy. Çaý içdi. Soň dermanlaryndan içen boldy. Mergene agyrly aýagyna derman çaldyrdy.
-- Gelip, oňarypsyň, bally. Halym harap bolup ýatyrdym-da! Edil, Hydyr ata bolduň.

Mergen ýaşulynyň ýaşly, biçäre gözlerine dözümsizlik bilen garady.
-- Däde, men seni oba alyp gitmäge geldim. Bu ýerde sen hor bolarsyň.—Mergen beýle pikire birden nädip geleninem duýmady. Ol içinden „Obada Rejep aganyň ýanynda hor bolmaz. Iki adama ýeten yrsk üç adama-da bolar. Bile bolsak hor etmeris” diýip oýlandy-da, daşyndan.-- Obada süýt berip duran sygyrym bar. Guzlap duran elli towugymyz bar. Iýmek-içmekden, derman-däriden özüm hor etmen.Öýümde bir özbek ýaşulusy ýaşaýar. Jany sag, eli süýji, ikiňiz hümürdeşer güýmener ýörersiňiz.
Nobaraly aga böwrüne doňuz diňini salsa-da, razy bolmady.
-- Ýok, bally.Obadyr , galyň dili şerebeliler:„Men diýen wagty öýüni, ilini taşlap, gaçyp gitdi. Indem, ebgarlansoň, gaýdyp gelipdir” diýip, ýok ýeriň gürrüňini ederler. Men seniň obaňa belet, bally.
Mergen ýaşulynyň ýanyna alyp bolaýjak geýim- gejimine göz aýlady.
-- Bar gorkýan zadyň şol bolsa, ony gaýgy etme. Birki aý öýdenem çykarman saklaryn, halyň ganymatlaşansoň, gaýdyber.
Nobaraly aga sesini çykarmady. Mergen has batyrgaý daraşdy.
-- Öz obaň.Açyk howa. Zada zar etmäýin. Tanyş ýerler, sähel bäri baksaň. Sadaka diýdi, toý diýdi,, oba üýşmeleňlerine gatnaş. Ol obalarda indi saňa gyjalat berjek bolup duran adamam galan däldir. Menem: Gezmäge geldi” diýerin. Näme obaňa, iliňe gezmäge gelmek gadaganmy?! Onsoňam, seniň eliňden,aýagyňdan daňyp saklajak bolup duran adam ýok. Ýaramasa, gaýdarsyň. Hiç bolmanda bir hepdejik elin seredeýin.
Ýaşuly sesini çykarmady. Ol ep-esli içini hümledip oturdy-da, Mergeniň ýüzüne ilgezik seretdi.
Bir hepde, ýarym hepde gitsemem gidäýerin. Ýöne goňşy gapyny kak, Maşany çagyr...
Mergen goňşy gapyny kakdy. Ondan garryja, zordanjyk ýöreýän aýal çykdy.
Saňa kim gerek?
-- Sizi Nobaraly aga çagyrýar.
Garry aýal zordan gymyldap içeri girdi.
-- Nobaraly, näme gerek?
Ýaşuly Mergeni oňa tanatdy.
-- Meni oba alyp gitjek diýýär.Jaýa özüň göz- gulak bol.
Garry aýal aglady.
-- Hudaýa şükür, gördüňmi, dünýäde ýagşy adamlar heniz tükenen däldir. Git. Gitseň,Allaýaryň bolsun.
Mergen bir bedre ýumurtgany, bir bedon saüzmäni, gok sogany, sarymsagy ol aýalyň otagyna eltip berdi.
Garry Mergeniň elini eline aldy-da, ony öpdi.
-- Meniň pulum ýok, oglum, munça zady nädip maňa berýäň.
Mergen jübüsinden elli manat çykardy.
Ene jan, alyň şuny.Garry aýal bu jomartlyga ynanjagynam, ynanmajagynam bilmän, minnetdarlyk bilen ýylgyryp, Mergeniň beren zatlaryny otagyna daşady. Soň bedräni, bidonjygy boşadyp yzyna berdi.

-- Görgülini ýalkadyň, bally. Özi garrap sandan galan garry bolsa-da, ýene, maňa-da hemaýat bolan şu garry. Alladan gaýtsyn...
Agşamara Mergeniň ýoluna çykyp, garaşyp duran Rejep aga Mergeniň gelenine begendi.
Mergen şofýor ýigit bilen göterip diýen ýaly , Nobaraly agany awtobusdan düşürdiler. Soň Mergen ony arkasyna aldy-da, işige eltip, sekiniň üstünde oturtdy.
-- Däde, hany, aýakgabyňy çykar, eşikleriňi ýeňlet. Gyşar-da, dynjyňy al!
-- Hany, bally bir çaý ber...
Ýaşuly sekiniň üstünde özi üçin ýazylan düşege geçip, başyny ýassyga goýdy.
Bu ýagdaýy synlap haýran galyp duran Rejep aga Mergeniň ýüzüne geň galyp seretdi.
-- Bala, bala?!—diýdi.
Mergen Rejep aganyň geň galmasyna düşündi.
Ata, barsam, haly harap ýatyr, iýere-içere-de hiç zat ýok, bolaýanda-da ony alyp berjegi ýok. Onsoň , alyp gaýtdym. Bärde özüň bar, men bar. Göz –gulak bolarsyň. Iki sakaldaş bolup, hümürdeşip gezer ýörersiňiz, arkalaşar geziberersiňiz – diýdim.
Rejep aga ýylgyrdy.
-- Hop maýli!
Mergen ýylyjak suw taýýarlap, Nobaraly aganyň elini ýuwdurdy.
-- Däde, şol-a hajathana, gapdalyndakam, duş.Özüňem meniň bilen bir otagda bolarsyň.
Ýaşuly razylaşdy.
--„Göwün sygsa, göwre sygar” diýipdirler. Meni dowzahdan alyp çykdyň, şolam az – küş zat däl, bally!
Olar üç bolup, ümmüldeşip, çaý, çörek iýdiler. Soň Mergen ýaşkiçilik edip, gidip mallaryň otuna, suwuna seredip geldi. Rejep aga sygyry sagyp geldi.
Ol gelende Nobaraly aga oturan ýerinden töweregine nazar salyp nähilidir bir aýdymjyga hiňlenip otyrdy.
-- Köne mülke döneýin, köne mülke!—Ol sähel soňurak Mergeniň jaýynyň gurluşygyna aýlandy. Soň çukuryň ýokarsyndan gadym atýatagy synlady.
-- Bäri gel, bally!—diýip, özüne seredip duran Mergene ýüzlendi.—Muny arasalan mahalyňyz, atýatak şu durşuna duran ekenmi?
Mergen bu çukuryň aý ýarym mundan öňki ýagdaýyny gürrüň berdi. Soň gapdalda depe bolup ýatan gap-gara gumy görkezdi.
-- Bir aý gijesi-gündizi bilen azap ýamanyn-a berdi.
-- Hany, düýbüne patyşalyk kerpiç ýazylan bolmal-a!
Mergen eli bilen çukuryň gyrasyny görkezdi.
Bar, bar kerpijem, beýleki zatlaram bar eken.Olary aşakky hüjra ýygşyrdyk.
Ony goýma. Jaýa ulan. Heýwere gawy kerpiç bolmaly.
Mergen başyny atdy.
-- Ulanarys, däde.
Mergen gezegi Rejep aga berip, aýak ýygnanansoň, öz otagyna gitdi.

Rejep aga köne tebipligini bildirip, tä ýary gijä çenli Nobaraly aganyň dertli aýagyna, ýoňlamasyna däri-derman etdi.

**6.**

Mergen üçin aladaly günler başlandy. Ol üçünji mekdepde-de, agşamky mekdepde-de çärýegi jemlemelidi.

Ol öýüň aladasyndan dynypdy. Iki goja hümmüldeşipjik, iş-aladany Mergene ýetirenokdy.

Nobaraly aga öýe, oba ýagşy öwrenişdi. Indi onuň aýagy Rejep aganyň edýän emleriniň zarbyna , düýbünden aýrylyp gitmese-de, gowulaşypdy. Ýöne onuň bu ýerde öwrenişip bilmeýän bir zady bardy. Olam, hemişe Moskwa wagty bilen, ýerli wagty çalyşýardy. Eger äwüp-säwäp sagat soraýsaň, hökman iki sagat kem aýdýardy. Rejep aga üçin-ä sagat boldy, bolmady, onuň parhy ýokdy. Onuň ýekeje hasaby bardy, olam – puldy. Ol her aýda Mergene müň manat bermese, edil, çöregini gury iýen ýalydy.

Mergen indi jaýynyň gurluşygyna-da, gurluşykçylara-da kän bir üns berenokdy. Olaryň piri Nobaraly agady. Ýaşuly ýekeje çüýden başlap kerpiji, pili, paltany, bir gysym sementden başlap, bölejik tagta çenli , edil eşrepi ýaly tutýardy. Görlüp oturylsa, onuň pikiri, maslahatlary-da, elen gyzyl gül eken.

„Ýerde oturyp bilemok” diýip, hajathana ortasy deşik oturgyç ýasap goýdy. „Çukura girmek, çykmak hyllylla” diýip, giň, berk merduwan ýasady.Mergene hatyny işlär ýaly stol, oturgyç ýasady. Özi sekiniň gapdalynda oturar ýaly oturgyç ýasady.

Ol Rejep agadanam, Mergendenem otursa, tursa razy bolýardy.Emma gurluşykçylardan welin razy däldi.

Birinji gaty baýramçylyga gutarmasalar aýlyk ýerine daşyň gatysyny alarlar

-- Ýaşuly, işleýäs-ä, görüp dursuňyz-a, boş- a oturylanok—diýip, Hudaýberdi pişik jozzuk ýaly ýüzüni ýaldyradyp, ýaşyla hoňur-hoňur edýärdi.

Nobaraly aga bolsa:

-- Hudaýberdi, bally, ataň ýaly adam ýalan sözleýemmi. Gatyjak içip, çaljagaş içip, ýaglyja, süýjüje naharlar iýip, mesje ýaşaýanyňyz-a görnüp dur. Emma ýagyrnyňyzy derledip işleýäniňiz-ä göremok. Enwelidem bolsam, dört bolup, on günde eden işiňizi bir günde etmesem, „tüf” diý ýüzüme.

-- Bilemok, işleýşimizden Mergen-ä razy.

Ýaşuly elindäki hasasyny gütüledip ýere urdy.

-- Mergen poh bilýärmi? Ýer onuňky däl, toý onuňky däl, jaý onuňky däl. Ol bir öz ugruna eňip ýören mugallym ahyryn. Onuň özünem kowup goýberjek şindi.

--Onda jaýkimiňki?—diýip, Hudaýberdi kirpiksiz gabagyny galdyryp, pişigiňki ýaly mawdar gözlerini mölertdi.

-- Ýerem, jaýam, pulam meniňki! Uruş inwelidi bolanym üçin ony maňa berdiler bu ýeri. Indi ählisine özüm jogap berýändirin. Baryň eşidip goýuň. Sähel sypjyklyk etdigiňiz, küşdüňizi bererin.

-- Ýaşuly, şertnamany Mergen baglanşandyr!

Ýaşuly çyna berimsiz gaharlandy.

-- Men  bilmen. Şu gelýän baýramçylyga çenli birinji gat bitmesin. Men şertnamaňyzam bilmen , aýlygyňyzam.  Baryň-da başga ýerden iş gözläberiň.Ine, şertnama meniň goltuk jübimde ýatyr,Şertnamada „Işlemeli däl, eden işiňi menden saňa barýança, elujy  etmeli” diýilip ýazylan ýeri-ä ýok..  Men Gyzylarbatdan gowy ussalay getirjek. Ol bendeler ”Nobaraly däde meni al-da, meni al” diýişip durlar. Ellerem, edil gyzyl gülüň bar. Bular ýaly „täp-läp „ zadyňy olar hasabam etmeýeller...
Kolka müjük Nobaraly agany iki elläp makullaýardy. Sebäbi Hudaýberdi pişigiň nepinden gepi känirӓkdi. Ol onuň bilenem sanaşyp, beýleki işlejeklerem  sandan çykarýardy.
-- Gije işläň, ýeriňize adam tutup işlediň, men bilemok. Sözüm sözdür, şu birinji gat baýramçylyga taýýar bolmasyn, eddiljek garaňyzy saýlaryn...—diýýärdi.
Ýaşulynyň haýbat atmasynyň haýry degýärdi. Ussalar indi birinji gatyň kerpijini örüp,  aýnalary, gapylary oturdyp ýördüler.
Mergeniň bolsa bar aladasy okuwy, makalasydy. Ol agşamky mekdepde okaýanlaryň barysynyň iş ýerlerine aýlanyp, ýolbaşçylary bilen gürleşip gaýdypdy. Her okuwçyny başlygynyň ýanyna eltip, ýüzleşdirip çykdy.
-- Işgäriň  Meredow Juma bilen Aşyrow Gurbanberdi  agşamky okuwa baranok. Soňky gün Size gep gelse, menden görmäň—diýýärdi. Ýolbaşçysam:
-- Işden-ä edil  sagat bäş bolmanka  „Okuwym bar” diýişip, sypyrlyp gidýär olar.
-- Okuwa bir sagadam baranoklar. „Bizi başlygymyz goýberenok. Işden soňa galyp işlemeli bolýarys” diýýärler. Ine özleri, ine ýüz- gözleri.
Edaranyň ýolbaşçysy:
-- Näme-how, sen ýalan sözlän bolup, näme meniň üstüme adam getirýäň. Şu bar-a, okuwa gitmejek bolsaň,  meni adamlaryň arasynda maty-masgara etjek bolsaň, eddil, şu günüň özünde işden gümüňi çekeri. Näme beýle, äsgermejek bolýaňmy?!
Mergen şeýdip, okuňçylaryň ýolbaşçylarynyň ýanyna elin baryp, olaryň telefonyny alyp,  işleýän okuwçylaryň ählisi okuwa barar ýaly etdi. Soňam „Okuwçy näme üçin okuwa gelmedi” diýen makalasy üçin Kanunlary, Kararlary, Magaryf ministrliginiň buýruklaryny öwrendi.
Makalanyň elde ýazylany on üç sahypa boldy.Ol maşinkada ýazylanda alty-ýedi sahypa boljakdy. Iň gyzykly ýeri, Mergen bu makalany on günde ýazyp, on dört saparam täzeden göçürdi. Soň gaýta-gaýta okady. Ony durşy bilen ýat tutdy. Diňe şondan soň „buýrma” görnüşde „Türkmeskaýa iskra” gazýetine iberip, ynjaldy.
Mergen gündizki mekdepde-de, agşamky mekdepde-de, klassik şahyrlaryň belli şygyrlarynyň  iň täsirli  bentlerini diktant edip ýazdyrmasyny arman-irmän dowam etdirýärdi. Ol  bäş tegelegiň many-mazmunyny okuwçylaryň  aňyna, ýüregine siňdirmek üçin  azabyny gaýgyranokdy.Okuwçylar bäş tegelek boýunça ýüz temada kiçeňräk beýannama ýazdylar.Tegelekler boýunça işlemekden, diktant,  beýannama, düzme ýazmakdan ýaňa okuwçylar indi şahyra dönüp barýardy Iň esasam, okuwçylaryň hatyny görmäge göz gerekdi. Mergen şonda-da arkaýynlaşanokdy. Hakyky edebiýat sapaklarynam, edil sapaga düzülen ýaly, tertipli, manyly, pedagogikanyň kadalaryny  ýekeje ölçegem  gyşartman

geçýärdi. Şonda-da çärýegiň ahyryndaky pedmaslahatda „Ataýew taýýar okuwçylary alyp, hiç iş geçirmän öwünip ýör.Okuwça-da, mekdebe-de peýdasy degenok. „ diýip Çaçy mugallym çykyp geplände aýtdy.—Biz-ä erkek adamyň, onda-da ýaş mugallymyň heleý ýaly bolup, mekdepde ýumurtga satyp ýörenini göremizok. Direktor, orunbasarlar näme diýp görmediksirän bolýar. Näme üçin Ataýew ýalylara çäre görülenok. Men edeýin, şony, derrew ştanyňyzy boýnyňyza aljagyňyzy bilip durun".
Şol pedagogik maslahatda öňki terbiýeçilik orunbasar Dessegül Durdyýewa göwreliligi üçin rugsada gidýäni üçin Çaçy mugallym onuň ýerine bellenildi.
Ol aýal orunbasar bolan gününden bäri her gün Mergeniň üstünden düşüp ugrapdy.
Gazýetlerde Mergeniň makalasy çykan güni ol aýal bir çylkaly gepini aýdyp, mekdepde makalanyň täsirini gaçyrmaga çalyşýardy.
-- Bolgusyz tentek. Ondan-mundan göçürip, makala ýazan bolup, ýör—diýip, raýon bilim bölümine çenli günde-günaşa gep eltip ýördi.—„Mugallymlar gazýetiniň redaktorynyň kellesi niredekä? Şular ýaly tentegiňem makalasyny çap edip ýör.—diýýärdi.
Ol arada uly klaslaryň okuwçylaryny ýygnap, tertip-düzgün barada gürrüň etdi. Şonda ol Mergeniň ýakynda„Mugallymlar gazýetinde" çap edilen „Edebiýat sapagynda watançylyk terbiýesi" atly makalasynyň ep-esli bölegini okap beripdi.Şonda Ejeş mugallym- Näme, Ataýew mugallym erbet makalalar ýazýar diýen bolup, özüňem-ä şonuň ýazan makalsyny okap berdiň—diýende, Çaçy mugallym ýüzüne-de alman:
-- Ýerimi alar diýip içiň köýmesin heleý.Näme alanymda näme. O tentegem bir ýerlerden göçürendir-dä. Ogrudan ogurlamak halal bolmaly—diýip bihaýa gülküsini edipdi.
Mergen özi hakynda bolýan beýle gürrüňlere gulak gabardyp ýörenokdy.Ol okadýan her okuwçysynyň ýazuwy, gepleşigi, bilimi, haty, edebi boýunça, edil düzülen dutap ýaly zarňyldap durmagyny isleýärdi. Şony öz gyzynyň bolşundan gürrüňlerinden, hatyndan , okaýşyndan bilýän bir Ejeş mugallym Çaçy mugallyma:
-- Sen Mergene degme, Mergen bilen işiň bolmasyn—diýip, her gün aýdýardy.Pedagogik maslahatda-da ol :" Eger Mergen Ataýewiň özi razy bolsa, men oňa şu gün ýerimi bermäge taýýar!—diýenini tutuş mekdep eşitdi.
Ýöne, il özi barada näme diýende-de, Mergen özünden razy däldi. Oňa diňe edebiýat sapagyny beripdiler. Ol okuwçylarynyň edebiýaty bilişinden , elbetde, razydy. Emma olary dilden Çaçy mugallym okadýardy. Mergen bu mugallymyň öz bäşinji klaslaryna näme tema geçýändigini bilip bilenokdy.Klas žurnalyndaky ýazgylaram bulam-bujardy. Okuwçylaryň bolsa türkmen dilinden duran ýerleridi. Emma ol aýalyň şerraýlygyndan çekinip, hiç kim oňa „edeniň bolanok"diýibem bilenokdy.
Indi mekdep direktorynyň terbiýeçilik işleri boýunça orunbasary bolansoň, ol okuwçylary dilden okatmagyny goýar öýdüp, Mergen inçejik tama edipdi. Gaýta, ol aýal okuwçylardan diktant alyp:"Meniň okuwçylarymyň hatyna, ýazuw

depderine bir serediň!” diýip, bilim bölümine, raýonyň beýleki wezipeli ýolbaşçylaryna ýeke-ýekeden görkezip çykypdy.
Üçünji mekdebiň bäşinji „b”,”w’,”g” klaslarynyň ýazan diktanty tuyuş raýony haýran galdyrdy. Çaçy mugallymyň ady Garrygala raýonynda iň güýçli dil we edebiýat mugallymy hökmünde uly abraýa eýe boldy.Onuň suraty indi gazýetlerden düşenokdy. Emma bu mugallym 5-nji „a” boýunça ýüzigarady.
--Iň nejis okuwçylar 5-nji „a” ýygnanypdyr.Bajyjan, okamaýallaýam, ýazmaýallaýam. Alýanlary diňe ikilik, diňe ikilik.—diýip, 5-nji „a”-ny ile metgi edip gepleýärdi.—Ýok bolsun-la, sentýabrdan o klasy ýok edip taşlajak-la., jähennem bolsun-a...
Mergen sesini çykaranokdy. Eýsem, Mergen näme diýip biler, olam okadýar, olam okadýar. Onsoňam, Mergen özüne abraý geler, ady çykar, bir bähbitjagaz bolar diýip okadanokdy. Ol hakyky mugallymyyň tutuş nesilleriň beýik şahsyýet, sowatly, bilimli bolmagy üçin jan çekmelidigine ýaşlygyndan düşünipdi. Özüniň okuwçylary bu gün Çaçy mugallymyň eline düşer, ertir ýokary mekdepleriň biriniň mugallymlarynyň eline düşer, şonda, olary men okatdym, olar diňe meniňki” diýip bilmez-ä. Hut häzirem şeýle bolmaly...Elbetde, mugallymyň her hilisi bolýandyr. Olaryň azabyny aýry-aýrylykda ölçäp, netije çykaryp, baha kesip bolmaz.
Mergen öňki usulyny dowam etdirmek bilen utgaşyklylykda, okuwçylarda dilewarlyk sungatyna agram berip ugrapdy. Ol 3-nji mekdebiň üç bäşinji klasynyň okuwçylaryna Magtymgulynyň, Keminäniň, Mollanepesiň, Seýdiniň, Zeliliniň, Mätäjiniň, Misgingylyjyň, beýlekileriň belli şygyrlarynyň bentlerini dildenem, ýazuwdanam gaty berk öwretdi. Okuwçylaryň haty ýalňyşsyz, gaty owadan ýazmak endiklerini dola ýola goýdy.
Indi onuň gije-gündizki ýeke-täk arzuwy okuwçylaryna bäş tegelekli meseläni ürç edip oikadyp, olaryň aňyna ruhuna girizmekdi. Ol indi bu ugurda sözleşmekden ýazuwa geçip başlapdy. Ol bu meselede durmuşyň dürli meselesi boýunça temalaryň ýene ýüzüsini diktant edip ýazdyrdy. Şol diktantlaryň esasy talaby-- haty owadan ýazmak, haty ýalňyşsyz ýazmak, haty manyly ýazmak. Öz pikiriňi aýdyň we manyly beýan etmegi başarmakdy. Soň ol diktantlaryň örüsini kem-kemden üýtgedip başlady.Onuň pikiriçe, 5-nji klasyň okuwçylary islendik ýerde, diktanty, beýannamany, düzmäni ýüzüniň ugruna, diňe bäşlige ýazyp biljekdi.
Mergen onda-da ynjalanokdy. Ol her gün okuwçylaryna bäş tegelek boýunça bir esasy temany aýtdyrýardy. Şol gürrüňleriň iň ähmiýetlisini, täsirlisini okuwçylaryna ýazuwa geçirdýärdi. Okuwçylarynyň işini günüň dowamynda barlap, bahasyny goýup, hökman yzyna paýlap berýärdi. Okuwy bolsun, okuwy bolmasyn, baýramçylyk bolsun, toý bolsun, tapawudy ýok, ol bu düzgünini hergün dowam etdirýärdi. Okuwçylar bolsa, her gün diňe bäşlik alýardylar,
Ol bu usulyny agşamky mekdepde-de girizipdi.Özüniň okadýan klaslarynyň okuwçylaryny her agşam mekdebe çagyrýardylar. Ol bu düzgüni başda girizende itiň gününi görüpdi. Işleşip ýören, maşgalaly, çagaly-çugaly,kakasy ýaly adamlaryň igenmesi ony pälinden gaýtarmandy. Neneňdir, bir aýdan soň, okuwçylar edil, eldeki bolan mal ýaly, indi kowsaňam gaýdanokdylar. Olar

sapaga girişip, owadan, ýalňyşsyz, manyly ýazyp,  joşgünly, parasatly, suwara gepleşip başlansoňlar özleriniň  orta mekdeplerde okaşyp ýören,ýetginjek çagalaryny hem ýanlary bilen alyp gelesleri geldi
-- Ýoldaş mugallym!—diýip, kellesi gazan ýaly ullakan görünýän, şonuň üçin başgaby depejiginde hekgerip duran Nedirbaý Weliýew elini galdyrdy.  Mergen oňa söz berdi
-- Mugallym,  biziň tutuş klas boýunça sizden bir towakgamyz bardy.
-- Aýdyber.
Nedir baý aga gürrüňi daşdan aýlap,  özleriniň gündiz işde, agşam okuwda bolup, çagalarynyň terbiýesine elleriniň degmeýändigini düşündirdi
-- Ine, indem, çagalarymyz adynam ýazyp bilenok.Gündizki mekdepde okuw ýok. Şonuň üçin, biz öz çagalarymyzy  seniň okuwyňa alyp gelsek bolarmyka? Mergen   Nedirbaýy tassyklaýan okuwçylaryň  äheňinden,  okaýanlaryň ählisiniň şol pikirdedigini aňyp, olara çagalaryny getirmäge rugsat berdi.Ine, indi şondan bäri Mergeniň ýükem agralypdy, klaslaram dolupdy. Öňki boram-boş klaslarda okuwça parta tapylanokdy. Özem, bir wagtky ala - gykylyk bolup oturan klaslarda,  okaýan adam bara meňzänokdy.
Bu gün Mergen Ataýew üçin aýratyn buýsançly bir gün boldy. Onuň „Okuwçy näme üçin mekdebe gelmedi?!” diýen makalasy „Türkmenskaý iskra” gazýetinde ýalpyldap çykypdy.
Mergeniň öz-hä „Türkmenskaýa iskrany” mekdebe alanokdy. Ýöne hat-petek getirýän poçtalion oglan oňa   gazýet getirip berdi.
-- Agam, şunda gowy makalaň çykypdyr. Bu makala Mergeniň rus dilinde çap edilen iklkinji makalasydy. Ol  bu makalany  türkmen dilinde ýazyp gazýere iberipdi. Mergen begendi. Makalany her  klasa açyp görkezip çykdy.
-- Gijirägem bolsa. Şu gidişiňize gitseňiz,  siziňem makalaňyz gazýetlerde, hökman çykyp başlar.
-- Hemmämiziňkemmi?—diýip, Gülsüm sorady.
-- Hemmäňiziňki!..
Sähel günden,  ýekşenbe güni „Mugallymlar gazýeti” şol makalany türkmen diline terjime edip çykardy. Çarşenbe güni Mergeni sorap, Aşgabatdan iki adam geldi. Mergen olaryň birini tanady.
-- Salam, ýoldaş mugallym!
Jylk sary, rus adamsy türkmençe  suw ýaly gürleýärdi.Ol adam Mergeni unwersitetde daşary ýurt edebiýatyndan okadan mugallymy Wadym Sergeýewdi. Ol häzir „Uçitelskaýa gazetanyň „ Türkmenistan boýunça habarçysydy.
Ol gülmän, ýylgyrman:
-- Ýör-ow, Mergen kaka,  Türkmenistasnda  ala goh edip ýören, asyl, senmidiň—diýdi.
Mergen ýylgyryp oňaýdy.
-- Ýöre, hany, klasyňy görkez.
Mergenem ýylgyrdy.
-- Gündizki klasymymy, agşamky klasymy?!
-- Ikisinem.

Merrgen bu gün agşamyna okadýardy.Ol Wadim Sergeýewe öz klasyny görkezdi.
--Haýsy klaslary okadýaň?
--Bärde üç bäşi edebiýatdan, agşamky mekdepde sekiz, dokuz, ony edebiýatdan, dilden...
Wadym Sergeýew klasy synlap:
-- Klasyň gaty garyp, görkezme esbap ýok. Hany, Magtymguly, Kemine.Diwar gazýetleriň ýok...
Mergen baş atdy.
-- Mugallym, men uniwersiteti şu ýyl gutardym. Gyş kanikuly döwründe klasy täzeden gül ýay edip oňarjak.
Mugallym geň galdy.
-- Bary-ýogy iki aý ýarym okadýaňmy?!
-- Hawa.
-- Ýazýan makalalaň-a otuz ýyl okadýan ýaly.Makalaňy okap, men sen bir özümiz ýaly ýaşulusyň öýdýärdim. „Şundan bir zatlar öwrenip boljak" diýip bäri gaýtdym.Bu ýoldaşam suratçy Kakabaý Nazarlyýýew.Onam alyp gaýtdym.
Olaryň awtomaşyny bardy.Olar Mergeni maşynlaryna mündürip, 1-nji mekdebe bardylar. Şol ýerde-de, Mergeniň yzyna düşüp, klas žurnallaryny ýekän-ýekän görüp,okuwçylaryň işleýän ýerlerini,näçe wagtdan bäri okuwa gelmeýändiklerini, näçe sapagy goýberendiklerini gördüler. Agşam Mergeniň sapagyna girdiler.
Mergeniň klasy agzy-burny bilen doly bolsa-da, beýleki klaslarda, bary-ýogy bäşdir, üçdür adam bardy. Myhmanlar olar barada-da maglumat aldylar. Okatmaga gelen mugallymlar bilen gürrüňdeş boldular.
-- Okuwyň ahyrynda Wadym Sergeýýew Mergeniň gulagyna:
-- Nirede bir çüýşe gatyk bilen bir çüýşe arak içip bolar?—diýip pyşyrdady.
Mergen sagadyna seretdi.
-- Ýöriň, mugallym. Men ýekeje ýeri bilýän—diýdi.
Olar üç tirkeş bolup, golaýdaky dükana bardylar. Mergen iki çüýşe arak aldy.Soň maşyn Mergeniň öýüne bakan gitdi.
Wadim Sergeýew Mergeniň boýy ýeten jaýynyň owadan binýadyny, mallaryny, towukklaryny, tertipli mellegini synlap , akly haýran bolup birsalym durdy.Soň Mergene:
-- Sen, Mergen molla, iki ýerde agyr işiňden, ýazýan makalalaryňdan, munça ýola günde iki sapar kä tigirli, kä pyýada gatnamalaryňdan daşary, munça mal-mülke, nädip ýetişip bilýäň?!—diýdi.
Mergen olary ýylgyryp, saçak başyna çagyrdy. Olaryň bolsa agşamky uzak oturyşmadan soň , bu eşrepi ýaly howada, süňňüýeňillikden ýaňa uçaýjak bolup duruşlaryna, saçak başyna geçesleri gelenokdy.
-- Sen hakynda hut häzirem gowy oçerk ýazmak bolýar. Men Türkmenistanyň müň mekdebine aýlandym, ýöne seniň ýaly mugallym görmedim.
Mergen olary gyssady.
-- Ýöriň, çaýy sowatmalyň, garbanalyň.

Ol saçaga gowurdak bilen gowurylan heýgenek, uly şakäse çiggaýmak, çaý-çörek,  başga-da, şirin nygmatlary goýuşdyrdy.
Saçak başynda mesawy gürrüňçilikden soň Wadim Sergeýew başyny ýaýkady.
-- Mergen molla, seniň bu mellegiňden jennetiň ysy gelýär. Men-ä, walla, agşam näçe iýip , içen bolsamam, ertir ediljek guş ýaljak ýeňil turdum. Seniň bu ýeriňde bir keramata bar.
Olar gaýtjak bolup hoşlaşanlarynda Rejep aga olaryň hersine bir bedre ýumurtga, üç litrlik bankany dolduryp süzme berdi.
-- Ýene bitte aýdan kerteşkämiz ýetişer. Şonda keliň, paýyňyzy koýaman.
Mergen olar bilen mekdebe gitdi.
Dekabr aýnda Mergeniň hasyl ýygnaýan  aýy boldy. Rejep aga kartoşkalary ýygnap, olary kagyz haltalara gaplady. Hasyl ýygnalanda   iri kartoşkalareyň özi ýüz halta boldy. Galan   ownuk-uşak kartoşkada kiçiräk harman bolup ýatyrdy.
-- Bala, bulary ozüm sataman.—diýip, Rejep aga otursa-tursa tekrarlaýardy.
Ondan başga-da, geçen üç aýda balyk ýaly semrän öküzçeleri Aşgabatdan gelen mal alýanlara gowja bahadan ýerläpdi.
Gyşyň düşmegi bilen onuň  sagýan ýagly süýdüne-de,  ýumurtgasyna-da, şu obanyň özündenem hyrydar tapylyp ugrady.
Mergen üçin Wadim Sergeýew bilen bilelikde „Okuwçy näme üçin gelmedi?” diýen makalalarynyň Moskwada „Uçitelskaýa gazetada” çykmagy  gaty uly şatlyk boldy. Özem makalada onuň ady”Garrygala raýonynyň 1-nji  işçi- ýaşlar mekdebiniň dil we edebiýat migallymy Mergen Ataýew” diýip ilkinji gelýärdi. Soň Wadym Sergeýewiň ady gelýärdi. Ýöne  tutuş raýonda bu makaladan  hiç kimiň habary ýok ýalydy. Ony diýseň  şol döwürde „Prawda” gazýetinde „Mugallyma ikilik” atly dişli makala-da çap edilipdi. Ol makalany radioda-da okadylar.Respublikan gazýetleriň ählisi ony terjeme edip, öz sahypalarynda berdi.
Türkmenistanda bilimiň ýagdaýy barada Moskwada çap edilen bu iki dişli makaladan soň, raýonlaryň bilim bölümlerinde,   bilim ministrliginde, pedagogik ylmy-barlag,  mugallymlary kämilleşdiriş institutlarynda ala-goh edilip ýygnaklar geçirilip başlady.Soňam, yzy hiç zat bolmadyk ýaly bolup kesildi. Ýöne onuň soňky tomaşasyny Mergen görmeli boldy.
Ikinji çärýek jemlenip, okuwçylar gyş kanikulyna çykdylar.Mergeniň gurdurýan jaýynyň birinji gaty  doly gurlup, gutaryldy.Nobaraly aga gurluşykçylardan bu jaýyň her garşyny uly söweşler bilen kabul edip aldy.
Jaýyň poluny- penjire, gapylaryny  dört-bäş sapar reňkletdi.
Ine, ynha, indi dört sany syrçaly jam ýaly polly, potolokly ajaýyp otag lowurdap dur.
Ussalar Nobaraly aganyň „berekella” aýdaryna mähetdel,  şertnama laýyk almaly haklaryny talap edip başladylar.
Každomu beş üz altmyş manat bermeli!—diýip, Kolka müjük Allaberdi pişigiň mawdar gözlerine garap aýtdy.—Ikkinçi etaž fewral aýy başlçak.
Mergende Rejep aganyň kartoşka satyp beren iki müň bäş ýüz manadyndan diňe iki ýüz elli manady galypdy.

Gurluşykçylar bilen  hasaplaşandan soň Mergende on müň  iki ýüz elli manat galdy. Şonuň içinde süýt-gatygyňam, ýumurtgadyr, öküzçeleriňem, sogandyr, sarymsagyňam , iki ýerden alýan aýlygynyňam,, galam haklary, okuwyny gutaranda jemlänje pulam , aý, garaz, ähli jemlänjesi .bardy. Agşam işden gelensoň, Mergen pully düwünçegini  goltugyna gysyp, eýwana çykdy.
-- Ata, däde, bäş minutjyk meniň ýanyma gelip gidiň.
Gojalar sekä geçip, Mergeniň garşysyna geçip oturdylar.
Mergen pully düwünçegini açdy.
-- Ine, şular biziň bar pulumyz.—Ol düwünçekden alty müň manady topbagy bilen aldy-da, Rejep aganyň öňünde goýdy.—Ata, Taňry ýalkasyn! Amanadyňyzy alyň!
Rejep aganyň çöňňelip ugran gözleri elek-çelek boldy.
-- Onça som zyýat deýilmi?Zyýat!Zyýat!
Mergen ellerini daldalatdy.
-- Ata, goýuň. Allanyň haky üçin  alyň karz beren puluňyzy.—Ol haýran galan ýüzüni Nobaraly aga öwürdi.—Men sentýabr aýynda Rejep agadan alty müň manat pul karz aldym. Indi , işlerimiz ýola düşdi. Bergene beren ýagşy.
-- Onsoň, indi boldumy, bally. Sen jaýyň ikinji gatyny näme etjek.Jaýlaryňa näme düşejek. Satylan öküzçelere derek  iki sany öküzçe almaly.
Mergen düwünçegi görkezdi.
-- Ine, ine,  dört müň manat pul, Müň manadyna iki sany öküzçe  satyn alarys. Iki ýüz manadyny iýeris. Entejik satmaga kartoşkamyz bar-a. Atam  ýumurtga bilen süýt satybam, bizi baýadar. Men basym iki ýüz manat aýlyk almaly. Nesip bolsa, indi horlanmarys.
Ýaşuly ýüzüni sallady.
-- Bally—diýdi.—Sen mendenem birnemejik pul karz alsana!
Mergen amanat ýaly bolup oturan Rejep aganyň agyr, pikirli ýüzüne garady. Men  senden pul karz alyp, ony näme edeýin?
Nobaraly aga  güldi.
-- Wah, bally, bally!Şular ýaly iki gat köşk gurýarkaň,şular ýaly mülküň barka Erejep şaltaý diýen ataň, Nobaraly diýen dädeň barka, köne tigirçegiňi şakyrdadyp, ile çykmaga utanaňogammy?!
Mergeniň hortap ýüzi duw gyzyl boldy.Uýalmakdan hersi şapbat ýaly gulaklary gymyldaşyp gitdi.
-- Dädeňde elli müň manat pul bardyr.Şonuň ýigrimi müň manadyny bir ýyllyk karz bereýin.Sen git-de   täzeje „Wolga” maşyn satyn al. Näme, jaýyň ikinji gaty üçin, sementiň, kerpijiň,  armaturyň,tagtaň,  şiferiň aňry ýany bilen ýeterlik. Ussalary üzer ýaly puluň taýýar. Diňe maşyn alaýmaly!—Ol Rejep aga sala saldy.--  Şaltaý agam, ýa meniňki nädogrymy?
Rejep aga owadan ýylgyrdy-da, ozalam işim-işim bolup duran murtuny burumlap goýberdi.
-- Meý-leý, meýli!..
Nobaraly  aga Mergeniň ýatsa-tursa ýadyna, oýuna düşmeýän pikiri aýdandan soň, oňa maşyn diýen närsäniň  özüni oňarýan adam üçin hem abraýdygy, hem ulagdygy, hem mertebedigi barada bir sagatlap takal okady.

Özünem, ballym jan, täjizle-hä. Giç galsa, gelýän dynç güni işigiňde täzeje „Wolga” dursun-ha! Şu gün bir Gyzylarbada gidäýsem-ä, düşeklik halyňam, maşynly meseläňem düzedip gelerdim welin, edil şu mal gitmejek bolup du-un-daýt!
Rejep aga gapdaldan at goşdy.
-- Kidiň-eý, nige korkasyňyz. Kidip kalyň-aý.
Nobaraly aga güldi-de, çyna berimsiz gaharlanan boldy.
-- Aý, gutaran şaltaý Ata, Gyzylarbadyň gyşy seniň pikir edişiň ýaly şaltaý-baltaý gyşlardan däldir. Gyzylarbadyň gyşynda Sibirden uçuşyp gelen guşlaram doňup-doňup galýandyr-ha. Ol gyş adamyň kyrk ýyl öňki bitip giden derdinem gozgap goýberýändir.Indi men şol pohly maşyn diýip, ýaňyja el-hal bolan ýagdaýymy üzükdireýinmi?!Goý. ballynyň özi gitsinem, getirsinem.
Rejep aga ýekeje tutaryk galdy.
-- Som kanda, som!
Som bilen adam oglunyň işi bolmasyn!
Ýöne bu meseleler Mergeni az gyzyklandyrýardy. Ol kanikulyň şenbe, ýekşenbe günlerini Rejep aga bilen çukurdan çykman işledi. Olar kartoşkanyň yzyna ýene kartoşka ekdiler. Erik, üzüm nahallarynyň üstüne kartoşkadan boşan haltalary geýdirip, ýagşy dolap. soň agaçlaryň düýbüni gömdüler. Soňra her agajyň düýbrägini köne-küşül esgi bilen dolap daňdylar. Soň olaryň tabajygyny dersden dolduryp, iki bedre, iki bedre suw guýdular.
Rejep aga kartoşkalary bu sapar, günortadan demirgazyga joýalap ekmaän, günbatardan gündogara joýa çekip ekdi. Ol her kartoşka düýbüni çukurjagaz gazyp ekýardi-de, üstüne toprak sürýärdi. Soň ekilen ýerleriň üstüni sygyryň aşagyndan çykan samanly ders bilen basyryp çykdy.
Mergen ýaşulynyň raýyny ýykanokdy. Ol näme buýursa ylgap edişdirip ugruna ýykylyp ýördi.Ýogsa, ol gyşyň içinde kartoşka ekilýänini birinji sapar görýärdem, eşidýärem. Şonda-da ol içindäki şeýtanja sowaly daşyna çykarman oňup bilmedi.
-- Ata, gyşyň içinde kartoşka ekýäs welin, munymyzdan bir zat çykarmykan?!
Ýaşuly çoýun tüňçe bilen soganyň, sarymsagyň düýbüne ders bulamagyny guýup ýörşüne:
-- Bolaýdy, bolaýdy.—diýip mydyrdady.Soňam işini goýup, Mergeniň ýanyna geldi.
-- Bala, ortag Miçurin aýtgan:”Ýaman ýer ýok, ýaman hojaýyn bar” diýip. Ýerge azap eýlegen aç kalmaýdy.
-- Dogry, ata, azap reýgan bolmal-a däl.
Mergen şol iki günden soň tutuş kanikul günlerini, agşamlarynam mekdepde geçirdi.Ol günortana çenli tutuş üç klasda edebiýatyň temalarynda tegelekler boýunça güýçli gaýtalamak işlerini geçirdi. Her günde hem diktant, hem beýannama ýazdyrdy. Okuwçylarynyň dil baýlygyny, labyzly söhbetdeşligi, özbaşdak pikirlenişi gaýtaladaý, gaýtaladaý berkitdi. Ýazylan diktantlary, beýannamalary şol bada barlap bahasyny goýdy.Täzeden-täze temalary geçýärdi. Okuwçylaryny gaýtaransoňam, klasyny bezeýärdi.

OL Türkmenistanyň kartasynyň ikisini, türkmen klassyk şahyrlarynyň portretler toplumyny, tuş, plakat ýazylýan perolaryň toplumyny, batman listlerini, ýelimleri, reňk, çotgajyklar , beýleki gerek bolaýjak zatlary satyn aldy. Türkmenistanyň kartasyna klassyk şahyrlaryň kiçijik suratlaryny ýelmäp, olaryň dogulan ýerlerine çyzyk çekdi. Şeýdip, kartanyň ýüzüni suratdyr çyzyjyklardan doldurdy. Her şahyryň suratynyň aşagyna onuň adyny, tahallusyny,doglan , aradan çykan ýylyny, owadan edip ýazdy. Soňra asyrlar boýunça şahyrlaryň atlaryny, belli eserleriniň atlaryny ýazdy. Başga bir batman listine „Diktanty nähili ýazmaly?”,”Beýannamany nähili ýazmaly?”, „Düzmäni nähili ýazmaly?” diýip uly-uly harplar bilen ýazdy-da, olara üç-dört sözlemde jogap berdi. Mergeniň pikiriçe, şolary okan her bir okuwça başga düşündüriş gerek däldi.
Ol klas tagtasynyň garşysyndaky diwara klassyk şahyrlaryň uly-uly portretlerini hatarlap,deňje edip kakdy.Öz döwrünň syýasy çagyryşlaryny, Uşinskiniň,Makarenkomyň, Magtymgulynyň edep-terbiýe baradaky parasatlaryny, partiýanyň çagyryşlaryny ýazyşdyryp, ýerbe- ýer edip asyşdyrdy. Edil şular ýaly ýazgylary agşamky mekdepdäki klasyndanam asyşdyrdy. Okuwçylar bu görkezme esbaplaryna begendiler.
--Mugallym, klasymyzyň penjirelerine-de güllije küýzeleri goýaýyn!—diýip, Sülgün bilen Annatäç gowy teklip aýtdy.
-- Olary soň idetjek bolsaňyz getirip goýmaly.- diýip, Atamyrat garşy çykdy.
-- Serederis-le, beh, näme seretmän.
Mergen okuwçylaryň ählisiniň meňzeşje suratyny getirtdi. „Biziň hemmämiz otliçnik!” diýip ýazdy-da, her suratyň aşagynda ol okuwçynyň ýazuw işleri ýazylan listleri asyp goýdy. Indi bu klas okuwçylar üçin keramatly ýere öwrüldi.
Ol agşamky mekdepde-de, edil şeýle stent asdy. Onda işçi-ýaşlaryň suratlary, olaryň aşagynda okuwçylaryň ýazuw işleri asylyp durdy.
Mekdepleriň ýolbaşçylary, mugallymlar, okuwçylar Mergeniň klaslaryny synlap, onuň bezegine haýran galýardylar. Bu gürrüňler tutuş raýona ýaýrady.
-- Özüň ýazdyňmy?—diýip, Ejeş mugallym begenip, Mergenden sorady,Mergen jogap berip ýetişmänkä, -- Gowy bolupdyr, gaty gowy bolupdyr!—diýip, gitdi.Şondan soň, tä kanikul gutarýança, Mergen gündizki mekdepde-de, agşamky mekdepde-de, täze temalar boýunça hem diktant, hem beýannama ýazyp, tegelekler boýunça işläp geçirdi..
Indi ol gündizki mekdepdäki okuwçylaryndanam, agşamky mekdepdäki okuwçylaryndanam gaty arkaýyndy. Mergeniň okuwçylarynyň haýsy birini ukuda ýatyrka-da turuzyp, edebiýatyň islendik temasyndan soralsa-da, diktant, beýannama ýazdyrsaňam, sorasaňam, aljagy diňe bäşlik baha boljakdy. Ol ýazuw meselesinde-de diňe ýalňyşsyz ýazmak däl, owadan ýazýan okuw-çylary taýýarlap bilipdi. Bu meselede mekdep Mergene boýundy.Ol şonda-da arkaýynlaşanokdy. Öz okuwçylaryny ýeke-ýekeden gaty berk talap bilen çärýeklik hasap ýüküni aldy.Şonda ol okuwçylary ýeke- ýekeden tagta çykaryp, hem hat ýazdyryp, hem gürrüň berdirip, iň soňunda-da „Bäş tegelek” boýunça tutuş bir temany uly talap bilen sorap çykdy.Okuwçylar mugallymdan hiç hili egilişigiň ýokdugyny duýdular. Olara egilişigem derkar däldi. Olar bilimleriniň ýetikligine göz ýetiripdiler.

Mergen indi klasynyň bezelişindenem arkaýyndy.Ol klasyň gyzjagazlaryndan haýyş edip, tagtany süpürer ýaly edil eliň aýasy ýaly,gyrajygy halkalyja kiçijik,güllüje güpjejikler tikdirip, tagtanyň aşagyndaky çüýjagazlardan asdyrypdy.Şeýle güpjejikleriň birini agşamky mekdebiň tagtasynyň aşagyndanam asdy.Indi Mergeniň okadýan klaslarynda tagta süpürilýän esginiň, meliň gürrüňi ýokdy.Ol ullakan sübse, kagyz taşlar ýaly sebetler satyn alyp klaslarynyň burçlarynda goýuşdyrdy.Okuwçylaryň taşlan kagyzlaryny, hapa-hupalaryny ýygnap sebede salmaga, klasy sübseläp goýbermäge Mergen ýaltananokdy. Şonuň üçin Mergeniň klasy hemişe gül ýaly, arassajady. Şonuň üçinem :"Täze gelýäznlere gowy klaslary berip, öňden işläp ýörenlere boilgusyzja klaslary berýeň" – diýip, Ejeş mugallym bilen dawalaşjak bolup duran mugallymlar ýok däldi.Ýöne, sag bolsun müdir!
--Berjek, berjek, janyňyz çyksyn!Mergen Ataýew meniň iki dogup, bir galanym-da—diýýärdi.Soňundanam:-- Kimiň berlen klasa göwni ýetmeýän bolsa, barsyn, Mergen mugallym bilen çalyşsyn!—diýip, gaty arkaýyn aýdýardy.

**7.**

Kanikul tamam bolup, okuwa başlanan güni gar ýagdy. Beýle agyr gary bu ýakynlarda görnändiklerini Rejep aga-da, Nobaraly aga-da tekrarladylar. Mergen lap edip aýtmasa-da, bu gar çukuryň gap bilindee barýardy. Bu gary görüp, agyr howsala batan Rejep aga sygyryny sagyp, süýtli bedresini asdy-da, nirädir bir ýerlere gürüm-jirim boldy.
-- Bally, peç oturtmasaga, heýwere sok boljak. Nämşetsek diýýeň?-- Nobaraly aga howsalaly gepledi.
Onsuzam, Mergen bu gary görüp:"Ýaşululary üşedäýmesem ýagşydyr. Pejiň ugruna çykaýyn—diýip pikir edipdi.
-- Däde, men şu gün aşak gidip, durmuş hyzmaty kombinatyndan peç alyp gelerin.—diýdi. Şonda onuň ýadyna bu ýere ilki gelende ejesinden galan köneje pejiň turbalarynyň bardygy düşdi. Ýöne jaýy abadanlaşdyrjak, agartjak bolanda, olary daşary çykarypdy.Şondan soň, peçdir, turba-da, ejesiniň ýüň daragy-da ýom- ýok bolupdy.
Ol böwrüne diň salyp, Annabike daýzalara bardy.Olar heniz turmandylar. Ol işigi gaty-gaty kakdy.
-- Kimsiň?
-- Men—Mergen! Daýza, açaweri!
Garry ukuly gözlerini owkalap gapysyny açdy.OL Mergeni görüp begendi.
-- Ýegen jan, gel, geçiber.—Ol daşarynyň agyr garyny görüp haýran galdy.
-- Waý-eý, gar ýagypmy, ýegen?!—Ol içeri ylgady.—Çala-bek, aý, çalabeg-ä,, „gar ýaganok, gar ýaganok diýip, bizar etdiň. Adamboýy gar ýagypdyr. Ýet, awuňa, tur, çaltyrak ugra!—diýdi-de, ýene yzyna geldi.—Ýegen jan, Turak ganymatlaşýammy?—diýdi.
Mergen oňa düşünmedi.
-- Daýza, Turak diýeniňiz kim?
Garry Mergeniň ýüzüne gözlerini mölerdip seretdi.

-- Hol Gyllarbatdan getiren maýybyň Turak-da!
-- Nobaraly agamy?
Garry güldi.
-- Oba oňa Turak diýýendir, ýegen jan. Düýn bitike süzme alawaýyn diýip bardym. Şomda"Howa üýtgejek öýdýän, aýaklarym ýene agyryp, janymy alyp barýar" diýip, burulyp, uwlap ýatan eken.Soň oňa bir jam unaş bişirip äkitdim.Çukurňyzdan sarymsak getirip, içine dograp hezil edip içdiler.Şondan soradym-a.
Mergen esasy gürrüňe geçdi.
-- Daýza, Berdi daýym pejimizi alypdy, şony bermeseň boljak däl.
Garry mürrük kartoşka ýaly ýumrugyny agzyna tutdy.
-- Ýegen jan, seniň pejiňi özümiz oturdwoýdyk-da.—Ol oýurgandy-da, müýnürgäp, içeri bakan gygyrdy.—Çalabek, hany şol öz pejimiz? Tur, hany, bol, tapyp ber. Men saňaşo mahal diýdim"Iliň zadyny oturtmaly" diýip. Sin şonda:"Alyp gaýdanymy görenok" diýip, maňa ýeň bermediň. Oturtdyň, hany, indi ýegen seniň alyp gaýdanyňy görüp, indem „Berdi daýym pejimizi alyp gaýdypdy, şony beriň- diýip gelip sorap dur-a „Tapan begener, tanan alar" diýipdirler.
-- Mamaş, senem-äý!Alanymy görenok, şol." Ýok" – diý! Kowup goýber!—diýip, içerden Berdi daýynyň sesi geldi..
Annabike daýza ýanynda, oglunyň bu sşzlerini eşidip duran Mergene gülüm-ýalym eden boldy.
-- Ýegen jan, sen häli git, men özüm, oňa hajyk-hujuk edip, pejiňi özümjik eltip bererin.Bar, sen gaýdyber.
Mergen öýüne gelip, Nobaraly aga çaý-nahar berdi.
-- Däde, men işe gitjek...
Ýaşuly ýassygagyşaryp çaý içip ýatyşyna Mergene begençli garady.
Mergen jan, ballym, maşynyňdanam, şu günde, ertede habar gelmelidir..—diýdi.
Mergen geň galyp seredip durşuna:
-- Nädip, däde? Näme, çen eýýäm Gyzylarbada gidibem geldiňmi?
-- Arada öýe Amanmämmet daýyň soramaga geldi, meni. Şonda „ Gyzylarbadyň „Tutly" obasynda Köçek çopan diýen biri bar „diýdi Aralarda Gurban Agaly diýen bir raýkom bolmadymy Gyzylarbada. Şol raýkom Köçege „peredowoý çopan" diýip bir täzeje „Wolga „ beren eken, öz bahasyna. Yz ýanyndanam „Beren „Wolgamy" özje bahasyna yzyna bersin „ diýip başga birini iberipdir. Köçegem oňa maşyny bermändir. Inden Köçek çopana pul gerek diýýär. Şol maşyny1ň bahasyny ylalaşyp bilsem, satmak hyýalym ýok däl" awtoparka gelip, sürüji oglanlaryň ýanynda gürrüň edipdir.Menem Amanmämmet daýyňa „Köçek bilen men bol-da kepleş" diýdim. „Arada duranyň üçin bäş ýüz manat baýragyň bar" diýdim. Amanmämmet daýyň ondan şu günde, ertede elin habar getirmeli.
- Elbetde, bäş ýüz manady kim berjek bolup duroňa...
Nobaraly aga Mergene „hä" diýmedi.
-- Amanmämmet ýigidiň gowusydyr.Ol bäş ýüzüň, bäş müňüň adamsy däldir, bally.

Mergen jaýdan çykdy-da, mallara, towuklara ýene bir göz alýap, student döwründen galan paltosyny, papagyny darragam bolsa geýip, işe ugrady.
Ol mewkdebe baryp, heniz jaýa girmänkä, ony aýnadan görüp,oňa garaşyp oturan mekdep müdiri ylgap öňünden çykdy.
-- Mergen, hany çaltyrajyk gel. Seniň bilen gürrüň bar.
Ejeş mugallym onuň öňüne düşüp barşyna, öz kabinetine däl-de, Mergeniň kabinetine bakan geçip gitdi.
-- Hany, çaltyrajyk gapyňy aç!
Mergen klasyň işigini howlukman açdy.
-- Gir, çyraňy ýakma!—Ejeş mugallymyň ýüzi as göreniňki ýaly duw akdy. Ol erbet titredi.
-- Mergen jan, men bir zat aýdaýyn welin, sen gorkma.
-- Aýdyň, aýdyň.
Ejeş mugallymyň sesi sandyrady.
-- Bir näkes seni hut ministriň özüne ýamanlap ýazypdyr öýdýän. Ministrligiň kollegiýasynyň karary bilen seni barlamaga ministrlikden bäş adam, oblastdan bir, özümizdenem bir, jemi ýedi adam gelipdir. Aga Mergenowiçem şolary ýerleşdirmegiň ugrunda. Bizem her mugallymdan on bäş manatdan pul ýygnap taýýarlyk görüp otyrys. Senem, on bäş manadyň-a bir ber. Okuwçylaryň klas, aýlaw, ýazuw depderlerine, jurnalyňdaky ýazgylaryňa ýene bir gowja seret. Klasyň arassa bolsun. Gelip sorasalar diňe soraglaryna jogap ber.” Uniwersiteti awgustda gutardym.Şu sentýabrdan bäri, ýaňy üç ýarym aý işleýän” diý. Eddil , öldüräýselerem, başga hiç zat aýtma.
Mergen müdire aýdan puluny çykaryp berdi-de, öz ýerine geçip, arkaýyn oturdy.Ol bir hilije howsalaly oýa batdy.
„Meni näme üçin barlasynlar? Uniwersiteti gutaryp, işe başlanyma ýaňy dört aýam bolanok. Planym, konspektlerim gül ýaly.Plandan çykyp okadan ýerim ýok. Klasymy gül ýaly edip abadanlaşdyrdym. Klasymy bezedim. Okuwçylarymdan razy. Näme bu zatlar işe başlanyna ýaňy dört aý bolan bir ýaş mugallymdan azmyka? Han-a okuwçylardan alnan ýazuw işler. Dilden, edebiýatdan näme soraslary gelse, sorabersinler. Görsünler, diňlesinler, ýazuw iş alsynlar, goý özleri baha bersinler. Men näme üçin olardan gorkmalymyşym. Kemçiliklerim bolsa. Günä iş eden bolsam, jezasyny çekerin. Ýöne her zat etselerem,mekdepden-ä gitmerin. Men ömrümiň ahyryna çenli, her zat ederin welin, mugallym bolup galaryn...”
Birdenem, Mergen aklyna aýlanan ýaly boldy.
„—Biriniň arza ýazany üçin-ä meni ministrligiň kollegiýasynyň karary bilen diňe meni barlap bilmeli däl. bilmez, bular. Türkmenistanda azyndan iki müňe golaý mekdep bar. Her mekdepde-de, bolmanda bäş- alty dil-edebiýat mugallymy bardyr. Şeýle hasap edeniňde, on müň dil-edebiýat mugallymyny beýläk goýup, gelip ýaňyişe başlan, synag döwrüniň dört aýam geçmedik bir ýaş mugallytmy barlamaly däl bular. Bu barlag has düýpden gaýdýan gaýdýan bolaýmasyn!? Olar „Prawda „ ýazylan „Mugallymy ikilik”, diýen makala üçin, soňam „Türkmenskaýa iskra” gazetinde öz adym bilen çykan, , soňrak „Uçitelskaýa

gazetada „ çap edilen  makala üçin, meniň gözümi gorkuzmak üçin  derejeli topar düzüp, barlan bolýandyrlar. Onsoňam, goý, barlasynlar, belki bähbit bolar!
Jaň kakyldy, Illi Amanowiç klasa girdi. Ol edil uly gyz ýaly sülmüräp, salyhatly habar gatdy.
Ata, näme, daşyňa geçýellermi?
Mergen ýylgyrdy.
-- Kimiň kimiň daşyna geçýändigini durmuş görkezer, ýoldaş mugallym. Özüm-ä, şeýdip barlap, kemçiligimi, ýetmez ýerimi   açyp, maslahat berseler ýaman görmerin. Ýöne gyşyň içi-dä, sowga galyp, diňe mniň üçin gelişlerine dözemok.
Illi Amanow ýympyjak ýüzüni ak elleri bilen dözümli sypalan boldy. Soň egnindäki  owadan kostýumyny güjeňleýän ýaly, ýakalaryny  kakyşdyran bolup, it ýylgyryşy bilen:
Seniň göwnüň Kap dagynda-o-ow! Olar näme  seni oýnamaga barlamaga gelýändirler öýdýäňmi.
Mergen içinden” hop, indi ýüzüň perdesini syryp başladyň, mugallym jan” diýip oýlandy”aýdyber bakaly”
-- Olar ministrligiň azy ýaran barlagçylar-a. Olar otuz ýyl işlän   ttejribeli mugallymlar däliredip gidýärler. Sen bolsaň, kemçilegimi maslahat bersin diýen bolup... Olar şahany timarlamaga däl-de, agajy köki damary bilen omur-jomur, omur-jomur  etmäge gelýen bolaýmasynlar—Ol mys-mys edip güldi.A sen bolsaň! Hi-hi-hi! Düşdüňmi?!
-- Düşdüm, düşdüm, kemini goýman düşündirip bildiňiz, ýoldaş mugallym...
Illi Amanowiç işige bardy-da, ýzyna öwrüldi.
-- Dek gezen, dok gezer diýipdirler. Sen dek gezmediň. – Ol çykyp baryşyna:-- Hany, direktoryň barmaly, düş yzyma!..—Soň ol „Siz-ä pohlamaly, azabynam biz çekmeli..” diýdi.
Ol gidensoň, Mergen klasyň işigini gulplap, çagyrylan ýere ugrady.
Koridoryň ugrunda çaçy mugallym şilýapaly,  poltoly, elleri agyr sumkalyy birnäçe adam bilen ala ýaz bolup gülüşip durdy. Olar Mergeni görüp, müdiriň kabinetine girdiler. Mergen ýzyna gaýdyp , klasyndan depder, ruçka alyp geldi. Soň olam müdiriň kabinetine ýöneldi. Oňa pete-pet çykanam Çaçy mugallym boldy. Ol Mergen görüp, edil aýy gören ýaly ýüzüniň terzini üýtgetdi.
-- Girme, girme, ministrlikden gelenler bar. Olar birje käse çaý içsinler. Entek girme...
Mergen ýene-de yzyna gaýtdy. Ol ikinji tapgyryň okuwçylarynyň okuwy başlanýança, klasyndan çykmady.
Okuw başlandy. Mergen bu gün”XX asyr edebiýaty „ diýen temada  sapak geçmelidi. Ol  öňdäki  nobatçydan kimiň barlygyny, kimiň ýoklugyny sorady. Okuwçylardan Amanmyrady tagta çagyryp, täze temanyň adyny ýazdyrdy.Aman myrat heniz ýazyp bolmanka, Ejeş mugallym işigi kakman, klasa girdi.Okuwçylar gürre örüp, ýerlerinden turdylar.
--Salam!
Ejeş mugallymyň yzy bilen bäş adam klasa girdi.Okuwçylar dik durdy.Mergen olara „oturyň” diýdi.

Ejeş mugallym beýleki klaslardan oturgyç getirtdi.Myhmanlar tagranyň öňünde ýüzlerini okuwçylara öwrüp oturdylar.
--Hormatly mnugallymlar, siz biziň mekdebimiziň iň ýaş mugallymy, mugallym bolup, işe başlanyna ýaňy dört aý bolan Mergen Ataýewiçiň okadýan bäşinji „ b” klasyna geldiňiz Biz Mergen Ataýewiçiň edebiýatdan täze temany geçişini göreris.—Ol okuwçylara ýüzlendi.—Okuwçylar, hany Aşgabatdan ministrligiň tabşyrygy bilen biziň mekdebimize gelen hormatly myhmanlar bilen salamlaşalyň!
Okuwçylar ýene ýerlerinden turup, salamlaşdylar.
-- Hany, indi, nobatçy, bize kimiň gelip, kimiň gelmändigini aýdyp ber.
-- Okuwçylaryň hemmesi sapaga gatnaşýar.—diýip, nobatçy hasabat berdi.
Mergen öňe geçdi.
-- Hany, indi öýe näme ýumşuň berlenini kim aýtjak?

Okuwçylaryň bary elini galdyrdy.
Mergen Selbini turuzde.
-- Öýe „Annagylyç Mätäjiniň döredijiligi” berildi.
Mergen okuwçylaryň aglabasy sapaga gatnaşar ýaly:
-- Annagylyç Mätäji haýsy döwrüň şahyry” diýen sowaly orta atdy.
-- Ol nirede dogulýar?
-- Mätäjiniň elden gider” goşgusyny ýazmagynyň sebäbi näme?
-- Mätäjiniň sözlerine türkmeniň haýsy bagşysy kän saz dötedipdir?
-- Hally bagşy haýsy bagşylaryň halypasy?—diýen ýaly sowallary berdi. Soňam okuwçylaryň jogňby esasynda öýe berlen ýumşu1ň jemini jemledi.
-- Hormatly myhmanlar, öýe berlen ýumuş, ýada, oňaberlen jogaplar boýunça okuwçylara ýa-da maňa sowallaryňyz bolsa aýdyberiň.
Olardan ses çykmady.
Mugallym klasa ýüzlendi.
-- Okuwçylar şu gün biz haýsy temany geçeris?
Okuwçylar ellerini galdyrdy.
-- Hany, Gözel, sen aýdyp ber.
Gözel häzir geçiljek temany ň adyny aýdyp berdi.
--Berekella, otur.
Mergewn öňki tema bilen häzirki geçjegini baglanyşdyryp, XX asyr edebiýaty barada gysgajyk gürrüň berdi. Bu döwürde täze edebiýatyň döreýşi barada aýtdy. Jahan urşy, rewolýusiýa, adalat temasynyň edebiýatda beýan edilişi barada, Bu temalaryň has ýaýbaňlanmagynda Ata Salyhyň, Körmollanyň, Durdy Gylyjyň,Berdi Kerbabaýewiň,Garaja Burunowyň has işjeňlik görkezendigini, olaryň şygyrlary boýunça aýdyp berdi. Goşgy bentlerinden mysallar getirdi.
Soň bu temalaryň edebiýaryň kyssagörnüşinde döreýşini mysal aldy. Oňa Agahan Durdyýewiň „Bolşewik topunyň sesi”, Berdi Kerbabaýewiň „Annagözel hak-hukugynyň eýesi”, ýaly eserleri mysal getirdi. Ol bu temany geçmäge on-on bäş minudyny harçlady.
Soň ol ýene-de on-on bäş minutlap bu temany berkitdi. Täze tema boýunça jemi on okuwçydan sorady.

Birden onuň kellesine geň sowallar geldi.
-- Hany, okuwçylar, aýdyň! Mätäji haýsy asyryň şahyry? Ol XX asyryň şahyry! Ýok, ol XIX asyryň şahyry?! Mätäji iki asyryň şahyry. Hany, kim jogap berjek.
Okuwçylar „Mätäzji iki asyryň sepgidinde ýaşan şahyr” diýip jogap berdiler.
-- Berdi Kerbabaýew ilki haýsy janrda goşgy ýazdy? A) Goşgular, poemalar ýazdy. B) Hekaýalar ýazdy. B) „Aýgytly ädim” romanynyň ilkinji bölеklerini ýazdy. – Hany, Juma sen aýt.
-- Mugallym, Berdi Kerbabaýew ilki goşgy ýazmakdan başlady. Olnuň ilkinji goşgusynyň ady „Iç ýene-de, iç ýene”.
-- Dogry, ýene kimiň nähili pikiri bar?
Okuwçylaryň ählisi Jumanyň pikirine goşuldy.
Mergen Molamurt barada-da şeýleräk soragnamalar esasynda sorady.
Soňundanam sapagy jemläp, öýe geçilen temany gaýtalap gelmegi ýumuş berip, okuwçylary bahalandyrdy. . Jaň kakyldy.
Mergen ýylgyryp oturan Ejeş mugallymyň ýüzüne seredip:
Sag boluň. Ikinji, üçünji sapagymyz hem şu temadan sapak geçmek bolar—diýdi.—Maňa näme sowalyňyz bolsa, aýdyberiň.
Ejeş mugallym ýerinden turdy.
Meniň kabinetime baryp, bir käse çaý içiň.
Emma ministrlikden gelen barlagçylara ýolbaşçylyk edýän tatar mugallym ör-gökden geldi.
-- Ýok-eý, bolmaýdy. Biz kollegiýanyň karary bilen barlakga kelip, munda çaý içi-ip otursak, ministr bize nime diýer? Ol „Arak, parak, oturma soň” diýdi.
-- Najyp Abdulhanykow dogry aýdýar. Indiki iki sagadam gowy diňläp, Soň ara alyp maslahatlaşalyň. Şondan soň çaý-çörek.
Najyp Abdylhahanykow ýerinsen turup gerindi.
-- Ýoltaş Külbekow togry aýtasyň. Direktor bizi çaý-nahar bilen aldaýjak bolýar.
Mergen ikinji sagadam, üçünji sagadam talaba laýyk geçdi. Gaýta ol bu sagatlaryny has mazmynly, şüweleňli, gyzykly , erkin gurady.
Sapak tamam boldy. Ol myhmanlara ýüzlenip, „Maňa, okuwçylara näme sowalyňyz bar „ diýip sorady.
-- Ýo-gaý, bolady. Boşadyňlar bolalary...
Okuwçylar çykyp gitdiler. Mergen öz ýerinden turup, ortaky parta geçip oturdy.
-- Žurnalyňyzy beriň. Aýlaw tetradyňyzy-da. Diktant depderleriňizi-de, berip goýuň.
Mergen olaryň soran zatlaryny getirip, stoluň üçtünde goýdy.
-- Klasy özüň bezediňmi?—diýip, saçy buýralanyp duran ýaşuly sorady.
-- Şu klas öň sklad jaýydy. Klas ýetmäni üçin Mergen mugallym muny arassalap, suwap, agardyp, reňkläp, agardyp, özüne kabinet edindi—diýip, Ejeş mugallym öňürtiledi.-- Şunuň içindäki görkezme esbaplary özi ýasadam,ýazdy.
-- Gowy kabinet bolupdyr—diýip. ýaşuly öwdi.
Amanly sen entäk öwme. Barlag keýin kutarmaýdy. Entek ara laýş, maslahatlaşyş kereg.
Ýumşa gaýym bolup duran Mergen ýene ýerine geçdi.

-- Kazir ker kim oz minenýesingi korkmaý, togry aýtsyn. Külbekow, sen protokol ýaz.
Diýmäge mähetdel, Külbekow ýapyrlyp, protokol ýazmaga başlady. Ilki bilen Nejip Abdykanypowiç ýerinden turdy.
-- Ýoltaş mugallymlar, siz Ataýyp tiýgen mugallymnyň üç kläste keçgen urokyna kördüňiz. Indi halypa barlagçy bolup, ökde mugallym bolup, tejribeňizi körsedip, maslahatyňyzy beriň. Sapak ýakşy boldy. Ýöne mundanam ýagşy bolmak üçin nime etme kereg.
Amanly aga söz aldy.
-- Men Mergen mugallymyň üç sany bäşinji klasynda edebiýat dersinden geçen sapagyny gowy gördüm. Ýaş mugallymyň üç sapagy-da pedagogikanyň talabyna laýyk guraýşy gowy. Ol sapagy guramaga dört minut wagt berdi. Öý işini barlamaga on minut berdi. Täze sapagy geçmäge on alty minut wagt berdi. Sapagy berkitmäge on minut wagt berdi. Öýe iş tabşyrmaga, okuwçylary bahalandyrmaga bilelikde bäş minut berdi. Jemi kyrk bäş minut. Munuň ýaly takyk wagty otuz ýyl tejribesi bolan mugallymam alyp bilmez. Onsoňam, mugallym ýaşam bolsa, merkezden gelen uly komissiýanyň öňünde özüni erlin, işjeň alyp bardy. Sapaga klasyň okuwçylarynyň aglabasy gatnaşdy. Mugallymyň özem , okuwçylaram taýýarlykly. Mugallym bilen okuwçynyň gatnaşygy ýokary derejede. Sumbr jülgesinde şeýle klas, şeýle mugallym bar diýseler, ynanmazdym. Men ony öz gözüm bilen gördüm...
Soňra Magaryf ministrliginiň Mugallymlary kämilleşdiriş institutynyň direktory Durdy Gylyjow söz aldy.
Adaty sapaklar. Menä üýtgeşik täzelik görmedim. Häzirki wagtda Orsýetiň Kaluga şäherinde Tblisiniň mekdeplerinde okatmňagyň täze-täze usullaryna geçildi. Hany, şol usullar. Emma bu ýaş mugallymyň sapagy juda içgysgyç. Edil, bir, klasdan çykyp gidiberesiň gelýär. Köne usul. Men woobşe köne usula garşy. Şonuň üçin men-ä sapakdan woobşe kanagatlanmadym. Klasyň bezelişi-de, gülkünç. Oba ýeri diýselerem, edil, beýdäýmeli däl-ä—diýip, ol töweregine gollaryny alaçsyz ýaýdy.
Soňra Krasnowodsk oblast bilim bölüminiň başlygynyň orunbasary Satlykgulyýew çykyş etdi.
-- Sapaklar, ministrlikden gelen komissiýanyň gelen netijesi ýaly, gaty gawşak. Mugallym şu komissiýanyň geljeginden habarly bolup, okuwçylary nädogry taýýarlapdyr. Klasyň bezelişiniň howul-haralygy bildirip du. Özüm bolsam-a bu sapag ikilikden ýokary baha goýmazdym. Soňra raýon bilim bölüminiň wekili Ýoldaş Abdyllaýew söz aldy.
-- Ýöne birhillli-läý. Özüm bolsam-a, ýokardan gelen şeýle uly adamlaň öňünde şuň ýalak sapak geçmäe utanardym. How, beýle gömük bolsaň, biz dagy bar, soramaly ekeniň-dä. Sen gazýetlere birki sanak biderek makala ýazyp, bizden soramagy özüňe kiçilik bilýeň. Menem, sapak juda gowşak diýen pikire goşulýan.
-- Kany, ýuldaş Külbekow, siziň-te pikiriňizi tiňleýli!.—Külbekow synasynyň bir ýeri çydap bolmajak derejede awap duran ýaly, ýüzüni erbet çytyp ýerindwen turdy.

-- Menem Amanly aganyň-da pikirine-de goşulýan, Durdy Gylyjowa-da ýok diýip biljek däl. Näme, aýdyp. Özüňiz gördüňiz-ä, sapak bulam bujar. Hany iş plan, hany kitap, hany beýleki görkezme esbaplar. Mugallym sapak geçip durka klasy, okuwçylary, bizi äsgerenok. Bu ýaş oglana beýle klasy, taýýarlykly okuwçylary başda bermeli däl ekeni. Biz kör däl-ä. Bu ýerde başga bir mugallymyň azaby ýatyr. Häli Çaçy Taýçyýewnanyň aýdyşy ýaly, taýýar aşyň eýesi boljak bolýar, ol. Ol beýle gitse, bu okuwçylary kör goýar. Men ýüz görüp, gapyrga syrjak däl. Sapak juda gowşak, protokolda-da şeý diýip ýazýaryn.
Soň Najyp Abdylhajypowiç söz aldy.
-- Mugallym ýaş. Sapak kowşak. Tema bulam-buçar. Eý-wa-aý, Nime etme kereg. Eh, mugallym, bolmaýdy.Sengä öwreniş kereg. Raýon bilim bölümi günäkär. – Ol ýoldaşyň ýüzüne seretdi- Mugallyma diňe edebiýatdan sapak bermek bilen düzgüni bozsaňam, nige metodik kömek bermeýsiz. Nige parlag keçirmeýsiz. Eger siz ýüz körüş işleýseňiz, biz bu sokda Aşkabatdan munda kelmezdik.Mekdepniň müdiri günäkär. Nige kontrollyk etmeý siz.Biz ministrligiň kollegiýasynyň ýörite topary. Bu mugallymyň sapagyna ikilik koýamyz.
Ol oturyp, oturmanka Ejeş mugallym ýerinden turdy.
-- Ýoldaş mugallymlar, sizi Türkmenistanyň Magaryf ministrliginiň kollegiýasy ýaş mugallym Mergen Ataýewi sud etmäge iberen eken. Siz „aý, bular oba adamlary, hiç zada düşünmeýändir „ öýtmäň. Bizem gowy näme, erbet näme gowy bilýändiris. Siz, Durdy Gylyjowyç, Kalugadaky, Tblisidäki usuly täzeligi ilki öz kämilleşdiriş institutyňyza salyň. Biz siziň geçirýän kurslaryňyzda bäş sapar bolduk. Özüm-ä dogrusy, şeýle institut üçin, mukaddes bilimiň öňünde utanýan.Siziň institutyňyzyň mugallymlary ol-a metodika eken, iki sözüň başyny çatyp bilenog-a. Ýene bu ýerde akyl satan bolýarsyňyz. Siz, Külbekow, nämäňize gepleýäňiz, siz araky leksiýaňyzda klasy saklap bilmän iki sapar masgara bolduňyz-a. Men Satlyk gulyýew, Ýoldaş Abdylla bilen soň gepleşerin. Ýöne men Mergen Ataýewiň sapak geçişine-de, klasy saklaýşyna-da, özüni erkin alyp baryşyna-da juda buýsandym. Sag boluň, Amanly aga. Siz nähilem bolsa, sapaga dogry baha berdiňiz. Biz siziň ýalylaryň bahasyna mätäjem däl, öz bahamyzy özümiz keseris.Ýöne gerekli ýerinde utanman şu pikiriňizde durup bilseňiz bolar...
Nejip aga siz ndi otuz ýyl bäri mugallymlara akyl öwredýäňiz. Emma şu döwrüň içinde mugallymlar siziň çalgyrt diliňizde ýekeje agyz hoş söz eşiden däldir. Men mugallyma töhmet edýän iki ýüzli içalylary mekdebimde saklap biljek däl. Edil häziriň özünde mekdebi, klasy boşadyň!..
Mergen doňup galdy.Ol bu mekdebe işläp başlany bäri, Mekdebiň müdiri Ejeş mugallymy kim näme diýse, oňa agzyny öwweldip, „bolýar" diýip ýören, gowşak aýaldyr öýder ýörerdi. Ýöne ol bu gün ondan gaty razy boldy.
Ejeş mugallym gapynyň agzyna bardy-da, soň Mergene bakan, yzyna öwrüldi.
-- Ataýew, häziriň özünde klas žurnalyňy al-da, meniň ýanyma gel. Özüňem, çaltyrak gel

Mergen barlagçylar ygam-sagam bolup, klasdan çykandan soň, gapyny gulplar müdiriň kabinetine bardy. Ejeş mugallymyň ýaşly gözleri dym gyzyldy. Ol gözlerine süpürdi..

-- Mergen, sag bol , dogan. Men seni beýlesiň öýtmeýärdim.Sen ýaňkylaryň aýdanlaryna üns berme. Olar nähilidir bir ýaman matlap bilen zor edilip iberilen adamlar. Sen şuny ýadyňda sakla, eger şu mekdepden gitmeli bolsa, ikimizem bile gideris.

Näme üçin beýle edýärler. Heý, beýle-de bir töhmet bolarmy?

Işikde uly adamyň üsgülewügi eşidildi.Içeri sekretar gyz girdi.

-- Barlagçylar geldi.

Ejeş mugallym agyly ses bilen:

-- Olardan barlagçy bolmaz. Töhmetçiniňem baryp ýatany olar. Güm bolsunlar. Ýok bolsunlar mekdepden.—diýip, agyly ses bilen gygyrdy.

Mergen şondan soň boýnuny sallap, dyzyna ýetýän garyň içi bilen öýüne gaýtdy.

Ertesi raýon bilim bölüminiň öňe düşmegi bilen Mergeniň okadýan üç klasy 1-nji mekdebe çagyryldy. Şol ýerde olardan diktant, beýannama, edebiýatdan geçilen temalar boýunça ekzamene meňzeş, ýöne ondanam berk talap bilen barlag işi alyndy. Ýöne bu işlere Mergeniň özi gatnaşdyrylmady. Mekdepden diňe Çaçy mugallym beýemçilik edýärdi.

Mergen agşamky mekdebe sapagyny okatmaga bardy. Ol sekizinji, dokuzynjy, onunjy klasda programma laýyklap edebiýat sapagyny geçdi. Onuň üç sapagyna-da Aşgabatdan gelen barlagçylar, raýon bilim bölüminiň wekilleri, !-nji mekdebiň dil, edebiýat mugallymlary gatnaşdylar.Okuwdan soň geçilen sapaklar 3-nji mekdepdäkiden gowşagrak hörpde ara alnyp maslahatlaşyldy. Ýöne. Şonda-da barlagçylar toparynyň pikirinde kän bir üýtgeşme bildirenokdy. Barybir, olar klasyň bezelişindenem beter, sapagy püçege çykardylar.

Bilim bölüminiň müdiri Aga Mergenowyň sapaga beriýän bahany az-kem ýumşatjak bolmasynyň peýdasy degmedi.

-- Men-ä bular ýaly barlagam, barlagçam gören däldirin—diýip, ol Mergen ýeke galandan soň, onuň ýanynda derdindi.

-- Ýöne, atdaş jan, gül ýaljak sapak geçdiň. Berekella!

Mergeni geň galdyran zat ol däldi. Olar her okuwçynyň edebiýatdan aýdanlaryny diňlemek bilen oňman, olaryň sesini magnit lentasyna-da ýazdyrypdyrlar. Ol şoňa geň galýardy. Toparyň şol agşam Çaçy mugallym öýüne çagyryp, myhman alypdyr diýen gürrüň ýaýrady. Soňam ertesi awtobusa mündirip, Aşgabada ugradypdyr.

Ýanwar aýynyň ýigrimisine ministrlik tarapyndan henize, bu güne çenli bolmadyk bir ýagdaý bolup geçdi. Ministrligiň kollegiýasynyň karary bilen Garrygala raýonynyň edebiýat mugallymy Mergen Ataýew hünärine laýyk gelmeýändigi üçin mugallymçylyk kärinden boşadyldy.

Ol gün Mergeniň keýpi kökdi. Araky ýagan agyr gardan soň, howa birenaýy açyldy. Rejep aganyň kaliý dökünlerini döküp, aýazly gijelerde, sörtükli gündizlerde tüsse tütedip, ýyly suwlyja bulamak guýup, goraglan kartoşkasy paşyrdap ösüp başlady.

Iküç günlük yssyda tutuş dünýä ýazylyp, ýaýnap gitdi.

Şondandyr-da, Kolka müjük ýoldaşlary bilen Nobaraly aganyň alyna geldi.
-- Kurluşyk başlaçak, däde.
Nobaraly aga olara kes kelläm garşy boldy.
-- Ýok, ýok-la, men-ä size gurluşyk ynanyp biljek däl, ballym.
-- Näme üçin diýip, Allaberdi pişik mawdar gözlerini elek-çelek etdi.—Hana, jaýy bir gör, näme kemi bar?
Ýaşuly gazan ýaly kellesindäki pyrsýan telpegini eline alyp, gep nokatlady. Maňa siziň alty aýda gurup beren el ýaly jaýyňyz gerek däl. Men nowruzda bu oglan öýli-işikli etmekçi. Ýeri, men ony nirä salaýyn?! Bu akgan-dökgenlikde, toýy nirede edeýin! Men Gyzylarbatly ussalar bilen kepleşdim. Olar dört adam bolup, nowruza çenli jaýyňy gutaryp bereli diýip boýun aldylar. Men şolary getirjek.Sag boluň, siz gaýdyberiň...
Usssalar Nobaraly aganyň sözüni yzyna almajagyny bilip, Mergene tutunyp başladylar.
Mergen jan, byzam saňa nouruza çenli jaý kurup bereli. Ýöne bize pul kereg. Egar islesen, kiçe-de bu ýerde ýatyp işleçek. Sen razy bol.
-- Eger, nowruza çenli işlejek bolsaňyz, agşamlaryna işlejek bolsaňyz, onda men agam bilen gürleşip göreýin.
Mergen Nobaraly agany öýe çagyrdy.
-- Däde, olara näme diýýäň.
Nobaraly aga köşeşer ýaly däldi.
--Bally, olary berkiräk tutmasaň, jaýyň geljek ýylyň nowruzyna –da bitmez. Galanynam özüň bil.
Hakykatynda, jaýyň esasy bölegi bitipdi. Podwal, basganҫaklar, aralyk sütünler guýulypdy. Indi diňe ikinji gatyň kerpijini örüp, pol, patalok, gapy, aýna goýaýmalydy. Gurluşyga gerek enjamlar artygy bilen ýeterlik taýýardy.
Nobaraly aga olara juda berk daraşdy.
-- Näme iş bar. Alty gapy, alty aýna. Bar kerpiji bir günde örüň, iki günde aýna, gapyny goýuň, iki günde pol uruň, bary-ýogy bäş alty günlük iş-ä ol. Siziň öňüňizde bolsa altmuş gün bar. Size hem hak bermeli, hem üç wagtyna nahar bermeli. Onuň üstesibe-de, ýarym ýyllap näziňizem çekmeli. Halys Mergen jan „Däde, goý, şular işlesin” diýip duransoň, oňa dözemän, nalaç razy bolýan. Ýöne bilip goýuň, çala buýtar-suýtar , hallaň- sallaň bolsa, menden gowulyga garaşmaň.
Bu elinje gazançlyja kärlerinden tamalaryny üzeňkirlän ussalar, bu işiň şowly çözülmegine begenişip, höwes bilen işläp başladylar. Mellek, mallar, towuklar barysy gül ýalydy. Rejep aga özbaşynajyk hiňlenip. Mal garalara, ekinlere özmaýdalyna esewan bolupjyk ýördi. Mergeniň göwnüne bolmasa, Rejep aganyň ýüz-gözüde doluşyp, ýigdelen ýaly bolupdy. Ol indi her ýekşenbe güni raýon merkezindäki öýüne gidip gelmäni çykardy.
-- Şu şaltaý-paltaý aşak ýöne ýere gidenok. Ol özüne bir gelinjik tapyp ýör öýdýän—diýip,Nobaraly aga Mergen bilen ikiçäk galanda gülüp aýtdy.— Bolmasa, öýeräýmeli şuny.
-- Jaý ýetişsin, nesip bolsa ikiňizem öýerjek. Şükür, ýagdaýymyz-a bar!—diýip, Mergen çyny bilen aýtdy.

Ol iýip-içenden soň kagyzlaryny dörüp,. öňden bäri ýazyp ýören gündeligemi, hähilidir bir kyssa eserine meňzeş ýazgysyny eline aldy. Ol öňki ýazanlarynyň üstüne bu bolup geçen wakalary gyzykly edip ýazdy. Esasan hem ol Külbekowyň gazaply keşbini, Najyp aganyň çalgyrt gepläp sözleri, sözlemi, pikiri düýt-müýt edişine köpräk gyzyklanma berdi.Ahyrynda, Çaçy mugallymyň Aşgabatdan gelenleriň öňünde boluşlaryny, Ejeş mugallymyň merdana keşbini usullyk bilen beýan etdi. Soň depderini ýapdy. Daşyna „Oba mugallymy" diýilip ýazylan bu uly depder indi dolup barýardy.
Mergen işi näçe başyndan agdyk bolsa-da, bu ýazgysyny goýanokdy. Şonuň üçin bu depdere ýazylan ýazgylar onuň her gününiň şaýatnamasy bolup biljekdi. Ýöne oňa birneme çeperçilik ýetmeýän bolmagy mümkindi. Mergen häzir diňe ýazýardy. Ol başga niýeti golaýyna getirmeýärdi...
Ol hat- petek işlerini tamamlap, goş-golamlaryny alyp, tigirinr atlanyp, mekdebe bakan ugrady.
Bu gün birinji gün bolansoň, onuň diňe gündizki mekdepde okuwy bardy. Häzir bolsa ol, öňden gelýän däbine görä, okuwçylara ýazuwdan, dilewarlykdan sapak bermelidi. Onuň „bäş tegelek" kadasy boýunça sapak berýän okuwçylary indi şahyrlyk hetdine golaýlap barýardy.
„Nesip bolsa, okuwçylarym, onunjy klasy tamamlaýançalar duranja bir keramat bolarlar. Ýnha, ýene on ýyldan olaryň her biri bir deräniň şiri bolar. Iň bolmanda, gaty gowy adamlar-a bolarlar. Şolam, az däl ahyryn.—diýip, Mergen tigiriň üstünde süýjüje oýlandy.
Mekdep gum-guklukdy.Ertirki okuw ýaňy başlanyp, okuwçylar birinji arakesmä çykmandy.
Klaslaryň birinden Çaçy mugallymyň iniňi tisgindiriji sesi gelýärdi.
Mergen „şular ýaly ýakymsyz sesli mugallymy mekdebe, okuwçylaryň ýanyna ýanaşdyrmaly däl-ä" diýip oýlanyp barşyna, klasyny açyp, oňa girip gitdi.
Jaň boldy. Işik kakyldy. Uly klasyň okuwçylarynyň biri klasy açyp, içeri boýnuny uzatdy.
Mugallym, Çaçy nugallym siz müdiriň kabinetine barmaly—diýdi. Diýip, işigi daşyndan ýapdy.
-- Näme beýle gyssag iş barka?Häzir meniň okuwçylarym gelmel-ä—diýip, Mergen närazy halda hümürdedi. Soň klasyny gulplaman :"Okuwçylar gelse, girip oturybersin" diýip, oýlandy-da, çagyrylan ýerine bakan ugrady.
Sekretar gyz işigiň daşyndan kabinetde bolýan gürrüňi diňläp duran eken. Ol Mergeni görüp, ýüzüni –gözüni kürşerdip, gaýra çekildi.Mergen:__ Aýyp bolar,iliň gürrüňini diňlemek—diýdi.—Ol gyz dodagyny burdy.Mergen ony görmedi.
-- Giribermelimi?-- Ol gyza seretdi.
-- Giriberiň.
Ol içeri girende Ejeş mugallymyň aglap oturanyny gördi.
-- Men näme edeýin, ministriň buýrugy şeýle.—diýip, bilim bölüminiň müdiri Aga Mergenow janygýardy.
---- Salam mugallymlar!
Aga Mergenow agyr ýüzüni kese sowdy.

-- Salam, geç, otur.-- Onuň sesi janagyrly çykdy.
Hiç kimden ses çykmady. Birsalymdan Aga Mergenow resmi gepledi.
-- Ýoldaş Mergen Ataýew, sen ministriň hut özüniň, şeýle hem komissiýanyň karary bilen, hünäriňize laýyk gelmeýändigiňiz üçin, şu günden, ýigirminji ýanwardan işiňizden boşadylýarsyňyz.—Ol öňündäki ýüzi ýazgyly listi Mergeniň öňüne süýşürdi.
-- Alyň, okap,"Tanyşdym" diýip , gouňyzy çekiň. Okaň, soň...
Mergen okaman goluny çekip goýberdi-de ýerinden turdy. Ol Ejeş mugallymyň hasratly ýüzüne seretdi.
-- Onda, mugallym, sag boluň.
Ejeş mugallym atylyp ýerinden turdy.
-- Mergen, dogan, gynanma!—Onuň sesi gazaply eşidildi.—Seni kowsalar, menem işden gidýän.Men beýle töhmede, beýle adalatsyzlyga çydap biljek däl.—Ol çekerini açdy-da, ýazgyly kagyzy Aga Mergenowyň öňünde goýdy.—Ine, arzaň, ine kabinetiň, han-a mekdebiň, nesip etsin!
Aga Mergenow aljyrady.
-- Ejeş, Ejeş, sen beýtme>Dur. Hany, dur-sa-na.
Ejeş mugallym kabinetinden Mergeniň yzyna düşüp çykdy-da, onuň kabinetine girdi. Klasda okuwçylar bardy.Ejeş mugallym şonda-da Mergeni gujaklady.
-- Dogan, men seniň kyn günüňde kyýamatlyk doganyň bolaýyn. Sen ýüregiňe alma,Sen gynanma. Tutuş ministrlik bolup, şol samsyk ministr bolup, garawsyz, hosssarsyz, howandarsyz ýetim oglana garşy durýan bolsalar, menem seniň tarapyňda.Ýöne sen gynanma, dogan.
Ol çykyp gitdi. Mergen gözlerini mölerdişip, hiç zada düşünmän oturan okuwçylara seretdi.
-- Sag boluň, çagalar. Meni şu günden işimden boşatdylar. Ýöne siz meniň öwreden zatlarymy ýadyňyzda berk saklaň. Geljekde türkmeniň beýik ogullary bolup ýetişip, adalatsyzlyga, ikiýüzlülige, adamçylykdan çykma garşy siz göreşmelisiňiz. Bolýar, sag boluň.Gaty gowy okaň!
Okuwçylar klasdan çykdylar.Mergen kitaplaryny, depderlerini howlukman ýygnady."Görkezme esbaplarym menden ýadygärlik galsyn".
Ol gowy okuwçylaryň bäsleşigininiň netijelerine niýetläp öz satyn alam ruçkalaryny, sagatlaryny, bloknotlaryny howlukman howlukman, tertiplije ýygnady.Soň tigiriniň arkasyna daňyşdyrdy.Öz eljagazy bilen guranja klasy bilen özüçe hoşlaşdy.Indi gapyny gulplap, açary mugallymlar otagyndan asaýmak galdy.
Gapy kakyldy. Mergen ýerinden turdy.
-- Geliberiň!
Işikde Maýa Meredownanyň owadan didary göründi. Ol girip gelişine:
-- Salam, girmek bolarmy?—diýdi.—Ol işigi ýapdy.
-- Geçibereýinmi ýa-da şu ýerd durmalymy?
Geliň, geçiň.—Mergen Maýa Meredowanyň ter, näzik ýüzüni, kirpikleri çogup duran pyýala ýaly gözlerini ýakyndan synlady.
-- Näme, ýüzüň salyk-la, ýa gelenimi halamadyňmy, ýa başga zatmy?—diýip, ol çalt-çalt gepläp Mergeniň howuny basdy.

-- Ýok-la, hemmesi gül ýaly.
Maýa Meredowna başyny stoldan galdyryp bilmän oturan ýigidiň üstüne abanyp durşuna:
--Men näme üçin geldim diý?—diýdi.
Mergen oňa gözlerini mölerdip seretdi.
-- Gepiň keltesi,-- diýip, Maýa Meredowna  hökümsiräp gepledi.--  Sen meniň näme üçin gelenimi bilýäň—diýdi.
-- ...
--Sen meniň bäş- alty hatymy aldyň. Aldyňmy?Aldyň gerek.
-- Aldym.—Mergen baş atdy.
-- Sen Sonýa Babaýewanyň, Ejeş mugallymyň men barada aýdanlaryny eşitdiň?
-- Eşitdim.
-- Hany, jogap!—Maýa Meredowanyň sesi has hökümli çykdy. Her bir sowalyň jogaby bolmal-a, Mergen.
Mergen hor, edil bir seçek ýaly uzyn barmaklary bilen keltejik bejerilen saçyny yzyna darady. Soň öz häsiýetine,mylaýym sesi bilen:
Maýa Meredowna—diýdi.
Maýa Meredowna  güýçli gollary bilen howany salgylady.
-- Maňa jog-ap gerek, jogap!
Mergen penjirä tarap seretdi.
-- Men öýlenmäge taýýar däl!Jogap şol.
Maýa Meredownanyň öňem pyýala ýaly gözleri hanasyndan böwsülip çykarly göründi. Ol   içiniň bar ýangyjyny Mergeniň üstüne  -pürkene döndi.
-- Sen näme, erkek dälmi?Ýa gezip ýören tüntawmy?
Mergen ýerinden turdy.
-- Maýa Meredowna, bagyşlaň, Çyzykdan geçmäliň.Men siziň teýenäňizi çeker ýaly hiç zadyňyz däldirin.
-- Men onda näme etmeli?Ömrüm ötýänçä garaşyp ýörmelimi?
--Ony maňa näme üçin aýdýaňyz. Öýlenmek meselesinde sözi oglan ilkinji aýtmaly dälmidir.
Maýa Meredownanyň ýüzi –gözi üýtgedi.
-- Hany ol diýýän oglanlaryňyz? Nirede?Men seni arassa, ýetim, ýokary bilimli diýip haladym.Söýdüm!Özüm sawçy iberdim. Hat ýazdym. Ine, indem, gyz boýumy masgaralap, üstüňe geldim. Meni gujak açyp garşylamaga derek, ýüzüňi sallan bolýaň, meniň başyma. Ýa indi meniň özym, şeýdip:--Ol Mergeni duýman durka gujaklap, ogşady.Soňam gujagyndan sypdyrmady.—Ogşap, gujaklamalymy!
Mergen atylyp ýerinden turdy.
-- Bes ediň.—Ol işigi görkezdi. Çykyň.Men işigi gulplajak...
Maýa Meredowna iň öňdäki parta geçip, aglap başlady.
-- Meniň näme günäm bar.Söýdüm, haladym. Gowy wezipäm bar. Baýlygym, jaýym, malym, enem-atam bar. Men olary özüme dözemok.Bary seniňki.Baryny al, Mergen, ýöne meni ýakma.
Ol hem aglady , hem ýüregini dökdi.

Onuň sözi boýunça bu gyza söz aýdýan ýigitleriň sany-sajagy ýokmuş. Wezipeli adamlar hem:”Sen razy bolsaň, aýalymy, çagalarymy günibirin taşlajak” diýenlerem känmişin diýen manyny aňlamak bolýardy.Ýöne Mergen sesini çykarman, bu gyzy diňledi.Iň soňundan hem:
-- Siz, Maýa Meredowna, maňa bil baglamaň. Häzir-ä meniň öýlenme niýetim ýok, bolaýanda-da, siz däl!—diýip gygyrdy.
Bu söz Maýa Meredownany wagşyýana bir keşbe getirdi. Ol ýüz-gözüni hyrsyzlandyryp, Mergene topularly göründi-de yzyna gaýtdy. Şol gelşine-de Mergen üçin ýat bir şerraý ses bilen gygyryp başlady”
-- Sen, ýetim ýer çeken, Özüňi kimdirin öýdýäňmi? Men aýdaýyn, seniň kimdigiňi. Sen ýedi gapyda ýer tapmadyk ýetimçe, gedaý betbagt! Senmi, indi maňa at dakjak. Bar, bar, gümüňi tap. Seniň ýaly porsy ýetimçä baranymdan, ite baranymy gowy görerin. Porsy meýit diýsäni.—diýip. gapyny güpürdedip, ýapyp gitdi.
Mergen klasyň gapysyny gulplap, açaryny asmaly ýerinden asyp, tigirlije mekdebiň howlusyndan çykanda Gün dik depä galypdy.
Nämüçindir, Mergeniň häzir öýe gaýdasy gelmedi. Onuň kimiňdir biriniň ýanyna baryp, derdinişesi geldi.Içiňi ýakaýyn diýen ýaly, onuň şu uzyn, giň jülgede ýekeje-de dosty, syrdaşy ýokdy.Ol tigiriniň şahyny merkeze tarap öwürdi. Poçta bardy.Ol baryp noýabr aýynyň ortalarynda „Sowet Türkmenistany”, „Türkmenskaýa iskra”, „Edebiýat we sungat”,”Ýaş kommunist” gazýetlerine, „Sowet edebiýaty”žurnalyna abuna ýazylypdy.Bu gün ýanwar aýynyň ýigrimi bäşi bolsa-da, oňa ýeke gazýetem baranokdy.Ol şol meseläni anyklaşdyrmaga wagt tapman ýördi. Onsoňam, ol öýüne telefon çekdirsem diýýärdi. Dogry, Mergeniň özüniň telefon etjek ýeri ýokdy.Ýöne öýdäki ýaşulularyň „wah” telefon bolsady diýýän wagtlary bolaýýardy.
Ol poçta bölüminiň başlygynyň ýanyna bardy. Başlyk ýok eken. Ýöne aragatnaşyk bölüminiň başlygy poçtanyň howlusynda köw-söw edip ýördi. Ol Mergeniň salamyny zordan aldy.
Mergen salam berdi.
-- Ýöri, näme?—diýip, uzyndan daýaw pyýada it ýylgyryşyny etdi.
--Maňa aragatnaşyk bölüminiň başlygy gerekdi.
Ol pyýada sowuk ýüzüni kese-kse sowup durşuna:
-- Men – başlyk! Ýöri, näme edersiň?
Mergen bu pyýadanyň özüni alyp baryşyny halamady. Şonda-da öz niýetini duýduryp galdy.
-- Men öýüme telefon çekdirjekdim. Arzany kimiň adyna ýazmaly?
Ol pyýada köçeden geçip barýanlaryň birine elini galdyryp durşuna:
-- Biz telefon üçin arza alamyzok—diýdi.—Telefon diňe ýolbaşçylaryň, uruş inwalidlertiniň öýüne çekilýär. Onsoňam, ispolkomyň başlygynyň görkezen adamsynyň öýüne çekilýär. Bizde artykmaç nokat ýok.
Mergen ýaş ýigide golaýrak bardy.
-- Siziň adyňyz näme?—diýdi.
-- Adymy näme etjek?
Mergeniň agzyna siňek gonduryp, her görene hakyny iýdirip ýöresi gelmedi.

Men şu ýyl uniwersiteti gutaryp şu raýona işe geldim. Maňa gulluk wezipäm boýunça,  öýüme gyssagly telefon gerek.
Ol pyýada Mergeniň  hor, şilliň ruhy könelip, keýpi gaçan ýüzüne, boýuna-syratyna göwniýetmezçilik bilen seretdi-de.  Güldi.
--Sen  uniwersiteti şu ýyl gutaryp gelen bolsaň, bizde  uniwersiteti  on ýyl öň gutaranlaryň arzasy leýis bolup ýatyr.
Mergeniň gahary geldi.
-- Sen onda meniň adymy belle. Maňa Mergen Ataýew diýýändirler. Gazýetlerde tankydy makalam häli-şindi çykyp durandyr. Şujagz sözüň, bu bolşuň bilen işjagazyň bilen hoşlaşmaly bolaýma. Men telefon çekdirmän-ä goýman.
Ol pyýada:
-- Barsan-aý!—diýd-de, kabinetine geçip gitdi.Mergen onuň yzyna düşüp, başlygyň kabinetine bardy. Ol sesini gataltmasa-da, dogumly gürledi.
--Siziň bolşuňyz nähili? Şu edara döwlet edarasy.Konstitusiýa boýunça ýurdymyzdaky her bir döwlet edarasy ilatyň arzasynam almaly, arzynam diňlemeli. Oňa jogabam bermeli.
--Men şony edemok-da.—diýip, başlykMergeni äsgermän aýtdy. Saňa  telefon gerek bolsa, bar ispolkoma.”Şuňa telefonçekmeli” diýip, hat bersinler.
Mergen başlygyň  garşysyna geçdi-de, onuň öňünde duran kagyzdan birini alyp, arza ýazmaga oturdy.
Ýaş başlyk işigiň agzyna bardy.
-- Çyk, men kabineti gulplajak. Mergen arzasynam ýazmaga ýetişmän, alaçsyz kabinetden çykmaly boldy. Ýöne bu gün onuň depesinden inen „ gara daşyň” awusy ýüreginden hiç çykmaýardy. Ol  darajyk koridorda bir salym boýnuny sallap durdy-da edaranyň telegraf bölümine bardy. Şol ýerden  ýörite kagyz alyp, ýazyp başlady.
Türkmenistanyň Magaryf ministri Baýram Nuryýewe:” Meni tankydy makala ýazanym üçin Siziň buýrugyňyz  bilen,ýanap, mugallymçylyk işimden boşatdylar. Meni öňki mugallymçylyk kärimde işlemäge hemaýat etmegiňizi soraýaryn” .Garrygala raýonynyň 3-nji orta mekdebiniň dil we edebiýat mugallymy Mergen Ataýew.”
Ol şeýleräk haty „Prawda „ gazýetiniň, „Uçitelskaýa gazetanyň” Aşgabatdaky habarçylyk punktyna, „Türkmenskaýa  iskra”  gazeýetiniň redaksiýasyna ýazyp, telegraf kabul edýän geline gowşurdy. Puluny hasaplaşdy. Soň tigirini münüp, öýüne gaýtdy. Ol ýolboýy:” Her iş etselerem, mugallym bolup işlärin. Olara öaümiň dogrulygymy subut ederin” diýip. öz özüne göwünlik berip geldi. Şeýdibem, ol Güni ýaşyryp, öýüne geldi.
Ony Nobaraly aga ýylgyryp garşy aldy.
-- Geldiňmi, bally?!
Mergeniň haly harapdy. Ol şonda-da ýylgyran boldy.
-- Synladyňmy?Muny nähili gördüň?
Mergen ýaşulynyň elini uzadan ugruna garady. Täze jaýyň işiginde lowurdap duran  täzeje „Wolgany” ýaňy görüp galdy.
-- Myhman geldimi?
Ýaşuly Mergeniň bu sowalyna ýylgyrdy.

--Gutly bolsun, bally.Işigiňe ak „Wolga” geldi.
Mergeniň aňy akyr-ukur pikirlerden boşap galdy-da, olaryň barynyň ýerine begenç şuglasy çaýylyp gitdi.
O-ho, o-ho, biziňkimi, geldimi, däde!
Ýaşuly begendi. Misli, onuň kalbyna Mergeniň şatlykly tolgunmasy guýulan ýaly boldy.
-- Seniň „Wolgaň” ogul!Garry mülke ýene döwran dolandy. Köne mülke ýene „bedew at” dolandy. At arkasy gutly bolgaý, aýagyň astynda tozgay, omyn!
Mergen ýaşula goşulyp, elini ýüzüne syldy-da, gaýmak reňk, maşynyň ak ýüpek ýaly lowurdap duran süňňüni sypady.
-- Gowy maşyn, täzeje, akja maşyn!—diýip pyşyrdady.
Eli süýt bedreli, çukurdan çykyp gelýän Rejep aga-da ýylgyrdy.
Bala, mübärek bolsun! Gutly bolsun, toýly bolsun!
Bile bolsun ata, däde bile bolsun!
Olar keýpiköklük bilen saçagyň başyna geçip agşam şamyna başladylar.Köne mülk ilkinji şirin miwesini berip başlady.

## 8.

Mergeniň işe gitmeýänine bu gün eýýäm on gün bolupdy.Ol şu on günde Nobaraly aga bilen Gyzylarbat şäherine baryp, maşynyň hakyny hasaplaşyp geldi. Gyzylarbadyň haly fabrigine baryp, birinji gatdaky dört otag üçin dört sany ýedilik türkmen halysyny, koridor üçin iki üçlük türkmen halysyny satyn alyp geldi.
Maşyny Köçek aganyň hasabyndan çykaryp, şu raýonuň içeri işler bölümine baryp,awtoinspeksiýada, öz hasabyna geçirdi. Öýi üçin telefon çekdirmek üçin Maral Meňliýewa”M.Ataýewiň öýüne telefon çekmeli” diýen hat alyp, eltmeli edarasyna eltdi. Indem, ondan dynç adam ýokdy. Ol her gün gurluşykçylara kömekleşýärdi. Mellege girip Rejep aganyň buýran ýumuşlaryny edýärdi. Rejep aga bolsa indi melleginň, mallaryň tabyny ýagşy ele alypdy. Mellek, mallar, towklar onuň janydy.
Ol indi melegiň, mal-garanyň, towuklaryň ýanyna-da,, olardan gelýän girdejä-de hiç kimi goýbermeýärdi. Her aýyň başynda Merge köpem däl, azam däl, müň manat puly sanap berýärdi. Kim gaýmak süýt iýjek bolsa, gowurmadyr çekdirmä meýli bar bolsa, Rejep aga onuňam kemini goýanokdy. Ol indi her anna agşamsy özbek palowyny bişirip başlady. Ol nygmatyň ysy tutuş aşakky Garaganlyny gaplap alýardy.
Mergen Rejep agadanam, Nobaraly agadanam razydy. Ýöne bu iki goja-da Mergenden müňde bir razydylar.
Nobaraly aga gurluşykçylaryň arasyndaky Arguly atly ýaltarak, ýalançyrak oglany hiç halamaýardy.
O-how. Bally, onyň seniň ho-ol goňşy gelni ýanyna getirip, küýi iş bilen däl-ä onyň.Men-ä şony kowup goýberjek.—diýip, zeýrenme zeýrendi.
Ertesi gün Arguly Mergeniň ýanyna geldi.

-- Ýaşuly meni işden kowup dur-laýt. Gaýrat et, men ol gelne öýlenjek bolýan. Aýalym ýogaldy. Iki çagam ýetim galdy. Öýde iýmäge ýeke dişlem çöregim ýok, onsoň, men işlemesem, çagalary kim eklesin.
Mergen ýüzüni sallap gürledi.
Arguly, men seni şu sapar alyp galjak bolaýyn.Ýöne abraýyňy sakla-da gaty gowja işle.
Arguly gaty begendi.
-- Bor, agam, janyn bilen...
Şonda Mergen ýaşula „Argulyny yzyna al” diýende, Nobaraly aga boýun bolupdy.Şeýle-de bolsa gurluşygyň eýesi Nobaraly agady. Gurluşykçylar näme etjek bolsalar, ertir näme edijek bolunsa, ýaşula hasabat berýärdiler. Ýaşuly wagtynyň ep-esli bölegini gurluşykçylar bilen geçirýärdi. Şolar bilen iýip-içýärdi. Şonuň üçinem, ikinji gatyň daşky aýlawyna kerpiç örmek işi gutarypdy. Basym gapylaryň, penjireleriň goýulmaly ýerleriniň depesine beton guýulmalydy. Soň jaýyň üstüni basyraýmalydy. Oňa-da pürslerem, sementem, opalowkalaram ýeterlik bardy. Ýöne iki maşyn ýuwlan çäge gerekdi.
Mergen işi bolsa, bolmasa-da daňdan sagat dörtde turýardy. Soň sowuk duşa düşünýärdi Soňam gelip, çyranyň yşygyna „Oba mugallymyny” tä Gün dogýança işleýärdi. Onuň bu ýazgysy Mergeniň özüniň ýürek depderine öwrülip barýardy. Sebäbi ol oba gelan gününden tä şu güne çenli wakalry, adamlar bilen gatnaşygyny, özüniň jebir-jepaly duýgularyny howlukman „Oba mugallymynyň” süňňüne siňdirýärdi.
Ol her gün ýekeje ak kagyzy ýazgydan dolduryp, soň ýazmasyny bes edýärdi-de, sözleri, sözlemleri, pikirler has çuňlaşdyrmaga çalyşýardy. Adamlaryň häsiýetini çuňlaşdyrýardy. Olary obraz derejesine ýetirmäge jany bilen dyrjaşýardy. Ertesi ýene bir kagyz yzyny ýazýardy. Şu gün ol ýazan kagyzlarynyň altmyş yedä ýetenini gördi. Mergen şol ýazgyny gaýtalap-gaýtalap okady. Ýazgy akgynly okalýardy. Dili saüýjüdi., ýazylyşy Mergeniň pikiriçe, çeper çykypdy. Okap bolandan soň, Mergeniň ony bir eli boşyň ýazgysynyň derejesinde galdyrasy gelmedi. Ol kitaplaryny dörüp, Agahan Durdyýewiň”Bagtly ýigit”, Nurmyrat Saryhanowyň „Şükür bagşy”Ata Gowşudowyň „Köpetdagyň eteginde” eserlerini tapdy.Şolaryň üçüsiniňem, başlangyjyny okady.
Gün dogan badyna Mergew kagyz, depderlerini ýygnap öýden çykdy. Howanyň öwzaýy ýene bozulýardy.
Ol”Şu gün yrym edip, çaý-çöregimi täze jaýymda iýeýin” diýip oýlandy. Ýaşulular heniz ýatyrdy. Mergen tördäki otagyň işigini açdy. Onuň burnuna reňkiň, hekiň hem-de täzeje türkmen halysynyň bozganç ysy urup gitdi.
Içeri ullakan owadan türkmen halysy ýazylansoň, içeri gül-gülälekli meýdan ýaly owadandan ýakymly görünýärdi.Nobaraly aganyň gazaply zarbyna telim sapar reňklenen polam ýakymly görünip, gülälekli meýdanyň ruhuny näziklik bilen dowam edip gidýärdi.Belent, ýagty penjirelerden ýaňy atyp gelýän tyllaýy ruhy ak süýt ýaly bolup dökülip dur.
Mergen jaýdan çykyp, gaz peçde çaý goýdy.Saçagy, gowurmaly pitini alyp geldi. Soň baryp, sowutgyçy açyp, ondan gaýmakly, konfetli gaplary alyşdyrdy. Çäýnek-käseleri çaýkaşdyrdy. Onyň şykyrdysyna ýaşulylar hem oýandylar.

Rejep aga ýuwunyp, sygyryny sagmaga gitdi. Ol birsalymdan Mergen bilen Nobaraly aganyň orta alyp oturan saçagynyň üstüne şakäse doly çiggaýmagy getirip goiýdy.
-- Däde, kartişkäni kaçan ýygaýmyz?
-- Seniňki, şaltaý-baltaý, „Oýnap ekseň, boýnap biter" diýenleri boldy. Gyşyň içinde"Kartoşka ekjek" diýseň, gülüpdim. Seniň-ä onyň Tejen turuzypdyr. Ony mähetdel etmän ýygnäýly.
Mergen ýylgyrdy.
-- Atamyň eli gyzyl güldür! Onuň gum diýip garbany gyzyl bolýandyr.
Rejep aganyň özem saçagyň başyna geçdi.
--Bitde bazar! Ýene bir bazar karaşamyz.
Çaý-çörekden soň ýaşulular omyn edip turmak bilen boldular,Mergen saçagyň üstündäki gaplary, çäýnek-käseleri ýygnamak bilen boldy. Soň owadan el halynyň üstüne süýnüp, az-kem meýmiredi.Ony çaý-çörekden soň süýjüje agyrlyk basmarlaýardy. Ol irkildi...
Gün digup gelýär! Ol Gün däl. Mergeniň Gündür hasap edeni ap-akja şugla bolup, täze jaýyň işiginden girýär-de, kem-kemden topbaklanyp, jemlenip, ergin altyn keşbe öwrülýär. Mergen şol tyllaýy ergininiň içinde ak sakally, ak selleli garryja gojany gördi. Ol ýerinden galmak isledi. Emma galyp bilmedi.
-- Injalykdan gaçma. Men şu garry mülküň eýesidirin. Sen bir wagt gömlüp galan mülküň mübärek ýüzüni ýene açdyň. Indi bu köne mülk seniňki boldy.Saňa nesip etsin., haýryny görersiň, enşalla!
Goja elinde tutup duran zadyny Mergene uzatdy.
-- Me, ine şu köne mülküň açary! Muhammet essalamyň zamanyndan bäri arkama-arka ruhlaryň, perişdeleriň, şehitleriň ruhlarynyň nazary bilen ýalkanan, ýedi sapar Hydyr gören mülkdür bu! Sen mundan alan yrsgalyňdan olara-da degsin etginiň!Omyň!
Ak şugla yzyna öwrüldi.Mergeniň täzeje haly ýazylan, özi oturmaga dözmän oturan jaýyna syçrap duran gyr bedew girdi.
-- Tur, al, bu bedew seniň peşgeşiň bolsun.
Mergen ýerinden turup, gyr atyň uýanyndan tutdy-da, onuň buldurap duran maňlaýyndan ogşady.
-- Taňry ýalkasyn, atam! Şugla kiçeldi-kiçeldi-de, Mergeniň ruhuna girdi.
Mergen syçyrap özüni isläp duran sarç bedewe atlandy-da, töweregine garady. Birdenem özüniň bu bedew at bilen bileje uçup barýanyny duýdy.
--Uç, gyr atym, uç!..
-- Bala, bala!
Mergen tisginip oýandy. Ony Rejep aga yralap durdy.
--Tur, bala, myman soraýdy.
Mergen hälki açar tutan ellerine garady.Açar bolmasa-da, onuň sag eli açarly ýaly, agyrdy.
Mergeniň ruhy täzelenipdi. Kalby ýakymly duýgudan dolup durdy.Misli , ol henizem hälki bedew atyň üstünde oturan ýaly, ýeňildi. Tutuş dünýäsi çirksizdi, päkizedi.
-- Myhman!?

-- Ikki kişi geldi. Seni soraýýrlar.
Mergen işden çykarylandygy barada iberen tellegramalaryndan bir habar gelendir öýdüp, ykjamlanyp, daş çykdy.Işikde iki sany erkek adam boýurganyp durdy.
-- Salowmaleýkim, geliň.—Mergeniň ol eden tamasy çykmady. Işikde duranlar onuň halyndan habar aljak adama meňzemeýärdi.
-- Ataýew Mergenlermi?—diýip, işikde duranlaryň gulakjynlysy sorady.
-- Hawa, hawa, geliberiň.
Ýerne hälki adam gürledi.
Size telefin çekmeli!
Mergen duýdansyz, şatlanyp gitdi.
-- O-ho, o-ho, geliň, geliň. Gowy habaryňyz bar eken, geliň!
Başy gulakçynly, hortap  adam hoşamaý gepledi.
Adyň näme?Mergen diuýdiňmi?
-- Mergen!
Ol adam ýoldaşynyň yüzüne bakyp  ejizje ýylgyrdy. Soň düşündirip başlady. Mergen jan, bize birküç sany  göni pürs agaçlary gerek. Soňam, telefon apparaty bolmaly.  Eger, şolar tapylýança, „garaşyň" diýseňiz, biz indiki hepdede aýlanaly. Eger, häzir tapylsa, biz işe başlajak. Telefon üçin, biziň zähmet hakymyz üçinen, biziň düýp edaramyza otuz manat pul tölemeli.
__ Onuň gürrüňi bolmaz. Töläris. Pürs agaçlaram,  däde, haýsyny islese beriň. Ýöne, şu telefon apparatyny nireden tapyp bolar?
Gulakçynly pyýada elini aşak tarapa uzatdy.
Aşakda, woenni dükanda bardyr. Dükançа Aba diýerler. Gurban aýtdy diýäý. Edil , düýn gördüm. Bahasy ýigrimi dört manatdyr. Gulakçynly  daş- töweregine garady.—Maşyn özüňkimi?
-- Özümki!
-- Özüňki bolsa, häzir gidip geläý. Ýöne pürsi biz alaly. Telefiny nirede goýjagyňam görkez.
Telefon ulgamy gurulýan täze jaýdan elli- altmyş ädimräk  gapdaldan geçýärdi. Mergen geýinip, maşynyny otlady. Oňa çenli Rejep aga-da donunu çalyşyp geldi.
-- Bala, meniňem işim bardy. Mallara iým kereg.
Mergen  gaty kän eglenmän geldi. Onuň elinde gutujyk bardy.
-- Bar ekenmi, aldyňmy?—diýip, ol sütün üçin çukur gazyp ýören gulakçynly pyýada sorady.
-- Bar eken, aldym. Poçta baryp  aýdanlaryňyzam töländirin.
Şol wagt poçtolýon ýaşuly gelip, bir desse gazýet-žurnal goýup gitdi.
Telefonçylar günorta çenli  törki jaýa telefon çekdiler. Aşak, ýokary jaň edip, telefony sazladylar.
Gulakçynly adam Mergeniň ýanyna geldi.
--  Mergen jan,  öýe täze telefon çekilende, bir litr arak alnyp, gowja bir nahar bişirilip, ol „ýuwulýandyr", ony sen bilmeseň, bilýän dälsiň. Senem iliň şol däbini syla. Tüweleme, ine, täzeje „Wolga" alypsyň. Köşk ýaly jaý gurup otyrsyň. Gutly bolsun, olar barada soň, Ýöne häzzir telefonyňy bir ýuw.

Mergen ýene raýon merkezine gitmeli boldy. Ol barybir bazarda odur-budur almak üçin galan Rejep agany alyp gelmelidi. Häzir ol arak almak üçin ýörite gitmeli boldy.
-- Bolar seni beýle goýmaz diýip otyrdym, bally. Sen aragy bäş- alty çüýşeläp alagaý. Goý, öýde dursun. Çörek bilen iki tokga kolbasa-da al.Sen gelýänçäň, naharyň ugruna özüm çykaryn.
Telefon çekmäge gelenler işlerini bitirip, iýip-içip, agşamy düşürip gaýtdylar. Nobaraly aga telefonly jaýa girdi. Ol bagryny ýassyga berip, nämedir bir zatlar ýazyp-pozup oturan Mergen oň ýüzüne garady:
-- Bally, sen bärdemidiň?
Mergen ýazyp oturan zadyny bir gapdala goýdy.
Häzir, däde. Menem, indi atamyň yzyndan gidibermesem, onuň iým skladyna açylarça wagt bolandyr-a. Ony alyp gaýdaýyn.
Ýaşuly tlefon apparatyny sag eli bilen sypalady.
Bally, şuny welin, çekdireniň gaty gowy boldy-da! Munuň belli bahasy ýokdur. Onda-da meniň ýaly, aýagyny göre sokup oturan inwalid garryň dagyň bar bolsa. Indi munyň nomury näçe boldy.
Däde, belle. Biziň telefonymyzyň nomeri bir ýigrimidir!
-- 1—20
Ýaşuly gözüni depesine dikdi.
-- Bir ýigrimi, bir ýigrimi. Äýt, bally, aňsadam eken-le. Nesiup etsin, hernä.
-- Hemmämize, däde, bile nesip etsin. Men-ä, häzir atamy alyp gelip, Gyzylarbatdaky goňşyňa jaň edip, halyndan habar alaýaýynam bir diýip durun.
Mergen sähel salymdan gaýdyp geldi.
-- Atamy alyp geldim!
Nobaraly aga hälki gürrüňlere maýyl bolup şol bor oturan ýerinde otyrdy. Ol Mergeni görenden soň ukusyndan açylan ýaly boldy-da, Mergene golaý süýşüp, jaýlaşykly oturdy.
-- Bally, men senden bir zat soraýyn-la.
--Soraň, däde.—diýip,Mergen ýaşulynyň ýüzüne seretdi. Ol öz sowalynda göni degişlilik ýa-da bir göwne degiji niýet ýaly ýakymsyzlyk bolmasyn diýen manyda az-kem içini hümledip durdy.
-- Meniň göwnümemi , ýa-da şeýlemi?Sen bäş- on gün bäri öýderäk. Ýa bu günler kanikulmy ýa sen işi goýbolsun etdiňmi?! Ýa başga bir zat sebäp boldumy?! Eger meniň bilen bagly bir azap görýän bolsaň, ýa-da ýakymsyz gep eşidýän bolsaň-a gelip göni aýtgyn. Men seniň gül ýüzüňi solduryp, hiç haçan özümi bagtly etmen.
Mergen ör-gökden geldi.
-- Ýok, däde, beý diýmäň. Meni gazýete tankydy makala ýazdyň diýip, ýanap mugallymçylykdan çykardylar. – Soň Mergen bolan wakany bolşy ýaly gürrüň berdi. Men indi adalatyň gelerine garaşaýmasam, başga näme edeýin?
Ýaşuly gözlerini agyr pikirli agdardy.
-- Käriňem mugallymçylyk. Özüňem oglan okadýaň. Şon-nam saňa kän görýärler dälmi?!
-- Hawa.

-- Güni bilen klasda. Iliň öýe, köçä, ile sygmadyk bir topar bibaş çagasyny adam etjek. Olara bilim,  terbiýe berjek bolup, azap iýýäň?!
-- Hawa.
--Ölçeg ýarym okadanyňda-da, bolaýsa, zordan iki ýüz  manat töweregi.
Ýaşuly Mergeniň ýüzüne nebsagyryjylyk bilen seretdi.
-- Onsoň, seni şolar ýaly zulumly işdenem çykarýarlarmy?
-- Onda-da, ýanap, kast bilen.
Ýaşuly   ýetim oglanyň kellesi ýaly ýumrugy bilen  üstne gül ýaly haly ýazylan poly urdy.
-- Sen „alyň”. Işiňizi başyňyza ýapyň” diýdiň dälmi.
-- Ýok, däde.
-- Päheý, bally, gümüne gitsin. Şol porsy mugallymçylygyň. Ýör, men seni Gyzylarbada äkidip, öz ýerime goýaýyn. Üç günden-ä bir gün işlärsiň. Her aýyňa galmady diýende, on müň manat halalja pul galar jübüňe, Aýagyň aşagynda täzeje „Wolgaň” bar. Git-de, gel-de, rahatja işle-de ýör.
Mergen başyny ýaýkady.
-- Däde, men saňa bir rowaýat aýdyp bereýin.
-- Ýaşuly sesini çykarmady.
-- Öň bir şäherde  derwüş känmiş. Bir adamyň hem bu derwüşleriň bolşup ýörüşlerine  gaty gahary gelýär eken. Ol göern ýerinde derwişleri utandyryp, olary masgaralap, adamlary olaryň üstüne küşgürip gezer ekeni. Derwüşlerem bu adamdan bizar bolup, ahyry özleriniň başga şäherdäki pirlerini şikaýat edipdirler. Olaryň piri derwüşleri halamaýan adamyň ýanyna gelipdir. Onuň näme üçin derwüşlere azar berýändigini sorapdyr.
-- Olar ýigrenji, muguthor. Ýalta bir topar hapysa mahluk. „Hudaý, Hudaý „ diýen bolup  sümsünip ýören mugthor mahluklar. Şäherleri şol mahluklardan näçe çalt arassalasaň,   ýurt şonça çalt arassa, rahat bolardy—diýipdir.
 Pir sesini çykarmandyr,
 Ol barmagyndaky düşnükiz bir ýüzügi çykarypdyr-da, ol adama ugradypdyr.
-- Hanym, sen gaýrat et-de, bazara baryp, şu ýüzügi bäş dirheme (ownuk pul) satyp gel—diýipdir.
 Ertesi  ol adam bazara baryp ol ýüzügi ilki bäş, soň, üç, soň bir dirheme satjak bolupdyr. Emma  onuň satjak bolýan ýüzügini bir dirhrme-de almandyrlar. Ol lapykeç gaýdyp gelýär.
Onda hälki pir:
-- Şäheriňizde zergärler barmydyr?—diýipdir. Ertir şolara-da bir görkezip gör—diýipdir.
Ol adam ýüzügi göwher ussalarynyň biriniň ýanyna eltipdir. Ol bu şäherde belli zergär adam eken. Ol bu ýüzügi synlapdyr-da, ýöne titiräp duruberipdir
--Ogul, seniň bu ýüzügiň belli bahasy ýok. Eger gyssansaň,  ýanymda  diňe ýigrimi bäş müň tyllam bar, eger ertire garaşsaň, men seniň ýüzügiňi ýüz elli müň tylla satyn alaýyn—diýipdir.—Olam „bolýar, men ertir gelerin” diýip gaýdypdyr.
Ol adam ýüzüni ak tam edip, gelip bolan wakany  derwüşleriň pirine aýdypdyr.
Şonda ol pir:

-- Oglum, ine, şu derwüşlerem edil şu ýüzük ýzlydyr. Bazarçyl iliň içinde ol bir dirheme-de geçýän däldir. Emma bileniň ýanynda onuň gadry, bahasy ölçärden gaty ýokarydyr—diýipdir.
--Ine, däde, köp adam üçin mugallymçylygam edil şol ýüzük ýaly, ýeke dirheme-de geçmez. Emma meniň üçim mugallymçylyk hem şol soňky ussa-nyňky ýaly, dünýäniň ähli baýlygyny, ähli abraýyny göýsaňam, şonda-da azdyr.
Ýaşuly başyny ýaýkady.
--Wah, wah, balay, bally. Sen bu ýaş başyňy ne otlara , ne dertlere salan ekeniň. Wah, wah!...
-- Men , däde, tä ölýänçäm mugallym bolaryn.
-- Wah, bally, gadyrly tutar ýaly, näme ol beýle... Iliň-ä gaçgyny şol porsy mugallymçylyk. Sen şu käri saýlaşyňa haýran men-ä. Ol bir heleý iş-ä.
-- Däde, sen meniň göwnüme degmejek bolsaň, mugallymçylyga dil ýetirme. Mugallymçylyk kärine şek ýetiren meniň din duşmanymdyr!
-- Weýt, bally, näme beýle? Men düşünmedim. Hany, aýt.
Mergen ýekedyzyna galyp oturdy.
-- Däde, häzir adamzadyň başyna agyr apat indi.
-- Düşünmedim-le, bally. O ne apat!?
-- Häzir adamzat ownap, ynsapsyzlaşyp, çüýräp barýar!
-- O diýýäniň-ä dogry, bally!
-- Indi adam adamdan, dogan dogandan, ata oguldan, ene gyzdan, ogul-gyz, ata – eneden halys bizar bolunýan zamana geldi.
-- Olam dogry.
--Arak, şerap, neşekeşlik, parahorluk, pul, baýlyk diýip namys- aryňy, weýran etmek, nebis, açgözlük adamzadyň hakyky maksady bolup galdy. Adam ynsaby, adamkärçiligi, mähri unutdy.
-- Onyňam dogry.
-- Arak, şerap, ogurlyk, orramçylyk, ýalançylyk, ikiýüzlülik güzeran dolamak kärine öwrüldi. Dünýäde erbet bolmagyň, haramzada, açgöz, ikiýüzli, zalym bolmagyň ýekeje-de mekdebi ýok. Emma adamzat gün-günden däl, sagat saýyn pese gaçyp, ynsapsyzlaşyp, çüýräp barýar. Aýt, ony bu zulumly beladan kim halas etmeli?! Ony kim boýnuna alyp, öňe çykyp:”Saklan, adamzat!” diýmeli?
Nobaraly aga gözlerini mölerdip, agzyny açyp, aňňalyp Mergeniň ýüzüne garady.
-- Men-ä bilmedim, bally!
-- Ony, däde, diňe mugallym halas edip biler! Mugallymyň beýik göreldesi! Mugallymyň asyllylygy, ynsaplylylygy, gözel ahlagy, nurana keşbi, mähribanlygy halas edip biler! Ine meniň diňe şonuň üçin mugallym bolasym gelýär. Men harsydünýä bolmasam, ýaşanda namartja ýaşap, geplänimde mertlkerçe sözläp, içim birhili, sözüm birhili, özüm birhili bolmasam, ýaş nesil ýaş nesil meni görer, ýaş nesil maňa uýar. Meniň ýaly bolasy geler. Goý, diýeli, her ýyl ýekeje okuwçy maňa uýsun, şolam az däl. Pygamberleriň biri:”Bir adamy halas etmek, adamzady halas etmek” diýipdir. Häzir meniň ýigrimi bir ýaşym bar. Men häzir şeýle pikirde, Men otuz üç ýaşanymda, kyrk ýaşanymda meniň bu pikirim on esse, soň ýigrimi esse beýgeler-ä. Men şu ýyl bir okuwçymy özüme

uýdursam, geljek ýyl ýene bir okuwçyny özüme uýdursam ol soň üç  bolar, soň dört, bäş bolar. Kem kemden on, ýüz, müň,  tutuş oba, şäher bolar gider-ä..
-- Berekella, bally.
Nobaraly aga Mergeniň  ýüzüne dikanlap garanda  ýaş ýigidiň gözlerinden, ýüzünden nurly şuglanyň akýandygyny görüp, birhili gorkdy.
Bally, özi seniň janyň bir sagmy?!
-- Janym tut ýaly sag, däde, näme kesel görünýänmi?
-- Ýüzüň  sargarypdyr, sen sarylama dagy bolan bolaýma—diýip, ýerinden turup, Mergeniň elini , maňlaýyny elläp gördi.Soň:-- Gyzgynyň-a ýok—diýip, Mergeniň pikiri ne goşuldy.—Dogry aýdýaň bally, men bilmändirin, Seniň juda ýagşy niýetleriň bar eken. Sen çilim çekeňok, arak içeňok, tirýek-pirýegiň derýa bolup akanda-da, bir damjasyny diliňe degirjek adam däl. Sende  nebis ýok, pula-baýlyga ölme, öçme ýok. Sen  heýwere gawy mugallym bolarsyň-a. Özüň  adama bakna däl. Aýagyň aşagynda gowy maşynyň bar. Gowy jaýyň, mellegiň bar.
Mergen närazylyk bilen başyny ýaýkady.
-- Däde, şol sanan zatlaryň maňa geregi ýok. Ýöne, ikiýüzli namartlara  zar bolmajak bolup, onsoňam, iki sany Hydyr ata ýaly ýaşulynyň göwnüni ýykmajak bolup  „bolýar” diýen bolup ýörendirin.
-- Onsuzam, seni öldürjek diýseňem, ýalan sözlejek, haram, şübheli  lukma datjak gümanyň ýok. Senden hiç haçan awnyk, ikiýüzli kep çykmaz. Sen her näçe ýaşasaňam, bir söz, bir ahlak ,bir lebiz adam bolarsyň. Seni gören ýaş –ýuş däl, ýaşy bir çene baranlaram ýüzüne sylar. Hakykatdanam, sen mugallym, bally!
Şol pursat  işik açyldy .Içeri Annabike daýza , bir zatdan erbet  gorkan ýaly,titiräp girdi. Onuň gözleri giň, ýagty otaga düşensoň, elek-çelek bolup durdy. Ol elindäki boş tabagy   döşüne basyp, içeri gygyrdy.
Ýegen, ýegen jan.
-- Daýza, salowmaleýkim! Daýzatöre geçiň.—diýip, Mergen ýerinden turup, oňatöre geçmegi mürehet etdi.
--Ýegen jan , bu jaýyň-a gül ýaly bolowopdyr, nesip etsin, içi gelinli bolsun.—Garry gözi öwrenişensoň Nobaraly agany görüp: ýaşmagyny agzyna çekdi.
-- Turak aga jan, salam elik.
Ýaşuly bu aýalyň edil  kürsäp,içeri girmesini halamady.Gyňyr nazar bilen:
-- Näme habar, Annabike?—diýdi.
Annabike daýza biçäre gözlerini balkyldadyp, delminip Mergene bir seretdi.-de, duran ýerinde çökçp oturdy.
-- Ýegen jan obada bir kep bar. Habaryň barmy, ýokmy.
Mergen garry aýalyň ýüzüne seretdi.
-- O nämäniň gepi?—diýip,Nobaraly aga   gahar bilen sowal berdi.
-- Habary şol. GoňşyňyzŞepi tentek bara. Şol obanyň  bir topar agsak, towsak garry-gurtusyny sürüp, süýrekläp siziň üstüňize alyp gelýe. Men şony aýdaýyn diýdim.Birteke süzme-de gerekdi, maňa.
Olar jaýdan çykdylar. Işikde hakykatdanam, Şepi aga, Ybraýym aga, Oraz aga, Täçmyrat, Atabaý aga durdy. Mergen olar bilen iki elleşip görüşip çykdy. Bu hümürdä ussalaram,  geldiler. Çukurdan Rejep aga-da çykdy. Gapdaldan seretseň, Mergeniň täze jaýynyň işigi ýöne adam bolup durdy.

-- Men , adamlar, bolan zady diýýen.—diýip, Şepi aga gepi başlady.-- Ýylyň başyndan bäri obamyzyň gözi emgekden açylmady. Asyl, nämekä diýsem, „bu ýeksurun ýetimek” mellegine sogan, sarymsak ekip ýörse näme. Onam maňa hol, goňşy heleý, Annabike gara gelip diýýe-how.
-- Ekende näme?—diýip, Nobaraly aga gaty gaharly aýtdy.Aýt, ekende näme!
-- Sen bir gelmişek, Turak. Sen bu obanyň içki işine goşulma.
Nobaraly aganyň gahary möwjedi.
-- Haý, gurrumsak, men şu obadan gidip, saňa derek fronta saňa derek gidip, aýagymy aldyryp gelmedimmmi? Aýt, haram it ogly.Onsoň , men neneň saňa gelmişek bolýan.
Şepi aganyň sesi onyň sesini basdy.
--Sen prontyň golaý ýanyndanam baraňok. Gyzylarbatda bir topar ýeňil heleýiň syrtyny gujaklamaga gitdiň sen. Biz bilmeýendir öýtme.
-- Ah, seniň bir...
Nobaraly aga erbet sögdi.
--Ine, sarymsagy, sogany ekdirýänem şol betbagt tüntaw. Ol näme şol zatlaryň bu oba düşmeýänini bilmeýärmi?Baýam bilýe.
-- Pyýazy, sarymsakgy men ektim. Näme bolsa maňa bolar. Sizge nime?!
-- Mergen ara böweşeňlik düşenden:
--Adamlar, ötünç soraýan. Mellek meniňki. Sogan, sarymsagy ekdirýän men. Ýöne meniň ekenim bilen oba kösenjek bolsa,indi ekmerisem. Ýöne meniň öz mellegime halal pulum bilen alyp eken sogan, sarymsagymyň oba zyýan getirýändigine kepil geçýän birje delil getiriň. Men Şepi agany her näçe sylaýanam bolsam, onuň bu bolgusyz gepiune ynanyp bilmen-ä. Ol meniň bilen başdan bäri „Şu mellek, şu jaý meniňki bolmaly” diýup dawalaşyp ýör-ä.. Öl milisiýada işleýän ýegenini getirip, jaýymy, ýerimi elimdenem aljak bold-a. Jaýymy ýykmak üçin getiren buldozýory işigimde bir aýlap durd-a.
Şepi aga haýkyryp gepledi. Onuň şerhaýa sesi obanyň ýokary başyna baryp ýetdi. Elbet, elbet! Seniň öňki işiňem, adamçylyga-da, din-şerigata-da, ummata-da sygmajak zat. Seni Alla urar. Sen bir dinden çykan dogman geçen bolduň!
Nobaraly aga onuň sesini basdy.
Hudaý uran diýip, saňa diýerler. Ynsapsyz harap. Nädip, bu gün din-şerigat ýadyňa düşdi. Bar, getir, beýle molla bolýan bolsaň, „Sogan, sarymsak ekmeli däl” diýilip ýazylan ýeriňi. Tä şony tapyp getirýänçäň, gümüňi çek şu ýerden.
Ýaşulular dargap gitdiler. Emma Şerip aga hajathananyň gabadynda durup, edil bir dälirän ýaly bolup, jany ýangynly gygyrdy.
-- Sen çöp düýbi, hürri, dur bakaly, seni bir edişşigime seret. Men çeniň atajygyňy ýandyraryn, ataňy. Men seniň başyňa otuz ýedinji ýyly indermesem, atamyň ogly bolmadygym bolsun!
Nobaraly aga onuň haýýar sesini eşidip durup bilmedi.
-- Bar-san-aýt, harap, bar, bar...

Mart aýynyň başynda Rejep aga kartoşkany ýygdy. Öküzçeleri satdy.Şol hepdäniň aýagynda-da Mergene arassaja bäş müň manat getirip berdi.
Gaçar alaly, bala. Howa gyzmagynça kärtişkäni ekeli.
Mergen oňa müň manat pul berdi.
-- Ata, özüň isläniňi saýla-da, alybergin.Näme kömek gerek bolsa-da, aýdyber.
Gaty geň ýeri, Mergeniň Rejep aga bilen eken erikleri martyň ortalarynda edil bir ap-ak patrak bolup gülledi. Indi sekä akyp gelýän jana ýakymlyja howanyň deminde jennet ysyna meňzeş, beýan edip bolmajak bir müşki anbar ysy bardy. Mergen ilki bada kynyrak görenem bolsa, kem-kemden öýe öwrenişip barýardy. Ol öüde oturany bäri „Oba mugallymyna" çynlakaý gyzyklanyp gitdi. Ol her gün bir, gaty gitse iki kagyz ýazsa-da, bu ýazgynyň diline, adamlaryň tipleşmegine, obrazlaryň aýyl-saýyldan, aýdyňlygyna ayratyn agram salýardy. Eseri başyndan okap, obrazlaryň hereketini her gün giňeldýärdi. Mysal üçin Çaçy mugallymyň obrazyny çuňlaşdyrdy, örüsini giňeltdi. Onuň işdäki körzehinligini täsirli açdy. Şepi aganyň Mergeniň görmeýän, bilmeýän taraplaryny tipleşditip, gaty gyzykly edip açdy.Annabike daýza obrazyny obanyň şum habaryny her gün açyp, gaýtadan özüçe işläp ýene oba ýetirýän çylşyrymly obraz derejesine ýetirdi. Ejeş mugallymy ejizlere, adalatsyzlyga duçar bolanlara howandar derejesine ýetirdi. Onuň ýanyna başga mekdeplerde iterinji edilen mugallymlar hem gelýän boldy. Ol bularyň üstesine okuwy, usuly edep göreldesini gaty güýçlendirdi. Bu eseri okan her bir ýaş mugallym özüne nähilidir bir usuly goldan hem alyp biljekdi. Iň esasy ýeri eser uly, uzyn, gurak däldi.Şeýdip, ol bu eserine özi duýmazdan gyzygyp, güýmenip gitdi. Indi ony bu gyzyklyja, juda süýjüje pişesinden aýraýmak aňsadam däldi.
Mellekdäki gül-gunça, işikde duran täzeje ?Wolga", ikinji gatam ýetip barýan köşk ýaly jaý, jübüsindäki ýeterlik pul, iki sany perişde ýaly ýaşulynyň „balam, ballym" diýip ertir, agşam hoşamaýlap oturmagy, gulagynyň dynçlygy, kişä, zada zar dälligi Mergeniň göwnünem, süňňünem ers-mers edip barýardy. Ol bedenine üýtgeşik kuwwwatyň, ýüregine öň hiç wagt bolmadyk üýtgeşik galkynyşyň gelip guýulýandygyny duýdy. Ol indi öňki owurtlary çöküp, gözleriniň öňi agyr surnukmadan çykanyňky gom-gök halka bolup duran, gülaklary çepek ýaly, burny aňňal ýaly agzy jallaryp ýatan yşarat oglan däldi. Onuň ýüzüne düýnkü şugladanam birhili üýtgeşik lowurdap duran arassa nur inýärdi. Goçak gözleri altyn pyýala gyrmyzy şerap guýulan ýaly, Allahy keramat bilen balkyldap durdy.
-- Bally, tüweleme, alla öz penasynda aman saklasyn, sen ine indi meniň isleýän, meniň diýen ýigidiň boluberdiň—diýip, Nobaraly aga her gün Mergene hoşomaý sözleri aýdýardy.—Indi, seni öýeriberseňem boljak!
Mergen ýylgyrdy.
-- Däde, entejik howlukmaly. Haçan öýlenmelidigini özüm aýdaryn.Ýöne, meniň bir höwes edýän zadym bar. Sen meniň şol höwes edýän zadymy bitirmek üçin näme etmelidigini maňa maslahat ber.—diýip, ol iki ýaşuly bilen sekiniň üstünde çaý içip otyrkalar dillendi.
-- O nime, bala!?

Mergen  ýokary göteren käsesini agzyna eltip bilmän oturan Nobaraly aga seretdi.
Men bir zada gaty namys edýän.
-- Howwa.
-- Garrygala Garadäli gökleňiň ili. Hanmämmet gyjakçynyň obasy. Ýöne  indi ýüz ýyla golaý wagt bäri bu ilden düzügli bagşam,  dutarçam, gyjakçam çykanok. Radioda, telewideniýede biziň obalarymyzdan derman diýseňem, ýekeje dutarçam, gyjakçam  çykjak gümany ýok.
Nobaraly aga  ahyry käsesini agzyna eltip çaýyndan bir owurt ýuwutdy-da:
-- Onyň dogry. Näme, indi mekdebi taşlap, bagşy, ýa  sazanda bolasam diýýeňmi?!Mergen başyny ýaýkady.
-- Meniň-ä isleýänim, däde, öz obamyň oglanlaryndan on sany dutarçy, on sany gyjakçy, on sanjagam bagşy bolaýsa!
-- Sen oňa onça oglany nireden tapjak,  dutar-gyjagy nireden tapjak. Tapylaýanda-da, olara öwredýän gerek, halypa gerek. Bagşy, sazanda diýeniň bilen, olar  „häh „diýeniň bilen „mäh” bolup durmaz-a.Niýetiň , bally, gawy...
-- Ilki bilen-ä, dutar-gyjak satyn almaga iki müň manat gerek. Soň, halypa gerek.
Häliden bäri gürrüňe goşulman  oturan Rejp aga käsesindäki çaýy bir gapdala serpip goýberdi.
-- Koýup oturyň-eý, bala!—diýdi. Men hol kyraga elli tänr senewer ekme kereg diýew otyryn. Şoňga som tapylmaýdy. Siz ikki müň tin berip tutar, kyjak almak istorsyňyz. Ol bolmaýdy. Somy aýama kereg, bala!
Mergen agyr oýa batdy.
-- Ata, „kesmeseň, ganamaz”, türkmenler „Girdeji almak üçin çykdajy etmek gerek „ diýipdirler. Pul bar-a, sosna aljak bolsaň. Men bar, aýagymyzyň aşagynda gül ýaly maşyn bar. Aýt, getiribem bereýin, çukurynam gazybam bereýin.
Mergen içeri girip, pul alyp çykdy. Rejep aga iki ýüz manat aldy. Soň ol Nobaraly aga bilen maslahatlaşyp, tutuş çykyryň daş-töweregine rus arçasyny-sosna agajyny iki hatardan ekip çykmagy karar etdiler.
Mergen eşigini çalşyryp, uly kepjäni eline alyp, çukur gazyp başlady.
-- Ata, her çukuryň arasy näçe ädim bolsun?
-- Beş mitr.Gapdalga dört mitr!Olar üç bolup, günortana çenli otuz çukur gazyp, çaýa çykdylar.
Nobaraly aga ýogyn, gödensiz gara barmaklary bilen ýüzüni sylyp durşuna:
-- Bally, men saňa gowy halypa tapandyr!—diýip, begençli aýtdy.—Ýöne onuň ýanyna gitme gerek-dä.
Ilki kim ol, aýdyň. Gitmäň gürrüňini etmäň, maşyn bar-a, bileje giderisem, gelerisem.
Nobaraly aga sekä gelip dyz epdi.
-- Gyzylarbatda Soltan Atanepes diýip bir halypa bar. Onuň aslyGazanjykdan. Ýöne olGyzylarbatdan öýlenip,  göçüp gelipdi.
-- Soltan Atanepesmi? Aý, ýok-la, ol  aýdyp bilenog-a.
Ýaşyly başyny ýaýkady.
-- Bilmän, tanaman, ýanynda oturyp diňlemän  beý diýme. Han-a Molla Çäkli, Aşyrmämmet dawut, Saryhan sapa, Nebitdagly Mämmi, Gumdagly  Aman

Akmämmet, Gyzylarbatly Garaja şonuň şägirdidir. Men olaryň hemmesini sanap biljek däl welin, ýöne şol ulgamda aýdym-sazy turuzan halypa Soltan akgadyr, Eger oňa bir „bor" diýdirip bilseň, dutaryňam , gyjagyňam , bagşyçylygyňam öwretme kemini goýmaz.

Mergen galkynyp gepledi.

-- Ony bir aý öýe getirip bolaýsa.

Ýaşuly indi açylyşdy.

Näme getirip bolman. Gawja hak berjek bolsaň, öýüňde bir ýyllabam bolduraýyn, men Soltany.Soltan meniň kepimdem çykmaz.

Bu pikir Mergeni düýrmegi bilen özüne dolap aldy. Ol şol oýlara gark bolup ýörşüne sosna-senewer ekiljek ýeriň çukuryny iki günde gazyp gutardy. Soň uly hyjuw bilen Rejep aga bilen mellege kartoşka ekmäge kömekleşdi. Gyzylarbada awtobus gatnadýan ýigit ikim ýüz düýp sosna getirensoň, olary hem ekişdirip çykdy. Onuň eli şondan soň boşaşdy. Ol gurluşykçylar bilen gygyryşyp duran Nobaraly aganyň ýanyna bardy.

-- Sen maňa „nowruza çenli gurluşygy gutararyn diýdiňmi?!"Sözüňde dur!

Dede, maňa ýene on kün kerek. Indi gaty az kaldy.—diýip, Kolka mujigem ýaşuly bilen deň durup dawalaşýardy.

Mergen şol agşam goňşularyna bardy.—Daýz-z-a öýdemisiňiz!

Garry gaty-guty nan bölejigini agzynda oňaýsyzja çeýnäp durşuna, daş çykdy. Ýegen jan, gel.Öýde bolman men nirä gideýin, gel, gel.—Ol kiçijik eliniň aýasyndaky gaty çörek bölejigini uzatdy.—Iýseň-ä bereýin, al, ýöne gatydyr. Ýüregimiň suwuny sorsun diýip, agzyma ataýdym-a.

Mergen eýwanda duran ýerinden içeri boýnuny uzatdy.

-- Berdi daýym öýdemidir?

Garry aýal Mergeniň ogluny soramagyny geň gördi.Onuň kellesine" algysyny sorajakdyr „ diýen pikir urdy-da, Mergeniň badyny gaýtarmak üçin:-- Öýde ýeke dişlem çöregimiz ýokdur, ýegen jan, gördüň-ä, daýzaň galan gaçan gaty gutulary çöpleşdirip gün görýe. Biz-ä gedaý galdyk, ýegen...Sen Berdi daýyňy näme etjekdiň?

Mergen garra düşündi. Ony köşeşdirmäge başlady.

-- Eýgilik, daýza, bir işi maslahatlaşjakdym.

Garry şonda-da köşeşmedi.

-- Ol häzirem içigli. O tentekde maslahat näme işlesin, ýegen jan.

-- Ýok daýza, turuzaly!

Garry göwünsizräk.

Hä, turuzaly?—diýdi. Işige bakan ýörejek boldy-da, ýene durdy.-- Turuzaly diýseň turuzaly.—diýip. Mergeniň ýüzüne şeýle bir naýynjar seretdi welin, Mergeniň süňňi düýrülip gitdi.—Ýegen jan, hol goňşy gelin bar-a, Agagül, şol bara, seniň Arguly diýen ussaň bilen gaçyp gidewoýypdyr.

--Kim?

-- Hol, Seniň jaýyň gurluşygynda işlemeýemi-ýä, Arguly tentekdir-le. Şol hakyt, aý ýaljak gelini alyp gaçyp gidiberipdri-dä.Ýaňyja Agagülüň ejesi gelip aýtdy. „Gyzym gaçypdyr" diýip.

-- Onuň gaçmas-a bolmandyr.

-Ana bardyň, ýegen jan üstünden. Ýaňy ejesi geldi. Birtike süzme ber – diýip.Menem ,nädeýin, sizden alyp berdim. Gowy gyzdy-da, Meniň Çalabegime bararmykan diýip, tamakin bolup ýördüm-dä, ýegen jan, Wah, tamakinçilik gursun-da, gynanyp otyryn-da, şoňa.
Olar içeri girdiler. Ortaky jaýda, başyny elleriniň üstüne goýup, otagy boýa-boý tutup,çiň arkan süýnüp ýatan pyýadany turuzdylar.
-- Çalabek, aý-uw Çalabek. Ýegen gelip,seniň bilen maslahat etjek diýýer-ä. Mamaş, sagat näçe bold-aý?
-- Sagat ýediniň ýary.
Berdi daýy ýerinden galyp, aýbogdaşyny gurup oturdy-da, gözlerini çaşardyp ýanyp duran çyra seretdi..
Mergen pikirini jemledi.
-- Berdi daýy, biziň obamyzdan aýdym aýdyp biljek on adam, dutar çalyp biljek on adam, gyjak çalyp biljek on adam tapylarmy?!
Berdi daýy ýene ýanyny ýere berdi.
Ýigirmisem tapylar. Ýöne oňa tamdyra, gyjak gerek ahyryn. Tamdyra bolmasa nädip saz çaljak?
Mergen jübüsinden kagyz –galam çykaryp durşuna, :”Onuň gürrüňi ýok” diýip mydyrdady. Ol kagazyny dyzynyň üstüne ýazyp durşuna:
Hany, daýy, tamdyra çaljak oglanlary bir sana—diýdi.
Berdi daýy çyra seretdi.
-- Ýaz, Bally.Ol aýdymam gowy aýdýar.Ýöne sesi hyňňyrajyk-da.
-- Bolsun.
--Bally—bir! Gulça—iki.Gulça Ybraýym bu-da aýdymy şeýle gowy aýdýar.Allaş- dört.Hudy gara-bäş.olam aýdymy gowy aýdýar. Gurban. Menem belle. Sekiz.Aman Täç.- dokuz, Magtymguly. Ýöne Aman Täç aýdymy bijaý gowy aýdýar. Onuň sesi bu jelegaýlarda görlen, eşidilen ses däldir. Ine, şula sazam çalyp biler, aýdym-a olaryň ählisem aýdýandyr.
-- Indi, daýy, gyjakçylary sanaly.—Ol ýene çyra seretdi—Gyjakçy, gyjakçy!—Ýaz—Baýry Sary. Aýyt gök.Hally jylk.Nobat kel. Allaberdi kel. Saparmämmet. Arryk.Juma kese.Welmyrat Durdy.Öwez gyýjal. Süleýman.—Içinden barmaklaryny epip-epip, gaýta-gaýta sanady.—Onyň-a boldy.
-- Boldy, daýy.Indi, tur, geýin, şularyň öýüne ýeke- ýekeden aýlanaly.
Berdi daýy turar ýaly däldi.
-- Ýegen, edil, şu wagt kelläm eddil ýarylyp barýar. Aýdan- diýeniň bolaýmasa, men ýerimdenem turup bilmeýen.
Ol erbet ah çekdi.
-- Mamaş şu çyrany bir öçürsen-e.Ýiti yşyk deşip barýar.Öldüm-ow oldü-üm!
Mergen Berdi daýynyň matlabyna düşündi. Bu adam kireýsiz kilim kakjaga meňzemeýärdi.
Mergen iki gije, gündiz iş edinip, Berdi daýy bilen ady kagyza düşen adamlaryň ýekän-ýekän öýüne baryp, Olaryň ählisine öz matlabyny düşündirdi. Olary gelýän ýekşenbede öýüne çagyrdy.Dynç güni öýüne gelenlere matlabyny ýene-de düşündirdi.

Oglanlar, biziň ilimiz Magtymguly Pyragynyň, Garadäli gökleňiň, Çowdur bagşynyň, Durdy bagşynyň Aly gyjakçynyň, Hanmämmet gyjakçynyň ili. Emma şeýle beýik halypalaryň bagly, bossanly mülki indi ýetim galypdyr. Indi toýlar tutulsa obada, ilde derman diýseňem bagşam, sazanda-da, gyjak çalýanam ýok. Aýdyň, heý, pikir edýäňizmi?

--Biziň obamyzda aýdymy artyk gowy aýdýan oglanlarymyz-a bar

-- Aý, eýe, hossar ýok-daýt.

Mergen şol, sözi aýdanyň ýüzüne dikanlap seretdi.

-- Şu günden başlap men size hem eýe, hem hossar.Aýdyň gowy bagşyly, sazandaly oba bolmak üçin nämeler gerek?

-- Gowy halypa gerek.

--Ugruna çykylyp, dutar-gyjak alynsa, halypa tapyp, bäş-on gün ugruna seredilseler, soň özleri alyp gitjek şu oglanlaryň.

Mergen täzeje jaýyň iň gowy otagynda, täzeje el halynyň üstüde edil edep agajy ýaly bolup oturan obadaş oglanlaryň ýüzünde ýakymlyja höwesi duýdy.

-- Iller radyoda, telewideniýede dutarly, gyjakly aýdym aýdyp, obalarynyň, illeriniň abraý, mertebesini Türkmenistana ýaýanda, biz näme, olardan kemmi?! Bizi1ň näme, zehinimiz kemmi, ýa namys edemizokmy/ Bizem , her zat etmeli, bir zat etmeli, radio, telewidenýä çykjak bolmaly.

-- Wah, biri ilki bir eliňden tutup öwretmeli-dä, how. Biziňki emeli bilup dur-da.

-- Heý, dutaryň, gyjagyň bolmasa-da, oklaw bilen telewizora çykyp bolýamy?

Mergen ýene ara goşuldy.

-- Kim işleýär?

Şu oturan ýigrimi adamdan diňe dördüsi kolhozda işleýän bolup çykdy.

-- Onda siz özüňize aýdym, saz öwrenmäge bir aý wagt tapyp bilermisiňiz?

-- Biz, şoňa gerek bolsa, bir ýyl wagtam tapaly. Näme, şondan gowy bähbidimiz barmy?—diýip, Gulça dogumly aýtdy.

-- Eger siz, bir aý wagt tapsaňyz, men size gowy halypa tapyp geleýin.On tamdyra, on gyjak satyn alaýyn. Özüňize-de, günde üç wagtyna naharam, gatyk, süýdem bereýin. Ýöne her zat edeliň welin, şu bir aýda öleliň welin tamdyra-da, gyjagam çalmagy öwreneliň.Aýdym-a hemmämiz aýdaýmaly. Özüňizem, halypa gelenden soň, her gün, her gije şu öýe ýygnanaýmaly!

-- Öýe gaýtmalyňmy?

-- Öý bolmaz.

-- Şol-a gowy eken.

-- Bilemok, kimiň maşgalasy bilen gürleşip, rugsat almaly bolsa, ony aýdarsyňyz.

Mergen oglanlar bilen maslahaty bişirdim eden mahaly Nobaraly aga öýe girdi.

-- Oglanlar, gurgunmysyňyz?—diýip, ol oturanlar yň ählisi bilen elleşip çykdy.

-- Men daşarda gürrüňiňizi diňläp, begenip otyryn. Şeýdiň, indi sizden Garadäliler döräbermeli. Bir aýjyk gaýrat ediň. Onsoň, pulam, toýam, baýragam, abraýam, öwrenenje hünäriňizem özüňiziňki bolar.

Bir aýdan soň, men size Mergen janyň täze jaýynyň, täze „Wolgasynyň” şanyna gowy toý tutup bereýin. Şonda şuy ýigitleriň barysy orta çykar ýaly bolsun. Biliňizi gaty bek guşaň-a. Özüm baýragyňyzy ýetirerin. Kim gaty gowy aýdym aýtsa, iki ýüz manat baýragy bardyr. Kim tamdyrany gawy çalsa-ha, , gyjagy

ezber çalsa,  olara-da ýüz manat baýrak goýýan. Galanynam, Mergen janyň, il-günüň özi ýetirer. Şeýle dälmi, bally!
-- Wah, baýragyň gürrüňi ýok-la, däde.Çalyp bir bilseler. Biz-ä ummasyz hak töläp , halypa çagyrsak, bularam,  gaçyp-tezip, gelmän, sallam- sajak boluşyp, masgara bolup ýörse, näderis, däde. Sen şondanam habar ber, däde,
--Aý. Ýok-la, bu oglanlar, namys-ara,abraýa çirk  getirjege meňzänok.—diýip. Nobaraly aga oganlaryň sesini bir barlaýyn diýen bahanajyk bilen    tamdyrasyz, gyjaksyz aýdym aýtdyrdy.
Oglanlaryň bäşisi bada-bat onyň gaty berk  talaply synagyndan geçdi. Galan oglanlar  şenbe güni gelmegi wadalaşyp, nahar- çaýdan soň, öýli-öýlerine dargaşyp girdiler.Emma ýaşulynyň Gulça, Mämguly, Aman Täç, Bally, Berdi Çalabek bilen hiç aýrylaşasy  gelmedi. Olara dutar, gyjak bolmasa-da şol bir aýdymy telim-telim aýtdryp, hiç ganyp bilmeýärdi. Ol şol oglanlkara aýdymyň çeküwini, pessaýlamasyny, jukguldamasyny, bokurdak gyrmasyny, hüý-hüýlemesini, burna salmasyny gündizi, gijesi diýmän gezek-gezegine öwretdi oturdy. Oglanlar gijäniň bir wagty öýlerine gaýtjak bolanlarynda olaryň hersiniň eline on manat pul berip goýberdi.
Enşalla, tamdyra-da öwrenip, onsoň gyjagyň ýany bilen  bir orta çykarsyňyz welin, nädersiň, il-günüň abraýyna abraý bolup gidersiňiz. Soň, olaryň hersine erte agşama çenli, „Zöhre-Tahyr” dessanyndan sesine, başarnygyna görä, bir aýdymyň goşgusyny ýat beklemegi tabşyrdy.
Şol günüň ertesi Mergen dünýäni undup,  haty bilen garabaşyna gaý bolup otyrka,  içeri Nobaraly aga girdi.
-- Bally, oýamysyň!
-- Däde, salowmaleýkim!—diýip, Mergen ýerinden turup, ýaşuly bilen asalamlaşdy.—Ir turupsyň-a, däde, janyň bir sagmy?
Ýaşuly güldi.
-- Men-ä bally, sen begennik etdiň goýadyň-da.Gije gözüme uky gelmese näme.
Mergen geň galma bilen ýaşula üşerildi.
Ol-a bolmandyr, näme  biynjalyk eden zat barny?
Ýaşuly onuň garşysyna gelip, halynyň üstüne çökdi.
-- Binjalyk eden zat, şol. Agşamky aýdymlar, hut, kellämde ýaňlanyp dur. Bu kelle , öňem kantuziýa alyp, düzüg kelle däl-ä, bally.
Mergen ýylgyryp, başyny atdy.
--Ol aýdymlara. Meniň özümem gaty begendim. Indi Gazanjyga  gidip, Soltan akgany bäş-alty sany tamdyrasy, gyjagy bilen getirip bolaýsa!
Ýaşuly ýekedyzyna galdy.
-- Gazanjyk diýmesen-e.Soltam Gyzylarbatda meniň duldegşiur goňşym.-a. Onuň özünde tamdyranyňam, gyjagyňam bir gideni  üýşýp, çaşyp ýatyr.  Ol şäher pionerler öýünde  mugallym bolup işlände,   bir topar dutar, gyjak özüne galan ogşýan. Daň atdygy, gidelem, goşy, golamy bilen alybam geleli.
-- Däde, ol gelermikä?
Nobaraly aga gusssa batdy.
-- Wah, bally, Soltan ikimiz  öýmüzden başga nirä äkitselerem  gideris-le. Olam meniň goýberen ýalňyşlygymy çoýberdi. Ol Gazanjykda maşgalasy

ýogalanandan soň, gezdi-gezdi-de, Gyzylarbatda bir ýaş maşgala sataşdy Soň onam aýal edip aldy-da, Gazanjykdaky öýüni-öwzaryny satyp, Gyzylarbada göçüp geldi. Bilmedim, öz-ä , şondan soň oňşug-a peseldi. Menem, gelinbibiň pahyr bolansoň, öýlenme hyýalyna mündüm. Şonda, Soltan:” Meniň ýalňyşanym tutuş ummata bolar,Sen bir ýalňyşma, Turak” diýdi. Başga zat aýtmady.
-- Turak kim bolmaly?
Meniň lakamym Turakdy.—Ýaşuly aladalandy.—Men baryp, Rejep ataňy turuzaýyn.Sajý goýaýyn, sen ýaz, bally.Senem azara goýdum.
Ýaşuly çykyp gidenden soň, Mergen agyr oýa batdy.
„Soltan akgany, hut, şu gün alyp gelmeli. Oglanlaryň ýüregini bir galkyndyransoň, olary sowatmaly däl...”
Mergen daşary çykdy. Düýn bulaşyp, Ýere degäýjek bolýan asman , bu gün älemiň egnine lowurdap duran mawy mahmalyny ýapypdyr.Öleňlikden öwüsýän mylaýym şemalyň deminde baharyň hem-de ajy tüssäniň ysy bardy.
Mellegiň üstüne agyr duman çökene meňzeýärdi. Mallar, towuklar görünmeýärdi. Diňe gül ysy gelýärdi. Mergen mellege düşdi.
Täzelikde Rejep aganyň saýlap-seçip alan öküzçeleri Mergeni görüp ýerlerinden turuşyp, mölterişip seretdi. Gölejik tamakinçilik bilen molady.
Mergen mellge seretdi. Kortoşkalar eýýäm gulak görkezip başlapdyr.
Mergew törki hüjräniň törüne basylan ganar-ganar samana bakan ýöneldi.
Bala, duruň!—diýip, Rejep aga Mergeni gyra itdi.—Özüm, bala, özüm.
Mergen ýylgyryp mellekden çykdy-da, elini ýuwup, Nobaraly aganyň taýýarlap ýören saçagynyň başyna geçdi.
Gün dogdy. Mergen maşynyny otlady. Soň. Kellesini aýnadan çykaryp, Rejep agany gyssady.
-- Ata, bolaweriň!
Nobaraly aga donuny maşynyň içine atyp, soň aýlanyp. Mergeniň ýanyna geldi.
--Bally diýýän-ä, barybir maşynly gidýäs, Ejeza bolsa, şol garryja goňşym bar-a,
-- Maşa daýzamy?
--Maşa, şoňa bir azajyk kartoşka alasak näzeýilli bolar?
--Alaly, alaly, ýumurtga-da, süzme-de alaly.
Ýaşuly boýnuny burdy.
-- Şony şaltaý-paltaýa özüň aýtsan-a!
Mergen iki bedräni ýumurtgadan dolduryp, çukurdan çykan Rejep aga baş atdy.
-- Ata, dädemiň Gyzylarbatda garryja ors aýal goňşusy bar. Şoňa kartoşka, ýumurtga, süzme äkidäýsek neneň bolar?
-- Haýyr-aý!
Olar diýlen zatlary maşyna ýükläp, ýola düşenlerinde, sagat dokuz boldy.

**10.**

Mergeniň gökdäki dilegi ýerde gowuşdy. Mart aýynyň ýigrimi bäşine, onuň öýüne del myhman geldi.
Täze jaýyň birinji gatynyň giň otaglarynyň birinde aýdym-sazyň owazy ýaň berýärdi. Ýaşy bir çene baran dolmuş pyýada çakgynyň çüýi ýaljak , kiçijik ýiti gözjagazlaryny ligirdedip, batly, gyryk sesi bilen „aldyň, aý , ýaş-şa” diýip

şüweleň berýärdi-de, birdenem,”al, bally, şunyň-a bolmady. Hany, şeýleräk, şeýleräk edibem bir al bakaly, haý berekella” diýip, aýdym aýdýanyň gapdaly bilen bir „şirwana” galýardy. Bir ýapbyldaga düşýärdi.
-- Çekre, heýwere çekre! Sen içiňden aýtmasan-a, bally, maňa-da aýdyp ber-ä, bol, berekella, ataňa rehnet, häýt!—diýýärdi. Aýdymdan soň dutar, gyjagyň kä alyşýan, kä alyşmaýan sesi jaýy göçüräýin diýýärdi.
Şol wagt täzeje „Gaz-69” maşyn işige gelip saklandy. Maşyndan ýüzi durşuna maňlaý bolup duran, atan-satan pyýada düşdi. Onuň yzy bilen gara saçy yzyna gaýtarylyp, daralan, gözi äýnekli, ak ýüzi hyrsyz adam maşyndan düşdi. Üçünji düşen bolsa Wadim Sergeýewdi.
Mergen Wadim Sergeýewi tanady. Baryp onuň bilen, soň beýleki myhmanlar bilen salamlaşdy.
Wadim Sergeýew Mergeni myhmanlar bilen tanyşdyrdy.:
-- Bul-a öz raýkomyňyz, ýoldaş Bähbidow. Bu äýnekli „ýigidem” „Prawda” gazýetiniň Türkmenistan boýunça habarçysy Esenow,-- Ol myhmanlara garady.Ýaş mugallym, Mergen Ataýew!
Myhmanlar iki gat owadan jaýa, täzeje „Wolga” gyzyklanma bilen seredişdiler.
-- Özüňkimi?—diýip, Esenow sorady.
-- Hawa!
-- Karz zat alansyň-da.
-- Otuz müň manat kjarz aldym. On bäşini eýýäm üzdüm.
Esenow gözlerini Mergene dikdi.
-- Nämäň hasabyna üzdüň?
Mergen olary çukura tarap alyp gitdi:
-- Ine, mellegim. Sygyr sagýan, elli towuk saklaýan, her günde elli ýumurtga berýär. Iki öküzçe bakýan. Ýerime kartoşka , sarymsak, sogan, kartoşka ekip, satýan. Özüm üç-dört aý mekdepde işlemedim....
Olar birinji gatyň çetki otagyna girdiler.Rejep aga edil mähetdelini bermän iki çäýnek çaý, käse , çörek, gowurma alyp geldi. Soň arada Gyzylarbada gidilende satyn alnan hoz, kişde, kişmiş ýaly zatlary saçagyň üstüne üýşürip başlady..Soň: Bala, munda keliň!—diýip, Mergeni koridora çagyrdy.—Mymanlar az salym dynç alsynlar. Men horaz soýup, palow bişiremän.
-- Bolar, ata, ýöne häzirem kolbasa, çig gaýmak, çörek alyp geliň.
Mergeniň içeri gierrine mähetdel, Rahymow sumkasyndan ruçkasyny, bloknotyny çykardy-da, bada-bat sowala tutduryp başlady.
Seniň adyň-Mergen. Kakaň ady näme?
Kakama Ata, Ata seýisçem diýer ekenler.
-- Özüň uniwersitetiň türkmen filologiýasy fakultetini tamamladyň?! Tapawutlanan diplom bilenmi?
-- Mergen ýylgyrdy.
--Aý, ýok-la, zordan, neme ortaça diýseňem bolar.
-- Şu ýere naprawleniýe boýunça geldiňmi geldiň? Sapagyň bir ölçeg bar?
-- Bir ýarym ölçeg!
-- Indi sen aýt, näme üçin mugallym bolasyň gelýär? Mysal üçin, beýlekiler kän bir isleg bildirip baranog-a.

Mergen „Ýaşuly gaýmak getirmed-ow” diýip, saçaga seredip oýlandy-da, soň beren sowalynyň jogabyna garaşyp äýneginiň ululygynda göziň içine hyrsyz seredip oturan pyýada garady.
-- Size çynymy aýtsam, meniň oglanlykdan tebigatym gowşagrak. Çagalykda, soň keselbent boldum. Ýöne aňym, pikirim, logiki pikirlenişim, erjelligim, ýatkeşligim gowy. Şonuň üçin özümiň mugallymçylykdan başga käre ýaramajakdygymy aňdym.Ikimjiden, Özüňiz görüp dursuňyz, nesilleriň ynsap, ahlak, edep,adamkärçilik ýörelgeleri weýran bolup gidip otyr. Adamzat ownaýar, nesiller ownaýar, zaýalanýar. Adamzadyň şöl weýrançylygyny, zaýalanmasyny, onuň öňüni diňe mugallym, mugallymyň beýik göreldesi halas edip biler „ diýip pikir edýärin. Bilimli, sowatly berk edepli, ynsaply, mähriban medeniýetli, owadan, arak içmeýän, çilim çekmeýän, nebsini saklap bilmeýän, haram nebse çapmaýan, ýaranjaňlygy, namartlygy golaýyna getirmeýän, aklagy, lebzi, haty g, äheňi, didary gowy mugallym özem, erkek adam, okuwçylaryň öňünde baýdak ýaly bolup, edebi, sowady, adamkärçiligi bilen dursa, okuwçylar, nesiller oňa uýar. Şoňa meňzäsi geler – diýip pikir edýärin. Meniň ömrüm boýy, oba ýerinde şeýle mugallym bolup işläsim geldi.
--Sen, bir özüm çüýräp barýan tutuş nesli halas ederin – diýip, pikir edýärsiň-ä?!
Mergen ýüzüni ýerden galdyryp, „Bu adam özüni ýaňsylaýan bolaýmasyn” diýen pikir bilen onuň ýüzüne garady. Ýöne ol adamyň çynlakaý garaýşyny görüp, oňa jogap berdi.
-- Ýok-la, meniň bir özüm tutuş adamzady, giden nesiller halas edip bilesim ýok-la!Ýöne Isa pygamber:”Bir adamy halas etmek, tutuş adamzady halas etmekdir” diýipdir ahyryn. Men ömrümiň her ýylynda ýekeje okuwçyny beýik edepli edip bilsem, sowatly, ahlakly edip bilsemem özümden razy bolardym. Eger olar iki bolsa, oňa ýetesi zat ýok.
Mergeniň aýdanlaryny Wadim Sergeýew hem ýazýardy.
-- Sen näçe aý okatdyň?!
-- Dört aý!
-- Şu dört aýda netijäň nähili boldy?
Mergen ýylgyrdy.
Men şu dört aýda on prosent netijä garaşyp, ýüz on prosent netije gazandym.
-- Ol nämeden?!
-- Okuwçylar meni ykrar etdiler. Meniň yzyma düşdüler. Öwredenlerimi aldylar.
Esenow äýnegini eline alyp, „Bu nähili bolýar-aý?” diýen manyda ony süpürip durşuna, buza dönen çaýyndan birki sapar owurtlady-da:
Onsoň, şu geçen dört aýda näme öwredip bildiň?—ýumşak äheň bilen sorady.
-- Şu geçen dört aýdamy? Şu geçen dört aýda her klasda bäş- alty okuwçy harp tanamaýan eken, alty- ýedi okuwçy okap bilmeýän eken, bäş-alty okuwçy hat ýazyp bilmeýän eken. Özümiň okadýan klaslarymyň üçüsiniňem okuwçylarynyň gaty gowy okamagyny, haty ýalňyşsyz, owadan ýazmagy öwretdim. Labyzly okamagyň, özbaşdak pikirlenip, pikiriňi suhanber--aratorlarça aýtmagy, sözlemegi öwretdim. Gündiz okadýanlarymda-da, gije okadýanlartmda-da,her klasda ýüz sany beýannama, ýüz diktant, ýüz düzme ýazdyrdym.Şolaryň ählisini barlap, iň göreldeli, haty juda owadan ýazýan,

goşgyny, islendik teksti labyzly aýdyp berýän okuwçylara altyn peroly ruçka bermek endigini ýola goýdum. Heniz hiç bir mekdepde ulanylmadyk bäş tegelek taglymatyny ornaşdyrdym. Edebiýata ulgamlar boýunça düşünmegi öwretdim. Türkmen klassyk edebiýatynyň wekilleriniň döredijilik maňzyny ýat tutdurdym. Her okuwçynyň öz abraýyna düşünmegini, öz abraýyny belent saklamagy öwretdim.

-- Bu ýaman köp bolanok-maý, Wadim Sergeýew?—diýip, Esenow ýassyga bagryny berip ýazyp ýatan ýoldaşyny ýüzlendi.—Heý, netije boldymy?

-- Netije boldy!.Men okuw başlanda täzeje tigir satyn alyp mekdebe gatnap başladym. Nebitdagda betligi üçin bu ýere getirilen Marlen atly okuwçy klasdaşlaryna görünjek bolup, klasyň aýnalaryny döwüp, tigirimiň kamer, pokrişkasyny kesim-kesim edip, tigirleriň ýenjim-ýenjim edip, gaçyp gitdi. Okuwçylar öz aralaryndan pul ýygnap, maňa bildirmän, tigirimi özleri bejeripdirler. Ol ýaramaz, ikilikçi okuwçy bolsa, diňe bäşlik alyp okaýar. Onuň hatyny, goşgy okaýşyny bir görsediňiz. Duranja bir hazyna! Bu bir, ikinjisi, men her okuwçyny özbaşdak okuwa çagyrdym. Olaryň ýekejesem galman ertir bilenem, senbe, ýekşenbe günlerem okuwa geldiler. Meniň okadýan klasymyň okuwçylary şu geçen dört aýda, ne bir ýaramazlyk etdi, ne bir okuwdan galdy., ne-de beýleki derslerden pes baha aldy.

-- Şol dogrumy?!

-- Şol-a dogry!—diýip, partiýanyň raýkomynyň täze birinji sekretary gürrüňe goşuldy.—Ideologiýa boýunça sekretarymyz Ejeş Kürräýewa ýaňy sizyň öňüňizde aýdyp durd-a. Onuň gyzjagazy Ataýewiň klasynda okapdyr-a.

Mergen baş atdy.

-- Hawa, mende okady.

Esenow iň soňky sowalyny taýýarlap durşuna, sagadyna seretdi-de, şöl wagt bir iş bilen içeri girip, ýene daş çykan Rejep aga bakan ümläp goýberdi:

-- Bu ýaşuly kim?!

Mergen ol adamyň ellinji ýyllarda şu raýona prokuror bellenen bir garyndaşy bilen bu ýere gelip, aýaly ýogalansoňam iki ogluna bilim-terbiýe berip , onda-munda işläp galyberendigini, soňam 3-nji mekdepde hojalyk işleri boýunça orunbasar bolup, ýakynda pensiýä çykyp, öz ýanyna ymykly göçüp gelendigini gysgajyk gürrüň berdi. Soňra Nobaraly aga barada aýtdy.

Esenow baş atdy-da:

-- Siz özüňize kast edilmesiniň, Aşgabatdan ýörite, diňe sizi barlamak üçin komissiýanyň gelmeginiň, işden çykarylmagyň sebäbini nämeden görýärsiňiz?

Mergen işige seretdi. Ony Rejep aga koridora çagyrýardy. Mergen işige çykdy-da, ýene gelip, öňki ýerinde oturdy.

-- Men öz mugallymym Wadim Sergeýew bilen Okuwçy näme üçin mekdebe gelmedi?” diýen makalany ýazdyk. Belanyň körügi şol makala bolaýmasa!

Esenow dikelip oturdy.

-- Ony ilki seniň özüň ýazdyň ahyry. Ol ilki „Turkmenskaýa iskra” gazýetinde çykdy. Şeýle dälmi? Men ony okadym. Makala güýçli ekem.

Mergen Wadim Sergeýewe seretdi.

-- Mugallymlar, nahar-a taýýar!

-- Ýok, ýok, azajyk howlukmaň. Meniň ýene bir  düşünmeýän zadym bar. Mergen, sen şoňa-da jogap berip, maňa düşündirsen-e.
-- Soraň, soraň.
Esenow bloknodyny açyklygyna halynyň üstünde goýdy.
-- Her klasyň okuwçysynyň häsiýet aýratynlygyny aýdyp bersen-e. Meselem, birinji klas nähili, ikinji, üçünji, dördünji nähili? Dokuzynjy, onunjy klas nähili häsiýetde? Pedagogika, metodika,  tejribe olary nähili häsiýetlendirýär. Men gidip-gidip”şol nähuilikän” diýip oýlanýan.
Mergen jaýlaşykly oturdy.
-- Mugallym, meniň tejribäm gaty az, Bary-ýogy dört aý okatdym.Siz ony tejribeli mugallymdan sorasaňyz kanagatly jogap alarsyňyz.
-- Esenoň äýnegine ýapyşdy.
-- Ýok, ýok, siz öz pikiriňizi aýdaýyň. Maňa beýle çuňňur bolmasa-da bolar.Pikiriňi biljek bolýan...
Mergen ýere garady.
-- Ony şeýle-de aýtsaň bolar-la. Elbetde, birinji klas, gorky bilen ynamyň arasynda äm-sämiräk ýaşaýar. Birinji klasda kim bir ýyl  ir okuwa berilýär, kim bir ýyl giç okuwa berilýär. Bir ýyl-a däl, birje aýam tapawut berip durýar. Şonuň üçin birinji klaslara baha bermek aňsat däl. Olar umumylykda, bir zat öwrenseler begenip, bilmedigini „aý” diýip okaýarlar. Heniz matlaplaýyn betçilik, garagolluk oýunda, pikirinde bolmaýar. Durşuna gujur, gaýrat!Käsi ejeçi, öýdeçi bolup, aýtman, diýmän mekdepden gaçyp gidýär. Mugallym gaty sak bolmaly. Ikinji klasyň okuwçylary erkin bolýar. Mekdebe, mugallyma birinji klasda gowy öwrenişen. Ýazuwy, okuwy parhsyz alyp barýar. „Men ony bilýän-ow” diýip öwünmegi gowy görýärler. Köplenç ýokary klas okuwçylarynyň täsirine gidýärler. Entek matlaplaýyn garagol däl. Ýöne eýýäm geleňsizlik başlanýar. Mugallym berk tutup başlamaly.
-- Dogry!
--Üçünji klasyň okuwçylary batyrgaý bolýar. Onuň mekdepde eýýäm iki ýyl tejribesi bar. Mekdebiň, mugallymyň gowşak ýerini bilýär. Ýaltalyga göwün berýär. Bir iş buýursalar, edesi gelmezlik endikleri ýüze çykyp başlaýar. Mugallym şu klasdan başlap, gowy bilen  gowşagy aýyl-saýyl edip başlamaly. Gowşaklardan talaby güýçlendirmeli.
Dördünji klasyň okuwçylarynyň erkinlige islegi artyp başlaýar.  Olaryň özünden göwni hoşlugy artýar. Olar  „biziň itimiz, ýa-da eşegimiz obada iň güýçlüsi. Meniň  kakam uly işgär. Ony hemmeler sylaýar.” -- diýip öwünmegi gowy görýärler.Olarda okamak höwesi gowşaýar.
Bäşinji klasda watançylyk, öz watanyň kuwwaty, ýaraglary bilen öwünmek häsiýeti güýçlenýär. Olar özleriniň mekdebini, mugallymlaryny öwmegi gowy görýärler. Emma garşydaşy bir zat aýtsa, kes-kellämi ylalaşmaýarlar. Öz sözüni tassyklamak üçin ýalan sözläp başlaýarlar. Garşydaşy bilen şuňa meňzeş meselelerden uruş, dawa. Oňşuksyzlyk başlanýar. Mugallym bäşinji klasyň okuwçylaryny ýekeje minudam gözünden salmaly däl,.Olary köpräk işletmeli...
Altynjy klasyň okuwçylary öz essinde bolmaýarlar. Oglanjyklarda erkeklik mäzleri kämmilleşýär. Gyzjagazlarda aýal bolmagyň tebigy möwsümi başlanýar.

Olar özlerinde öň hiç haçan bolmadyk geň-taň ýagdaýlar bilen başagaý bolup geçýärler. Okuwçylar juda ýalta, geleňsiz, ýalançy bolýarlar. Olar ozleriniň ýalançylygyny ýaşyrmak üçin, uly adamlaryň öýuna, pikirine gelmeýän pyrryldyklary tapýarlar. Mugallymy ata-enä garşy goýýarlar. Mysal üçin, mugallym bir temany düşündirende, „dogry, dogry” diýen bolup başlaryny ýaýkap otursalar-da, mugallym olara „bulara gaty gowy düşünip, diňläp otyrlar” diýip aldanaýmaly däl. Sebäbi olar „dogry, dogry” diýip otyrkalar başga bir mojuk, garagol pikiri krllelerinde aýlap oturandyrlar. Mugallym altynjy klasdaky okuwçylaryň hilesine aldanman, gaýta olary şol ýaşdan başarjaň alyp çyksa, olara diňe ýagşylyk eder.
Ýedinji, sekizinji klasyň okuwçylary bedenleriniň güýjüne bäs gelip bilmeýärler. Olary diňe talap, talap, mugallymyň sabyrlylygy, ýürekdeşligi saklap biler. Olaryň mertebelerini saklamaly. Olaryň matlaplaşyn betçiliginiň öňüni alyp, kellelerini galdyrtma, diňe ýazdyrmaly.
Dokuzynji klaslar kämil adamlar. Olarda söýgi ýaly näzik duýgular başlanýar. Mugallym olar bilen juda seresap bolmaly. Köpräk geçirimlilik etmeli. Olaryň söýgi, namys, ar duýgularyny aýamaly. Şol wagtda öz pikiriňem ornaşdyrmaly.
Onunjy klasyň okuwçylary hemişe agyr pikirde bolýar. Olarda „ Nirä okuwa gitmeli? Haýsy gyzy saýlap, söýmeli Öýde, obada öz mertebäňi nädip päk saklamaly?Nädip gowja okap, döwlet synaglaryny gowja tabşyrmaly?” diýen ýaly müňde bir pikir, müňde bir alada başlarynda bolýar. Mugallym bu klasyň oglan-gyzlaryny dost tutunmaly. Diňe bular däl, mugallym her klasyň oglan-gyzlary bilen ot-elek bolup işlemeli. Meniň bujagaz aýdanlarym umumy psihologik ekskursiýa.
Esenow başyny galdyrman ýazyp oturyşyna,
-- Sen bu aýdanlaryňy bir ýerden okadyňmy, ýa-da, çen-çak bilenmi?
Mergen açylan işige seretdi.
-- Okadymam, halypalaň tejribesem bar. Öz pikirimem bar.Ýöne hemmesi däl.
-- Awkat iýeliň!—Içeri palowyň tagamly ysy kürsäp urdy.
-- Getiriberiň, atam!

**10.**

„Prawda” gazýetiniň öz habarçysynyň, Wadim Sergeýewiň olar bilen raýkomyň birinjisiniň Mergeni yzarlap, ýörite gelmegi, olaryň ýaş mugallymdan pedagogikanyň meseleleri barada sud soragyny soragyny edip, gyzyklanmagy, onuň bilen bile 3-nji mekdebe, agşamky mekdebe gidip, klasyny görmekleri, okuwçylardan ýaňy işe başlan ýaş mugallym barada ilik-düwme soramaaklary, gaýdyşyn , Esenowyň ýolda gelýärkäler:”Senden gaty gowy mugallym bolar, inim.Kesbiňden kemal tap” diýmegi Mergeniň synan göwnüni seýikledi.
Indi Mergeniň öýi aýdym-sazyň owazyndan ýaň berýärdi. Soltan akga oglanlary gijesi-gündizi zarp bilen taplaýardy. Gulça, Berdi-Çalabek, Bally, ýene dört-bäş oglan dutar, gyjak çal, aýdym aýt diýseň, Sünt dagynyň depesinden togarlanyp gaýdan gara daş ýaly eňaşaklyyna bir togalanyp gaýdýardylar, Indi olary saklabam boljak däldi.

Bularyň üstesine mellekdäki erikler şeýle bir düwdi welin, edil, şahalar zynç ýalydy. Rejep aganyň keýpi gaty kökdi. Ol çaýyny-çöreginem mellekde

ekinleriň arasyndan mallara seredip iýip-içýärdi. Ol bagşylary, sazandalary diňe gaýmak bilen bakýardy. Nobaraly aga bilenem, nähilidir bir hymmy-symmyjyklary bardy. Ýöne öz gizlin syrlaryny hiç kime açaýanokdylar.
Bu öýde bir sussy pesi Mergendi. Sebäbi, ony işden çykaranlary bilenem kanagat etmän, „Mugallymlar gazýetinde" „Ministrligiň kollegiýasyndan" diýen rubrika bilen, Mergeni barlan komissiýanyň hasabatyny beripdiler. Ol hasabatda bolsa Mergen ýerden alnyp, ýere salynýardy. Onuň zehinszligini, bisowatlygyny, okatmagyň metodik usullaryndan bisowatlygyny ýanjap-ýanjap ýazypdylar. „Şeýle bisowat mugallymlar türkmen bilim ulgamynyň adyna ysnat getirýär. Beýle adamlary mekdebiň golaýyna getirmeli däl!.."
Mergen üçin başga bir garaşylmaýan zat, Çaçy Çaýtyýewanyň 3-nji orta mekdebiň direktory bolmagy boldy. „Mugallymlar gazýetiniň" geçen sanynda Çaçy Çaýtyýewanyň ullakan makalasy bardy. Şol makalanyň aşagyna Garrygala raýonynyň 3-nji orta mekdebiniň direktory, Türkmenistanyň ussat mugallymy" diýip gol çekipdir.Özem makalasynda:"Ýaş, sowatsyz, körzehin, mugallymlar mekdebiň mertebesine zeper ýetirýär. Olar ýaşlara ters görelde görkezýär. Diýip, kimedir kakdyryp, ministrligiň kollegiýasynyň gelen netijelerini makullapdyr. „Men beýle masgaraçylykdan soň, mekdepde işläp bir bilermikäm?"diýip, Mergen burnuny sallady.Ýöne, esasy zat, galplyk edilýär. „Galpyň gazany uzak gaýnamal-a däl"...
Mergen her gün bolşy ýaly, häzirem sagat dörtde turýardy. Ol esasy zehinini, güýjüni „Oba mugallymyna „ berýärdi. Bu eser indi düýbünden täze, gyzykly esere öwrülip barýardy.
Onuň puldan, iýmek-içmekden kem zady ýokdy. Jaýynyň puly bilen üzlüşipdi.Nobaraly aganyň bäş müň manadyny beripdi. Şondan başga-da, özünde häzir alty müň manat bardy.
Mergen işe gitmese-de, her gün maşynyny otlap, Rejep agany ýanyna alyp, bazara, dükanlara aýlanyp gaýdýardy. Maşynyna ýangyç guýýardy.
Rejep aga bu gün irden öýüň ýanyna bir „lökgüniň" gelip, sorap, garaşyp durandygyny aýtdylar.
-- Häzir ata!—diýip, Mergen öňündäki hat-petegini bir ýan süýşürip, çalnyp turdy. Soň köne jaýyň arka ýüzündäki „Gaz—69-yň" ýanyna bardy.
-- Geliber, geliber!—diýip, maşyndan Tuwak çykdy.Ol gülümsirän bolup:
-- Näme indi sen meni tanamajak bolýaňmy?!—diýip güldi.
Mergen Tuwagy tanady. Ýöne ol indi öňki Tuwaga meňzemeýärdi. Gülüm-ýalym eden bolup, gaty şelaýyndy.Ol Mergeniň öňki gören Tuwagy däldi.
-- Salam!
Tuwak elini uzatdy-da, Mergeniň elini berk gysdy. Täze jaýa, işikdäki maşyna gözlerini lowurdadyp seredip durşuna:
-- Bular gutly bolsun!—diýdi.—Özüňkimi!
-- Özümiňki!
-- Nesip etsin, bizem Şanazar, Oguljandagy bolup gutlamaga geljek bolup otyrys. Maňa „Haçan barsak gowy?" diýip sora diýdiler.
Mergen ýere garady.
-- Geliberiň!

Tuwak ýaňagyny sag aýasy bilrn sypalady-da, agyr ýuwdundy.
-- Meniň seniň bilen bir gürrüňimem bar. Haçan wagtyň bolar?
Mergen ýylgyrdy. Nämüçindir, onuň bu gyz bilen arasyny üzesi gelmedi. Onuň üstesine Oguljanam bu gyzy"Gaty gowy maşgala" diýip öwýän bolsa, öýdäki iki ýaşulam Mergene ümleşip, pynhan-pynhan hymmyrdaşýan bolsa, iň esasysy, dünýäniň ähli gep- gürrüňinden habarly Annabike daýza-da,"Beghanyň şol gyzy bijaý gow-a" diýip, nämüçindir, Mergeni gördügi ýaňzytmany çykarypdy. Ondan başga-da, Mergen Aşgabatda bäş ýyl okanda bir gyza gabagyny galdyrmandy. Ol oba gelip, öýüni, işigini, üst-başyny düzedensoňam, onuň göwni gyza- geline galkyberenokdy. Öz ýagdaýy barada ýigidiň özem pynhandan pynhan oýlanýardy. Ol ahyr soňunda Tuwak barada öýlananyny duýman galdy. Ýöne onda bu gyza pikirden başga, hiç hili yşk, söýgi duýgusynyň düşnügem ýokdy. Şonda bu maşgala bilen aragatnaşygy üzesi gelmän:
-- Duşuşyk wagtymy?! Wagty tapylar-la. Men häzir işlämog-a
Tuwak ullakan gara , kirpikmen gözlerini balkyldadyp.,Mergeniň ýüzüne seretdi.
-- Seniň telefonyň nomeri näçe?
--Bir, ýigrimi!
-- Onda özüm jaň edeýin. Sag bol.
Maşyn gidensoň, Mergen yzyna gaýdyp, täze jaýyň ikinji gatyna çykdy. Kemsiz pollanan, reňklenen gül ýaly otaglary ýekän- ýekän açyp, girip gördi.
„Bu otaglara indi gowy haly düşekler gerek. Ol her otagy ädimläp, ölçäp gördi.- „ýene-de dört sany onluk haly gerek. Koridora iki üçlük haly gerek"..
Ol ikinji gatyň çepden törki otagyny özüne kaşaň kabinet edesi geldi.
-- Meniň kabinetime aňrybaş stol, kreslo, kitap şkafy, ullakan abažuraly ak stol çyrasy, Gaty gowy telefon apparatyny alyp, onam iş stolumyň üstünde gurduraryn. Myhmany şol ýerde kabul ederin.Onuň üçin myhman üçin dört kreslo, žurnal stoly, ýa-da gowy diwan, eşik asylýan satyn almaly.
Häzir kabinet-otagy boşam bolsa, Mergen onuň doly boljak wagtyny gördi. Nobaraly aga diňe bäşje müň manat bergim bar. Şony bir üzsem, men bütin ömrüme gazanjak pulumy nämä sowaýyn?! Edil häzir iş bermeselerem, birki ýyldan-a ýolum açylar. Kem-kemden işlärin.Gazanaryn.Häzirem zada zar däl-ä, men. Alty-ýedi müň manat pulum-a häzirem ýok däl.
Nobaraly aga Soltan akga bilen içeri girdi.
-- Salowmaleýkimler!
Ýaşulular hal-ahwal soraşdylar.
-- Bally, bir mesla-at ba-i!—diýip,Soltan akga owadan, boldumly ýüzündäki ýumjuk gözlerini Mergene dikdi.—Az-awlajyk hakjagaz berseň, men şu günki awtobus bilen öýe aşyp, ertiki awtobus bilenem gaýdyp geläsem diýýen.
Mergen başyny razylyk bilen atdy.
-- Bolar, bolar ýöne, biziň bu azaplarymyzdan heý, bir netije çykjakmy , özi.
Soltan akga ýüzüne gelişip duran gara, silkme telpeginiň burmalaryny seçelendirip, başyny yrady.
-- Tap, bally, şugün işe başlanymyza on gün bolup, ýene-de öňde ýigrimi günüň bolýan bolsa, baýam bolar. Bolmanam bir görsün hany?! Onuň eddil, jeňkini ýakaryk.Eddil, häzir getir diýseňem bäş bagşyny orta çykaryp berýen-daýt.

-- Tamdyra-gyzjak çalmalary nähili bolar?!
-- Äýt, nätdiň-däýt, bally, olar tutary, gyjagy menden gawy çalýallar-deýt.
-- Soltan akga, meniň pulum bar. Men seni nadyl etmerin. Ýöne, şonda-da, oglanlaryň bir öňümizden geçsin, On günlügi bir jemläli.
Soltan akganyň kän bir keýpi bilmady. Şonda-da ol göwünsizräk äheňde:
-- Bo-o-da!—diýdi.
Gün guşluga çykan badyna aýdymçy bagşy, sazandalar ýygnandy.Saçak giňden ýazyldy. Oglanlar garbandylar.
-- Ballylar, şu gün indi biziň aýdym-saz öwrenip ýörenimize tap, on gün boldy. Hany, Mergen jana öwrenip, goýan zatlarymyzy bir görkezeliň.
Täze jaýyň birinji gaty bir salymdan türkmen halk sazynyň owazyndan ýaň berýärdi. Soň şu obanyň öz oglanlarynyň dutar-gyjaga goşup aýdýan aýdymlarynyň owazy tutuş töweregi gaplady.
Soltan akga dutar, gyjaga goşduryp, her bagşa iki aýdymdan, ýöne Balla, Gulça, Mamgula üç aýdymdan aýtdyrdy. Iň soňundanam, oglanlar ansambl bolup, „Tüni derýa” diýen sazy çaldylar.
-- Bally, men-ä müň-de-bir razy—diýdi.—Ýurduň ýanyp duran bagşy-sazandalardan baslygyp ýatan eken. Ine, görşüň ýaly, meniň-ä onja günde barja alyp bilen hasylym. Galan ýygrim günde-de, alyp bilenimiz özümiziňki.
Mergenem razy halda Nobaraly aganyň ýüzüne seretdi.-de ýylgyrdy.
-- Däde, men-ä bäşlik goýdum, sen nähili?
Nobaraly aga başyny atdy.
-- Elleriňe güller bitsin, Soltan.Mundan gowyny men-ä gören däldirin.
Soltan akganyň mähri açylyp gitdi.
--Sylag, hormatyňyz, Alladan gaýtsyn. Häli näme görýäňiz. Nesip bolsa, ýene bir ýigrimi gün türgünleşeýli.Soň aýt, bu sözleriňi.Toýlarda aýdarys.
Mergen halypa hakyny berip, ony razy etdi.Soň ony duralga çenli ugratdy.
Soltan akga öýünde iki gün bolup, täze hyjuw bilen gaýdyp geldi. Soň ol tä martyň ahyryna çenli gije diýmän, gündiz diýmän, oglanlara elinde baryny ýaltanman öwretdi.
Indi oba oglanlarynyň özlerine-de, „munda gel” diýip oturmaly däldi. Olaryň özleri agşamda, ertirde Mergeniň öýüne gelip, ikibir, ikibir bolup, täze saza, täze bir aýdyma hiňlenip otyrdylar.Iki gözleri bolsa, Rejep aganyň gara gazanyndady. Rejep aga-da olaryň aýdym-sazyna hoşnut bolup, bagşy, sazanda oglanlara ýüregini beräýjek bolýardy.
Mart aýaklady. Mergeniň hasaby boýunça, ertir mart kanikuly tamamlanyp, okuwçylar dördünji çärýege başlamalydy.
Mergeniň demligi doldy. Onuň okuwçylaryny göresi gelip, ýüregi hürleýärdi. Men eýýäm, bir çärýekläp okatmaga gidemok.Okuwçyjyklarym nähilikä?”
Ol gussa batdy.Öýdäki aýdym-saz, şady-horramlyk, üç ýaşulynyň üç ýerden edýän hoşamaty köşk ýaly iki gat owadan jaý, işikdäki ilde görülmedik maşyn, gül ýaly mellek, mal-gara. Rejep aganyň her aýda getirip berýän müň manady, onuň gözüne çöpçe-de görnenokdy. Mergeniň çyn yhlasy çagajyklaryň derläkän aýagynyň ysy, her kimiň iýen nygmatyndan çykyp, bir bitewi müşki-anbara öwrülýän ysy, ýazyň, klasyň reňki bilen gatyşyp, garyşyp emele getirýän heniz

ady, mazmuny anyklanmadyk ysyny öýkeniniň düýbüne çenli çekesi gelýärdiOnuň üçin ähli ruhy, psihologik, pelsepe, ömür rahatlygy, mekdebiň klaslarynda, ondan gelýän şol tanyş, tanyş däl ysyň dünýäsindedi. Ol indi iki –üç aý bäri mekdepsiz, klassyz, okuwçysyz ýaşap bilmejegine düşündi. Ol aýlyk, günluksiz, bir köpük hak almanam bolsa, mekdepde işlemeli diýip pikir etdi.Ýöne, nädip, kime arzyňy aýtjak.
Ol ertr turanyndan bäri, ýene-de aýlanyp, dolanyp şu pikire baglanyp galdy.Ol indi kime, nirä arz etmeli bolarka?!
Aýdym-sazyň täp-täzeje otaglaryň açyk işiginden, penjirelerinden pürkülip çykýan owazy indi onuň pikirlenmegine päsgel berýän ýalydy.Mergen ýol, alaç gözleýärdi. Onuň käse ýaly owadan gözlerinde gussadan başga hiç zat ýokdy. Ol özüne derdinişere syrdaş isledi. Içiňi ýakaýyn diýen ýaly, indi onuň hemme zady bardy. Emma içiňi döküşer ýaly, syrdaşy welin ýokdy.
Korudoryň ugrunda ýogyndan haýbatly hümürdi eşidildi. Mergeniň ady tutulan ýaly bolgy.Ýöne, häzir hiç kimiň ýüzüni göresi, sesini eşidesi gelenokdy.
Işik açyldy. Gapynyň aňyrsynda Rejep aganyň hortap, güne garalan ýüzi , mellekde işläp, bişiň-düşüň ortasynda bolany üçin az-kem kirjigen uzyn, ýeňiljek dony göründi. Ol birhili müýnli ses bilen koridora gygyrdy:
-- Kiriň!
Mergen äm-säm bolup işige garap durşuna, goňşusy Şepi aganyň bir epeý adamy yzyna salyp, içeri girip gelýänini gördi. Gelenler köwüşlerinem çykarman, Mergeniň ýanyna süssürilip bardylar. Mergen edip oturan hat işlerini gyra süýşürip, ýerinden turdy-da, olar bilen iki elleşip salamlaşdy.
Geliň, geçiň!—diýip, gülälekli meýdan ýaly bolup ýatan halynyň törüni görkezdi.
-- Menim ministrim keldi!—diýip, ýaşuly buýsançly ýylgyrdy.
Mergen bolsa, özüni burça gabap ýören şol magaryf ministri gelendir öýtdi.Onuň adyny bada –bat ýadyna düşürip bilmedi. „Hä, Baýram, Baýram, ýadyma düşdi, „MInistr bolmaly!”- diýip, öz ýanyndan pikir öwürdi. „Ahyry, özi gelipdir-ow!”.
-- Senmi bu jaýyň, mellegiň hojaýyny?!
Mergen baş atdy.-da gelen epeý adamyň öýkelimi, kinelimi, hyrsyz ýüzüne seretdi. „Ýa , ol dälmikä?”
-- Ispolkomyň, kolhozyň prawleniýesiniň rugsat haty barmy?
-- Bar-la!—diýip, Mergen myhmanyň bolşuna-da, sowalyna-da düşünmän aýtdy.
-- Hat gabryndan bolsunmy?Bu bir gezip ýören jüwlükl-leý.—diýip, Şepi aga gahardan ýaňa ganguýma bolan gözlerini alardyp aýtdy.
Epeý pyýada tumşugyny galdyrdy.
-- Ol „çýort snim”! Seniň gapyňda gul saklamaga rugsat hatyň barmy?!
Mergeniň zähresi ýaryldy.
-- O nähili gul! Kim gul saklaýar? Siziň gepiňiz nähili?
-- Hany,pohuňy iýme-de, gönüjäňden gel. Ony guldanam ýaman saklyýaň.
Mergen egnini gysdy.
-- Meniň özüm gul. Maňa gul nämä gerek?
-- Pohuňy iýme!
Myhman gözlerini alartdy.

-- Şol garrynyň kimdigini bilýäňmi? Bilýäňmi diýýän men saňa?! Ol meniň dädem . Men şonuň ogly!
Mergen ýalňyş pikir edeni üçin müýnli ýylgyrdy-da, myhmanyň ýüzüne garady.
-- Ol meniňem atam. Ol meniň däl-de, men onuň guludyryn.
-- Sen , han ogul, hany, jögüligiňi goý-da, boýun al. Sen ol garrynyň elindäki-aýagyndaky puljagazyny gaňyryp alyp, özüňe jaý salynyp, „Wolga" satyn alyp, indem ony gapyňda gul edip saklaýarsyň! Azajyk garaş, men özüňi gul ederin.
Mergen myhmana hormat bilen garady.
-- Men ýaşulynyň hiç zadynam alamok. Nämedir bir zatlar karzyna alan bolsam, bir wagtlar „Taňry ýalkasyny „ bilen gaýtarandyryn. Meniň öz pulum, maşynym, mellegim, mal-garam onuň elindedir. Gaýta, ol meni malyň, mellegiň ýanyna goýberenok. Men ondan dilegç-ä!
Şepi aganyň gözleri hanasyndan çykara geldi.
-- Gör, onuň jüwlükligini! Ýene sypjak bolýar. Ol saňa on müň manat bermedimi? Ony giden oba bilýe-ýä. Ol saňa maşyn alyp berdi. Ol saňa köşk ýaly jaý gurup berdi. Seniň çukuryňdan çykman, bili büküldi, görgüliniň.
Mergen baş atdy.
-- Men kimden näme alan bolsam, bir wagt üzlüşdim. Meniň bir Nobaraly aga bäş müň manat bergim bar. Galan zatlar meniňkem bolsa, indi umumy.
-- Gördüň dälmi?—diýip, Şepi aga gahar bilen myhmanyň ýüzüne möwç alyp bakdy.—Munda iman ýok, iman Ýaş başyna ýer gemirýe, ýer.
Içeri Rejep aga girdi.
-- Däde, seni bu oglan gul edip saklaýarmy?
Ýaşuly Mergeniň salyk ýüzüne dözümsizlik bilen seretdi.
-- Nime!Kul? Sen nime aýtasyň.—Ýaşuly duýdansyz gelen gazaby bilen gygyrdy. Sen nime aýtasyň, doňuz ogly! Özüň kul!Sen katynyň kuly! Karry ataňy taşlaý kitdiňiz. Şu bala meni halas kylgan. Kit! Sen meniň ferzandim däl. --
-- Ol meniň balam. Sen kim? Sen kit, kelme!..
Myhman beýle ýagdaýa garaşmadyk borly. Ol gözüni alardyp, elini silkdi.
Sen, gör dädemi ne günlere saldyň? Ony durşuna nerwi edip taşlapsyň-a.
Şepi aga-da gapdaldan goşulyp galdy.
-- Bu imansyza şu ýerde menden ýakyny ýok. Men munuň ejesiniň ilkinji äri.Duldegşir goňşusy. Ýene men munyň ýekinde ýigrendigi. Mundan her haýsysy çykar. Munuň öňüne häzirden taýak taşlamasaň, soň giç bolar.
Ýaşulynyň ogly Şepi agany otagdan çykardy-da, Mergeniň ýanyna geldi.
-- Sen, han ogul, gaty gowy bol. Meniň garry dädemi aldap-ogşap gapyňda gul edip saklamagyň kanuna sygjak zat däl.Men Ýokary suduň aklowjysy. Kanuny bäş barmagyň ýaly bilýändirin. Gözüňi gözenegiň aňyrsynda açdyraryn. Düşdüňmi?!
Mergen çytyk gaşlaryny galdyrdy.
Ýaşuly, sen kanun ylmyndan swatly bolsaňam, adamkärçilik, ynsap ylmyndan bisowat ekeniň.
-- O nähili?—diýip, myhman heserli tisginip garanjaklady.—Onuň ýaly ylymam bolmaz, bilimem.

-- Sen garry atañy ýyllarboýy ýeke taşlap gidip, bu günem bir bihepbäniñ gepine gidip,gelip, hal- ahwalyny soraman, sähelçejik baýlygyna göz dikip, bigünä adamyñ üstüne her-her edýäñ.Men saña bir ýagdaýy aýdaýyn, Ýaşuly ýarawsyz boldy. Onuñ agzyna bir owurtjyk suw tutara adam tapylmady. Ol şol halyna Aşgabada, siziñ öýñüze gitdi. Emma aýalyñyz:”Sen kirli garry myrtar, Häzir öýde ogluñyz ýok. Men seniñ keseliñi çagalaryma ýokuşdyryp, seni kabul edip biljek däl” diýip, ony şol halyna kowup goýberipdir. Soñ ol Büzmeýindäki oglunyñka gidipdir. Onuñ aýalam garryny öýe salman, kowup goýberipdir. Ol soñ işindenem çykyp, aglap, meniñ ýanyma geldi. Ony men getirmedim. Puluna-da el degiremok. Öz pulum özüme näçe sowsamam ýeterlik. Indem, han-a kakañ. Al, git. Bu ýerde gatygyñ, süýdüñ, towuk ýumurtgasynyñ içinde, açyk howa oña derman boldy.Ol boş oturanok. Güýjüniñ ýetdiginden ekin-dikiniñ içinde, açyk howada gymyldap ýör Meniñ malymam, mellegimem, pulumam şu iki garrynyñ elinde. Gaýta, men olardan öz pulumy diläp alýan. Indi meniñ özümem öýde. Maña indi hiç hili kömegem, goldaw-hemaýatam derkar däl. Gowy jaýymam, maşynymam bar. Maña indi başga hiç zat gerek däl Siz mazaly, öz aýagyñyz bilen geldiñiz, kakañyzy äkidiñ.Eger şu sapar äkitmeseñ:”Kakasy garransoñ, seretmän, iliñ üstüne atyp ýör „ diýip, men seni suda bererin.Ýokary suduñ başlygyna-da ýazaryn. Men Muhammetgulyýewi gowy tanaýan. Häzirem kakañy çagyraly. Ondan näçe pul alypdyryn, haçan yzyna beripdirin, sorajak... Rejep aganyñ ogly ellerini daldalatdy.

-- Ýok, ýok, men saña ynanýan. Aladaña sag bol.Meniñ heleýim ukrain gyzy. Üçünji gatda jaýym bar. Bir gowy itimem bar., Meniñ çagalarym it diýip ölüşip barýarlar.Saña dogrymy aýdaýyn, onsoñ, dädem biziñ bilen oñuşanok. Şonuñ üçin men ony nirä alyp gideýin, Siz maña dogry düşüniñ. Nirede saklaýyn. Bu ýerde bolsa, gül ýaly güni bar eken. Meniñ hiç hili garşylygym ýok.Ýöne ata mirasy ogullaryna galmaly.Bu kanun boýunça şeýle!Galanlary siziñ hälki diýişiñiz ýaly. Men, men hiç zada dawa edemok.

Ol kakasy bilenem hoşlaşman „Agşam gelerin”diýip. edil, zym uçan ýaly bolup gitdi. Jaýlardan bolsa şirin mukamyñ, çeküwli aýdymlaryñ näzik, heniz eşidilmedik bir gowy habaryñ buşlukçysy ýaly bolup, jahana ýaýylyp gidýärdi.

Birsalymdan Rejep aga bilen Nobaraly aga ýüzlerini sallaşyp, içeri girdiler.Mergen olary görüp:”Geliñ, oturyñ” diýen äheñde gapdala süýşdi.

-- Bally, näme boldy? Ol gelen kim?

Mergenboýnuny burdy.

-- Gelenä, däde , atamyz Rejep aganyñ „ministr” ogly. Aşgabatdan okuny-ýaýyny häzirläp, gazap atyna atlanyp gelipdyr.

Ýaşuly öñem gyzaryp duran şakäse ýaly gözlerini gazaply mölertdi.

-- Onsoñ, onuñ gykylygy näme? Nämäniñ dawasyny tutýar?

Rejep aga heniz gürrüñ başlanmanka, misli agyr zarba duçar bolan ýaly, ýegşerildi. Onuñ gubarly, pukara gözleri namys bilen balkyldady.

-- Ol maña ogul del! Ol kapyr!

Mergen zat gizlemän, ol adam bilen arada bolan gürrüñi aýdyp berdi.

-- Ata, ol seniñ ogluñ. Meniñ ata bilen ogluñ arasyna düşmäge hakym ýok. Siz menden näçe pul gerek bolsa, näçe mal gerek bolsa, eger isleseñiz „Wolga”

maşynymam alyň-da, gidiň.Eger il”Mergen  bir ýaşula zor bilen zulum edýändir”diýip  pikir edýän bolsa, ol erbet zat. Maňa  abraý, zatdanam, puldanam gymmatly! Meni alada etmäň . Men eýderin, beýderin, öz günümi görerin.
Nobaraly aga  ör gökden geldi.
-- O nähili maşyny alyp git!Hany, maşynyň gürrüňini bir etmäň. Ony men Garabogazly Köçek çopandan on alty müň manada özüm aldym-a. Sen maňa on müň manadyny berdiň.Ýene bäş müň manadam dur-a onuň.Ýöne, näme etseňem, men ile maşyny berip goýberip bilmen, ballym.
Rejep aga agyr hesretiň astynda galypdy. Nobaraly aga oňa dözümli darady:
-- Sen näme şaltaý-paltaý, sesiňi çykarman, äri argyşdan ýaňy gelen boz gelin ýaly,  sülmürän bolup otyrsyz? Karzyňy üzlüşen bolsaň, günde- günaşa  arassaja ýerde  ýatyp-turup, iýip-içip ýören bolsaň, saňa başga merk gerekmi?! Ikimiz näme iş edýes. Biziňki bir ýöne güýmenje dälmi?Şol güýmewnjämizi elimizden alsalar, ýeke sagadam ýaşap bilmeýes.
Rejep aga süýrenip gelip, goja başyny Mergeniň dyzlaryna goýdy.
-- Bala!Siz menge kitiň diýmeňler. Han-a öwlüýä—Ol  günbatar ýüzdäki depelikde ýaýylyp ýatan mazarlyga elini uzatdy.—äkitiň-de, öz kollaryňyz bilen kömüň. Ýöne”kitiň” diýmeňler.
Ol silkinip, sojap-sojap aglady. Soň Nobaraly aganyň ýanyna süýşenekläp baryp, onuň dyzlaryna başyny goýdy.
-- Dede, bala aýdyňlar. Meni kowmaňlar.
Işik açyldy-da, ondan Ejeş mugallymyň  ýüzi göründi.Ol dabaraly ses bilen:
--  Weý, Mergen sen bärdemidiň?!—dýdi-de, yzyna gaňrylyp”—Geliberiň, geliň, bular bärde!—diýip gygyrdy. Mergen bilen ýaşulular ýerlerinden turdular. Soň gelenler bilen  el berişip, görüşdiler.
Mergen gelenleri tanady. Olar Ejeş Kürräýewa bilen  Atda Mergenowdy. Olaryň ýanynda bilim bölüminiň sürüjisi bardy.
Gelenler otagynyň töründen oturdylar. Ejeş mugallym ýylgyrjyklaýardy.
--  Näme, öýüňde filormoniýa açdyňmy, Mergen – diýdi.
Mergenem boýnuny ýygyryp ýere garady.
--  Gutly bolsun-aý, atdaş! Iki gatly köşk ýaly jaý, işiginde ap-akja „Wolga” maşyn. Otaglar türkmen halysyndan doly. Aşakda aýdym-saz,  saz-da, söhbet. Biz-ä sen işden kowsalar  gedaý gezip ýörensiň—diýsek, asyl, ministrleňkiden gowy günüň bar eken.
Nobaraly aga galkyjaklap gepledi.
-- Siz baryp çukury, mellegini bir görüň-ä! Asyl, soň näme diýersiňiz.
Atda Mergenow makullaýjylyk bilen baş atdy.
-- Şony göremsoň aýdýan-da, näme ministrleňde bular ýaly baýlyk barmy?!—Ol Mergeniň ýüzüne begençli seretdi.--  Ol „ministr dostuňam” masgara edip işinden kowupdyrlar. „ Seniňem mejbury işlemedik döwrü hakyny tölemek bilen öňki işine ýerleşdirmeli” diýip, telefonda buýruk geldi.
Mergeni duýdansyz halda tok uran ýaly boldy. Onuň ýüregi urmasyny goýdy.Dem almasy galdy. Ýüzi  telim ýuwulyp, şyrrygy çykan ak esgi ýaly boldy. Onuň gulaklary hiç zat eşitmedi.
-- Mergen!

Ol ziňkildäp gitdi.
-- Ýuwmal-a bolarsyň!
Mergen kem-kemden jana geldi. Ol naýynjar ýylgyryp, Ejeş mugallyma elini uzatdy.
-- Ejeş mugallym ýuwsun. Onuň aýdany boldy. Mugallymy gaýdyp geldi!— diýip, ysgynsyzja aýtdy. Atda Mergenow Mergeniň halyndan habarsyz halyna:
-- Sen-ow, Ejeş mugallym diýen bolýaň welin, onuň partiýanyň raýkomynyň üçünji sekretary bolanyndan habaryň ýok öýdýän.
Mergen olaryň ýüzüne geň galyp seretdi.
-- Haçan?!
Atda mugallym aty aýlawda çykan ýaly keýp edip güldi.
-- Basý-bo-ow, sen-ä bejerdiň-ow. Onuň ideologoýa sekretary bolanyna indi üç aý bolup barýar-a.
Mergen begendi. Juda gaty begendi.
-- Ata, ata jan, hany, düýnki ýaly gowy palow bişirsen-e.
Rejep aga sallanyp duran ýüzüni az- kem açyp, turup gitdi.
Ejeş mugallym Mergene seretdi.
-- Biz işli, Mergen! Sen bize raýon medeniýet bölüminiň müdiri bolup ber!
-- Ýok, siz beý diýmäň, mugallym jan, men mugallym bolup işläýin.
-- Goýsan-a, onda raýon gazýetine redaktor bolup ber!
-- Mugallym, maňa beý diýmäň, jan mugallym!
Mrgeniň göwni ganat baglap asmana uçup gitdi.
Ol bu gürrüňlerden soň, dördünji çärýegi mekdepode, öňki klaslarynda mugallym bolup başlady. Özem görlüp-eşidilmedik yhlas, hyjuw, zehin, täze güýç bilen görenleriň aklyny haýrana goýup, işläp başlady.

# Ü ç ü n j i b ö l ü m

## 1.

Mergen täze jaýynyň ikinji gatyndaky eýwanyndan Günüň dogşuny synlap durdy. Iýul aýynyň dogumlyGüni özüniň altynsow şuglasyny ýaş ýigidiň üstüne sahylyk bilen seçeleýärdi.

Aşakda, mellegiň içinde Rejep aga egnine kiçijik kätmenini atyp, ekinlere aýlanyp ýör. Nobaraly aga sekiniň üstüne ýazylan düşegiň üstüne taşlanan ýassyga gyşaryp ýatyr. Howly tertipli görünýärdi. Çukurdan tä köne jaýyňň depesine çenli dalbarlanyp, çekilip, agaç germewlerde galdyrylyp çekilen uzum urganlaryndan sallanyşyp duran akly-garaly bol salkymlar zynç bolup, asylyşyp dur. Erikler bolsa,Gün nuruna tylla ergini sepilen ýaly lowurdaýardy.

„-- Bu ýyl erigem, üzümem görülip- eşidilmedik miwe getirdi. Ony, nesip bolsa, sag-aman ýerläp bolaýsa!"—diýip, Mergen Rejep aganyň häli-şindi gaýtalaýan sözlerini içinden guwanç bilen gaýtalady."—Indi mallary birneme azaldaýsagam boljak, Olar Rejep agany halys azara goýýar"
Rejep aga bu ýyl öz diýenini edip, iki öküzçä derek dört öküzçe, iki sany saglyk sygyr saklaýardy. Towuklara, mallara ot-iým çydaşmanam owarram diýseň, ýaşulynyň özi halys bolýardy.
Ýöne bu mellek, bu mallar, towuklar, tutuş köne mülk bimöçber hazynady.
Mergen geçen ýylyň aýagyna çenli bergilerinden doly dyndy.
Jaýlary haly bilen düşekledi. Otaglara aşhana, ýatyş, diwarlyk garniturlar alyp goýdy. Nobaraly aga täze otaglara gaty gymmat hrustal ilýustralar satyn alyp asdyrdy.Jaýlara turba, kran çekip. Howlynyň uly ýol tarapynda üç sany demir pürsüň üstüne iki tonnalyk demir gap goýduryp, Ony çeşme suwundan doldurtdy. Onyň gapdalynda iki tonnalyk demir gaba salýarka guýdurdy. Ondan suw gyzdyrýan peje turba çekdirdi.
Indi iki gat jaýda islän mahalyň ýyly suwam, sowuk suwam , gyşyna ýylylygan bardy. Häzirem ol ikinji gatdaky hammamda ýyljak duşa düşünip, eýwana çykypdy. „Howa gyzansoň, suw gyzdyrýan peji öçüräýseňem boljak „ diýip, ol ýüzugra oýlandy. Soň kabinetine bardy.
Mergeniň kabineti, onuň göwnüniň isleýşindenem gowy boldy. Nobaraly aga Moskwa göçüp barýan goja general tanşyndan gaty gowy iş stolyny, ullakan kreslony, ullakan stol çyrasyny, dört sany nagyşly oturgyjy, „Dünýä edebiýatynyň kitaphanasyny", arzanjak, bary-ýogy iki müň bäş ýüz manada satyn alyp, getirip, Mergeniň kabinetine gurdurypdy. Aslynda ol general „Men Ýugaslawiýada gulluk eden wagtym bu mebeli on müň manada satyn alypdym" diýipdir. Ýöne, indi Mergeniň kabinetini görmäge göz gerekdi. Düşegi ullakan türkmen halysy bilen ýaýylyp ýatan kabinete bu mebeller ajaýyp görk berýärdi.
Ine, Mergen köne mülkdeiki sany ynsaply, mähriban gijanyň hemaýaty bilen bary-ýogy ýekeje ýylda baýap gitdi. Ol geçen ýylyň ahyrynda bu gojalaryň hersine alty müň manat puly nagtja berdi. Şonda-da onuň özüne ýigrimi müň manat arassa pul galdy. Ondan bäri Rejep aga oňa ýene on müň manat girdeji getirdi. Indi bolsa, kartoşka, sogan, sarymsak ýygnalsa, erikler, üzüm ýerleşdirilse, mallar satylsa, azyndan ýüz müň manat girdejä garaşýardylar.
Mergeniň indi pulam, jaýam, ulagam, mellegem, iň esasysy, işem bardy.
Deňräk uniwersiteti tamamlap, beýleki mekdeplerde okaýan kursdaş oglan-gyzlary arada Mergene duşdular. Olar şonda Mergen barada „Uçitelskaýa gazetada? Çykan, soň „Mugallymlar gazýetinde" göçürilip çap edilen „Synag döwri" atly oçerk bilen gutladylar. Soňam , eýýäm uniwersitetde diplomyň berlip başlandygyny aýtdylar. Olaryň biri, ikisi eýýäm gidip, diplomyny alybam gelipdir. Onuň üçin raýon bilim bölüminden iki ýyl işländigi barada kepilnama gerek eken. Mergen şol kepilnamany almak üçin etrap bilim bölümine baranda Çaçy Çaýtyýewa ýanynda gap-gara bir aýal bilen bilim bölüminiň öňünde hunybirýan aglap otyrdy.Ol Mergeni görüp möwjäp başlady:
-- Hal-ha, şolar ýaly ýetime, ýetimçä iş tapýaňam, iş berýäňem. Meniň arkam barka, 3-nji mekdebe müdir edip, soň 12-nji çagalar bagyna müdir edip Jan,

Çaçy jan!” diýip üzeňňimden günde bäş aýlanýady-la-a. Indi näme, maňa it degdi. Sen iş bermeseň, arz ederin. Başyňa babalynyň gününi salaryn. Siz meniň arkamyň ýokdugyna bakýaňyz. Baýram Nuryýew bolsady, gözüňizde ot ýakardy.
-- Atda Mergenow ýazyp oturan hatyndan başyny galdyrdy.
-- Şol barka, baý, buladyň-ow.—Ol Mergeni görkezdi.—Hana, şol ýigidi, sen ne günlere saldyň?! Hakykatyna seredeniňde, „ussat mugallymy” şol oglan almalydy. Hany, seniň eden işiň, Ataýewiň çeken azabyny „men etdim” diýip, gapy-gapy tentiräp, özüňi mazamlap, ol oglanyň üstünden arza baryny ýazyp, töhmet baryny gönderip, arz etmedik ýeriň galmady. Ahyry yzyňdan ýetdirdiň. Şol ýazan töhmetçilikli arzalaň, hana, meniň çekerimde ýatyr. Eger şolary prokuratura geçirsem, seniňem, edil äriň ýaly, gözüň türmede açylar.
Çaçy Çaýtyýewa möwç alyp haýýar gepledi:
-- Näme, dagy ýalanmy, şol öwüp arşa çykarýanyň okuwçylardan pul alanyna, Ejeş bilen gezenine, okuwçylary gorkuzyp sapakdan başga wagt mekdebe çagyranyna, ýaş gyzlaryň elinden-aýagyndan tutup, haramylyk edenine, mekdebe ýumurtga getirip, pol ýuwýanlara satdyrýanyna, öýünde mekdebiň öňki hojalyk müdirini gul edip saklaýanyna meniň özüm şaýat. Öz gözüm bilen gören zatlarymy näme üçin ýaşyrmaly men. Meni prokurora berseňiz, prokuror siziňem ýüzüňizi sypalamaz. Ol oglany özüňiz azdyrýaňňyz..
--- Tur,ugra, maňa şumjaryp, şerraýlyk eden bolma. Saňa iş ýok! Ol oglan ýaňy işe başlasa-da, eýýäm, ýylyň mugallymy boldy. Bar,onuň okuwçylaryny gör. Respublika höwes edýär. Sen utançsyz, ak girse-de, aň girmedik bihaýa aýal. Öwlüýä ýaly çaga nähili töhmetler atdyň.—Ol çekerinden gazýet çykardy.—Ine, gör, „Uçitelskaýa gazýeta” ol barada uly oçerk berýär.Ine, Türkmeniň abraýy!
Mergen daş çykdy. Atda Mergenow onuň yzyndan çykdy.
-- Mergen mugallym, gutlaýan, gaty begendik.
Mergen onuň ýüzüne seretdi.
-- Mugallym, maňa diplomymy almak üçin iki ýyl okadanym barada Siziň kepilnamaňyz gerek.
Müdir onuň ýüzüne dikanlap seretdi.
-- Aşgabada gitjekmi?!
-- Diplomymy almaly-da.
-- Ýöri, kätip gyza özüm tabşyraýyn. Ülňüsini taýýarlap goýupdyk.
Mergen haty aldy, oňa müdiriň goluny çekdirdi.
Ol öýe baryp birküç bedre erik, şonça bedre ýumurtga, üzüm, ep-eslije sogan, sarymsak aldy. Rejep aganyň ogullarynyň salgysyny sorady. Şeýdibem, sagat eddil dokuz bolanda maşynyny otlady. Nobaraly aga Mergeniň näzikden nurana ýüzüne, ýagty şugla pürkülip duran pyýala ýaly gözlerine uzyndan gujurly didaryna seredip doýup bilmän durşuna
-- Alla seni gözden, dilden goragaý, bally. Sag aman gidip, aman gelgeý—diýdi.
-- Aman kitgeý, aman kelgeý, bala!
Mergen ýaşular bilen gujaklaşyp hoşlaşdy-da, ýola düşdi.
Mergen öz-özüne beren sözünde mertlerçe durdy. Ol „Iki ýylla çenli Aşgabada barman,iliň saçagyna el uzatmaryn, kişä zar bolmaryn, adam oglundan tamakin bolmaryn, bolar- bolgusyz zada ýeke köpügem sowmaryn” diýipdi...”. Ol eden

ähtinde tapyldy. Bu gün ýaş oglanyň begenjiniň çägi ýokdy. Ol mundan iki ýyl öň umytsyzlygyň ummanynda garyp, hossarsyz, ýalňyz bolup gelipdi. Bu gün bolsa, ondan bäri, bary-ýogy iki ýyljyk soň, dünýäsi, köňli, ruhy, nebsi dolulygyna, parlak umytlaryň beýik galkymynda özüniň akja „Wolgasyny" sürüp, söýgüli Aşgabadyna barýardy.
Ol uly ýola düşen ýerinde maşynyny saklady. Ýoluň gyrasynda Annabike daýza, Şepi aga, Remezan aga ýene birki sany ýaş- ýeleň durdy. Olara gapyny açdy.
-- Daýza, salowmaleýkim, hany geliň-äni. Nirä?
Annabike daýza uzyn, hor göwresini yrandyryp hor ýumrugyny agzyna tutup, köneje börükli başyny içeri salyp, Mergene degiräýjek bolup:
-- Ýegen jan, şähere-le—diýdi.
-- Mergen keýpihon ýylgyrdy.
-- Haýsy şähere?Aşgabadamy!
-- Wah, Aşgabat bolarmy, ýegen jan, şu öz Garrygalamyza-la.
Mergen degişme bilen:
--Aý, ýok-la, daýza, Aşgabada bolsa äkideýin, men bu ýakyn ýerlere adam äkidemok—diýdi.—Men Garrygala barjagam däl, äkitjegem däl.
Annabike daýza kellesini maşyndan çykaryp, ýakasyny tutdy.
-- Ýegen jan, sen Aşgabada şu gara daglaryň üstünden uçup geçjekmi?!Öň-ä, Aşgabada Garrygalanyň üstünden gidilerdi.
Mergen hezil edip güldi.
-- Wiý. Şeýlemi? Onda müneweri.
Garrry maşyna münen soň, horja elini gapdalda ýüzüni torsardyp duran Şepi aga bakan uzatdy.
-- Ýegen jan, olaram alawoýsan-a.
Mergen keýpihon:
-- Olaram münsün!—diýdi.
Ýaşulular, beýlekileriňem sygyşany maşyna mündi.
Daýza, ýol bolsun, nirä barmakçy?—diýip, Mergen garrydan sorady.
Ýegen jan, mellegime eken käşirlerim ýetişdi. Indi towuklaram guzlap dur-a. Şolary, biirtike, bazara äkitmesem, ýalaň, mätäç bende gelip alyp dur-a. Özüme-de bäş şaýy bolup dur. Gezelençd-ä ýegen. Ind-ä öwrenişibem barýan...
Mergen bu obada mellek açyp onda ekin ekip, haylyny satyp, sygyr saklap, süýt-gatygyny satyp, towuk saklap ýumurtgasyny satyp başlandan soň, obadaşlary ilk-ä, oňa „ýer gemren" diýip at dakdylar. Soňam ony sogan-sarymsak ekýär" diýip tutuş oba bolup ýazgardylar. „Aý, ol dünýä baky gelen ýaly, gözi-garny doýar ýaly däl.Duran bir harsydünýä..." diýip, özi ýok ýerinde gyýbatyny gyýyp,göz-gülban etdiler Şu ýazdanam, tutuş oba birden dilleşen ýaly bolup, gatap, gamyş, ot, çöp basyp ýatan melleklerini depip, dersläp, edil bir mesge ýaly etdiler. Soňam oňa adyny tutan otuny, çöpüňi ekip çykdylar.Suwuny gaýgyrman berdiler. Ine, indem hasyl ýetişip başlady. Ýetişen hasylyň ujundan bazara çykaryp ugradylar. Mergen obadaşlarynyň bu işine begenip, iki bolup bilenokdy. Iň bärkisi, maşynyň yzyndaky oturgyja çümüp, ýüzüni kese sowan bolup oturan Şepi aga-da bazara bir bedre ýumurtga , ot-çöp baryny alyp barýardy.
-- Näme, daýza, seni iberip, näme Berdi daýymyň özi ýatyrmy?

Annabike daýza buýsançly ýylgyrdy.
-- Aý, ýegen jan, ol çalabek indi öýe myhman bolar ýaly etdiň-ä. Çalabek bilen Mamgulyny,baryp,Çendire çagyrdylar-a.Ondanam Madawa toýa barmalymyşlar.
-- Nä, o ýerlerde näme işleri bar olaryň? Ýa şol awy-zäherden içmägemi?
Annabike daýza Mergene gözüni alartdy.
-- Näme üçin gider, aýdym aýtmaga çagyrdylar! Onuň aýdan aýdymlaryny adamlar diňläp, aglaşyp otyrmyşlar-a.
-- Tüweleme. Onsoň, oňa el haky, beýleki berýärlermi, ýa-da?!
Annabike daýza maşynyňyzky oturgyjynňa gözüni aýlady.
-- Ýegen jan geçen sapar Mamguly bilen bir maşyn mal getirdi. Ep-eslije pulam „Mamaş, şunu sakla" diýip maňa berdi.Gulça bilen Bally has köp gazanýamyşyn.
Mergen ýola garap oturyşyna:
-- Men-ä gaty begenýän, daýza—diýdi. Hemmämiziň abraýymyz ol.
Annabike daýza Mergeniň ýüzüne dikanlap seretdi.
--Ýegen jan,Aşgabada köp wagtlyk gidýeňmi?-diýip, ynjalyksyzlyk bilen sorady.
--Hä, näme, daýza?
Annabike gap-gara, inçejik kesewi ýaly bolup duran elleriniň aýasy bilen durşuna ýygyrt bolup duran edil repide ýaly gap- gara ýüzüni syldy.
-- Berdi daýyň öýlenme-pöýlenme gürrüňjagaşam-a ýok däl. Sen bolsaň ýegen arkamda dagym bar ýal-a.. Ýogsa. ýegen, biziň senden başga kimimiz bar ahyry.
-- Bow, daýza, gowy habaryň bar eken, kimiň gyzyna öýlenjek bolýar.
-- Onçasyn-a bilmedim ýegen, ýöne hol mekdepdäki gijeden gije tirkeşip ýören mugallym gelin bar-a. Şolmuş öz-ä.
-- Bolubilýär, daýza.Berdi daýym öýlense, menden müň manat goşant! Müň mňanadam toý paý bolar. Başga-da ýetmedik zadyň bolsa, aýdarsyň.
Annabike daýza Mergeniň bu sözüne tä bazar jaýa barýança gözleriniň begenç ýaşyny sylyp gitdi.

2.

Mergen duralgada geçýän maşynlara elini galdyryp duran ýaş gelni görüp, maşyny saklady. Soň kabinany açyp:
Geliň!Münüň!—diýdi.
Ol bir gujagyndaky çagasyna, birem el bulaýan şofýora seretdi-de, gelip,
-- Men Aşgabada barýan. Meni alarmysyňyz—diýdi-de, birdenem garaluw ýaly owadan gözlerini balkyldadyp, aňňalyp galdy. Birhaýukdanam:
-- Mer-ge-en!—diýip, howsalaly aýtdy. Sen-mi?!
Mergen maşynyndan düşüp, birneme kirlek görünýän holpuk, ýygyrt-ýygyrt köýnegiň içinde ejiz, biçäre görünýän gelin bilen howlukmaç elleşdi-de, baryp onuň goşa, agyr çemodanyny getirip, maşynyň yzky oturgyjyna goýdy.
-- Mün, Oguljan. Menem Aşgabada barýan.Bileje gidibereris!—diýdi.
Hawa, ol gelin Oguljandy. Mergeniň nijeme ýyllar gijeler ýatmanlar zaryny çeken Oguljanydy.Mergen ony bu halda görüp, gaty aljyrady. Şonuň üçinem

serhet sakçylarynyň „ala agaç” diýip, pasport barlaýan saklawyna çenli sesini çykarmady. Olara geçmäge rugsat berdiler.
-- Mergen, öýlenjek bolaňokmy?—diýip, Oguljan ilki habar gatdy. Mergen onuň ýüzüne seretdi-de, başyny ýaýkady.
Oguljan elindäki çagajygyny ynjalykly ýatyryp, demini gussa bilen uludan aldy.Soň gaýraky depelere seredip goýberdi.
-- Menem , şeýdip, yzyma gaýtmaly boldum.-Ol aglaýardy.- Bary biderek eken.
-- Hä, näme boldy?—diýip, Mergen howsalaly sorady. Ýöne soranyna ökündem. Gaty gowy günümiz bardy. Göz boldumy, dil boldumy?! Hemmesi puç boldy. Baryna-da Şanazaryň dädesi günäkär.Ol adam kolhozyň ýarym million manatlyk zadyny ogurlapmy?! Ýok edipmi? Onam bilip, kolhozyň giden ammaryny otlajak bolanda tutulypdyr. Ody öçürip, ol adamam milisiýä tabşyrypdyrlar. Şeýdip, ol ele düşdi. Jenaýatynyň üsti açyldy.Sud etdiler Ogurlan zatlarynyň baryny pula öwrüp, töläp ýerinde goýmaly etdiler. Nireden tölesin. Kolhoz başlygyny, raýonyň wezipeli adamlaryny iýdiripdir. Şolar üçin ýok edipdir. Indem jaýlarynam, maşynlarynam, ybaly goş-golamlarynam ellerinden alyp, degerine, degmezine satdylar. Özüne-de ep-esli ýyl iş kesdiler.Bizem işden çykardylar.
-- Hany, Şanazar?!Hany, Tuwak
-- Olaryňam soňy puç boldy. Tuwaga dädesini barlamaga gelenleriň biri”Men dädeňe kömek ederin” diýse, myhmanhanada şol adam bilen masgara bolup ýatyrka üstlerinden baryp, wejera halda tutupdyrlar. Suratlatyny alypdyrlar.Indi onuň-a ile çykara ýüzi ýok. Ol-a öýdenem çykyp bilenok.
Şanazar-da, raýkomda instruktordy. Bize „Gaýynsyz obadan” iki otagly jaý beripdiler.Ýaňyja bir gowy ýaşap başlapdyk. Şeýdip, höwürtgämiz bozuldy. Şanazaram „Indi obada durarlygym galmady” diýip, bizi taşlap, Jebel diýen ýere daýysynyň ýanyna gidip, şol ýerdäki Awtotransport kärhanasynda nobatçy dispetçer bolup işe ýerleşipdir, Haçan jaň etse, serhoş.Gepinem düşündirip bilenok. Menem raýkomkomsomolda bölüm müdiridim. Menem işden çykardylar. Onsoň, men şol porsy mekdebe işe bararynmy?! Öýde oturdym, çagam bilen. Boram boşluk. Şu çaga berere ýeke çemçe kaşa tapylanok. Maňa „Sen otyrsyňmy?, günüňi görýäňmi< saňa näme kömek gerek diýýän ýok.Ahyry, çydamadym. Barja goş-golamlarymy alyp gaýtdym.Seniň maşynly Aşgabada gitjegiňi bilen bolsam, olardan gizläp goýanja el halym bardy. Şony ýüklärdim...
Mergen başyny galdyrdy.
-- Seniň „şol porsy mekdebe” barmanyň gaty gowy bolupdyr, Oguljan—diýdi. Mekdep juda mukaddes , keramatly ýerdir. Ol köňli, lebzi çigi kabul emez.
Soň ol tä Gyzylarbat şäherine çenli onuň bilen gepleşmedi.

*** 

Mergen Aşgabada sagat ikilere gelip girdi. Oguljan ýüzüni-gözüni turşudyp, Oguljan nämüçindir,Gyzylarbat şäherindäki awtobus duralgasynda, hoşlaşman , sag boluşman düşüp galdy.Mergen oňa Aşgabada çenli alyp gideýin, diýip näçe özelenipler aýtsa-da, ol gelni raýyndan gaýtaryp bilmedi. Şonuň üçin Mergen tä Aşgabada çenli içini hümledip geldi. Bu oňa kemem bolmady.

Mergen ýolboýy Marlen, Anna kel aga barada oýlandy.
Ol Marleni başda kän bir halamasa-da, soň oňa gaty öwrenişdi. Rejep aganyň „Ol katty mojuk bala” diýmesine seretmän kän sapar öýüne alyp geldi.Marleniň özem soň Mergeniň öýüniň düzgüni, mal-gara, Rejep aga bilen öwrenişdi. Mergen ýolboýy Marlenden geçilýän sapaklary soraýardy. Oňa türkmençe gürlemegi, adamlar bilen gatnaşyk etmegi öwredýärdi. Onuň ýollardaky taky-takysyny Marlen aldy. Kem-kemden mugallymynyň raýyna girdi.
Ol klasda däl, tutuş mekdepde saýlanyp başlady. Şu çärýegiň başynda ol mekdebe bir aýal bilen geldi.
-- Mugallym, Nebitdagdan ejem gelipdir. Ol meni alyp gitjek bolýar.—diýipdi.
Mergen Marleniň ejesi bilen gürleşdi. Ol aýal özüni Moskwa, ýokary komsomol mekdebine okuwa iberpýändiklerini aýtdy.
-- Men oglumy bu ülhit garrylaryň ýanynda goýup gidip biljek däl,alyp gitjek.
Mergen näme diýsin?
-- Aý, görüň!—diýdi. Özi welin gynandy. Ine, indem, Marlen oňa”Mugallym, men yzyma alyň” diýip zol-zol hat ýazýardy. Ýöne Mergen bu ýere ýaman niýet bilen getirilen oglanjygyň ýüreginde mähribanlyk yşgalaňjagazyny ýakandygyna begenýärdi. Marlene bolsa „Biz tutuş klasyň bolup seniň tomsuna ýene gaýdyp geleriňe garaşýarys, Marlen!” diýip hat ýazdy....
Mergen maşynyny uniwersitetiň garşysynda goýup, özi okuw jaýyna girdi.Bu uly okuw jaýynda geçen iki ýylda üýtgän zat ýokdy. Ol kadrlar bölümine girip mundan iki ýyl öň bu okuw jaýyny tamamlanlra diplomy nirede berýändiklerini sorady. Tanyşmy, nätanyşmy, bir rus aýaly „Ikinji gatda. Okuw bölüminiň garşysyndaky 24-nji otagdadyr” diýip salgy berdi.
Mergen ikinji gata çykyp, diýilen otaga bardy. Adam kän däldi. Mergen nobata durdy. Bir gyz goluny çekdi-de, diplomyny alyp gapa bakan ýöneldi.
-- Salam!
Mergen ziňkildäp gitdi. Ol bu tanyş sese ýalt edip gyza seretdi. Onuň ýüzi gyzyň ýüzüne düşenden, ol gyzyň pyýala ýaly gözlerinden Mergeniň ýüregine nähilidir bir kuwwatly zarba atylyp, ýigidiň kükregine zalp bilen urlup giren ýaly boldy.
Mergen bir salymlap deminem alyp bilmedi. Ol iki egnini titredip dem aljak boldy. Bolmady. Onuň ysgyny gaçdy. Gözlerigaraňkyrady. Ýüregi tutuş otagy tarkyldydan dolduryp atygsady. Ol öňde duran stoluň ýanyna ölümiňöýünde baryp, ondan ýapyşdy.Ol öz adyny, atasynyň adyny aýtdy. Emma onuň diline hiç kim düşünmedi. Ýöne onuň uzadan haty bilen , gol çekdirip, diplomyny , ýokary bilimliligini aňladýan ýaşylja rombigi berdiler.Ol zatlar üçin puluny töledi.
--Hany, hälki gyz, puluny tölemändir-ä! Baryň, aýtsaňyzlaň, gelsin, tölesin. Ol nyşanynam almandyr-a.
Mergen az-kem açylyşdy.
Menden alaýyň. Nyşanynam beriň.
Mergen işikden çykyp barşyna diplomyny açyp, maňlaýyna degirdi.
„Filolog, dil-edebiýat mugallymy!”
Onuň bar hyýaly, pikiri-zikiri hälki gyz bilen giden ýalydy. Ol aşakky gata ylgady.Hälki gyz diwardan asylan suratlary synlap duran eken.Ol Mergeni görüp, oňa bakan ýöneldi.

Salkam—diýip, Mergen edil ýüregi agzyndan çykyp barýan ýaly, haşlap aýtdy—Siz nyşanyňyzy alman gaýdan ekeniňiz. Ine, maňa berdiler. Alyň! Bu-da oňa tölenmeli puluňyzyň kagyzy.

Näçe tölediňiz—diýip, ol gyz Mergene seretdi.

--Sähelçe-le!

--Taňry ýalkasyn!

-- Bolýar!

Mergen ol gyza ýene seretdi-de doňup galdy.Uzyn boýly, ak ýüzli, gara gözelek gyz tanyş ýylgyrdy.

-- Senem biziň kursumyzdanmyň?

Ol gyz ýylgyrdy-da başyny atdy.

-- Näme, meni tanamadyňmy?

Ol gyz ýalançyny ýaz edip ýylgyrdy.

Salam berip geçeniňde sesiňden tanadym. Ýöne sen gaty üýtgäpsiň.

-- Gowulygamy,  ýa tersine?!

-- Gowulyga! Öň ýüzüňizi asyp, Oguljan bilen tirkeşer ýörerdiňiz.

-- Indi nähili?

--Indi, nurana,  syrdam, şadyýan! Ýanyňyzda-da Oguljan ýok.

Mergen baş atdy.

Onda adymam bilýänsiňiz/

-- Ýok, adyňyzy bilemok.

-- Menem siziň adyňyzy bilemok.

-- Meniň adym—Göwher!—Gyzyň ýaňaklary nar ýaly boldy.

Mergen ýylgyrdy.

-- Men Mergen Ataýew.Oba mugallymy!

Göwhero=iň  owadan gözleri maral gabaklarynyň astynda gizlendi.

--Men işläp bilmedim!

Mergen geň galyp, gyzyň gussa çökmeden az-kem kölegelenen ýüzüne seretdi.Soň onuň yzy bilen uniwersitetiň  jaýyndan daşary çykdy.

-- Näme boldy?!

Göwher diplomydyr torjagazy tutup duran akja, uzyn barmaklary bilen , misli ýüzündäki hesret kölegesini sylýan ýaly,sag ýaňagyny sypap goýberdi-de, owadan gabaklaryny aşak goýberdi.

-- Näme diýsemkäm! Okuwy gutaranymyzdan soň meni Ýasmansalygyň mekdebine  dil-edebiýat mugallymy edip işe iberdiler, Men işe başlan badyma-da, kakam bir ýarawsyzlyk tapyp, iki ýyllap düşekde , agyr ýatdy.Ejem golaýymyzdaky bakjada aşpezdi. Onsoň, men  kakama seretmeli boldum.

-- Mergen  başyny gynançly silkdi.

-- Indi kakaň nähili, gutuldymy?

Göwheriň dolan Aý ýaly ýüzüne ýene kölge indi.

-- Kakam jan, ýogaldy. Düýn alty aýyny belläp, sadaka berdik.

-- Yzy ýarasyn, bolmandyr!Ejeň gowumy?!

Göwher gusssasyndan açylyşman:

--  Kakam ýogalansoň, ejemem  birhili sus bolup galdy. Gijeler ýatyp bilenok. Beýle bolar öýtmändik-dä. Doly dünýämiz boşap galdy. Indem, hiç kimimiz

ýok.Ejemem indi işläp bilenok.Menem ony taşlap işe çykyp bilemok. Güzeranam aňsat däl. Indi, Ýasmanam bolsa, işe giräýmesem. Diplomym-a aldym.Ýöne, ejemem gaýgy-da. Men-ä, birhilialjyrap galdym.
Mergen oýa batdy.
-- Häzir sen nirä gitjek?
Göwher eline seretdi.
-- Bazara degjek.Ejem, „Üzümjagaz, erik, ýumurtga bolaýsa" diýip otyr.Sadakadan soň hiç zat iýip bilenok.
-- Bazardan soň nirä gitjek?
-- Öýe—diýip, Göwher Mergeniň ýüzüne geň galyp seretdi.
--Öýňüz nirede?
--On altynjy mekdebiň gündogaryndaky howluçylykda.
Mergen elini günbatara salgady.
-- Ýörüň!
Mergen ýoldan geçip barýan Göwheri saklady.
-- Göwher, ýoldan geçme, gel!
Ol öňe düşüp, baryp maşynynyň öň gapysyny açdy.
--Göwher Mergeniň ýüzüne begençlje bakdy.
-- Maşynyňyzam barmy? Özüňiziňkimi? Gutly bolsun! Täzeje eken!
Göwher Mergene howlularyny görkezdi.
-- Maşyny howla salyp bolarmy?
-- Bolar-la! Duruň, men derwezäni açaýyn.
Mergen maşynyny howla saldy.Soň maşynyň yzyny açyp durşuna:"Maňa kömekleş" diýdi.
Göwher maşynyň yzyndaky bedre-bedre ir-iýmişi görüp begendi.
-- Kime? Satmagamy?
Mergen ýylgyrdy.
--Alyberiň. öz mellegimizdendir!
Ol bir bedre üzüm, bir bedre erik, bir bedre ýumurtga, üç litrlik bankada gaýmak, ep-esli süzme, sogan, kartoşka çykaryp gapdala goýdy.
Göwher munça zady görüp, birhili aljyrady.
-- Ýok, Mergen , men munça zady alyp biljek däl. Ejem name diýer.
Içerden inçesagt, ýüzi solgun aýal çykdy.Ol Göwhere:
--Göwher, kim ol – diýip dözümli ses bilen habar gatdy.
Göwher bedre-bedre bolup duran zatlara ajyraňňy seredip durşuna:
-- Kursdaşym, Garrygaladan diplomyny almaga gelipdir. Maşynymy howluňyzda goýaýaýyn—diýýär. –Ol elini ýerde ýaýylyp ýatan zatlara uzatdy.—Bize goýýar!
Ol Mergene nirede, nädip duşanyny, aralarynda näme gürrüň bolanyny ejesine bir demde gürrüň berdi.
-- Bulary nädeli, eje?!
-- Gadyr edilip berlen zadyň ýüzüne urmak bolmaz.Soň bahasyny beräýeris.—Ol aýal Mergene garady.—Öýe giriň, köşek!Bi käse çaý iç-ä.
Mergen boýun gaçyrdy.
-- Sag boluň, gelneje. Meniň ýene barmaly ýerlerim bar. Soň, öýe ýetmeli. Mem:"Şu gün gelerin" diýipdim.

Ol birhili özelendi.
-- Sen Garrygalaly bolsaň, Menem alyp git Garrygalka, ölmänkäm
Mergen ýylgyryp, başyny atdy.
-- Bolar! Onda men birki ýere baryp gelýänçäm, siz taýýar bolup oturyň, derrew gelerin. Men seni Garrygala alyp gideýinem, gezdirip, haçan diýseňiz ynjytman yzyňyza alybam geleýin...
Ol Jümmi mugalymynyňka, Rejep aganyň oglunka baryp, olara melleginde biten miwelerden dadyrdy.Dükanlara aýlanyp, öýe gerek-ýarak zatlary alyşdyrdy. Garrylara kişmiş, kişde, süýji, köke satyn alyp, Göwherlere geldi.
Mergen Göwheri göreli bäri, birhili ýüregine kuwwat gelen ýaly bolup gitdi. Onuň häzirem şol gyzy göresi gelip, ýüregi atygsap durdy. Özem, ýüreginiň teýinden bir buýsançly begenji bar ýaly duýgy güsürdäp-güsürdäp, aňyna urýardy. Tutuş duýgusy, pikiri Göwhere tarap dyzaýardy.
Göwherleriň derwezesem, işigem açykdy. Içerde Göwheriň ejesiniň bir özi şaýyny tutup, garaşyp oturan ekem.
-- Geldiňmi, Mergen jan!
Mergen ony gyssady.
--Gelneje, taýýarmysyňyz?Hany, meniň kursdaşym görünenog-a?
Göwheriň ejesi gussalyja gepledi.
-- Mergen jan, Göwheriňem gidesi gelýä. Menem:"Öýi ýeke goýmaly, gyzym" diýdim. Onsoň, ol „süýji-köke bir alaly" diýip, dükana çykdy. Näme diýseňem , oba ýeridir-dä, eli boş barmaýyn.-da.
Mergen dogumly gepledi.
-- Sizem, Göwherem gitmeli, gelneje. Men size ýüregimi açaýyn. Meniňem başga hiç kimim , ne eje, ne kaka, ne dogan,ýokdur.Begenen günüm,ýekeje gün öýüme baryp, soň, halamasaňyz, ine, maşyn, gaýdyberiň.
Göwheriň ejesiniň gözüniň owasy ýaşdan doldy.
--Wah, bizem özüň ýaly, onda. Bizde-de, ne ogul, ne hossar, ne howandar bar.
Göwher dükandan geldi.
-- Göwher, gyzym, hany geýin. Mergen jan"Göwher gitmese bolmaz" diýip otyr. Bolýa-la, gidibereli-le. Hudaý bardyr-la. Öýüň, howlynyňam bir zady bolar. Men goňşulara jaň edip tabşyrdym.
Göwher öýe bakan guş bolup uçdy...
Maşyn ugrady. Şäherden çykylansoň Göwheriň ejesi Mergeniň ýüzüne seretdi.
-- Onsoň, Mergen jan, sen ol ýerde näme kär edýäň?!
Mergen aýnadan maşynyň yzky oturgyjynda oturan Göwheriň Aý ýaly näzikden eziz ýüzüne buýsanç bilen seretdi.
-- Men obada mugallym, gelneje!
Göwheriň ejesiniň agzy gyşaran ýaly boldy.
-- Wah, wah, oba-da gursun, şu mugallymçylygam gursun-da, Mergen jan, özüň gül ýaly çaga, bu ýaş başyňa nämäňe derkardy,o zulum kär. Bu gyzyň kakasam, mugallymdy-da, görgüli. Mugallym dileniň itiň garyby, iliň sansyzy bolýan eken!
Olar oba barýançalar Göwheriň ejesi mugallymçylykdan, obadan zeýrenip gitdi.

-- Wah, ondan-a, düşewüntlije ýerde garawul bolanyňam ganymat-da.. Meniň bu çakyzamam ýene gaýtalajak bolýa-da, men bu ýerleriň obasynda, gijeler ýatman nädip gezerkäm, dogan?!
Gijesine ilkinji sapar ýola düşendigi üçin maşyny ýuwaşja, ynjytman sürýärdi. Olar sagat onlara oba geldiler.
Myhmanlara aşakky gatda çaý- nahar berdiler. Soň olara ikinji gatdaky iki adamlyk krowatdan ýer salyp berdiler.
Nobaraly aga ikinji gatam edil öňki otaglar ýaly, gowňy, Marynyň haly fabriginde dokalan , on metr kwadratlyk, türkmen halylary, gowy tutular bilen bezeme kemini goýmandy. Indi bu otaglary görmäge göz gerekdi.
Mergen myhmanlaryna hajat jaýyny, hammamy görkezip, özem ýatmaga gitdi.
„...Ol irden turup, ýuwunyp, kabibetine geçip işläp oturka, işik ýuwaşja açyldy. Ýigit pikirli başyny galdyrdy-da:
-- Göwher!-diýip,ýaýbaň kreslosyndan syçyrap turdy.—Ejeň nähili?-- Göwheriň uýaljaň, begençden buldurap duran gözleri pynhanlyk bilen balkyldady.
--Ejem, indi näçe aýlap ýatyp bilmeýän halyna, ýatan-turan ýerini bilmän, guş ýaljak uklap ýatyr-a.
Ol soň öňünde tolgunmakdan ýaňa uçaýjak bolup oturan ýigidiň elinden tutdy-da:
-- Otaglary, mellegiňi , mallaryňy gördüm, gaty ajaýyp, eken, gutly bolsun! Bary özüňkimi?!—diýdi.
Ýaş ýigidiň kalbynyň düýbünde bilniksiz otly wulkanlar ýaly bolup, çyrpynyp ýatan yşk apaty duýdansyz parlap gitdi-de, özüni duýman gyzy bagryna basyp :
-- Göwherim, bary seniňki—diýdi.
Göwher bolsa algyr bürgüdiň demine düşen sarç sülgün ýaly, zygyrdap durşuna, demi-demine ýetmän, üzlem-saplam:
-- Ikimiziňki bolsun!—diýip ýetişdi.”--- diýip, Mergen indi köpden bäri ýazyp ýören „Oba mugallymy” eserine iň soňky nokady goýdy-da, gyzyň çykyp giden işigine bakan ylgady.

Soňy.

Aşgabat, 31-nji mart 2009 ý. Sagat 18 30.